# DÜNÝÄ SIWILIZASIÝALARYNYŇ TARYHY

Mugallym Jumaýewa Hurmagül Rüsdemowna
uly mugallym Annaýew Durdymyrat Babagulyýewiç.
**„ Dünýä siwilizasiýalarynyň taryhy”** ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw kitaby.
Ylmy ýolbaşçysy: t. y. k. uly mug. B. Diwangulyýewa.

Jumaýewa Hurmagül Rusdemowna
Annaýew Durdymyrat Babagulyýewiç
©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

***„Türkmenistanyň hoşniýetli we ynsanperwer daşary syýasaty, şol sanda dünýä ýurtlary tarapyndan doly ykrar edilen Bitaraplyk derejesi esasynda meseläni gepleşikler, siwilizasion usul arkaly özara düşünişmek ýoly bilen parahat çözmegiň tarapdary bolmagy, döwletimiziň halkara abraýyny günsaýyn beýgeldýär.“***

# Giriş

„Dünýä siwilizasiýalarynyň taryhy“ okuw dersiniň maksady dünýä siwilizasiýalarynyň esaslary we kanunalaýyklary barada düşünje bermek bilen, dünýä siwilizasiýalarynyň ösüşindäki aýratynlyklaryny görkezýär. Onuň üçin adamzat taryhynyň iri siwilizasiýalarynyň gazananlaryny gadymy döwürlerden başlap, biziň günlerimize çenli döwürdäki ösüş aýratynlyklaryny, onuň adamzadyň kamilleşmegine, jemgyýetiň ösüşine eden täsirini görkezýär.

Bu okuw dersi talyp ýaşlara dünýä jemgyýetçilik hadysalarynyň we siwilizasion usulynyň üsti bilen özgertmegň düşünjesini berýär. Bu okuw dersiniň esasy maksady adamzadyň ösüş taryhy prosesini bitewilikide öwretmekden ybaratdyr. Şeýle hem, häzirki zaman jemgyýeti dinamiki we tebigy köpdürlilikde öwrenmeklige ýardam berýär.

„Dünýä siwilizasiýalarynyň taryhy“ okuw dersiniň wezipesi Garaşsyz Türkmenistanyň talyp ýaşlaryna dünýä siwilizasiýalarynyň emele gelmeginiň taryhyny öwretmek we olarda kämil syýasy garaýyşlary kemala getirmekden ybaratdyr. Galyberse-de bu ders syýasy durmuşyň esaslaryny we meselelerini öwredýär, şeýle-de döwlet, häkimiýet, syýasy medeniýet, siwilizasiýanyň alamatlary we ş. m. düşünjeleriň dörän taryhy tapgyrlaryny we siwilizasion usul arkaly aň salmak ýaly meselelere jogap berýär. „Siwilizasiýa” düşünjesini öwrenmeklik biziň häzirki Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hem örän wajypdyr, çünki Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz hem özüniň ykdysady we medeni ösüşi bilen ,,XXI asyryň siwlizasiýasy” diýen belent ada mynasypdyr.

**„Dünýä siwilizasiýalarynyň taryhy“ okuw dersiniň taryhnamasy.**

Siwilizasion usul taryha başgaça göz bilen garamaga, onuň dürli taraplaryny görmäge, köp sowallara jogap bermäge, ýurdumyzyň, dünýäniň biziň öňümizde goýan sowallaryna düşünmäge kömek berýär.

„Dünýä siwilizasiýalarynyň taryhyny“ öwrenmeklik diňe bir bitewilik hakynda düşünje bermän, eýsem taryhy prosesiň köptaraplylygyny görkezýär. Şeýle bolanda ählumumy taryh biziň göz öňümizde adamzadyň ösüşiniň görnüşi dürli reňkde, örän düşnukli beýan edilip, aýdyň janlandyrylýar, olaryň her biriniň aýratynlygyny, artykmaçlyklaryny, kemçiliklerini görüp bilýäris, şeýle hem, olaryň hiç biriniň-de nusgawy däldigine göz ýetirýäris.

Etaplaýyn çemeleşmeklik ýa-da etaplaýyn usul, mälim bolşy ýaly, adam erkine bagly bolmadyk sosial – ykdysady gatnaşyklary, obýektiw bar bolan esaslary alýar.

Taryha siwilizasion çemeleşmeklik ýa-da siwilizasion usul bilen garamaklyk, adamzadyň ölçegleri bilen baha bermekligi girizýär.Ýagny adam özüniň dünýä akyl ýetirişi, etiki-estetiki düşünjesi, jemgyýetde özüni alyp barmagyň kadalary bilen onuň işiniň dürli ýüze çykmalarynyň we görnüşleriniň üns merkezinde durýar.

„Siwilizasiýa“ sözi häzirki zaman ylmynda has köp ulanylýan düşünje bolup, onuň manysy doly takyklanylman galýar. Onuň köpmanylylygynyň sebäbi siwilizasiýa taglymaty birnäçe asyr bäri ösýär. Bu sözüň özi bolsa gadymy döwürlerde peýda bolýar. „Siwilizasiýa“ sözüniň latyn kökleri bolup, ol „sivis“- sözünden gelip çykyp, „şäherli, döwletli, raýat, sypaýy adam“ diýen manyny berýär. Ol gadym döwürde-de, soňra bolsa orta asyrlarda „silvaticus”- „tokaýly, eldekleşdirilmedik, wagşy, gödek” düşünjelerine garşy goýulýar. Diýmek, adamlar baryp gadym döwürde-de siwilizasion ýaşaýyş bilen wagşylygyň, gödekligiň aratapawudyna düşünipdirler. „Siwilizasiýa’’ düşünjesine kesgitleme bermek bilen baglanyşykly jedeller bir asyrdan gowrak wagtdan bäri dowam edýär. 1950-nji ýylda XX asyryň meşhur arheology, Londan uniwersitetiniň professory Wir Gordan Çaýld siwilizasiýanyň 10 sany kesgitlemesini teklip edýär;1) şäherleriň bolmagy, 2) monumental jemgyýetçilik desgalarynyň bolmagy, 3) salgytlar we paç, 4) intensiw ykdysadyýet, söwda, 5) hünärmentçiligiň-senetçiligiň öňe saýlanmagy, 6) hat-ýazuwyň ýüze çykmagy, 7) ylmyň başlanmagy, 8) ösen sungat, 9) aýratyn hukukly synplar, 10) döwlet. Biraz soň, onuň kärdeşi K. Klakholm olary has umumy häsiýetleriň üçüsinde jemlemegi teklip edýär: 1) şäherler, 2) monumental arhitektura, 3) hat-ýazuw. Bu ölçegler kabul edilip, ylmy barlaglarda yzygiderli peýdanylýar.

**Siwilizasiýalaryň etaplaýyn we lokal ösüş taglymatlary**. XVIII asyrda „siwilizasiýa“ düşünjesi taryhçylaryň sözlügine ymykly girýär we şu döwürde siwilizasiýalaryň dürli taglymatlary peýda bolýar. Olaryň arasynda siwilizasiýalaryň etaplaýyn ösüş taglymaty we siwilizasiýalaryň lokal ösüş taglymaty öňe saýlanýar.

Siwilizasiýalaryň etaplaýyn ösüş taglymaty siwilizasiýany adamzadyň umumy ösüş prosesi hökmünde öwrenip, ony aýry-aýry (etaplara) döwürlere bölýär. Bu proses gadymy döwürden, ilkidurmuş jemagatçylyk gurluşy dargap, adamzadyň bir toparynyň „siwilizasion“ ýagdaýa geçen döwründen başlanýar. Şu döwürde adamzadyň durmuşynda uly özgerişler bolup geçip, ol sosial - ykdysady gatnaşyklaryň, ruhy we maddy medeniýetiň döremegine getirýär.

„Lokal siwilizasiýa“ taglymaty umumy araçäkleri, aýratyn sosial-ykdysady, medeni ösüşi bolan, uly taryhy birleşmeleri öwrenýär. Lokal siwilizasiýa özbaşdak aýratynlyk bolup, taryhyň umumy akymyny emele getirýär. Ol döwletiň çäklerini (hytay siwilizasiýasy) ýa-da birnaçe döwletleri (günbatar Ýewropa siwilizasiýasy) özünde jemleýär.

Lokal siwilizasiýa çylşyrymly ulgamy özünde jemlemek bilen, biri-birlerine täsirini ýetirýän dürli düzümler; geografiki gurşaw, ykdysadyýet, syýasy gurluş, kanunçylyk, ybadathana, din, filosofiýa, edebiýat, sungat, adamlaryň ýaşaýyş durmuşy, sosial gatnaşyklar, olaryň özlerini alyp barmagynyň kadalary degişli. Olaryň her biri lokal siwilizasiýa özboluşly täsirini goýýar. Ol aýratynlyk durnukly, ýöne wagtyň geçmegi bilen siwilizasiýa üýtgeýär, daşky täsirlere duçar bolýar. Onuň esasy özeni üýtgemän galyp, şonuň esasynda bir siwilizasiýa beýlekiden tapawutlanýar.

Ýöne lokal siwilizasiýanyň gaýtalanmaýanlygy, özboluşlylygy bilen öz ösüşinde dünýä taryhy prosesiniň döwürlerini geçýär.

Etaplaýyn we lokal siwilizasiýalaryň ösüş taglymatlary taryhyň dürli ugurlaryny görmäge mümkinçilik berýär.

Etaplaýyn taglymatyň maksady adamzat üçin umumy, ýeke-täk ösüş kanunlaryna esaslanýar. Lokal siwilizasiýalaryň taglymatlary bolsa indiwidual, köp dürli taryhy ösüşe esaslanýar. Şeýlelikde, iki taglymat hem öz aýratynlygyna esaslanyp, biri-birleriniň üstlerini ýetirýär, doldurýar.

„Lokal”-sözi latynçadan terjime edilende „ýerli“ diýen manyny berýär. Häzirki ýagdaýda giňişligiň araçäkler bilen çäklendirilmegi göz öňüne tutulýar.

Lokal siwilizasiýasy haýsydyr bir sebitiň ösüş aýratynlygy bolup, ol siwilizasiýany öwrenmekde uly gollanma bolup durýar. Lokal siwilizasiýasy barada esasy 2 hili garaýyşlar bar:

1. XX asyr nemes filosofy O. Şpengleriň aýtmagyna görä, lokal siwilizasiýasy biri-birinden özbaşdak organizmdir.

2. Lokal siwilizasiýasy bütindünýä ösüş taglymatynyň aýrylmaz bir bölegidir.

Alymlar lokal siwilizasiýalaryny olaryň döreýiş şertleri boýunça (meselem: „derýa siwilizasiýasy”), ykdysady ösüşi boýunça („söwda siwlizasiýasy”) döwrüni, dinini hem-de sebütini goşup, (Ýewropanyň orta asyr hristiançylyk siwilizasiýasy) toparlara bölýärler.

Lokal siwilizasiýalaryna häzirki wagtda: Demirgazyk Amerika, Latyn Amerika, GünbatarÝewropa, Gündogar Ýewropa, Ýewraziýa, Ýapon, Hytaý, Hindi, Budda, Musulman, Afrikan, Okeaniýa siwilizasiýalary degişli.

Taryhçylaryň bellemegine görä, lokal siwlizasiýalarynyň özara baglanyşygy netijesinde bütindünýä taryhynda täsin hadysa bolup geçýär.

P.Wasilýewiň aýtmagyna görä, iň gadymy döwürlerden b.e.ö. VII- VI asyrlaryna çenli döwürde „aziýa” görnüşli lokal jemgyýetleriň höküm süren döwri bolup, ol jemgyýetler adminstratiw gurluşy boýunça despotiýa düzgünli jemgyýetler bolupdyr.

Lokal siwilizasiýa aýratyn organizm ýaly ösüp-ornap gidýän siwilizasiýadyr. Siwlizasiýa derejesine ýetmek üçin şol sebit hemmetaraplaýyn ösen bolmaly. Haçan-da hemmetaraplaýyn ösüşe eýe bolan ýagdaýynda bolsa, şol sebit siwilizasiýa derejesine ýetýär. Eger-de ösüp bilmedik ýagdaýynda ol sebit siwilizasiýa çenli bolan ýagdaýda galýar.

XIX asyrda Ýewropanyň taryhçylarynyň Gündogar jemgyýetleri barada ilkinji maglumatlary almagynyň netijesinde, bu sebitde birnäçe ösen siwilizasiýalaryň bolandygy barada takyk bilýärler. Ýewropa hem-de Ýewropa däl siwilizasiýalaryň arasyndaky aratapawutlar baradaky garaýyşlar has öň ýüze çykypdyr. Şeýle garaýyşlar rus alymy I. N. Ionowyň berýän maglumatlaryna görä, italýan filosofy Jambattisti Wikonyň (1668-1744) işlerinde gabat gelýär. Italýan filosofy: „Hytaý imperatory ýokary derejede medeniýetleşen” diýip aýdyp geçipdir. Onuň bu sözleri aýratyn hytaý siwilizasiýasynyň bolandygyny subut edýär, ýöne oňa garamazdan ne Wikonyň ne-de onuň pikirlerine meňzeş gelýän Wolteriň hem-de Iogann Gotfrid Gerderiň işlerinde siwilizasiýa düşünjesi öňe sürülmändir. Lokal siwiliizasiýa düşünjesi barada bolsa düýbünden hiç zat berilmändir.

Fransuz ýazyjysy hem-de taryhçysy bolan Pýer Simon Ballanşyň „Goja we ýaş ýigit” (1820) atly kitabynda ilkinji gezek „ siwilizasiýa” sözi iki manyda ulanylypdyr. Biraz soň bu söz gündogarşynaslar bolan Ežen Býurnufyň hem-de Kristian Lasseniň „Pali barada oçerk” (1826) atly kitabynda, belli syýahatçy hem-de alym Aleksandr fon Gumboldyň işlerinde gabat gelýär. Fransuz taryhçysy Fransua Gizo bu adalgany köplük sanda birnäçe gezek ulanyp, onuň pikirine görä, „siwlizasiýa” taryhy ösüşiň belli bir döwrüni görkezipdir.

Ilkinji gezek „lokal siwilizasiýa” adalgasy fransuz filosofy Şarl Renuwýeniň „Gadymy filosofiýa salgylanmak “ (1844) atly işinde döreýär. Birnäçe ýyl geçenden soň fransuz taryhçysy we ýazyjysy Žozef Gobin özüniň „Adam jynslarynyň deňsizligi barada tejribe” (1853-1855) atly kitabyny ýazýar. Ol bu kitabynda dünýä siwilizasiýalaryny 10-a bölýär. Alymyň pikirine görä, olaryň her biri öz şahsy kämilleşme ýoluny geçipdir. Žozef Gobiniň garaýşy boýunça, ol siwlizasiýalar döränden soň ahyrsoňy ýitip ýok bolmak ýoluny geçýär. Şeýle-de bolsa, fransuz alymyny siwlizasiýalaryň arasyndaky medeni, sosial hem-de ykdysady aýratynlyklary gyzyklandyrýar. Şonuň üçin hem, onuň „lokal siwilizasiýa” baradaky garaýşy gönüden-göni konserwatiw ideýasyna gabat gelýär. Gobiniň ideologiýasyna çalymdaş pikiri nemes taryhçysy Genrih Rýukkert hem aýdyp geçipdir. Onuň pikirine görä, adamzadyň taryhy bir bütewi proses bolman, ol taryhyň dürli-dürli medeni proseslerinden emele gelipdir. Ol medeni prosesler bolsa aýratyn organizmler hökmünde alnyp, olary hiç hili bir bütewi ulgam hökmünde kabul edip bolmandyr. Nemes alymy ilkibaşda siwilizasiýalaryň çäk meselesine, olaryň biri-birine täsirine hem-de içerki struktura gatnaşyklaryna üns beripdir. Şonuň bilen birlikde Rýukkert bütin dünýä Ýewropanyň täsiri astyndaky obýekt hökmünde garapdyr.

Ýewopa däl garaýyşly siwilizasiýa gatnaşyklaryna ilkinjileriň hatarynda rus sosiology Nikolaý Ýakowlewiç Danilewskiý seredip geçýär. Ol 1869-njy ýylda „Russiýa we Ýewropa” atly işini ýazyp, alym bu işinde has gadymy bolan Ýewropa siwlizasiýasyna garşysyna ýaş slawýan siwilizasiýasyny goýýar. Panslawýanizimiň tarapdary bolan bu rus alymynyň bellemegine görä, taryhy-medeni görnüşleriň hiç biri hem beýleki medeni ojaklar bilen deňeşdireniňde, has

ösen ýa-da has beýik diýip, hasap edilip bolmaýär. Alym Günbatar Ýewropa siwilizasiýasyny hem olaryň hataryna goşýar. Onuň pikirine görä slawýan halklary öz ösüşleri boýunça günbatar Ýewropa halklaryndan pes däldir.

**O. Şpengleriň, A.Toýnbiniň, K.Ýaspersiň siwilizasiýa hakyndaky garaýyşlary.**

Oswald Şpengler (1880-1936) nemes filosofy-idealisti „Ýewropanyň batmagy’’atly filosofiki-taryhy eserinde siwilizasiýanyň meseleleri barada gürrüň berýär. Onuň bu pikirleri Germaniýa I jahan urşunda ýeňlenden soň ýaýrap, ideologlaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolýar. Ol bu eserinde prus ruhuny, monarhiýany, dworýançylygy, militarizmi wasp edýär. Lokal siwilizasiýa taglymatynyň ösmeginde nemes filosofy hem-de medeniýetşynasy Oswald Şpengleriň „Ýewropanyň batmagy” (1918) atly işi bilen saldamly goşandyny goşýar. Nemes filososfy Şpengleriň rus alymy Danilewskiniň işleri bilen tanyş bolandygy belli bolmasa-da, onuň alyp barýan ideologiýasy köp babatda rus alymynyň pikirlerine gabat gelýär. Köp meselelerde olaryň alyp barýan pikirleri meňzeş bolupdyr. Hut rus alymy Danilewskiý ýaly ol hem bütindünýä tarapyndan ykrar edilen dünýä taryhynyň „Gadymy döwür, orta asyrlar, täze döwür” ýaly döwürleşdirilişine garşy çykyp, ony ykrar etmeýär. Ol dünýä taryhyna bolan başgaça garaýşyň tarapdary bolupdyr. Onuň garaýşy boýunça biri-birine garaşsyz bolan medeni ojaklar döräp, olar aýratyn organizm hökmünde ýaşapdyrlar. Hut Danilewski ýaly ol ýewropasentrizm taglymatyna hem garşy çykypdyr.

Şpengleriň pikirine golaý taglymaty häzirki wagtda iňlis taryhçysy A. J. Toýnbi hem öňe sürýär.

**Arnold Jozef Toýnbi** iňlis taryhçysy, sosiology, 1889-njy ýylda doglan. Ol taryhy filosofiýada jemgyýetçilik progresi düşünjesini etaplaýyn ösüş taglymaty bilen çalyşýar. Ähl umumy taryh, onuň pikirine görä siwilizasiýanyň jemi hökmünde garalyp, şol birmeňzeş etapy; emele gelmek, ösmek, ýykylmak, dargamak, ýok bolup gitmek ýoluny geçýär. Taryhyň esasy hereketlendiriji güýjüni ol hudaýyň her bir şahsyýete täsir etmeginde görýär. Onuň şu nukdaýnazardan ýazan esasy işi „Taryhyň barlaglary’’ (1954-1964) diýlip atlandyrylýar. Lokal siwilizasiýany öwrenmekde hem Arnold Toýnbiniň öz aýratyn goşandy bar. Iňlis alymy özüniň ýazan „Taryha akyl ýetirme”(1934-1961) atly 12 tomluk işinde adamzadyň taryhyny dürli lokal siwilizasiýalaryna bölýär. Olaryň döremegi hem-de siwilizasiýa öwrülmegi bolsa daşky Hudaý tarapyndan berlen hemaýatyň ýa-da güýjüň täsirinde bolup geçipdir. Şpengleriň we Toýnbiniň garaýyşlary köp babatda meňzeş bolupdyr. Esasy aýratynlygy bolsa, Şpengleriň pikirine görä, medeniýetler biri-birinden düýbünden aýra bolupdyr. Toýnbiniň garaýşy boýunça birnäçe jemgyýetleriň biri-birine birleşmegi zerurlyk bolupdyr. Bu bolsa olaryň taryhy ösüş prosesini güýçlendirýär

**Karl Ýaspers** (1883-1969) Bazel uniwersitetiniň professory, nemes ekzistensializm akymynyň öňdebaryjy wekili. Ekzistensializm-barlygyň filosofiýasy (latyn sözi ekzistensiýa-bar bolmak, barlyk). Ekzistensializm filosofiýasy şol ýyllarda tutuş günbatar Ýewropa jemgyýetini gurşap alyp, şol

döwrüň çuňňur çökgünlik döwrüniň esasynda emele gelýär. Ekzistensializm şol döwrüň adamlarynyň pajygaly sowallaryna pähim-paýhasly jogap bermäge synanyşýar, jemgyýetde şahsyýetiň öz ornuny, gapma-garşylygy ýeňip geçip, öz „meniňi' (öz ekzistensiýasyny) tapmaga kömek etmäge synanyşýar.

Adam öz-özüni, özüniň esaslaryny döredýär, ýaşaýyş esasynda şahsyýetiň özi we beýleki adamlar bilen bolup geçýän ähli zatlar babatynda indiwidual jogapkärçiligi peýda bolýar. Bu bolsa ekzistensialistleriň esasy kesgitlemesi, ekzistensional filosofiýanyň esasy temasy, şahsy seçip alyş ýagdaýydyr.

Ol öz döredijiligine psihiatr hökmünde başlap, adam psihiologiýasyny öwrenýär. Bu bolsa filosofiýanyň meselelerine, düşünjelerine täsir edýär. Ol filosofiýanyň esasy wezipesini, durmuşyň asyl manysy adama güýçli urgy täsir eden wagtynda aýdyň ýüze çykýar (kesel, ölüm, aňyrsyna çykyp bolmajak günä) diýip belleýär. Ýaspers özüniň soňky işlerinde („Günä meseleleri'', „GFR nirä barýar'') diktatorçylyk edýän partiýalaryň agalyk etmegine, GFR-de adatdan daşary kanunlaryň girizilmegine garşy çykyş edýär. Bu bolsa onuň syýasy garaýşynda özboluşly öňegidişligi görkezýär.

Siwilizasiýa-bu umumy ýaşaýyş, raýatlylyk, adamyň we raýatyň hukuklary we borçlary diýip hasap etmeli.

**B. Dal**. Siwilizasiýa bu ahlaklylygyň, bilimliligiň, sypaýylygyň jemlenen görnüşi- bu ýerde ahlaklylyk uly orna eýe bolar ýaly, ahlaklylyk umumy ýaşaýşyň kanunlarynda möhüm orny eýelemelidir.

**E.Teýlor**. Siwilizasiýa näme? Umumy kesgitleme hökmünde adamzat köpçüliginiň, şeýle hem, her bir adamyň ýaşaýşynda maddy we runy progresini aňladýar. Ol nämeden ybarat? Bu ilkinji nobatda ýaşaýyş ugrunda indiwidleriň arasyndaky göreşde zor salmaklygyň peselmegi. Hemmeler üçin amatly ýaşaýyş şertleriniň berkarar edilmegi-jemgyýetde adamyň ruhy we maddy taýdan kämilleşmegi üçin şertleriň döremegi. Bu bolsa öz gezeginde jemgyýeti, soňra bolsa tutuş siwilizasiýany ösdürýär.

Taryhyň gadymy we häzirkizaman döwürlere bölünmegi, ellinistik taryhdan günbatara geçmekligi aňladýar.

Siwilizasiýanyň bütewiligi hakyndaky tezis ýalňyşdyr. Bu häzirkizaman günbatar taryhçylarynyň arasynda meşhur bolup, olar sosial gurşawyň täsirinde bolýar.

Bize mälim bolan siwilizasiýalaryň sany köp däl, 21 siwilizasiýany tapawutlandyrmak başartdy. Kämil däl siwilizasiýalaryň sany has hem köp. Endigan hereket diňe siwilizasiýa üçin häsiýetli. Eýsem bu ösüş düýpli we hemişelikmi diýlip soralanda, oňa „ýok'' diýip jogap beriler. Ähli zat wagta we ýerleşýän ýerine bagly.

**A.Toýnbi.** Siwilizasiýa bu jemgyýetiň ösüşiniň bir etapydyr. Siwilizasiýa adamlaryň özara gatnaşygy, maddy we ruhy medeniýeti, dini we däp-dessurlary boýunça kesgitlenýär. Siwilizasiýany şähersiz, hat-ýazuwsyz, ykdysadyýetsiz we syýasatsyz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Siwilizasiýa jemgyýetiň ösüşiniň iň ýokary tapgyrydyr. Siwilizasiýa ýetmek üçin jemgyýet birnäçe döwürleri başdan geçirmeli, ýagny olar ekin ekmeli, mallary eldekileşdirmeli, maddy medeniýetiň önümlerini döretmeli, şäherleri gurmaly we öz hat-ýazuwyny döretmeli bolupdyrlar. Şonuň üçin, siwilizasiýalaşmak prosesi örän uzak wagtlap bolup geçýär.

Ondan başga-da, ,,siwilizasiýa" diýlip, özüniň aýratyn ösen medeniýetini döredip bilen jemgyýete hem aýdylýar. Siwilizasiýa mysal hökmünde gadymy Müsür, şumer, assiriýa, hytaý, hindi we başga-da birnäçe siwilizasiýalary almak bolar. Bu siwilizasiýalar özüniň ösen medeniýeti bilen taryhda uly yz goýupdyrlar.





Bu gadymy siwilizasiýa ojaklary öz döwründe ajaýyp şäherleri, ymaratlary we binalary gurup bilen beýik siwilizasiýalardyr. Haçan-da, bir ösen medeni ojaga başga bir halkyň medeniýeti öz täsirini ýetirip başlasa, onda şol medeni ojak özüniň ösen medeniýetini ýitirip başlaýar. Şeýle ýagdaýda oňa siwilizasiýa diýip hem bolmaýar.

„Siwilizasiýa" düşünjesi ilkinji gezek 1757-nji ýylda fransuz edebiýatynda ulanylypdyr diýlip, hasap edilýär. Onda bu düşünje jemgyýetiň umumy medeniýetiniň ösendigini aňladypdyr. Şonuň üçin, ilkibaşda bu düşünjäniň asyllylygyň, sadalygyň we terbiýeliligiň nyşany hökmünde ulanylypdyr. Biziň günlerimizde hem akylly we terbiýeli adamlara „siwilizasiýalaşan , ýagny medeniýetli adam” diýýärler.



(Dawydowiç, Ždanow 1979 ýyl. 48 sah.) XIX asyryň 20-30-njy ýyllaryna çenli bu düşünje adamlar özi tarapyndan döredilen ähli gymmatlyklaryň manysynda ulanylypdyr (Budagow, 1971-ý, 124 s.). Bu düşünjäniň ylmy taýdan tassyklanmagyna we ýaýramagyna fransuz taryhçysy F. Gizonyň işleri uly rol oýnaýar. Ol öz işlerini Ýewropadaky we aýratyn Fransiýadaky dörän siwilizasiýalara bagyşlaýar. Ondan başga-da, iňlis taryhçysy G. Bokll ,,Angliýada siwilizasiýanyň taryhy" diýen 2 tomluk işini ýazýar. Russiýada bu düşünje 60-70-nji ýyllarda giň gerim alýar we eýýäm 1971-nji ýylda Budagow öz işlerinde bu düşünje barada belläp geçýär. XIX asyrda bu düşünje dolulygyna ,,medeniýet" diýen düşünje bilen manydaş bolupdyr.





Siwilizasiýa düşünjesini öwrenmekde esasy orny Amerikanyň, Afrikanyň we Awstraliýanyň köp taýpalary tutýar. Olaryň köpüsi biziň günlerimize çenli hem öz arhaiki medeni ulgamyny saklap gelipdirler. Amerikan alymy L. Morganyň aýtmagyna görä ,,siwilizasiýa" ilkidurmuş jemgyýetiniň birnäçe döwürleriniň arasyndaky ösüş etaplary bolupdyr. ,,Siwilizasiýa" düşünjesine birnäçe manylar boýunça düşündiriş berip bolýar:

1.Umumy filosofiki taýdan aňlatma-materiýanyň sosial hereketiniň görnüşi.

2.Taryhy-filosofiki aňlatma-taryhy döwrüň birligi, ýagny adamlaryň bu döwrüň dowamynda ýer bilen baglylykda ruhy we maddy taýdan ýeten derejeleri.

3. Adamlaryň tebigat bilen bagly bolmadyk ýagdaýda durmuş taýdan ýokary göterilmegi.

,,Siwilizasiýa" düşünjesini ilkinji gezek filosof Adam Ferguson ylma dolanyşyga girizipdir. Onuň çaklamagyna görä, bu düşünje adamzat jemgyýetiniň ösüş döwrüni görkezýär. Bu düşünje adamlaryň gadymyýetde şäherleri, hat-ýazuwy we başga-da birnäçe zatlary oýlap tapandygyny görkezýär. Bu şotland alymy tarapyndan adamlaryň ösüşiniň döwürleşdirilişiniň derejesi görkezilýar. Onuň çaklamagyna görä, adamlar ilki ýabanyçylyk, soňra wagşyçylyk, iň soňunda bolsa, siwilizasiýa ýaly döwürleri başdan geçirýär. Onuň bu pikiri XIX asyrda uly gollanma tapdy.

,,Siwilizasiýa" düşünjesiniň ýüze çykan wagtyny anyklamaga ilkinji synanyşanlaryň biri fransuz alymy Lýusýen Fewr bolupdyr. Bu barada ol özüniň ,,Siwilizasiýa" diýen işini ýazýar. Ondan başga-da, ýene bir fransuz lingwisti Emil Benwenist Fewriň yzyny ýöredijileriň biri hökmünde alynýar.



# I bap.Türkmenistanyň dünýä siwilizasiýasynda tutýan orny.

## § 1.Türkmenistanyň dünýä siwilisaziýasyna goşan maddy we ruhy gymmatlyklary.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň: „**Gadymy siwilizasiýalaryň döremeginde, sebitara medeni – ylmy gatnaşyklaryň kemala gelmeginde özüniň gadymy ekerançylyk ojaklary, medeni-ylmy merkezleri bilen şöhratlanan Türkmenistanyň orny örän uludyr.”** diýip, belleýşi ýaly, gadymy döwürde dörän türkmen siwilizasiýalarynyň ösüşi Gündogaryň ösen siwilizasiýalary bilen birlikde dünýä taryhynyň ösmegine öz täsirini ýetirýär.

Türkmen halky beýik halkdyr, onuň dünýä ylmyna, medeniýetine, umuman, dünýä siwillizasiýasyna ummasyz goşantlary goşandygy bize mälimdir. Türkmen halkynyň geçmişde dünýäniň dürli künjeklerinde onlarça döwlet döredendigi we olary dolandyrandygyny anyk maglumatlar arkaly görkezilýär. Ata-babalarymyz öz ene topragynyň çäginde, häzirki Türkmenistanyň ýerlerinde Altyndepe, Marguş döwleti, Parfiýa imperiýasy, Beýik Seljuk türkmen imperiýasy, Köneürgenç türkmenleriň döwleti ýaly tutyş adamzadyň ösüşine uly täsir eden döwletleri döredipdirler.

Türkmenleriň geçmişde umumadamzat ähmiýetli maddy we ruhy gymmat - lyklary döredendiklerini biz bilýäris. Asyrlaryň dowamynda sünnälenip, kämillik, sungat derejesine ýetirilen *nepis halysy, şirin owazly saz gurallary, zenanlaryň şaý- sepleri, türkmeniň bedew aty, saryja goýny, ak bugdaýy, türkmeniň alabaý iti baryp bir eýýäm adamzadyň iň nusgawy maddy gymmatlyklaryna öwrüldi.*

Türkmen halysynada gelin-gyzlar türkmen tebigatynyň gapma-garşylygyndan aýratyn, jadylaýjy sazlaşygy ýüze çykarmagy başarýarlar. Türkmen gölüniň esasynda göz gamaşdyryjy näzik, ajaýyp güller ýüze çykýar. Halynyň dili bilen sazyň dilinde umumy gözbaş, bir meňzeş kemala gelmek bolup, bu her kimiň kabul edip bilşine bagly bolup durýar.

Türkmen halkynyň zergärçilik sungaty diňe hünärmentçilk bolmak bilen çäklenmän eýsem, durmuş zerurlygydyr. Onuň öz filosofiýasy we dünýägaraýşy, çeperçilik hem-de ynsanperwer ýörelgeleri bar. Türkmenleriň däp bolup gelýän zergärçilik önümleri bäş topara bölmek bolýar; aýal-gyzlaryň dakynýan bezeg-şaýlary, çagalaryň dakynýan bezeg-şaýlary, erkek adamlar üçin niýetlenen şaý-sepler, at esbaplarynyň bezeg şaýlary, ýaraglary bezemek üçin şaýlar.

Taryhy maglumatlara görä, ilkinji zergärçilik ussahanalar günbatar Türkmenistanda döräpdir. Ol Gubaseňňir gaýasynyň çür başynda gadymy adamlaryň ussahanalarynyň we deňiz balykgulaklaryndan ýasalan şaý-sepleriň tapylandygy bilen tassyklanýar. Ol ýerde arheologlar dürli gymmatbaha daşlardan ýasalan monjuklaryň 900-den gowragyny, deňiz balykgulaklaryndan monjuk ýasamak üçin taýýarlanan şaýlaryň ençeme görnüşi tapylýar.

*Türkmen şaý-sepleri, esasan hem, hakyk, lagyl (rubin), ýantar (grekler oňa „gün daşy” diýýärler), pöwrize (parsçadan-„ýeňijini goraýjy”diýlip, terjime*

*edilýär.) ýaly gymmatbaha daşlar bilen bezelýär. Pöwrize daşyna başgaça „bagt daşy"hem diýilýär.*

Türkmen gelin-gyzlaryň şaý-sepleriniň müňlerçe görnüşiniň bardygyna garamazdan, olar hiç-hili biri-birlerini gaýtalamaýar. Olaryň hili gyşarnyksyz berjaý edilipdir. Orta asyrlarda Maryda 14 müňe golaý zergär şaý-sep ýasamak bilen meşgullanyp, olaryň ýasan önümleri çeperçilik geňeşiniň ýörite toparlary tassyklandan soňra, satywa çykarylýar.

**Türkmen halkynyň zergärçilik sungaty**

Zenan maşgala mydama owadan bolmaga ymtylýar. Gymmat bahaly şaý – sepleri dakynyp, görküne görk goşýar. Bu däp arheologik tapyndylara salgylansak, müňýyllyklardan öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Ilkibaşda ýönekeý daşy ýonup, her hili monjukdyr bezeg şaý-sepleri ýasalan bolsa, wagtyň geçmegi bilen (söwda gatnaşyklarynyň ösmegi bilen) daşary ýurtlardan gymmatbaha daşlar we demirler getirilip başlanypdyr. Bu bolsa bezeg şaý – seplerini kämilleşipdir.

Şaý – sep dakynmak diňe gelin – gyzlaryň arasynda däl, eýsem erkek adamlaryň arasynda hem ýoň bolupdyr. Olaryň dakynýan şaý – seplerinde iki – ýeke gaş bolaýmasa, galan ýeri sap altyn – kümüşden bolupdyr. Ýöne patyşalar hem – de oňa ýakyn döwlet işgärleriniň özüne mahsus zynjyrlary bolupdyr. Bu zynjyrlar iň gymmat daşlar bilen bezelipdir we köşgüň içindäki işgärlerine miras geçipdir.

Öňki zamanlarda altyndyr kümüşden bolan şaý – sepleriň köplügi şolaryň eýesiniň baýdygynyň esasy alamaty hasaplanypdyr. Hatda ogul öýlendirjek, gyz çykarjak bolanlarynda hem şaý – sepdir, altyn – kümüş bilen hasaplaşypdyrlar. Bu adat, esasan hem, Gündogar ýurtlarynda, Hindistanda ýörgünli bolup, häzire çenli hem dowam edýär.

Şaý – sepler gadymy döwürlerde diňe gelin – gyzlary bezemek üçin däl – de, täsirini ýetirýän doga – tumarlar hökmünde – de ýasalypdyr, çünki olardaky şekiller belli bir many aňladypdyr, gözden – dilden goraýar diýlip ynanylýar.

Zergärler şaý – sep ýasanlarynda, bezeg üçin hakyk daşyny ulanýarlar. Hakyk daşy ata – baba ulanylyp gelen daş. Hakyk daşdan ýonulyp taýýarlanylýar. Milli ynanajymyza görä, hakyk daşynyň ynsan saglygyna ähmiýeti uludyr. Şeýle hem pöwrize daşlary hem ulanylýar.

Her daşyň öz häsiýetleri bolýar. Daşlaryň reňkleri hem goýy – ýumşaklygy hem biri – birinden tapawutly. Käbir daşlar gaty bolýar.  Daşlaryň käbirleri ýumşak bolup, ýonup işläp bejermäge amatly bolýar.

Şaý – sepler, esasan, kümüşden ýasalyp, bezeg üçin altyn çaýylýar.

Başarjaň zergäri taýýarlamak üçin 5 ýyl gerek bolupdyr, şol wagtyň dowamynda zergär şägirdini serişdeler bilen we gurallar, çig mal, esbaplar bilen üpjün edipdir.

Türkmenlerde oglanjyklaryň tahýalaryna dakylýan düwmejikleriň hem öz manysy bar. Çaga daşda oýnap ýörkä, onuň niredeligini şol düwmäniň şyňňyrdysy boýunça bilipdirler. Ahalda ýasalan şaý – seplerde bir ýerden galam gidýän bolsa, şol başlanan ýerinde hem gutarýar. Maryda nagyşlar bölek – bölek edilýär.

Zergäriň esasy iş gurallary süýnmek, bir ujy çüri sandal (ussalaryň üstünde demir ýençýän guraly), çekiç, atagzy bolupdyr. Türkmenlerde zergärçilik gurallarynyň nädip dörändigi barada şeýle rowaýat bar .,,Demiriň piri Dawut pygamber ýumrugy bilen köz ýaly gyzaryp duran demri ýençmegi başarandygy bilen şöhratlanypdyr. Bir gezek ol gyzdyrmak üçin oda sokan demir bölegini otdan aljak bolanda elini ýakdyryp, onuň hötdesinden gelip bilmändir. Ol özüniň başarnygynyň egsilip barýandygyna göz ýetirip, gaýgy – gama batyp oturypdyr we aýagynyň ýanynda penjelerindäki süňki gemrip ýatan itiniň arkasyny sypalap, çuňňur pikire batypdyr. Şonda Dawut pygamber süňki eýlesine – beýlesine öwrüp duran it penjeleriniň atagzyny, aýagyny uzadyp ýatan itiň göwresini bolsa sandaldyr çekiji ýatladýandygyna göz ýetirip tisginip turupdyr.

***Türkmen milli şaý – sepleriniň görnüşleri***

***Gupba*** – ýasamasy iň kyn bolan şaý – sepdir. Gyzlar tahýa bilen bilelikde başlaryna geýýärler

***Bukaw*** – gelin – gyzlar boýunlaryndan asýarlar.
***Gülýaka(şelpeli gülýaka)*** – gelin – gyzlar döşlerine dakynýarlar.
***Dagdan (şelpeli dagdan)*** – zenanlar boýunlaryndan asýarlar.
***Tumar(örküçli tumar)*** – zenanlar döşlerine dakynýarlar.
***Egme -*** zenanlar maňlaýyna börügiň ýüzüne dakýarlar.
***Çaňňa ildirgiji*** – zenan çabydyna dakylýar.
***Maňlaýlyk*** – zenanlar maňlaýyna dakynýarlar.
***Boýun towuk*** – zenanlar boýunlaryna dakýarlar.
***Gusakça*** – zenanlar döşlerine dakýarlar.
***Çapraz – çaňňa*** – zenanlaryň çabydyna dakylýan şaý – sep.
***Ýeňselik*** – zenanlar arkasyna dakýarlar.
***Asyk*** – zenanlar saçynyň ujuna dakýarlar.
***Köken*** – ýüzük – barmaklara dakylýar.
***Bilezik*** – bilege dakylýar.
***Ok – ýaý*** – oglanlar üçin niýetlenilen şaý – sep.
***Sünsüle***
***Gulakhalka***
***Teneçir***
***Çekelik***

**TÜRKMEN BEDEWI: ASYRLARYŇ JÜMMÜŞINDEN BIZIŇ GÜNLERIMIZE ÇENLI**

Türkmenistan gadymy medeniýetleriň we beýik dessurlaryň ýurdudyr. Döwürler geçmişde höküm süren kuwwatly galalary we baý şäherleri harabaçylyga öwürdi.Ýöne wagt şöhratly geçmişiň janly şaýady bolan ahalteke bedewlerine hiç

hili täsirini ýetirip bilmedi.Taryhyň çylşyrymly wakalaryna, ýowuz öwrümlerine garamazdan, türkmen halky dünýäniň dürli ýurtlarynyň ussat hünärmenleriniň ünsüni özüne çekýän milli atşynaslyk medeniýetini elýetmez baýlyk hökmünde mynasyp derejede gorap saklamagy başardy.

Köp sanly taryhy maglumatlar we anyk güwanamalar atşynaslyk medeniýetiniň gadymy merkeziniň Merkezi Aziýa, ilkinji nobatda bolsa, Türkmenistan ýaýlasydygyny biragyzdan tassyk edýärler. Köp sanly hünärmenleriň bellemegine görä, gadymy türkmen halky ilkinji bolup atlary eldekileşdiripdir.

Türkmenistanyň taryhy ýadygärliklerinde arheologiki gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde dürli döwürlerde tapylan köpsanly gymmatlyklar olara aýdyň şaýatlyk edýär.

Amyderýanyň ýakasyndan tapylan köp sanly gadymy mirasyň hazynalarynda atyň keşbi şekillendirilen gurallar has agdyklyk edýär. Şeýle-de bolsa, professor B. I. Sarianidiniň ýolbaşçylygynda gadymy Marguş ýurdunyň paýtagty Göňurdaky şa aramgählerinde, Murgabyň gadymy akymynyň boýunda tapylan bürünç enjamly araba galyndylary, eýerli atyň daş heýkeljikleri, çapyksuwarlary hatara duruzmak üçin ulanylýan serişdeleriň jaýlanan mazary taryh üçin örän täsirli täzelik hasaplandy. Gadymy Marguş ýurdunda biziň eýýamymyzdan ozalky III asyryň we II asyryň başlarynda atlaryň eldekileşdirilendigi barada maglumatlar bar. Gadymy çeşmelerde atlandyrylyşy ýaly, ,,behişdi”, ,,asman”, ,,asylly”, ,,adaty bolmadyk” diýlip, atlandyrylan türkmen bedewleriniň şöhraty biziň eýýamymyzdan ozalky birinji müňýyllykdan gözbaş alyp gaýdýar. Isgender Zülkarnaýyň we ýörite harby ekspedisiýalary ýollan hytaý imperatorlary hem türkmen bedewlerini ele salmaga synanyşypdyrlar. Antik döwrüniň awtorlary-da türkmen bedewlerine biparh garap bilmändirler. Olar ahalteke atlaryny ,,Nusaý atlary” diýip, atlandyrypdyrlar. Bu at şol döwürde örän kuwwatly bolan Parfiýa döwletiniň patyşa kabulhanasynyň ýerleşen ýeri bolan Nusaý şäheriniň ady bilen baglanyşdyrylypdyr.

,,Nusaý atlary’’ özüniň owadanlygy bilen ähli beýleki tohumdaky atlardan tapawutlanýarlar. Bu bedewler kuwwatly şalara mynasyp atlardyr. Çapyksuwaryň jylawyna gürrüňsiz kaýyl bolýan bu atlar özleriniň başlaryny belent tutupdyrlar. Olary altynsow ýallary şemalyň ugruna özboluşly owsun atýar” diýip Oppian ýazýar. Taryhda belli yz goýan meşhur taryhçy Ksenofont ,,Biziň gözümiziň alnynda janly durşy bilen hyjuwly görnüş emele gelýär: toýnaklaryň gurak urgusy topraga galtaşýar, şadyýan bedewleriň kişňemesi eşidilýär, olar burnuny parladyp dem alýarlar, bedewiň owadan kellesiniň paýhasly garaýşy kalbyňa aralaşýar we ýakymly täsir galdyrýar. Bu görnüş şu hereketleriň ähli täsirini başyndan geçiren adama düşnüklidir” diýip belleýär.

VIII asyrdaky arap awtory Al-Jahiz: ,,Bedewe atlanan türkmen özüni tutuş topragyň üstündäkiden hem artykmaç saýýar” diýip ýazýar. VIII-X asyrlarda Bagdat şalarynyň şahsy goşunynda türkmen atlylarynyň gulluk edendigini bellesek, onda bu deňeşdirmäniň ýöne ýerden däldigine göz ýetirýärsiň. Biraz soňrak Müsür mawlýuklarynyň we beýleki emiratlaryň iň gowy atly goşunlarynyň

hatarynda türkmenler hem gulluk edipdirler. Ýöne bir zady berk bellemeli, kuwwatly we örän çydamly atlary bolmadyk bolsa, seljuklaryň Kiçi Aziýany özüne birikdirip, kuwwatly Türkmen-Osman soltanlygyny döredip bilmese-de bilmezdi.

Ondan V asyr geçenden soň italiýaly Marko Polo Demirgazyk Persiýa welaýatlary serhetleşýän sebitlerde belent başly ajaýyp atlaryň ösdürilip ýetişdirilýändigini we olaryň bahasynyň örän gymmatdygyny belläpdir. XIII asyrda fransuz patyşasy Lýudowik IX taryhçysy gaýduwsyz gypjak esgeriniň jaýlanyş dabarasyna gatnaşandygyny we esger bilen bilelikde onuň wepat bolan atynyň jaýlanandygyny gürrüň berýär.

XV asyrda rus syýahatçysy Afanasiý Nikitin özüniň „Üç deňziň aňyrsyna syýahat" atly eserinde türkmen ýaýlasynda gymmat baha berlip, satyn alnan adaty bolmadyk taýçanak hakynda gürrüň berýär. Şol döwürden başlap türkmen ahalteke bedewleri pars söwdagärleriniň hem-de diplomatlarynyň üsti bilen Russiýa, Günbatar Ýewropa ýurtlaryna düşüpdirler. Olar ahalteke bedewini edinmek arzuwynyň amala aşmagy hasaplapdyrlar we köp sanly at eýeleriniň familiýalary hem-de patyşa howlulary ahalteke atlarynyň adyny buýsanç bilen göteripdirler. Wengriýaly syýahatçy A.Wamberi 1863-nji ýylda Türkmenistanda bolanda ajaýyp ahalteke bedewleri, olaryň owadanlygy hem-de atlaryň ýerli ilat üçin ähmiýeti, bedewleriň juda ýyndamlygy, çydamlylygy, olaryň ösdürilip ýetişdirilmegi üçin harçlanýan serişdeleri daş ýany bilen ödeýändikleri hakynda ýazmagy özüniň borjy hasaplapdyr.

Türkmen atlary XIX asyryň ahyrlarynda „ahalteke" diýen ada mynasyp bolupdyrlar. Bu at gadymy „Ahal" ýaýlasy bilen baglanyşdyrylypdyr. Meşhur barlagçylar şol ahalteke bedewlerinde bütin dünýä belli bolan gadymy Nusaý tohumyndaky atlaryň nesillerini görüpdirler. Birnäçe atşynaslar nesillerine belli bolan görnükli alym, atlaryň janköýeri, professor W. O. Witt: „Ahalteke bedewleri şol gadymy arassa gandaky atlaryň soňky damjalarydyr. Onuň kömegi arkaly dünýäniň atşynaslyk ulgamynyň älhi medeniýeti kemala getirildi" diýip, belleýär. Gadymy Pazyryk depelerinden tapylan çapuw atynyň mazary hakynda hem bu alym şeýle diýýär: „Bu örän gadymy çapylan aty, Assiriýanyň, Müsüriň we Elladanyň beýik ussatlarynyň eserlerinde şekillendirilen Orta Aziýanyň söweşjeň atlarynyň neslidir".

Hut türkmen topragynda ösdürilip ýetişdirilen ahalteke taýçanaklary Persiýanyň we Türkiýäniň üsti bilen Ýewropa aralaşýarlar we ol ýerde arassa ganly iňlis atlarynyň döremegine sebäp bolýarlar. Eger-de günbatar ýurtlarynda ahalteke bedewleri örän abraýly gymmatlyk bolan bolsa, onda ol öz watanynda türkmen ýigitleriniň söweşjeň ýoldaşy bolupdyr. Türkmenleriň syýasy taýdan özygtyýarlylyk ugrundaky uzaga çeken göreşleriniň merkezinde şöhratly „asman atlary" we olara atlanan türkmen ýigitleri bolupdyr.

Şol döwürlerde zootehniki talaplaryň dünýä garaýşyndan tohumçylyk hakyndaky we atlaryň arassa ganlylyklary hakyndaky düşünje kemala gelmändir, ýöne şeýle-de bolsa her bir at eýesi özüniň çydamlylygy we gözelligi bilen görnükli bolan atlary ösdürip ýetişdirmäge çalşypdyrlar. Iýmit binýadynyň çäkliligi

we onuň durnuksyzlygy, guraklyk we öri meýdanlarynyň ýetmezçilik etmegi bedewleriň köp nesilleriniň ynsan bilen baglanyşygyny şertlendiripdir. Atlar öz tebigatynda ynsan häsiýetine eýe bolupdyrlar. Şeýlelikde, türkmen esgeri bedewleri özüniň wepaly hem-de ynamdar ýoldaşy hasaplapdyr. Köp halatlarda esgerleriň jany bedewleriň hereketine bagly bolupdyr. Hut şonuň üçin hem sebitiň birnäçe halklarynyň baý adamlary birnäçe müň başdan ybarat bolan gylýal sürülerini edinen bosalar, her bir türkmen özüniň ýeke-täk aty bilen şöhrat gazanypdyr. Ahalteke bedewleriniň bir eýesi bar diýilmegi hem ýöne ýerden däldir. Türkmenleriň we olaryň atlaryny birek-birege bolan baglanyşygy örän mähirli we ýürekdeş ýagdaýda bolupdyr.

Şeýle bedewleri sürüde ýetişdirmek mümkin bolmandyr. Olar saklamagyň aýratyn şertini we ýokary derejeli idegi talap edipdirler. Bedewler uzak ýaşapdyrlar, köplenç halatlarda, öz eýelerini soňky ýoluna ugradypdyrlar. Şeýlelikde, şu geçen müňýyllyklaryň dowamynda türkmenler bedewler bilen bagry badaşypdyr. Olar atlarda beýik häsiýetleri kemala getiripdirler we deňi-taýy bolmadyk ajaýyp ahal-teke bedewlerini dünýä çykarypdyrlar.

Atşynaslar ahalteke bedewlerine örän ýeňil gopýan, zähmete ukyply, bilesigeliji we örän paýhasly jandar hökmünde baha beripdirler. Bu hakykatdan-da şeýle, ahalteke bedewi ynamly we özüne bolan hormaty talap edýän bedew hökmünde ykrar edilipdir. Tejribeli türkmen seýisleri bedewiň örän buýsançly we güýçli häsiýetini gerek ugra gönükdirmegi başarydyrlar.

XX asyryň başlarynda türkmen bedewleri Russiýanyň we Ýewropanyň şäherlerindäki sergilerde peýda bolýarlar. Olar tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekip, örän uly täsir galdyrýar. Professor M. I. Pridoroginiň belleýşi ýaly, ahalteke bedewleri buýsançly galkynyşyň aýdyň duýgusydyr. ,,Eger kim-de-kim ahalteke atyny gören bolsa, onda ol hakykatdan-da, ajaýyp gözellikden lezzet alandyr" diýip, belleýär.

1935-nji ýylda geçirilen Aşgabat-Moskwa atly ýörişi ahalteke bedewleriniň adatdan daşary çydamlylygynyň aýdyň subutnamasydyr. Şonda bedewlere atlanan türkmen çapyksuwarlarynyň 17-si 84 günüň dowamynda 4300 kilometr ýol geçdiler. Onuň 350 kilometri bolsa teşne ýatan Garagum sährasynyň üstünden geçdi. Şondan 10 ýyl geçensoň şol şöhratly atly ýörişe gatnaşan ak reňkli Arap Ýeňiş baýramçylygynyň esasy bedewine öwrüldi. Şol gün marşal G. K. Žukow özüniň söýgüli bedewine, ýagny Araba atlanyp, Gyzyl meýdançada Ýeňiş baýramçylygy mynasybetli guralan dabaraly parady kabul etdi. Türkmen atşynaslygynyň gürrüňsiz ýeňiş bolan bu görnüşler geljekki nesiller üçin kinolentalara geçirildi.

Soňra şöhratly Arabyň nesli, ajaýyp Absent 1960-njy ýylda Rimde geçirilen Olimpia oýunlarynda naýbaşy çempion ada mynasyp boldy. Şonda ýokary netije görkezen bedewiň çapyksuwary Sergeý Filatowa altyn medal gowşuryldy. Absentiň ady ýurtlar we yklymlar aşdy. Köp sanly edebiýat we sungat eserleri öz eserlerinde bedewiň adyny ebedileşdirdiler. On ýylyň dowamynda Absentiň 70-den gowrak nesli kemala geldi. Olaryň köpüsi halkara derejesinde beýik ýeňişler

gazandy. Egerde Absentiň nesil ugry bilen çynlakaý meşgullanylsa, onda Russiýanyň çapuw atlarynyň häzirki zaman tohumlarynda hem Absentiň ganyny ýüze çykarmak bolar. Russiýada Iwan Groznynyň döwründe ahalteke bedewleri tohumçylyk işinde peýdalanylypdyr. Geçen asyryň ortalarynda bu bedewler Russiýanyň atçylyk zawodynyň baş sanynyň üçden bir böleginden gowrak mukdaryny emele getiripdirler. Ýöne döwrüň geçmegi bilen, tohumy saklamagyň meseleleri barha çylşyrymlaşypdyr. Çünki ahalteke bedewleriniň başky tohumçylyk gaznasy birnäçe ýurtlara iberilipdir. Ondan başga-da çapyşyklarda ýokary netije gazanmaga meýil bildirýän adamlar tohum arassaçylygyny gözden düşüripdiler. Bu nogsanlyklaryň garşysyna alnyp barylýan çäreler hemişe garaşylýan netijäňi bermändir. Bu işler diňe bir tohumçylyk işiniň ähmiýetine däl, eýsem öňdengörüjilik, ilkinji nobatda bolsa, syýasy erk we döwlet goldawyna hem bagly bolupdyr.

Häzirki döwürde ahalteke bedewleriniň milli miras hökmünde gadymky şöhradynyň dikeldilmegi we olaryň köpeldilmegi Türkmenistan garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň başlandy. Ahalteke bedewi özüniň taryhy Watanynda hakyky keşbine eýe boldy. Dünýä çempiony Ýanardag Türkmenistanyň Döwlet tugrasynyň merkezinde ýerleşdirildi we ol erkinligiň hem-de garaşsyzlygyň hemişelik nyşanyna öwrüldi. Şol döwürden naýbaşy tohumdaky atlary mundan beýläk-de artdyrmak, ony dünýä ýüzünde ýaýratmak we meşhur etmek babatdaky maksada okgunly tohumçylyk seçgi işlerine badalga berildi.

Şeýle maksat bilen, 1991-nji ýylda ,,Türkmen atlary” döwlet birleşigi döredildi. Birleşik ahalteke bedewlerine öz ömürlerini bagyşlan hünärmenleriň ägirt uly işlerini utgaşdyrýar. Ajaýyp tohumdaky atlary ösdürip ýetişdirmegiň gizlin syrlaryny, tejribelerini atadan ogla geçiren türkmen seçgiçileriniň köp nesilleri özleriniň köp asyrlyk tejribelerine daýandylar we bu ugurdaky durmuşa geçirilýän çäreler ahalteke bedewleriniň sanyny hem-de arassalygyny dikeltmäge, geçmişdäki tohumçylyk nesil ugurlaryny hem-de atşynaslygyň asylly däplerini giňeltmäge mümkinçilik berdi.

Häzirki döwürde ,,Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň Türkmen atşynaslygy milli muzeýinde öz beýanyny tapan gadymy baý däp-dessurlar döwlet Baştutanynyň hut özüniň ýolbaşçylyk etmeginde hil taýdan täze derejä çykdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň atasynyň agasy Aba Annaýewiň meşhur atşynas bolandygyny we onuň ahalteke bedewini gorap saklamak, kämilleşdirmek işine ägirt uly goşant goşandygyny bellemeli. Bu bolsa hormatly Prezidenimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ahalteke bedewlerine bolan söýgüsiniň nesiller aşyp gelýändigini alamatlandyrýar.

Häzirki döwürde bu pudak hakyky rowaçlyga eýe bolýar. Milli Liderimiziň tagallalary netijesinde ýurtda arassa ganly ahalteke atlarynyň baş sanyny artdyrmak, atçylyk sportunyň görnüşlerini we atçapyşyklarynyň milli däplerini wagyz etmek babatda özüniň göwrümi we ähmiýeti boýunça deňi-taýy bolmadyk çäreler durmuşa geçirilýär. Her ýylda tutuş ýurdumyz boýunça Türkmen bedewiniň baýramy giňden bellenilýär. Onuň çäklerinde paýtagtymyzda

atşynaslygy ösdürmek boýunça halkara ylmy çäre geçirilýär. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda halkara ülňülerine doly laýyk gelýän, döwrebap atçylyk sport toplumlary guruldy.

Ýurdumyzyň atşynaslyk ulgamyny höweslendirmek maksady bilen, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan bu tohumdaky bedewleriň iň gowy wekilini yglan etmek üçin ýörite bäsleşik esaslandyryldy. Ol çäre diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem tutuş adamzat medeniýetiniň aňrybaş gazanany bolan ajaýyp ahalteke bedewleriniň gözelliginiň özboluşly gözden geçirilişidir.

Şeýle-de ýurdumyzda sirk sungatyny ösdürmek üçin Türkmen döwlet sirkiniň Aşgabatdaky binasy dolulygyna abatlanyldy we ol iň häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edildi. Özleriniň çalasyn hereketleri we ajaýyp, çeýe, ýyndam bedewleri bilen türkmen jigitleri sirkiň tomaşaçylaryna köp sanly şatlyk we tolgundyryjy pursatlary eçilýärler.

Ýurtda arassa ganly bedewleri ösdürip ýetişdirmek üçin ähli şertler döredildi. Şeýlelikde, tohumçylyk ulgamynyň aýawly saklanjakdygy we onuň bahasy ruhy baýlyk hökmünde nesillere gçiriljekdigi gümansyzdyr. Olar asyrlaryň we nesilleriň, tagallalaryň we ýeňişleriň, zähmetiň we sazlaşygyň baglanyşygyny özünde jemleýär.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ SAZ MEDENIÝETINIŇ TARYHYNDAN

**Türkmen halkynyň meşhur bagşy-sazandalary.** Türkmen halkynyň aýratyn, hoş owazly saz gyrallary gaýtalanmajak özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Geşmişde türkmen halkynyň medeniýetinde, aýdym-saz äleminde meşhur bagşy-sazandalar ýitmejek yz galdyrdylar. Milli saz senedimiziň şöhratly geçmişine nazar aýlasaň Ýow bagşy, Kör Gojaly, Jepbar saryk, Garadäli gökleň, Pirjan gyjakçy, Aly Seýit, Söýeg bagşy, Agajan tüýdükçi, Şükür bagşy, Magtymguly Garly - Çuwal bagşy, Amangeldi Gönübek, Pürli Saryýew, Hobat bagşy, Garly bagşy, Ödeniýaz Nobatow, Sahy Jepbarow, Hangeldi Annamyradow, Mylly Täçmyradow, Mämi Çaryýew, Öwezgeldi Tekäýew, Annaberdi Atdanow, Orazgeldi Ylýasow, Gulbaba, Jepbar Hansähedow, Çary Nurymow, Nury Halmämmedow ýaly meşhur bagşy-sazandalaryň, kompozitorlaryň we ýene ençeme aýdym-saz ussatlarynyň ýürege ýakyn aýdymdyr- sazlary halkyň kalbynda hemişelik orun tutdy.



**Çepden: Belýaýew- Uspenskiý**

Ýazuw däpli türkmen professional sazy 1917-nji ýyldan soň kemala gelip başlady. Türkmen döwletiniň saz sungaty baradaky birinji nobatdaky wezipeleri *wokal we instrumental a*lmakdan ybaratdy. 1925—1929-njy ýyllarda *halk sazyny ýazyp W. A. Uspenskiý* Türkmenistanda etnografik ekspedisiýany tamamlady. Şeýlelikde bolsa onuň Belýaýew bilen bilelikde fundamental işi emele geldi.

*„ Türkmen sazy “* 1929—1930-njy ýyllarda Aşgabatda döredilen iki bölümli — drama we saz bölümli Türkmen çeperçilik tehnikumy professional milli hünärmenleri taýýarlamagyň ojagy boldy.

Türkmen sazynyň aýaga galmagynda doganlyk soýuz respublikalaryň wekilleri uly goşant goşdular. Uspenskiniň ýazgylaryny peýdalanyp, kompozitorlar Wasilenko, Znosko-Borowskiý, Iwanow-Radkewiç, Ippolitow-Iwanow, Litinskiý, Lobaçew, Mosolow, Osokin Şehter we beýlekiler türkmen temasyndan simfoniki eserlerini döretdiler. Olaryň *horkamera* arasynda Litinskiniň „Türkmenistan” atly kirişli saz gurallary üçin bäşinji kwarteti, Wasilenkonyň üflenip çalynýan saz gurallary üçin kwarteti, „Türkmenistan kartinasy” diýen sýuitasy, Ippolitowyň-Iwanowyň „Türkmenistanyň çöllerinde” diýen sýuitasy, Şehteriň „Türkmenistan’’ diýen sýuitasy bar.

Bu eserler türkmen professional sazynyň täze özboluşly görnüşler üçin ýol açdylar, türkmen sazyny has çuň we düýpli öwrenmek üçin höwesi oýandyrdylar.

1935-nji ýylda Moskwa konserwatoriýasynyň ýanynda okatmagyň ýörite maksatnamasy bolan türkmen milli bölümi döredildi. Bu bölümde terbiýelenenleriň arasynda, soňra türkmen sungatynyň görnükli wekilleri bolan A. Kulyýew, W. Muhadow, W. Ahmedow, H. Allanurow, A. Agajykow, Ç. Nurymow, N. Halmämmedow bardy.



*Çepden: A. Agajykow, A.Kulyýew- N.Halmämmedow, W. Muhadow-Çary Nurymow*

Şol wagtlar Leningradyň (häzirki Sank- Pterburg şäheri) horeografik uçilişesinde zehinli türkmen ýaşlarynyň ençemesi okady.



*Daňatar Öwezow*

1935-nji ýylda Aşgabatda sazçylyk uçilişesi (häzirki D. Öwezow adyndaky) açyldy.

Türkmenistanda professional ýerine ýetiriji güýçler örän azdy. Bu ýagdaý nazara alnyp, kompozitor G. Arakelýan tarapyndan ýurdumyzda ilkinji gezek simfoniki orkestr (1929 ý.) we hor (1934 ý.) esaslandyryldy.

Ýaş türkmen sazynyň Beýik Watançylyk urşy ýyllaryndaky taryhy - ilkinji nobatda, türkmen saz teatrynyň taryhydyr. 1941-nji ýylda opera we balet teatry açyldy, Türkmen teatrynyň taryhynda saz medeniýetiniň beýleki görnüşleriniň taryhy bilen umumylyk köpdür. Bu professional sungatyň förmalarynyň; saz goşulan drama spektakldan başlap, aýdym tipli operanyň üsti bilen giň ösen wokal görnüşli, orkestriň aktiw orny bolan opera çenli kem-kemden özleşdirilen ýoludyr. Bu has tejribeli rus we ukrain ussatlary bilen bilelikdäki awtorlyk arkaly milli kadrlaryň ösmegidir. Türkmen kompozitorlary halk aýdymlary sungatyna daýanyp, folklor baýlygynyň gerekli nusgalaryny dykgatly we takyk saýlap alyp bilýärdiler. Emma sazyň ösüşiniň we uly saz-drama görnüşleriniň guralyşynyň taryhynda professional taýdan ýetişen milli mekdepleriň wekilleriniň tejribesine kembaha garalýardy.

Şol ýyllaryň türkmen operalarynda we baletlerinde halk dessanlarynyň hem-de rowawatlarynyň sýužetinde ýazylan eserler agdyklyk edýärdi. A. Şapoşnikowyň ,,Zöhre-Tahyry” (1941 ý.), Şehteriň we A. Kulyýewiň ,,Ýusup-Ahmet’i” (1942 ý.), A. Şapoşnikowyň we D. Öwezowyň ,,Şasenem-Garyp’y’’ (1942 ý.), Korçmarýowyň ,,Aldarköse’’ baleti, Znosko-Borowskiniň we W. Muhadowyň ,,Akpamygy’’ şeýle eserlerdir. Entek häzirki zaman temasyna örän seresap aralaşylýardy. Ý. Meýtusyň we A. Kulyýewiň türkmen ýazyjysy B. Kerbabaýewiň powesti boýunça ýazan ,,Abadan’’ diýen gahrymançylyk-watançylyk äheňli operasy häzirki zaman temasyndan — Beýik Watançylyk urşy temasyndan ýazylan birinji opera boldy. Beýik Watançylyk urşy hakyndaky häzirki zaman sýužetini alyp, awtorlar gopgunly sahnalara kowalaşman, durmuş hakykatyny, adam duýgularynyň hakykatyny açyp görkezmäge çalyşdylar. Kompozitorlar halk dili meselesini dar etnografizm nukdaýnazarynda çözmän, has giň gerimde, halk

aýdymlarynyň maglumatlaryny ulanyp, olaryň ýerine ýetirilişiniň häzirki zaman serişdelerinden peýdalandylar.

Oktýabr rewolýusiýasyndan öň türkmen sungaty häzirkizaman tanslarynyň käbir görnüşlerini bilmeýärdi. Ýaş türkmen teatrynda birinji operalar bilen bir hatarda ilkinji horeografik tejribeler gazanyldy. Tans respublikanyň durmuşyny öwrenmek esasynda, türkmenleriň häsiýetine mahsus sypatlary esasynda döreýärdi. Gyzlaryň parasatly, ajaýyp-lirik tansy, erkek adamlaryň okgunly, güýçli depgindäki tanslary şeýle tanslardyr. Lirik-psihologik tans, dwirtisment tansy žanrly tans ýaly köp sanly tans görnüşleri birinji türkmen baletiniň döremegini taýýarladylar.

1946—1956-njy ýyllar türkmen saz sungatynyň taryhynda möhum döwürdir. Simfonik eserleriň peýda bolmagy, operalaryň we baletlleriň žanr diapozonynyň/çäginiň giňelmegi şu döwür bilen baglanyşyklydyr.Ýuriý Meýtusyň we Daňatar Öwezowyň liriki „Leýli-Mejnun'' (1947) dramasy, A. Şapoşnikowyň we Weli Muhadowyn komiki „Kemine we kazy'' operasy şol döwürdäki türkmen awtorlarynyň saz-sahna döredijiligini aýdyň häsiýetlendirýär. Şu eserlerde halk aýdymynyň öza kymlylygy ýewropa sazlaşygy bilen organiki goşulyşýardy. Ý. Meýtusyň we D. Öwezowyň „Leýli-Mejnun'' operasy Leýliniň we Mejnunyň tragik söýgüsi hakyndaky, halk arasynda meşhur dessanyň esasyndadyr. Operanyň sazy folklor tematikasyndaky materialyň giň ulanylmagy sebäpli, aýdyň milli özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Eger-de öňki opera spektakllary diňe Türkmenistanda meşhur mukamlar esasynda döredilen bolsa, bu ýerde awtorlar halk sazynyň epik däplerini opera dramaturgiýasynyň kanunlaryna boýun egdirmäge çalşypdyrlar. Halk döredijiligi erkin simfoniki ösüşe eýe bolýar. Ilkinji gezek türkmen operasyna giň wokal ansambly, hor epizodlary, dürli häsiýetli ariýalar girizilýär. Eger awtorlara asyl nusgawy stili gazanmagyň başarmadyk ýerleri bar bolsa-da, bu operanyň döremeginiň türkmen opera sungaty üçin möhüm ähmiýeti bolupdy.

A. Şapoşnikowyň we W. Muhadowyň „Kemine we Kazy'' operasynyň sazy tebigy degişme we optimizm bilen ýaňlanýar. Operanyň baş gahrymany — akyldar Kemine ata-enesiniň oňşuksyzlygyna garamazdan, aşyk-magşugy nikalaşmagyna razylyk almaga kömek edýär. Türkmen saz sungatynda köp sesli horuň döremegi aýratyn buýsançlydyr. Çünki köp ses bilen aýdym aýtmak türkmen üçin uly täzelikdi.

Türkmen wokal sazy meşhur kompozitor Daňatar Öwezowyň ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Onuň eserleriniň arasynda B. Kerbabaýewiň sözlerine 4 hory (köpçülik bolup aýdylýan aýdym), Garaja Burunowyň sözlerine „Watan'' hory, Gara Seýitliýewiň sözlerine „Balykçynyň aýdymy'', „Meňli gyz'', „Gözel Pöwrize'' diýen aýdymlary we başgalar bar. D. Öwezowyň eserleri Turkmenistany, onuň adamlarynyň döredijilikli zähmedini, pagtaçylary, nebitçileri, balykçylary wasp edýär. Aýdym žanrynda A. Kulyýew, W. Muhadow, W. Ahmedow, Genrih Držewskiý, G. Arakelýan, N. Muhadow ýaly beýleki kompozitorlar-da üstünlikli işlediler.

Ýokarda bellenilşi ýaly, rus kompozitorlarynyň türkmen temasyndan ýazan ilkinji simfoniki eserleri (Ippolitowyn-Iwanowyň „Türkmenistanyň çöllerinde'', Wasilenkonyň „Türkmen kartinalary'', Şehteriň „Türkmenistan'' sýuitalary) 30-njy ýyllarda peýda boldy. 1939-njy ýylda bolsa A. Kulyýewiň „Dabaraly uwertýurasy''-türkmen kompozitorynyň ilkinji simfonik eseri peýda boldy. Sazly halk aýdymlaryny, halk sazynyň ritmiki strukturasyny aýdyň duýmak A. Kulyýewiň ähli simfoniki eserleri üçin häsiýetlidir. Olaryň arasynda „Baýramçylyk uwertýurasy'', „Magtymguly'' poemasy we „Güneşli ülke'' onuň has aýdyň, has ähmiýetli eserleridir.

1949-njy ýylda Weli Muhadowyň „Türkmen sýuitasy'' we „Meniň Watanym'' diýen simfoniki poemasynyň (1951) peýda bolmagy bilen turkmen simfoniýa sungaty hil taýdan täze basgançaga göterildi. Bu sýuita hem, poema hem milli folklor bilen diňe bir saz-stilistik taýdan däl, eýsem has umumylaşdyrylan, maksatnamalaýyn esasda ysnyşykly baglanyşyklydyr. Kompozitor ýewropa simfonizminiň maksatnamalaýyn prinsipini onuň milli häsiýetdäki düşünilişi bilen utgaşdyrdy. Umuman, şol döwürde sowet simfonizminiň programmalaýyn simfoniki sýuitalarynyň we poemalarynyň döremegine getirei umumy tendensiýanyň peýda bolandygyny görmek bolýar.

60-njy ýyllarda türkmen sazy öz ösüşiniň täze, has ýokary etapyna aýak basýar. Türkmen kompozitorlarynyň ýanlaryna başga awtor almazdan, özbaşdak döreden operalary we baletleri, şeýle hem simfoniki hem-de iri wokal-instrumental eserleri peýda bolýar.

Ýurdumyzda saz-sahna eserleriniň esasy wagyz-nesihatçysy, öň bolşy ýaly, Magtymguly adyndaky opera we balet teatry bolup durýardy. Türkmen diňleýjileri Werdiniň „Aida'', „Trubadur'', D. Puçininiň „Tukatlyk'', D. Rossininiň „Sewil dellegi'', P. Çaýkowskiniň „Garahal gelin'', „Ýewgeniý Onegin'', Borodinýň „Knýaz Igor'' operalary, Adakyň „Jizel'', Glazunowyň „Raýmonda'' baletleri bilen tanyş boldular. Olardan başga-da, Držewskiniň „Ýuwaş Don'', Spadawekkianyň „Gögeýin'', Prokofewiň „Daş gül'', K. Karaýewiň „Gök gürrüldisiniň ýodasy" eserleri sahnada goýuldy.

Teatryň repertuarynda türkmen tematikasy uly orun tutýar. Olardan kompozitor A. Agajykowyň „Sona'' operasyny aýratyn bellemek gerek. Operanyň librettosy 20-nji ýyllarda türkmen obalarynyň birinde bolan hakyky waka: ýaş mugallyma Sonanyň feodal adatlara garşy, aýallary azat etmek ugrundaky göreşi we onuň pajygaly ölümi barada gurrüň berýär. Tolgundyryjy mazmun, bol, aýdyň milli melodizm „Sonanyň'' giň diňleýjiler köpçüliginiň arasynda meşhurlyk gazanmagyna getirdi.

W. Muhadowyň „Ganly saka" diýen monumental operasy sol ýyllarda türkmen opera döredijiliginiň has uly üstünligidir. Onuň sahnada goýulmagy türkmen sazly teatry üçin taryhy waka boldy. Watan temasy W. Muhadowyň bütin döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Kompozitor Türkmenistan hakynda uly mähir bilen söhbet açýar, sazyň dili bilen öz halkynyň durmuşyndaky tolgundyryjy wakalar barada gürrüň berýär.„Ganly saka''operasy-da (librettosy

Çary Aşyrow bilen G. Gurbansähedowyňky) Watan temasyna ýugrulandyr. Operada rewolýusiýadan öňki ýyllarda, açgöz baýlaryň garyplary suwdan mahrum edýän wagtynda halkyň suw ugrundaky dartgynly göreşi açylyp görkezilýär. Beýik Oktýabryň 50 ýyllygynyň hormatyna guralan Bütinsoýuz konkursda bu eser 3-nji baýraga mynasyp boldy.

Çary Nurymowyň „Epgegiň tepbedi'' atly baleti türkmen horeografiýasynyň görnükli eserleriniň biridir. Bu balet hem Oktýabryň 50 ýyllygynyň hormatyna guralan Bütinsoýuz konkursda bellenildi. Bu baletiň sazy üçin Ç. Nurymow Turkmenistanyň Lenin komsomoly baýragynyň laurýaty adyny aldy. Baletiň esasy mazmuny suw ugrundaky göreşdir. Emma W. Muhadowyň „Ganly sakasyndan'' tapawutlylykda bu ýerde tema şertli erteki-fantastiki usulynda beýan edilýär, bu bolsa horeografik žanryna doly suratda laýyk gelýär. Baletiň esasy ileýasy simwolik planda açylyp görkezilmek bilen, adamyň gara güýçlerden üstün çykmagynyň dabarasy bolup ýaňlanýar. Kompozitor halk heňleriniň we ritmikasynyň milli aýratynlyklaryny erkin amala aşyrýar hem-de ösdürýär. Baletiň sazynda balet eserinden talap edilýän ähli zatlar: dürli häsiýetler, güýçli temperament, ýalňyz içki duýgular bar.

1965-nji ýylda birinji türkmen operettasy — D. Nuryýewiň „Gunça'' operettasy sahnada goýuldy. Ol talyp ýaşlar temasyna bagyşlanandyr. Okgunly ösýän hereket, akylly dialog, aýdyň ariýalar, köpçülik bolup aýdylýan aýdymlar we ajaýyp tanslar bu spektaklyň hakyky sazly komediýa bolmagyna getirdi. Kompozitoryň sazynyň melodik ösüşi, ritmik sazlaşygy türkmen halk heňi bilen ysnyşykly baglanyşýar.

Şeýlelik bilen, sazly teatr barada ýeke bir san taýdan däl, eýsem hil taýdan hem uly ösüş görünýär. Şeýlelikde, respublikamyzyň kompozitorlary beýleki žanrlarda: simfoniki, hor, kamera instrumental, kantata-oratorial žanrlarda hem ep-esli üstünlikler gazandylar. Diýmek, 60-njy ýyllaryň başlarynda ähli saz žanrlarynyň, şol sanda ozal Türkmenistanda belli bolmadyk žanrlaryň intensiw ösüşi dabaralandy. Onuň bilen birlikde şol ýyllar Daşkendiň we Moskwanyň ýokary sazçylyk okuw jaýlaryny tamamlan *Nury Muhadow, Çary Artykow***,** *Durdy Nuryýew, A. Agajykow, N. Halmammedow, Ç. Nurymow, R. Allaýarow, R. Rejebow ýaly* zehinli ýaş kompozitorlaryň uly topary kemala geldi. Bu bolsa türkmen professional sazynyň öňünde täze mümkinçilikler açdy. Barha ýygy-ýygydan iri eserler— operalar, baletler, kantatalar döräp başlady. Olar döredijilik taýdan ýetişenligiň şaýady bolup, aýdyň temalary, pikiriň giňligi, halk çeşmelerini, klassyky ýewropa däplerini, häzirki zaman simfonizminiň usullaryny utgaşdyryp bilendikleri bilen özüne çekýär.

Ýaş awtorlar halk sazynyň diliniň elementleri hakynda täzeçe oýlanyp, öz indiwidual stillerini tapmaga ymtylýarlar. Şeýle hem olara sýuitizm çäginden çykmaga ymtylyş, sazyň döwre laýyk uly formalaryny döretmäge çalyşmak häsiýetlidir. 1963-nji ýylda turkmen sazy N. Halmämmedowyň „Türkmenistan'' diýen simfoniki kartinalary bilen baýlaşdy. Olar peýzaž-tebigat dilleriniň gözelligi bilen özüne çekýär. 60-njy ýyllaryň ortalarynda Ç. Artykowyň, Ç. Nurymowyň, N. Muhadowyň simfoniýalary peýda bolýar. Bu simfoniýalaryň hemmesiniň olaryň

talyplyk döwründe döränligi bilen gyzyklydyr. Şoňa görä-de bu çaklaňja eserler birmeňzeş gymmatly däldir, olaryň käbiri simfoniki bolman, dogrusy sýuitadyr, emma bilelikde alanyňda, olar saz aňynyň usuly hökmünde simfonizmi kem-kemden ele almagyň prosesine, saz medeniýetiniň umumy ösüşine şaýatlyk edýär.

70-nji ýyllaryň başlarynda milli simfonizm özbaşdaklyga eýe bolýar. Şeýle eserleriň mazmunynyň giňligi, görnüşleriniň dürli-dürlüdigi oňa şaýatlyk edýär . Bu bolsa eserleriň psihologik taýdan has baýlaşdyrylýanlygyny görkezýär. Eger-de öňki döwürde türkmen simfoniýasynda žanr, durmuş, peýzaž şekilleri uly orun tutan bolsa, indi has umumylaşdyrylan, problemalaýyn, psihologik, dramaturgiýa taýdan täsirli simfonizme belli bir ymtylyş duýulýar.

W. Muhadowyň „Magtymgulynyň ýadygärligi'' diýen simfoniýasy (1974) täze döwrüň uly üstünligi boldy. Bu eseri türkmen simfoniki sazynyň iň gowy nusgalarynyň hataryna goşmak bolar. Bu simfoniýa türkmen simfoniýasynyň taryhynda düýpli eser boldy. Ol filosofik umumylaşdyrmanyň derejesi boýunça giň göwrümli ýokary mazmunly eser bolup, milli simfoniýa žanryny özleşdirmegiň täze derejesini aňladýar. R. Allaýarowyň döredijiligi-de türkmen simfoniýasynyň ösuşine täzeçillik ideýasyny girizdi. Onuň „Kamera simfoniýasy'' (1976 ý.) awtoryň döredijilik terjimehalynda we türkmen sazynyň taryhynda uly orun tutýar. Bu eser saz düzmegiň milli däplerini häzirki zaman kompozitor tehnikasy bilen utgaşdyrmak meselelerini öňe sürýär.

Şol ýyllar S. Muhadowyň, A. Tagyýewiň, D. Hydyrowyň simfoniýalary peýda bolýar. Dürli döredijilik aýratynlyklary bolan bu kompozitorlar üçin döwürdeşiň dünýägaraýşyny görkezmek bilen baglanşykly paýhaslylyk, çuň psihologik çunlaşdyrmalar häsiýetlidir.

80-nji ýyllarda B. Hudaýnazarow, Tüýliýew ýaly ýaş kompozitorlaryň we D. Nu-ryýew, Ç. Nurymow, W. Muhadow ýaly orta we uly ýaşly komlozitorlaryň simfoniýalary peýda bolýar. W. Muhadowyň ikinji simfoniýasy türkmen awtorynyň köp derejede rus kompozitorlarynyň, ilkinji nobatda, D. Şostakowiçiň döredijiligini içgin bilýänligindendir. D. Şostakowiçiň döredijiliginiň täsiri bütin türkmen simfonizminde hem duýulýar.

Kontato-oratorial žanr hem işjeň ösýär. Bu žanr D. Öwezowyň „Lenin'', „Kommunist'' diýen oratoriýalarynda, A. Kulyýewiň „Garagum derýasy'' diýen wontatasynda has aýdyň ýüze çykdy.

Şol ýyllarda türkmen kamera-instrumental sazy dürli-dürli saz gurallary üçin niýetlenendýr. Bu ýerde D. Nuryýewiň, N. Halmämmedowyň, Ç. Nurymowyň, R. Allaýarowyň ansambl sonatalary-da, fortepiano wariasiýalary-da, etýudlary-da, polifonik pesalar-da bar. A. Kulyýewiň orkestrli gyjak üçin konserti has ähmiýetli eserleriň biridir.

Türkmen professional sazy sowet häkimiýetiniň ýyllarynda uly, çylşyrymly ýol geçdi we häzirki wagtda täze, uly üstünlikleriň bosagasynda durýar.

Türkmen döwletiniň Garaşsyzlyk gazanmagy bilen halkymyzyň aýdym – saz sungatynyň gülläp ösmegi üçin giň mimkinçilikler açyldy. Tükmen döwletimiziň Garaşsyzlyk eýýamyny wasp edýän ençeme aýdymlar döredildi, sazlar ýazyldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýdym - saz sungatyna, döredijilik işgärlerine goýýan sarpasy örän ýokary. Bu bolsa ençeme zehinleriň döredijilik bilen meşgullanmagyna, ýurdumyzyň ýeten beýik sepgitlerini wasp edýän aýdym- saz eserlerini döretmegine giň ýol açýar.

## § 2. Türkmenistanyň ýerlerindäki irki siwilizasiýalar.

**Jeýtun medeniýeti.** Neolit ýa-da täze daş asyry diýlip atlandyrylýan döwür Türkmenistanda 8-9-nji müň ýyl mundan ozal bolupdyr. Daş asyrynyň iň soňky etaby bolan döwrüň häsiýetli alamatlary, oturymly ekerançylyk we maldarçylygyň ýüze çykmagydyr.

Türkmenistanyň günorta etraplarynyň ýeri neolit zamanynyň siwilizasiýasy „Jeýtun medeniýeti“ diýen at bilen taryha giripdir. Bu at şol zamanyň ýadygärligi bolan Jeýtun obasynyň ady bilen baglanyşykly bolupdyr.

Jeýtun obasy Aşgabat şäherinden 30 km. demirgazykda ýerleşýär. Bu ýadygärlik W. M. Masson tarapyndan uzak ýyllaryň dowamynda öwrenilmek bilen, onuň iň gadymy ekerançylyk obasydygy belli edildi. Köpetdagdan syrygyp gaýdýan suw ulgamlary ýa-da çeşmeler Garagum çägeligine ýetip siňýän eken, emma heniz ýeriň yzgary gitmänkä adamlar ýere tohum taşlapdyrlar. Şeýlelikde, biziň ýurdumyzda däne ekinleriniň esasyny goýan jeýtunlylar bolupdyrlar. Jeýtunlylaryň oturymly ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolan döwründe dünýäniň köp böleginde adamlar ýabany ösümlikleri ýygnamak, aw awlamak bilen meşgul bolupdyrlar. Zähmet gurallary öňki döwürlerdäki ýaly daşdan bolmagyna galsa-da, olar has kämilleşipdir. Süňkden we daşdan ýasalan gurallar ýylmanypdyr. Çakmak daşlaryny deşäp, agaja ýa-da gamşa geýdirip, orak ýasapdyrlar. Oturymly ekerançylyk ilatyň könelmegine getirýär. Alymlaryň hasaplamagyna görä Jeýtunda düzümi 5-6 adamdan ybarat 35-40 maşgala hojalygy ýaşap, onuň jemi ilaty 200-240 adam töwerekleri bolupdyr. Her bir maşgalanyň hojalyk gap-gaçlary, bezeg-şaýlary maşgala degişli jaýlarda saklanypdyr, emma iýmit süýşürintgileri, däne we ş.m. aýry-aýry maşgalanyň hususy jaýynda däl-de, oba üçin umumy bolan jaýlarda ýerleşdirilipdir. Bu bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň enelik urugyna degişlidir.

Jeýtundaky ilatyň ýaşaýyş jaýlary palçykdan bolup, onuň esasy bir giň otagdan ybarat bolupdyr. Jaýlar biri-birine meňzeş we inedördül görnüşde salnypdyr. Gapylary darajyk bolup, olar haýwanlaryň derileri bilen ýapylypdyr. Ýaşaýyş jaýynyň bir uguryndan ullakan inedördül ojak, gap-gaçlar üçin aýmança bolupdyr. Jaýyň diwarynda bolsa kiçeňräk tekjejikler bolup, onda bezeg şaý-seplerini goýupdyrlar. Ýaşaýyş jaýlaryň gapdalynda hojalyk jaýlary hem ýerleşipdir.

Gyzylarbat bilen Mäne - Çäçe oazisi aralygynda Jeýtun medeniýetine degişli Çopandepe, Togolakdepe (Gökdepe töweregi), Bamy (Baharly ýerleri), Çagylly we Monjukly depe (Kaka sebitleri) ýaly ençeme obalaryň barlygy anyklanyldy. Ekerançylyk bilen bir hatarda hojalygyň maldarçylyk pudagy hem öz

ornuny tutyp başlaýar. Jeýtunda eldeki edilen geçiniň süňki tapyldy, emma et iýmiti, esasan, ýabany geçileriň, goýunlaryň, keýikleriň we ş.m. hasabynda bolupdyr. Jeýtun medeniýetiniň ahyrlarynda hojalykda eldeki haýwanlaryň agalyk edip başlanandygy, şol sanda, iri şahly mallaryň hem bolýandygy baradaky arheologiki maglumatlar tapyldy.

**Altyndepe Merkezi Aziýada iň gadymy şäher döwletidir.** B. e. ö. III müňýyllykda (ortalarynda) günorta Türkmenistanyň oturymly ýerleriniň arasynda (Kaka etrap Mäne oba) ýüze çykypdyr. Altyndepede goranyş berkitmesi, ybadathana, ýaşaýyş jaýlary, hünärmençilik we başgada birnäçe desgalar gurulýar. Şäheriň iň gülläp ösen döwründe onuň bäş müňe golaý ilaty bolupdyr. Altyndepeden tapylan köp sanly bürünç we kümüş möhürler, daş we bürünç gaplar senetçiligiň we hünärmençiligiň ösen derejesini görkezýär. Bu ýerden tapylan Mesepotamiýa ybadathanalaryna meňzeş düýpli desgalar, Hindistandan getirilen pil süňkleri, toýundan ýasalan aýal heýkelleri Türkmenistanyň ýerinde iň gadymy siwilizasiýalaryň bolandygyny tassyklaýar. Altyndepäniň oba ilaty ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Ol ýerde arpa, bugdaý, bakja önümleri ekilipdir.

Hünärmenler metaly gyzdyryp ýençmek, kebşirlemek, eredip guýmak usullaryny bilipdirler. Bu ýerde metaly bejermegiň kämilleşmegi, ekerançylygyň giňelmegine ýardam berýär. Hususy eýeçilik ýüze çykýar, artykmaç önümler aýratyn adamlaryň elinde jemlenip başlanypdyr. Şäherde senetçiler metaldan we gymmat bahaly daşlardan, şirmaýydan ( piliň süňkünden) hususy möhürleri, şaý-sepleri ýasapdyrlar, metaldan päki, pyçak, palta, teşe, temen, biz, byçgy ýaly hojalky gurallaryny ýasapdyrlar. Gurluşyk binalarynyň hemmesi gönüburç çig kerpiçden salnypdyr. Beýikligi 12 metre ýetýän basgançakly minara gurlupdyr. Ýaşaýyş jaýlary çig kerpiçden 1,5-2 metr çenli bolupdyr. Derwezäniň umumy giňligi 15 metr. Bu arheologiki maglumatlar Altyndepäniň öz döwründe gülläp ösen kuwwatly şäher döwleti bolandygynyň şaýadydyr. Şäheriň umumy meýdany 45 gektara deň.

Altyndepeden tapylan ybadathanalar şäheriň möhüm düzüm böleginiň biri bolup, ol ýerden çyzykly, belgili heýkelleriň 100-den gowragy tapyldy. Şeýle hem, altyndan ýasalan öküz we möjek şekilleri gadymy gündogar ýurdy bilen Mesepotamiýa bilen medeni gatnaşyklaryň bolandygyna güwä geçýär. Öküz aý Hudaýynyň şekilini aňladypdyr. Köp şuglaly ýyldyz asman Hudaýyny, akar suwunyň şekili suw Hudaýy aňladýan bolmagy mümkin.

**Türkmenistanda irki siwilizasiýalaryň biri-de Marguş döwletidir.** Türkmeniň topragynda emele gelen medeniýetleriň taryhy bäş müň ýyla uzaýar. Bu ýerde zähmet gurallary, hojalyk esbaplary, daşdan, süňkden, keramikadan, bürünçden, demirden, kümüşden hem-de altyndan ýasalan sungat eserleri saklanyp galypdyr. Marguş „Dünýä siwilizasiýasynyň bäşinji merkezi“ hasaplanylýar. Marguş ady barada ilkinji maglumatlary 2-2,5 müň ýyldan gowrak mundan ozal Dariý I meşhur Bisutin (Behustun) gaýasynda ýazdyrypdyr. „Marguş ýurdy pitneçi bolup çykdy“ diýen ýazgysy Margiana ýurdunyň gadymylygyndan habar berýär.

Murgap derýasy öz gözbaşyny Owganystandaky Paropamiz daglaryndan alyp gaýdýar. Onuň Garagumyň ürgün çägelerine siňip gidýän köp sanly akabalary bar.Ýer şarynyň beýleki köp sanly derýalary ýaly Murgabyň hanasy hem kem-kemden günbatardan gündogara süýşýär.

1972-nji ýylda Murgabyň gadymy akabasynyň ugrunda Goňurdepede ägirt uly köşgüň we ybadathananyň ýeri açylýar. Ondan alnan maglumatlar bu ülkäniň dünýäde ilkinji uly din bolan otparazlygyň watanydygyny, şäheriň bolsa paýtagt şäher bolandgyny subut etdiler. Goňurdepeden tapylan tapyndylar we täze açyşlar dünýä alymlarynyň Mesopatamiýa, Müsür, Hindistan we Hytaý bilen bir hatarda Margianany gadymy Gündogar siwilizasiýasynyň bäşinji ojagy diýip, ykrar etmeklige esas berýär.

Marguş ýurdundaky iň uly şäher paýtagt Goňurdepe - Murgap derýasynyň ýakasyndaky obada esaslandyrylypdyr. Marguş döwletiniň halkara söwda gatnaşyklary Mesepotamiýa, Siriýa, Anadoly ýaly ýurtlar bilen bolupdyr. Marguş sungatyň we senetçiligiň ýurdy bolupdyr. Demir eretmegi, ony sozmagy başarypdyrlar, misden, bürünçden, altyndan sünnälenen möhürleri, şaý-sepleri ýasapdyrlar. Gadymy marguşlylar küýzegärçilik senedini kämil ele alypdyrlar. Demirçiler misden, bürünçden, zegärler bolsa kümüşden, altyndan önüm ýasamagyň usullaryny ussatlyk bilen başarypdyrlar. Altyn monjukdan üç sany kiçijek ýylanyň kellesiniň salnyp duran şekili Margianada sungatyň ýokary derejä ýetendigine şaýatlyk edýär. Bu ýere Baktriýanyň üsti bilen Badahşandan bezeg üçin daşlar getirilýär. Olar gyzyl hakyk daşyny, gök lazurit, mawy pöwrize ýaly daşlary işläp, bezeg daşlaryny ýasapdyrlar. Goňur depäniň ybadathanasy tutuş ýurduň dini merkezi hasaplanylýar. Esasy dini butparazlyk bolýar. Misden, bürünçden ýasalan möhürler häkimiýetiň we şahsy eýeçiligiň nyşany bolup, olarda bürgütleriň, aždarhalaryň, guşlaryň şekilini çekmek bilen olary adamzadyň özüniň penakäri hasaplapdyrlar. Marguşyň gadymy sungat ýadygärlikleri, olaryň ösen medeniýetiniň bolandygyna şaýatlyk edýär.

**Marguş siwilizasiýasy Zaraostrizm dininiň mekany**

Soňky ýyllarda Marguşda geçirlen arheologiki gazuw-barlag işleriniň netijesinde onuň öz döwründe dünýä dinleriniň biri bolan otparazçylygyň watanydygyna öwrenilen gadymy ybadathanalaryň galyndylary şaýatlyk edýändir. Marguşdan öwrenilen arheologiki tapyndylaryň arasynda gadymy hojalykda atlaryň uly orun tutandygy hem mälim boldy. Gadymy Goňuryň demirgazyk toplumyndan alty sany atyň galyndy süňkleriniň tapylmagy şol jemgyýetiň durmuşynda at diňe bir hojalykda ýa-da harby söweşlerde peýdalanylman atlaryň käbir görnüşlerine çokunandyklaryna hem güwä geçmek bolar. Şol alty sany atyň kelleleriniň biriniň Goňur galasyndaky adam gonamçylygyndan tapylmagy onuň mukaddes bolandygynyň bir alamatydyr. Ikinji bir tarapdan, demirgazyk Goňur galasyndaky jaý toplumlarynyň arasynda mukaddes hasaplanýan haýwanlaryň arasynda atyň hem bolandygyny alym antropologlar anyk kesgitleýärler. Has takygy atyň süňkleriniň Şa gonamçylygyndan tapylmagy tötänleýin däl-de onuň

durmuşda mukaddes hasaplanandygyna şaýatlyk edýär, çünki şol zamanda durmuşda iň gowy görülýän haýwanlardan hudaý ýoly edipdirler.

Gadymy Margianadan soňky ýyllaryň dowamynda dört sany dini ybadathananyň üsti açylyp, dördüsi hem doly öwrenildi. Ybadathanalaryň ýerleşişi Gadymy Goňur galasynyň demirgazygynda ot ybadathanasy, Goňuryň merkezindäki mukaddes meýdança, ony ylmy işlerde Goňuryň temenosy diýip atlandyrýarlar. Has takygy obanyň merkezindäki sadaka berilýän meýdança, üçünjisi Togalak I we Togalak 21 galalary. Demirgazyk Goňur galasyndan öwrenilen dini ymaratlaryň galyndylary diňe bir Türkmenistanyň ýerindäki täzelikler bolman, Merkezi Aziýa boýunça uly ylmy açyşlaryň biridir. Otparazlar dini boýunça adamlaryň köplenç ýagdaýda açyk meýdanda ýa-da meýdançada çokunandyklaryna arheologiki ýadygärliklerden bilip bolýar. Emma Marguşdan öwrenilen dini ybadathanalaryň merkezinde ot ýanan tegelek (Altar) ojagyň bolmagy taryhyň has irki zamanlaryny ýatladýar, has takygy, b. e. öňki III-II müňýyllyklarda oda çokunmaklyk jaylaryň içinde bolanlygy taryhy täzelikdir.

Margiananyň ybadathanalaryndan öwrenilen arheologiki tapyndylaryň arasynda ýokary ussatlyk bilen sünnälenip mermer daşyndan ýasalan öküziň kellesi aýratyn ähmiýete eýe bolandyr. Öküziň kellesiniň arka tarapy örän sypaýy ýasalypdyr. Öküz kellesi hasa bolup hem hyzmat edipdir, ol hasa taýagynyň ujuna oturdylypdyr. Zoroastrizm dininiň ybadathana ymaratlaryna mahsus bolan daş-töweregi gorag diwary bilen gurşalan jaý toplumlary Margiananyň çäklerinde giňden duş gelýär. Bu görnüşdäki jaýlar binagärçileriň çaklamalaryna görä, belli bir dini däp-dessurlar berjaý edilen ybadathanalardyr. Şeýle ölçegli ymaratlaryň galyndylaryny Margiananyň Togalak I we Togalak 2, Goňur 1 köşkler toplumynyň dini ymaratlar böleginde saklamak bolýar. Soňky taryhy döwürleriň zoroastrizm ybadathanalaryndaky şu meňzeş ölçegde gurlan ymaratlar töweregi goranýş diwary bilen gurşalan toplumlary özara baglanyşygy duýmaga we görmäge mumkinçilik berýär. Bu bolsa binagärçilik usullarynyň, ýörelgeleriniň dowamly täsirleriniň bolandygyny tassyklaýar. Bu ýagdaý belli alym, gündogary öwreniji W.W. Struwe tarapyndan lingiwistik maglumatlara esaslanyp aýdylan gadymy Margiana Zoroastrizmiň dörän ýeridir diýen pikiriň hakykata ýakynlygyna goşmaça ýene bir delil bolup hyzmat edýär. Bu alym W.W. Struweniň pikirini, W. I. Sarianidi täze arheologiki maglumatlar bilen has hem berkitdi. Gadymy Margiananyň dini däp-dessurlara degişli ymaratlarynyň gönüden-göni Zoroastrizm dini bilen baglanyşyklydygyny anyk kesgitledi. Bu özara ýakynlygy Ahameniler döwrüniň we ondan soňraky antiki döwrüň zoroastrizm dini däp-dessurlarynyň we ybadathanalarynyň meňzeş alamatlaryndan görmek bolýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ,,Medeni mirasyny aýawly saklamak biziň taryhy borjumyzdyr we döwlet zerurlygydyr'' atly çykyşynyň uly taryhy ähmiýeti bar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda taryhy, medeni ýadygärlikleri dikeltmek we gorap saklamak barada ähmiýetli işler edildi. Türkmen topragynda şeýle ýadygärlikleriň 1500-den gowragy bar. 1994-nji ýylda Türkmenistanyň taryhy we medeni

ýadygärliklerini goramak, öwrenme we täzeden dikeltmek baradaky milli müdirlik döredilýär. Gadymy Merwiň, Gürgenjiň, Nusaýyň, Atamyrat (ozalky Kerki) şäheriniň, Sarahsyň, Dehistanyň, Abywerdiň, Gökdepe galasynyň ýadygärlikleri döwlet taryhy medeniýet goraghanalary diýlip, yglan edildi. Köneürgençdäki Il Arslan kümmetini, 360 piriň ýadygärlik toplumyny, Atamyrat şäherindäki Alamberdaryň kümmetini, Merwdäki Soltan Sanjaryň kümmetini, Hoja Ýusup baba metjidini, Kaka etrabyndaky Mäne babanyň kümmetini we ençeme beýleki ýadygärlikleri ahyrky görnüşinde dikeltmek işleri tamamlandy.

1999-njy ýylda Merwiň, 2005-nji ýylda Köneürgenjiň, 2007-nji ýylda Nusaýyň taryhy ýädygärlikleri BMG-nyň bilim, ylym we medeniýet baradaky edarasy ÝUNESKO-nyň bütündünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Bu bolsa diýarymyzdaky taryhy-medeni ýadygärlikleriň bütindünýä ähmiýetiniň halkara möçberinde ykrar edilmegidir.

## II bap. Gadymy Gündogararyň syýasy- jemgyýetçilik özgertmeleri.

*...Aziýa kiçijik Ýewropa bilen deňeşdirilende öz giňişliginiň örän uly ägirtligi bilen çykyş edýär. Ol hemme taraplaýyn gurşalyp alnan esas bolmak bilen, ähli adamlaryň gelip çykan ýeridir .* ***K.Ýaspers.***

### §1. Ilkidurmuş jemagatyndan siwilizasiýa tarap.

Takmynan b. e. öňki III-II müňýyllyklarda adamzadyň bir bölegi ägirt uly böküş edip, ilkidurmuş jemagatyndan siwilizasiýa geçdi. Ilkidurmuş jemagaty bilen uzak wagtyň dowamynda köp gatnaşyklaryň saklanandygyna garamazdan, hil taýdan ýokary dünýä kemala gelip başlaýar. Siwilizasiýa geçmeklik elbetde, kem-kemden b. e. öňki IV-III müňýyllyklarynda başlanýar. Oňa garamazdan, ilkidurmuş jemagatyndan siwilizasiýanyň aýyrýan araçäkleri ýeterlik derejede kesgitlenildi.

*„Taryh adamy öz mümkinçilikleriniň çäginden çykmaga çalyşýan jandara öwürdi.” Häzirki zaman nemes filosofy K.Ýaspers.*

Siwilizasiýa ýoluna düşen jemagatlarda hünärmentçilik oba hojalygyndan bölünip aýrylypdyr. Şol döwrüň ägirt *uly suwaryş desgalarynyň gurulmagy* oba hojalygynda önümçiliginiň ýokarlanmagyna sebäp bolýar. Jemgyýetiň düzümi çylşyrymlaşýar: onda hünärmentlik sypatlary, maddy ýagdaýy, *hukuk we aýratyn ýagdaýynyň derejesi* boýunça biri-birinden tapawutlanýan dürli sosial gatlaklar emele gelýär.

Jemgyýeti dolandyrmak we tabynlykda saklamak ulgamy bolan döwlet döreýär. Hat-ýazuwyň döremegi adamlara kanunlary berkidip, ylmy we dini ideýalary döredip, geljekki nesillere galdyrmaga mümkinçilik berýär.

Ilatlaşan aýratyn görnüşli posýoloklar-şäherler emele gelip, olar kem-käsleýin oba hojalyk işlerinden azat bolýarlar. Hojalykda ulanmagy ýa-da hojalyk maksady üçin niýetlenmedik ýadygärlik jaýlary (piramadilar, ybadathanalar) gurlup başlanýar. Adamzat taryhynyň başynda emele gelen gadymy siwilizasiýany alymlar birinji siwilizasiýa hökmünde baha berýärler. Şeýle atlandyrylmagy, onuň ilkidurmuş jemagatyndan ösüp çykanlygyny tassyklaýar.

Oňa önümlerinden peýdalanar ýaly, siwilizasiýanyň däp-dessurlyklary mahsus däldi. Galyberse-de, gadymy siwilizasiýalar ilkidurmuş hojalygy ýeňip geçip, zerur zatlary döretmelidi. Ýöne ilkidurmuş hojalygyny alamatlary düýbünden ýok bolup gitmeýär we az-da – kän-de adamlaryň aňynda we jemgyýetiň ýaşaýşynda saklanyp galypdy. Bu bolsa gadymy dünýä siwilizasiýalarynyň möhüm aýratynlygydyr. Eýýäm b. e. öňki III müňýyllykda siwilizasiýalaryň ojaklary Müsürde Nil derýasynyň jülgelerinde we Mesopotamiýada Tigr we Ýewfrat derýalarynyň aralarynda emele gelýär. Ol ýerde Müsür we Wawilion siwilizasiýalarynyň esaslary döreýär. Birnäçe wagtdan soňra b. e. öň III-II müňýyllykda Hind we Gang derýalarynyň jülgelerinde hindi siwilizasiýasy, II müň ýyllykda Huanhe we Ýanszy derýalarynyň jülgelerinde

hytaý siwilizasiýasy döreýär. Takmynan, şu döwürde Kiçi Aziýada hettleriň siwilizasiýasy, Alynky Aziýada Finikiýa, Palestinada gadymy siwilizasialary döräp başlaýar. B. e. öňki III-II müňýyllygyň sebitlerinde Balkan ýarym adasynynyň günortasynda gadymy grek siwilizasiýasynyň döremegine esas bolan Krit-Miken siwilizasiýasy esaslandyrylýar.

B. e. öňki I müňýyllykda gadymy siwilizasiýalaryň sanawy artýar. Zakawkazyýänyň territoriýasynda Urartu siwilizasiýasy, Eýranda ägirt uly parslaryň siwilizasiýasy, Italiýada rim siwilizasiýalary döreýär. Siwilizasiýalaryň çäkleri diňe bir Köne Dünýäni däl, eýsem Amerikany, onuň merkezi bölegini (Mezoamerikany) hem öz içine alýar. Bu ýerlerde maýýalaryň, astekleriň, inkleriň siwilizasiýalary döräp başlaýar. Ýöne bu ýerde ösüş diňe biziň döwrümiziň sepgitlerinde başlanýar.

**Siwilizasiýa we tebigat.** Alymlar ähli siwilizasiýalaryň aýratyn howa şertlerinde dörändiklerine bir eýýämden bäri üns berýärler. Onuň çäkleine tropiki, subtropiki esasan hem, oňaýly howa şertli territoriýalar degişli. Bu bolsa ýyllyk ortaça gyzgynlygyň 20 derejä deňligini aňladýar. Howa şertleriniň has özgerip, aratapawut edýän ýeri Hytaýyň demirgazyk sebitlerinde gyşyna gar ýagypdyr. Diňe birnäçe müňýyllykdan soň siwilizasiýanyň çägi tebigaty gazaply bolan demirgazyga hem ýaýraýar.

Siwilizasiýalaryň döremegi üçin amatly howa şertleriniň gerekligi hakynda netije çykarmak bolarmy? Elbetde, iň gadymy döwürde kämil zähmet gurallary bolmadyk adamlar daşky gurşawa has güýçli derejede garaşly bolup, ösüşi haýalladýan uly päsgelçiliklere gabat gelýärler. Ýöne siwilizasiýalaryň kemala gelmegi amatly şertlerde bolup geçmeýärdi. Gaýtam tersine, ol gazaply synaglara duçar bolup, adaty ýaşaýyş usuluny üýtgedýärdi. Tebigatyň „çagyrşyna” ýerlikli jogap bermek üçin adamlara täze çözgütleri gözlemek, özlerini we tebigaty kämilleşdirmek zerur bolupdyr.

Gadymy dünýäniň köp siwilizasiýalary derýa jülgelerinde emele geldiler. Mysal üçin, Tigr we Ýewfrat, Nil, Hind, Gang, Ýanszy, Huanhe we başgalar. Derýalar olaryň durmuşynda ägirt uly orny eýeländikleri üçin, bu siwilizasiýalary derýalyk diýip, atlandyrýarlar. Hakykatdan hem, onuň deltasy-aşaky akymy hasylly toprak ekrançylygyň ösmegine ýardam edýär. Derýalar ýurduň dürli sebitlerini birleşdirip, onuň içerisinde we goňşulary bilen söwda etmek üçin mümkinçilik döredýär.Ýöne bu artykmaçlyklary ulanmaklyk aňsat düşmändir. Derýalaryň aşaklary batgalaşyp, ondan uzaklary gyzgyn jöwzadan gatap, ýarym çöllüklere öwrülipdir. Ondan başga-da derýalaryň akabalary ýygy-ýygydan üýtgäp, ekin meýdanlary, ekilen ekinleri ýeňillik bilen ýok edipdir. Batgalyklary guratmak, bütin ýurdy üpjün etmek üçin kanallary çekmeklik köp nesilleriň janypkeş zähmetini talap edipdir.

Suw joşgunlaryna garşy durmagy başarmalydy. Netijede çekilen azaplar öz miwelerini berýär. Hasyllylyk ýokarlanyp, alymlar suwarymly ekerançylyga geçmekligi agrar öwrülişik diýip atlandyrýarlar.

*„Derýalar - bu adamlaryň iň beýik terbiýeçileridirler”. 19 asyr rus alymy L. I. Meçnikow.*

Lew Iliç Meçnikow (1838-1888) rus geografy we statisti geografiki gurşawyň adama we jemgyýete edýän täsirini öwrenmeklige uly goşant goşýar. Alym siwilizasiýalaryň özboluşly aýratynlygynyň geografiki şertlerde kemala gelýändigi hakyndaky netijäni öňe sürýär. Özleşdirilýän ýeriň merkezinde elmydama ekleýji derýa bolmak bilen, ilaty ähli tagallalaryny umumy işiň bähbidine birleşdirmäge, duşmançylykly toparlary raýdaşlyk etmäge mežbur edýär. Bu adamlaryň birleşmegine, siwilizasiýalaryň döremegine esas berýär. Meçnikow Müsüriň, Mesopotamiýanyň, Hindistanyň we Hytaýyň gadymy siwilizasiýalaryny garaşly bileleşikleriň döwrüne degişli edýär. Ol Nil, Tigr we Ýewfrat, Hind we Gang,Ýanszy we Huanhe ýaly beýik taryhy derýalary özleşdirmekligiň, siwilizasiýalaryň ortaýer deňizlerine tarap süýşmeginiň esasynda jemgyýetde erkinligiň ösmegi bilen utgaşýandygyny belleýär. Ol Ortaýer deňizleriniň özleşdirilmegi meýletin we erkin bileleşiklere mahsusdygyny tassyklaýar.

1889-njy ýylda Meçnikow aradan çykandan soň, Parižde onuň „Siwilizasiýa we beýik taryhy derýalar” diýen işi neşir edilýär. Ol bu işinde tebigy gurşawyň adama we jemgyýete täsirini:

a) astranomiki täsire (ýa-da Ýeriň Güne astranomiki gatnaşygyna, başgaça aýdylanda, Ýer Gün sistemasynyň bir bölegi hökmünde);

b) fiziki-geografiki gurşawyň täsirine (ýer gurşawynyň, suw gurşawynyň we howa gurşawynyň özara gatnaşygy);

ç) ösümlik we haýwanat dünýäsiniň täsiri - antropologiki şertlere bölýär

Meçnikowyň kesgitlemegine görä, ähli dört gadymy siwilizasiýalar beýik derýalar bilen baglanyşykda döräp ösýärler: müsür –Nil derýasynyň jülgelerinde, Wawilon Tigr we Ýewfrat derýa aralygynda Alynky Aziýada, hindi – Hind we Gang derýalarynyň jülgelerinde, Hytaý - Ýanszy we Huanhe derýalarynyň jülgelerinde emele geldi diýip belleýär. Meçnikow ilkinji siwilizasiýanyň ojagyny Afrika, (gadymy grek taryhçylary Müsüri Aziýanyň bir düzümi hökmünde garapdyrlar) beýleki siwilizasiýalaryň mesgenini bolsa Aziýa hasaplaýar.

Bu siwilizasiýalar öz ösüşinde üç döwri geçýär: derýalyk (Gadymy asyrlarda), ortaýer deňizçilik (Orta asyrlarda) we ummançyly ýa-da halkara (Täze döwürde). Meçnikowyň pikirine görä, gidrologiki ulgam gadymy dört beýik siwilizasiýalaryň medeniýetiniň her biriniň dörän ýeri bolup hyzmat edýär.

L.I. Meçnikow geljekki global prosesler babatynda hem ajaýyp öňdengörüjilikli açyş edýär. Geljekde adamzadyň heläk bolmakdan ýa-da raýdaşlykdan başga ýolunyň ýokdugy barada netije çykarýar: „Eger olar heläk bolmak islemeseler, onda adamlaryň biri-birleri bilen raýdaş bolmaklygy we daş-töwerekdäki fiziki-geografiki gurşawyň oňaýsyz şertlerine umumy köpçülikleýin zähmet çekmek arkaly göreşmekligi zerurdyr. Progresiň beýik kanuny we adamzat siwilizasiýasynyň üstünlikli ösüşiniň girewi şu zatlarda jemlenendir.”

Şeýlelikde, L. I. Meçnikow baryp XIX asyryň 80-nji ýyllarynda adamzat

jemgyýetiniň globallaşmagy baradaky progresiň möhüm kanunyny esaslandyrýar.

( L.I.Meçnikow „Siwilizasiýa we beýik taryhy derýalar.” 324-sah.,335-sah.)

*Çagyryş we jogap” taglymatyny belli iňlis taryhçysy Arnold Jeýms Toýnbi (1889-1975) esaslandyrýar. Tebigy gurşaw özüniň ýaşaýşyna esaslanyp, adamlara „garşylyk” görkezýar, olar tebigy gurşaw döredip, tebigat bilen göreşip, oňa uýgunlaşmaly.*

Elbetde, ähli gadymy siwilizasiýalar derýa siwilizasiýalarydy, olaryň her birisi ýer üsti we howa şertleri bilen baglanyşykly kynçylyklara sezewar bolýar.

„Garşylyk ösüşe iterýär, çenden aşa amatly şertler, düzgün bolşy ýaly tebigata gaýdyp gelmeklige mümknçiligi artdyrýar, ähli ösüşi togtadýar. diýip, Toýnbi belleýär.

Şeýle aýratyn geografiki ýagdaýda Finikiýa, Gresiýa, Rim ýaly deňizýaka siwilizasiýalar ösýärler. Ekrançylygy ösdürmek üçin bu ýerde beýleki siwilizasiýalardan tapawutlylykda suwaryş desgalarynyň gurmagynyň zerurlygy ýokdy. Ýöne olaryň ýarym adalyk ýagdaýy tebigatyň „çagyryşlarynyň” ýene biri bolup durýardy. Oňa jogap edip, deňiz döwletleriniň durmuşynda möhüm orny eýeleýän nawigasiýanyň döremegi sebäp bolýar.

*Şeýlelikde, gadymy siwilizasiýalar köpdürli tebigy şertlerine garamazdan, siwilizasiýa prosesi ähli ýerde tebigy gurşawy özleşdirmeklik we üýtgetmek bilen baglanyşykda bolup geçýär.*

Gadymy dünýä siwilizasiýalary köp sanly umumy häsiýetlere eýedir. Adamzadyň bu ösüş etaby biziň bilşimiz ýaly, geljekki döwürde düýpli tapawutlanýar. Eýýam şol wagtlarda iki uly sebit - Gündogar we Günbatar tapawutlanyp, olarda siwilizasiýalaryň aýratynlygy kemala gelip, olaryň ykbalyny gadymyýetde, orta asyrlar döwründe, täze döwürde-de kesgitleýär. Şonuň üçin, Gadymy Gündogar siwilizasiýalaryny we Ortaýer deňiz siwilizasiýalarynyň weýran bolup, onuň esasyndan emele gelen - Ýewropa siwilizasiýalaryny aýratynlykda öwrenýäris.

## § 2. Gündogar döwletleri – despotiýalar

Gündogarda ilkidurmyuş jemagatyndan siwilizasiýa geçmeklik suwarymly ekerançylygyň ösmegi bilen utgaşýardy. Suwaryş ulgamyny döretmeklik köp sanly adamlaryň köpçülikleýin zähmetini gurnamagy, şeýle hem, bütin ýurduň tagallalaryny jemlemegi talap edýärdi. Kanallary düzgün- tertipde saklamak işi hem ýeňil däldi. Bu işleri ýerine ýetirmek üçin berk guramaçylyk, güýçli merkezleşdirilen häkimiýet gerekdi. Netijede, ähli gündogar siwilizasiýlarda döwletiň aýratyn görnüşi-despotiýa ýüze çykýar.

*„Despotiýa”- grekçeden terjime edilende çäklendirilmedik ýeke-täk patyşa häkimiýeti diýen, manyny berýär.*

Dürli siwilizasiýalarda onuň käbir aýratynlygy bolandyr.Ýöne onuň düýp manysy umumy bolupdyr. Döwletiň başynda ähli häkimiýeti öz elinde jemlän

hökümdar durup, ol ähli ýerleriň eýesi hasaplanýar. Şeýle häkimiýet administratiw ulgamynyň hasabyna ýerine ýetirilipdir, başgaça, emeldarlaryň dolandyryş ulgamy bütin ýurdy öz içine alýar. Emeldarlar diňe bir ilatdan salgyt ýygnamak bilen çäklenmän, eýsem bilelikde oba hojalyk we gurlyuşyk işlerini ýola goýupdyrlar, kanallaryň işine gözegçilik edýärler, harby ýörişler üçin nökerler ýygnapdyrlar, kazyýet işlerine seredipdirler.

Şeýle döwlet gurluşy örän berk bolup, uzak wagtlap dowam edýär, hatda imperiýalar böleklere darganda-da, onuň esasynda despotiýalar emele gelýär.

Şeýlelikde, patyşalar despotiki döwletlerde düýbinden çäklendirilmedik ýagdaýda bolupdyrlar. Patyşa döwlet ýerleriniň ýeke-täk eýesi hasaplanýar. Uruş wagtynda goşuna baştutanlyk edýär, kazyýetde iň ýokary derejede bolup, ähli salgytlar onuň gaznasyna gelýär, suwaryş desgalarynda işleri ýola goýýar, ähli syrlary bilýän ýokary ruhany hasaplanýar.

Despotiýalaryň endigan ösüşi onuň hudaýlyk şekiliniň hasabyna saklanýar. Mysal üçin, Müsürde faraon iki topragyň hökümdary hasaplanýar. Başgaça aýdylanda, günorta we demirgazyk Müsüriň, şeýle hem älemiň hökümdary, hudaý Haronyň janlandyrylan şekili, ahyrynda Faraon, günüň ady bilen atlandyrylýar. Oňa hudaý Ra diýilýär. Onuň köşgi ybadathana hasaplanýar. Onuň adyny tutmak gadagan edilýär. Sebäbi ol aýratyn jadylaýjy güýje eýe bolup, ony ýerliksiz ulanmak gadagan edilýär.

Hytaýda imperatory Ýokary hudaýlygyň - Asmanyň ogly diýlip atlandyrylýar. Gadymy hindi kitaby bolan Wedalarda patyşanyň hudaýyň bedeniniň dürli böleklerinden döredilendigi ýazylýar. *„ Şonuň üçin ähli döredilen jandarlary uly aýratynlyk bilen ýeňip geçýär... Gün ýaly ýürekleri we gözleri ýakýar, ýerde hiç kim oňa seredip bilmeýär. Özüniň (adatdan daşary) güýçleri bilen ol ot we ýel, ol gün we aý, ol hakykatyň hökümdary.”*

Bu ähli gaba derejeleriň we köpdürli öwüşginliginiň kömegi bilen patyşa öz halkynyň üstünden beýikde durýar. Sözüň göni manysynda gadymy adamlar üçin patyşa adam keşbindäki hudaý bolupdyr. Şeýle ynam ilkidurmuş jemagaty döwründen ýüze çykýar. Syrly dessurlar arkaly daýhanyň serdary, ol ruhany - döredijiniň ornuny eýelemek bilen bidüzgünçilikden tertip-düzgün döredýär. Hut ilkidurmuş jemagatynda bolşy ýaly, gadymy siwilizasiýalarda patyşalar, serdarlar ayratyn jadyly güýçlere eýe bolup, oňa halkyň abadanlygy bagly bolup durýar. Onuň güýji häkimiýeti golastyndakylara patyşa ölenden soň o dünýäde-de täsir edip bilýär. Şonuň üçin, patyşalar ölenden soň, ony jaýlamagyň däp- dessurlaryna uly üns berýärler. Müsürde ägirt uly piramidalar gurlanda, onuň täze öýüniň oňat gurnalmagynyň aladasyny edipdirler. Sebäbi ýurduň gülläp ösmegi „Beýik Hudaýyň” abadanlygyna bagly bolup durýar.

Bu gadymy dünýägaraýyş geçmişe örän haýal gidýärdi. Patyşanyň hudaýlygy hakyndaky pikir gysylyp çykarylypdyr (eýýäm b. e. öň I asyr Hytaýda ýaramsyz patyşalary çalyşmaklyk pikiri peýda bolýar), ýöne patyşa häkimiýetiniň keramatlylygy hakyndaky ynam uzak wagtlap saklanyp galypdyr.

**Jemgyýetiň gurluşy:** Ilkidurmuş jemagatyndan tapawutlylykda gadymy

siwilizasiýalaryň jemgyýeti dürli sosial gatlaklardan düzülipdir. Bu bir tarapdan, ýörite dolandyryş ulgamyny talap edýän döwletiň döremegi bilen baglanyşykly. Başga bir tarapdan, siwilizasiýaly jemgyýetde hünäri, ýerine ýetiriliş aýratynlyklary, emläk taýdan deňsizlik artýar. Eýýäm gadymyýetde we birneme soňrak has bütewi we köp ugurlary bolan çylşyrymly jemgyýetçilik durmuşy döräp başlaýar.

Gündogar jemgyýetleriniň aýratynlygy bu berk iýerarhiýalylyk bolupdyr. Her bir sosial gatlak öz kesgitlenen ýerini eýeläp, biri-birilerinden özleriniň sosial aýratynlygy, borçlary, hukuklary, ähmiýetliligi bilen tapawutlanýarlar.

*Egin - eşik derejä bagly, baýlygy ulanmak derejäň ähmiýeti laýyk gelýän sylag-hormatyň ölçegine bagly. Özüniň nähili paýhaslydygyna garamazdan, adam öz derejesine laýyk gelmeýän egin-eşik geýmäge, nähili derejede baýlygyna garamazdan, oňa mynasyp däl aýratynlyklardan peýdalanmaga hukugy bolmandyr.*

**Hytaý filosofiki traktatyndan.b.e.öň VII asyr**

Şonuň üçin, gadymy siwilizasiýalarda jemgyýet piramida görnüşinde şekillendirilýär. Onuň iň ýokary basgançagynda patyşa durýar. Ondan soň ruhanylardan; urug we harby aristokratlardan ybarat baýlaryň ýokary gatlagy durýar. Olar jemgyýetiň iň aýratyn hukukly gatlaklary bolupdyr. Baý - begzadalaryň wekilleri ýokary döwlet wezipelerini eýeläpdirler. Olaryň garamagynda ägirt uly ekin meýdanlary bolupdyr. Ol ýerler hiç haçan jemagatçylyk tarapyndan alynmaýar. Bu ýerler uruş wagtynda basylyp alynýar ýa-da patyşa tarapyndan peşgeş berilýär.

Jemgyýetde aýratyn ýokary orunlary çinownikler - emeldarlaryň köp sanly diwanlary eýeleýär, sebäbi alymlar örän ähmiýetly praktiki peýdalar getirýärler.

Döwlet tarapyndan goldanylýan täjirler aýratyn gatlagy emele getirip, olar döwleti daşary ýurtlardan getirilen seýrek we del harytlar bilen üpjün edýärler.Täjirler gowşak hem bolsa dürli etraplar bilen ykdysady aragatnaşyklary ýola goýýarlar.

Ilatyň aýratyn derejeli toparyna urşujylar degişli bolupdyr. Hemişelik goşunda gullukda durmak bilen, olar döwlet tarapyndan üpjün edilýär. Şowly ýörişlerden soň ýer, gul paýlanşygy bolupdyr, ondan başga-da, urşujylar basylyp alnyp, talanan ýerleriň hasabyna ýaşapdyrlar. Parahatçylyk wagty olary agyr işlere çekipdirler: mysal üçin Müsürde urşujylar daş döwmeklige çekilipdirler.

Has köp sanly sosial toparlar senetçiler bolup, olaryň aglaba bölegi şäherlerde ýaşapdyrlar, şeýle-de, gözegçilik astynda ussahanalarda, ybadathanalarda, patyşa ýa-da baýlar üçin işleýän garaşly senetçiler hem bolupdyr.

Jemgyýetiň esasy bölegini erkin jemagatçy - daýhanlar düzüpdir. Oba jemagaty gadymy siwilizasiýalarda-da, orta asyr döwründe-de industrial özgertmeleriň döwrüne çenli esasy önümçiligiň özeni bolup durýar. Onuň kökleri örän gadymyýetden gelmek bilen, ilkidurmuş jemagatçylygynda adamlar ilki urug boýunça, soňra bolsa goňşuçylyk jemagatyna birleşýär. Ilkidurmyuş goňşuçylyk

jemagatçylygynyň esasynda oba jemagatçylygy döreýär.

Jemagatyň hojalyk bütewiliginiň esasy uly patriarhal maşgala bolupdyr. Onuň öz öýi, emlägi, hyzmatkärleri, ekin meýdany bolupdyr.

Jemagatyň ähli agzalary biri-birileri bilen hemmetaraplaýyn baglanyşykly bolupdyr. Bu bolsa hemmeler bir adam üçin, bir adam hemmeler üçin diýen prinsip esasynda ýaşamaklygy aňladýar we onuň agzalary beýleki biriniň eden jenaýaty üçin jogapkärçilik çekipdirler. Umuman, jemagat ogurlanan zadyň öwezini dolmaga, eger-de olaryň öz mümkinçilikleri bolmasa, olaryň ornuna jerime tölemäge borçly bolupdyrlar.

Döwlet jemagatyň üstüne birnäçe borçlary ýükläpdir: suwaryş desgalarynyň kadaly işini üpjün etmek, kanal çekmek, batgalyk ýerlerde guradyş işlerini ýerine ýetirmek, uruş wagtynda goşun ýygnamak ýaly wezipeleri ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Ondan başga-da her bir jemagat gönüden - göni döwlete, ýa-da, başgaça aýdylanda, patyşa salgyt tölemeli bolupdyr.

Agyr salgytlara garamazdan, jemagata degişli bolmaklyk aýratynlygyň alamaty bolýar. Erkin jemgatçylar, ýerden mahrum bolanlar bilen deňeşdirilende uly hukuklara eýe bolupdyrlar. Jemagatyň ýaşaýyş durmuşynyň öz aýratynlygy bolupdyr: ol ykdysady taýdan ýapyk ýa-da natural hojalyk bolupdyr. Döwlet onuň içerki işlerine salgyt ýygnamaly we uruş alyp barmaly bolanda goşulýar. Beýleki ýagdaýda jemagat öz-özüni dolandyrýar. Jedelli meseleler jemagatçylaryň ýygnagynda çözülýär. Hatda dini gatnaşyklarda-da jemagat özbaşdak bolupdyr. Her bir ýeriň özüniň aýratyn hudaýlary we dini adatlary bar eken. Adam beýlekilere garaşsyz öz durmuşyny özi gurup bilýän aýratyn şahsyýet hökmünde däl-de, jemagatçylyga, ilkinji nobatda özüni köpçüligiň bir bölegi hasaplaýar. Şonuň üçin, jemagatdan kowulmak iň gazaply jeza hökmünde garalýar.

Jemagatda ýaşaýyş durmuşy müňýyllyklaryň dowamynda üýtgemeýän däp-dessurlar, gadymyýetde gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirilen adatlaryň esasynda gurlupdyr. Bu köp ugurlar boýunça şeýle düşündirilýär: ata-babalar tarapyndan düzülen tejribeden sähelçe yza tesmeklik hojalyga uly zyýan, howp salypdyr ýa-da heläkçilige getiripdir. Netjede, jemagatyň ýaşaýşy hojalyk we ruhy durmuşy örän konserwatiw häsiýete eýe bolupdyr.

Ähli daýhanlar jemagata degişli bolmandyr. Emläk taýdan bölünmek prosesi bolup geçýärdi. Jemagatdan üzňe daýhanlar ybadathanalara we hut patyşanyň özüne degişli ýerde işläpdirler. Olar paý ýer alyp, eýýäm başga esaslarda hut kärendeçi hökmünde, üstesine-de obrok ( pul ýa-da önüm görnüşinde tölenýän salgyt) tölemäge mejbur bolupdyrlar we ýerlerini taşlap gitmäge hukuklary ýokdy.

Gadymy gündogar siwilizasiýalarynda gulçulyk saklanyp galýar. Gullar düzgün bolşy ýaly, patrialhal maşgalanyň düzümine girip, şeýle işiň görnüşini öý zähmeti diýip atlandyrýarlar. Gullaryň zähmeti begzadalara degişli ekin meýdanlarynda, ussahanalarda, köşk we ybadathananyň hojalyklarynda, kömür, daş känlerinde we gurluşykda peýdalanylýar.

Esasan hem, harby ýesirler gullara öwrülýär, şeýle-de gulçulygy ösdürýän

içerki ýagdaý, ol hem bergidarlaryň gula öwrülmegi bolupdyr. Bergisi sebäpli, gullara öwrülenler, bergisini töländen soň ýene-de erkin adam bolup bilipdir. Gullaryň sany örän köp bolup, b. e. öň III asyrda Hytaýda gul söwdasy giň gerime eýe bolup, gul satmak üçin bazarlar döredilýär. Müsürde b. e. öňki II müňýyllykda orta gurply adamlaryň, senetçileriň, bagbanlaryň, çopanlaryň hem gullary bolupdyr. Gündogarda gul zähmeti ykdysady durmuşda aýgytlaýjy orny eýeläp bilmeýär. Erkin we garaşly daýhanlaryň, senetçileriň zähmetine goşmaça kömekçi bolup hyzmat edýär.

## § 3. Hytaýdaky we Hindistandaky imperiýalar. Erkinlik we erksizlik.

Ähli gadymy siwilizasiýalarda kanunlaryň ýazmaça toplumy döredilýär. Bu bolsa däp dessurlara esaslanan ilkidurmuş jemagatçylygy bilen deňeşdirilende uly öňe gidişlikdi. Ol ýüzlerçe asyryň dowamynda kem-kemden döräp, adatlara öwrülýär we oňa urugyň ähli agzalary tabyn bolmaga borçludy.

Haçan-da adamzadyň siwilizasiýa eýýamyna gadam basmagy bilen döwlet kemala gelenden soň, seýle düzgünler ýaşamagyny dowam edýärdi (adaty hukuklar). Ýöne olar döwletiň durmuşyny kadalaşdyrmakda ýeterlik däldi, sosial deňsizlik ösýärdi, jemgyýet her biriniň aýratyn bähbitleri bolan, köp sanly biri-birlerine gapma-garşylykly toparlara bölünýär.

Bu toparlar bir ýerde nähili ylalaşyp ýaşamaly? Gadymy siwilizasiýalarda döwlet despotiýa diýlip kesgitlenilipdi. Bu sözi häzirki zaman adamy eden - etdilik, birleriniň çäklendirilmedik hukuklary, beýleki uly toparlaryň bolsa tabynlygyny, hukuksyzlygyny we gulçulykly ezilen ýagdaýy hökmünde göz öňüne getirýär.

**Kanun we adalat**. Gadymy Müsürde adamlar bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklar maat – dini adalatlylyk we düzgünler, hakykat esasynda gurulýar. Ony hudaýlar we patyşalar tassyklaýarlar: kanunlara daýanyp, bidüzgünçilikler, näsazlyklar yeňilip geçilýär. Gadymy müsür wesýetleriniň birinde adalatyň hatyrasyna şeýle öwgüli sözler getirilýär: „Adalat beýikdir, onuň mertebesi sarsmazdyr”. Müsüriň patyşalarynyň biriniň adyndan ýazylan beýleki bir ýazgyda „Patyşa öz golastyndaky ähli ilaty barada alada etmelidir, diňe bir ruhanylar däl eýsem, hemme adamlar „hudaýyň sürüsi”, „onuň bedeninden kemala gelendir.’’

Gadymy Hindistanyň kanunlar ýygyndysynda, eger-de berk kanunlar girizilip, onuň bozulmagy üçin jeza bellenilmedik bolsa, „onda güýçlüler ejizleri edil balygyň gyzgyn ýagda gowrulyşy ýaly gowurardylar.’’

Gadymyýetiň iň bir beýik kanunçysy, wawilon patyşasy Hammurapiniň kanunlary (dolandyran ýyllary b. e. ö. 1792-1750) seýle başlanýar; hudaý maňa ejizleri, dul galan aýallary we ýetimleri ezijilerden goramak üçin häkimiýet berdi.

Şeýlelikde, ähli siwilizasiýalarda „kanun’’we „adalatlylyk’’düşünjeleri deň many hökmünde kabul edilip, kanunçykaryjylaryň maksatlary, göräýmäge, ynsanperwerligiň iň beýik ýüze çykmagy bolup durýar. Gadymyýetde döwlet iş ýüzünde, nähili derejede ynsanperwer bolupdyr?

**Adam kanunyň öňünde.** Gadymy siwilizasiýalarda döredilen kanunlaryň birnäçe umumy häsiýetleri bar. Onuň häzirki zaman adamyny geň galdyrýan ilkinji häsiýetli tarapy jenaýatkäriň sosial ýagdaýyna görä jeza çäresiniň belleniş aýratynlygynynda bolupdyr. Mysal üçin, şol döwürde ähli ýerlerde kanuny güýje eýe bolan  gadymy ilkidurmuş düzgün saklanyp galypdyr. Onyň esasynda adam beýleki biriniň bedenine şikes ýetirenligi üçin, şonuň yaly jeza alýar. Eger-de günäkär jemgyýetde aýratyn ýagdaýy eýeleýän bolsa, onda ol jebir çekene pul jerimesini töläp oňýar.

*Eger-de kimdir biri erkin adamyň gözüne şikes ýetirse, onda onuň öz gözüne hem şikes ýetirilmelidir. Eger-de kimdir biriniň gulunyň beden agzasyna zyýan ýetirse, onda ol onyň bahasynyň ýarysyny tölemäge borçludyr.*

***Patyşa Hammurapiniň kanunlaryndan.***

Ylaýta-da şeýle aýratynlyklar Hindistanda has açyk ýüze çykýar. Ýokary kasta degişli ruhanylara-brahmanlara nähili günä iş edendigine garamazdan, jeza berilmeýär. Hindi kanunlaryna laýyklykda  şeýle brahmanlar tutuş emlägi bilen ýurtdan çykarylýar, ol ten jezasyna sezewar edilmeýär. Eger-de şudra (aşaky kastanyň wekili) brahmana masgaralaýjy söz aýdyp,  kemsitse, onda onuň dilini kesipdirler.

Döwlet jemgyýetiň ýokary gatlaklarynyň wekilleriniň bähbitlerini goraýar; häkimiýetiň garşysyna çykyş edenlere, ruhanylaryň we ybadathanalaryň garşysyna jenaýatlar, patyşa we onuň golaý garyndaşlaryna zyýan ýetirip, olaryň emlägini ogurlanlara, gaçgak gullary gizlänlere we ş.m. has gazaply jeza çäresi bellenilipdir.

Jemgyýetde höküm sürýän  deňsizlik  maşgala hem ýaýraýar. Matriarhat däpleriniň  galyndylary saklanan Müsürden başga, beýleki ähli  gadymy siwilizasiýalarda kanun patriarhal  maşgala gurluşyny goldaýar. Bu bolsa ähli emlägiň maşgalabaşynyň elihde jemlenip, özüniň kiçijik „döwletinde ‘’hojalyk işlerini gurnamak hukugy degişli bolup, öz„ golastyndakylara’’(maşgalasynyň kiçi agzalaryna; aýalyna, çagalaryna, kiçi erkek we gyz jigilerine) jeza bermäge hukugy bolýar. Patriarhal maşgalanyň despotiki gurluşy, düzgün bolşy ýaly,  bergisini töläp bilmedik ýagdaýynda çagalaryny gul edip satmaga kanun boýunça hukuklary bolupdyr. Aýallar adat boýunça maşgalada örän kemsidiji ýagdaýy eýeleýär. Hindi kanunlarynda aýal „hiç - hili  özbaşdaklyga ukypsyz  diýlip, aýratyn terkarlanýar. Bu ýagdaý diňe Müsürde başgaça bolupdyr: aýal nika gatnaşyklaryna girenden soň, erkekler bilen deň hukukly bolýar. Onuň öz emlägini saklamaga we nikasyny bozmaga hukugy bolýar.

Şol döwür uçin adaty ýagdaý hasap edilýän  deňsizligiň has doly ýüze çykan wagtynda-da döwlet aşaky gatlaklaryň wekillerini hiç haçan öz goragyndan  doly mahrum etmeýär.

Kanun hususy eýeçiligi goraýar we kesekiniň emlägine ýetirilen zyýan üçin we onuň ogurlanmagy gazaply jezalandyrylýar. Hammurapiniň kanuny boýunça serkerde öz esgeriniň emlägine el ursa, oňa ölüm jezasy berilýär. Ähli ýerde kanun maşgalanyň bütewiligini goraýär, maşgala agzalaryna çenden aşa rehimsiz

gatnaşyk edilmegi we biwepalyk edenligi uçin jeza berilýär. Miras almak hukugy hem kanun esasynda goralýar. Salgyt töleýjileriň sanyny artdyrmak, şeýle-de, garyplaryň ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen Hammurapi bergidarlygy üçin (bergisiniň mukdaryna garamazdan) gulçulygy 3 ýyl möhlet bilen çäklendirýär. Öz ýagdaýlarynyň agyrdygyna garamazdan, gullaryň hem belli bir kesgitlenen hukuklary bolýar. Müsürde olar ybadathanalardan hemaýat gözläp we hojaýynlarynyň zalymlygy üçin arz-şikaýat edip bilipdirler. Öý gullaryna düzgün bolşy ýaly, maşgala, hususy emläk edinmäge, kä-halatda öý edinmäge rugsat berilýär. Gulçulygyň nesilden-nesle geçmegi hökmany hasaplanylmaýar, erkin adam tarapyndan ogullyga alnan gul azat bolup, beýleki çagalary bilen bir hatarda mirasdüşerlik hukugyny alýar.

Bu döwletiň funksiýasynyň diňe bir basyp ýatyrmak we ekspluatirlemeklik bilen çäklenmäýändigini, eýsem onuň has giňligini we çylşyrymlydygyny aňladýar. Kanunlary döretmek bilen döwlet hemmesini birmeňzeş bolmasa-da, belli bir derejede ätiýaçlyklar bilen üpjün etmäge çalyşýar. Şol bolmasa jemgyýetiň ýaşaýşy mümkin däldi. Kanunlar adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär, öz hereketleri üçin belli bir jogapkärçilik bellenilýär, örän çäklidigine garamazdan, olaryň hukuklarynyň bardygy, ony amala aşyrmaklygyň zerurlygy terkarlanylýar. Ylaýta-da, şahsyýetiň hukuklary Hammurapiniň kanunlarynda yzygiderli goralýar.

Şeýlelikde, jemgyýetde kem-kemden siwilizasiýalaşmagyň derejesi kemala gelip başlaýar. Elbetde, bu dereje örän pesdi. „ Adalat ‘’düşünjesi häzirki zaman adamynyň kabul edýän manysyna gabat gelmeýärdi. Sosial toparlaryň arasyndaky aratapawut diýseň uludy. Eýsemde bolsa, onuň adamzadyň örän uzak ýolunyň ýaňy-ilkinji basgançagydyny ýatdan çykarmaly däl, döwlet hemmeleriň bähbitlerini gyradeň goramaga we şeýle prihsipi durmuşa geçirmäge synanyşyk edýär.

## § 4. Häkimiýetiň çäkleri we azatlygyň giňişligi

**Häkimiýet ugrunda göreş.** Despotiýa kesgitleme berlişine laýyklylykda, hakykatdan hem, patyşalaryň häkimiýeti seýle çäksiz bolupdyrmy? Elbetde, iş ýüzünde ýagdaý has çylşyrymlydy. Gadymy jemgyýetlerde häkimiýete dalaşgärler, patyşalaryň syýasatyna täsir etmäge, hatda ony kesgitlemäge-de synanşyk edýän güýçler bolupdyr. Merkezleşdirilmegiň derejesi-de birmeňzeş ýokary däldi; ähli siwilizasiýalarda ägirt uly imperiýalaryň dargap, onuň ornuna özbaşdak hökümdarlaryň emele gelen döwürleri bolupdyr.

Şeýle ýagdaý, has berk hasap edilýän Müsürde faraonlaryň häkimiýetinde ençeme gezek ýüze çykýar. Bu b. e. ö. III müňýyllygyň ikinji ýarymynda bolup geçýär, soňra birnäçe gezek b. e. öňki I müňýyllykda Müsür siwilizasiýasynyň gowşap, Aleksandr Makedonlynyň basyp alyşlarynyň öňüsyrasynda gaýtalanýar.

Dagynyklyk döwründe ýurt welaýatlara (homlara) bölünip, ony urug baý-begzadalar dolandyryp, despotiýany iş ýüzünde amala aşyran faraonlaryň erkine tabyn bolmak islemeýärler. Merkezi häkimiýetiň ýoklugy, ýurduň ykdysadyýetine

örän çalt täsirini bildirýär. Güýçli ýeke-täk häkimiýet tarapyndan sazlaşdyrylmadyk suwaryş-irrigasiýa ulgamy pese düşüp, açlyk we bidüzgünçilik döräp başlaýar. Bu bolsa, elbetde, ýene-de merkezleşdirilen häkimiýete bolan ýiti zerurlygy ýüze çykarýar. Ýurduň merkezleşdirilip dolandyrylan döwürleri Müsüriň has gülläp ösen we asuda, abadanlyk wagtyna gabat gelýär.

Bu döwürde öňki düzgünler gaýtadan dikeldilýär; homlaryň boýun egdirilen hökümdarlary özlerine berkidilen welaýatlaryny indi öz kiçijik patyşalyklary hasaplap bilmeýärler. B. e. ö. XVI-XII asyrlarda, hacan-da, Müsürde merkezleşdirilen häkimiýetiň has güýçli döwründe „hususy öý'' düşünjesi, ýa-da ruhanylaryň hususy ýer mülkleri düýbünden ulanylmaýar.

Faraonlaryň häkimiýetini inkär edýän beýleki güýçler - ruhanylardyr. B. e. ö. II müňýyllykda olaryň ýagdaýy has-da güýçlenýär; bu döwürde dürli buthanalaryň ruhanylary has jebisleşýärler. Olara hudaý Amonyň Fiwi buthanasynyň (Müsuriň paýtagty), baş ruhanysy ýolbaşçylyk edýär. Ryhanylar köşk dildüwüşiklerine we syýasy göreşe işjeň gatnaşyp, öz orunlaryny berkidýärler. Faraonlar dünýewi aristokratlaryň - urug baý-begzadalarynyň güýjüniň we täsiriniň artmagyndan çekinip, ruhanylara sahylyk bilen mülk ýerleri, hatda şäherleri - de peşgeş berýär ler. Netijede, ruhanylaryň täsiri we kuwwaty barha ýokarlanýar.

Müsürde emele gelen ýagdaý ähli gündogar siwilizasiýalary üçin adaty ýagdaý hasaplanylýar. B. e. ö. 1122-nji ýylda Hytaýda dörän güýçli merkezleşdirilen (ol Günbatar Çjou diýlip atlandyrylýar) döwlet, eýýäm b. e. öň IX-VIII asyrlarda dargap başlaýar, dürli welaýatlaryň administratorlary-dikmeleri güýç ýygnap, şeýle bir berkeýärler welin, mundan beýläk imperatorlaryň erkine tabyn bolmak islemeýärler.Ýöne, oňa garamazdan, ýurdy birleşdirmek tendensiýasy ýok bolup gitmeýär. B. e. öň III asyrda Musürde-de dagynyklygyň soňuna çykylyp başlanýar.

Hindistranda ýagdaý düýbünden başgaçady. Hytaýdan we Müsürden tapawutlylykda bu ýerde dolulygyna merkezleşdirilmek beýle bir uzaga çekmeýär. Mysal üçin, b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda Gangyň jülgelerinde we oňa golaý territoriýalarda 16 golaý, ýeterlik derejede iri döwletler bolupdyr.

B. e. öň IV asyrdan II asyra çenli tutuş Hindistany birleşdiren Maurýe imperiýasy iki asyr dowam edýär. Bu şanesilleriniň wekillerine örän uly merkezleşdirilen döwleti döretmek başardýar. Hatda şu döwürde-de patyşalaryň häkimiýeti tutuş ýurda beýle bir endigan ýaýramaýar; welaýatlaryň käbirleri oňa tabyn bolsa, beýlekilerinde ýerli han-begler diýseň özbaşdak dolandyrýarlar, hatda şäher-respublikalary-da saklanyp galypdyr.

Patyşa häkimiýeti, elbetde, Musürde bolşy ýaly, parişada-dolandyrylşygyň ýokary organyna girýän gurrandazlar, brahmanlar we urug begzadalary tarapyndan çäklendirilýär. Ylaýta-da patyşalar din babatynda has kämil hasaplanylýan brahmanlara - aýratyn adamlara has hem sylag-hormat etmelidi: „Patyşa, ertir turup, goý brahmanlary...parasatlylyk bilen dolandyrýanlary hormatlasynlar, olaryň maslahaty bilen ýöresinler." Şeýlelikde, patyşanyň häkimiýeti ýeterlik derejede güýçli dini görkezmeler bilen çäklendirilýär; onuň bilen birlikde patyşanyň kanun-

lary hem ylalaşylyp çykarylýar.

Şeýle düzgün diňe bir ägirt uly Mauriýa imperiýasynda däl, eýsem dagynyklyk döwründe dörän has ownuk döwletlerde-de bolupdyr.

Şeýlelikde, gündogar despotiýalarda häkimiýet we döwleti dolandyrmaga gatnaşmak ugrundaky göreş ilkinji, aýratyn hukukly sosial toparlaryň arasynda alnyp barlyp, eýsem- de bolsa, ilatyň esasy böleginiň häkimiýete golaýlaşmaga mümkinçiligi bolmaýar. Gresiýadan we Rimden tapawutlylykda Gündogarda jemgyýetiň döwlete täsir edip, onuň işine kanun esasynda goşulyşmaga mümkinçilik berýän, ýörite syýasy organlar döredilmändir. Öz-özüňi dolandyrmak jemagatçylygyň derejesinde, onuň çäklerinde bolupdyr. Elbetde, käbir siwilizasiýalarda ilkidurmuş demokratiýanyň organlary (Hindistanda halk ýygnagy we ýaşulylar soweti, Wawilonda jemagatçylyk soweti) saklanyp galypdyr. Ýöne olar syýasy durmuşda aýgytlaýjy orny eýeläp bilmeýärlär. Wawilonda, mysal üçin jemagatçylyk sowetiniň baştutany patyşa tarapyndan bellenilýär; sowet jemagatyň diňe ýerden we suwdan peýdalanmak bilen baglanyşykly jedelli meselelerini, salgyt ýygnamak, tertip-düzgüni saklamaklyk işlerini çözýär.

**Sessiz-üýnsiz köpçülik.** Gündogar despotiýalarda häkimiýetden mahrum edilen ilatyň esasy böleginiň paýyna näme düşýär? Iýerarhiki jemgyýetde ýaşaýan „orta” adamyň şahsy inisiatiwasy- başlangyjy üçin nähili mümkinçilik bolupdyr?

Elbetde, şeýle adamyň öz sosial ýagdaýyny ýokarlandyrmaga mümkinçiligi bolupdyr. Müsürde b. e. öň II müňýyllykda ilatyň orta gatlagynyň wekillerinden köp sanly baý adamlar peýda bolup, olar bilen garyndaşlyk açmagy tanymal begzadalar özlerine kiçilik bilmeýärler.Ýönekeý adam şowly ýagdaýlaryň esasynda: söweşlerde gahrymançylyk görkezip, patyşanyň merhemeti bilen we ş. m welmoža öwrülip bilipdir. Gurply daýhan ýa-da senetçi öz ogluny bilim almak üçin iberip, şondan soň, düzgün bolşy ýaly, ol emeldar bolýar.

Elbetde, sosial basgançak boýunça ýokary galmak prinsipi adaty düzgün däldi. Ilatyň esasy bölegi şol bir sosial ýagdaýda bütin ömrüniň dowamynda galypdyr. Bu ýagdaý Hindistanda has aýratyn häsiýete eýe bolupdyr, sebäbi jemgyýet kastalara bölünipdi. Esasy kastalar, umuman, beýleki siwilizasiýalardan tapawutlanyp, sosial toparlara gabat gelýär; žresler (brahmanlar), esgerler (kşatriýa), erkin jemagatçylar we söwdagärler (waýşylar), şeýle hem, aşaky kasta şudralar; olara hyzmatkärler, daýhanlar, ýerden mahrum edilenler we gullar degişli bolýar. Rowaýata görä, hudaýlar kastalary äpet adam Puruşaşiniň bedeninden ýasapdyrlar, olaryň deňsizligi ýokardan kesgitlenen: „Onuň agzyndan brahmanlar, ellerinden kşatriýa, butlaryndan-waýşalar, aýaklaryndan şudralar emele gelipdir’’.

Kastalaryň arasyndaky aratapawudy düýbünden ýeňip geçmek mümkin däl. Adam doglanda belli bir kasta degişli bolup, bu bolsa onuň geljekki ýaşaýşyny kesgitleýär: nika kastalaryň öz içinde baglaşylýar, meşgullanýan käri hem onuň gelip çykyşyna bagly bolupdyr. Adamyň ýaşaýyş durmuşy, onuň işi, hatda söýgüsi-de berk çäklendirilýär.

Sosial deňsizlik dini-ahlak ugur esasynda hem berkidilýär: diňe ilkinji 3 kastanyň wekilleriniň dine uýmaga we gadymy hindileriň keramatly kitaby – Wedany okamaga hukuklary bolupdyr. Şudralar dini we sosial durmuşda hem hukuksyzdylar, beýleki kastalar olar bilen gatnaşmaklygy peslik hasaplaýarlar, başga nikalardan doglan çagalar eldegirilmesiz diýlip, yglan edilýär.

Kastalaryň arassalygy örän gadymy döwürde dörän ynamyň - adam ruhunyň gaýtadan dogulmak düşünjesiniň hasabyna berkidilýär. Bu gadymy dini dünýägaraýşyň esasynda hindi adamy öz degişli kastasynyň borçlaryny uly sarpa bilen ýerine ýetirýär, olar soň ýene dünýä gelenlerinde jemgyýetiň has ýokary basgançagynda bolmaklygyna mümkinçilik berilýändigine ynanypdyrlar.

Kastalaryň ýapyklygy we çetleşdirilmegi, onuň sosial we dini-ahlak deňsizligi jemgyýetiň işjeňligini peseldýar, ony haýallandyrýär, diňe bir gadymy döwürde däl, eýsem geljekde-de ösmegine uly päsgelçilik döredýär.

Hytaýda döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklaryň meseleleri Gündogar siwilizasiýasyna mahsus bolmadyk usul arkaly çözülýär. B. e. ö. IX-VII asyrlardan başlap güýçli urug baý-begzadalary öz welaýatlarynda häkimiýet ugrunda merkezleşdirilen häkimiýete ymtylýan hökümet bilen işjeň göreş alyp barýar. Ýagdaý beýleki siwilizasiýalarda ýüze çykan meseleler bilen örän meňzeş. Ýöne, oňa garamazdan, dolandyryjy toparlar adaty bolmadyk çäreleri ulanýarlar: olar tanymal däl adamlary (go žen-ýurt adamlaryny) kömege çagyrýarlar we olara goldaw berendikleri üçin natural -däne görnüşinde hak töleýärler. Elbetde, bu döwür uzaga çekmeýär, ýöne oňa garamazdan hökümetiň jemgyýete daýanmaga synanşygynyň we sosial gelip çykyşyna garamazdan adamlaryň goldawyny gazanmaga çalyşmagynyň höweslendiriji mysalyny görkezýär. Iň esasy-da, ol ony adaty mejbury ýol bilen däl-de, özara bähbitli şertlerde ýerine ýetirýär.

Haçan-da, ýurtda merkezleşdirilen döwleti döretmek tamamlanandan soň, go-ženleriň täsiri pese gaçýar. Ýöne, döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky hyzmat-daşlyk mümkinçiligi geljekde-de peýdalanylýar.

B. e. öň IV asyryň ortalarynda ministr Şan Ýan eke-täk häkimiýeti berkit-meklige we aristokratiýanyň täsirini gowşatmaklyga gönükdirilen özgertmeler geçirýär. Beýleki çäreler bilen bir hatarda, öň hereket edýän nesilden-nesle geçýän derejeleri ýatyrýar. Mundan beýläk täze mertebelilik derejeleri şahsy hyzmatlara; ilkinji nobatda, harby işde tapawutlananlara berilýär. Diňe şu ýagdaýda administratiw orunlary eýelemäge ýer we gul edinmäge hukuk berýär. Ýöne tiz wagtdan derejeler satylyp başlanýar, bu bolsa, elbetde, ilatyň gurply gatlaklaryna uly artykmaçlyklar berýär. Ondan başga-da, Hytaýda alymlyk derejesi üçin döwlet synaglarynyň toplumy bolup, synaglary üstünlikli tabşyran adamlardan emeldarlar saýlaýarlar.

Öz sosial ýagdaýyňy özgertmeklige bolan mumkinçilik örän çäkliligine galýar: Hytaýda kemala gelen sosial iýerarhiýanyň mukadessligine we mize-mezligine bolan ynam agalyk edýär. Ýöne, şahsy hyzmatlary bahalandyrmak prinsipiniň özi bu siwilizasiýany düýbünden aýratyn ugur boýunça ösmäge ugrukdyrýar: bu ýerde döwletiň aýratyn görnüşi döräp, güýçli ekspluatasiýa we

iýerarhiýalylyk aşaky gatlaklaryň her hili hem bolsa işjeňliginiň ornaşdyrylmagy bilen utgaşýar.

Gadymy siwilizasiýalaryň dürli aratawytlylygynda adamlaryň esasy köpçiligi üçin azatlygyň giňişliginiň onda örän çäklidigini görýäris: döwlet bilen jemgyýetiň arasynda uçut gaýa dur: jemgyýet dilsiz, onuň düýbünden (ýa-da tas düýbünden diýen ýaly) döwleti dolandyrmaga gatnaşmaga, onuň kararlaryna täsir etmäge mümkinçiligi ýokdy. Närazylyklar, gozgalaňlar we topalaňlar arkaly beýan edilýär, sebäbi döwlete „ baha bermegiň" we oňa bolan gatnaşygy ýüze gykarmagyň başga serişdesi ýokdy. Döwlet häzirlikçe, jemgyýetiň işjeňligine mätäçlik çekmeýärdi, oňa esasan hem, diňe tabyn edilenler gerekdi. Haçan-da, örän seýrek-de bolsa, döwlete jemgyýetiň hemaýaty zerur bolanda, başlangyç ýokardan gaýdýar.

Döwlet we jemgyýet biri-birlerine gapma-garşylykly ýa-da özbaşdak bolsalar-da, olar özara baglanyşyklydyr. Döwletsiz hiç bir siwilizasiýanyň bolmagy mümkin däl. Döwletdäki her bir *bidüzgünlik* jemgyýetiň durmuşyna oňyn däl täsirini ýetirýär.

## § 5. Efsanalardan dinlere geçilmegi

Gündogar siwilizasiýalaryň ruhy durmuşynda din uly orny eýeleýär. Adamyň ösmegi bilen bilelikde dini dünýägaraýyş hem ösýär we durkuny özgerdýär, ýöne has gadymylary - ilkidurmuş döwrüniň ynamlary uzak wagtlap öz täsirini saklaýar. Gadymy gündogar siwilizasiýalarynyň tutuş ýaşaýşynyň dowamynda dini dünýägaraýyş we daş-töweregi gurşap alan dünýäniň özi efsanalaryň esasynda öz beýanyny tapýar.

Adam siwilizasiýa döwrüne gadam goýandygyna garamazdan, özüni tebigatyň bir bölegi ýaly duýmagyny dowam edýär. Ony köp halklaryň adamyň tebigatyň dürli böleklerinden emele gelendigi baradaky efsanalary şaýatlyk edýär: bedeni-toprakdan, gany-suwdan, süňkleri-daşdan, demi- ýelden, gözleri bolsa-günden.

Beýleki bir tarapdan, tebigat hem adam häsiýetleri bilen *häsiýetlendirilýär.*

Haýwanlar, guşlar, asmandaky aý-gün, ýyldyzlar, daşlar, agaçlar, çeşmeler-ählisi janly adama meňzeş hasap edilipdir.

Tebigatyň öňünde özüni ejiz duýýan gadymy adam, tebigatda göze görünmeýän, syrly, örän *kuwwatly* güýçleri görýär. Ýöne olara pähim-paýhasyň kömegi bilen seljeriş bermäge, derňemäge synanyşyk hem edilmeýär.Tebigaty hudaý hasaplap we oňa köp sanly çylşyrymly däp-dessurlryň kömegi bilen täsir etmäge synanyşýarlar, başgaça aýdylanda, baryp ilkidurmuş jemagatçylygy döwründe dörän jadylary ulanýarlar. Onuň üçin daş-töwerekde bolup geçýän hadysalara öýkünmeli diýip, hasaplaýarlar.

Mysal üçin, gadymy hindi dini tekstlerinde (Wedalarda) ýagşyň ýagmagy üçin zerur bolan gadymy däp-dessur beýan edilýär. Haýsy-da bolsa bir gara reňkli jandary gurban bermeli ekeni. Beýleki bir däp-dessura görä, ýagşyň ornuna ruhany çykyş edýär, ol gara egin-eşik geýip, ýeliň ugryny üýtgeder ýaly, *doga* okaýar. Adam gurşap alan daş-töwerek dünýäni daş ýüzünden kabul edýär, görnüş bilen

manysynyň, sebäp bilen netijesiniň tapawudyny entek duýmaýar. Şol sebäpli hem häzirki zaman adamy üçin geň bolan logika däp-dessurlaryň esasy ýüze çykýar: bulutlaryň garalmagy sebäpli ýagyş ýagýar.

Tebigat haýyr we şer güýçleri özünde jemleýär, hudaýlar onuň bilen ýakyndan baglanyşykly. Has gadymy dini ynançlar Müsürde gülläp ösüp, onuň esasynda jandar-hudaýlaryň kulty bolupdyr. Her bir welaýatyň öz hudaýlary-howandarlary bolmak bilen, olaryň gelip çykyşy ilkidurmuş totemlerine degişlidir.

Müsürliler ýerasty patyşalygyň hojaýyny, it kelleli hudaý Anibusa ynanýarlar.

Asman hudaýy Hator sygryň şekilinde, günüň kulty bilen baglanyşykly hudaý Sobek krokodil kelleli şekillendirilýär. Beýik gadymy grek taryhçysy Geradot grekler üçin geň bolan müsürlileriň jandarlara tagzym edýän dessuryny beýan edýär. Hudaý Sobege tagzym edilýän Fiwide ilat „saýlanyp alnan krokodili iýmitläp, onuň gulagyna çüýşeden, altyndan halka dakyp, öňdäki penjelerine ýüzük dakypdyrlar.” Ýöne beýleki welaýatlarda başga kultlaryň bolandygy sebäpli, krokodili keramatly jandar hasaplaman, iýmit hökmünde peýdalanýarlar.

Tebigatyň güçleri Wawilonda-da hudaýlaşdyrylýar; suw hudaýyna - ýarym balyk, ýarym adam görnüşinde şekillendirilen Ea tagzym edilýär. Ýöne esasy orny hudaýlaşdyrylan asman jisimleri eýeläpdir. Bu siwilizasiýalaryň durmuşynda derýalaryň guramagy we suw joşgunlarynyň uly orun eýeländiginiň sebäp bolandygy mümkin. Gurrandazlar olaryň başlanjak wagtyny ýyldyzlara seredip hasaplapdyrlar. Gadymy hindiler hem ilkibaşda tebigatyň güýçlerine tagzym edýärler: ot hudaýy-Agni, ýyldyrym hudaýy-Indre, gün hudaýy-Surýe.

Mifologiki dünýägaraýyş ulgamaynda o dünýädäki ýaşaýyş baradaky şekil möhüm orny eýeleýär. Ölüm ýerdäki ýaşaýyşdan az tapawutlanmak bilen, başga dünýä geçmekligi aňladýär. Mysal üçin, müsürliler günbatarda bir ýerlerde ölüleriň gizlin dünýäsiniň ýerleşýändigine, ol ýerde-de adamlaryň hut ýerdäki ýaly ýaşaýyş alyp barýandygyna ynanypdyrlar. Ölen adam ol ýere ýetmek üçin kynçylyklary ýeňip geçmelidi, gazaply melgunlardan goranmalydy.

Ölümiň çözülmedik syrlaryny düşünmäge synanyşyp, adam ýene-de özüni tebigat bilen deň hasaplaýar. Şeýlelikde hudaý Osiris –gögerip çykan däne hakynda, müsürliler üçin şeriň we ölümiň janlandyrylan görnüşi bolan, onuň dogany Set hakynda efsana döreýär.

Öz dogany tarapyndan çapylyp öldürilen Osirisiň bedeniniň böleklerini onuň aýaly Izida ýygnaýar. Ol Osirise ogly Gorany dogrup berýär, ol bolsa Setden ar alyp, öz atasyny direldýär. Ilkibaşda ekerançylygyň we ösümligiň hudaýy bolan Osiris kem-kemden ölüleriň hudaýyna öwrülýär. Müsürde öli jaýlamagyň dessury ýogalan Osiris ýaly efsananyň mazmunyny gaýtalaýar, o dünýäde gaýtadan direlýär. Şu maksat bilen jadyly kesgitlemeler we dogalar okalyp, müsürlileriň ynanjyna görä, adamyň ahyrýede geçmegini ýeňilleşdirýär. Ol dünýä barýan merhumyň ruhuna päsgelçilik berýän melgunlary we tümlük hudaýyny ýeňmek gerekdi we onuň ýagtylyk hudaýyna goýberilmegini gazanmalydy.

Elbetde, tutuş gadymy dünýäniň dowamynda, adam daş-töwerek hakyndaky hakykaty efsanalaryň esasynda kabul etmeýär. Kem-kemden dünýä hakynda täze,

rasional gatnaşyklaryň başlangyçlary peýda bolyp başlaýar.

Bu ýerde hat-ýazuwyň ýüze çykmagynyň ähmiýeti uludyr, sebäbi hat-ýazuw başarnygy logiki pikirlenmekligi ösdürýär. Ondan başga-da, hat-ýazuw geljekki nesiller üçin uly maglumatlar toplumyny saklamaga we miras galdyrmaga kömek edýär, bu bolsa ylmy-bilimleriň ösmegi üçin esas bolup hyzmat edýär. Müsüriň ybadathanalarynda ýerleşýän kitaphanalaryň „ýaşaýyş öýleri'' diýlip, atlandyrylmagy tötänleýin däl. Bu ýerde zähmet işleriniň ösmegi netijesinde, tejribeleriň toplanmagy bilen ilkinji tebigy ylmy- bilimler peýda bolup başlaýar.

Hut gadymy döwürde astronomiýanyň, medisinanyň, matematikanyň esaslary goýulýar, şol döwürde edilen açyşlar alymlary häzire çenli haýran galdyrýär.Ýöne rasional aň ýetiriş, dünýä ylmy taýdan göz ýetirmäge gowşaklyk bilen edilen synanyşyk efsanalara garşy goýulmaýar, gaýtam tersine, onuň bilen örän geň galdyryjy sekilde goşulşýarlar. Şol sebäpli, mysal üçin lukmanlaryň derman haty bilen birlikde jadylaýjy formulalar görkezilen, bu bolsa lukmanyň pikirine görä, hassanyň saglygy üçin örän zerur bolupdyr.

Şäherler we buthanalar bilim merkezleri magaryf ojaklary bolup, hut şu ýerde sowatly, hat-ýazuwdan başy çykýan adamlar toplanyp, hat-ýazuw medeniýetini döredýärler. Ruhanylar şol döwürde iň bir gymmatly bilimleri öz ellerinde saklan alymlar bolupdyrlar. Hat-ýazuw medeniýetiniň ýaýradylmagy sebäpli, döwlete administratiw apparatyň üstüni doldurmak üçin sowatly adamlaryň üznüksüz gelip durmak zerurlygy üpjün edilýärdi.

Olar adaty bolşy ýaly mekdeplerde we buthanlarda okanlaryň hasabyna alynýardy. Elbetde, bu mekdeplere, esasan hem öz tejribeçilik bähbitlerine salgylanyp mysal üçin, emeldaryň peýdaly ornuny eýelemek isleýänler giripdirler. Ýöne, oňa garamazdan, gadymy siwilzasiýalarda bilimlere amal edýän we bu bilimleri ösdürmäge mümkinçiligi bolan adamlaryň topary kem-kemden köpelýär.

**Dünýäniň täze şekili**. Diýmek, ilkinji tebigy ylymlar dünýäniň mifologiki şekilini weýran etmegi başarmaýar, ýöne ony biraz ýiteldýär. Adamzadyň ruhy durmuşynda möhüm öwrülşigiň amala aşmagy esasynda, b. e. öň I müňýyllykda takmynan VIII asyrdan II asyr aralygynda mifologiki dünägaraýşa aýgytlaýjy zarba urulýar. Käbir taryhçylar ony rewolýusiýa hasaplaýarlar. Bu döwürde biri-birlerinden özbaşdak, tas şol bir wagtda gadymy siwilizasiýalar (elbetde, ählisi däl) dünýä hakynda täze taglymatlar ulgamyny esaslandyryp başlaýarlar. Dünýäni mifologiki kabul etmeklik weýran edilýär, onuň rahat esaslary tebigatyň we adamyň durmuşyndaky müdimi gaýtalanmaklyk duýgusy, adamy täze çylşyrymly meseleleri çözmäge mežbur edýär. Ol özüni tebigatyň bir bölegi hökmünde duýmagyny bes edip, özüni başgaça şahsyýet hökmünde duýýar, şol bir wagtda, özüniň ýalňyzlygyna, gurşap alan dünýäsiniň elhençlikerine we özuniň ejizligine akyl ýetirýär. Onuň öňünde ýaşaýyş näsazlyklary peýda bolýar, adam onuň kanunlaryna düşünmäge synanşýar, oňa bolan täze gatnaşyklary işläp taýýarlaýar. Iň esasy-da köp ugurlar boýunça dünýaniň real şekiline ters gelýän, adamlar we olaryň gatnaşyklary nähili bolmalydyna akyl ýetirip, adamzat ideal dünýäniň şekilini döredip başlaýar. Ondan beýläk ölüm ýaşaýşyň diňe bir dowamy

hökmünde kabul edilmeýär. O dünýädäki ýaşaýyş adalatly we sazlaşykly gurnalan nusgawy ýaşaýyşa geçirilýär.Takyk ahlak ulgamynyň salgysy döredilýär: ýerdäki ýaşaýşyň günäleri ýokardaky arassa ýaşaýşyň garşysyna goýulýar. Şu döwürde jikme-jik işlenilip düzülen, etika esaslanýan halas ediji dinler kemala gelýär, onuň kömegi bilen günälerden saplanyp, özüňi we ýaşaýşyňy hudaý adalatynyň talaplaryna laýyk geler ýaly derejede özgertmeklige mimkinçilik alynýar. Hudaý indi tebigatyň gizlin, syrly güýçleriniň beýany däl-de, ol adalatyň, rehimdarlygyň, haýryň beýik nusgasy bolup durýar. Onuň ýalkamagyny, goldamagyny gazanmak üçin, jadylyga ýüzlenmek gerek däl, daş-töwerek gurşap alan dünýäni we özüňi kämilleşdirmeli.

Hindistanda buddizm we induizm dinleri bolupdyr; Hytaýda konfusiançylyk döreýär; Eýranda Zaratuştra dünýäni haýyr bilen şeriň göreş meýdany hakyndaky taglymaty wagyz-nesihat edýär; Palestinada Iliýa, Isaýýa we Iýeremiýa Izraýylyň patyşasyny we halkyny paş edip, ahlak taýdan arassalanmaga ýol görkezýärler. Gresiýada dürli filosofiki mekdepler döräp başlaýar. Hatda bu global özgertmeleriň täsir etmedik siwilizasiýalarynda hem käbir üýtgeşmeler bolup geçýär. Wawilonyň edebiýatlarynda dünýäni efsana esasynda düşündirmekden tapawutlanýan, örän çylşyrymly äheňler has ir döräp başlaýar. Atsyz awtor dünýäniň we adamyň gurluşynyň gapma-garşylyklary barada pikirini beýan edýär, ýerdäki kanunlaryň garşysyna asman kanunlaryny goýýar.

Müsürde eýýäm b. e. öň II müňýyllykda o dünýä jezasy barada gürrüňler peýda bolýar, onda adamyň hak we galat hereketlerine baha berilýär. Jadyly formulalar bilen birlikde aradan çykany ahlak taýdan aklaýan özboluşly dini tekstler berilýär: „Men adamlar babatynda nähak iş etmedim, men öz ýakynlarymy öldürmedim, hakykata derek ýaramazlyk etmedim. Men öz adymy özüme berlen derejeden ýokarlandyrmadym, öz gullarymy aç bolmaga mejbur etmedim, garyplaryň gedaý bolmagyna sebäp bolmadym, emeldarlaryň öňünde hiç kimi ýazgarmadym, hasrat çekilmegine, göz ýaş dökülmegine sebäp bolmadym, öldürmedim, öldürmäge mejbur etmedim”. Günäleriň seýle mümkin bolan sanawy Müsürde umumy adamzat talaplaryna „müdimi’’ahlak kadalaryna laýyk gelýän ahlak garaýyşlarynyň ulgamynynyň döräp başlandygyny görkezýär.

Ýöne Müsürde-de we Wawilonda-da täzeliklige bolan ymtylyş bu siwilizasiýalaryň ruhy durmuşyny düýpli özgerdip biljek güýçli tendensiýa öwrülip bilmeýär.

Halas ediji dinler ( buddizm, konfusinçylyk, iudaizm, zoroastrizm ) özlerini döreden siwilizasiýalary täzeleýärler we „kuwwatlandyrýarlar’’, bu gadymy dünýä taryhynyň tamamlanmagynyň öňüsyrasynda we täze döwrüň orta asyrlaryň golaýlan wagty bolup geçýär.

*Halas ediji dinler biri-birlerinden ep-esli tapawutlanýarlar; ýerdäki we asmandaky gatnaşyklar meselesinde ýa-da daş-töwerek dünýäni özgertmegiň mümkinçiligi we mümkin dälligi dürli hili çözülýär.Bu babatynda soňky baplardan bilmek bolar. Köp ugurlar boýunça geljekde siwilizasiýanyň ýaşamagy bu meseläniň çözüliş ýagdaýyna bagly bolup durýar, sebäbi dini etika siwilizasion*

*däp*-dessurlaryň,*siwilizasiýalaryň taryhy ösüşindäki has durnukly elementleriniň kemala gelmek prosesinde uly ähmiýeti* bardyr.

# III bap. Gadymy Gresiýanyň syýasy-jemgyýetçilik özgertmeleri.

## § 1. Siwilizasiýanyň çäkleri

*Elladanyň garyplygy örän gadymy döwürden bäri dowam edýär. Onuň şöhrady tebigy pähim-paýhas we berk kanunlaryň kömegi bilen gazanyldy.*
*Spartaly Demerat bilen pars patyşasy Kserksiň gürrüňinden.*

Şahyrlar tarapyndan ençeme gezek waspy ýetirilen Elladanyň ajaýyp tebigaty, ylaýta-da ekerançylar üçin beýle bir amatly däldi.

Gresiýanyň hasylly ýerleri köp däldi. Howa gurak, uly, bol suwly derýalaryň ýoklugy sebäpli, Gündogar derýa siwilizasiýaryndaky ýaly suwaryş desgalaryny gurmak mümkinçiligi ýokdy. Şonuň üçin, ekerançylyk ýurduň käbir welaýatlarynda hojalygyň esasy pudagy bolýar. Üstesine-de, bugdaý köp ekildigiçe toprak barha güýçden gaçýardy. Wagtyň geçmegi bilen ilatyň sany barha artýar. Galla bolsa ähli ilata ýetmezçilik edip başlaýar. Bagçylyk we maldarçylyk üçin şertler has amatlydy. Grekler gadym döwürden bäri goýun-geçi idedip, üzüm we zeýtun agaçlaryny ekipdirler.

Ýurt gazylyp alynýan peýdaly zatlara baýdy (kümüş, mis, gurşun, mermer we altyn). Ýöne bu zatlar ýaşamak üçin zerur serişdeler bilen üpjün etmekde ýeterlik däldi.

Gresiýanyň ýene bir esasy baýlygy deňizdi. Amatly buhtalar, biri-birine golaý ýerleşýän köp sanly adalar deňizde ýüzmek we söwda etmek üçin amatly şert döredýär. Onuň üçin deňiz hadysalaryny boýun egdirmek zerurdy.

Siwilizasiýa daşky gurşawyň „çagyryşyna" ýerlikli "jogap" bermegi başarýar. Grekler ussat deňizde ýüzüjiler bolmak bilen, kem-kemden öz ýurtlaryny güýçli deňiz döwletine öwürip bilipdirler.

Grekleriň özleri döreden deňiz döwletleriniň aýratynlygyna we onuň üýtgeýän tebigatdan garaşlydygyna örän oňat düşünipdirler. *„Ýaramaz hasyl — iň bir güýçli döwlet üçin betbagtçylyk; deňiz döwletleri ony aňsatlyk bilen ýeňip geçýär".* Ýaşaýyş ugrundaky gores, ilkinji nobatda, täze giňişlikleri özleşdirmegiň, kolonizasiýanyň we söwdanyň hasabyna alnyp barylýar. Grek siwilizasiýasy elmydama öz çägini giňeldýär.

Siwilizasiýanyň ilkinji ojagy Krit adasynda b. e. öň III-II müňýyllyklaryň sepgirlerinde emele gelýär. Bu ýerde Ýewropada ilkinji synpy jemgyýet we döwlet döreýär, medeniýet ep-esli derejede ösýär. B. e. öň XV asyrda özboluşly Krit medeniýeti pajygaly ýagdaýda, duýdansyz heläk bolýar. Onuň ornuna täze Aheý medeniýeti gelýär. Aheý taýpalary Gresiýanyň uly böleginde we Egeý deňziniň adalarynda mesgen tutýarlar we Peloponnesdäki gadymy Mikeni şäherini esaslandyrypdyrlar. Gazuw-agtaryş işleri geçirlende ilkinji gezek şol medeniýetiň ýadygärliklerini açdylar. Şonuň üçin oňa mikeni medeniýeti diýlip at berildi. Bu ýerde oba hojalyk üstünlikli ösüpdir. Senetçiler bürünç ýaraglary, toýundan gap-

gaçlary ýasapdyrlar, berkitme gurup, daşdan jaý salypdyrlar. Mikeni akropoly mes toprakly düzlükleriň arasynda, belent baýryň üstünde salnypdyr. Onuň diwarlary gyrdalan ägirt uly daş bölеklerinden gurlupdyr. Patyşa köşkleri, begleriň jaýlary kaşaň we owadan edilip gurlupdyr. B. e. öň XV-XIII asyrlarda gülläp ösüp, eýýam b. e. öň XIII-XII asyrlarda ol demirgazykdan gelen grek-doriý taýpalarynyň basybalyjylykly ýörişi sebäpli heläk bolýar.

Krit we aheý medeniýetiniň döwürlerini hut grek siwilizasiýasynyň başlanmagynyň öňüsyrasydyr diýip hasap edip bolar. Şondan soň grek siwilizasiýasynyň öz taryhy başlanýar.

B. e. öň VIII-VI asyrlarda Gresiýa Balkan ýarym adasynyň günortasyny, Egeý deňziniň adalaryny, Kiçi Aziýanyň günbatar kenarlaryny eýeleýär. B. e. öň 500-nji ýylda Gresiýanyň taryhynda möhüm öwrülişik-beýik kolonizasiýasy başlanýar (grekler Italiýany has öňräk ilatlaşdyrýar, ýöne ol wagt kolonizasiýa köpçülikleýin häsiýete eýe bolmandy). Ol günbatarda Sisiliýa, Günorta Italiýa, Günorta Fransiýa we Ispaniýanyň gündogar kenarýakalaryny, demirgazygynda Fransiýa, Ortaýer deňziniň Gara deňze barýan bogazlaryny, günorta-gündogarda Demirgazyk Afrika, Lewant taraplara gönükdirilýär.

Kolonizasiýa Gresiýa nämeler berdi? Ilkinji nobatda, ilatyň köpçülikleýin göçüp gitmegine getirdi (olar öz watanlaryny ýer ýetmezçiligi we özara öňşuksyzlyklar sebäpli terk edýärler). Netijede, Gresiýanyň erkin ilatynyň arasynda närazylyk peselýär. Ol bolsa belli bir derejede sosial dartgynlygy gowşadýar.

Kolonizasiýa söwda etmek üçin giň mümkinçilik açýar, ol bolsa söwda bilen baglanyşykly ähli görnüşdäki hünärmentçiligi we gämi gurluşygynyň ösüşini çaltlandyrýar. Koloniýalarda Halkida, Korinf, Megary, Milet, Eretriýa ýaly baý şäherler çalt ösüp başlaýar. Olar bilen metropoliýanyň arasynda berk söwda gatnaşyklary ýola goýulýar. Koloniýalardan Balkan ýarym adasynda ýetmezçilik edýän galla, tokaý agaçlary, metal, azyk önümleri, senetçileriň önümleri getirilýär. Öz gezeginde metropoliýadan Gresiýany dünýä meşhur eden önümleri; hünärmenleriň önümleri, çakyr, zeýtun ýagy çykarylýar.

Kolonistleriň öňünde duran meseleler, adamdan aýratyn häsiýetleri talap edýär. Deňiz hadysalary bilen göreş, täze özleşdirilen ýerlerdäki kynçylyklar, görülmedik ýerler şeýle ýagdaýlarda başarjaň, ugurtapyjy, öz işlerini bilýän adamlar möhüm orunlary eýeleýärler. Şonuň üçin hem, gadymy grek jemgyýetiniň durmuşynda adamlaryň arasynda şahsyýet kulty we özara bäsdeşlik ilkinji orna çykýar. Gresiýada ilkinji gezek sport ýaryşlarynyň – Olimpiýa oýunlarynyň ( b. e. öň 776-ý ) döremegi-de tötänleýin däl. Bu umumyadamzat kämilliginiň şöhratyna bagyşlanan meşhur oýunlar, ajaýyp ruhuň we bedeniň baýramçylygydy. Ýeňijileriň hormatyna onuň dogduk şäherlerinde heýkelleri bina edilip, olara gahrymanlar hökmünde sylag-hormat edýärler. Kämil şahsyýetiň nusgasy fiziki taýdan güýçli, ynsaply, ençeme efsanalardaky gahrymanlarda beýan edilýär. Ýarym hudaý – ýarym adamlaryň (Gerakl, Prometeý barada efsanalar) şekilleri döredilýär.

B. e. öň IV asyryň ikinji ýarymynda A. Makedonlynyň ýörişleri ( b. e. öň 334-324-nji ýyllar) sebäpli Gresiýa ägirt uly imperiýa öwrülýär. Ol Kiçi, Alynky Aziýany bölekleýin we Merkezi Aziýany Hind derýasynyň aşaky akymlary bilen, şeýle hem, Müsüri özünde jemleýär.

Şeýlelikde, Gresiýanyň aýratyn geografiki şertleri siwilizasiýanyň taryhy ösüş ýoluna, şahsyýetiň özboluşly görnüşiniň emele gelmegine uly täsir edýär.

## § 2.Grek polis-jemagaty.

Ähli industriallaşma çenli siwilizasiýalarda bolşy ýaly, Gadymy Gresiýada jemagatçylyk jemgyýetiň esasy özeni bolupdyr. Şeýle-de, gündogar jemagatyna meñzeş bolmadyk özboluşlylygy we köp sanly aýratynlygy bilen hem tapawutlanypdyr. Grek jemagatçylygynyñ aýratynlyklary ýurduñ syýasy durmuşyna, gymmatlyklar ulgamyna, gönüden-göni edebiýatyñ, sungatyn, filosofiýanyñ aýratynlyklaryna, başgaça aýdylanda, bütin siwilizasiýanyñ taryhyna öz täsirini ýetirýär. Bu polis-jemagatçylygy bolup, diñe bir oba ilatyny däl, (Gündogarda bolşy ýaly) eýsem, şäher ilatyny hem özünde jemleýär. Jemagatyñ agzalaryny iki şert bilen: eger-de ol milleti boýunça grek bolsa, erkin we emlägi bar bolan ýagdaýda kabul edilýär. Jemagatyñ ähli agzalary erkin hususyýetçiler bolmak bilen syýasy hukuklara eýe bolup (hemmeleriñ hukuklary deñ bolmasa-da), olara döwlet işlerine gatnaşmaklyga mümkinçilik berilýär. Şonuñ üçin, grek polisleri-raýatlyk jemagatçylygy diýlip atlandyrylýar. Gresiýada döwlet jemagatdan ýokarda däl - de (Gündogarda bolşy ýaly), jemagatçylykdan emele gelýär: has takygy jemagatçylyk özi kiçiräk bir döwlete öwrülip, özüniñ kanunlary, häkimiýet ulgamy, dolandyryş ugurlary bolupdyr. Jemagatçylygyñ agzalary bolan şäherlilere, ekerançylara döwlet tarapyndan döredilýän meseleler ýat bolup, ykdysady, syýasy we ideýa taýdan bütewi bolan, umumy, ýeterlik derejede ýapyk kollektiwde jemlenýärler. Polisleriñ içinde kem-kemden raýat hukugy döräp başlaýar, başgaça aýdylanda, jemagatçylygyñ agzalarynyñ hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän, olara käbir sosial ätiýaçlyklary berýän kanunlaryñ toplumy düzülýär. Meselem: ekerançylar kanun esasynda goralýar: b. e. öñ IV asyrda Spartada daýhanlaryñ ýerlerini almak gadagan edilipdir, Afinyda meşhurlyk gazanan kanunçy Solon bir adamyñ çäklendirilmedik möçberde ýer satyn almagyny gadagan edýär. Polis dine bir içerki işler bilen däl, eýsem daşary syýasat işlerini hem alyp barýar. Hususy goşuny bolup, polisiñ raýatlary uruş wagtynda meýletin goşuna birleşip, urşujylara öwrülýärler. Polisleriñ ýere ýokary hususy eýeçiligi bolupdyr. Hususy ýer eýeçiliginden başga-da polis paýlanmadyk, erkin ýerlere eýelik edip, bu bolsa polisleriñ syýasy birleşme hökmünde tutýan orunlaryny berkidýär. Polis özüni özbaşdak döwlet hökmünde alyp baryp, ol awtarkiýa ideýasyna laýyklykda ýaşaýar. Polisde aýratyn ideýalar ulgamy döredilipdir: erkin raýatlar özleriniñ abadanlygynyñ ilkinji nobatda mähriban polislerine (onuñ çäginden daşarda bolsa ýaşamak mümkin däldi) baglydygyna ynanypdyrlar. Beýleki bir tarapdan bolsa, polisiñ gülläp ösmegi onuñ raýatlarynyñ arasyndaky tanymal, erjel, merhemetli adamlaryñ sanyna baglydy. Olar gadymy

däp-dessurlaryna hormat goýýarlar, peýdakeşlik ýazgarylyp, daýhanlaryñ zähmetine uly baha berilýär. Iñ esasy-da, olaryñ özlerinde doly hukukly we erkin adamlar hökmünde aýratyn guwanç duýgusy bolupdyr. Grekler parslardan ýeñiş gazanyp, öz üstünliklerini erkinligiñ beren peşgeşi hasap edýärler, pars patyşasynyñ golastyndakylar bolsa gullar bolupdyr. Jemagat polisleriniñ güýji we özbaşdaklygy Gresiýada uly patyşa we ybadathana hojalyklarynyñ döremegi üçin şertleriñ ýoklugy bilen düşündirilýär. Elbetde polisleri dolandyrmagyñ monarhiýa görnüşi-de bolupdyr. Iñ gadymy döwürde polise patyşa baştutanlyk edipdir. Wasilews (patyşa) we baý begzadalar demosyñ (halkyñ) hukuklaryny kemsidipdirler. Oña bolsa erkin daýhanlar we hünärmenler degişli. B. e. öñ VII asyrda polisiñ içinde gapma-garşylyk aýratyn gerime eýe bolýar. Aristokratiýa garşy paý ýerlerini ýitiren, öz hususy eýeçiliginde kärendeçä öwrülmek howpuna sezewar bolýan ownuk daýhanlar göreş alyp barypdyrlar. Aristokratlaryñ başga bir duşmany söwda we hünärmentçilik esasynda baýap, artykmaç hukuklara eýe bolmak isleýän, ýeterlik derejede köp sanly şäherlileriñ gatlagydy. Awtarkiýa-sözüni „özüñi üpjün etmeklik" diýip, terjime edip bolar. Köp polislerde bu göreş agdarylşyk bilen tamamlanýar, baý-begzadalaryñ agdarylmagy, tiraniýanyñ –ýeke-täk häkimiýetiñ berkarar edilmegi bilen baý- begzadalaryñ eden-etdiliginiñ soñuna çykylýar. Ýöne tiraniýa uzak wagtlaýyn däldi, aristokratlaryñ täsiri gowşadylandan soñ oña bolan zerurlyk aradan aýrylyp, dolandyrylşygyñ başga görnüşleri döreýär. Polisleriñ birinde oligarhiýa dolandyrylşygy, beýlekisinde demokratiýa bolsa-da, her ýagdaýda ähli möhüm meseleleri gutarnykly çözmäge hukugy bolan halk ýygnagynyñ ähmiýeti uly bolupdyr. Grek demokratiýasynyñ ösmegine esas döreden iki möhüm şert bu halk ýygnagynyñ ýokary orny we häkimiýetiñ saýlawly bolmagydy. Şeýlelikde, demokratiýa-gadymy grek siwilizasiýasynyñ aýratyn häsiýeti bolup, ol birbada we göreşsiz döremeýär we ähli polislerde üstünlige eýe bolmaýar. Polis jemagatynyñ gurluşynyñ özi demokratik prinsipleriñ berkarar bolmagy üçin mümkinçilik döredýär. Grek polisleri, düzgün bolşy ýaly beýle bir uly däldi. Meselem, Podos adasynda (onuň meýdany 1,404 inedördül km töwerek) üç sany özbaşdak polis, Krit adasynda (8,500 inedördül -km)-onlarça polisler bolupdyr. Iñ uly polis Sparta bolup onuñ çäkleri 8400 inedördül km meýdany tutupdyr. Polisler döwlet gurluşynyñ örän berk, durnukly görnüşi bolup, olar koloniýalarda hem hut grek polisleriniñ prinsipleri esasynda emele gelýärler. Olar mertopoliýalar babatynda özlerini özbaşdak alyp baryp, ýaran hem bolup bilipdirler, uruş hereketlerine-de başlap bilipdirler.

**Polislerdäki jemgyýet.** Polisiñ ilatynyň arasynda onuň raýatlarynyň aýratyn orunlary bolupdyr. Beýleki erkin adamlar polisiñ raýaty däller, doly hukukly hasaplanylmaýar. Olara ilkinji nobatda, öz ýerlerine bolan eýeçiligi ýitiren garaşly daýhanlar we kese ýurtlular (metekler) degişli bolupdyr. Gresiýanyñ täze koloniýalary basyp almagy sebäpli kese ýurtlularyñ sany köpelýär. Köp metekler baý bolsalar-da, olara ýer satyn almagy gadagan edipdirler, elbetde, polisi dolandyrmaga-da hukuk berilmeýär.

Sosial basgançagyň iň aşaky gatynda gullar durupdyr. Gresiýada we Rimde gulçulyk gündogardaky öý gulçulygyndan aýratyn zabunlygy, özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Spartada ýagdaý biraz üýtgeşik bolup, gullar-ilotlar käbir özbaşdaklyklarýny saklap galypdyr. Öz taýpadaşlaryny bergisi üçin gula öwürmeklik çalt ýatyrylýar: harby ýesirleri gullara öwrüpdirler, belki, şonuň üçin, taryhçylar gullary azat adamlardan tapawutlandyrýan araçägiň kesgitlidigini belleýärler.

Gresiýada gullaryň hiç hili hukuklary bolmandyr, şol sebäpli olary „gepleýän gurallara" deňäpdirler: olaryň hiç hili hususy eýeçiligi bolmandyr, satyp ýa-da satyn alyp bolupdyr, nika baglaşmaga rugsat berilmändir, olaryň çagalary-da gul hasaplanýar. Hatda gullar erkinlige goýberilende-de, olar doly hukukly hasaplanylmandyr, öňki hojaýynlaryna garaşly bolupdyr. Pul tölenip goýberilen gullaryň ýagdaýy birneme tapawutlanýar. Şeýle ýagdaýda olar öz ussahanalaryny ýa-da dükanlaryny açyp, özbaşdak ýaşamaga mümkinçilik alypdyrlar. Ýöne beýle ýagdaý seýrek gabat gelýär. B. e. öň 500-nji ýylda kolonizasiýa döwründe, ylaýtada ( b. e. öňki 500-449-ýý) Persiýa bilen uruş wagtynda gullaryň sany ep-esli köpelýär. Ýöne Gündogarda bolşy ýaly, olar esasy öndüriji güýçler däldi. Oba hojalygynda gullaryň zähmeti az ulanylýardy. Ekerançylar ekin ekip, idetmek meselelerinde öz güýçlerine daýanypdyrlar. Gullar agyr zähmet talap edýän şahtalarda, ussahanalarda esasy işçi güýji bolupdyr. Ondan başga-da gullar baýlaryň hyzmatkärleri bolupdyrlar.

Gulçylyk Gadymy Gresiýada adaty bir zat hökmünde kabul edilip, azatlyk hemme adamlara ýetip bolmaýan peşgeş hasaplanylýar. Beýik filosof Aristotel (b.e.ö 384-322ý) elbetde käbirleriniň erkin, beýlekileriň bolsa gullar bolup, soňkular babatynda gulçulyk peýdaly we adalatly ýagdaýdyr, diýip belleýär.

**Polisleriň ykdysady ýagdaýy.** Käbir taryhçylar gadymy Ortaýer deňiz siwilizasiýalarynda kapitalistik gatnaşyklar ösüpdir diýip belleýärler, hatda antiki kapitalizm diýlen ýörüte adalga hem bar. Şeýle pikir dogrumy? Onuň öz esaslary bar. Hakykatdan hem, Gresiýa oba-hojalyk, senetçilik önümleriniň käbir görnüşlerini eksport etmeklige örän ir başlamaga mejbur bolýar. Diňe şeýle ýagdaýda açlyk howpundan dynyp boljakdy.

Söwdanyň ösmegi, ekerançylaryň we hünärmenleriň diňe bir özleri üçin däl-de, eýsem, bazar üçin hem, işländiklerini aňladýar. B. e. öň V asyrda iň iri söwda merkezi Afiny bolup, şäheriň bazarynda çet obalardan daýhanlar gelip çakyr, gök-önüm, ösümlik ýagyny, agaç, kömür satyp, getirilen çörek, balyk we beýleki önümleri bolsa satyn alypdyrlar. Afinyda koloniýalar we gündogar ýurtlary bilen gyzgalaňly söwda alnyp barlyp, Müsürden däne, nah mata, Karfagenden halylar, Afrikadan - pil süňki, Garadeňiz kenarýakalaryndan däne, mal, bal, ýüň we deri getiripdirler. Bu harytlar şu ýerde-de beýleki şäherlere satylýar. B. e. öň V-IV asyrda Afinynyň esasy porty bolan Pireýde şol döwrüň uly pul möçberine deň bolan takmynan 2 müň talanda - umumy pul dolanyşygyna ýetýär. (1grek talandy takmynan 26 kg kümüşe deň bolupdyr). Şoňa laýyklykda, pul dolanyşygy artyp, onuň bilen birlikde dürli (kredit) karz pul bermek we süýthorçulyk işleri hem

ösýär. Gresiýada her bir şäher-döwletiň öz teňňesini zikgeländikleri sebäpli şäherara pul alyş-çalşygy hem ösýär.

Gresiýada deňiz söwdasy bilen deňeşdirlende gury ýer söwdasy gowşak ösýär. Oňa ýollaryň ýaramazlygy we daglar sebäp bolupdyr . Ondan başga-da, polisleriň arasynda ýygy-ýygydan alnyp barylýan uruşlar hem kynçylyk döredýär. Ýöne deňizden has uzakdaky grek şäherlerinde ýerli bazarlar hereket edip, ol ýerde esasan hem, senetçileriň öndüren önümlerini, azyk önümlerini, öý gap-gaçlaryny satypdyrlar. Gresiýada üstünlikli ösýän pul-haryt gatnaşyklary beýleki siwilizasiýalar bilen deňeşdirilende şol döwür üçin adaty däldi. Şonuň üçin hem, taryhçylar gadymyýetde Ortaýer deňzinde ykdysadyýetiň aýratyn görnüşiniň kemala gelendigini, onuň esasynda bolsa, soňra Ýewropa kapitalizminiň ösüp çykandygyny belleýärler. Eýsem-de bolsa, gadymy grek ykdysadyýetini kapitalistik diýip atlandyrmak nädogry. Hojalyk, esasan, natural häsiýete eýedi. Pul -haryt gatnaşyklary polisleriň birinde güýçli, beýleki birinde gowşak ösüp, natural hojalygyň çäginden çykmandyr. Şeýlelikde, gadymy grek polisleriniň birnäçe taraplaryna baha berildi. Hut polislerde gadymy grek demokratiýasynyň esaslarynyň, pul-haryt gatnaşyklarynyn düýbi tutulýar, azat, şöhratparaz, öz döwletine çäksiz wepaly şahsyýetiň aýratyn görnüşi kemala gelýär. Polisleriň bu aýratynlyklary tutuş gadymy grek siwilizasiýasy üçin häsiýetlidir.

## § 3. Afiny we Sparta gadymy grek siwilizasiýasynyň iki merkezi

B. e. öň Vl-V asyrlaryň sepgitleri polisleriň gülläp ösen döwri bolupdyr. Bu döwre çenli Gresiýa biri-birleri bilen özara uruş alyp barýan we ylalaşyklar baglaşýan ençeme aýry-aýry, uly bolmadyk şäher döwletlerinden ybarat bolupdyr. Jemagatçylygyň esaslaryndan dörän döwletler ol tarapyndan hem çäklendirilýär. Onuň müňkinçilikleri örän çäkli bolupdyr. Gadymy Gresiýa öz ýaşan döwrüniň uzak wagtynda bütewi merkezleşdirilen häkimiýeti bilmeýär. Ýeterlik derejede berk we iri polisleriň bileşmesi Pars döwleti bilen uruş döwründe döreýär. Olara iki sany güýçli polisler, gadymy grek siwilizasiýasynyň iki merkezini döreden, her biri aýratyn ýol bilen ösýän Afiny we Sparta baştutunlyk edýär. Afinanyň taryhy - bu ilkinji antik demokratiýasynyň döremeginiň we ýeňmeginiň taryhydyr. Şol bir wagtyň özünde Spartany militaristik, hatda, „polisçilik" örän konserwatiw döwlet hökmünde kabul edýärler. Iki polisiň arasyndaky uzaga çeken raýatlyk uruşlary gadymy siwilizasiýany içinden weýran edýär.

Afiny Balkan ýarym adasynda ýerleşýän Attika welaýatynyň şäheridir. Attikanyň ilaty kem-kemden Afinanyň töweregine birleşýär. Bu welaýat gazylyp alynýan peýdaly zatlara (toýun, mermer, kümüş) baý bolupdyr. Ýöne ekerançylyk bilen köp sanly, kiçeňräk jülgelerde meşgullanmak mümkindi.

Bu polisiň baýlygynyň we güýjiniň esasy çeşmesi söwda we gämi gurluşygy bolupdyr. Amatly gämi duralgaly port şäheri bolan Pireý örän çaltlyk bilen ykdysady, söwda we medeni merkeze öwrülýär. Afinylylar Elladada iň güýçli flot döredip, koloniýalara beýleki polislerden getirilen harytlaryny satyp, söwda edipdirler. Afinyda ylym we sungat gülläp ösüpdir. Şäher gurluşygyna ägirt uly

serişdeler sarp edilýär. B. e. ö. V asyrda gadymy Grek binägärçiliginiň beýik nusgasy Akropol gurlup başlanýar. Onuň merkezinde Afina- şäheriniň howandary bolan aýal hudaýa bagyşlanylyp gurulan meşhur Parfenon buthanasy ýerleşipdir. Grek teatrynyň gülläp ösmegi-de Afiny bilen baglanyşykly. Afinada meşhur heýkeltaraşlar, ýazyjylar işläpdirler. Filosoflar Platon we Aristotel bu ýerde öz mekdeplerini döredýärler.

Polisiň syýasy durmuşy baý beglere garşy ýiti göreş arkaly demokratiýa ýoly bilen ösýär. Afiny demokratiýasyny döretmäge ädilen ilkinji ädim b. e. öň 594- ýyl arhontlyga saýlanan (b.e.öň 640 we 635- ýyllar aralygyndan b. e. öň 559 – ýyllar töwerek). Solonyň özgertmeleri bilen baglanyşykly. Beýik kanun çykaryjy özüniň özgertmeleriniň maksadynyň erkin ilatyň arasynda peýda bolan duşmançylykly toparlary ýaraşdyrmakdan ybaratdygyny aýdypdyr. Ol ilkinji nobatda, bergisini töläp bilmedik afinylylary gullara öwürmekligi gadagan edýär we garyplaryň öňki bergilerini hakyky däl diýip yglan edýär we şeýlelikde olara doly hukukly raýat derejesini gaýtaryp berýär. Solon hususy eýeçiligi berkidýär, ýer böleklerini satyn almaga, satmaga, bölüşdirmäge rugsat berýär. Raýatlaryň syýasy hukuklary olaryň gelip çykyşyna däl-de, maddy hal-ýagdaýyna baglydy. Iň garyplaryň-da halk ýygnagynyň agzalaryny saýlamaga hukugy bolupdyr, ýöne saýlanmaga hukugy bolmandyr. Baý adamlar gämi gurmaly, jemgyýetçilik baýramçylyklaryny we tomaşalary gurnamaly bolupdyrlar. Solonyň döwründe halk ýygnaklarynyň ähmiýeti ýokarlanýar.

Afiny demokratiýasy b. e. öň V asyryň ortalarynda emele gelýär. Görnükli syýasy işgärler Efialt we Perikl Solonyň kanunlaryny kämilleşdirip, demosyň hukuklaryny güýçlendirýärler: indi Polisiň raýatlary (harby serkerdelerden başgasy) ýokary wezipelere saýlanmaga hukuk alýarlar. Halk ýygnagy häkimiýetiň ýokary organy bolup, kanunlary kabul edýär, beýlekl polislere uruş yglan edýär we şertnamalar baglaşýar ýa-da ýatyrýar, uruş we parahatçylyk meselelerini çözýär: wezipeli adamlary saýlap, olaryň işlerine gözegçilik edýär. Ýygnaklarda (ol her ýyl 40 gezek geçirilipdir) ähli meseleler düýpli ara anlyp maslahatlaşylýar we her kimiň öz pikirini aýtmaga hukugy bolupdyr. Ähli wezipeli adamlar ses bermek arkaly saýlanypdyr. Demokratiýanyň 25 asyrdan köpräk wagt mun dan öň işlenip düzülen prinsipleri biziň günlerimizde hem dowam edýär.

### Sparta

Bu polis Peloponnes ýarym adasynyň günortasynda Ewrot derýasynyň hasylly jülgesinde ýerleşýär. Spartan döwleti takmynan b. e. ö. IX asyrda döräp, ol bäş sany grek-doriý toparlaryndan ybarat bolupdyr. Polisiň soňky ýaşaýyş durmuşy goňşy jemagatlar bilen dyngysyz uruşlarda bolup geçýär. Spartalylar olaryň ýerlerini, mallaryny basyp alyp, ilatyny gullara-ilotlara öwrüpdirler. Ilotlardan başga-da spartanlylara periýekler (sebitde ýaşaýan spartaly däller) hem isläpdirler. Olar şahsy taýdan azat bolsalar-da, salgyt tölemeli bolupdyrlar. Aýdylyşyna görä, Spartada ähli ýaşaýyş meşhur patyşa Likurg tarapyndan girizilen gadymy kanunlar esasynda gurlupdyr.

Spartalylaryň (Spartanyň doly hukukly ýaşaýjylary) ähli̇si urşujylar bolupdyr.

Olaryň hiç biri-de önümçilik bilen meşgullanmandyrlar, olaryň ornuna ýerleri ilotlar işläp bejeripdirler. Söwdany diňe periýekler edipdirler, hut hünärmentçilik ýaly, söwda hem spartalylar üçin gadagan edilýär. Netijede, Sparta ýapyk ykdysadyýetli ekerançylyk polisi bolup, onda haryt-pul gatnaşyklary ösüp bilmändir.

Spartada urug jemagatynyň ýaşaýyş elementleri saklanypdyr. Oňa garamazdan, polisde hususy eýeçilige rugsat berilmändir. Ýer deň paýlanylyp, jemagatyň emlägi hasaplanylyp, satylmaga degişli bolmandyr. Gullar - ilotlar taryhçylaryň çaklamasyna görä, Spartanyň aýry-aýry raýatlaryna däl-de, döwlete degişli bolupdyr.

Afinanyň ýokary göterilmegi, onuň gadymy grek siwilizasiýasynyň merkezi bolmak ornuna dalaşgärlik etmegini, Sparta çagyryş hökmünde kabul edýär. Ondan başga-da, polisde deňlik prinsipi höküm sürýärdi, oňa spartalylar özlerini deňhukuklylaryň jemagaty diýip, uly buýsanç bilen at berýärler.

Spartalylar birmeňzeş sada jaýlarda ýaşap, birmeňzeş ýönekeý, bezegsiz egin-eşik geýipdirler, altyn we kümüş pullar dolanyşykdan galyp, onuň ornuna demir pullar ulanylýar.

Meşhur patyşa Likurg umumy naharlanyşyklary gurnapdyr, onda her kim öz paýyny, pul, iýmit görnüşinde goşant goşýar. Şikesli doglan çagalary fiziki taýdan ýok edýärler. Oglanjyklara 7 ýaşyndan 20 ýaşyna çenli berk we gazaply jemgyýetçilik terbiýesi berilýär. Kämillik ýaşyna ýetenden son, goşun hataryna alnyp, garraýançalar gulluk edipdirler. Gazaply, berk çäklendirilen Spartadaky ýaşaýyş harby kazarmany ýatladýar. Bu bolsa ýeke-täk maksada; spartalylary mert, çydamly urşujy bolup ýetişdirmäge gönükdirlendir. Harby döwletiň maksadyna Spartanyň döwlet gurluşy hem gabat gelýärdi. Döwletiň baştutany 2 patyşa bolup, harby serkerdäniň wezipesini ýerine ýetirýärler. Kazy, žres, şeýle hem, ýaşulular maslahatyndan (gerusiýa) 60 ýaşdan ýaş bolmadyk tanymal beglerden düzülen eforlar gözegçilik edýän özboluşly döwlet toparyndan ybarat. Ýaşululardan tapawutlylykda patyşa häkimiýetini saýlamaýarlar, bu nesilden-nesile geçýän dereje bolýar. Patyşalar aýratyn hukuklardan peýdalanypdyrlar ýöne, ýaşulylar soweti makullamazdan karar kabul edip bilmeýärler, halk ýygnagynyň pikirini diňlemeli bolýarlar. Spartada demokratiýanyň elementleri ösmändir. Halk ýygnagy iň ýokary organ hasaplansa-da, syýasy durmuşa täsiri uly bolmaýar. Afinalylardan tapawutlylykda spartalylar ýygnaklarda söz bilen çykyş etmeýärler, öz pikirlerini subut etmän, ýöne gygyrşyp, edilen kararlara özleriniň närazylygyny ýa-da razylygyny bildirýärler. Spartanyň döwlet gurluşyny oligarhiki diýip atlandyryp bolýar.

Döwlet gurluşynyň üýtgewsizligi we däp-dessurlaryň gadymylygy beýleki döwletlerden örän berk çetleşmegiň hasabyna saklanylýar. Taryhçy Ksenofont „Spartalylara keseki ýurtlularyň ýeňlesligi ýokuşmaz ýaly, raýatlara daşary ýurtlara gitmegi gadagan edýär" diýip ýazypdyr.

**Öňdebaryjylyk ugrunda göres.**

Afinanyň we Spartanyň güýçleri Persiýa bilen uruş döwründe has berkeýär. Bu döwürde Gresiýanyň köp şäher döwletleri basybalyjylara boýun egdirilýär. Iki polis patyşa Kserksiň ýeňilmezek hasaplaýan goşunyna garşy göreşip, ýurduň garaşsyzlygyny gorapdyrlar.

B. e. öň 478-nji ýylda Afiny Delos deňiz bileleşigini esaslandyrýar. Afiny awtarkiýa düzgünlerini bozup, öz ýaranlarynyň içerki işlerine goşulyp başlaýar, beýleki polisleriň territoriýalarynda hem öz kanunlaryny ornaşdyrmaga çalşyp, beýik döwlet syýasatyny ýöredýär. Afiny döwleti özüniň gülläp ösen döwründe möhüm güýje eýe bolup, oňa 250 töweregi polis birleşýär.

Afinanyň ýokary göterilmegi, onuň gadymy grek siwilizasiýasynyň merkezi bolmak üçin dalaşgärlik etmegini Sparta „çagyryş'' hökmünde kabul edýär. Oňa „jogap'' edip Peloponnes bileleşigi döredilýär. Oňa ownuk, garyp polisler bilen birlikde, baý, ykdysadyýet babatynda öňdebaryjy Korinf, Megary ýaly Afinanyň täsiriniň artmagyndan howatyrlanýan polisler hem birleşýärler.

B.e.öň 431-nji ýylda iki bileleşigiň arasynda gazaply, uzaga (27 ýyla) çeken, tutuş Gresiýany öz içine alan uruş başlanýar. Urşuň başynda güýçleriň mynasybeti Spartanyň tarapynda bolupdyr we bu diňe bir onuň tertipli, tälim berlen goşunynyň bolanlygy sebäpli däldi, eýsem Sparta öňki duşmany - parslar bilen şertnama baglaşyp, ondan uly pul kömegini alýar. Onuň öwezine, Kiçi Aziýadaky grek şäherlerini bermegi wada berýär. Perslerden alan altynynyň hasabyna spartalylar öz flotlaryny gurup, Afinanyň deňiz güýçlerini derbi - dagyn edýärler. B. e. öň 404-nji ýylda Afiny spartalylaryň goşuny tarapyndan gabalyp, boýun egmäge mejbur bolýarlar.

Spartalylaryň Afinadan üstün çykmagy iş ýüzünde, oligarhiýanyň demokratiýanyň üstünden ýeňiş gazanmagyny aňladýar. Bu wagta çenli polisleriň aglaba böleginde oligarhlaryň häkimiýeti berkarar bolupdy. Elbetde, Spartanyň üstünligi uzaga çekmeýär. Afina ikinji deňiz soýuzyny esaslandyrýar. Spartalylara garşy iň baý we güýçli polis bolan Fiwi çykyş edýär. B. e. öň 371-nji ýylda olar spartalylaryň goşunlaryny iň soňkusyna çenli ýok edýär. Peloponnes bileleşigi dargap, Spartadan oňa degişli welaýatlaryň birnäçesi bölünýär we onuň mülkleri Lakonikanyň çäginden çykmaýar.

Şeýlelikde, Sparta öňdebaryjylyk ugrundaky göreşde ýeňilýär. Fiwiniň, soňra Afinanyň beýik döwlet bolmak ugrundaky göreşleri netije bermeýär. Sparta garşy göreşde düýnki ýaranlar özleriniň özbaşdaklygyny saklamaga dyrjaşyp, biri-birlerine duşman bolýarlar.

Bir polisiň häkimiýeti astynda Gresiýany birleşdirmäge edilen synanyşyk netije bermeýär. Haçan-da, özbaşdaklygy ýitirmeklik has uly howp bolup abananda, uruş wagty bileleşikler döreýär. Bileleşikleriň dargamagynyň birnäçe sebäpleri bolupdyr, ilkinji nobatda, olarda deňhukuklylygyň bolmazlygy. Ýöne esasy sebäbi şeýle bileleşige polisiň ýaşaýyş durmuşy esaslanan awtarkiýa prinsipi gabat gelmändir.

**Polisiň pese düşmegi ýa-da siwilizasiýanyň pese düşmegi?** Spartanyň ýeňilmegi grek polislerinde demokratiýany dikeldip, olara garaşsyzlygyny

gaýtaryp berýär. Ýöne öňki tertip-düzgünleriň gaýtadan dikeldilmegi, uzaga çeken Peloponnes uruşlary diňe bir Spartany däl, eýsem ýeňen polisleri-de, şol sanda, tutuş Gresiýany gowşadypdy. Iň esasy-da polis Peloponnes uruşlary döwründen başlap, çökgünlik ýagdaýyna düşüp başlaýar. B.e. öň IV asyr klassyky Gresiýanyň, onuň polis ulgamynyň soňudy. Belli taglymatçy A. Toýnbiniň pikirine görä, gadymy grek siwilizasiýasynyň tamamlanmagynyň umumy başlangyjydy. Ellinistik döwürde Gresiýa özüniň görlüp-eşidilmedik giňişlikde çäklerini giňeldip, ykdysady taýdan ýokary göterilýär, onuň ruhy medeniýeti bolsa öňküsi ýaly bay we köpdürlüligine galýar. Ýöne, öňki siwilizasiýa gurluşy weýran bolup başlaýar. Bu ýagdaý haryt-pul gatnaşyklarynyň aýratyn güýçli ösen ýeri bolan Afiny polisinde ýüze çykýar. Raýat ekerançylaryň „ýapyk" jemagaty hökmünde emele gelen polisiň kanunlary baýlara-da, doly hukuksyz adamlara hem telekeçilik işi bilen meşgullanmaga mümkinçilik bermeýär. Olaryň arasynda b. e. öň IV asyrda Afinanyň ilatynyň deň ýarysyny düzýän köpsanly keseki ýurtly - metekler bolup, olar hünärmentçilik, söwda we karz pul bermek bilen meşgullanypdyrlar. Ýöne olara-da polisiň umumy emläginden ýer almaga, Lawriýon känlerinden kümüş gazylyp çykarylýan pudaklary özleşdirmäge mümkinçilik bermändirler. Döwlet we hususy prinsipleri birleşdiren, eýeçiligiň köne görnüşi öz möhletini geçiripdi, mundan beýläk doly hususy eýeçilige geçmeklik zerurdy.

Syýasy durmuşda hem özgertmeler bolup geçýär. Oligarhiýa bilen demokratiýanyň arasyndaky göreş, emläk ýagdaýy boýunça bölünen toparlaryň arasyndaky göreş bilen çalyşýar. Beýik gadymy grek filosofy Platon „polisiň içinde iki sany özara duşmançylykly döwleti emele geldi: biri- baýlaryň, beýlekisi-garyplaryň" diýip ýazýar. Afinyda bu gapma-garşylyklar halk ýygnagynda gahar-gazaba ösüp geçip, ondan soň syýasy garşydaşlar kowlup çykarylýar. Beýleki polislerde bu iş raýatlyk uruşlaryna baryp ýetýär.

## § 4.Gadymy grek polisleriniň medeniýeti

Gadymy grek siwilizasiýasy örän baý we köp dürli ruhy medeniýeti döretdi. Onuň kemala gelmeginde we ösmeginde polisleriň orny uly bolup, onda ýaşaýşyň gurluşy adama özüniň başarnygyny iň oňat tarapdan görkezmäge mümkinçilik berdi. Şonuň üçin eýýäm b. e. öňki VII-V asyrlarda Gresiýada filosofiýa döreýär. Ilkinji grek filosoflaryny ilki başda daş töweregi gurşap alan dünýäniň gurluşy we emele gelşi gyzyklandyrypdyr. Şol sebäpli, bu çylşyrymly meseläni çözmek üçin olar efsanalara däl-de, tebigaty öwrenmeklige ýüzlenýärler. Hut şonuň üçin, ilkibaşda filosofiýa meditsina, astranomiýa, matematika we ylaýtada beýleki ýaňy başlanan ylymlar bilen ýakyndan baglanyşykly bolupdyr. Mysal üçin, meşhur grek filosofy *Fales (b. e. öňki VII-VI-asyrlar)* matematikany esaslandyryjy hasaplanýar. Beýleki görnükli pähimdar *Anaksimandr (b. e. öňki VI asyr.*) ilkinji bolup fizikanyň iň möhüm kanunyny – energiýanyň saklanmak kanunyny açýar we ýer togalagynyň ilkinji geometriki şekilini döredýär.

Häzirki zaman ylmy nukdaýnazaryndan elbetde, tebigatyň kanunlaryna düşünmek üçin edilen ilkinji synanyşyk kämil däldi, ýöne, möhüm zat dünýäniň gurluşynyň

taglymaty efsanalar däl-de eýsem, ylmy - bilimler esasynda döredilýär.

Filosoflar dünýäniň döremeginiň we onuň köp dürlüliginiň çözgüdini tebigatyň özünden gözläpdirler. Filosoflar dünýäni olar umumy bitewilik diýip, göz öňüne getirmek bilen dürli-dürlidigine garamazdan, onuň esasynda ilkinji elementiň durýandygyny nygtapdyrlar. Şol ilkinji element filosof Fales üçin „suw” bolup, ol dyngysyz bir görnüşden başga görnüşe öwrülip durýar we adamyň daş töwereginde görýän ähli zatlaryny emele getirýär.

Filosofiýa - tebigatyň we jemgyýetiň, şol sanda hem adamyň ösüşi hakynda kanunlar baradaky ylymdyr.

Beýleki bir filosof *Anaksimen ( b. e. öň VI asyryň başlary*) ilkinji element hökmünde howany göz öňünde tutýar. Howa dykyzlanyp suwy, daşy we başga zatlary emele getirip bilýär. Ýöne şol element dürli möçberde ýerleşýänligi üçin dünýä köp dürli, biri beýlekä meňzeş däl. *Geroklit ( b. e. öňki VI asyr. )* ilkinji element diýip ody hasaplapdyr. Ýöne onuň esasy taglymaty „dünýäde ähli zat elmydama hereket edýär, üýtgeýär, gapma-garşylyklaryň göreşi. Daş töwerekde müdimi zat ýok. Onuň taglymaty filosofyň dana sözlerinde öz beýanyny tapýar. Ol şeýle diýipdir „Şol bir suwa iki gezek girmek mümkin däl”, „Ähli zat akýar, ähli zat özgerýär.’’

Ýöne, Gresiýada filosoflar diňe bir dünýäniň emele gelşi we gurluşy hakyndaky çylşyrymly meseleler bilen meşgullanman, eýsem polisleriň gaýnap - joşýan syýasy durmuşynyň ýagdaýynda - halk ýygnaklarynda çekeleşikli jedeller wagty başga bir ugur, ilkinji nobatda adamy we jemgyýeti öwrenýän akym döreýär. Ol akym ***„Sofistika”*** (Sofistaý- grek sözi „parasatlyk mugallymy’’ diýen sözden) b. e. öňki V-IV asyrlarda emele gelip, tutuş Gresiýa ýaýraýar. Ol has hem Afinyda meşhurlyga eýe bolýar.

Sofistler adamyň tebigatyna seljeriş berip, adamyň aň ýetirişi nähili derejede dogry, gurşap alan dünýä akyl ýetirip bolarmy ýa-da ýok ýaly, meseleler barada gyzyklanypdyrlar. Sofistleriň biri filosof (*Protagor b. e. öňki V-IV asyrlar.*) bu barada şeýle diýýär: „Ynsan ähli zatlaryň ölçegidir.” Şeýle diýmek bilen ol hakykatyň subýektiwligini görkezýär. Sebäbi ony adamyň özi döredýär we özi oňa baha berýär. Protagor dünýä hakynda pikirlenmelerine has köp şahsy pikirini goşupdyr. Ol şeýle diýipdir: „Şol bir zat hakda iki dürli düýbünde gapma-garşy pikir bolup biler”.

*Ol ýene-de hudaýlar barada şeýle diýipdir: „ Hudaýlar hakynda hiç zat bilemok, ol barmy ýa-da ýok: sebäbi oňa düşünmäge päsgel berýän köp zatlar bar-predmetiň açyk- aýdyň däldigi we adamyň ömrüniň gysgalygy...” Protagoryň aýdanlaryndan.*

Sofistler özleriniň pikirleriniň dogrudygyny tassykamak üçin, dürli polislerde kabul edilen kanunlary we ahlak kadalary deňeşdiripdirler. Olar adalat adamlar tarapyndan birmeňzeş düşünilmeýändiklerini görmek bilen olar, şol bir zat hakynda iki hili pikir bolyp biler diýip netije çykarýarlar. Şonuň üçin, sapaklarda okuwçylar ahlak we oňa garşy ynandyryjy delilleri bildirýän çykyşlary

taýýarlapdyrlar. Elbetde, sofistika ýalňyşmaklyga getirip biljekdi, ýöne ol dünýägaraýşyň giňelmegine we kesekiniň pikirine düşünmeklik başarnygyny öwredip biljekdi.

**Gadymy Gresiýanyň edebiýatynda we sungatynda adamyň orny.** Polisleriň ýaşaýşy adama özüni durmuşda açyp görkezmäge mümkinçilikler berýär. Bu bolsa öz gezeginde şahsyýete, adamzat häsiýetiniň, duýgularynyň köp dürlüligine we gaýtalanmaýanlygyna gyzyklanma döredýär. Edebiýatda indiwidualizm beýan edilip başlanýar. Eýýäm b. e. öňki VII-VI asyrlarda edebiýatda täze görnüş-lirika („lira''grek sözünden-saz guraly) döreýär. Lirikada wakalar däl-de, eýsem hut adamzadyň duýgulary beýan edilipdir. Lirikada adamyň içerkii dünýäsi açylyp görkezilip, ahyrynda hem şahsyýet gymmatlygy berkarar edilipdir. Gadymy grek şahyrlarynyň goşgularynda gaýgy-hasratyň girdabyna düşen adamyň içki dunýäsinde rahatlyk tapyp bilýändigini görüp bolýar. Şahyrlar has inçe, düşündirmesi örän kyn duýgy-söýgi hakynda uly joşgun bilen ýazypdyrlar. Adam şahsyýetiniň tragediýasy – pajygaly ýagdaýy hem ýazyjylaryň üns merkezinde bolupdyr. B. e. ö. V asyr hudaý Dionisiň hormatyna bagyşlanylyp geçirilen baýramçylyk esasynda dörän gadymy grek teatryň gülläp ösen döwri bolupdyr. Teatryň sahnalarynda 3 günüň dowamynda baýramçylyk günleri ertirden agşama çenli komediýalara we tragediýalara tomaşa edipdirler. Awtorlary adamzat kemçilikleriniň ýa-da syýasy garşydaşlarynyň üstünden gülýän şadyýan, ýiti pikirli komediýalar, hudaýlara we täleýine garşy durup bilýän edermen şahsyýetler hakynda gürrüň berýän tragediýalar gyzyklandyrýar we olar gezekleşdirilip görkezilýär. Şonuň üçin hem tragediýalar köp halatda baş gahrymanyň heläk bomagy bilen tamamlanypdyr, sebäbi olar adama tabyn däl, adamyň ýeňip bilmejek adatdan daşary güýçlerine garşy göreşipdirler.

Şahsyýete bolan gyzyklanma gadymy grek sungatynda-da öz beýanyny tapýar. Heýkeltaraşlar, suratkeşler b. e. öň V asyrdan başlap, tebigy adam bedenini takyk, hereketsiz ýagdaýda däl-de, häsiýetini, duýgusyny janlandyryp görkezmäge çalşypdyrlar.

**Kämillik gözleginde**

Grek medeniýetinde buddizim, konfisiýançylyk, iudaizm ýaly halas ediji din emele gelmeýär. Ýöne Gündogardaky ýaly b. e. öň VI-V asyrlarda grek filosoflary asmanyň we ýerdäki düzgünleriň aratapawudyna düşünip başlaýarlar we adamy, galyberse-de, jemgyýeti ýokary derejelere laýyklykda özgertmäge çalyşýarlar. Şeýle filosoflaryň biri-de Sokrat ( b. e. ö. 469-399 ý.) bolupdyr. Sokrat adam üçin möhüm mesele ahlak taýdan kämilleşmek diýip yglan edýär, bu oňa asman gözelligine we sazlaşygyna golaýlaşmaga mümkinçilik berýär diýip düşündiripdir. Kämillige tarap ýol ylmy bilimler arkaly amala aşýar. Şol bir wagtyň özünde - de hem, öz kemçilikleriňi, pes häsiýetleriňi bilmeli. Fales, Pittak, Periandr, Biant, Solon, Kleobul we Hilon Gadymy Gresiýada „ýedi pähimdar" diýip atlandyrylan akyldarlaryň ( b. e. öň VII –VI asyrlar) döredijiliginde adamzat işlerinde we gatnaşyklarynda etiki we ahlak –hukuk düzgünler baradaky garaýyşlaryň rasionilizasiýalaşdyrylmagy ösdürilýär. Sokrat ýaş wagtynda Delfdäki Apollonyň

ybadathanasynyň girelgesindäki sütünleriň diwaryndaky „Özüňi tana” diýen ýazgyny görüp, geň galypdyr. ( Bu aforizmiň awtory spartaly pähimdar Hilon bolup, bu jümleler gadymy grek pikirleriniň taryhynda ähmiýetli orny eýeläpdir.) Şondan soň bu sözler Sokradyň esasy şygaryna öwrülipdir. Sokratyň yzyny eýeriji, şägirdi Platon ( b. e. öň 429-347- ý. **)** okuwçylary birleşdirip, Afinyda akademiýany - filosofiýa mekdebini esaslandyrýar. Platonyň filosofiýasynda hudaý hakyndaky ideýa ýok, ýöne göze görünmeýän dünýä ideýasy hakynda pikir bolupdyr ýa-da ýerdäki ähli zatlary özgerdýän we ýerde ýaşaýan eýdoslar hakynda ideýa bar. Eýdoslar kämil we olar özgermeýärler. Ýerde özleriniň maddy ýagdaýlarynda, eýdoslar bu häsiýetlerini ýitirýärler. Real dünýäniň ähli wakalary- olaryň örän tutuk, gowşak salgymydyr.

Hut şonuň ýaly hem adamlaryň ruhy ilkibaşda günäsiz, ýere düşüp öz arassalygyny we kämilligini ýitirýär. Ilkinji nobatda adamlaryň ruhuny çendenaşa islegleri we hyjuwlary zaýalaýar. Ýöne Platon ( ondan öň Sokrat) adam özüniň ruhy kämilligini dikeldip biljekdigini aýdýarlar. Eger ol pes istegleriň ornuna, beýik we mertebeli zatlary isleseler, onda adamynyň ruhy ýaşap ýören wagty eýdoslaryň dünýäsine aralaşýar, başgaça, asman nusgawylygyna deňleşýär.

Asmandaky dünýäde eýdoslaryň polisleri hem bar, bu bolsa kanun çykaryjynyň esasy meselesiniň aňrybaş nusgawylyga golaý bolan polis döretmelidigini aňladýar. Platon özüniň „Döwlet” diýen işinde şeýle kämil polisi döretmegiň takyk meýilnamasyny işläp düzýär. Ýöne Platonyň polisleriň pese düşen wagty ýaşandygyny nazara alyp, onuň üçin we Gresiýanyň beýleki akyldarlary üçin hem jemgyýetçilik gatnaşyklarynda şol ýitirilen sazlaşygy dikeltmek örän möhüm bolupdyr.

Grek filosofynyň pikirine görä, polisleriň şekili nähili derejede nusgawy häsiýete eýe bolupdyr?

Platon polisleri iň gadymy döwürde „altyn asyrda” bolşy ýaly, haçan-da, jemagatçylyk, kollektiwçilik başlangyjy ýaşaýşyň ähli ugurlaryna aralaşar ýaly dikeltmek isleýär. Şonuň üçin, Platonyň utopiýasy örän gazaply we gözgyny. Filosof polisiň ilatyny üç topara bölmegi teklip edýär. Birinji topara daýhanlar, hünärmenler, söwdagärler hiç hili hukuklary bolmadyk, örän ýönekeý ýaşaýanlary degişli edýär. Ikinji topara-„sakçylar’’ urşujylar - polisi daşky duşmandan we döwleti içinden goraýan urşujylar degişli.

Pähimdar filosoflardan düzülen hökümdarlary bolsa-üçünji topara degişli edilýär. Sebäbi Platonyň pikiriçe „döwletiň güýji we filosofiýa” bir ýere birleşmese, onda döwletiň betbagytçylygynyň ahyry bolmaz diýip, hasap edýär. Sakçylaryň we hökümdarlaryň çäklendirlen, maşgaladan we emläkden mahrum bolan ýaşaýşy bolmaly. Sebäbi bu zatlar ony jemgyýete gulluk etmekden ünsüni sowýar.

Platon çaga terbiýesini jemgyýete tabşyrýar, „eger-de perzent atasyny, ata perzendini tanamasa’’, onda ähli raýatlar biri-birleri bilen öz garyndaşlary ýaly gatnaşyk eder. Platonyň asketiki-terkidünýä taglymaty esasynda deňeşdirlen polisi käbir ugurlary boýunça spartan jemgyýetini ýada salýar. Pese gaçyşlyk döwründe,

adaty ýaşaýyş kadalarynyň weýran bolýan wagty, polisler ähli öňden gelýän düzünleriň daýanjy hasaplanylýar

*Demokratik döwletde başarnygyň bar bolsa-da dolandyrylyşyga gatnaşmagyň hiç hili zerurlygy ýok, eger islemeseň tabyn bolmagyň hem zerurlygy ýok, eger-de ony islemeseň beýlekiler söweşýän wagty söweşmek hem hökman däl, beýlekiler ýaly parahatçylyk şertlerini ýerine ýetirmäge-de borçly däl.*

*...Eýsem göräýmäge şeýle ýaşaýyş ajaýyp dälmi, öz-özüne maýyl edenokmy? Elbetde, ýöne diňe az pursatlyk. Platon „Döwlet"*

Gresiýanyň medeniýetinde iň gadymy döwürde adam doly ýaşaýşa ukyply edilip görkezilýär. Gadymy grek edebiýatynda, filosofiýasynda, sungatynda ýaşaýyş kanunlarynyň öňünde raýatlyk hoşniýetligi, söýgüsi we gorky duýgusy we ruhy pesligi, güýji we gowşaklygy, adam bedeniniň gözelligi - olaryň ählisi öz beýanyny tapýar.

## § 5. Siwilizasiýanyň soňky etaby. Ellinizm döwri we onuň çeşmeleri

Haçan-da güýçli grek polisleri özara uruşlar esasynda biri-birilerini güýçden gaçyrýan pursatlary Balkan ýarym adasynyň demirgazygynda ýaş döwlet-Makedoniýa güýçlenip ugraýar. Patyşa Filipp II döwründe, şol döwrüň iň güýçli goşuny döredilip, Makedoniýa Gresiýanyň syýasy durmuşyna işjeň gatnaşyp ugraýar, tizden Afiny, Korinf we beýleki grek polisleri olaryň ýaranlary bilen harby çaknyşyklara başlaýar. B. e. öňki 338-nji ýylda bolan söweşde grekler ýeňilýär we bir ýyldan soň Filipp II ähli grek polisleriniň soýuzyny döredýär. Filipp II-ň ogly Aleksander Makedonly b. e. öňki 336-njy ýylda tagta çykyp, öz atasynyň meýilnamlaryny durmuşa geçirýär; grekleriň öňki duşmany bolan parslara garşy ýöriş guraýar. Şol döwre çenli gowşan pars döwletine uly territoriýalar: Eýranyň daglyk bölegi, tutuş Orta Aziýa, Alynky we Kiçi Aziýa, Hindistanyň bir bölegi, Müsür degişlidi. Makedonlyda ilkinji ýörişden soň, tutuş Persiýany, soňra tutuş dünýäni eýelemek ideýasy emele gelýär. B. e. öňki 324-nji ýylda Aleksandr özüniň uzaga çeken iň soňky söweşini tamamlaýar we bir ýyldan soň, 33 ýaşynda aradan çykýar.

Aleksandr Makedonlynyň basybalyşlary netijesinde Balkan ýarym adasyndan, Egeý deňziniň adalaryndan başga-da Müsüri, Kiçi Aziýany, Orta Aziýanyň günortasyny we Merkezi Aziýanyň bir bölegini özüne birikdiren ägirt uly imperiýa emele gelýär. Beýik serkerdäniň basybalyşlary sol bir wagtda weýrançylyk bilen birlikde täze gatnaşyklary-da getirýär. Gündogara grekleriň we makedonlaryň uly topary göçüp gelýärler. Olar änli ýerlerde täze sosial gatnaşyklary ornaşdyrýarlar, şäher-polislerini döredýärler, aragatnaşyk ulgamlaryny gurýarlar we grek dünýäsiniň medeniýetini ýaýradýarlar, öz gezeklerinde iň gadymy siwilizasiýanyň gazananlaryny saýlap alyp öwrenýärler.

Grekler basyp alan ençeme şäherlerinde jemgyýetçilik mekdeplerini döredip, oglanjyklara grek ugru boýunça bilim beripdirler, teatrlar, stadionlar, ippodromlar

gurlupdyr. Grek medeniýeti we ýaşaýyş durmuş şekili gündogar medeniýetiniň däp-dessurlaryny özüne siňdirip, Gündogar ýurtlaryna aralaşýarlar. Grek hudaýlary bilen birlikde Isida we Osiris, beýleki gündogar hudaýlaryna tagzym edip, olaryň hormatyna ybadathanalar gurupdyrlar. Ellinistik patyşalar gündogaryň däplerine esaslanyp patyşa kultuny ornaşdyrypdyrlar. Gündogaryň käbir şäherleri grek şäherleri bilen bäsleşip, iri medeni merkezlere öwrülipdirler. Mysal üçin, Aleksandriýada 700 müň töwerek kitaplary bolan ägirt uly kitaphana gurlupdyr. Şeýle kitaphanalar Pergamda we Antiohiýada hem bolupdyr.

**Syýasy durmuş we gymmatlyklar ylgamy.**

Makedonlynyň imperiýasy örän gowşak we dagynyk birleşmedi. Sebäbi, oňa biri - birlerinden ykdysady we medeni gatnaşyklar babatynda tapawutlanýan welaýatlar degişlidi. Olaryň ilaty dürli dinlere uýýardylar. Aleksandr Makedonly iri şäherleri basyp alyp, tabyn edilen welaýatlardan salgyt ýygnamak bilen çäklenýär, olaryň ýaşaýyş durmuşyny özgertmeklige üns bermeýär. Ol aradan çykandan soň onuň imperiýasy serkerdeleriniň - oruntutarlarynyň arasynda bölüşilýär. Olar bolsa öz aralarynda häkimiýet ugrunda göreş alyp barýarlar. Täzeden harby bileleşikleri döredýärler we dargadýarlar, ýerli emeldarlaryň häkimiýeti ýokary galýar we şowsuzlyga sezewar bolýardy. Gresiýa ellinizm döwründe ýerli däpleriň grek-makedon däp-dessurlary bilen utgaşmagy esasynda dörän ençeme aýry-aýry döwletlerden ybaratdy.

Bu döwletler gündogar despotiýasy bilen polis ulgamynyň özboluşly birleşmesini özünde jemleýärdi. Olara öz mülk ýeri, hemişelik goşuny we merkezleşdirilen dolandyryş ulgamy bolan monarh baştutanlyk edýärdi. Ýöne şäherler özüne degişli obalarynyň territoriýalary bilen birlikde ýerli öz-özüni dolandyryş düzgünini saklapdyr. Elbetde, şäher ýerleriniň möçberi patyşa baglydy, polisler özbaşdak daşary syýasaty alyp barmak hukugyndan mahrum bolupdyrlar, onuň içerki syýasatyna patyşa emeldarlary gözegçilik edipdir.

Emele gelen täze düzgünler käbir artykmaçlyklary: galagoply döwürdäki howpsuzlygy üpjün etmäge kömek edipdir hem-de polislere döwletiň beýleki welaýatlary bilen gatnaşyk etmegini ýeňilleşdiripdir. Ýöne monarhistik häkimiýete bolan gatnaşyk bir meňzeş däldi. Aýratyn ýagdaýlarda şäherler ony goldasalar, kä halatlar-da, esasan hem, demokratik düzgünleriň has güýpli ösen ýeri bolan Gresiýanyň ýerlerindäki polisler oňa garşy çykypdyrlar.

Ellinistik döwletiň içerisinde hakyky durnuklylyk bolmandyr: wagtal-wagtal şanesilleriniň häkimiýet ugrundaky özara uruşlary, şäher begzadalary bilen patyşa emeldarlarynyň çaknyşyklary, şäherleriň dolulygyna awtonomiýa hukugyny almak ugrundaky göreşi, aşaky sosial gatlagyň salgyt ulgamyna garşy çykyşlary döwleti gowşadýardy. B. e. öň III asyrda ýaş uruşparaz rim siwilizasiýasynyň ellinistik dünýä hüjüme başlamagy we yzly-yzyna döwletleri basyp almagy bilen ýagdaý has-da çylşyrymlaşýar. Adam döwrüň çökgünligini we öz ykbalynyň pajygaly durnuksyzlygyny has ýiti duýup başlaýar, onuň ýaşaýyşa bolan duýgusyny sosial we syýasy kataklizmalar özgerdýär.

Dürli mekdepleriň filosoflary ( stoikler, epikurçylar, kinikler) her hili ýagdaýda-da içerki sazlaşygy gorap saklap biler ýaly täze etiki kadalary döretmäge synanyşyk edýärler. Stoiker, eger-de adam baýlyga, şöhrata, hormat-sylaga üns bermän, jemgyýetiň öňündäki borjuny ýerine ýetirse, onda ol bagtly we rahat durmuşa ýeter diýip öwredýärler. Meşhur Epikur (b. e. öň 341-270- ýyl.) adamlar ölümiň we täleýiň öňündäki gorkudan halas bolmalydyrlar diýip öwredýär. Ruhy abatlygy we rahatlygy kämilleşmek arkaly gazanyp bolar, onuň üçin işjeň hereketden ýuz öwurmeli.

*Göze ilmän ýaşa.*

*Kim az zada kaýyl däl bolsa,oňa ähli zat hem azdyr.*Epikur.

Kinikler jemgyýetde hökum surýän adalatsyzlygy ýazgarmak bilen garyp ýaşamaklyga çagyryp, öz sözlerini şahsy göreldeleri bilen tassyklaýarlar. Kinikleriň belleýşi ýaly hydaýlar adamlara ýaşamak üçin ähli zerur zatlary berip, olary ýeňil we bagtly ýaşaýyş bilen üpjün etdik diýip, hasap edýärler. Adamlar bolsa özleriniň çenini-çakyny bilmänligi sebäpli, öz-özlerini müdimilik gaýgy-aladaly we betbagt edýärler.

Kinikler hyjuwy örän uly hyjuw bilen ýigrenipdiler.

Ellinistik dünýä wagtyň geçmegi bilen Rim imperiýasy tarapyndan ýuwdulýar. B. e. öňki 196-njy ýylda Rim grek polisleriniň azatlygyny jar edipdir. Monarhiýa düzgüni ýatyrylýar. Grek polisleriniň bileleşikleri dargapdyr, demokratiýanyň ornuna oligarhiýa ornaşypdyr. Adamlaryň ägirt uly köpçüligi gulçulyga satylyp, ýurtdan çykarlypdyr. B. e. öň 30-njy ýylda Rim goşunlary özbaşdaklygyny gorap saklan iň soňky ellinistik döwleti bolan Müsüri eýeleýär.

*Ellinizm döwründe taryhda ilkinji gezek gündogar bilen günbataryň arasyndaky adamzat gatnaşyklary hemişelik we durnukly ýagdaýa geçýär. Ol gatnaşyklar söwda-da, önümçilikde we ş.m ýüze çykýar. Şonuň bilen birlekde-de gerk siwilizasiýasynyň esaslary kem-kemden döwrüni geçirýär.*

# IV bap. Gadymy Rimde jemgyýetçilik -syýasy özgertmeler.

*Barda aýt: Rimlilere habar ber! Asman hökümdarlary-hudaýlar hem şony isleýär. Meniň Rimim älemiň merkezi bolmaly. Şonuň üçin olar harby işi yhlas bilen öwrensinler. Olaryň özleri-de bilsin, nesillerine-de öwretsinler; hiç bir adam güýji Rim ýaragynyň garşyna durup bilmez.*

*Rimi esaslandyran Romulyň wagyzlaryndan.*

## § 1. Rim siwilizasiýasynyň çeşmeleri

Rim siwilizasiýasy köp häsiýetleri bilen gadymy grek siwilizasiýasyna meňzeşdi. Taryhçylaryň arasynda köpden bäri ,,Rim siwilizasiýasy özbaşdak bolupmy?" diýen mesele boýunça jedeller gidýär. Alymlaryň bir topary bu soraga,, ýok" diýip, jogap berýärler. Olaryň hataryna, ilkinji nobatda nemes filology Spengler (1880-1836) we iňlis alymy Arnold Toýnbi degişli bolup, olar Rimiň taryhyny bütewi grek-rim (antik) siwilizasiýasynyň iň soňky etaby diýip atlandyrýarlar. Olar Rimiň ruhy medeniýetinde özboluşlylyk görmän, oňa gaýtalanýan, örän utilitar diýip belläpdirler.

*Utilitarizm-işewirlik, hemme zatdan peýda görmäge bolan ymtylyş. Bu ýerde öýkünmeklik, gaýtalamaklyk, meňzeş bolmak manysynda.*

Iýeremiýa Bentam (1748-1832) görnükli iňlis filosofy, ykdysadyýetçisi, hukukşynas, utilitarizm taglymatyny esaslandyryjy. Bentamyň taglymatynda peýda prinsipi esasy orny eýeleýär. Bu ýerden hem şu akymyň ady- utilitarizm (latyn utilitas-peýda) gelip çykýar. Utilitarizm Bentamyň ,,Ahlaklygyň we kanunçylygyň prinsiplerine giriş" diýen meşhur eserinde takyk kesgitleme berilýär. Ol ,,Kanunçylygyň prinsipleri", ,,Deontologiýa", ,,Ähli döwletler üçin konstitusion kodeksiň başlangyç gollanmasy" diýen işlerinde utilitarizm diýlip atlandyran taglymatyny döredýär we onuň kömegi bilen syýasy we hukuk institutlaryny demokratizasiýalaşdyrmagyň maksatnamasyny esaslandyrýar.

Olaryň pikirine görä, rimlileriň esasy gazananlary tehnikada, kanunçylykda, tebigy ylymlarda bolup, filosofiýada, edebiýatda, sungatda grek täsiriniň düýpli duýulýandygyny belleýärler.

Taryhçylaryň beýleki bir topary bolsa, Rimiň özboluşly siwilizasiýa, gymmatlyklar toplumyny, döwlet gurluşyny döredip, onuň gadymy grek siwilizasiýasyndan düýpli tapawutlanýandygyny belleýärler.

Rimliler beýleki halklardan tapawutlylykda öz yurtlarynyň taryhyny çuňňur bilýändiklerine buýsanypdyrlar. Rowaýata görä, Rimiň dörän wagty biziň eýýamymyzdan öň 21-nji aprel 753-nji ýyl. Hakykatdan-da, Rimiň iň gadymy döwri köp sanly syrlary saklaýar. Bu mesele häzirki wagtda hem alymlaryň arasynda dürli pikirleriň döremegine sebäp bolup durýar. Rim siwilizasiýasy hem gadymy grek siwilizasiýasy ýaly deňiz siwilizasiýasy hasaplanýar. Apennin ýarym adasyny materikden Alp daglary bölüp aýyrýar. Oňa Apennin ýarym adasy diýlip atlandyrylylmagynyň sebäbi, demirgazykdan başlap günorta çenli tutuşlyna gunbatar tarapdan pessejik Apennin daglary geçýär. Ony Ortaýer deňziniň bir bölegi hasaplanýan günbatarda Tiren deňzi, gündogarda Adriatik deňzi ýuwýar. Amatly deňiz aýlaglarynyň ýoklugy, Rime deňiz döwleti bolmaga päsgelçilik döretmeýär. Iň amatly kiçeňräk aýlaglar Neopolitan aýlagynda, Tibr derýasynyň

başlangyjyndadyr. Italiýanyň howa şertleri ýumşak we maýyl, diňe demirgazygynda gyş gazaply gelipdir. Po, Tibr, Arno derýalarynyň jülgesiniň mes topraklary bolupdyr. Ekerançylyk üçin amatly şertler Müsürdäki, Derýaaralygyndaky ýaly bolmasa-da, gadymy taryhçylar ýurtlarynyň hasyllylygyny, beýleki tebigy baýlyklarynyň bollugyny buýsanç bilen belläpdirler.

Apennin ýarym adasy gadymy döwürde köpsanly taýpalar tarapyndan ilatla - şypdyr. Olaryň arasynda ligurlar, umbrlar, wenetler, şeýle hem latynlar bolup, olar Tibriň aşak akymynda ýaşapdyrlar. Lasiý diýlip, atlandyrylan welaýat öz goňşylaryndan pesseşik daglar bilen bölinip aýrylypdyr. Şu ýerde geljekde Rim siwilizasiýasynyň merkezi emele gelýär.

B. e. öň VIII asyrda rim siwilizasiýasynyň dörän döwri bu taýpalar ilkidurmuş ýaşaýşyndan düýpli saýlanmandy. Olar bilen goňşy ýaşaýan beýleki halklar-grekler, karfagenliler, etrusk taýpalary ösüşde ýokarda durýardylar.

B. e. öň VIII-VI asyrlarda grek kolonistleri Günorta we Orta Italiýada, Sisiliýada mekan tutýarlar. Bu ýerde şäherler emele gelip, olaryň arasynda Neopol, Sirakuzy iri söwda - medeni merkezler bolupdyr. Olar geljekki rim siwilizasiýasynyň ösmegine itergi berýär. Rim şäher döwletinde, hut Gresiýadaky ýaly döwlet gurluşy bolup, filosofiýa, edebiýat, sungat gülläp ösüpdir. Grek tehnikasy, efsanalary, elipbiýi, oba hojalygyny ýöreretmegiň usullary, syýasy gurluşy, Italiýany ilatlaşdyran taýpalara öz täsirini ýetirýär. Sisiliýanyň günbatar bölegi Karfagen tarapyndan eýelenýär. Karfagen Rimiň geljekki esasy garşydaşy, finikiýalylaryň demirgazyk Afrikadaky iň iri koloniýasydyr. Ol häzirki Tunisiň territoriýasynda ýerleşipdir. Karfagen aralyk söwdanyň möhüm merkezi bolup, ol iş ýüzünde özbaşdak ortaýer deňziniň kenarlaryna kolonistleri ýollapdyr. Olar grekleriň ýowuz duşmanlary bolmak bilen b. e. öň VII-VI asyrlarda Sisiliýany eýelemek ugrunda dyngysyz göreşip, adanyň ep-esli bölegini basyp almagy başarýar.

Etruşk taýpalarynyň gelip çykyşy köp sanly syrlar bilen baglanyşykly: olaryň gelip çykyşy näbelli, Italiýa gündogardan gelipdir diýip, taryhçylaryň köpüsi belläpdir. Grek elipbiýinden peýdalanypdyrlar, ýöne dillerine düşünmeklik häzire çenli hem başardanok. Olaryň medeniýeti barada köp zatlar saklanyp, onuň ýokary derejä ýetendigine şaýatlyk edýär. Rimlileriň iň ýakyn goňşulary bolup Etrutiý welaýatyny (häzirki Toskanany) eýeläpdirler. Ol (ýerde) şäherlerde dogry gönüburuçly büçüwli daşdan jaýlar we ybadathanalar gurlupdyr. Etrusklar ekerançylyk, söwda, deňiz garakçylygy, senetçilik bilen meşgullanypdyrlar.

Etrusklar rumlilere güýçli täsir edipdirler: bu sungatda, dini ynançlarynda, şäher gurluşygynda, jaýlaryň aýratyn binagärçiliginde, içerki howlularynyň gurluşygynyň aýratynlygynda has aýdyň ýüze çykýar. Olardan rumliler patyşa häkimiýetiniň nyşanlaryny, etrusk medeniýetini öwrenmek arkaly grek medeniýetini kabul edýär. Etrusk bilen aragatnaşyk güýçli bolupdyr. Bu ýere baý maşgaladan bolan oglanlar bilim almak üçin ugradylýar. B. e. öň VI asyrlarda etruskt şanesillerinden bolan patyşalar rumlileri dolandyrýarlar. Rimde Etrutriýadan göçüp gelenleriň aýratyn kwartallary peýda bolýar.

Rimleriň güýjiniň artmagy bilen, etruskleriň ähmiýeti pese gaçýar. B. e. öň I asyryň ortalarynda olar rimlilerden yzly-yzyna ýeňilip, Gadymy Rimiň taryhynda şondan soň hiç hili orny eýeläp bilmeýärler, tiz wagtdan olaryň dili hem unudylýar. Şeýle ykbal beýleki grek şäher- döwletlerinde hem bolup geçýär. Olar b. e. öň V-IV asyrlarda öz güýçlerini ýitirýärler. B. e. öň II asyryň ortalaryna çenli rimlileriň goňşularynyň arasynda iň gazaply duşmany diňe karfagenliler galypdy.

Şeýlelikde, Rimiň berkarar bolmagyna diňe bir tebigy şertler oňyn täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem medeni ösüşi boýunça has ýokary derejede duran grekleriň, karfagenleriň, etruskleriň gurşap almagy, olar bilen gatnaşyklaryň netijesinde rimliler öz taryhlaryna başlaýarlar.

## § 2. Respublika tarap ýol

Rimiň taryhy üç döwre bölünýär: patyşalyk ( b. e. ö. VIII - asyryň ortalaryndan- b.e.ö. 510-njyýyl.), respublikan ( b. e. ö. 510-30-njy ýyl.) we imperatorçylyk ( b. e. ö. 30-njy ýyl - 476-njy ýyl). Rimiň esaslandyrylmagy doganlar Romul we Rem hakyndaky rowaýat bilen baglanyşykly. Hakykatdan hem, rowaýatdaky käbir zatlar taryhçylar tarapyndan anyklandy, gazyp-agtaryş işleri bu ýerde b. e. öň VIII asyrda ýaşaýşyň bolandygyny tassyklaýar. Rimiň iň gadymy taryhy patyşalyk (b. e. öň VIII-VI asyrlar.) adyny aldy. Şu döwürde ilat Lasiý uruglara bölünip, belli bir çäkleri eýeläp, territoriýal jemagaty emele getirýär. Şeýle jemagatlaryň birleşmesinden Rim döreýär. Gadymy rimliler maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgullanýarlar.

Jemagatyň başynda saýlanan patyşa durup, ol ruhanynyň, serkerdäniň, kanunçykaryjynyň we kazynyň wezipesini ýerine ýetirýär. Iň ýokary häkimiýet senata, başgaça aýdylanda ýaşulular sowetine we halk ýygnagyna degişli bolupdyr.

Haçan-da urug darganda jemagatyň esasy özeni maşgala-familiýa (ene-ata, çaga, agtyk, gullar) bolupdyr. Maşgala baştutany ähli emläge eýelik edip, onuň maşgala agzalaryna çäklendirilmedik hukuklary bolupdyr. Onuň kararyny hatda hökümet hem ýatyryp bilmeýär. Maşgalabaşy ähli emlägiň eýesi, onuň öz garyndaşlaryny öldürmäge, jeza bermäge ýa-da satmaga hukugy bolupdyr. Bu ýowuz düzgün uzak saklanypdyr. Pater familias Larlaryň (öýiň goragçysy) ata-baba kultunda iň ýokary ruhany bolupdyr. Maşgalabaşy ata aradan çykandan soň, ogullary öz aralarynda emlägi paýlaşyp, miras alýarlar we öz maşgalalarynyň baştutanlary bolýarlar. Her maşgala 0,5 ga deň bolan mülk ýere eýelik edýär. Beýleki ýerler jemgyýetçilik ýerleri (ager publikus ) kollektiwiň peýdalanmagynda bolupdyr. Jemgyýetiň her bir agzasy jemgyýetçilik ýerlerinden paý alyp, ony işläp bejermäge girişip bilýär. Eýessiz ýerler umumy fonda gaýtarylyp berilýär we ol ýerleriň hem täze eýeleri peýda bolýar; bu düzgün Gadymy Rimiň tutuş taryhynyň dowamynda hereket edýär.

Rim jemgyýetiniň doly hukukly raýatlary gadymy uruglara degişli bolanlar hasaplanylýar. Olardan rim jemgyýetiniň aýratyn hukukly toparlary patrisiler emele gelýär; ilkibaşda olar diňe Rimiň gadymy halky diýlip hasaplanylýar.

Beýleki bir uly sosial topar plebeýler şahsy taýdan azat, emma jemagatyň agzasy bolmandyrlar. Olar nähili peýda boldylar? Olar çet-gyraklardan Rime tabyn edilen welaýatlardan göçüp gelenler bolup, hut şolardan hem bu sosial gatlak emele gelýär. Ilkibaşda plebeýleriň hiç-hili hukuklary bolmandyr; halk ýygnaklaryna gatnaşmaga goýberilmeýär, dini däp-dessurlaryň geçirilşine gatnaşmaga, patrisiler bilen nika gatnaşygyna girmäge rugsat edilmeýär. Netijede, olaryň raýatlyk hukuklaryny gazanmak ugrunda göreşi başlanýar. B. e. öň VI asyrda harby gulluk etmeklige we halk ýygnagyna gatnaşmaga rugsat berilýär. Oňa garamazdan, plebeýler hukuksyzlyklaryna galyp, bu bolsa geljekde Rimde uzak wagtyň dowamynda sosial göreşiň öýjügine öwürýär.

B. e. öň VIII – VI asyrlaryň dowamynda Rim gurulýar, giňelýär, onuň täsiri artýar. B. e. öň VI asyrda ol Latyn bileleşigine baştutanlyk edýär we oňa 47 taýpa degişli bolupdyr. Şu döwürde Rimde 7 patyşa çalyşýar. Iň soňky patyşa etrussk şanesillerinden bolan Tarkwiniý Gordyý; rim taryhçylarynyň beýan etmegine görä örän zalym hökümdar bolýar. B. e. öň 509-njy ýylda senatyň ýokary häkimiýetiniň tarapdarlary ony kowupdyrlar we Rimde pespublikany esaslandyrýarlar.

## Patrisiler we plebeýler

Respublikanyň ornaşdyrylmagy bilen rim jemgyýetinde gapma-garşylyk ýitileşýär. Esasy garşylykly güýçler plebeýler bilen patrisileriň arasynda bolupdyr. Monarhiýanyň agdarylmagy bilen patrisileriň ýagdaýy ep-esli gowulaşýar. Olardan konsullar-döwletde iki ýokary wezipeli adamy saýlanyp, olar bolsa öňki patyşalaryň wezipesini ýerine ýetiripdirler. Diňe patrisileriň senata- möhüm içerki we daşarky meseleleri çözýän Rim respublikasynyň esasy organyna saýlanmaga, ruhany bolmaga hukuklary bolupdyr. Olar kazyýet häkimiýetiniň inçe syrlaryny bilip, ony öz ellerinde saklaýarlar. Patrisilerde emläk ýerleri jemlenip, olaryň jemagatyň ýer fondundan ýer almaga hukuklary bolupdyr. Ol bolsa Rimiň harby ýeňişleriniň hasabyna barha köpelýär. Şeýlelikde, patrisileriň iri ýer mülkleri emele gelýär.

Plebeýleriň şeýle artykmaç hukuklary bolmandyr, eýsem, bergisini berip bilmedikleri gullara öwürýärler. Şu meseleleri çözmek üçin olar diňe hukuk babatynda patrisiler bilen deňleşmelidiler. Şeýle ýagdaýda plebeýler döwleti dolandyrmak işine hem gatnaşyp biljekdiler.

Gapma-garşylyklar köp ugurlar babatynda rim durmuşunyň aýratynlygyna baglydy. Rim öz taryhynyň ilkinji asyrlarynda öz goňşulary bilen dyngysyz uruş alyp barýardy (ýeňilip, ýeňiş gazanyp), harby düzgünli döwletdigine galýardy. Siwilizasiýanyň taryhynyň ilkinji döwürlerinde harby hereketler her ýyl alnyp barylýar (martda başlanylyp, oktýabrda gutarýar). Her bir raýat 20 harby ýörişe, pyýada goşunda- kawaleriýada 10 ýörişe gatnaşmaga borçly bolupdyr. Harby gullukdan boýun gaçyranlara gul edilip satylmak howpy abanypdyr. Güýçli goşun toplamak pleýbelerden kömek bolmasa, mümkin bolmandyr. Netijede, patrisiler plebeýlerden garaşly ýagdaýa düşýärler.

B. e. öň 494-nji ýylda plebeýler harby ýörişe gatnaşmakdan ýüz öwrüp, tutuş ýaraglanan ýagdaýda Rimden çykyp gidip, Keramatly daglarda öz lagerlerini gurýar (Rim bilen goňşulykda). Bu taktika patrisilere güýçli täsir edýär. Plebeýler halk tribunlaryny - öz hukuklaryny goraýjylary saýlamaga hukuk gazanýarlar. Tribunlaryň şahsyýeti eldegirmesiz hasaplanypdyr. Plebeýler soň ene-de birnäçe gezek bu täsirli usuly ulanyp, patrisileri eglişik etmäge mejbur edýärler.

Rimiň möhüm gazananlarynyň biri-de ilkinji ýazmaça kanunlaryň peýda bolmagydyr. B. e. öň 440 -nji ýylda Rimiň esasy meýdançasy bolan Forumda 12 sany mis tablisada kanunlar ýazylyp, hemmeleriň göz öňünde goýlupdyr. Şeýlelikde, „däp-dessurlara esaslanyp" sud edýän patrisileriň eden-etdiliginiň soňuna çykylýar. Syýasy hukuklar we ýer ugrundaky göreşler doly tamamlanmaýar. Diňe b. e. öň III asyrda plebeýler patrisiler bilen özleriniň hukuklarynyň deňleşdirilmegini göreşip gazanýarlar. Olaryň arasynda nika gatnaşyklaryna rugsat berilýär, plebeýleriň ýygnakda kabul eden kararlarynyň kanuny güýji bolup, konsullaryň biri hökmany ýagdaýda plebeýlerden saýlanylýar. Bergisi üçin gula öwürmeklik ýatyrylýar, jemgyýetçilik ýerlerinde peýdalanmaklyk çäklendirilýär, mundan beýläk her bir raýata 125 ga ýokary bolmadyk ýer bölegine eýelik etmäge rugsat berilýär.

B. e. öň III asyrda Rimde raýatlyk jemgyýeti gutarnykly emele gelýär. Şu döwre çenli onuň içerki gurluşy hem üýtgeýär, düzümi giňelýär. Patrisiçilik jemgyýeti patrisiçilik- plebeý jemgyýetine öwrülýär.

### Rimiň raýatlyk jemagaty

B. e. öň III asyrda özüniň gülläp ösen döwründe Rim jemagatçylygy nähili bolupdyr? Ol gadymy grek jemagatçylygyndan nähili tapawutlanýar we nähili umumylygy bolupdyr?

Rim jemagatçylygynda grekleriňki ýaly, köpçülikleýin we hususy ýer eýeçiligi utgaşýardy, ähli raýatlaryň deň hukuklary bolup, olar diňe bir daýhanlar däl-de, eýsem esgerlerdi. „Oňat daýhan", „öňat urşujy", „oňat raýat" düşünjeleri rimleriň aňynda bir bitewilik hökmünde uzak wagtlap saklanýär.

*Ýer eýelerinden batyr ärler we has ugurtapyjy urşujylar döreýär, ekerançylyk bilen meşgullanmak has ygtybarly we mertebeli işdir. Uly Katon b.e.ö. II asyr.*

Jemagatyň durmuşy hususy we jemgyýetçilik bähbitleriň deňagramlylygyny saklar ýaly gurlupdyr. Rimde döwlet apparatyny eklemek üçin salgyt girizilmeýär. Ýokary wezipedäki adamlar aýlyk alamaýarlar. Olar öz hasabyna şagalaňlar, oýunlar gurnapdyrlar, ybadathana gurupdyrlar, garyp raýatlary ýer paýy bilen üpjün edipdirler. Şonuň üçin, ýokary wezipeleri diňe plebeýleriň we patrisileriň baýlarynyň - nobilitetleriň eýelemäge mümkinçiligi bolupdyr. Başga bir tarapdan raýat näçe baý boldugyça umumy bähbitler üçin köp serişde harç etmäge borçly bolupdyr.

Goşunda gulluk etmek raýatlaryň borjy - onda-da hormatly borjy hasaplanylýar. Harby bolmadyk adam döwlet işgäri bolup bilmändir. Diňe b. e. öň IV asyrda urşujylara aýlyk töläp başlapdyrlar. Ondan öň olar öz - özlerini ýarag we azyk bilen üpjün etmäge borçly bolupdyrlar. Uruş başlanan wagty olardan karz pul

alnyp, duşmany ýeňenden soň, gaýtarylyp berilipdir. Harby olja jemagatçylygyň eýeçiligine geçip, ondan ähli raýatlar bilelikde peýdalanypdyrlar. Basylyp alnan ekerançylyk ýerleri jemagatçylyk ýerlerine birleşdirilip, ýersizleriň we nökerleriň arasynda bölünip berilýär. Gymmat bahaly metallar we beýleki oljalar jemagatçylyk gaznasyna degişli edilýär. Galanlary nökerleriň arasynda paýlanylýar, şeýle hem harby serkerdeler sylaglanýar.

Rimleriň durmuşynda din uly ähmiýete eýe bolupdyr. Iň gadymy hudaý dünýäni ýaradan iki ýüzli Ýanus bolupdyr. Ýupiter-asman hudaýy, Mars-uruş hudaýy. Rimliler öýüň-ojagyň, döwletiň goragçysy- Bestany aýratyn hormatlapdyrlar, Ýunony-aý hudaýy we zenanlaryň howandary, Minewra-pähimdarlygyň hudaýy, senetçiligiň howandary. Ondan başga-da, örän köp hudaýlar bolup, olaryň sany barha artýar. Rimliler „keseki” – etrussk, grek, soňra bolsa gündogar hudaýlaryny uly höwes bilen kabul edýärler. Dini däp-dessurlar raýatlaryň özboluşly borjy bolup; jemagatyň agzalary maşgala „hudaýlaryny” hormatlap, öz maşgala däp-dessurlary bilen bilelikde, umumy döwlet dessurlaryny ýerine etirmäge gatnaşmaga borçly bolupdyrlar. Rimde ähli işler hudaýlaryň razylygyny almakdan başlanýar.

Rim dinini taryhçylar ýerli we rasional (paýhasly) din hasaplaýarlar. Hudaýlara bolan gatnaşyk işjeň häsiýete eýe bolupdyr: hudaýlara wepalylygy saklamaly, däp-dessurlary we dürli gadagan edilmeleri berk ýerine ýetirmeli, şeýle edilende, öwezine olaryň kömegine bil baglamak bolýar ekeni.

Gadymy Rimde adama hudaýlar däl-de, jemagat; ýagny ildeşleri, onuň hereketlerini makullaýandyklaryny ýa-da makullamaýandyklaryny aýtmak bilen, jeza bermekligi amala aşyrýarlar. Ählumumy abadançylygyň hatyrasyna edermenlik görkezen meşhur raýatlar buýsanç nusgasy bolmak bilen, beýlekileriň olardan görelde almagy zerur hasaplanýär. Şeýlelik-de, „umumy bähbit” ideýasy raýatlyk jemagatçylygyndaky düzgünleri we onuň her agzasynyň ozüni alyp baryş kadalaryny kesgitläpdir. Rim raýatlarynyň borçlary örän takyk kesgitlenýär: ilkinji nobatda jemgyýetiň öňündäki borç, soňra maşgalanyň, iň soňunda bolsa - öz şahsy abadançylygynyň aladalary goýulýar.

Rimiň jemgyýetçilik durmuşynda halk ýygnagynyň ähmiýeti ýokary bolýar. Onuň kararlarynyň kanuny güýji bolýar. Ondan başga-da, Halk tribunlary giň mümkinçiliklere eýe bolýarlar. Olar senatyň ya-da ýokary wezipeli adamlaryň, kazyýetiň plebeýler babatynda bähbitlerini kemsidýän kararlaryny ýatyryp bilipdirler. Islendik plebeý ol ýerden kömek alyp biler ýaly, tribunlaryň öýleriniň gapysy gije-gündiz açyk durýar.

Dolandyrylşygyň möhüm organlarynyň biri-de patrisileriň we plebeýleriň ýokary gatlagyndan düzülen senat bolupdyr: ol içerki syýsat meselelerine gözegçilik edýär, daşary syýasaty kesgitleýär, maliýe we dini kult onuň gözegçiliginde bolupdyr. Senat aristokratik organ bolupdyr.Taryhçylaryň pikirine görä, halk ýygnagynyň ähmiýetiniň ýokarydygyna garamazdan, ahyrky netijede hut senat döwleti dolandyrýar. Bu babatynda rim demokratiýasy afiny demokratiýasyndan tapawutlanýar.

Respublikaçylyk Rim monarhiýa dolandyrylşygyndan miras galan dessurlary hem saklap galýar. Ýokary häkimiýet iki konsula degişli bolupdyr. Olar, elbetde, her ýyl täzeden saýlanylýar, ýöne olaryň funksiýalary öňki patyşalaryňkydan hiç hili tapawutlanmaýar. Konsullar saýlanandan soň, olara hatda patyşalyk nyşanlaryda gowşurylýar. Rimiň çäklerinden daşarda, uruş wagtynda olaryň häkimiýeti çäklendirilmeýär, şäherde bolsa olaryň häkimiýetini senat we halk ýygnagy gözegçilikde saklaýär.

Gadymy rim taryhçylary öz dowletleriniň gurluşynyň özboluşlylyna düşünipdirler we ony örän kämil hasaplapdyrlar. Şeýle pikirli taryhçylaryň ilkinjisi Polibiý bolupdyr. (b. e. öň 201-120-nji ýyllar.) Ol (gelip çykyşy boýunça grek) köp ýyllaryň dowamynda Rimde ýaşap, oňa buýsanç bilen tagzym edipdir. Polibiý rimlileriň näme üçin köp sanly halklardan beýikde duryandygyny düşündirýän taglymaty esaslandyrýar. Onuň pikirine görä, Rimiň örän kämil garyşyk dolandyryş ulgamy; demokratiki (halk ýygnagy), monarhiki prinsip (konsullar), aristokratiki (senat) bar. Dolandyryş ulgamynyň bu prinsipleriň birisi beýleki birini basyp ýatyrmaýar, olar bilelikde eke-täk sazlaşykly bütewiligi düzýärler.

Häzirkizaman taryhçylary aristokratik senata uly häkimiýetiň degişlidigi sebäpli, Rimi aristoktatik respublika diýip atlandyrýarlar. Ýöne senatyň hem, hut şonuň ýaly-da konsullaryň häkimiýeti-de çäksiz däldi. Rimliler dürli häkimiýet organlaryny, biri-birlerini gözegçilikde saklap biljek ( bu bolsa eden-etdilige päsgelçilik döredýärdi), döwlet ulgamyny döredýärler.

## §3. Rim imperiýasynyň berkarar bolmagy. Sosial-ykdysady ösüşi.

Rim dyngysyz uruşlar alyp barmak bilen, barha köp ýerleri basyp alyp, kem – kem den birnäçe welaýatlary bolan ägirt uly imperiýa öwrülýär.

**Dünýä agalygyna tarap ýol**.

B. e. öň IV asyrda rimliler Orta Italiýanyň ähli territoriýasyny eýeleýärler.

*Rimliler öz hökümdarlygy bilen tas bütin belli dünýäni boýun egdirdiler we ata-babalar üçin aň ýetmejek derejede şeýle bir öz kuwwatlylygyny belende göterdiler welin, nesiller ondan aňry geçip bilmez. Polibiý.*

Rimliler öz basyp alan köp sanly italýan taýpalaryny öz ýaranlary diýip yglan edýärler. Bu bolsa olaryň Rime harby salgyt töläp, rim goşuny üçin nökerleriň toparlaryny bermeklerini aňladýardy. Rim öz ýaranlarynyň içerki işlerine goşulşmaýar, şeýle hem, olara biri-birleri bilen bileleşik baglaşmaga rugsat bermeýär. Italiýanyň ähli territoriýalarynda rim koloniýalary peýda bolup başlaýar. Şonuň esasynda iki meseläni çözüpdirler. Ýersiz rimliler ýer alýarlar we koloniýalaryň kömegi bilen ýerli halkyň Rime garşy çykyşlarynyň öňi alynýar. Ägirt uly territoriýalary boýun egdirse-de, Rim ýapyk şäher döwletligine galýar: rim raýatlygyna diňe Italiýanyň örän az sanly bölegi eýe bolupdyr. B.e. öň III asyrda baý grek koloniýasynyň ýerleşen ýeri bolan günorta Italiýanyň, soňra bolsa Sisiliýanyň nobaty ýetýär. Bu adanyň mes toprakly ýerleri ugrunda rimliler birnäçe onýyllyklaryň dowamynda Karfagen bilen gazaply uruş alyp barmaly bolýar. Puni uruşlary (rimliler karfagenlilere punlar diýip at beripdirler) b. e. öň III

asyryň ortalarynda başlanyp, arakesmeler bilen b.e.öň II asyryň ortalaryna çenli dowam edipdir. Birinji pun urşy b.e.ö. 264-nji ýyldan 241-nji ýyla çenli dowam edip, 23 ýyla çekýär. Netijede Karfagen Sisiliýa adasyndan el çekmeli bolýar we 10 ýylyň dowamynda 3200 talant kontribusiýa töleýär. Ikinji pun urşy b.e.ö. 218-202- njy ýyllarda bolup geçip bu Rim bilen Karfageniň arasyndaky gandöküşikli uruş Ortaýer deňzinde agalyk etmek ugrunda alnyp barylyp, birnäçe möhüm ýerlerde (Kanny we Zam) söweşler bolýar. Karfagen ýaraşyk soramaga mežbur bolýar, 100000 kontribusiýa töleýär, 10 muňden artyk söweş gämilerini saklamazlyga, senatdan birugsat harby hereketlere başlamaga hukugy bolmaýar. Ipaniýany Rime bermeli bolýar. Üçünji pun urşunyň netijesinde b. e. öň 149- 146-njy ýyllarda Karfagen doly basylyp alnyp, sözüň doly manysynda ýer bilen ýegsan edilip, oda ýakylýar.

B. e. öň II asyr Rimiň taryhyny Gresiýany basyp almagy şöhratlandyrýar. Iň möhüm iki garşydaşlaryny we duşmanlaryny dyza çökerip, Rim b. e. öň II - I asyrlarda dünýä döwletine öwrülýär. Ortaýer deňzini tutuşlygyna eýeläp, ondan beýläk hem araçäklerini giňeldýär.

Harby ýeňişler we territoriýasynyň giňelmegi rim siwilizasiýasynyň dürli ugurlarynda global (ähli taraplaýyn) özgertmelere getirýär. Karfageniň we Gresiýanyň üstünden ýeňiş gazanylmagy Rimiň baýlygyny artdyrýar. Boýun egdirlen halklardan ägirt uly möçberde kontribusiýa alynýar, gul bazarlaryna gullaryň uly akymy gelip başlaýar. Italiýadan daşarda basylyp alnan ýurtlar Rimiň welaýatyna öwülip, salgyt tölemeli bolupdyrlar. Baý welaýatlar bilen örän çalt söwda gatnaşyklary ýola goýulýar.

**Jemagatyň sosial-ykdysady gapma-garşylygy**

Söwdanyň gülläp ösmegi we täze mükleriň gönüden-göni talanmagy netijelerini berip başlaýar: Rimde haryt-pul gatnaşyklary ösüp başlaýar. Haryt-pul gatnaşyk larynyň we gullaryň sanynyň üzül-kesil artmagy, Rimiň daýhanlarynyň durmuşyn da köp zatlary özgertdi. B. e. öň II asyra çenli Italiýada orta we ownuk daýhan hojalyklary köp sanly bolup, olarda, esasan hem maşgala agzalary zähmet çekip (maşgala-familiýa), öz-özlerini üpjün edýärdiler. B. e. ö. II-I asyrlarda şeýle natural hojalyklarpese düşüp, beýlekiler tarapyndan gysylyp çykarylýar. Has iri hojalyklarda gul zähmeti ulanylyp, olaryň öndüren önümleri bazara çykarylýar.

Täze hojalyklara willalar diýlipdir. Döwürdeşleriniň beren gürrüňleriniň esasynda biz onuň nähili bolandygyna göz ýetriýäris. Şol döwrüň meşhur syýasy işgäri uly Katon öz mülküni nusgawy hasaplap, şeýle beýan edýär. Onuň öz hojalyk toplumy bolup, zeýtun bagy, üzümçilik, mallar üçin öri meýdanlary we däne ekinleri üçin ekin meýdanlary bolupdyr. Şeýle willa hyzmat etmek üçin köp adamlaryň, esasan hem gullaryň zähmeti gerek bolupdyr. Zeýtun baglarynda 13 adam, üzümçilikde – azyndan 18 adam hyzmat edipdir. Katony öz willasynyň öndüren önümlerini satmak mümükinçilkleri gyzklandyrypdyr. „Hojaýyny az satyn almaklyk we köp satmaklyk gyzyklandyrmaly” diýip, ol ýazýar.

Ownuk we orta daýhanlar tozdurylýar ýa-da ýerden mejbury mahrum edilýär. Şol bir wagtda gullar esasy öndüriji güýje öwrilip, erkin zähmeti gysyp çykarýarlar. Gadymy taryhçylar raýatlaryň 125 ga ýer almaga hukugynyň bardygy hakynda köne kanunlaryň ýatdan çykarylandygyny geň galmak we gynanç bilen ýazypdyrlar. Grek taryhçysy Plutarh bu ýagdaýy jikme-jik beýan edýär: ,,Baýlar ýörite goýlan adamlaryň kömegi bilen ýer bölegini kärendesine alyp, soňundan ony gönüden-göni öz ygryýarlaryna geçirip, berkidýärler.Ýerden mahrum bolan daýhanlar kärendeçilere ýa-da batraklara öwrülýärler. Ýöne batraklar özlerini hemişelik iş we iş haky bilen üpjün edip bilmändirler. Olaryň işi möwsümleýin bolupdyr. Netijede, daýhanlaryň ägirt uly köpçüligi şäherlere siňip, şäher plebeýleriniň üstüni doldurýarlar. Bu täze plebeýler öz hukuklaryny patrisilar bilen göreşip gazanan öňki erkin ekerançylara düýbünden meňzeş däldiler. Olaryň käbirleri hünärmen ýa-da gurluşykçy işçi bolup, işe ýerleşmegi başarsalar, beýlekiler bolsa, aýratyn gatlagy, döwletiň paýlaýan çöreginiň, pulunyň we syýasy işgärleriň jomartlygynyň hasabyna ýaşaýan antiki lýumpen-proletariaty emele getirýärler.

Bu döwürde aýratyn synpa öwürlen gullaryň düzümi hem dürli-dürlidi. Bir wagtky öý gulçulgy bolan döwründen bäri, olaryň sany görlüp-eşidilmedik derejede artýar. Iň iri gul söwdasynyň merkezleriniň biri bolan Delosda bir günde käwagt 10 müň töweregi gul satylypdyr. Olaryň käbirleri döwlet gullaryna öwrülse, beýleki bir bölegi hususy eýeçilge geçip, ýene iki topary oba we şäher gullaryny emele getiripdirler.

*Zähmet gurallaryny üç bölege: gepleýän zähmet gurallar, düşnüksiz ses göýberýänler we lal gurallar, gepleýänlere gullar, soňkulara öküzler, lallara bolsa arabalar degişli bolupdyr.*

*Mark Warron. Rim ýazyjysy b.e. öň 116-27-ý.*

Şäherli gullaryň arasanda sowatly, hünärmen adamlar gabat gelipdir, olar has ýokary ýagdaýlardan peýdalanypdyrlar. Gresiýaly alym - gullaryň kömegi bilen, rime ellinistik medeniýet aralaşýar. Olar üçin rimliler warwarlygyna galypdy. Gul inteligensiýasy täze kämil tehnikany; jaýlaryň otaglaryna turba bilen barýan gyzgyn bug, mermeriň aýratyn pol üçin niýetlenen görnüşini, ýüz görülýän aýna döredipdirler. Jemgyýetiň ýokary gatlagynda transformasiýa bolup geçýär. Rim nobilitetini täze has baý aristokratlar- atlylar gysyp başlaýar. Olar söwda edip ýa-da welaýatlarda ýygnalan salgytlaryň hasabyna baýlaşan şäherliler bolupdyr.

Jemgyýetde möhüm öňe gidişlikler bolýar, onuň syýasy gurluşyndaky gapma –garşylyklar bilen bir hatarda dürli sosial topalaryň arasyndaky gatnaşyklar hem çylşyrymlaşýar. Meselem, nobilitet bilen atlylaryň arasynda welaýatlary ekspluatirlemek hukugy ugrunda bäsdeşlik döreýär. Ondan başga-da, atlylar özleri üçin elýeterli däl ýokary wezipelere dalaşgärlik edýärler. Iri, orta we ownuk ýer eýeleriniň arasynda gapma-garşylyklar ýüze çykýar. Eýýäm b. e. öň II asyrda ilkinji gezek Sisiliýa adasynda gullar gozgalaň edýär, sosial dartgynlylygyň ýene bir ojagy peýda bolýar.

Welaýatlar bilen baglanyşykly örän ýiti meseleler döreýär. Rimiň öňünde olary nähili dolandyrmaly diýen mesele ýüze çyk ýar? Welaýatlarda bellenilen dikmeler, ýylyň dowamynda öz möhleti gutarýança häkimiýetden doly peýda lanyp, hut öz hojalygyndan-wotçinasyndan peýdalanýan ýaly gözegçiliksiz dolandyrýarlar. Salgyt ýygnaýjylar hem welaýatlary tozdurýarlar. Döwlet gaznasy üçin, soňra bolsa öz gara nebisleri üçin ilaty talaýarlar. Hakykatda welaýatlaryň dolanydyrlyş usuly onuň talanmagyna alyp baryp, onuň dolandyrylşyny rimlileriň özleri-de peýdasyz hasaplaýarlar.

Welaýatlarda ýaşaýan ilatyň başga meseleleri-de bolupdyr. Onuň iň esasy hem nähili edip raýatlyk hukugyny almak meselesi bolupdyr? Welaýatlaryň ilatynyň, rim kolonistleri ýaly kem-käsleýin ýa-da hiç hili hukuklary bolmaýar, bu bolsa närazylygyň we gapma-garşylygyň esasy çeşmesi bolýar.

Ägirt uly imperiýa öwürlen Rim, mundan beýläk jemagatlygyna galyp bilmeýärdi. B. e. öňki II asyrda onuň adaty gurluşynyň, jemagatçylyk durmuşynyň kadalarynyň dargamak alamatlary peýda bolýar, tiz wagtdan bu proses doly güýç bilen hereket edýär.

**Çykalga gözleginde**

Tiberiý we Gaý Grakhlaryň özgertmeleri golaýlap gelýän gapma-garşylyga jogap bolýar. Gadymy plebeý urugynyň nesillerinden, rim nobilitetine degişli Tiberiý Grakh halk tirbunlygyna saýlanýar. B. e. öň 138-nji ýylda ýer eýeçiliginiň özgertmeleriniň taslamalaryny döredýär. Ol ýerden peýdalanmakda „deň paýlamak" prinsiplerini dikeltmekligi karar edýär. Şonuň üçin onuň maksatnama-synyň esasy punkty ager publikus (jemgyýetçilik ýerleri) - ýer paýyny berk kesgitlenen möçberde almaga rugsat berýär. Ýörite topar döredilip, iri ýer eýelerinde ýeriň artykmaç bölegini alyp, ýersiz daýhanlaryň arasynda paýlanylýar.

*Italiýada hatda wagşy haýwanlaryň gizlener ýaly hinleri, ýataklary bar. Italiýa üçin göreşip, janlaryny gurban edýän adamlaryň bolsa, howadan we ýagtylykdan başga hiç zady ýok. Oý-öwzardan mahrum bolup, aýallary we çagalary bilen hut göçme taýpalar ýaly ygyşyp ýörler. Olara „dünýäniň hökümdarlary"diýip at berýärler, emma olaryň hatda bir bölejik ýerleri-de ýok.*

*Tiberiý Grakhyň halk ýygnagynda aýdanlary. Grek taryhçysy Plutarhyň hekaýatlary. 46-126-njy ýyllar.*

Bu maksatnama senatyň agzalarynyň arasynda güýçli närazylygyň döremegine getirýär we aýgytly garşylyga sezewar bolýar. Halk ýygnagynyň işi wagtynda, ýagdaý has hem dartgynlaşyp, maksatnamany goldaýanlar bilen garşydaşlarynyň arasynda ýaragly çaknyşykda Tiberiý Grakh öldürilýär. Taryhda ilkinji gezek Rimiň köçelerinde raýatlyk uruşlarynyň bolup geçmegi elbetde uly müçberde bolmasada jemgyýetiň betbagtçylygyny subut edýän elhenç alamatlaryň biridi.

Tiberiý Grakhyň özgertmelerini, belli bir derejede onuň dogany amala aşyrýar. Gaý Grakh komissiýanyň işini ýola goýýar. 50-75 müň maşgalany ýer bilen üpjün edýär. Ýone, oňa-da şowsuzlyk garaşýardy. Täzeden göreş başlanýar

we ýaragly çaknyşyklara getirýär, 3 müň adam töweregi heläk bolýar. Grakh bolsa guluna özüni öldürmegi buýurýar.

Doganlar Grakhlar jemagatçylygy gaýtadan dikeltmek we gorap saklamak isleýärdiler. Ýöne ony administratiw ýa-da beýleki ýol arkaly amala aşyrmak mümkin däldi.Ýer sebäpli çaknyşyklar şeýle bir tutaşýar welin , ol b. e. öň 90-njy ýylynda italýan halkynyň meşhur gozgalaňy-soýuzdaşlyk uruşlary başlanýança dowam edýär.

*Soýuzdaşlyk uruşlarynyň netijeleri örän möhümdi. Rim ondan beýläk doly hukukly raýatlaryň jemlenen eke-täk merkezi däldi, onuň ilaty ozüniň artykmaç hukuklaryndan mahrum bolýar. Rim raýatlyk jemgyýeti hökmünde özüniň ýaşamagyny bes edýär.*

## Rim jemagatçylygynyň ruhy çökgünligi

B. e. öň II- I asyrlarda rim jemagatçylygynyň ruhy durmuşynda uly özgertmeler bolup geçýär. Respublikanyň ýaşaýyş durmuşy esasynda döredilen ahlak kadalar dargap başlaýar. Edebiýatda we sungatda täze akymlar peýda bolýar. Rimiň ýönekeý ahlak kadalary geçmişde galýar. Onuň ornuna, häkimiýetiň gadagan etmelerine garamazdan, baýlyga kowalaşmak ugrundaky islegler artýar. Jemgyýetde emläk taýdan bölünişik ýokarlanýar, seýle-de, ýokary gatlaklaryň halkdan daşlaşmagy artýar. Köne däp-dessurlaryň, adatlaryň tarapdarlary bu ýagdaýy grekleriň ahlaksyz täsirindan görýärler. Hakykatdan-da, rimiň baý-begzadalary grek däp-dessurlaryna, sungatyna we edebiýatyna uly sarpa goýýarlar. Rim aristokratlary örän köp mukdarda pul töläp, öz çagalaryny terbiýelemek maksady bilen alym gullary satyn alýarlar, öz ogullaryny Afiny, Efes ýaly iri şäherlere tanymal oratorlaryň, filosoflaryň sapaklaryny diňlemek üçin ugradýarlar. Grekleriň bilim berýän ritorçylyk mekdepleri Rimiň özünde hem esaslandyrylýar. Rim Panteonynda grek hudaýlarynyň heýkelleri barha köpelýär, olaryň hormatyna ybadathanalar gurulýar. Taryhçylar rimlileriň özleriniň gelip çykyşlaryny greklerden-Troýan uruşlary döwründen hasaplaýandygyny belleýärler. Zehinli dramaturglar grek nusgasy esasynda pýesalar ýazýarlar. B. e. öň I asyrda grek şahyrlarynyň täsiri esasynda rim edebiýatynda ilkinji gezek söýgi lirikasy döreýär. Şu döwürde edebiýatda, heýkeltaraşlykda adamyň içki dünýäsine, özboluşly we gaýtalanmaýan şahsyýetine aýratyn üns berilýär, gyzyklanma döreýär. Raýatlyk temasy şahyrlaryň käbirleriniň döredijiliginde ikinji orna geçip başlaýar.

*Ýigrenç we söýgi. Nädip olary birbada duýup bolýar?! Nähili? Bilemok. Ozüm bolsa ajy hasrat çekýärin.*

*Katull- meşhur rim şahyry.(b. e. öň.87-54-nji ýyl.)*

Grek medeniýetiniň genji - hazynasyna uly we giň yoluň açylmagy, Rimiň ruhy durmuşyny çäksiz baýlaşdyrýar. Rim intelektuallary, ilkinji nobatda, baý-begzadalar öz siwilizasiýalarynda entek peýda bolmadyk zatlaryna ymtylýarlar. Olara filellinler, ýa-da başgaça ähli ellinligi söýýänler diýip atlandyrýarlar. Olaryň

duşmanlarynyň arasynda esasy orny Uly Katon eýeleýär. Gelip çykyşy boýunça ýönekeý halkdan bolmak bilen, konsullyk wezipesini eýelemegi başarýar. Ol halk arasynda „ahlak arassalygy ugrunda göreşiji” hökmünde meşhurlyk gazanýar. Şu nukdaýnazardan ol grek filosofiýasyny we ritorikasyny „azgynçylykda“ aýyplaýar, gadymy däp-dessurlarynyň, ata-baba ahlak kadalarynyň dikeldilmegini talap edýär. Elbetde, Katony we beýleki filellinleriň duşmanlaryny täzeligi kabul etmeýän, yzagalak adamlar hasaplap bolmaz. Ilkinji nobatda, olary ähli keseki ahlak prinsipler; Rime grek medeniýeti arkaly aralaşýan rimçe däl dünýägaraýyş kanagatlandyrmaýar. Bir gezek Katon sofistika sungatyny demonstrasiýa edýän bir grek filosofyny ýurtdan çykaryp kowýar. Ol filosof iki dürli çykyş edýär; birini adalatyň hatyrasyna, beýlekisini bolsa onuň garşysyna. Bu iki çykyşyň ikisi-de seýle bir ynandyryjy bolup, „adalatlylyk” düşünjesiniň hakykatdygyna şühbe döredýär. Şonuň üçin, Rim hökumeti „täze nogsanlyklaryň” ýaýramagyndan howatyrlanyp, wagtal-wagtal ritorçylyk mekdeplerini ýapýarlar, Katonyň edişi ýaly filosoflary ýurtdan çykaryp kowýarlar. Eýsem-de bolsa, bu çäreler ellinizmiň barha artýan täsirini  elbetde, saklap bilmeýär.

Hakykatdan hem, grek medeniýetine kollektiwizm bilen birlikde „bäsdeşlik” başlangyjy giňden ornaşypdy, „şahsy pikirlenmäniň” uly ähmiýeti bolup, ellinistik döwürde indiwidualuzm aýratyn ýokary derejelere ýetýär.

Rimde „hemmeleriň peýdasy” ýa-da „umumy bähbit” prinsipi agalyk edýärdi, kollektiwçilik başlangyç has-da  yzygiderlidi. Ýöne bu ideallary köpçülik goldamaýardy.

Rimlileriň özleri medeniýetleriniň hem-de döwlet gurluşynyň grekleriňkiden tapawutlanýandyklaryna düşünýärler. Rim taryhynyň özboluşlylygyny Katon we orator Siseron ( b. e. öň 106-46-njy ýyllar ) taryhyň döremegini  ähli halkyň gatnaşandygyndan görýärler. Olaryň her birisi gahrymançylyk görkezip, öz ildeşleriniň olaryň gahrymançylyklaryny ykrar etmegindenden başga, onuň öwezine hiç zat talap etmeýärler. Gresiýada bolsa taryhy şahsy hormar-sylaga kowalaşýan gahrymanlar-şöhratparazlar döretdiler, diýip hasaplaýarlar. Aýtatyn hem, stoikleriň we epikurçileriň ellinizm döwrüniň  kopçülikden ýokarda durýan pähimdaryň iňňän aýratyn şahsyýetini nusgawylyga alýan  filosofiki mekdepler güýçli garşylyga duçar bolýarlar. Jemgyýetçilik durmuşyndan gitmek ideýasy-da ylalaşarlykly däldi. Hatda grek filosofiýasyny öwrenmekligi zerur hasaplaýan Siseron hem onuň käbir ugurlaryny rimlileriň kabul edip bilmejekdigini belleýär. Rim jemgyýetinde ýüze çykan indiwidualizmi,  elbetde,  diňe bir grek medeniýetiniň täsiri diýip, düşündirmek bolmaz. Oňa Rimiň öz ösüşi emläk taýdan deňsizligiň güýçlenmegi, jemagatçylyk durmuşynyň we patriarhal maşgala esaslarynyň dargamagy sebäp bolýar.

## § 4. Imperiýa: siwilizasiýanyň pese düşmegimi  ya-da gülläp ösmegi?

### Imperiýaçylyk häkimiýetiň başlangyjynda

Respublikan gurluşyň soňky 10 ýyllyklarynda: soýuzdaşyk uruşlary, welaýatlardaky tolgunyşyklar, öz möçberi boýunça ägirt uly Spartagyň baştutanlygynda gullaryň gozgalaňy, ( b. e. öň 74-71-nji ýyllar. Olar bilen göreşde Rim legionerleri uzak wagtlap ýeňlişe sezewar bolýarlar.) häkimiýet ugrunda syýasy toparlaryň özara göreşleriniň raýatlyk uruşlaryň başlanmagyna sebäp bolmagy, Rimi güýçli sarsgynlyklara sezewar edip, imperiýany gowşadýar. Şeýle galagoply döwürde, respublikan gurluşyň esaslaryny weýran edýän, dolandyrylyşygyň täze görnüşi; diktatoryň ýa-da imperatoryň eke-täk häkimiýeti emele gelýär. Häkimiýetiň şeýle görnüşleri Rimde oň hem bar bolup, ýöne ol diňe (eksordinar) adatdan daşary ýagdaýlarda, uzak däl möhlet (ylaýta-da uruş ýagdaýynda) ulanylýar. B. e. oň I asyrda bu ýagdaýyň möhletsiz, ömürlik bellenmegi iki gezek gaýtalanýar.

Diktatorçylyk häkimiýeti ilkinji eýelän meşhur harby serkerde Lusiý Korneliý Sulla, ikinjisi Gaý Ýuliý Sezar ( b. e. öň 100 - 44 ý.). Onuň harby serkerde we strateg hökmünde şöhraty asyrlardan asyrlara ýaň salýar. Onuň şohratly üstünlikleriniň hataryna Galliýanyň eýelenmegi ( häzirki Fransiýanyň we Belgiýanyň – b. e. öň 58- 50-ýyllar) we b. e. öňki 49-46-njy ýyllarda Raýatlyk uruşlaryndaky ýeňişi degişlidir. Ol döwlet strukturada geçirilen birnäçe syýasy we sosial özgertmeleriň hem düýbüni tutan adamdyr. Olaryň ikisi-de goşuna bil baglaýar. Sebäbi şol döwürde goşun iň bir ygtybarly güýç bolup, ol diňe bir duşmany basyp ýatyrmak bilen çäklenmän, eýsem ýurduň içersindäki syýasy jedelleri hem çözmekde-de peýdalanylýar.

Sullanyň we Sezaryň diktaturasy uzak dowam etmeýar, ýöne şeýle-de bolsa, imperator dolanydyrylyşygyna geçmeklik gutulgysyzdy.

Diňe eke-täk häkimiýetiň kömegi bilen özüniň düzümi, territoriýasy boýunça ägirt uly imperiýanyň syýasy bütewiligini gorap saklamak, welaýatlarda dolandyrylyşygy kadalaşdyrmak, jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň isleglerini kanagatlarandyrmak mümkindi.

B. e. öň 27-nji ýylda Sezaryň (ýegeni) garyndaşy Oktawian senatdan imperator derejesini ömürlik alyp, ýeke – täk imperatorçylyk häkimiýetini gutar-nykly berkarar edýär. Oňa gündogar despotiýalarynda bolşy ýaly „awgust” dere-jesi, „ hudaý tarapyndan beýgeldilen” we „hudaýyň ogly”, „keramatly” ýaly atlar berilýar .

Rim siwilizasiyasy üçin dolandyryş ulgamynyň uýtgedilmeginiň nähili ähmiýeti bolupdyr? B. e. öň I asyrda respublikanyň ýykylmagynyň esasy sebäbi syýasy ulgamy bilen onuň sosial-synpy mazmunynyň arasyndaky gapma-garşylykdyr. Ägirt uly Ortaýer deňiz bazary, welaýat gul eýeleriniň täze toparlarynyň peýda bolmagy, Italiýa bilen welaýatlaryň, raýatlar we „raýat dälleriň” özara çylşyrymly gatnaşyklary täze dolanydyryş ulgamyny berk talap edýärdi. Arnold Jeýms Toýnbi imperiýanyň emele gelmegi - bu diňe heläk bolup barýan siwilizasiýanyň öz täleýinden halas bolmaga eden synanyşygydy, diýip belleýär. Toynbiniň pikirine görä, Rim imperiýasy-özüniň döredijilik ruhuny

ýitiren siwilizasiýady. Şol döwrüň adamlary üçin, girizilen düzgünler nusgawy we müdimi ýalydy. Ýöne onuň beyle däldigi döwürdeşlerine aýan bolýar.

**Imperiýanyň „altyn asyry”.** Imperiýa döwrüniň başlangyjy öňki, pajygaly, galagoply içerki gapma-garşylygyň ýitilişen döwri bilen deňeşdirilende şowludy, ajaýypdy. Bu esasan hem, Rimiň iň görnükli syýasy işgärleriniň biri bolan Oktawian Awgustyň şahsyýeti bilen baglanyşyklydy.

Awgust häkimiýeti dolylygyna öz elinde jemleýar: iň ýokary harby häkimiýete we ýurduň gaznasyna eýelik edýar, beyleki döwletler bilen gepleşikler geçirýar, ýokary döwlet organlarynyň wezipelerine dalaşgärleri teklip edýär. Ýöne, onuň özi döwletde giň hukuklary bolan birinji adamdygyna garamazdan, öz häkimiýetinden parasatly peýdalanýar. Ol özüni „prinseps” diýip, başgaça senatorlaryň sanawynda birinji ýerde durýan diýmek bilen, özüniň senata we respublikan gurluşyň däp-dessurlaryna hormat goýýandygyny tassyklaýar. (Awgustyň we onuň nesilleriniň dolandyran döwrü prinsipatlyk diýlip, atlandyrylýar). Ustesine-de Awgust we onuň tarapdarlary respublika gaýtadan dikeldildi diýip, tassyklaýarlar.Ylaýtada, rimlileriň aňynda respublika „ umumy bähbit” prinsipine garşy gelmese, eke- täk dolanydyrylsygy aradan aýyrmaýar.

*Asmany lerzana getirýän Ýüpiter, seniň asmanda şalyk sürýanine ynanýarys, yöne ýerde Awgust hudaý hasaplanýar. Gorasiý*

Kähalatlarda, bu prinsip Oktawian Awgustyň döwleti dolandyrmak işiniň esasyny düzýar. Ol jemgyýetiň dürli gatlaklarynyn arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmaga synanşyk edýar. Merkezi häkimiýeti pugtalandyryp, gullardan beýlekilere bähbitli bolan egilşikleri edýär.

Awgustyň erk-islegine tabyndyklaryna garamazdan, senatorlaryň aýratyn hukuklary bolupdyr. Şol bir wagtyn özünde, O. Awgust söwdagär-täjirleri, tanymal baý- begzadalary öz tarapyna çekip, ýokary wezipelere belleýär. Halk ýygnaklary saklanyp galypdyr, ýöne olar Awgustyň dolandyryp başlan wagtyna çenli öz ähmiýetini ýitirip başlaýarlar. Garyplar her aýda mugt däne bilen üpjün edilyär.

Awgust gadymy ahlak kadalarynyň arassalygyny dikeltmek isleýar, çendenaşa bezenip- beslenip ýaşamaklygy gadagan edýar, ýan yoldaşyna biwepalyk edenler gazaply jezalandyrylýar.

Imperatoryň hut özi gullar bilen ýumşak, ynsanperwer gatnaşyk etmegin nusgasyny görkezýär. Jemgyýetiň bähbitlerini hormatlamak bilen bir hatarda, imperatoryň häkimiýetini berkitmegi hem unutmaýar. Ol administratiw apparatyň ulgamyny giňeldýar. Onuň baştutanlygynda ýurduň içersinde we araçäklerinde düzgun - tertibi goraýan goşun döredilýar.

Şu döwürde imperiýanyň siwilizasiýasy gulläp ösýar, jemgyýetde belli bir derejede kadaly ýagdaý ornaşdyrylýar. Rim edebiýaty görlüp-esidilmedik derejede gulläp ösyär, zehinli, özboluşly döwürdeş şahyrlaryň ençemesi emele gelip, (Owidiý, Wergiliý, Gorasiý, Tibull) grek we gadymdan gelýän rim adatlaryny özara baglanyşdyrmagy başarýarlar. Awgust ylma we sungata howandarlyk edýar. Onuň döwründe Rimde suw geçiriji gurulýar, şähere bezeg berýän, ajaýyp

ybadathanalaryň gurluşygy giň gerime eýe bolýar. Döwürdeşleri bu döwri „altyn asyr'' hökmünde kabul edýarler.

### Imperiýa Awgustdan soň.

Ýöne 14-nji ýylda Awgustyň aradan çykmagy bilen, onuň döreden dolandyryş ulgamynyň kämil däldigi örän çalt aýan bolýar. Eke- täk häkimiýet despotizmiň, eden etdiligiň ýüze çykmagyna mümkinçilik döredýär, wagtal-wagtal tiraniýa öwrülip, onuň garşysyna  baş galdyrmaga gaýratly adam az tapylýar. Öňki respublikan gurluşyň kadalarynyň we kanunçylarynyň gödek bozulmagyna imperator Nerona (54-68 ý.)  senatyň gatnaşygy aýdyň  mysal bolup biler. Ol öz ejesiniň we aýalynyň öldürilmeginde günäkär bolýar. Neronyň özi bu aýylganç etmişine  garamazdan senatyň özüni garşylaýşyna haýran galýar. Bellenilşi ýaly, Neron öz duýgusyny şeýle beýan edýär. „Şu wagta çenli  hiç bir prinseps özüni şeýle çenden geçmek bilen tanadan däldir" diýýär.

Elbetde, ähli imperatorlar Neronyň yzyna eýermeýärler; imperiýaçylyk Rimde hem häkimiýetiniň özeni kanunçylygyň esaslarynda gurlupdyr. Hökümdarlaryň aglabasy özleriniň akyl-paýhasy we ynsanperwerligi bilen tapawutlanýarlar (mysal üçin,  Antoniler şa nesilleriniň  maşgalasyndan „filosof tagtda" diýlip atlandyrylan Mark Awreliý.) olaryň alyp baran işleri „altyn asyr" hakyndaky arzuwy täzeden dikeldýär. Imperiýa döwründe gullaryň ýaşaýyş durmuşy az-kem gowulanýar, rim welaýatlary uly hukuklara eýe bolýarlar, ýerli baý-begzadalar senata saýlanmaga mümkinçilik alýarlar. Karakallynyň 212-nji ýyldaky edikti imperiýanyň düzümine girýän ähli erkin ilatyna rimiň raýatlyk hukugyny berýär.

**Rimiň Parfiýa bilen gatnaşyklary.** Imperiýanyň gündogar goňşusy Beýik Parfiýa patyşalygy bolupdyr. Rimliler birnäçe gezek Parfiýanyň gülläp ösüp oturan ýerlerini basyp almaga synanyşypdyr. Emma parfiýalylar örän edenli söweşijiler bolupdyrlar. Parfiýalylar bilen rimlileriň arasynda bolan Karry söweşinde rim serkerdesi Krassyň 20 müň söweşijisi heläk bolýar.

Imperator Awgust Gündogardaky basybalyjylykly uruşlardan el çekip, parfiýalylar bilen gepleşikler geçirýär. B. e. öňki 40-30-njy ýyllarda Krassyň we Antoniniň goşunlaryndan ýesir düşen rimliler ýesirlikden boşadylýar. Şondan soň Rim bilen Parfiýanyň arasynda uzak wagtlap uruş bolmaýar.

Emma Antonileriň nesilşalygynyň dolandyran ýyllarynda syýasy ýagdaý has oňynlylyga özgerýär. Bu döwür Rimiň taryhynda Rimiň „altyn asyry" diýlip, atlandyrylýar. Imperatop Troýan (b. e.  98-117-nji ý.) 114-nji ýylda Ermenistana çozýar.

Onuň goşuny Parfiýanyň paýtagty Ktesifony basyp alýar, soňra bolsa rimliler Pars aýlagyna baryp ýetipdir. Gadymy Derýaaralygy we Wawilon Rim welaýatlary diýlip yglan edilýär. Emma bir wagtda  Iudeýede, Derýaaralygynda, Müsürde we beýleki ýerlerde rimlilere garşy gozgalaňlar başlanýar. Traýan goşun getirmek üçin Rime ugraýar, ýöne ol ýolda keselläp, aradan çykýar. Bu Rimiň soňky basybalyjykly uruşlary bolýar.

II asyryň ortalarynda imperiýa basyp alyşlardan el çekip, öz mülklerini goramaklyga mejbur bolýar.

Täze imperator Adrian Parfiýa bilen gepleşikler geçirip, Traýanyň ähli basyp alan ýerlerinden el çekipdir.

**Rim taryhçylarynyň işleri.** Gadymy Rimiň we Rim imperiýasynyň taryhy barada imperator Awgustyň döwründe Tit Liwiý 142 kitapdan ybarat „Rimiň düýbi tutulandan bärki taryhy” atly işini ýazypdyr. Rimiň görnükli taryhçylarynyň biri-de Korneliý Tasit (b. e. 56-117-nji ý.) „Taryh’’ diýen işinde Rimiň respublikan gurluşyny wasp edýär, imperator Awgustdan başlap, Nerona çenli (b. e. 64-nji ýyl) döwrüň taryhyny beýan edipdir. Plutarh (b. e. 46-126- ý.) Gresiýanyň we Rimiň beýik taryhy şahsyýetleriniň ömür beýanyny ýazýar.

I asyrda rimli Pliniý 37 kitapdan ybarat „Tebigat taryhy” atly kitabynda gündogaryň, grek, rim astronomlarynyň, lukmanlarynyň, agronomlarynyň we beýleki alymlarynyň ýazan işleriniň mazmunyny beýan edipdir.

Ýuliý Sezaryň tabşyrygy boýunça aleksandriýaly astranomlar senenama düzüpdirler.

Aýlaryň latyn atlary saklanyp galdyrylýar. Iýul aýy-Ýuliý Sezaryň, awgust – Oktawian Awgustyň hormatyna atlandyrylýar.

**Rim hukugy**. Rimliler adamzada kanunçylygy peşgeş beren halkdyr. Onuň ýaşaýyş durmuşynyň köp ugurlary, jemgyýetçilik we şahsy taraplary hukuk reglamentirlemesi bilen iş ýüzünde doly gurşalyp alnandyr.

Rimliler hakyky hudaý kanunçylygy we adamzat kanunçylygy diýip hasap-laýarlar. Soňkusy birinjiniň esasyndan gelip çykýar.

Rim raýatlary umuman, kanunyň öňünde deň bolupdyrlar. Käbir şahsyýetle - re aýratyn hukuklaryň berilmegi gadagan edilýär, şeýle hem halk ýygnagynyň soňky karary hemmeler tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany hasaplanylýar. Ol bolsa kanunçylygyň we tertip-düzgüniň, şeýle-de her bir raýatyň şahsy mertebesiniň goragynda duran, ýörite wezipeli adamlar bolan magistratlar - rim döwlet organlary tarapyndan gözegçilige alynýar we ýerine ýetirlişi üpjün edilýär. Diňe bir hususy emlägi ogurlanlaryň däl eýsem, „kimdir birini masgaralaýan aýdymlary “ düzýänleriň ölüm jezasyna höküm edilmegi tötänleýin däldi.

Imperiýanyň berkarar edilmegi hukugyň mazmunynyň we häsiýetiniň özgermegine öz täsirini ýetirýär. Hukugyň subýekti raýatlykdan tabyn edilenlere öwrülýär we hukuk taýdan deňlik prinsipi aradan aýrylýar. Kazyýetiň we jezanyň häsiýeti-de özgerýär. Kazyýet işleriniň aglaba bölegi bellenilen kazyýetlikden alnyp, magistratlyga geçirilýär, bu bolsa prosesi býurokratizasiýalaşdyrýar. Kazyýet işleri barha köpçülikleýin häsiýete eýe bolup, kazyýet prosesleri bolsa çylşyrymlaşdyrylýar.

Rim kanunçylygynyň kämil we çeýe ulgamynyň döremegine zehinli rim ýuristleriniň birnäçe nesilleriniň bitiren işleri ýardam berýär. Rim ýuristleri hukuk prezumpisiýalarynyň – günäsizligini ýuridiki dogry hasaplamaklygy (hukuk düzgünnamalary), ylaýta-da, jenaýat we prosesual (kazyýet işleriniň dolanyşy gyny kesgitleýän düzgünleriň) hukugynyň peýdalanmakda praktiki rekomendasi-ýalaryny işläp taýýarlamakda aýratyn orny eýeleýärler. Bu esasan hem, günäsizligini ýuridiki dogry hasaplamaklygy düzmeklikde: „her kim tersine subut

edilýänçä, päk ýürekli hasaplanýar” we „günäsiz bolsa jeza hem ýok” ýaly jümlelerde öz beýanyny tapýar.

Rim kanunçylygy ilkinji bolup şahsyýetiň uniwersial ýuridiki konsepsiýasyny, hukugyň subýektini we obýektini görkezýär. Kanunçylyga adamzat jemgyýetiniň düzgünleriniň jeminiň beýany hökmünde düşünmek bilen rimliler kanunyň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegi adamlaryň arasynda sazlaşygy gorap saklap biler, diýip çak edýärler. Bu sazlaşygy güýçli döwlet tarapyndan kepillendirip bolar, sebäbi diňe döwlet hukuk düzgüniň goragçysy, ol adamyň tebigy we kanuny hukuklarynyň ýerine ýetirilişini üpjün edip bilýär. Rim kanunçylygy kämilleşdirilýär. Ol ähli ýuridiki düşünjeleriniň şeýle çuňňur we takyk işlenilip düzülmegi bilen tapawutlanyp, häzirki zaman hukuk ulgamlarynyň köpüsi ony özlerine esaslanma edip alýarlar. Siseron we beýleki hukukçy alymlar tarapyndan ýurtda kazyýet işlerini alyp barmaklygyň berk tertip-düzgünleri işlenilip düzülýär. Awgustyň teklibi bilen nika we maşgala, gullar baradaky kanunlar hem kabul edilipdir. Umumy imperiýa derejesinde ilkinji hukuk we kazyýet işleriniň düzgünleri imperator Adrian tarapyndan „Hemişelik düzgün” ady bilen neşir edilipdir. 130-njy ýylda Adrian hukukçy Ýuliana öňki çykan, ähli kanunlary ýygnap bir bütewi kanunlar toplumyny çykarmagy tabşyrýar we şonuň esasynda ilkinji kanunlar ýygyndysy toplanylýar.

Rimde ýörite hukuk mekdepleri açylýar. Bu mekdepler üçin ýörite okuw kitaby taýýarlanylýar. Imperator Ýustinian 533-nji ýylda 50 kitapdan ybarat iki sany ýygyndy çykarýar. Bir ýyldan soň „Raýat hukuklarynyň toplumy” ady bilen täze kanunlar ýygyndysy çap edilýär. Şeýlelikde birnäçe asyrlaryň dowamynda islendik jemgyýetde ulanylyp boljak rim hukuk kadalary işlenilip düzülýär.

Rim özüniň harby kuwwatlygyny saklap galýar. I-II asyrlaryň sepgitlerinde imperiýa ägirt uly territoriýa degişlidi.

Ýöne onuň ýaşaýyş esaslaryny weýran edýan proseslar başlanýar. Italiýa imperiýanyň merkezi bolmak ornuny ýitirýär, köp welaýatlar ony ykdysady ösüş babatynda ozup geçýärler. Tabyn edilen halklaryň üstünden häkimiýeti saklamak aňsat däldi, olar ýygy-ýygydan gozgalaň turuzýardylar. Ustesine-de, gulçulygyň ykdysady taýdan ähmiýeti gaçypdy. Eýýäm I asyrda rimleriň köpüsi gul zähmetiniň peýdasyzdygyna düşünýärler. Iri mülk ýerleriniň sany artyp, ol ýerde öz işini bilýän we söýýän adamlaryň zähmet çekmeginiň zerurlygyny talap edýär.

Rim filosoflary gullar bilen olaryň hojaýynlarynyň arasyndaky gatnaşyklary täzeçe gurmagy teklip edýärler. Has paýhasly, özara bähbitli gatnyşyklary göz öňünde tutýarlar. Iş ýüzünde gullary erkinlige goýberip, ýerlere berkidip, olary kiçeňräk ýer paýlary we zähmet gurallary bilen üpjün edýärler.

*Ähli adamlar esaslary boýunça meňzeş, doglanda bir meňzeş. Tebigaty boýunça kim dogruçyl bolsa, şol hem tanymal. Maňa, olar gullar ahyry diýýärler. Howwa, ýöne şeýle guluň erkin ruhy bar. Maňa ol ýa-da başga bir manyda gul däl adamy görkeziň! Ine, ol aýgyrlygynyň guly, beýleki açgözligi we gysgançlygy boýunça gul, ol biri bolsa şöhratparazlygynyň guly.*

*Beýik rim filosofy Seneka. 3-65-nji ýyllar.*

Daşyndan göräýmäge Rim imperiýasy öňküsi ýaly güýçlidi, siwilizasiýa ösmegini dowam edýär. Ýetip gelýän heläkçiligiň alamatlary häzirlikçe duýulmaýardy.

## Imperiýa döwrüniň medeniýeti

Rim imperiýasynyň täsiri birinji asyrynda medenýetde hem öz beýanyny tapýar. Ähli ugurlar boýunça ýol, suw geçirjiler gurulýar. Amfiteatrlar, ybadathanalar, terimler - hammamlar, triumfal arkalar gurulýar. I asyrda Rimde özüniň ululygy boýunça ajaýyp, özboluşly 50-müň tomaşaçy üçin niýetlenen Kolizeý - amfiteatr gurlup gutarylýar. Biraz sonra, ähli hudaýlarynyň ybadathanasy Panteon gurulýar. Onuň beton gümmeziniň diametri 43,2 metre barabar bolup, adamzat XIX asyra çenli şeýle ymaraty gurup bilmeýär. Rimliler öz nesillerine özleşdirilen „siwilizasion” giňişligi miras galdyrýarýar. Imperiýada sowatly adamlaryň sany barha köpelýär, rimde köpçilik üçin niýetlenen kitaphanalar peýda bolýar, kitap söwdasy giň gerime eýe bolýar. Şu döwürde meşhur taryhçylara we ýazyjylara döredijilik bilen meşgulanýarlar, tebigy ylymlar ösýär.

Rimlileriň gündelik durmuşynda baýramçylyklaryň orny örän uly bolupdyr. II asyrda bir ýylyň 180 güni baýramçylyk üçin berilýär. Sirklerde we amfiteatrlarda, hemişelik bäsleşiklerde wagşy haýwanlaryň uruşlary, hatda ölüm jezasy teatr şüweleňlerine öwrülýär. Höküm edilen gahrymanyň ýa-da jenaýatkäriň şekilini ýerine ýetirip, hakykatdan hem heläk bolýar. Baýlar öz aralarynda kaşaň egin-eşikleri, öz köşkleriniň bezegleri babatynda bäsleşipdirler.

Eýsem şol döwürde beýleki gala-goply alamatlar ýüze çykýär, bir wagtlar rimliler tarapyndan sarpasy belende göterilen raýatlyk hoşniýetliliginiň ornuna imperatoryň öňünde boýun egijilik, umumy bähbitler ugrundaky gahrymançylykly göreş şöhratparazlyga ösup geçýär, köpçülik ganly we gazaply tomaşalary talap edýär, pähim-paýhaslylyk kemçilige deňelip, üstünden gülünýär.

Rim jemgyýetiniň ajaýyp wekilleri özleriniň watandaşdylarynyň haýasyzlyklary barada gynanç bilen ýazýarlar. Filosoflar Seneka, Epiklet we başgalar ýasaýşyň maddy bähbitlerine bolan ýigrenji wagyz-nesihat edýärler, ýokary ahlak ideýalaryny gözlemekligi öňe sürýärler. Ýene-de köpçülikden ýokarda durýan pähimdaryň şekili peýda bolup, akyldar üçin onyň içki dünýäsi iň ýokary gymmatlyk bolup durýar. Şeýle ideal öň „umymy bähbit” ideýasy esasynda terbiýelenen rimlileriň aglaba bölegi üçin ýatdy. Haçan-da, „umumy bähbit” ideýasy jemgyýetiniň ýaşaýşynyň esasy we maksady bolmagyny bes edende, çetleşmeklik, öz dünýäsi bilen bolmaklyk mertebeli adamlar üçin ýeke-täk çykalga bolýar.

*Meniň tenime ygtyýar edip bolar, ýöne meniň ruhum azat, oňa hiç kim, hiç hili zyýan edip bilmez, şonuň üçin, men isleýşim ýaly ýaşaýaryn.*

*Epiklit, grek filosofy 50-120- ý.*

Şol bir wagtda, rim imperiýasynyn ruhy durmuşynda dünýä we adamzat ýaşaýşynyň manysyna başgaça seretmegiň ýörelgeleri peýda bolýar. Bizin

döwrümiziň 1 asyrynyň başlarynda çet welayatlarynyň biri bolan, Iudeýada hristiançylyk döräp, onuň yzyna eýerijileriň we goldaýanlaryň sany kem-kemden köpelýär. Hristiançylyk (grekçe Çhristos-pata alan adam diýen manyny berýär) dini Hristosyň ady bilen baglanşykly rowaýatlar bilen baglanyşykly. Grek- rim dünýäsi halas ediji dinleriň döwrüne gadam basýar. Bu döwür Gundogar siwilizasiýalarynyň aglaba böleginde has öň bolup geçýär. VI asyrda ol türki halklaryň arasyna aralaşýar. Htistiançylyk Aziýa Eýranyň üsti bilen gelýär, bu ýere bolsa öz gezeginde siriýalylar getirýär. Ony ýaýradyjylar bolsa nestorianlylar bolupdyrlar. Nestoriançylyk Wizantiýada partiarh Nestor tarapyndan esaslandyrylýar. Olar Hristosyň keramatlylyk esaslaryny inkär edýärler, Iisus Hristos we Bogorodisa - Isanyň enesi ýönekeý adamlar diýip tassyklapdyrlar.

Rim elmydama täze hudaýlar üçin açykdy: rim Panteonyna grek hudaýlary, basylyp alnan gundogar ýurtlarynyň hudaýlary yeňillik bilen goşulyşýarlar. Ýöne hristiançylyk Rimiň ýaşaýşynyň ruhy esaslaryny öz özboluşlylygy bilen sarsdyrýar.

Bu näme bilen baglanyşykly?

Hristiançylyk düýbünden başga ahlak ideýalary, özüňi alyp barmagyň täze kadalaryny getirýär. Ol ýokary adalatlylygyň jemlenmesi hasap edilýan asman-daky- yokarky dünýä bilen ýerdäki ýaşaýşyň arasyna çürt-kesik aratapawut goýýar. Adam- hristian mydama özüni ýaradanyň- hudaýyň öňunde jogap berýär. Dünýä adam üçin ýaradylan, adam Hudaýa akyl ýetirmek üçin doglan, onuň ýörelgelerine eýermeli. Ruhuňy halas etmek we o dünýädäki abadançylyk esasy mesele diýlip hasap edilýär, oňa ähli öý-pikiriňi we hereketiňi tabyn etmeli.

Hristiançylyk ýerdäki ýaşaýşy hudaýyň idealaryna laýyklykda, öz-özüni kämilleşdirmeklige we gaýtadan gurmaklyga ugrukdyrýar. Hristiançylyk sosial gelip çykyşyna, milletine garamazdan her bir adama ýüzlenýär, onuň öňünde ägirt uly mümkinçilik açýar. Dünýäniň kämil däldigine düşünmeklik, döwletden çetleşmeklige getirýar. Ynsanperwerligiň talap edilmegi jemgyýeti bahalandyrmagyň esasy bolup durýar. Şu nukdaýnazardan Rim ilkinji hristianlaryň tankydyna döz gelip bilmeýär we olara garşy durmagy başarmaýar.

Hristian ýazyjylary, şeýle –de riim filosoflar-da Hristosyň ýglan eden prinsiplerine ters gelýan, Rim jemgyýetiniň zalymlygyny, eden-etdiligini, adalatsyzlygyny, ikiýüzlüliligini tankytlaýar. Ýöne hristianlaryň tankydy has weýran ediji häsiýete eýedi, çünki „Baky Rim'' ideýasy, „Hudaýyň ýerdäki patyşalygy'' hakykatyň we adalatlylygyň dabaralanmagy ideýasy bilen çalşylýar.

Hristiançylyk ilkibaşda jemgyýetin aşaky gatlaklaryny öz içine alan bolsa, soňra kem-kemden halk köpçüliginiň arasynda giňden meşhurlyga eýe bolup, ruhy taýdan bölünişige getirýär. Ahyrsoňy 313-nji ýylda imperator Konstantiniň dolandyran döwründe Hiristiançylyk resmi taýdan imperiýanyň dinleriniň biri hökmünde yglan edilýär.

**Näme üçin rim siwilizasiýasy heläk bolýar?**

III asyr imperiýanyň çöken döwrüdir. Eger biz Rimiň şol döwürdäki durmuşynyň umumy şekilini suratlandyrsak, onda birnäçe asyrlar bökdençsiz işlän,

onuň esasynda tutuş siwilizasiýa ulgamyny sazlaşykly işleden mehanizmiň hatardan çykandygy baradaky pikir peýda bolar.

Bir wagtlar gülläp ösen şäherler boşap başlaýar, döwlete salgyt töläp bilmeýärler. Biri-birlerinden ykdysady taýdan çetleşip, welaýatlaryň arasyndaky gatnaşyk bozulýar. Söwda peselýär, maliýe ulgamy gowşaýar. Salgytlar we zähmet haklary natural görnüşde tölenýär. Medeniýet pese düşýär.

Rim merkez hökmünde öz ähmiýetini kem-kemden ýitirýär. Imperator Konstantin Wizantiýany paýtagt şähere öwren hökümdardyr. Sebäbi Rimde ýokary gatlaklaryň wekilleriniň, begzadalaryň özüni alyp barşy Konstantine ýaramandyr. 330-njy ýylda imperator Konstantin täze paýtagt diýip Konstantinopoly yglan edýär. (Öňki grek koloniýasy Wizantiý.) 395-ýylda imperiýa Gündogar we Gunbatar böleklere bölünýär.

Şeýle ýagdaýda hem rimde bolup geçýän wakalara esaslanyp „pese düşmek” diýip, atlandyrmak ýeterlik däl. Imperiýada köne düzgünleriň, görnüşleriň weýran bolmagy bilen bir hatarda, geljekde Günbatar Ýewropa siwilizasiýasy esaslanyp biljek täze gatnaşyklar peýda bolýar.

III asyrda warwarlaryň çozuşlary ýygjamlaşýar. Germanlar, gotlar we başga taýpalar oňat tälim berlen hakyna tutma rim legionlaryny gysyp başlaýar. Ahyrsoňy Rim ýeňil olja öwrülýär. 410-nji ýylda gotlar ony basyp alyp, talaýarlar. Rim döwletiniň ýaşan soňky 20 ýyllygynda diňe german družinalarynyň serdarlarynyň goýan adamlary imperator bolup bilipdirler. 475-nji ýylda partisiý Orest imperator tagtyna özüniň 16 ýaşly ogly Romul Awgustuly çykarýar.Ýöne eýýäm bir ýyldan soň „warwar” družinalary hökümediň „warwar” esgerleriniň arasynda ýer paýlamagy geçirmekden boýun towlany sebäpli gozgalaň edýär. Olaryň baştutany Odoakr Oresti öldürýär. 476-nji ýylda warwarlaryň hakyna tutma goşunlary iň soňky rim imperiýatory Romul Awgustuly tagtyndan agdaryp, sürgün edýär, özüni Italiýanyň koroly diýip yglan edýär, onuň imperatorçylyk nyşanlaryny Konstantinopola ugradýar.

Ownuk kärendeçileriň sany artýar, kolonlardan- ýarym erkin ekerançylardan natural görnüşde salgyt alynýar. Iri mülk ýerler ownuk paý ýerlere bölünýär, feodal mülklerine öwrülýär. Iri ýer-eýeleri magnatlar warwalaryň çozuşlaryna gaýtawul bermek üçin berkitmeler galdyrypdyrlar. Olar öz goşunlaryny döredýärler.

Geljekde feodallaryň daýhanlary bolmaly kolonlaryň ýagdaýy takyk we aýdyň däldi. Olar gul hasaplanylmaýardylar, ýöne azat däldiler. Kolonlar ýere berkidilýär, başgaça aýdylanda ýeriň gullary hasaplanyp, ýer eýeleri olaryň emläklerine ygtyýar edip bilýärler. Olar hem öz hojaýynlarynyň hem-de döwletiň hasabyna borçlary ýerine ýetirýärler. Rimliler kolonlar bilen gullaryň aratapawudyny bilmeýärler. Olaryň ikisi-de hojaýylaryna tabyn bolupdyrlar. Öňki düzgünleri gorap saklamak, şäherleriň pese düşmeginiň öňüni almak maksady bilen rim häkimiýeti şäher ilatyny hem ezýärler. Olar şäherlere berkidilip, agyr borçlary ýerne ýetirmeli bolýarlar. Senetçileriň hünäri nesilden-nesle miras berilýär.

Bolup geçýän özgertmelere jogap edip, Rim döwleti gazaply kanunlary kabul edýär, jemgyýetiň üstünden agalygyny, gözegçiligini berkidýär.

Şonun üçin hem, warwarlaryň çozuşlary wagtynda ilatyň aglaba bölegi jemagatçylyk deňhukuklylygy we demokratiýasynda ýaşaýan duşmanyň tarapyna geçýär. Rim taryhçylarynyň biri V asyrda Salwian bu hakynda şeýle ýazýar, „...warwarlar tarapyndan basylyp alnan ähli rimlileriň eke-täk islegi - rimiň golastyna dolanyp barmazlykdy". Rim plebeýleri ol ýerde warwarlar bilen öňküsi ýaly agzybirlikde ýaşamaga rugsat berilendigini beýan edýärler.

Şeýlelikde, imperiýada örän çuňňur özgertmeler bolup geçýär. Olaryň arasynda iň möhümi formasionçylyk öňe gidişlik- feodalizme geçmeklikdi. Formasionçylyk ösüş elmydama belli bir derejede siwilzasiýasynyň durnuklylygyny bozýar, formasiýalaryň çalyşmagy ähli siwilizasion kadalar, adatlar üçin örän agyr urgudy. Rimde bu ruhy esaslaryň urgusyna- hristiançylygyň ýüze çykmagy hem gabat gelip, butparazlyk dünýä- garaýşyny weýran edýär we täze ideallary berýär.

*Rim siwilizasiýasy sosial-ykdysady ugurda we ruhy ugurda-da örän güýçli urgyny başyndan geçirýär. Üçünji urgyny warwarlar ýetirýär: Rim täze, ýaş halklaryň ýolunyň çatrygynda, olaryň beýik göçüşliginiň hut merkezinde bolup galýar. Ewalýusionlyga, dowamatlylyga esaslanýan, siwilizasion ösüş iňňän güýçli weýrançylygy başyndan geçirýär. Rim siwilizasiýasy özüniň ýaşamagyny bes edýär. Onuň heläk bolmagy otnositel häsiýete eýedi. Sebäbi, Günbatar Ýewropa özüni esaslandyryjynyň- Rim siwilizasiýasynyň köp sanly däp- dessurlaryny özleşdirip alýär.*

## V bap. Günbatar Ýewropa siwilizasiýalary orta asyrlarda .

*Orta asyrlaryň ahyrlarynda pese düşen we wagşylaşan Günbatara täze güýç ýygnap, dünýä giňişliklerine çykmak başardýar. Adamzat durmuşynda çagalygyň möhüm orny eýeleýşi ýaly, siwilizasiýalaryň taryhynda hem çagalygyň aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr. Ol hemme taraplaýyn bolmasa-da, köp ugurlar boýunça geljegi kesgitleýär.*

*Jak Le Goff. Häzirki zaman fransuz taryhçysy.*

### § 1. Ýewropanyň çagalygy

Ýewropanyň çagalygy pajygaly gaýnap joşmak ýagdaýynda; halklaryň Beýik göçüşligi, biri-birlerine garşylykly, düýbünden bir ýere sygyşmajak dünýäleriň; german taýpalarynyň warwar dünýäsi we Rim siwilizasiýasynyň çaknyşmagy esasynda bolup geçýär.

Gadym döwürlerde Italiýadan demirgazykda esasan hem, 3 sany iri toparlardan keltleden, germanlardan we slawýanlardan ybarat köpsanly warwar

taýpalary ýaşaýardylar. Olaryň ählisiniň jemgyýetçilik gurluşy rim gul eýeçilik gurluşyna düýbünden gapma-garşylyklydy.

Pim ýüzýyllyklaryň dowamynda olaryň ählisi bilen göreşmeli bolýar. Rimiň ýeňiş gazanmagy netijesinde, olar gullara öwrülýärler.Ykdysadyýet babatynda demirgazyk warwarçylyk periferiýa uzak wagtyň dowamynda Rim üçin gul eýeçilikli latifundiýalaryny işçi güýji bilen üpjün edýän esasy rezerwuar bolup hyzmat edýär.

Ilkinji bolup Rim keltler bilen çaknyşmaly bolýar. Kelt taýpalary b. e. öňki I müňýyllygyň ortalarynda we ikinji ýarymýyllygynda Günbatar Ýewropanyň ägirt uly territoriýasyna göçüp baryp, mekan tutýarlar. B. e. öňki IV –III asyrlarda olar häzirki Günbatar Germaniýanyň we Fransiýanyň (gallar), Ispaniýanyň ( kelt-iberler), Irlandiýanyň ( eýrler we skottlar, Angliýanyň (britteler), Şweýsariýanyň (gelwetler) we Demirgazyk Italiýanyň (Sizalpin Galliýa) territoriýalarynda mesgen tutýarlar. B e. öňki III asyryň birinji ýarymynda keltler Galataýlar diýlip atlandyrylan döwleti döredýärler.

Häzirkizaman Ýewropanyň has giňden ýaýran geografiki atlary hem keltlerden galypdyr: derýalar – Reýn we Dunaý, daglar - Alplar we başgalar, halklaryň atlary –britanlylar (brittalar), germanlar we ş. m.

Ýüzýyllyklaryň dowamynda keltleriň- gallaryň atlary rimliler üçin howp çeşmesi bolup durýar. B. e. öň IV asyryň başlarynda ( 390- ýylda) gallar Orta Italiýa çozup girip, Rime çenli baryp ýetip, ony otlaýarlar. Baryp Gaý Mariniň döwründe b. e. öň II asyryň ahyrlarynda kimwrleriň we tewtonlaryň ( bir bölegi gallardan, beýleki bölegi gallardan ybarat ) çozuşlary Rim respublikasyny olara gaýtawul bermek üçin ähli güýçlerini tijemäge mejbur edýär. Soňra bolsa , rimlileriň özleri-de hüjüme geçýärler. B. e. öň 121- ýylda olar tarapyndan Narbon Galliýasy ýa-da Prowinsiýa diýlip, atlandyrylan Günorta Galliýanyň bir bölegi basylyp alynýar. B. e. öň 58-nji ýylda Ýuliý Sezar bütin Transalp Galliýasyny basyp almaklyga girişip, b. e. öň 51-nji ýylda ony üstünlikli tamamlaýar. Şu wagta çenli keltler german taýpalary tarapyndan Günbatar Germaniýadan hem doly gysylyp çykarylýar. Keltler bilen germanlaryň arasyndaky araçäk Reýn derýasy bolupdyr.

Germanlar bilen ilkinji tanyşlyk b. e. öň I asyrda bolup geçýär. Gadymy germanlar barada birnäçe rim ýazyjylary jikme-jik maglumatlar berýärler.Ýuliý Sezar özüniň „Gall uruşlar hakynda ýazgylarynda“ ( B. e. ö. 50 - ýyllar töwerek tamamlanan. ) germanlaryň durmuşy barasynda takyk maglumatlar berýär. Rim taryhçysy Tasit germanlar barada „Germaniýa” diýlip atlandyrylan ýörite etnografiki oçerk ýazýar (biziň döwrümizde 100 -nji ýyllar töwerek). Germanlar barada Plininiý, Plutarh we beýleki gadymy awtorlar hem ýazýar. Olaryň eserleriniň esasynda biz ilkinji nobatda germanlaryň günbatarda Reýn bilen, gündogarda Wisla aralygynda, demirgazykda Baltika we Demirgazyk deňizlerinden, günortada Alp daglary Dunaý derýasyna çenli territoriýalary eýeländiklerini bilýäris. Şol döwür käbir german taýpalary Reýnden geçip, Rim welaýaty Galliýada mesgen tutmaga synanyşyk edýärler. Ýöne olaryň çozuşlary

yza serpikdirilýär. Meşhur serkerde Ýuliý Sezar olara aýgytlaýjy zarba urup, germanlary Reýiniň aňyrsyna taşlaýar. Biziň eýýamymyzyň I asyrynda bu derýa boýunça araçäk çekilip, Rim mülklerini erkin german taýpalarynyň ýerlerinden bölüp aýrypdyr. Ondan aňry Dunaýa çenli Rim seňňeri dyýlip atlandyrylan araçäk berkitmeleri 500 km uzynlygyna dowam edýär.

*Olaryň bütin ömürleri harby okuwlarda we aw awlamak bilen geçip, ir çagalyk döwürden olar gazaply we agyr ýaşaýyş durmuşyna uýgunlaşdyrylýar.*

*Ýuliý Sezar uruşparaz germanlar hakynda. b. e. öňki I asyr.*

German taýpalary Rimliler bilen golaý ýaşap, rim medenýetini öwrenip, beýleki ara çäkden uzakda ýaşaýanlar bilen deňeşdirilende has ir siwilizasiýalaşýarlar. Bu parahatçylykly ýaşaýyş II-III asyrlarda Gündogar german taýpalary bolan gotlaryň aýaga galmagy netijesinde bozulýar. Garadeňiz kenar ýakalarynda mesgen tutup, olar şol ýerden imperiýa çapawulçylyk edýärler. IV asyr halklaryň beýik göçüşligi-german we german däl taýpalaryň köpçülikleýin süýşmekligi başlanýar. Gündogardan günbatara barýan hunnlaryň –türki çarwa taýpalarynyň zor salmagy netijesinde westgotlar imperiýanyň territorýasynda, häzirki Bolgariýada rimleriň ýaranlary hökmünde mesgen tutýarlar. Ýöne, V asyryň başlarynda olar Italiýa çozup girip, 410-ýylda Rimi eýeläp, soňra Galliýa göçýärler. Ol ýerde häzirki Tuluz şäheriniň töwereklerinde 418-nji ýylda Rim imperiýasynyň territorýasynda ilkinji warwar patyşalygy döredilýär.

V asyrda bolsa Rimiň westgotlara garşy göreşinden peýdalanyp, Galliýa beýleki german taýpalary (wandallar, alanlar, swewler) hem çozup girýärler. Wandallar has howply bolupdyrlar. Agressiw we wagşy wandallar imperiýa bilen gepleşiklere gelmändir, barha täze ýerleri talap, çapawulçylyk etmegi dowam edýärler. V asyryň 20-nji ýyllarynda olar Prineý ýarym adasynyň gündogar kenaryndaky deňizýaka baý şäherleri talaýarlar, soňra bolsa demirgazyk Afrika baryp ýetýärler.

Wesgot, Wandal we Burgund korollyklarynyň emele gelmegi bilen Günbatar Rim imperiýasynyň ýagdaýy has-da ýitileşýär. Imperiýany şol wagt dolandyran imperator Walentinian III (425-455-nji ýyllar.) dereksiz adam bolupdyr. Taryhçylar tarapyndan käbir ýagdaýlarda „iň soňky beýik rimli “diýlip atlandyrylan onuň ministri Aesiý imperiýany gorap saklamak üçin zerur we gyssagly çäreleri amala aşyrýar. Rimliler üçin has howply we duşmançylykly warwarlaryň garşysyna beýleki bir rimleşen warwarlary garşy goýýar.

V asyrda germanlardan başga-da imperiýanyň çäklerine, döwürdeşleri tarapyndan „hudaý tarapyndan inen apat” diýlip atlandyrylan meşhur serkerde Attilanyň baştutanlygynda hunlar hem çozuş edýärler. V asyryň başlarynda gaýduwsyz serkerde Attilanyň (435-453) baştutanlygynda ähli hun taýpalary birleşýärler. Attilanyň paýtagt şäheri Tissi derýasynyň kenarynda – häzirki Wengriýanyň territoriýasynda ýerleşipdir. Şol ýerden Attila uzakdaky Balkan ýarym adasyna, Kiçi Aziýa, Ermenistana we hatda Mesopotamiýa ýöriş gurnaýar. Attila Wizantiýanyň (gündogar rim) imperatory-da köp mukdarda salgyt töleýär.

Dunaýyň golaýynda ýaşaýan köp sanly slawýan taýpalary-da hunnlardan garaşly ýagdaýda bolupdyrlar. 50-nji ýyllaryň başlarynda Attila günbatara ýöriş gurnaýar we 451-nji ýylda Galliýa çozup girýär, bu ýerde köp şäherleri basyp alýar, Galliýanyň möhüm strategiki punkty bolan –Orlean şäherine baryp ýetýär. Uzaga çeken gabawdan soň, Orlean hunlar tarapyndan eýelenýär, ýöne Aesiý Attila garşy warwarlaryň federatlaryny gönükdirmegi başarýar we ony Orleandan yza çekilmäge mejbur edýär. 451-nji ýylyň 15-nji iýunynda Trua şäheriniň golaýynda (geljekki Şampani) Katalaun meýdanynda „halklaryň söweşi" bolyp geçýär. Attila ýeňilýär, rimliler bolsa iň soňky gezek ýeňiş gazanýarlar. Rimlileriň öz ýaranlaryndan garaşlylygy has hem artýar. Westgot we Burgund korollyklary doly garaşsyzlyk gazanýarlar. 452-nji ýylda Attila Italiýa ýöriş gurnaýar, ýöne ol örän köp mukdarda baýlyk we salgyt alyp, Rimi basyp almakdan saklanýar. Ol 453-nji ýylda öldürilýär we onuň döreden döwleti örän çalt dargaýar. Hunlar ýerli ilat bilen goşulyşyp garyşýar.

Göräýmäge hunlaryň döwletiniň ýok bolup gitmegi bilen Rim imperiýasynyň ýagdaýy gowulaşaýmaly ýalydy.Ýöne welin, onuň resurslary düýbünden tamamlanypdy. Attilanyň ölmegi bilen imperatoryň köşgünde pitneleriň ýitileşmegine rim döwlet işgärleriniň hatarynda görnükli şahsyýetiň - Aesiniň hem heläk bolmagyna sebäp bolýar.

Reýn derýasynyň orta akymynda ýaşaýan Burgynd taýpalary rimlileriň hunlardan ýeňiş gazanmagy netijesinde Ženewa kölüniň töweregine bölekleýin göçüp barýarlar. Ol ýerde 457-nji ýylda täze Burgynd korollygy emele gelip, tiz wagtdan Rona derýasy boýunça demirgazyga - Prowansyň tarapyna mülklerini giňeldýärler. Şeýle pajygaly ýagdaýda 476-njy ýylda sessiz-üýnsiz, iş ýüzünde örän möhum waka bolup geçýär. Hakyna tutma warwarlar iň soňky Rim imperatory Romul Awgustuly tagtyndan agdaryp, onuň imperatorçylyk nyşanlary Wizantiýa ugradýarlar. Günbatar Rim imperiýasy özüniň ýaşamagyny bes edýär. Ýöne bu wagt ölçegi köp ýagdaýda şertli hasaplanylýar. Hakykatdan Rim imperatorlary öz hökümdarlygyny has öňräk ýitirýärler.

Şeýle ýagdaýda, öňki Günbatar Rim imperiýasynyň territoriýasyna german taýpalarynyň çozuşlary dowam edýärdi. Yzly-yzyna warwarlaryň korollyklary peýda bolýar. 439-njy ýylda wandallar demirgazyk Afrikada korollyklaryny esaslandyrýarlar. 486-njy ýylda demirgazyk Galliýa, öň Reýniň aşak akymynda ýaşan franklar çozup girýärler. VI asyrda Frank korollygy günorta Galliýadaky ýerleri we Burgundiýany eýeleýärler. V asyryň ortalarynda german taýpalary ýerli kelt taýpalary bilen uruş alyp baryp, Britaniýany işjeň özleşdirip başlaýarlar. Netijede, VI asyryň ahyrlarynda Britaniýada 7 sany warwar korollyklary döredi. Warwarlaryň korollyklarynyň emele gelmegi kadaly ýagdaýy döretmeýär. Täze döwletler öz aralarynda dyngysyz uruşlar alyp barýar, olaryň araçäkleri hemişelik däldi, dowamlylyklary bolsa, düzgün bolşy ýaly uzaga çekmeýärdi.

Şeýlelikde, 486-njy ýylda Italiýa ostgotlar çozup girip, tiz wagtdan westgotlaryň koroly Odoakry agdaryp, uly Ostgot korollygyny döredýärler. Oňa Italiýa, Sisiliýa, Pannoniniň bir bölegi we Illiriýa, birneme soňra Prowans

birikdirilýär. Ýöne 555-nji ýylda ony Wizantiýa, soňra bu ýerleri beýleki german taýpalary – langobardlar basyp alýarlar.

Bu başagaýlyk döwri bolup, üstesinede, Ýewropada entek öz döwletlerini döretmedik köp sanly german, türk, eýran we slawýan taýpalarynyň dyngysyz göçüşligi bilen üsti ýetirilýär.

Warwarlaryň çozuşlary kem-kemden köşeşýär, ýöne Günbatar Ýewropada ýagdaý uzak wagtlap dartgynly ýagdaýda galýar. VIII asyrdan başlap XI asyryň ortalaryna çenli Günbatar Ýewropada Skandinawiýa ýurtlarynyň ilaty bolan uruşparaz normanlaryň çapawulçylyklary elhenç howp salýardy. VII asyryň ahyrynda – VIII asyryň başlarynda ýaş yslam siwilizasiýasy Ýewropa dünýäsine hüjüm edip, Demirgazyk Afrikada we Ispaniýanyň uly böleginde öz agalygyny ornaşdyrýar.

*Westgotlar-günbatar gotlar, II-III asyrlarda Dnestriň boýlarynda we Dunaýyň aşaky akymlarynda ornaşýarlar.*

*Ostgotlar-gündogar gotlar-Dnestrden gündogardaky ýerleri eýeläp, Gara we Azow deňizlerine çenli ýerlerde mesgen tutýarlar.*

## Weýran bolmakmy ýa-da gaýtadan döremeklik?

*Günbatarda rim we warwar dünýäleriniň birleşmesinden emele gelen täze dünýä peýda boldy.*

Jak Le Goff. Orta asyr günbatar siwilizasiýasy.

Warwarlar täze siwilizasiýanyň ornaşmagynda nähili orny eýeleýär? Göräýmäge bu soraga jogap bermek aňsat ýaly. Warwarlar Rim siwilizasiýasyny, onuň bilen birlikde köp asyrlaryň dowamynda döredilen siwilizasiýa derejesini hem weýran etdiler. Imperiýanyň heläk bolandan soňky ilkinji asyrlarynyň „tümlük“ diýlip atlandyrylmagy tötänleýin däl.

Ilat rehimsiz basybalyjylardan, açlykdan ejir çekýär, şäherler boşap galýar, söwda ýatýar. Taşlanan, hiç kim tarapyndan işlenilmedik ýerler köpelýär. Öz ýaşaýşynyn başlarynda Günbatar Ýewropanyň keşbi şeýle janlanýar: tokaýlaryň we meýdanlaryň iňňän uly giňişliklerinde biri-birlerinden uzakda ýerleşýän obalar örän seýrek adajyklary ýadyňa salýar. Döwürdeşleri bir wagt gülläp ösen ýerlere gelen betbagtçylygy ahmyr çekmek we örän gynanç bilen beýan edýärler.

*Warwarlar Ispaniýa çozup girdiler. Ýokanç keselleriň howpy ondan pes däldi. Açlyk şeýle bir elhençdi welin, adamlar adam etini iýip başladylar. Şäherlerde, obalarda, willalarda, ýollaryň ugrunda we çatryklarda ol ýa-da beýleki bir ýerde, ähli ýerde ölüm, horçulyk, ýangyn, weýrançylyk, gaýgy-gam. Ähliumumy ýangyndan soň, Galliýadan diňe burugsaýan tüsse galdy.*

*Döwürdeşleri V asyryň wakalary barada.*

Bu elhenç wakalara garamazdan „tümlük asyry“ ady bize hemme zady düşündirmeýär. Şol döwürde täze siwilizasiýanyň esaslarynyň döreýän wagty

nämeler bolup geçýär? Warwarçylygyň derejesi birmeňzeş bolmandyr: Rim imperiýasynyň territoriýasyna nähili german taýpalary çozup giripdir? Meselem: westgotlar, ostgotlar we franklar uzak wagtlap onuň bilen araçäkde ýaşap, elbetde ýerli halk bilen gatnaşyp, siwilizasiýanyň käbir alamatlaryny özleşdirýärler.

Ostgot korollygynda rimlileriň bilim ulgamy hereket edip, warwarlar sowatlylaryň üstüni ýetirýärler. Ostgotlaryň koroly Teodorih sungata we ylma howandarlyk edýär, onuň köşgünde rim filosoflary, ýazyjylary we taryhçylary döredijilikli zähmet bilen meşgullanýarlar. Teodorihiň permany bilen Rimde, Weronda, Rawennde gadymy gurluşyklar dikeldilýär, täzeleri gurulýar, sirk we teatr tomaşalary gaýtadan ýola goýulýär. Teodorih özüni Rimiň däp-dessurlaryny dowam edýän mirasdüşeri hasaplaýar. Ol Wizantiýa imperatoryna öz korollygyny „ikinji gaýtalanmajak“ Wizantiýa ýaly ýeke- täk etmek isleginiň bardygyny ýazýar. *Ostgot gaýtadan döreýşi* (taryhçylar medeniýetiň gülläp ösen döwrüni şeýle atlandyrýarlar) V-VI asyrlar üçin özboluşly, uzaga çeken ýagdaý hasaplanylýar.

Rimliler bilen gatnaşyk tejribesi bolmadyk beýleki warwarlar siwilizasiýanyň gazananlaryna başgaça garapdyrlar. Italiýany basyp alan langobardlar antiki medeniýetiň gazananlaryny özleşdirmäge taýýar däldiler. Şonuň üçin hem, olaryň basyp alyşlarynyň netijeleri weýrançylykly bolýar. Eýýäm warwarlaryň *siwilizasiýa giňişligini* basyp alandygy möhüm bolup durýardy: Italiýanyň özünde we rim welaýatlarynda suw we ýylylyk geçirijiler, termler gurlup, ybadathanalar we heýkeller bilen bezelen gadymy şäherler ösýärdi. Bu giňişlik Rim medeniýetini ele alan adamlar ýaly, şeýle hem, gadymy sosial gatnaşyklar we kanunlar ýaly bir bada ýitip ýok bolup gitmeýär.

Ýöne geljekki Günbatar Ýewropa siwilizasiýasynyň berkarar bolmagy üçin warwarlaryň belli bir derejede kabul eden Rimiň medeni mirasy däldi. Onuň çagalyk döwründe möhüm öňe gidişlik - feodalizme geçipdi. Bu çylşyrymly proses warwarlaryň has işjeň gatnaşmagynda ösýär. Elbetde, feodalizmiň käbir elementleri Rim imperiýasynyň heläk bolmagynyň öňüsyrasynda (kolonlaryň zähmedi) peýda bolýar. Ýöne, täze sosial - ykdysady gatnaşyklar Ýewropanyň esasy territoriýasynda warwarlar bilen giçki rim jemgyýetiniň özara gatnaşygynyň netijesinde ornaşýar. Feodalizmiň şeýle ösüş ýoluna sintez diýilýär. („Sintez grek-çeden „birleşme, utgaşma“ diýen, manyny berýär.)

Sintez nähili bolup geçýär? Rim imperiýasynyň öňki territoriýasynda Rim begzadalarynyň mülkleriniň bir bölegi ýok edilse, beýleki bir bölegi saklanyp galypdy. Bize mälim bolşy ýaly, mülk eýeleri kolonlaryň zähmetinden peýda-lanyp, gullary bolsa ýere berkidip, öz hojalyklaryny alyp barmaga mümkinçilik beripdirler. Kolonlar we ýere berkidilen gullar hem iş ýüzünde kärendeçiler bolupdyrlar. Şeýle mülkleriň golaýynda german jemagatlary ýerleşipdir. V-VI asyra çenli german jemagaty bölünip başlaýar, onuň agzalarynyň paý ýerleri bolup, ony satyp, satyn alyp, peşgeş berip, miras galdyryp bilipdirler. Başgaça aýdylanda, hususy emlägi ýaly peýdalanypdyrlar. Tokaýlar, boş meýdanlar, öri meýdanlar jemagatyň köpçülikleýin eýeçiliginde galypdyr. Germanlaryň arasynda jemagatyň

dargamagy, ýeri satmak we satyn almak mümkinçiligi iri ýer eýeçiliginiň ösmegine getirýär. Şeýlelikde, feodal jemgyýetiniň iki synpy emele gelýär: feodallar-ýer eýeleri we belli bir şert esasynda feodallardan ýer alan daýhanlar, başgaça aýdylanda garaşly daýhanlar. Feodal bilen garaşly daýhan özara şertnama baglaşýar: feodal öz ýerinden daýhanyň zähmeti bolmasa peýdalanyp bilmändir, daýhanyň bolsa hususy ýeri bolmandyr, ondan başga-da, olar şeýle galagoply döwürde harby taýdan goralmaga ýiti zerurlyk çekýärdi.

Ýöne jemgyýetiň feodallaşmagy Günbatar Ýewropanyň rim we warwar dünýäsiniň birleşmesi bolup geçen sebitlerinde-de dürli depginde amala aşýar. Feodalizmiň berkarar bolmagy rim we warwarçylyk başlangyçlar kadalaşan ýerlerinde çalt (Galliýanyň demirgazyk gündogarynda), warwarlaryň rim gul eýeçilik mülkleriniň weýran edip bilmedik ýerlerinde (Italiýada) haýal, rim başlangyjy Britaniýada has haýal, Germaniýada Reýn bilen Elbanyň aralygynda, Skandinawiýada aralygynda düýbünden ýokdy. Şeýlelikde, Demirgazyk Gündogar Galliýada feodalizm VIII-IX asyrlarda, Italiýada X asyrda, Britaniýada XI asyrda, Germaniýada bolsa XII asyrlarda berkarar bolýar.

Günbatar Ýewropa siwilizasiýasy özbaşdak, şol bir wagtda biri-birleri bilen ykdysady, syýasy we medeni ugurlar boýunça baglanyşykly dürli we örän köp sanly döwletlerden düzülendir. Bu aýratyn görnüşli birleşme kem-kemden emele gelýär.

Ilkibaşda Günbatar Ýewropa birnäçe dagynyk, şeýle hem, durnuksyz warwarçylyk korollyklardan ybaratdy. Olaryň territoriýalarynda özlerinden başga-da medeni derejesi boýunça basybalyjylardan düýpli tapawutlanýan ýerli rim ilaty ýaşaýardy. German taýpalary biri- birlerinden dili, däp-dessurlary, dini boýunça tapawutlanyp, bütewi däldi.

Ýewropada syýasy bitewilik ideýasy VIII-IX asyrlaryň sepgitlerinde döreýär.

Onuň watany Frank korollygy bolup, ol bu galagoply döwürde güýçli we ýaşamaga ukyply döwlet bolup çykýar. Karol Beýik Karlyň (768-814-ý) döwründe özüniň iň bir gülläp ösen derejesine ýetip, ol basybalyjylykly syýasaty işjeň alyp barýar. Dürli taýpalary birleşdirip, ägirt uly imperiýa öwrülýär. Onuň çäkleri günortada orta Italiýadan başlap, demirgazykdaky Ýutlandiýanyň günortasyna, günorta-günbatarda Barselonadan gündogarda Bogem daglary we Wena tokaýlaryna çenli ýerleri öz içine alypdyr. Beýik Karl we onuň ýakynlary öz täze döreden döwletinde Rim imperiýasynyň gaýtadan döremegini görüpdirler. 800-nji ýylda Papa Lew III Karly Rim imperatory diýip, yglan edip, täç geýdirýär. Ýöne, imperiýa Beýik Karl aradan çykandan soň dargaýar. Werden ylalaşygy boýunça 843-nji ýylda Beýik Karlyň nesilleriniň arasynda 3 bölege bölünýär. Günbatar Frank, Gündogar Frank korollyklaryny we Italiýany, Reýn boýundaky ýerleri öz içine alýan imperiýadyr (Lotar imperiýasy Beýik Karlyň agtyklarynyň biri). Bu bölünşik häzirki zaman Ýewropa döwletleriniň; Fransiýanyň, Germaniýanyň we Italiýanyň taryhynyň başyny başlaýar. Günbatar Ýewropa Rim imperiýasynyň gaýtadan dikeltmek synanşygy german koroly Otton I tarapyndan (936-973-ýyllar dolandyrýar.) amala aşyrylýar. Ol Italiýa birnäçe gezek harby ýöriş gurap, 962-nji

ýylda Rimde täç geýdirilmegini gazanýar. Şeýlelik-de täze „Rim imperiýasy“ döredilýär. Onuň düzümine Germaniýa, Demirgazyk we Orta Italiýa giripdir. Birneme soňra ony ,,Keramatly Rim imperiýasy” diýip atlandyrýarlar. Bu bolsa German imperatorlaryna Ýewropa döwletleriniň içerki işlerine goşulmaga, papalyga täsir etmäge, Italiýanyň hojaýyny hasaplamaga mümkinçilik berýär. Keramatly Rim imperiýasy iş ýüzünde gowşak birleşme bolupdyr. Ol Ýewropanyň syýasy ösüşindäki esasy ugurlara, özbaşdak milli döwletleriň saýlanyp çykmagyna päsgel berip bilmeýär. Bu uzaga çeken proses kynçylyklar, uruşlar, araçäkleri gaýtadan paýlaşmaklyk bilen utgaşyp, hatda orta asyryň ahyrynda-da tamamlanmaýar.

Eýsemde bolsa, Beýik Karl we Otton I imperiýanyň birleşdirijiniň wezipesini ýerine ýetirip, Ýewropa halkara gatnaşyklarynda täze günbatar Ýewropa siwilizasiýasynyň we onuň beýik Rimiň oruntutary hakyndaky ideýanyň berkemeginde aýdyň ýüze çykýar. Günbatar Ýewropa siwilizasiýasynyň bitewilik ideýasy Rim katolik ybadathanasynyň täsir etmeginde kemala gelýär. Rim katolik ybadathanasy Ýewropanyň syýasy durmuşynda ýokary kadalaşdyryjynyň wezipesini ýerine ýetirýär. Ondan başga-da ybadathana hristiançylyk dünýäsiniň beýleki ýurtlardan aýratyn dini ynançlarynyň bölüp aýyrýandygyny aňyna guýýardy.

Ýöne dürli we köp taýpaly Ýewropanyň taryhy ösüşiniň bütewiliginiň esasy çeşmesi- siwilizasiýasynyň esaslary umumy bolupdyr: antiki miras we warwar german dünýäsi, Ýewropa ýurtlarynyň arasyndaky (syýasy, ykdysady, medeni) gatnaşyklar uly ähmiýete eýe bolup, ol gatnaşyklar bütewi siwilizasiýa ulgamyny döredýär.

Ýewropanyň dürli sebitleri birmeňzeş däldi. Her bir ýurtda özgertmeler bolup geçip, olar özboluşlulygy bilen tapawutlanýar. Dürli Ýewropa döwletleri bütin siwilizasiýa durmuşyna öz goşantlaryny goşýarlar. Bu bolsa onuň umumy ösüşiniň we dowamlylygynyň esasy sebäpleriniň biridir.

Rim imperiýasyny onuň öňki derejesinde dikeltmäge edilen synanyşyk başa barmaýar. Aýry-aýry korollyklaryň arasynda döwlet häkimiýeti uzak wagtlap gowşaklygyna galýar. Bu bolsa geljekde günbatar Ýewropanyň sosial, ykdysady ösüşiniň aýratynlygyna öz täsirini ýetirip, döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky güýçleriň çaknyşygyna täsir edýär.

## § 2. Döwlet we ybadathana

313-nji ýylda hristiançylyk döwlet dini diýlip yglan edilenden soň, ybadathana diňe bir öz pikirdeş doganlary birleşdirýän ruhy jemagatçylyk bolmagyny bes edýär. Rim imperiýasy heläkçiligiň bir gyrasynda duran wagty, ybadathananyň syýasy güýje -,,döwlet içinde döwlete” öwrülmek prosesi başlanýar.

Ybadathana imperatorlardan we rim baý-begzadalaryndan mülk ýerleri peşgeş alyp, ykdysady taýdan öz ornuny pugtalandyrýar, onuň içerki guramalary döredilýär. Ahlumumy soborlarda-ruhanylaryň ýokary gurultaýlarynda

ybadathananyň ideýa taýdan bütewiligini üpjün edýän hristiançylyk dini düzgünler-dogmalar işlenilip düzülýär. VI asyrda Günbatar Ýewropada monastyrlar peýda bolup başlaýar. Olaryň ilkinjisi 480-547-nji ýyllar töwerek keramatly Benedikt tarapyndan Montekassinide esaslandyrylýar. Ol geljekde doganlyklar üçin nusgalyk boljak monastyrlaryň düzgünnamasyny işläp düzýär. Günbatar ybadathana gündogar ybadathanalaryndaky ýaly doly asketizime ýol bermeýär. Ýöne, monahlary ýönekeý ýaşaýşa, gulakasyjylyga, parasatlylyga we tabyn bolmaklyga çagyrýar. Monastyrlar ýerde Taňrynyň patyşalygy hökmünde birnäçe asyrlaryň dowamynda magaryfçylyk merkezi bolupdyr. Monastyr mekdepleri dine gulluk edijileri taýýarlaýarlar. Şeýle-de golýazmalary göçürmeklige has hem uly üns berip, monahlaryň tagallalary esasynda ylahyýeytçileriň işleri we antiki edebiýat eserleri biziň döwürlerimize gelip ýetýär.

**Teokratiýa ideýasy.** Ybadathana üçin möhüm meseleleriň biri-de onuň dünýewi häkimiýete bolan gatnaşygydy. Günbatar Ýewropa swilizasiýasynyň durmuşynda nähili orun eýelejekdigi, onuň syýasatdaky geljekki ykbaly bu meseläniň çözgüdine bagly bolup durýardy. Onuň jogaby şol döwürde döwletiň güýjüniň mizemezligine bolan ynamyň ýok bolan wagty-Rim heläk bolmazdan has ir berilýär. Rim westgotlar tarapyndan eýelenenden soň, 413-nji ýylda ybadathana atalarynyň iň meşhurlarynyň biri Awreliý Awgustin (354-430) özüniň „Taňry döwleti hakynda" diýen meşhur eserini ýazýar.

Awgustin üçin adamzat taryhy hakyky dindarlaryň arkalaşygy - Taňry döwletini esaslandyryjylar bilen günälileriň - özlerini söýýänleriň ýerdäki döwletde ýaşaýan körleriň, hudaýsyzlaryň göreşi. Ýerdäki ýaşaýyşda iki „döwlet" hem, hakyň ýoluny tutýanlar bilen günäkärler garyşyp bileleikde ýaşaýarlar, ybadathana „Taňry döwletiniň" ýerde ýüze çykmagyna golaý. Şol sebäpli, Awgustin ybadathana iň beýik araçynyň ornuny berýär. Diňe bir dini ynançlar babatynda däl, eýsem döwleti dolandyrmakda-da onuň taglymatyna görä, ýerdäki häkimiýet hem Hudaý tarapyndan, ýöne ybadathanadan has pesde dur. Sebäbi agalyk etmeklige we baýlaşmaklyga bolan isleginde ol has egoist we doýmaz-dolmaz. Şonuň üçin, dünýewi häkimiýet ybadathananyň ruhy ýolbaşçylygyna gürrüňsiz tabyn bolmalydyr. Döwletiň şeýle dolanydyrylyşyna teokratiýa (grekçeden Hudaýyň häkimiýeti'' diýlip terjime edilýär.) diýilýär, ýokary-syýasy häkimiýet ruhanylara degişli bolýar. Awgustiniň ideýalary günbatarda ykrar edilýär, gündogar ybadathana bolsa döwlet bilen aragatnaşyklarynda başga ýoly saýlap alýar. Günbatar we Gündogar ybadathanalaryň dini taglymatlarda we däp - dessurlarda gapma- garşylygyň barha artmagy bilen, Rim günbatar hristiançylygyň merkezine öwrülýär. „Baky şäher" köp sanly heläkçiligi başyndan geçirendigine garamazdan, bir wagt kuwwatly imperiýanyň paýtagty bolan abraýyny saklaýar. Ondan başga-da Rim jennediň gapysynyň açarlaryny saklaýan perişde Pýotryň hem şäheri hasaplanylýar. Papanyň elindäki ýerler Pýotyň mülki- papanyň özi bolsa dünýewi hökümdar hasaplanýar. Netijede, birneme sonra, VIII asyrda Papalyk döwlet emele gelýär, oňa Rim welaýatynyň we Rawenn ekzarhatlygynyň ýerleri degişli bolýar.Ybadathananyň ykdysady kuwwatlylygy ýokarlanýar: XV asyra çenli

Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň aglaba böleginiň ekin ekilýän ýerleriniň 3/1 bölegi ruhanylara degişli bolupdyr. Beýik Karlyň döwründe ybadathananyň 10/1 (desýatina) salgydy kanunlaşdyrylýar we Ýewropanyň tutuş ilaty bu salgydy töleýärdi.

Papalygyň döredilmegi ybadathanany birleşdirýär; ol iýerarhiýa hökmünde emele gelýär. Onuň başynda öz baştutany papasy bilen öran berk merkezleşdirilen gurama gutarnykly emele gelýär.

*Teokratiya-grekçeden „Hudaýyň häkimiýeti" diýlip terjime edilýär, ýokary syýasy häkimiýetiň ruhanylara degişli bolmagy.*

## Ybadathana we dünýewi häkimiýet

Bu döwürde, elbetde, ybadathananyň täze dörän döwlet häkimiýeti bilen deňeşdirilende ummasyz güýji bardy. Warwarlaryň çozýan galagoply döwründe papalar dünýewi işlere işjeň goşulyşýarlar. Meselem, Beýik Grigoriý (590 - 604-nji ýyllarda dolandyrýar.) hökmürowan, dogumly adam langobardlaryň Rime çozuşlary wagtynda şäheri goramaga ýolbaşçylyk edýär, ilaty azyk bilen üpjün edýär.

*...Warwarlaryň çozuşlarynyň galagoply döwründe ýepiskoplar we monahlar dargaýan jemgyýete hemmetaraplaýyn ýolbaşçylyk edýärler. Özleriniň dini wezipesine syýasy işleri hem goşýarlar, warwarlar bilen gepleşikler alyp barýarlar, hojalyk işlerini-azyk we sadaka paýlaýarlar,sosial meseleleri çözýärler-ejizleri güýçlülerden goraýarlar, hatda harby wezipäni hem ýerine ýetirýärler.*

*Jak Le Goff Günbatar siwilizasiýasy orta asyrlarda.*

Dünýewi häkimiýet özi üçin zerur bolan wagty ybadathananyň at-abraýyny öz täsirini berkitmek maksady bilen ulanýar. Beýik Karlyň Rim imperiýasyny gaýtadan dikeltmek isläp, Rimde täç geýmegi tötänleýin däl. Bu döwürdeşlerine güýçli täsir edýär we ybadathana bilen döwletiň bileleşiginiň nyşanydy. Ýöne bu berk bileleşik däldi, ybadathana döwletde özüniň daýanjyny görýändigine garamazdan, syýasy liderlige dalaşgärlik edýärdi. Beýleki bir tarapdan kem-kemden güýçlenýän dünýewi häkimiýet özüne papalygy tabyn etmek isleýärdi. Şol sebäpli, ybadathana bilen döwletiň Günbatar Ýewropadaky gatnaşygy gapma-garşylykly we dyngysyz jedelli ýagdaýdan ybaratdy.

Beýik Karlyň ölüminden soň, papalyk orta asyr hökümdarlaryndan örän garaşly ýagdaýa düşýär. Otton I başlap keramatly Rim imperiýasynyň imperatorlary öz islegine laýyklykda ýepiskoplary we papalaryň özlerini-de belläp başlaýarlar. Ýepiskoplar we monastyrlaryň baştutanlary baý-begzadalardan mülk ýerler alyp, kähalatlarda harby gullugy hem ýerine ýetirýärler.

Ýöne ybadathana bu ýagdaý bilen ylalaşmak islemeýär. X asyrdan başlap ony arassalamak, döwletiň täsirinden halas etmek ugrunda göreş başlanýar. XI - XIII asyrlarda ybadathana örän uly üstünlikler gazanýar. Ýewropa döwletleriniň korollarynyň papanyň baýlygyna gözi gidip biljekdi. Ybadathananyň öz

kazyýetligi we giň býurokratik ulgamy bardy. Papalar Ýewropa döwletleriniň işlerine, hatda monarhlaryň şahsy durmuşyna işjeň goşulyşyp başlaýar. Ähli ybadathana meselelerinde olaryň abraýy şek ýetirilmesizdi. 1096-1270-nji ýyllarda ybadathana haçly ýörişleri-Iýerusalimde Hudaýyň guburyny halas etmek ugrunda dini uruşlary gurnap, oňa gatnaşyjylara günälerini geçmegi we ertekilerdäki ýaly baýlyk wada berýär.

*Rim papalary Ýewropadaky dyngysyz alnyp barylýan uruşlary ýeke-täk adalatly uruşlara, başga dinlileriň göreşine öwürmekligi göz öňüne tutýarlar.*

*...Elbetde papalyk we ybadathana haçly ýörişler arkaly Günbataryň özünde agalyk etmek üçin serişde almakçydylar.*

*Jak Le Goff.Orta asyr Günbatar siwilizasiýasy.*

Hristiançylyk dünýäsini hristian dällerden goramak şygary astynda arap Ispaniýasyna garşy uruş alyp barýarlar. Oduň we gylyjyň zarby bilen günbatar slawýanlary, wengerleri we Pribaltikanyň ilatyny katoliklere öwürýärler.

Syýasy durmuşda üstünlik gazanyp, ybadathana özüniň ruhy abraýyny ýitirýärdi. Ruhanylaryň wekilleri hydaýa hakdan gulluk edýänleri däl-de, mekir pitneçileri ýadyňa salýardy. Dindarlaryň köpüsi indulgensiýalary-günä geçiş hatlarynyň satylmagy sebäpli ýazgarylýar, diýmek, jennetden ýeri pula satyn alyp boljakdy. Ybadathananyň häkimiýete we baýlyga bolan doýmaz-dolmaz islegini ýazgaryp, şol döwrüň ýazyjydyr- şahyrlary çykyş edýärler.

Ýöne ybadathananyň syýasy kuwwatlylygy uzaga çekmeýär. XIII-XIV asyrlarda barha güýçlenýän döwlet ybadathana garşylyk görkezýär. 1300-nji ýylda Rimde görlüp-eşidilmedik derejede dabaraly ýagdaýda onuň şanly senesiniň bellenmegi, papalygyň hökmürowanlygynyň özboluşly iň ýokary sepgidi bolup, şondan beýläk onuň pese düşmegi başlanýar.

XIV asyrda papalyk gowşap, beýik shizma-katolik ybadathananyň öz içinde bölünşik bilen tamamlanýar: içerki dawalar sebäpli, ilkibada iki, soňra üç papa emele gelýär, üstesine-de olar özleriniň häkimiýete bolan hukuklaryny subut edip, biri-birlerini Hristosyň düşmany diýip, yglan edýärler.

*Günbatar ybadathana teokratiki ideýalardan ugur alyp, syýsaty öz işleriniň möhüm ugry hasaplap, prowaslaw ybadathana bilen deňeşdirlende has „dünýewi" häsiýete eýe bolýar. Şol bir wagtyň özünde döwlet üçin örän möhüm garşylyklaýyn güýç bolmak bilen, döwleti ylalaşyklara gelmäge mejbur edýär. Ybadathananyň täsiri bilen baryp irki orta asyrlarda Ýewropa durmuşynda syýasy diolog ýagdaýy emele gelip başlaýar.*

*Bu bolsa, döwlet häkimiýetiniň ýewropa görnüşiniň aýratyn şertleriniň emele gelmeginde esasy orny eýeläp, häkimiýeti jemgyýet bilen ylalaşmaga, onuň bilen kompromis ýollary gözlemäge mejbur edýär.*

## § 3. Ýewropa gudratynyň çeşmeleri. Häkimiýet we jemgyýet.

Ỳewropanyń taryhynda möhüm gazananlarynyń biri hem bu häzirki zaman demokratik ulgamydyr. Taryhçylaryń aglaba bölegi onuń esaslary orta asyrlarda döredi diỳip belleỳärler.

Orta asyr Ýewropa jemgyỳeti iỳerarhiki bolupdyr. Oňa karol baştutanlyk edip, ähli feodallar oňa tabyn hasaplanylỳar. Sońky derejede iri feodallar we ruhanylar (knỳazlar, graflar, arhiỳepiskop, ỳeniskoplar karola garaşly adamlar) durýar. Olar mülk ýerleri alyp (kä halatlarda tutuş welaýatlary) karola wepadarlylygy kasam edipdirler. Rysarlar, feodallar harby gullugy we käbir kesgitlenen borçlary ỳerine ỳetirlendikleri üçin mülk ýerleri alyp bilipdirler. Şeỳle ỳerlere mülkler-feod diỳlip, atlandyrlypdyr. Feod nesilden - nesle geçỳän mülk ỳerleri, emläk eỳeçiligi bolup, ol harby gullugy ỳerine ỳetirilendigi ỳa-da harby, pul kömegi berip, öz karolyna wepalylyk görkezilende berilỳän ỳer eỳeçiligi. Iri feodallaryń öz gezeklerinde wassalar bolup, olar ỳerli baronlara, rysarlara öz gezeklerinde paỳlanylyp, şeỳle şertlerde beripdirler. Rysarlaryń wassallary bolmandyr. Olaryń garamagynda gönüden-göni daỳhanlar bolup, olar ỳerleri işläp bejeripdirler.

Orta asyr jemgyỳetinde daỳhanlar esasy orta asyr önüm öndürjilikler we köp sanly synp bolupdyrlar. Daỳhanlar feodallardan alan ỳerlerini öz zähmet gurallary, işçi mallary bilen işläp bejeripdirler. Ỳöne olar ỳer eỳeleri bolmandyr. Hatda paỳ ỳerlerini miras galdyrmaga hukuk gazananlaryndan soň hem, ỳer olaryň husysy eýeçiligi hasaplanylmaýar.Ýer üçin töleg renta bolup, ol uç: barşina, natural ỳa-da pul obrogy görnüşinde bolupdyr.

Renta – bu goşmaça önüm bolup, daỳhanlaryń ỳer eỳeleri üçin öndüripdirler.

Orta asyr daỳhanlary gullardan tapawutlylykda şahsy taỳdan erkin bolupmy? Ỳagdaỳ her döwürde dürli hili bolupdyr. Irki orta asyrlarda daỳhanlaryń ỳere garaşlylygy gazaply şahsy garaşlylygyń görnüşleri bilen syỳasy raỳat hukularynyń kemsidilmegi bilen üsti ỳetirilipdir. Feodal daỳhanlara jeza berip bilipdir. Olaryń erkinligini goşmaça ỳygym bilen çäklendirip, nika salgydyny tölemäge mejbur edỳärler. Ylaỳta-da, gelin ỳa-da ỳigit başga hojaỳynlara degişli bolanda has-da ỳagdaỳ kyn bolupdyr. XII – XIII asyrlarda şahsy garaşlylygyń görnüşi gowşaỳar. Barşinanyň ornuna Günbatar Ỳewropa ỳurtlarynda obrog, ilki natural sońra pul görnüşine geçỳär. Ỳöne bu döwürde hem daỳhanlar şahsy taỳdan hem erkin, doly hukukly adamlar bolmaýar.

Orta asyr jemgyỳetiniń ilatynyń ỳene bir gatlagy şäherliler daỳhanlar bilen deňeşdirlende öz sanly bolupdyrlar, feodallara garşy goỳlupdyr. Köp orta asyr şäherleri feodallaryń ỳerinde ỳerleşip, olara boỳun bolmaly bolupdyrlar. Başgaça aýdylanda, şäherliler feodallaryń wassalary bolupdyr.

Şeỳlelikde, dürli synplaryń we gatlaklaryń arasyndaky gatnaşyklar orta asyr ỳewropa jemgyỳetinde çylşyrymly, özboluşly sosial gapma-garşylyklary döredýär. Jemgyỳetiń iỳerarhiỳa gurluşy, bu mümkin bolsa-da bir basgançakdan beỳlekisine geçmegi kynlaşdyrỳar.

Eỳsem-de bu „biri-birinden üzňe'' jemgyỳetde her bir sosial gatlagyň ýa-da synplaryń öz aralarynda berk aragatnaşyk bolupdyr. Orta asyr adamy mydama özüni bütewiligiň ýa-da kollektiwiň bir bölegi hökmünde duýýar. Adamlary dürli şertler boỳunça birleşdirỳän umumylyklar köp bolupdyr. Jemgyỳetler (başgaça korporasiỳalar) oba jemagatçylygy, monastyrlar, senetçileriň sehleri, harby druźinalar, monahçylyk we rysarlar ordenleri, urşujy monahlar olaryń agzalary bolupdyr. Orta asyrlarda hatda ogrularyń, ykmandalaryń korporasiỳalary-da bolupdyr. Iň iri, özüne has ownuk we köp beýleki toparlary birleşdirýän bitewilik *şäher* hasaplanylýar.

Korporasiýalaryň düzgün boỳunça, öz gaznasy, emlägi, düzgünnamasy, hatda aỳratyn egin-eşikleri, belgileri bolupdyr. Korporasiỳalarda ýaşaýyş raỳdaşlyk prinsipine, özara goldaw we demokratizme esaslanypdyr. Ähli meseleler umumy ỳygnaklarda çözülip, ỳarawsyzlara, garyplara kömek edilip, umumy naharlanyşyklary gurnapdyrlar. *Korporasiỳalar feodal iỳerarhiỳanyń esaslaryny ỳok etmesede (daỳhan we feodal birleşikleriń korporasiỳasy ỳok), orta asyr jemgyỳetdäki dürli gatlaklara we synplara agzybirlik we güỳç beripdir. Korporatizmiň esasynda şol döwür üçin hem aýratyn , hem-de özboluşly jemgyỳet bilen häkimiỳetiń gatnaşyklary emele gelỳär.*

**Häkimiýet bilen jemgyýetiň dialogy**. Döwlet häkimiýetine garşy duran we merkezi häkimiýet tarapyndan berkidilen we tassyklanan belli bir hukuklary gazanan has iri birleşmeleri şäherliler, dünýewi feodallar, ruhanylar gatlaklary emele getirýärler. Günbatar Ỳewropada üç gatlak: ruhanylar, dworỳanlar we şäher ilaty emele gelỳär. Olaryń ỳagdaỳlary birmeńzeş däldi: şäherliler hukuk babatynda dworỳanlar bilen deńleşip bilmeýärler. Daỳhanlar babatynda aýdylanda bolsa, olar düýbünden gatlak hem bolup bilmeýärler, başgaça aýdylanda, olar umumy döwlet derejesinde öz hukularyny tassykladyp bilmeýärler.

Bu nähili bolup geçdi? Şonuń üçin yza, wagşy karollyklara dolanalyń, göz ýetireliň, Günbatar Ýewropa siwilizasiỳasynyń kemala gelen döwründe häkimiỳet bilen jemgyỳetiń aragatnaşygy nähili gurlupdyr?

German taýpalarynyň durmuşynyň esasyny düzen jemagatçylyk başlangyçlarynyń geçmişe gitmegi bilen karol häkimiỳetiniń täsiri artỳar: karol kanunlary çykarỳar, salgytlary girizýär; onuń häkimiỳeti nesilden- nesle geçỳär we keramatlylyk hökmünde garalỳar.

Häkimiỳetiń şu etabynda, biziň bilşimiz ýaly, onuń kuwwatly garşydaşy - ybadathana bolupdyr. Döwletde öňdebaryjy hukugy eýelemek ugrunda göreşỳän başga bir güỳç bolan feodallar peỳda bolỳar. Ỳewropada VIII –IX asyrlarda iri ỳer eỳeçiligi has öň ösüp başlaýar. Iri feodallar, korola wassal hökmünde tabyn bolsalar-da, hakykat ỳüzünde özbaşdak bolupdyrlar. Olaryň öz pullaryny zikkelemäge, uruş alyp barmaga we öz mülklerinde kä wagt kazyýet işini amala aşyrmaga hukuklary bolýar. Olaryň ygtyýarlygynda öz wassallary-da bolýar. Ỳerli begzadalaryń täsirleri ýokarlanỳar, olaryń syỳasy garaşsyzlygy, harby güỳçleri artýar, başgaça aýdylanda, *feodal dagynyklyga* gutulgysyz getirýän proses başlanýar we bu bolsa karol häkimiỳetiniń gowşamagyna getirỳär.

Dünýewi feodallar we ruhanylar, baỳlar döwleti dolandyrmakda barha köp we berk pozisiỳalary eỳeläp, *karol sowetine* gatnaşmaga başlaỳar. Ýylda bir gezek ỳygnanyşýan magnatlar sowetiniń has giň hukuklary bolupdyr. Olar täze salgytlaryň girizilmegine razy ýa-da razy däldiklerini aýdyp bilipdirler. Kanun çykaryjy, kä ýagdaýlarda bolsa, kazyýetçilik hukuklary-da bolupdyr. Şonuň üçin, taryhçylar irki feodal döwletini baý - begzadalar demokratiýasynyň döwleti hökmünde atlandyrýarlar. Ýöne merkezi häkimỳeti eýelemek islegi ỳok bolup gitmeýär: iri feodallar dolandyrmak ugrunda göreş alyp barypdyrlar, dolandyrỳan şanesilleri mirasdüşerlik prinsiplerini saklamak üçin ellerinde baryny edip, kä ýagdaýlarda atalary mirasdüşerlrine özleri diri wagtynda täç geýdiripdirler.

Şeýle ýagdaýda syýasy arenada şäherler peýda bolýarlar.

X asyrdan XIII asyra çenli Günbatar Ỳewropada şäherlileriń hereketleriniń gerimi barha ýokarlanýar, olaryń esasy maksatlary feodal ỳygymlaryny azaltmak, söwda - da artykmaç hukuklar edinmek, iń esasy hem, şäherleriň öz-özuni dolandyrmak hukugyny gazanmaklyga gönükdirilýär. Ýöne bu göreşler adaty bolan gozgalaňlara ösüp geçmeýär, kähalatlarda şäherlilere aýratyn hukuklaryny pula satyn almak başardýar we ylalaşyk bolsa, ýörite şäher hartiýalarynda resmileşdirilýär.

Şol döwürde Demirgazyk Fransiýanyň köp şäherleri (Awinon, Bowe, Suasson, Lan we başgalar) erkinlik gazanýar, 100 ýyl töweregi Marsel garaşsyz aristokratik respublika bolýar. Italiýada merkezi häkimiýetiň gowşaklygy sebäpli şäher-respublikalaryň sany barha köpelýär. Baryp IX-XII asyrlarda Wenesiýa, Genuýe, Siýena, Florensiýa, Rawenna we başgada köp şäherler garaşsyzlyk gazanýarlar. Germaniýada bu proses has haýal gidýär, ýöne, şevle-de bolsa, XII-XIII asyrlarda *erkin şäherler* ýüze çykýar: Lýubek, Nýurnberg, Maýn boýundaky Frankfurt resmi ýagdaýda imperatora tabyndylar. Özbaşdak şäherler öz şäher dowetleri tarapyndan dolandyrylyp, uruş yglan etmäge, bileleşik döretmäge, teňňe zikgelemäge hukuklary bolupdyr. Olar *kommuna* diýlip, atlandyrylýar. („Kommuna sözi-latyn kommunis-umumy, ähliumumy, bütewi" diýen sözden gelip çykýar.)

Şäherler bilen birlikde oba kommunaçylyk hereketi hem ösüp ýetişip, oňa gatnaşyjylar jemagatyň feodallar bilen gatnaşyklary babatynda hukuklarynyň giňelmegini gazanýarlar. Kä ýagdaýlarda oba we şäher kommunalary bilelikde göreşýärler, bu bolsa uly netijeler berýär. Şeýle ýagdaý Italiýada XII asyryň ahyrlarynda aýdyň ýüze çykyp, oba jemagatçylygy şäherleriň goldamagy netijesinde öz-özüni dolandyrmagy gazanýarlar. XII-XIV asyrlarda şeýle öz-özüni dolandyrýan jemagatlar wezipeli adamlaryny saýlap, maliýe we kazyýet ulgamyny döredýär, statutlar - öz içerki durmuşyny sazlaşdyrýan kanunlar çykarýarlar.

*Oba we şäher jemagatçylygy bütin feodal dünýäsini sarsmaga mejbur edýän prinsiplere esaslanypdyrlar. J. L. Goff.*

Elbetde, ähli şäher we oba jemagatçylylygy awtonomiýa gazanyp bilmeýär, alan ýagdaýlarynda bolsa, ony ellerinde saklamaga güýçleri ýetmeýär. Düzgün bolşy ýaly, oba jemagaty şäherlerden garaşly ýagdaýa düşýär, şäherlilere bolsa ýene-de feodala garaşly ýagdaýa düşmek ýagdaýy howp salypdyr. Ýöne oňa garamazdan, kommunaçylyk hereketiniň örän ähmiýetli güýç bolandygyny bellemek gerek.

Jemgyýetiň işjeňligi syýasy struktura öz täsirini ýetirýär. XII-XIV asyrlarda Ýewropanyň köp döwletlerinde emele gelip başlan döwletiň täze görnüşi toparlaýyn wekilçilikli monarhiýa diýlip atlandyrylýar. Şu döwürde merkezleşmek örän ýokarlanýar, şol bir wagtyň özünde, häkimiýet „umumy erk-islegi” beýan edip, „umumy abadançylygy” üpjün edýär. Bu bolsa korolyň gtoparlaryň syýasy hukuklaryny ykrar etmäge mejburdygyny aňladýar. Bu ilkinji nobatda feodallara we şäherlilere degişli bolupdyr.

Häkimiýet we gatlaklaryň arasyndaky ylalaşyk netijesinde wekilçilikli ýygnaklar: Angliýada *parlament*, Fransiýada *Baş ştatlar*, Ispaniýada *kortesler*, Şwesiýada *riksdag* peýda bolup, olar öz işjeňligini we güýjüni subut edýär. Wekilçilikli ýygnaklaryň uly mümkinçilikleri bolup, goşmaça salgytlara weto goýup bilipdirler we netijede koroly maliýe meselelerinde gözegçilikde saklap bilýärler. Ondan başga-da, döwlet işlerini ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşyp, kanunlaryň taslamalaryny redaktirläp bilipdirler.

Toparlaýyn wekilçilikli monarhiýanyň ýüze çykan döwründe orta asyr demokratiýasynyň meşhur jümlesi „hemmelere degişli zat, hemmeler tarapyndan makullanmalydyr" diýen, kesgitleme peýda bolýar. Bu, elbetde, hakyky ýagdaýy, ýagny soslowiýeleýin ýygnaklarda halk häkimiýetini beýan etmeýärdi. Olaryň esasyny feodallar düzüp, daýhanlaryň düýbünden wekilleri ýokdy (şwed riksdaglarynyň daýhanlaryň wekillleri ýeterlik derejede köpdi). Ýöne oňa garamazdan, soslowiýeleýin ýygnak merkezi häkimiýetiň despotiki häkimiýete öwrülmegine ýol bermeýär. Beýleki bir tarapdan, korolyň özi hem sosial toparlaryň goldawyndan hemaýat tapýar, hatda oňa mätäç bolýar.

*Şeýlelikde, orta asyr demokratiýasynyň peýda bolmagynda aýratyn şert uly orun eýeläp, onuň esasynda Ýewropa döwlet dolandyrylyşygy durýar. Turuwbaşdan, ol güýçli garşydaşlary – ybadathana, feodallar, şäher we oba kommunalary bilen çaknyşmaly bolýar. Bu garşydaşlary ýa-da bäsdeşleri bilen göreş alyp barýar ýa-da hyzmatdaşlygy ýola goýýar: netijede, häkimiýetiň eden-etdiligi kem-kemden çäklendirýän esasy ösüş ugry döredilýär.*

## § 4.Orta asyrlaryň ruhy dünýäsi

Günbatar Ýewropanyň orta asyrlarda medeniýeti hristiançylyk ruhuna ýugrulypdy. Intellektual durmuşda ähli ylymlaryň „şasy” hasaplanan teologiýa öňdebaryjy orny eýeleýär.

Teologiýa – jemgyýetiň ruhy naýbaşylary –esasy köpçülikden ýokary sowatlylygy, gadymy dilleri oňat bilýänligi bilen tapawutlananlar, saýlananlar üçin elýeterli *bolupdyr. Teologiýa – grekçeden Hudaý hakynda taglymat diýmekligi*

*aňladýar***.** Teologlar diniň möhüm pikirlerini esaslandyrýarlar, „Keramatly” ýazgylara düşündiriş berip, dünýäni hristiançylyga esaslanyp düşündirýärler. Teologiýa bilen filosofiýa ýakyndan baglanyşykly bolup, olar uzak wagtlap deňhukukda  çykyş edip bilmeýär, filosofiýany ylahyýetiň hyzmatkäri hasaplaýrlar.

Ylahyýetçiler üçin ýazgylar we hristian doktrinasyny esaslandyryjylaryň – ybadathananyň baştutanlarynyň işleri esasy gollanma bolup durýar. Şeýle hem Günbataryň teologlary antiki filosofiýany öwrenipdirler. Bu düzgünler hristiançylygyň ilkinji asyrlaryndan gözbaşyny alyp, ybadathananyň baştutanlary rim ylmyny örän çuňňur öwrenen adamlar bolupdyr.

Antiki filosoflary öwrenmäge  we  olaryň işlerini diňe hristiançylyga ters gelmedik ýagdaýynda peýdalanmaga rugsat beripdirler. Netijede, gadymyýet bilen aragatnaşyk kesilmeýär. „Ybadathana” dili latyn dili bolanlygy sebäpli, antik edebiýat we filosofiýa sowatly adamlar üçin elýeterli bolupdyr.

Günbatar Ýewropa teologlaryna gadymy grek filosofy Aristoteliň ideýalary has aýratyn täsir edýär. Aristotel adam paýhasynyň kömegi bilen daş-töwerekdäki ýaşaýşy dogry öwrenip bolar diýip  hasaplapdyr. Günbatar  Ýewropa ylahyýetinde Hudaýa tarap ýol adamy we tebigaty öwrenmek arkaly barýar diýen  ideýa has ir döreýär. Bu ideýalar XII asyrda aýratyn giň gerim bilen ýaýraýar. Bu işde Ispaniýada ýaşap geçen arap we ýewreý filosoflary görnükli orny eýeleýär: Ibn Sina (980-1037), Ibn Ruşd (1126-1198), Moiseý Maýmonid (1135-1204ý). Musulmançylyk Ispaniýasynda şol döwürde ylym we sungat gülläp ösüp, antiki klassikler Platonyň, Aristoteliň, Ýewklidiň, Ptolemeýiň işlerini köpçülikleýin arap, latyn dillerine terjime edipdirler. Hristiançylyk Ýewropasyna ispan – filosoflarynyň – rasionalistleriniň terjimeleri we özbaşdak beýannamalary ýaýrap başlaýar. Dünýäni paýhas esasynda düşündirmeklige edilen synanyşyk elbetde, garşylyga sezewar bolýar. Ilkinji nobatda, mistiki – ylahyýetçiler garşy çykyp, olar dini pikirleriň nähilidigine garamazdan paýhasyň garşysyna gidip, ynanmagy wagyz-nesihat edýärler.

Ýöne, rasionalizmiň ösüşini saklamak mümkin däldi. XIII asyrda iki hakykat hakynda taglymat peýda bolýar. Ony Pariž uniwersitetinde işlän beýik fransuz teology Siger Brabantskiý (1240-1281/84) ýazýar. Bu taglymatyň esasy manysy ylahyýet hakykaty we adamyň öz paýhasy esasynda ýetýän hakykatyň biri-birine gabat gelmezligi, hatda biri-birine garşy gelmegide mümkin. Ýöne, bir hakykatyň peýdasyna beýlekiden ýüz öwürmek bolmaz, ikisi-de ýaşamaga haklydyr. „Iki hakykat “ hakynda taglymaty ybadathana ýazgarypdyr. Ýöne, paýhas we ynam babatyndaky mesele açyklygyna galýar.

Meşhur teolog Foma Akwinskiý dini goramagy, ynam bilen paýhasy ylalaşdyrmagy öz maksady edip goýýar. Ol paýhas gymmatlyklaryny ykrar edýär. Ýöne, ol paýhasdan ýokardaky zatlaryň bardygyny we ony adamyň logiki taýdan düşündirip bilmeýändigini belleýär. Oňa dünýäniň döremegi, adam keşbinde Hudaýň oglunyň dogulmagy we.ş.m. mysal bolup biler.  Şeýle ýagdaýda diňe

ynama bil baglap bolar – bu bolsa ylym-bilim esasynda däl-de, aýanlyk esasynda ýetilýär.

Foma Akwinskiý rasionalizme uly egilşik edýär, beýleki teologlardan has öňe gidýär.

Mistika – grek sözi „gizlin dessurlar, pynhanlyk” diýen, manyny berýär.

XIV asyrda iňlis ylahyýetçisi Uilýam Okkam teologiýa paýhas patyşalygy bolan filosofiýanyň düýbünden goşulmaly däldigini berk belleýär.

Aslyýetinde, ynamyň we paýhasyň tarapdarlary hristiançylyk pikirleriniň has dogrudygyna elmydama şühbe bolmandyrlar, gaýtam tersine olaryň özleri-de dindar adamlar bolupdyrlar. Ýöne olaryň taglymatlary ahyrsoňy dünýäniň dini keşbiniň weýran bolmagyna sebäp bolýar.

Ylahyýetçiligiň esaslarynda dörän rasionalizm takyk we tebigy ylymlary diniň täsirinden halas edýär. Beýleki bir tarapdan medisinanyň we alhimiýanyň, geografiýanyň we beýleki ylymlaryň ösmegi rasionalistik dýnýägaraýyşlaryň ornaşmagyna kömek edýär.

**Ybadathana we köpçülik**. Ybadathananyň möhüm çözmeli meseleleriniň biri-de köpçüligi hristiançylyk ruhunda terbiýelemek bolupdyr. Bu çylşyrymly we uzaga çeken prosesdi.Ýewropanyň ähli künjeklerine missionerler dargaýarlar. Täze din kem-kemden warwar dünýäsine aralaşýar.

Ýöne hristiançylygyň kabul edilmegi düýnki otparazlaryň dünýä we Hudaý hakyndaky täze garaýşy, täze ahlak kadalaryny özleşdirip, bir söz bilen aýdylanda, hakyky hristian bolanlygyny aňlatmaýardy. Otparazlary hristianlara öwürmeklik mejbury ýagdaýda amala aşyrylyp, olara bolan gatnaşyk düýbünden hristian gumanizmine gabat gelmeýärdi.

*Konung Olaw – halkyň hristiançylyk kadalarynyň ýerine ýetirlişini derňeýär. Eger-de oňa nämede bolsa bir ýerde, bir zat nädogry bolup görünse, ol halka hakyky dini öwredýär. Otparazlykdan ýüz öwürmek islemeýänleri bolsa, ol gazaply jezalandyrýar: birlerini ýurtdan çykaryp kowýar, beýlekileri, onuň buýrugy bilen elini we aýagyny çapypdyrlar ýa-da gözüni oýupdyrlar, üçünjilerini bolsa dardan asmagy ýa-da çapmagy buýurýar.*

*Norwež keroly Olow Keramatly hakynda saga (1015-1028 ý.*)

Missioneler – dini wagyz-nesihat edijiler ybadathana tarapyndan başga dine uýýanlaryň arasyna goýberilýär.

Adamlaryň oý-pikirlerini üýtgetmek zerurdy, bu işde ybadathana guramasynyň iň soňky toparyna degişli bolan keramatly atalar uly iş edipdirler. Olar diňleýjileriniň aňyna Hristosyň taglymatynyň manysyny- günä we sogap işler baradaky düşünjelerini siňdiripdirler. Gizlin ynama uýmak uly siwilizasion ähmiýete eýe bolupdyr. Ol adamy öz şahsy hereketlerine baha bermäge, isleg-hyjuwlaryny, öz-özüni terbiýelemegi we çäklendirmegi öwredýär.

Şeýle hem, ybadathana, düzgün bolşy ýaly, köpçüligiň oý-pikirlerine egilşik edýär. Şeýle etmek bilen adamlaryň köpüsini öz tarapyna çekmek isleýär we hemmelere çylşyrymly teologiki meseleleriň elýeterli däldigine düşünipdirler.

„Ýönekeý” adamlar üçin ýörite edebiýatlar döredilýär we olarda htistiançylyk dogmatika ýönekeýleşdirilýär, hatda özgerdilýär, halk ynançlaryna golaýlaşdyrylýar. Halk keramatlylara jadyly täsir edijilik ukybyny berip, olara abadanlyk bermeklerini sorap ýüzlenipdirler.

Hristiançylyk ideýalary ýönekeýleşdirilse-de, halkyň oý-pikirlerine siňipdir.

Orta asyr adamy üçin gözüne aýan bolup görünýän dünýä, görünmeýän- aýan däl dünýä birmeňzeş hakykat bolup durýar.

Aýan bolmadyk dünýä kähalat adama ömrüniň dowamynda düýşünde we göze görünmelerde açylmagy mümkin diýlip hasaplanylýar.

Ölümden soňky adama garaşýan täleý hakyndaky sowal iň mönüm, belki-de, iň kyn mesele bolup durýar. Ölümden gorkmaklyk Taňry sudunyň öňündäki gorky bilen birleşýär we dowzahyň gapysynda her kim öz günäsine özi jogap berýär. Keramatly ýazgyda Ahyrýet sudunyň belli wagty görkezilmeýär. Ybadathana Hristos dolanyp gelip, her kime öz işine görä jeza berer ýa-da ýalkar diýip öwredýär.

## § 5. “Ýewropa gudraty” we onuň çeşmeleri

Günbatar Ýewropa täze buržuaz gatnaşyklaryň kemala gelip, güýçlenip, soňra bolsa ýeňiş gazanan ilkinji siwilizasiýasydyr. Bu gatnaşyklar ilkinji gezek Italiýanyň iri söwda şäherlerinde (Florensiýada, Genuýede), baryp XIV asyryň ahyrynda peýda bolup, XV-XVI asyrlarda Günbatar Ýewropanyň köp döwletlerine: Germaniýa, Angliýa, Fransiýa, Ispaniýa we Portugaliýa ýaýraýar. Wagtyň geçmegi bilen bu proses dünýäniň köp bölegini gurşap alýar ýöne oňa „çekilmek” dünýäniň ýewropalaşmagynyň barha güýçlenmegi şertlerinde we ýurtlaryň biri-birlerinden ykdysady garaşlylygynyň, gatnaşyklarynyň berkemek ýagdaýynda bolup geçýär.

**Kapitalizm şäherde we obada.** Buržuaz gatnaşyklaryň ösüş merkezleri şäherler bolupdyr. Ol ýerde esasan hem täjirlerden, seh ussalaryndan, süýthorlardan ybarat adamlaryň täze gatlagy peýda bolýar. Olaryň ählisinde maýa goýumy - artykmaç pul serişdeleri bolup, (ony gazanmagyň iň aňsat ýoly söwda – süýthorlyk prosesi arkaly mümkindi) ol sandygyň düýbünde gizlenilmän, önümçilige sarp edilýär. Onda-da has ýokary, peýdaly girdeýji berýän önümçiligiň täze görnüşine ornaşdyrylýar. Bu döwürde sehleriň ornuna, olardan içerki zähmet bölünşigi bilen tapawutlanýan manufakturalar gelýär. Önümçilik prosesini gurnap, önümçilik serişdelerine ygtyýar edýän telekeçiniň baştutanlygynda manufakturalarda hakyna tutma işçi güýji peýdalanylýar.

Manufakturalaryň iki görnüşi bolupdyr: merkezleşdirilen *(täjir- telekeçi özi ussahana, gämi gurulýan ussahana ýa-da şahta eýelik edýär, çig mal, enjamlary, materiallary satyn alýar)* we seçilen *(telekeçi öýdeçi- senetçä çig mal paýlap berip, olardan taýýar önüm alýar).*

Feodalizmiň esasy daýanjy bolan obalar şäherler bilen deňeşdirlende, buržuaz gatnaşyklara haýal çekilýärler. Ýerlerinden mahrum bolan daýhanlaryň hakyna tutma zähmetine esaslanýan fermer hojalyklary döredilýär. Başgaça

aýdylanda, sözüň doly manysynda, daýhan bolmagyny bes edýär. Obalarda telekeçi hökmünde baý daýhanlar, täjirler, kähalatlar-da bolsa feodallaryň özleri öňe çykýarlar. Meselem, Angliýada şeýle bolýar, bu ýerde *täze dworýanlar ( jentirler)* daýhanlary ýerlerinden kowýarlar we ýüň satmaklyk bilen meşgullanyp, ony goýun bakmak üçin öri meýdana öwürýärler. Adaty bolşy ýaly, ýer eýeleri köne düzgünleri saklamagy makul bilýärler.

Şäherlere garanyňda has-da konserwatiw bolan, ýöne önümiň esasy bölegini öndürýän obalara buržuaz gatnaşyklaryň aralaşmagyna kapitalizmiň ösüş depgine bagly bolup durýardy. Manufakturalaryň güýçli gülläp ösmegi, obalaryň buržuaziýalaşmagy bilen gabat gelen ýurtlary bolan Angliýada we Demirgazyk Niderlendiýada bu proses beýlekilere garanyňda has çaltlaşýar.

Şu döwürde täze „döwrüň gahrymany”, ugurtapyjy, işeňňir adam, örän berk bäsdeşlige döz gelip biljek, sözüň doly manysynda, hiç zat ýok ýerden maýa goýumyny döredip biljek adam peýda bolýar. Kapitalizmiň ösmegi tehniki progres bilen utgaşýar, köne kooperatiw gatnaşyklar ýok edilip, milli we umumy ýewropa bütewi bazarlar döreýär. Ýöne XV-XVI asyrlarda hatda buržuaz gatnaşyklaryň üstünlikli ösýän ýurtlarynda täze düzgünler entäk ýeterlik derejede güýçli, öz ornuny meýletin bermek islemeýän feodal gatnaşyklar bilen „baglylykda” ýaşamaly bolýar. Kapitalizmiň bazasy gowşakdy şonuň üçin, hereketiň yza tesmek mümkinçiligi saklanyp galyp, bu ýagdaý birnäçe ýewropa döwletlerinde şeýle bolýar. Italiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Germaniýa şeýle döwletleriň hataryndady.

**Häkimiýetiň monology.** Geçiş döwründe jemgyýet bilen häkimiýetiniň arasyndaky güýçleriň deňligi düýpli özgerýär. Olaryň diology *korolyň diktaturasy* bilen çalşylýar. Korol häkimiýeti jemgyýet babatynda iň ýokary derejede merkezleşdirilmegi we özbaşdaklygy gazanýar, ägirt uly býurokratik apparat (ylaýtada, Fransiýada) döredilýär, hemişelik goşun döwletiň ygtyýarynda bolupdyr. Korolyň özi kanun çykarýar, öz islegine görä maliýany-döwlet gaznasyny harçlaýar. Soslowiýeleýin ýygnaklar ýa düýbinden çagyrmaýar ýa-da häkimiýete doly garaşly bolýar.

Monarhiýanyň şeýle görnüşi a*bsolýutçylyk* adyny alýar. Onuň döremegi diňe aýratyn ýagdaýlarda, haçan-da buržuaziýa, şäher soslowiýasyndan saýlanyp, dworýanlar bilen bäsleşmäge ukyply bolanda mümkin bolupdy. Bu häkimiýetiň sapalak atmak ukybyny artdyrýar we onuň azatlygynyň çäkleri giňelýär. Ondan başga-da, bütewi içerki bazaryň kemala gelmegi we merkezleşdirilmegi, feodallaryň çykyşlarynyň ýok edilmegini talap edýärdi.

Düzgün bolşy ýaly, monarhiýa jemgyýetde güýçleriň deňagramlylygyny saklamaga çalyşýar, biri-birlerine garşylykly sosial toparlaryň arasynda sapalak atýar, ýöne şunuň bilen birlikde, dworýançylyk häkimiýetiniň görnüşi bolup galýar. Ýurduň gülläp ösmegi we monarhiýanyň özüniň uzak ýaşamagy saýlap alan dolandyryş usulyna hem bagly bolup durýardy. Şeýle ýagdaý Fransiýada Genrih V (1589-1610) bir tarapdan tozan daýhanlary goldaýar (salgytlary azaldýar, bergisi üçin mallaryny we zähmet gurallaryny satmagy gadagan edýär), ikinji tarapdan manufakturalaryň we söwdanyň ösmegine mümkinçilik döredýär. Ýurdyň

ykdysadyýetini sagaltmak we güýçleriň deňagramlygyny saklamak syýasatyny kordinal Rişelýe döwründe hem (iş ýüzünde 1624-1642-nji ýyllarda ýurdy dolandyrýar) dowam edýär.

Angliýada absolýut monarhiýa has çylşyrymly ýagdaýda bolupdyr. Bu ýerde obany buržuaz gatnaşyklara çekmeklik aýratyn galagoplylyga we uly sarsgynlyga getirýär. Şeýle ýagdaýda Týudorlar täze prosesleri goldaýarlar (täjirlere ýeňillikler berilýär, koloniýal basyp alyşlary goldapdyrlar, ykmandalara garşy kanunlar hakyna tutma işçi güýjüni üpjün edýär). Şol bir wagtyň özünde, onuň öňüni almaga hem synanşýar. Sehleri goldap, manufakturalaryň ösüşine päsgel berýär, oba-hojalygyna zyýan ýetirýän, ýurduň sosial ösüşine päsgelçilik berýän daşyny germemekligi gadagan edýär. Netijede, döwletiň ykdysadyýetini çalt kadalaşdyrmaga eden synanyşygy hökümet krizisi we rewolýusiýa bilen tamamlanýar.

Ispaniýada düýbünden ýagdaý başgaçady. Bu ýerde absolýut monarhiýa has konserwatiw bolup, hünärmentçiligi we söwdany goldamaýar, gaýtam tersine, diňe dworýançylyga salgylanyp, şäherleri salgytlar bilen basýar. Netijede, eýýäm Ispaniýada emele gelen manufaktura gowşaýar, söwda kemelýär, ykdysadyýet pese düşüp başlaýar. Ispaniýa koloniýalardan ägirt köp mukdarda altynyň gelýändigine garamazdan, Ýewropanyň iň yza galak ýurduna öwrülýär.

## Kapitalizmiň kemala gelmegi üçin şertler

Näme üçin kapitalizm Ýewropada kemala gelýär? Sebäbi Hytaýda, ylaýta-da Ýaponiýada we beýleki siwilizasiýalarda kapitalizmiň ýüze çykmagy üçin mümkinçilikler bardy. Eýsem-de bolsa, ylym bu sowallara gutarnykly jogap berip bilmese-de, siwilizasiýanyň ösüşiniň günbataryewropa görnüşiniň„ýewropa gudratyna” ýol açyp beren, käbir aýratyn häsiýetini tapawutlandyrmagy başardy.

*Günbatar Ýewropa grek-rim dünýäsiniň*, gadymyýet üçin adaty bolmadyk söwda-pul gatnaşyklarynyň ýokary ösüş derejesi, çäklendirilmedik emläge bolan hukugy, işeňňir döredijilikli şahsyýete daýanýan dünýäniň *gönüden-göni mirasdüşeri bolup durýardy.*

Kapitalizmiň berkarar bolmagy *şäher kommunaçylyk hereketi* bolmazdan mümkin däldi. Döwletden öz-özüni dolandyrmak hukugyny we özbaşdaklygy gazanan şäherlerde geljekki buržuaziýa ýaşaýyş berjek, erkin maýa goýumlaryna ygtyýar edýän adamlaryň gatlaklary kemala gelýär.

Işjeň, öz hukuklaryny goramaga ukyply gatlaklaryň döremegi döwleti olar bilen hyzmatdaşlyk etmäge mejbur edýär. Jemgyýete ykdysady prosese zor salmak mümkinçiligi elbetde, saklanyp galýar ýöne, ol indi çäklendirilipdi.

Ybadathananyň ykdysady we kommersiýa meseleleri babatynda tutýan orny möhümdi. Eýýäm XIII asyrdan başlap, ol adatça „arassa däl” hasaplanylan kärler babatynda öz taglymatyny ýumşadýar. Süýthorlugy ýazgarsa-da, töleg hatlaryny (wekselleri) girewine goýumy, maýagoýumyny ýazgarmaýar. Bu öz gezeginde, söwdanyň jemgyýetçiligiň aňynda kem-kemden „raýatlyk hukugyny” almaga, Reformasiýadan soň bolsa, örän hormatly kär hasaplanylmagyna esas berýär.

## § 6. Renessans we Reformasiýa: täze şahsyýetiň gözleginde.

XV-XVI asyrlarda medenýetdäki iki hadysa – Renessans we Reformasiýa – öz gözbaşyny Günbatar Ýewropanyň ruhy durmuşyndaky özgertmelerden alyp gaýdýar. Megerem, olaryň arasynda umumylygyň az bolmagy ähtimal. Renessans – antik misrasyň, dünýewi başlangyjyň galkynyşydyr. Reformasiýa ybathananyň täzelenmegi we çyrpynýan çuňňur dini duýgularyň utgaşmagy esasynda ýüze çykdy. Şoňa görä-de, olaryň orta asyryň köne gymmatlyklar ulgamyny weýran edip we adamzat şahsyýetine bolan täze garaýşy kemala getirmekde birleşýärler.

### Renessans:
### indiwidulaizmiň üstünligi we şowsuzlygy.

Renessans medeniýeti XIV asyryň ikinji ýarymynda Italiýada döräp, XV-XVI asyrlaryň sepgitlerinde ösüp Ýewropa ýurtlaryny kem-kemden aralaşdy. Döwürdeşler bu zamanany orta asyr „tümlüginden” alyp çykýan „ýagtylyk” asyry hökmünde kabul etdiler. „Orta asyr” diýlen adyň özi hem hut şol döwürde ýüze çykypdy. Gadymy Gresiýa we Rim joşgunly geçmişi küýsemegiň we sežde etmekligiň obýektine öwrülýär.

Gadymyýete gaýdyp gelmek, onuň ideallaryny kemala getirmek dürli ugurlarda: filosofiýada, edebiýatda, medeniýetde ýüze çykýar. Galkynyş medeniýeti ilki intellektuallaryň arasynda ýüze çykýar we köp bolmadyk gazananlary bilen kem-kemden täze, ýüzleý görnüşdäki ideallary bilen az-azdan däp bolup gelýän düşünjeleriň ýerini çalyşan köpçülikleýin aňyýeti kemala getirýär.

Galkynyşyň iň wajyp gazananlarynyň biri hem – filosofiýadaky *gumanizm*dir. Irki gumanistler: şahyr we filosof F. Petrarka (1304-1374-ý.), ýazyjy J. Bokkaçço (1313-1375-ý.) – orta asyryň gapma-garşylykly pikirlerinden saplanan, ajaýyp adamzat şahsyýetini kemala getirmek isläp, ilki bilen bilim ulgamyny özgertmeklige çalşyp: oňa ynsanperwer ylymlary girizip, antik edebiýatyny we filosofiýasyny öwrenmekligiň zerurlygyny öňe sürýärler. Onda ybathananyň özi we onuň hyzmatkärleri ýaňsylamagyň obýektine öwrülende bolsalar-da, gumanistler diniň abraýyny gaçyrmaýarlar. Soňra olar gymmatlyklaryň iki görkezijisini utgaşdyrmaga çalyşýarlar.

Petrarka özüniň „Toba edýäni diňleýji” diýen eserinde, hristiançylygyň terki-dünýälik ahlagy ruhyňy tämizleýär, ýöne, greklerden we rimlilerden miras galan dünýä barlygynyň gymmatlyklaryny aňlamagyň hem az ähmiýete eýe däldigini ýazypdyr. Şeýle ýagdaýda beden bilen ruhuň arasyndaky orta asyryň gapma-garşylygy aradan aýyrýar.

Şol döwürde dünýewiligiň abraýy öňi bilen dünýäniň we adamzat bedeniniň owadanlygyny, beden söýgüsini wasp etmekde ýüze çykypdyr. Suratkeşler dünýäni täzeden görmäge başlaýarlar: tekiz, hut jansyz ýaly orta asyr sungatynyň ornuna üç ölçegli, relýefli, mese-mälim giňişligi bolan suratlar eýeläpdir. *Rafael*

*Santi* (1483-1520), *Leonardo da Winçi* (1452-1519), *Mikelanjelo Býuonoratti* (1475-1564) öz döredijiliklerinde antik estetikasynyň talaplaryna laýyk gelýän, fiziki we ruhy owadanlygy bilelikde gülleýän kämil şahsyýeti dabaralandyrýarlar. Dünýewi hyjuwy we islegli adam edebiýatda-da döredýär. Öň gadagan edilen beden söýgüsi diýen temasynyň beýanynyň tebigylygy ýaşamaga bolan hukuga eýe boldy. Emma, beden duýgysy ruhuň üstüni basyp bilmeýär. Filosoflar, ýazyjylar bu iki başlangyjyň sazlaşygyny ýa-da olaryň deňagramlylygyny döretmäge çalyşýarlar. Bokkaççonyň meşhur „Dekameron" atly lezzeti çendenaşa söýýänler hakynda gelşiksiz nowellasynda jogapsyz ýa-da gaýdywsyz söýgi baradaky pajygaly gürrüňler beýan edilýär. Petrarkanyň ajaýyp Laura bagyşlanan sonetlerinde dünýewi häsiýetli asman söýgüsi barada, ýöne dünýewi duýgularyň hem asman sazlaşygyna çenli belende göterip bilýändigi barada gürrüň edilýär.

Galkynyşyň işgärleri adamzat idealyny suratlandyryp, ony ýagşylyk, güýç, gahrymançylyk, daş töwereginde täze dünýäni görkezmäge we döretmäge bolan ukyp bilen bezäpdirler.

Bu babatda italýan gumanistleri *Lorenso Walla* (1407-1457) we *L. Alberti* (1404-1472) haýyr bilen şeriň arasyndan saýlamakda gazanylan bilimleriň adamzada kömek edýändigini hökmany şert edip goýýar. Adam baradaky ýokary derejedäki düşünjeler, onuň erkiniň azatlygy bilen aýrylmaz bagly bolup: şahsyýet öz durmuş ýoluny özi saýlaýandyr we öz ykbalyna özi jogap berýändir. Adamyň gymmatlygy onuň jemgyýetde tutýan orny bilen däl-de, şahsy mertebesi bilen kesgitlenip başlandy.

*Ynsanperwerlik – göýä bir aslynda şeýle duýgyny başdan geçirip görmedik we ýagşylyklaryň nuruna eýe bolanlardan çykýan ýalkym mysalydyr.*

*XV asyryň italýan gumanisti Pojo Braççolininiň „Ynsanperwrlik barada kitabyndan".*

Tutuşlygyna indiwide tabyn bolan orta asyryň korporatiwliginden we ahlagyndan azat adamzat şahsyýetiniň tebigy we gaýduwsyzlyk bilen özüni ykrar edýän döwre geldi. Bu sungatda-da, durmuşda-da ýüze çykýan titanizm döwri bolýar. Oňa öz döredijiligi boýunça – şahyr, suratkeş, heýkeltaraş bolan Mikelanjelanyň döreden gahrymançylykly keşplerini ýatlap geçmek hem ýeterlikdir. Mikelanjelo ýa-da Leonardo da Winçi ýaly adamlar çäksiz mümkinçilikleri bolan adamzadyň real nusgasy bolup çykyş edýärler.

Emma titanizm diňe bir haýyrlygy aňlatman, eýsem şere eltmek bilen özüniň çöwre ýüzüniň bardygyny-da görkezdi. Galkynyş eýýamy hut titaniki keşpleri bolan Sezar Borjio ýa-da Lorenso Mediçi ýaly zalymlar bilen hem dabaralandy. XV asyrdaky Florensiýada sungatyň gülläp ösmegi uly florensiýa maşgalasynyň wekillerinden bolan L. Mediçi bilen aýrylmaz baglydyr.

Emma sowatlylyga ýugrulan gözelligiň hemaýatkäri, eýýamyň şahsyýetiniň idealyny özünde jemläp, hile-pirime äsgermezlik etmedi, garşydaşy bilen bolan

söweşlerde bolsa ol zäher we hanjar ulandy. Rim papasynyň ogly Sezar Borjia wagşyçylykly jenaýatlary bilen meşhurdyr.

Tebigy indiwidualizmiň özüne ýeterlik çykdaýjylary bardy. Ol haýyr bilen şeriň arasyndaky *şahsy* saýlawy döretdi. Indiwidual erkinligiň azaby kem-kemden durmuşa bolan pajygaly gatnaşyklaryny, aýratyn-da XVI asyrda – giçki Galkynyş eýýamynda- aýdyň ýüze çykarmaga başlady. Oňa beýik iňlis dramaturgy *W. Şekspiriň* (1564-1616) pýesalaryndaky adamlaryň keşbiniň hem gahrymançylykly, hem pajygaly bolmagy tötänleýinden däldir. Şonuň ýaly-da, Gamlet, akylyň titanizminde gowşaklyk bilen, gahardan we gyzgyn duýgudan püre-pür dünýäni gurşap alýan şahsyýetiň öňünde özüniň çäkli mümkinçiliklerini duýmaklyk bilen utgaşýar. Onuň eserlerinde indiwiduallygyň beýleki görnüşleri – häkimiýete okdurylan we ahlagyň öňünde ör-boýuna galýan egoistiň keşbi ýüze çykdy. Eýsem-de bolsa, indiwidual erkinlik baradaky meseläni Reformasiýa çözýär.

*Ýewropada Täzeden döreýiş döwri.* Yslam dininiň ýaýran ýurtlarynda ýaşaýan alymlaryň gönüden -göni täsiri netijesinde XIV asyryň ahyrlarynda XV asyryň başlarynda Ýewropa ýurtlarynda Täzeden döreýiş we Reformasiýa adyny alan döwür başlanýar. Ýewropanyň sowatly adamlary yslam ýurtlarynda ýaşaýan we döredýän alymlaryň döredijiligi bilen tanşyp, olaryň işlerini ýewropa dillerine terjime edip başlaýarlar. Arap dilinde ýazylan ylmy işleriň üsti bilen gadymy hindi, hytaý, grek, rim we beýleki dillerde ýazan alymlaryň işleri bilen tanyşmaga mümkinçilik alýarlar.

Täze döwrüň başlanmagy bilen Ýewropanyň öňdebaryjy alymlary hristian dininiň adamlaryň durmuşyndaky ornuny gowşatmak, durmuşda adama berilýän orny güýçlendirmek ugrunda göreşýärler. Bu göreş iki ugurda alnyp barylýardy. Onuň birinjisi durmuşyň ähli gatlaklaryny gurşap alan hristian dinini özgertmek – reforma etmek ugrundady. Ikinjisi ideallaşdyrylan, bolşundan has owadanlaşdyrylan gadymy grek, rim medeniýetini gaýtadan dikeltmäge gönükdirilipdi. Şu iki ugur bilen baglanyşykly bu döwre Täzeden döreýiş we Reformasiýa döwri diýilýär.

Ylmy edebiýatda bu döwrüň ynsanperwerlik döwri diýen ady hem bar. Şeýle adyň berilmegi şol döwrüň akyldarlarynyň ylmyň, medenýetiň merkezinde öňki döwürdäki ýaly Hudaý däl-de, adam bolmaly diýen pikirleri bilen baglanyşyklydyr. Olar jemgyýetdäki we tebigatdaky ähli zatlar, hadysalar adama hyzmat etmelidigi hakyndaky pikiriň tarapdary bolýarlar. Adama hyzmat etmeli zatlaryň biri-de döwletdi. Bu garaýşa laýyklykda, döwlet we döwlet başyndaky hökümdarlar adamlaryň hyzmatynda bolmalydyr.

Täzeden döreýiş döwrüniň iň gönrnükli wekilerniň biri-de Nikkolo Makiawellidir (1469-1527 ý. ). Ylymda N. Makiawellini syýasata peýdalylyk nukdaýnazardan çemeleşmegi talap edýän realistik ugry dördiji hasaplanýar. Ol köp ýyllaryň dowamynda Florensiýada möhüm döwler wezipesini ýerine ýetirýär. Ol özüniň „Hökümdar” diýen işinde bütewi italýan döwletini döretmegiň zerurlygyny görkezýär we şu maksat üçin ähli serişdäni peýdalanmagyň mümkinçiligini aýdýar. Ol arassa syýasatyň tarapdary bolup, uezitleriň giň

manyda aýdylan parasatly sözüni „ Maksat serişdäni aklaýar “ diýen ýörelgeden ugur alypdyr.

Makiawelliniň pikirine laýyklykda, syýasat diýlende jemgyýetiň dürli sosial güýçlerniň häkimiýet ugrundaky göreşine düşünmeli. Ol syýasata adamlaryň arasyndaky jemgyýetiň gatnaşygy hökmünde baha berýär we syýasatyň sosial hadysalaryny görkezýär. Onuň pikirine görä, syýasat jemgyýetiň dürli sosial güýçleriniň häkimiýet ugrundaky göreşidir. Syýasatyň esasy meselesi hem häkimiýet meselesidir.

Makiawelli döwletiň gelip çykyşyny adamlaryň tebigaty bilen düşündirýär. Adamlaryň köp taraply oňat we ýaramaz häsiýetleri jemgyýetde döreýär. Makiawelli „Adamlar tebigaty boýunça şöhratparazdyr hem-de müňkürdir. Olar hiç haçan öz paýlaryna kaýyl bolmaýarlar“ diýip belleýär. Onuň pikiriçe adamlar gorky ýa-da görüplik sebäpli biri-birlerini ýigrenýärler.

Ynsanlaryň ýaramaz häsiýetleri olaryň arasynda duşmançylygy döredýär. Şol häsiýetleri jylawlamak üçin döwlet döreýär. Aýratyn edaralaryň toplumy görnüşinde döreýän döwlet jemgyýetde düzgün –tertibi we parahatçylygy üpjün edýär. Onuň üçin döwlet aýry-aýry adamlar we toparlar babatynda güýç ulanyp biler.

N. Makiawelliniň işläp düzen azatlyk taglymaty-da hakykylyga – realizme ýugurlandyr. Bu taglymata laýyklykda jemgyýetiň we döwletiň çökgünlige düşen wagtlary azatlyk mümkin däldir. Sebäbi şeýle döwürdäki azatlyk howpsuzlyga garşy gelýär. Asuda döwürlerde bolsa azatlyk zerurdyr. Sebäbi ol adamlara raýatlyk duýgularynyň ösmegine we berkemegine kömek berýär. Şeýle ýagdaýlarda azatlykdan daşarda ýurdy doladyrmak mümkin däl. Çünki diňe azat adamlar syýasy durmuşa gatnaşyp bilýar.

Täzeden döreýiş döwrüniň ýene bir gönikli wekili fransuz Jan Boden bilimi boýunça kanunçy bolany sebäpli kanunlaryň tebigatyny we mazmunyny seljermek arkaly syýasy pikirleri ösdürýär. Onuň pikirine görä, kanunlar üýtgäp durýar. Bu ýagdaýda adalatlygyň akyla laýyklaşdyrylan ýörelgeleri ýüze çykarylýar. Dürli taryhy ýagdaýlar bilen baglylykda kanunlar hem dürli bolup biler. Tebigy şertlerde döwlete we döwlet gurluşyna täsirini ýetirip bilýär.

Jan Boden „ Döwlet hakyndaky alty kitap” diýen işinde döwletiň maşgala meňzeşligi baradaky pikirleri öňe sürýär. Ýöne maşgaladan tapawutlylykda döwlet instinkte däl-de, güýje daýanýar. Olaryň ikise-de hormatlanmaga mynasypdyr. Maşgalada atanyň abraýy esasy orny eýeleýär. Ol gadymy döwürlerden bäri ýaşulylary sylamak däp-dessuryndan gelip cykýar. Döwletiň sylagy we abraýy özygtyýarlygyndadyr. Ol döwletiň garaşsyzlygyny we beýikligini aňladýar. Özygtyýarlylyk güýjüň önümidir. Häkimiýet güýjüň tebigy sypatydyr. Ol adamlaryň isleglerine esaslanýar. Şonuň üçin hem, onuň ýaşaýşynyň baş makdsady adamlary bagtly ýaşaýşa ýetirmekdir. Oňa ýetmek üçin bütewüligi, jebisligi üpjün edip bilýän merkezleşdirlen kuwwatly häkimiýet zerurdyr. Şu nukdaýnazardan garaşsyzlyk jemgyýetiň üstünden agalyk edýän we kanun tarapyndan çäklendirilmedik ýokary häkimiýetdir. Özygtyýarlyk hemişelikdir we bölünmezdir.

Häkimiýetiň hemişelik häsiýeti bolmak bilen, ol patyşa maşgalasyna degişlidir we nesilden-nesle geçmelidir. Başga hiç bir adamyň jemgyýeti özüne tabyn etmek ugrundaky synanyşygy kanuny däldir.

**Reformasiýa: indiwidualizmiň çäkleri.** Reformasiýanyň watany Germaniýadyr. Ol 1517 -ýylda dini taglymatynyň doktory *Martin Lýuteriň* (1483-1546) indulgensiýanyň (Rim papasy tarapyndan görkezen hyzmaty üçin köplenç pula berilýän haty) satylmagyna garşy 95 tezisli çykyşyndan başlanýar diýip, hasaplaýarlar. Şol pursatdan başlap, onuň katoliki ybadathanasy bilen başa-baş söweşi uzaga çekdi. Reformasiýa örän tiz wagtda Şweýsariýa, Niderlandiýa, Fransiýa, Angliýa, Italiýa ýaýrady. Germaniýada Reformasiýa *Daýhançylyk urşy* bilen başlanyp, onuň gerimi orta asyryň sosial hereketleriniň hiç biri bilen deňeşdirip bolmajak derejä ýetipdir. Özüniň täze taglymatçylary bilen Reformasiýa Germaniýadan soňky ikinji ýerde Şweýsariýada iri merkezini döredipdir. Ol ýerde reformasiýa düşünjesini „ženewa papasy" diýlip, atlandyrylan *Žan Kalwin* (1509-1564) gutarnykly taýýarlaýar. „Reformasiýa" sözi „reforma", „özgerişlik" düşünjesinden gelip çykýar. Reformasiýa ybadathananyň egsilmez ruhy häkimiýeti baradaky, onuň Hudaý we adamlaryň arasyndaky araçylyk wezipesi baradaky düşünjesini weýran edipdir. Ybadathananyň adamy rehnet, şahsy dine çekýändigi gizlin däldir. Hristian üçin ýeke-täk ygtybarly çeşme, papanyň dekretleri däl-de, dini kitaplardyr. Ybadathanalarda reformasiýa geçirmegy talap edip, M. Lýuter ybadathananyň emläklerini döwletiň haýryna geçirmekligiň, monah ordenlerini ýatyrmaklygyň, monastyrlarda bolsa mekdepleri we hassahanalary ýerleşdirmekligiň zerurdygyny subut etdi. „Arzan ybadathana" şygary has ýörgünli bolsa-da, Reformasiýanyň esasy maksady Hudaý bilen şahsyýetiň arasynda indiwidual arabaglanşygyny ýola goýmak wezipesidi. Adam ybadathananyň araçylygyndan mahrum bolup, öz hereketlerine hut özi jogap bermeli boldy, ýagny has uly jogapkärçiligi öz üstüne aldy. Reformasiýa jemgyýetçilik düzümlerine laýyklykda ýola goýlan Hudaý bilen gatnaşmak mümkinçiligini wagyz edip, dünýewi durmuş we iş manysynyň ähmiýetini artdyrdy.

Kalwin Hudaýyň adama edýän merhemetini, onuň gargandygyna ýa-da ýalkandygyna düşünmäge ýardam edýän durmuş işlerinden: şowlulygyndan we şowsuzlygyndan gözläpdir. Reformasiýanyň *zähmet edebi* tejribelilik, iş başarjaňlyk bilen mukaddesleşdirilipdir.

Reformasiýanyň netijesi... öňi bilen katoliki gözýetimine garşy gelýän dünýewi professional zähmetiň ahlaky ähmiýeti we oňa berilýän dini bahanyň çendenaşa ýokarlanmagy boldy.

**M.Weber. Protestantlyk edebi**

*Reformasiýa hem, Renessans hem adamzat şahsyýetini, erkinlik başlangyjynyň esasynda gurlan dünýäniň tutanýerli, maksadaokgunly özgerdilmegini öňe tutýar. Ýöne Reformasiýa oňa garanda, has düýpli täsirini ýetirip: indiwidualizmi höweslendirdi, ýöne ony dini gymmatlyklara esaslanýan ahlaklylygyň berk çäginde ýerleşdirdi.*

# VI bap. Wizantiýa siwilizasiýasy.

*Wizantiýa Rimiň ömrüni 1453-nji ýyla çenli uzaltdy, ol özüniň gülläp ösendigine we kuwwatly görünýändigine garamazdan , ömrüniň ýöne bir iň soňky pursadyny başyndan geçirýän rim dünýäsiniň ahy-perýadydy. .* Jak Le Goff.

## §1. Rim imperiýasynyň mirasdüşeri

Wizantiýa siwilizasiýasynyň döremegini taryhçylar Konstantinopolyň - onuň esasy şäheriniň esaslandyrylmagy bilen baglanyşdyrýarlar. Eýýäm 324-nji ýylda imperator Konstantin (306-337-nji ýylda dolandyrýar.) Bosforyň kenarynda ýerle-şen gadymy grek şäher-koloniýasy Wizantiýanyň çägindäki täze ýeri paýtagt üçin saýlap alýar. 330-njy ýylyň 11-nji maýynda (şäheri esaslandyryjynyň hormatyna) Konstantinopol - Konstantiniň şäheri, Rim imperiýasynyň paýtagty diýlip resmi taýdan jar edilýär. (Şäheriň Istanbul ady „ Is tin polin “ - täze grek sözleýşinden gelip çykyp, „şähere “ diýmekligi aňladýar.

Westgotlaryň Dunaýdan geçmegi, göräýmäge hiç hili üýtgeşiklik däl ýalydy. Rimlileriň olaryň birnäçe taýpalaryny federatlyga kabul etmekleri öň hem bar zatdy. Ýöne welin, westgotlaryň Balkan ýarym adasynda peýda bolmaklary hakykat ýüzünde howply netijelere getirýär. Imperiýanyň emeldarlarynyň warwarlar babatynda eden-etdilige ýol bermekleri bilen ylalaşman, westgotlar şondan soň rim häkimiýetine garşy aýaga galýarlar we tiz wagtdan „federatlykdan’’ onuň howply duşmanyna öwrülýärler. Olary känlerde işleýän, esasan hem, aslyýetinde warwarlardan bolan ýerli gullar hem goldaýarlar. Wesgotlar Balkan ýarym adasynyň günortasyna ugraýarlar. Adrianopolyň golaýynda 378-nji ýylda rim goşunlary derbi-dagyn edilýär, goşuna baştutanlyk eden imperator Walent öldürilýär. Konstantinopola –Gundogar Rim imperiýsynyň paýtagtyna golaýlaşýarlar. Täze imperator Feodosiý I (379-395) güýç ulanmak we kä-te diplomatik gepleşikleriniň usullaryny başarjaňlyk bilen peýdalanyp, wesgotlary biraz köşeşdirmegi başarýar, Balkan ýarym adasynyň dürli ýerlerinden has mes toprakly ekin meýdanlaryny bölüp berýär. Biraz soňra 90-njy ýyllarda wesgotlara häzirki Ýugoslawiýanyň territoriýasyndaky Illiriýa welaýaty berilýär.

Feodosiýanyň aradan çykmagy bilen Rim imperiýasy onuň ogullarynyň arasyn - da bölüşilýär. Gündogarda Arkadiý (395-408), günbatarda Gonoriý (395-423) dolandyrýar.

Wizantiýanyň taryhy özbaşdak döwlet hökmünde birneme soňra, 395-nji ýyldan, haçan-da Rim imperiýasay Gündogar we Günbatar bölege bölünmegi bilen başlanýar. 476-njy ýylda Günbatar Rim imperiýasy duşmanyň zarbasyndan heläk bolup, Odoakyr hakyna tutma (warwarlaryň ) wagşylaryň baştutany iň soňky Günbatar Rim imperatory Romul Awgustuly tagtyndan agdarýar, imperatoryň merbeliliginiň nyşanlaryny bolsa Konstantinopola ugradýar. Şu pursatdan başlap, Wizantiýa Rim imperiýasynyň mirasdüşeri bolýar.

Wizantiýalylaryň aňynda mirasdüşerlik ideýasy örän möhüm bolupdyr. Olar öz imperiýalaryny „Romeý patyşalygy“, başgaça, Rim imperiýasy diýip, atlandyrýarlar. Konstantinopoly -„Täze Rim“, wizantiýa imperatoryny bolsa rim sezarlarynyň ýeke-täk kanuny mirasdüşeri hasaplapdyrlar.

**„Täze Rim“**

„Täze Rim“ örän amatly ýerde ýerleşýär. Ol tebigy burunda esaslandyrylyp, bir tarapdan Mermer deňzi ýuwsa, beýleki tarapdan Altyn Şah bogazy gurşap alýar.

Bogaz ýeke-täk amatly port bolup, hut tebigatyň özi bu ýeriň iri port şäherine öwrülmegi üçin ähli mümkinçiligi döredipdir. Bu ýerde Gündogar we Günbatar ýurtlarynyň arasyndaky esasy söwda ýollary kesişýär. Konstantinopol möhüm harby strategik punkt bolup, Wizantiýanyň bogazyň üstünden agalygyny üpjün edýär.

Konstantinopolyň Gündogar bilen Günbataryň aralygynda ýerleşmegi Wizantiýanyň bütin siwilizasiýasynyň taryhynyň nyşany bolup hyzmat etmek bilen, ol bolsa şeýle iki dürli dünýäler bilen hemişelik baglanyşykly bolýar.

Eýýäm IV asyryň ahyrynda, ol iri söwda hünärmençilik merkezine öwrülip, wizantiýalylar ony „Ajaýyplygyň ussahanasy“, „Älemiň ussahanasy“ diýip, atlandyrypdyrlar. Ol dürli ýurtlaryň täjirleriniň ünsüni çekýär. Onuň medeni we dini durmuşyň merkezi hökmünde ähmiýeti barha artýar. Şäherde kaşaň jaýlar gurlup, başlaýar we onuň ilaty köpelýär. V asyryň başlarynda Konstantinopolda eýýäm 150 müň ilat bar bolsa, VI asyryň ikinji ýarymynda 375 müň adam bolup, şonça ilat Rimiň özünde hem bar eken.

Konstantinopol wizantiýalylar üçin imperiýalarynyň gözelliginiň we kuwwatynyň beýany bolupdyr. 1453-nji ýylda paýtagtyň ýykylmagy bilen Wizantiýa siwilizasiýasy ýaşamagyny bes edýär.

*Şäherlerden şäher, älemiň ýagtylygy, dünýäniň şöhrady, ybadathanalaryň enesi, ylmyň we sungatyň , Watanyň howandary we abadanlygyň ojagy.*

*Wizantiýaly ýazyjylar Konstantinopol hakynda XI asyr.*

**Imperiýanyň siwilizasiýa giňişligi**.

Özüniň ýaşan ilkinji asyrlarynda Wizantiýa ägirt uly territoriýalara eýelik edýär (750 muň kw. km töwerek). Ol Kiçi Aziýany, Balkan ýarym adasyny, Mesopatamiýanyň we Ermenistanyň bir bölegini, Siriýany, Palestinany, Müsüri, Krit we Kipr adalaryny Garadeňizde Hersonesi, Kawkazda Lazikany, Arabystanyň birnäçe welaýatlaryny, Gündogar ortaýer deňziniň adalaryny özünde jemleýärler.

Wizantiýanyň üstünden geçýän möhüm söwda ýollary; Hytaýa meşhur „ýüpek ýoly”, Arabystanyň üsti bilen Gyzyl deňiz portuna çenli amatly ýoly Pars aýlagy we Hindi ummanyna baryp ýetýär. Wizantiýa degişli welaýatlaryň ykdysady ösüşi birmeňzeş bolmandyr. Mysal üçin, Gresiýa ykdysady pese gaçyşlygy bir eýýäm başyndan geçiripdi. Imperiýanyň esasy ekleýjisi Frakiýa (Wizantiýanyň Balkandaky welaýaty), we „dünýä ammary” diýlip, atlandyrylan Müsürdi. Müsür senetçiligiň we medeniýetiň merkezi bolan Aleksandriýa şäheri

bilen meşhurdy. Kiçi Aziýada üzümçilik, bagçylyk we maldarçylyk has hem ösüpdi. Kiçi Aziýanyň, Palestinanyň we Siriýanyň şäherlerinde ir döwürden bäri dürli senetçilik (deri önümçiligi, ýüň matalary, metal önümçiligi) gülläp ösýärdi. Umuman, Wizantiýa ýeterlik derejede çig mal önümleri, gazylyp alynýan peýdaly zatlar bilen üpjin edilipdir. Imperiýanyň içerki hojalyk durmuşy, Günbatar Ýewropadan tapawutlylykda durnuklydy. Ýewropalylaryň uzak wagtlap Wizantiýany ertekilerdäki ýaly baý ýurt hökmünde beýan etmekleri tötänleýin däldi.

Wizantiýa Rimden diňe bir köp sanly ykdysady taýdan gülläp ösen welaýatlary miras almak bilen çäklenmän, eýsem bu ýerde möhüm medeni merkezler-de bardy. Romeýleriň imperiýasy irki döwürde gülläp ösen siwilizasiýalaryň territoriýalaryny özüne birikdiripdi. IV-VI asyrlarda imperiýanyň iň iri şäherlerine Aleksandriýa, Antiohiýa (Finikiýadaky) Efes, Smirna, Nikeýa ( Kiçi Aziýadaky) Fessaloniki we Ýewropa bölegindäki Korinf degişli bolupdyr.

Medeniýetiň we ykdysadyýetiň ösmeginde bu welaýatlaryň köpüsiniň öňki döwürde ellinistik monarhiýanyň düzüminde bolanlygyň, soňra bolsa Rimiň gol astyna birleşmeginiň uly ähmiýeti bolupdyr.

Imperiýanyň ilaty milleti babatynda birmeňzeş däldi. Taryhçylaryň hasaplamalaryna görä, onuň sany 30-35 mln. adam bolupdyr. Olaryň arasynda siriýalylar, ýewreýler, ermeniler, gruzinler, Müsürde ýaşaýan koptlardan ybarat bolup, onuň ilatynyň esasy bölegini grekler düzýär.

Rimliler beýleki halklar bilen deňeşdirilende köp sanly däldiler, ýöne oňa garamazdan latyn dili uzak wagtlap döwlet dili bolup galýar we VII asyrda onuň ornuna grek dili gelýär.

Wizantiýada resmi ýagdaýda antiki dünýä däpleri bilen baglanyşykly medeniýet ilkinji nobatda ornaşdyrylýar we ösdürilýär. Şol bir wagtyň özünde, oňa gündogar siwilizasiýasynyň däpleri siňdirilip, bu bolsa elbetde Wizantiýanyň ykbalynda köp zatlary kesgitleýär.

**Wizantiýa we ony gurşap alan dünýä.**

Haçan-da Rim we beýleki antiki şäherler dargaýan wagty Wizantiýa gülläp ösmegini dowam edýärdi. Elbetde warwar taýpalaryň çozuşlary Wizantiýa hem täsir edýär. Ol birnäçe gezek gotlaryň çozuşlaryna sezewar bolýar. V-VI asyrlarda imperiýanyň çäklerine slawýan taýpalary aralaşyp, tas Konstantinopolyň alkymyna çenli baryp ýetýärler. Eýsemde bolsa, imperiýanyň syýasy bitewiligi saklanyp galýar. Slawýanlar Wizantiýanyň territoriýasynda öz obalaryny döredip, tiz wagtda Balkan ýarym adasynyň ilatynyň uly bölegini emele getirýärler. Diňe VII asyrda ilkinji Slawýan döwleti - 1 Bolgar patyşalygy emele gelip, uzak dowam etmese-de (XI asyryň başlaryna çenli ýaşapdyr), imperiýanyň iň güýçli duşmanyna öwrülýär. Şeýlelikde, Wizantiýanyň wagşylaryň çozuşyndan heläkçilik çekip, ýetirilen zyýan günbataryň başyndan geçiren ýitgileri bilen deňeşdirer ýaly däldi.

Ondan başga-da, wizantiýalylaryň beýleki goňşulary-da warwarlardan az howply däldi. Gündogarda imperiýanyň esasy duşmany kuwwatly Eýran bolup, ol territoriýa dawasyny edip, Wizantiýa bilen aralyk söwdada öňdebaryjy orny

eýelemek hukugy we söwda ýollaryny eýelemek ugrunda göreşipdir. VI asyryň romeýler imperiýasy uzaga çeken gandöküşikli urşa goşulýar. VII asyrda haçan-da uruş sebäpli güýçden gaçan Eýran oňa howp salmagyny bes eden soň, onuň ornuny has howply duşman - täze, musulman dini esasynda birleşen, şu döwre çenli öz döwletini döreden arap taýpalary eýeleýär. Birnäçe ýylyň dowamynda araplar Siriýanyň, Palestinanyň baý ýerlerini basyp alýarlar, soňra bolsa öz döwletlerine demirgazyk Afrikany hem birleşdirýärler.

VII asyr Wizantiýanyň taryhynda pajygaly döwür bolup, demirgazykdan slawýanlar, gündogardan bolsa araplar zarba urýarlar. Bu döwre çenli imperiýanyň territoriýasy üç esse kemelýär.

IX asyrdan başlap Wizantiýa güýçli merkezleşdirlen imperiýa hökmünde dikeldilýär, ilki haçparazlaryň, soňra bolsa türkleriň – osmanlaryň basyp almagy bilen bu siwilizasiýa pese düşüp başlaýar.

*Romeýleriň taryhy öz tebigaty boýunça halklaryň hökümdarydyr.*
*Anna Komnina ýazyjy, imperator*
*Aleksandr I Komniniň gyzy. XI asyr.*

Şeýlelikde, imperiýanyň halkara ýagdaýy bütin taryhy döwrüň dowamynda çylşyrymly bolup, köp döwletleriň, şol sanda, günbatar Ýewropa döwletleriniň gözüniň öňünde Wizantiýa baý oljady. Şeýle-de bolsa, bu zatlar Wizantiýanyň öz mülklerini giňeltmäge çalyşmaýandygyny aňlatmaýar. Imperiýa Rimden „saýlananlyk“ ideýasyny we ähli ýaşalýan ýerleriň üstünden hökümdar bolmak hukugyny miras alypdy. Özüniň ýaşan ilkinji asyrlarynda Wizantiýa german taýpalarynyň basyp alan Rim imperiýasynyň öňki bölegini gaýtaryp almak üçin uruş alyp barýar.

VI asyrda Wizantiýa Demirgazyk Afrikada wandallardan, Italiýada we Ispaniýada gotlardan yzly-yzyna ýeňiş gazanmak başardýar. Ýöne, bu wagtlaýyn üstünlik bolup: Wizantiýa beýleki uruşlara çekilmek bilen, täze mülklerini elde saklamak, öňki Rim imperiýasyny gaýtadan dikeltmek arzuwy başa barmaýar.

Wizantiýa Rim imperiýasynyň mirasdüşeridi. Şol wagt gündogar siwilizasiýasynyň däp-dessurlarynyň täsirinde bolmak bilen, olar syýasy özbaşdaklygyny ýitirip, romeýler imperiýasynyň düzümine girip, öz medeniýetiniň köp aýratynlyklaryny saklap galýarlar. Wizantiýanyň Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky ýagdaýy, onuň özboluşly taryhy ösüşinde ýüze çykýar.

## § 2.Wizantiýa feodalizminiň aýratynlyklary.

Günbatar Ýewropada bolşy ýaly, Wizantiýa sosial-ykdysady gatnaşyklar ulgamynda uly özgertmeleri başdan geçirýär. Wizantiýa öz taryhynyň başynda entek ýarym gul eýeçilik ýurtlygyna galýardy. Ol özüniň ýaşamagyny, haçan-da feodal gatnaşyklary doly ýeňenden soň tamamlaýar. Ýöne, Wizantiýada feodalizmiň aýratynlyklary bolup, ony Günbatar Ýewropadan we Gündogar

ýurtlaryndan tapawutlanýar. Onuň taryhynyň daşarky ýagdaýlary we Wizantiýa swilizasiýasynyň özboluşlylygy oňa sebäp bolýar.

**Wizantiýa we warwarlar**.

Mälim bolşy ýaly, warwarlaryň – german taýpalarynyň basyp alyşlary Günbatar Ýewropanyň taryhyna diňe bir oňyn däl täsir etmedi. Ilkidurmuş jemagatçylyk gatnaşyklarynyň we irki döwlet gurluş derejesinde ýaşaýan warwarlar köne gul eýeçilik düzgünleriniň weýran bolup, täze feodal gatnaşyklarynyň ösmegine itergi berýär.

Öz döwlet gurluşyny saklamak, döwrüň başlarynda warwarlaryň güýçli çozuşlaryndan goranmagy sebäpli, Wizantiýada feodalizme geçmeklik örän haýal bolup geçýär.

Feodalizme geçiş Wizantiýa jemgyýetiniň içersinde gulçulygy gysyp çykarmak bilen baglanyşykly, şeýle hem, köne düzgüniň çäginde täze gatnaşyklaryň emele gelmeginiň çylşyrymly, uzaga çeken prosesi bolup durýar. IV-VI asyrlarda gulçulyk Wizantiýada giňden ýaýrapdy. Gullar iri ýer eýeleriniň mülklerinde hususy we hünärmentçilik ussahanalarynda zähmet çekipdirler. Ýöne olary ekspluatirlemek indi modernizasiýalaşýar, netijede olar ýetirlik derejede köp peýda getirýär. Düzgün bolşy ýaly, gullary ýere berkidip, olara maşgala we hususy hojalyk edinmäge mümkinçilik döredýärler. Erkinlige goýberilen gullaryň sany köpelýär. Ýöne oňa garamazdan, gulçulyk ýaşamagyny dowam edip, ykdysady-ýetde uly orun eýeläpdir. Günbatar Ýewropadan tapawutlylykda bu ýerde ol örän haýal gysylyp çykarylýar.

Feodalizmiň utgaşyp ösüşi Wizantiýada VII - IX asyrlarda giň gerim alyp, bu ýerde esasy orun slawýan taýpalaryna degişlidir.

Arap basybalyjylarynyň pajygaly döwründe Wizantiýanyň territoriýasy üzül - kesil kemelýär. Slawýanlaryň göçüp baran territoriýalary Kiçi Aziýa we Balkanlar esasy ykdysady etraplara öwrülýär. Olaryň hasabyna daýhanlaryň sany köpelýär, oba jemagatçylygy güýçlenýär (VII-IX asyrlar). Olar Wizantiýanyň ykdysady durmuşynyň esasy özeni bolýar. Gullaryň we kolonlaryň zähmeti kem-kemden tozup, garaşly ýagdaýa düşen daýhanlaryň zähmeti bilen ornuny çalyşýar.

*Slawýan taýapalar feodalizme geçmegi çaltlandyrýarlar. Warwarlar köne jemgyýete weýran ediji zarba urmakdan ejiz gelipdir. Gadymy däp- dessurlar Günbatar bilen deňeşdirilende has durnukly bolup, geçmişe örän kynlyk bilen gidýär.*

**Wizantiýa döwleti we feodalizm**.

X-XII asyrlardan başlap feodalizm Wizantiýada çalt depginde ösüp başlaýar. Bu döwürde iri feodal eýeçiligi emele gelýär. Wizantiýa feodaly Günbatar Ýewropa feodalyndan düýpli tapawutlanýardy. Ol özüniň mülküniň doly hojaýyny däldi. Döwlet feodalyň eýelik edýän ýeriniň möçberine, garaşly daýhanlaryň sanyna gözegçilik edýär, olary ýerden mahrum edip bilýär, salgydyň mukdaryny kesgitleýär. Ondan başga-da, Wizantiýada feodal daýhanlaryň üstünden ýokary sudy amala aşyryp bilmändir. Bir söz bilen aýdylanda, döwlet feodalyň mülküni

berk gözegçilikde saklaýar. Döwletiň özi ägirt uly möçberdäki ýerleriň eýesi bolup, imperiýanyň ähli territoriýasynda ýerleşýän bu ýerlerde „döwlet" daýhanlary - salgyt töleýjiler zähmet çekipdir. Şonuň üçin, Günbatar Ýewropa bilen deňeşdirilende iri feodal ýer eýeçiligi Wizantiýada haýal ýaýraýar, feodallar bolsa köp ugurlar boýunça döwlet häkimiýetine garaşly bolýar.

Bu ýagdaý diňe XII-XV asyrlarda Wizantiýanyň ýaşan döwrüniň iň soňky etabynda üýtgeýär. 1204-nji ýyldan soň, haçan-da Konstantinopol haçparazlar tarapyndan basylyp alnyp, imperiýanyň bölünmegi bilen, döwletiň kuwwaty pese düşýär. Şu döwürde feodallar onuň gözegçiliginden azat bolýar. Wizantiýada feodal mülkler (Günbatar Ýewropadaky ýaly) peýda boýar. XIII asyryň ikinji ýarymynda imperiýanyň bütewiligi dikeldilip, Konstantinopol ýene-de döwletiň paýtagty bolsa-da, döwlet häkimiýeti feodal aristokratiýasynyň çürt-kesik ösýän güýjüniň hötdesinden gelip bilmeýär. XIV-XV asyrlarda Wizantiýa barha ownuk böleklere bölünip, döwlet häkimiýetiniň funksiýalary ýerlerde feodallaryň eline geçýär.

Wizantiýa iş ýüzünde feodal dagynyklyk döwrüne gadam basýar. Ýöne bu döwürde merkezi häkimiýet öz ornuny doly ýitirmeýär. Daýhanlar diňe bir döwlete degişli däl, eýsem feodaldan garaşlylary-da döwlet gaznasyna salgyt tölemeli bolupdyr.

Döwletiň girdejileri azalsa-da, belli bir derejede, onuň üçin ykdasady baza döredilýär. Iş ýüzünde birjikde gowşamadyk harby howp merkezleşdirilen döwlet häkimiýetiniň saklanmagyna kömek edýär.

*Eger-de siwilizasiýa heläk bolmadyk bolsa, Wizantiýda feodalizmiň ykbalynyň geljekde nähili boljakdygyny aýtmak kyn. Ýöne birnäçe asyryň dowamynda Wizantiýada gündogar döwlet feodalizmi bilen Günbatar Ýewropa feodalizminiň alamatlary birleşýär. Gündogar blien Wizantiýany iri hususy ýer eýeçiligini togtatýan feodal mülkleriniň awtonomiýasyny çäklendirýän güýçli merkezi häkimiýet birleşdirýär. Eýsem-de, feodalizm bu ýerde dolulygyna döwletçilik häsiýete eýe bolmandyr. Bu, elbetde, dogry sebäbi romeýler imperiýasy rim hukugyny miras alyp, ýere bolan hususy ýer eýeçiligi kanunlaşdyrýar we gorap saklaýar. Merkezi häkimiýet barha gowşadygyça, Wizantiýa feodalizminiň günbatar feodalizmi bilen umumylygy ýüze çykýar.*

## § 3. Romeýleriň imperiýasy

Siwilizasiýanyň ägirt uly geografiki çäklerine, şeýle hem köpdürli we özboluşly sebitlerden ybaratdygyna garamazdan, Wizantiýada ýurdy dolandyrmak merkezden, başgaça aýdylanda, Konstantinopoldan amala aşyrylýar. Ol ýerde salgytlaryň sanawy düzülýär, möçberi kesgitlenilýär, şol ýerden salgyt ýygnaýjylar ugradylýar. Konstantinopolda baş kazyýet welaýat kazyýetiniň kararyna garşy arz-şikaýatlary kabul edýär.

Ýurduň ýaşaýyş durmuşyna gözegçilik etmek ulgamynda iň ýokary başlangyç imperator we onuň töweregindäki emeldarlar hasap edilipdir. Imperatora çäklendirilmedik hukuk berilýär: ol öz golastyndaky ilata jeza berip bilipdir. Şol

sanda iň ýokary wezipedäkileriň hem emlägini konfiskasiýalap, wezipä belläp ýa-da aýryp bilipdir. Imperator kanun çykaryp bilýär, iň ýokary kazy bolupdyr, goşuna baştutanlyk edýär we daşary syýasaty kesgitleýär. Ondan başga-da, imperiýanyň ähli ýerleriniň hojaýyny bolmasa-da, onuň mülkleri, hakykatdan-da örän uly bolup, bu bolsa Wizantiýany günbatar Ýewropa döwletlerinden düýpli tapawutlandyrýar.

### Imperiýaçylyk ideýa

Imperiýa wizantiýalylar üçin has kämil döwlet gurluşy bolup, sazlaşygyň we tertip-düzgüniň hakyky beýany hasaplanylýar. Imperiýaçylyk ideýa syýasy nazarýetlerde esaslandyrylýar we ösdürilýär: imperiýaçylyk häkimiýet kulty döwlet dininiň möhüm ugurlarynyň biri bolupdyr.

Bu bolsa, elbetde, bize Gündogary ýatladýar. Ýöne, Wizantiýa gündogar despotiýasyna nähili derejede golaýdy? Imperiýaçylyk häkimiýet ideýasyny Rimden miras alýar: bu ýerde döwlet beýik we örän ýokary gymmatlyk hasaplanylyp, imperator hojaýyn, çäklendirilmedik hukukly hökümdar bolup, ýöne Gündogarda bolşy ýaly döwletde hususyýetçi däldi. Rim imperatory kanuna tabyn bolmaga borçludy, bu düzgün Wizantiýada hem özleşdirilýär.

Imperiýaçylyk ideýany berkitmekde hristiançylyk uly orny eýeleýär, ol oňa keramatlylyk häsiýetini berýär. Eýýäm IV asyrda imperator Konstantiniň egindeşleriniň biri Ýewsewiý Wizantiýanyň döwlet gurluşyna dini esaslandyrma beren syýasy taglymaty işläp düzýär. Ol bolsa, köp asyrlaryň dowamynda iş ýüzünde üýtgemän galyp, Gündogar Ýewropanyň ýurtlarynyň, şol sanda Russiýanyň syýasy aňyýetine uly täsir edýär.

Ýewsewiý diňe bir adamy däl, eýsem jemgyýeti hem dini ynamyň halas edýändigini belleýär. Şonuň üçin, hakyky hristiançylygyň daýanjy hökmünde, Hudaýyň howandarlygynda bolmak bilen Wizantiýa beýleki halklary hem halas etmelidi. Şeýlelikde, Wizantiýanyň döwlet gurluşynyň esasyny hristiançylyk düzýär. Şonuň esasynda Ýewsewiý ruhanylar we dünýewi begzadalar bir ýere jemlenip, bütewi ideýa esasynda bir ugur boýunça hereket etmeli, başgaça aýdylanda, simfoniýa döretmeli diýip, hasaplaýarlar. Imperator şeýle ýagdaýa diňe bir hökümdar däl-de, eýsem ybathananyň hem baştutanydy. Şonuň üçin, ol döwlet işgäri hökmünde başarjaň bolmaly we kämil hristiýan häsiýetleri - päk göwünli, rehimdar we dine ynama yhlasly bolmaga borçludy.

Imperator – sözüň doly manysynda hudaýa deňelmeýär – bu hristiançylygyň esaslaryna garşy gelýärdi. Ol adaty adam bolup, özüniň pesligini we jogapkärçiligini bilmegi hökmandyr. Ýöne jemgyýetiň öňünde ol Asman Ata deňelip, ol günbatar Ýewropa monarhyna däl-de, gündogar hökümdaryna golaý bolýar. Hudaýa öýkünmeklik hökümdaryň möhüm borjy hasap edilýär we köşk durmuşynyň adatlary şu maksada tabyn edilipdi. Imperator hiç haçan poluň üstünde durmandyr, mydama aýratyn beýiklikde- onuň tagty iki orunlyk bolup, baýramçylyk we ýekşenbe günleri Hristos üçin ýer galdyrylýar, ony oturgyçda goýlan haç hem simwolizirläpdir.

*Imperatoryň tagty şeýle ussatlyk bilen ýasalypdyr welin, bir görseň, ol pes görünýär, soňra – beýikräk, ondan soň bolsa, has beýikde görünýär. Bu tagty görlüp – eşdilmedik derejede ullakan ýolbarslar hut goraýan ýaly, misdenmi ýa agaçdan ... bilmedim, ýöne altyn çaýylan. Guýruklary poluň üstünde, agyzlaryny açyp, dillerini hereketlendirip, hyrryldaýardylar.*

*Liutprand Kremonskiý german imperatorynyň ilçisi Konstantinopol köşgündäki kabul edilşikde. X asyr.*

Her niçikde bolsa, imperatoryň şahsyýeti keramatly hasaplanylýar, sebäbi ol döwletde iň ýokary we hormatly orny eýeleýärdi.

Wizantiýanyň imperatorynyň artykmaç hukuklaryndan başga borçlary-da bolupdyr. Olaryň arasynda iň esasy döwletiň berkliginiň we sazlaşygynyň girewi hökmünde golastyndakylaryň, ýurduň halk köpçüliginiň aladasy bolupdyr. Şonuň üçin, wizantiýaly taryhçylar olary batyrgaý tankytlapdyrlar (ylaýta-da olar taryhy döwrüň sahnasynda giden imperatorlar hakynda ýazanlarynda). Olaryň eden işlerine Hudaýyň we adamzadyň kanunlaryna esaslanyp baha beripdirler. Özleriniň jogapkärçiligini hiç bolmanda nazaryýet babatynda imperatorlaryň özleri-de boýun alypdyrlar. Şeýle ýagdaýy Konstantin VII Bagrýanarodnyý (X-asyr) öz ýatlamalarynda tekrarlap, imperatop hakykatyň hatyrasyna, kanunyň we adalat bilen ylalaşyk esasynda, taňrynyň guly we hyzmatkäri ýaly bolup, dolandyrmalydyr diýip belleýär. Eger-de ol günä işlere baş goşsa, zalyma öwrülse, onda halkyň ýigrenjine sezewar bolar we öz eýeleýän ornundan mahrum bolar.

Wizantiýanyň monarhlarynyň köpüsiniň ykbalynyň hakykatdan hem, pajygaly bolandygyny aýtmak gerek, olaryň patyşalyk eden möhleti gysga, käwagt bary-ýogy birnäçe ýyla ýetipdir. Olaryň ýarysy häkimiýetden güýç bilen mahrum edilýär, olaryň birleriniň gözlerini oýupdyrlar ýa-da zäherläpdirler, beýlekilerini monastyrlara gabapdyrlar. Imperatoryň ýagdaýynyň gowşaklygynyň sebäbi, wizantiýada köp wagtlap patyşa häkimiýeti miras boýunça berilmändir. Ýaramsyz imperatorlary aýyrsalar-da, imperiýaçylyk häkimiýetiň özi eldegilmesizligine galýar.

Başga bir topardan, döwletde iň ýokary wezipäni aşaky gatlakdan bolan adamlaryň eýelemäge mümkinçiligi bolupdyr. Mysal üçin, iň belli we meşhur Wizantiýa hökmümdary Ýustinan I daýhan maşgalasynda dogulypdyr, onuň aýaly gözel Feodora bolsa aktrisa bolupdyr.

Imperatoryň häkimiýeti hudaý tarapyn hasaplanylýar, şonuň üçin, adamyň gelip çykyşy, onuň öňki meşgullanan käriniň hiç hili ähmiýeti bolmandyr.

## Imperiýaçylyk häkimiýet we jemgyýet.

Nähili ýagdaýda imperiýaçylyk häkimiýet taglymatyny hakykata öwrüp bolar? Nähili derejede Wizantiýa hakyky hristiýançylygyň sazlaşykly siwilizasiýasynyň nusgalaryna gabat gelýär?

Wizantiýa Rim imperiýasyndan respublikan gurluşynyň esaslaryny miras alýar. Wizantiýada ilkibaşda senat, döwlet soweti we erkin şäherlileriň guramasy – dimler saklanyp galýar. Şu guramalaryň esasynda jemgyýet giçki antiki döwürde

imperatoryň häkimiýetiniň işine düzediş girizmegi başarýar we oňa kanuny güýç berip bilýär. Alymlaryň pikirine görä, ol Wizantiýada IV-V asyrlarda belli bir derejede ösüşlere eýe bolýar. Senat kanunlaryň taslamasyny taýýarlaýar, içerki we daşarky syýasatyň meselelerini ara alyp maslahatlaşýar. V-VI asyrlarda dimler has uly hukuklara eýe bolýar. Konstantinopolda halk köpçüligiörän meşhur bolan sirk tomaşalarynda imperatora we ýokary emeldarlara öz talaplaryny, tekliplerini aýdyp, olaryň işlerini makullap ýa-da tankytlap bilipdirler. Dimler täze imperatory jar etmek resmi dabaralaryna gatnaşyp bilipdirler: ol resmi ýagdaýda senat, goşun we halk tarapyndan saýlanylyp, iş ýüzünde imperatory senat we harby ýolbaşçylar teklip edýarler.

Ýöne şeýle ýagdaý uzak dowam etmeýär. VII asyryň ahyrlarynda dimler öz orunlaryny ýitirip başlaýar. Imperator Lew VI, X asyrda şäherleriň öz-özüni dolandyryş funksiýsynyň galyndylaryny-da ýok edýär. Öňki demokratik adatlardan ýüz öwürmegiň özboluşly nyşany hökmünde tagta geçmegiň öňki düzgüni üýtgedilýär: öň täze imperatory halk ippodromda jar etse – indi oňa Hudaý tarapyndan saýlanan patyşalar hökmünde keramatly Sofiýa ybadathanasynda täç geýdirilýär. Şu döwürde imperator wasilews diýlip atlandyrylýar. Başgaça patyşa (gündogar däp-dessurlarynyň täsiri bolmagy mümkin), şeýle-de awtokrat (samoderjaw) diýlip, atlandyrylýar.

Imperiýaçylyk häkimiýet jemgyýetiň ses bermek, şeýle hem, syýasata işjeň gatnaşmak hukugyny elinden alýar.

*Indi imperator hemme zadyň aladasyny edýär, özi ýerine ýetirýär, Taňrynyň kömegi bilen ähli işler onuň aladasy esasynda ugrukdyrylýar we çözülýär.*

*Imperator Lew VI Parasatlynyň kararlaryndan 886-912ý.*

Şeýle häkimiýet ýurda näme getirdi? Güýçli merkezleşdirilme, ýeke häkimiýetlilik, elbetde, Wizantiýa öz bütewiligini saklamaga kömek edýär, bu bolsa siwilizasiýa ösüşine durnuklylyk berýär.

Eýsem Wizantiýa awtoritarlygynyň başga tarapy hem bar: onda diňe bir onuň kuwwatlylygy däl, eýsem gowşaklygy hem ýüze çykýar. Imperatoryň doly häkimiýetiniň bardygyna garamazdan, onuň mümkinçilikleri beýle bir çäksiz däldi. Imperator bir adam babatynda çäksiz güýçli, özgertmeler işinde welin örän gowşak bolupdyr. Wizantiýalylaryň syýasy aňyetinde ol, ilkinji nobatda, däp-dessurlaryň, adatlaryň goragçysydy. Şeýlelikde, häkimiýet geçmişden ugur alýar, üstesine-de, jemgyýetden örän çetleşdirilen ýagaýda bolýär. Netijede, köp sanly möhüm sosial – ykdysady prosesler gözegçilikden çykyp, döwlet häkimiýetiniň yza galaklygynyň garşysyna gidýärdi. Beýleki bir tarapdan, ýurduň ösüşine eýermän, häkimiýet köp ýagdaýlarda öz güýjüni täzelikleriň öňüni almak üçin peýdalanýar.

Jemgyýetiň hem öz aýratynlygy bolupdyr. Biziň bilşimiz ýaly, wizantiýada feodallar häkimiýetden örän garaşly ýagdaýda bolyp, özbaşdak gatlak emele getirip bilmeýär. Tagta golaý duran aristokratlaryň ýagdaýy, özleriniň baýlygyna we daşky gabarasyna garamazdan, örän durnuksyz bolupdyr. Uzak wagtlap,

takmynan, X asyryň ahyrlaryna çenli dolandyryjy toparlar açyk gatlak bolupdyr. Oňa aralaşmaklyk sosial derejä bagly bolman, eýsem şahsy hyzmatlaryň we imperatoryň buýruklary ýeterlik bolupdyr.

Imperator Lew VI adamlaryň mertebeliligine ata –babalarynyň esasynda baha bermän, eýsem onuň öz işine we gazanan üstünlikleriniň esasynda baha bermeli, diýip ýazýar. Beýleki bir başga gapma – garşylykly, ýokardan aşaklygyna ýol hem mümkindi. Her bir adama, şol sanda, emeldara-da sürgün edilmek, emläginden mahrum bolmak, tussag edilmek howpy gutulgysyzdy.

Imperatoryň köşgünde dildüwşiklar, gep – gybat höküm sürýärdi. Biri-birlerinden üzňe, aýratyn hukuklary bolmadyk begzadalar, imperatoryň ýygy-ýygydan paýlaýan peşgeşleriniň hasabyna ýaşap, günbatar aristokratlaryndan tapawutlylykda dogruçyllyk, wepadarlyk prinsiplerini işläp düzmeýärler.

Ybadathana bilen döwletiň gatnaşyklary-da çylşyrymlydy. Imperator, elbetde, onuň goldawyna mätäç bolupdyr, sebäbi ybadathananyň jemgyýete örän uly ruhy täsiri bardy. Ýöne ruhanylar XII asyra çenli administratiw işlerinden hakykat ýüzünde çetleşdirilýär, sebäbi wizantiýada ruhy we dünýewi gullugy birleşdirip, alyp barmaklyk gadagan edilýär. Ondan başga-da, uzak wagtyň dowamynda ybadathananyň ykdysady ýagdaýy imperatoryň we aýry-aýry şahsyýetleriň pul kömeklerine köp derejede bagly bolýar.

Wizantiýa ybadathanasynyň günbataryňkydan tapawutlylykda aýratyn girdejisi bolmaýar. Diňe X asyrdan başlap, ybadathananyň peýdasyna yzygiderli ýygym girizilýär.

Elbetde, ybadathana az baýlyk toplanmandy, ýöne gülläp ösen döwri hem ol katolik ybadathanasyndan garyp bolupdyr. Esasan hem, ol ykdysadyýet babatynda garaşly bolýar. Bu bolsa onuň syýasy durmuşyna täsir edýär. Kontantinopolyň patriarhlary wagtal – wagtal döwletde öňdebaryjylyk orna dalaşgärlik edipdir. Meselem, IX asyryň ortalarynda patriarh Mihail Kirulariý özüniň tagta çykaran imperatory Isaak I şeýle diýip, haýbat atýar : ,,Ojak, men seni döretdim , men hem seni weýran ederin”.

Ýöne imperatoryň ýokary hökimiýeti bolupdyr, ýaramsyz emeldar hökmünde patriarhy çalşyp, ybadathananyň teklip eden üç dalaşgäriniň arasyndan saýlaýarlar. Wizantiýanyň taryhynda patriarhyň sürgün edilen, hatda jeza berlip, öldürlen wagtlary-da gabat gelýär.

Wizantiýa ybadathanasy günbataryňky ýaly doly özbaşdak, kuwwatly syýasy güýç bolup bilmeýär. Döwlet bilen ybadathananyň gatnaşyklary sazlaşykly däldi.

Täjirler bilen senetçileriň ýagdaýy iki hilidi. Olar döwletiň berk gözegçiliginde bolupdyr. Bu bolsa, berk kesgitlenen mümkinçilik beripdir: meselem, senetçiler goşundan, köşkden, emeldarlardan ýörite sargytlar alypdyrlar. Ýöne, oňa garamazdan, hökimiýetiň eden- etdiliginden goralmaýar. Döwlet olara agyr salgyt salyp bilýär, emeldarlar bolsa olaryň önümçilik prosesine gözegçiligi amala aşyrypdyrlar.

Hünärmentçiligiň we söwdanyň merkezi bolan şäherlerde berk merkezleşdirilen hökimiýet şertlerinde güýçli kommuna hereketi emele gelip, günbatar Ýew-

ropada olaryň azatlyklaryny hukuk taýdan berkiden şäher Hartiýalaryny esaslandyrýar. Wizantiýada şäherleriň söwda hünärmenleri sosial gatlak hökmünde kemala gelip, şeýle-de döwlet derejesinde öz hukuklaryny ykrar edilmegini gazanyp bilmeýär.

XII asyrda senetçilik we söwda pese gaçýar. Oňa döwletiň wizantiýaly täjirleriň esasy bäsdeşleri bolan italýan täjirlerine girizen ýeňillikleri sebäp bolýar. Ir döwürden bäri ýokary ussatlyklary bilen şöhrat gazanan wizantiýaly senetçiler döwletiň artykmaç howandarlyk etmegi sebäpli, Italiýanyň işeňňir täjirleri bilen göreşde ýeňilýär.

Şeýlelkide, Wizantiýanyň döwlet häkimiýeti dürli sosial gatlaklayryň işjeňliginiň öňüni alyp, ýurtda köp sanly möhüm prosesleriň ösüşüni togtadýar. Monarhiýanyň güýji jemgyýetiň gowşamagyna we dargamagyna getirýär. Adam jemgyýetde özüniň sosial topary bilen gowşak gatnaşykda bolupdyr. Bu bolsa öz nobatynda häkimiýeti güýçlendirmek zerulygyna getiripdir. Häkimiýetiň güýçlenmegi bolsa siwilizasiýanyň esasy şertidir.

## § 4 Wizantiýanyñ ruhy durmuşy

Wizantiýa tarapyndan galdyrylan ruhy miras biziň günlerimizde-de özüniň köpdürliligi we baýlygy bilen haýran galdyrýar. Orta asyrlarda Wizantiýa slawýan dünýäsiniň „halypasydy”: Günorta we gündogar slawýanlar hat-ýazuwyň döremeginde oňa minnetdar bolmalydyr. Wizantiýa ondan syýasy we ylahyýet ideýalaryny, ahlak kadalaryny kabul edip, wizantiýaly ussalardan ybadathalary gurmagy we ikona ýazmagy öwrenýärler. Wizantiýa medeniýetiniň miwelerinden Günbatar Ýewropa hem peýdalanýar.

### Wizantiýada köphudaýlylyk we hristiançylyk

Haçan-da VI asyrda hristiancylyk romeý imperiýasy tarapyndan döwlet dini diýlip, yglan edilen wagty, öňa uýýanlaryň sany beýle bir köp däldi. Olaryň arasyndan has janköýerleri halas bolmaklygy Müsüriň we Palestinanyň çöllüklerinden gözläp terkidünýälere - derwüşlere öwrülýärler. Eýsem-de bolsa, Wizantiýa özüniň ýaşan ilkinji günlerinde (IV- V asyrlar) esasan-da, ýarym butparazlyk ýurtlygyna galyp, onda gadymy diniň gizlin ýa-da has açyk tarapdarlary bardy. V asyrda hem öý butparazlyk kultunyň berjaý edilmegi gadagan edilmeýär. Dolandyryjy, elitar toparlaryň esasy bölegi dini meselä biperwaý garapdyrlar, hristiançylygyň ornuna antiki filosofiýany öwrenenlerini dogry hasaplapdyrlar.

Hatda döwlet derejesinde köphudaýlylyga gaýdyp gelmeklige synanyşyk edilýär; „Ynamyndan dänen’’ diýlip, atlandyrylan filosof we batyr serkerde, meşhur imperator Ýulian (361-363) öňki dini dikeltmek isleýär ýöne, şowsuzlyga uçraýar.

Köphudaýlylyga bolan gyzyklanma halk köpçüliginde hem saklanyp galýar: obalarda ekerançylygyň howandary Dionisiň kulty ýaşamagyny dowam edýärdi.

Şeýle-de, hristiançylygyň täsiri-de dyngysyz ösýärdi. Ýöne bu proses mydama parahatçylykly bolup geçmeýär. IV asyryň ahyrlarynda, Aleksandriýada köp hudaýlylyk kultunyň merkezi bolan Serapeum weýran edilýär, meşhur kitaphana otlanylýar, filosof aýal Ipatiýa akylyny ýitiren mähelläniň elinden heläk bolýar. Takmynan, şu döwürde Olimpiýa oýunlarynyň geçirilmegi gadagan edilýär. Köphudaýlylyk ybadathanalary ýapylýar we ýok edilýär, onuň emlägi bolsa gaznanyň peýdasyna geçirilýär.

Oňa garamazdan, hristiançylygyň ýaýramagy diňe bitbutparazçylygyň yzarlanmagy ýa-da resmi taýdan gadagan edilmeleri bilen baglanyşykly däldi. Kem- kemden butparazçylyk düşünjesi aradan aýrylýar, onuň ornuna has pajygaly we sazlaşyksyz, ýöne adamyň içki dünýäsine ýüzlenýän, oňa halas bolmaklyga umyt döredýän täze hristiançylyk dini bilen ornuny çalyşýar.

Wizantiýa butparazçylygynyň örän meşhur ideologlaryň, filosoflarynyň bardygyna garamazdan, olar hristiançylyk bilen adam ruhy ugrundaky göreşde bäsdeşlik edip bilmeýärler. Wagtyň geçmegi bilen hristiançylyk Wizantiýanyň ruhy durmuşyna doly aralaşyp, başlaýar. Ruhanylaryň biri hammama ýa-da çörek dükanyna arkaýyn girmek mümkin däl diýip, zeýrenýär, sebäbi ol ýerde şol bada hristian Troisasynyň manysy hakynda jedelleşip başlaýarlar. Alym - ylahyýetçini elbetde, köre-körlük, ýeterlik derejede taýynlygy bolmazdan, diniň çylşyrymly meselelerine akyl ýetirmäge synanyşylmagy aladalandyrýar, hakykatdan welin, bu begendirmeli zatdy. Seýle meseleler bilen gyzyklanmak köpçüligiň hristiançylyga geleňsiz gatnaşyk etmeýändigini aňladýardy.

Adamlaryň aňynda hristiançylygyň ornaşyp, ýeňiş gazanmagy, antiki medeniýetiň gazananlarynyň ýok edilmegini aňlatmaýardy. Wizantiýada ylmy-bilimlere, şol sanda, antiki filosofiýa we edebiýata bolan çüňňur hormat saklanyp galypdy. Bu ýerde mirasdüşerlik ideýasynyň, Wizantiýanyň grek-rim dünýäsi bilen gönüden-göni arabaglanyşygyň uly ähmiýeti bardy.

*Ylym ýüreklerden hapalary ýuwup, arassalaýar we onuň tebigatyny arassa we mylaýym edýar.*

*Mihail Psell, görnükli wizantiýa taryhçysy,ýazyjy we syýasy işgäri, XI asyr.*

Hatda wizantiýa ybadathanasynyň wekilleriniň-de antiki filsoflaryna we ýazyjylaryna bolan gatnaşygy ýeterlik derejede ýumşakdy. Olaryň eserlerini oka - maklyk gadagan edilmeýär, gaýtam, görnükli IV asyr ylahyýetçisi Beýik Wasiliý ýaş-ýetginjekleri butparaz awtorlary öwrenmeklige, ýöne örän seresap bolmaklyga çagyrýar. Olaryň pikirlerini hristiançylyk ruhunda düşündirmäge synanyşýar. Şol döwür göçme manyly düşündirişler giňden ýaýrap, olaryň kömegi bilen butparazlar hristiançylygyň käbir pikirlerini öňünden duýupdyrlar, hatda onuň ýeňjekdigini öňünden aýdypdyrlar, diýilýär. Ýöne şeýle öňünden berlen bir taraplaýyn düşündirişlere garamazdan, butparazçylyk, antiki gymmatlyklar adamlaryň aňynda saklanyp galýar.

Antiki ylymlar barada möhüm çeşmeleriň biri-de wizantiýa mekdepleri bolup, olar günbatardan tapawutlylykda ybadathana tabyn däldiler. Wagtyň geçmegi bilen olarda käbir ybadathana dersleri we düzgünleri girizilse-de, umuman alanyňda, mekdep dünýewiligine galyp, bilim ulgamynyň özi, ylaýta-da başlangyç mekdeplerde antiki bilim ulgamyna golaý bolup, okamak, grammatika we hasaplamagy başarmaklyk öwredilýär. Okuwçylar Injiliň bir bölüminden parçalary, şeýle-de, Gomeriň poemalaryny, Eshiliň, Sofoklyň we Ýewripidiň tragediýalaryny, Platonyň we Aristoteliň filosofiki eserlerinini okaýarlar, düşündirişler berýärler, täzeden göçürýärler we ýatdan öwrenýärler. Baý antiki dünýägaraýyşlary onuň iň bir gowy nusgasynda tanyşmak bilen, mekdep okuwçylary dünýä akyl ýetirmegiň butparazlyk ulgamyna hem aralaşýarlar. Ylahyýýet filosofiýa ýaly, ýörite az sanly – elitar toparlar üçin elýeterli etmek maksady bilen, bilim bermegiň has ýokary basgançaklarynda öwrenilýär.

Butparazlyk ynanjy ýitip, ýok bolup gidýär, ýöne antiki edebiýatyň we filosofiýanyň däp-dessurlary köp asyrlaryň dowamynda ýaşamagyny dowam edýär. Platonyň we onuň yzyna eýerjileriň filosofiýasy wizantiýa ylahyýetçilerine uly täsir edýär, antiki edebiýatyň esaslaryndan Wizantiýada dünýewi eserler (meselem, romanlar) döredilýär.

*Wizantiýa medeniýeti hristiançylyk häsiýetini saklamak bilen, özüne antiki mirasy ornaşdyrmagy, ony gaýtadan işläp we oňa täze many-mazmun bermegi başarýar.*

**Hristiançylyk we agalyk edýän diniň ybadathana taglymatlaryna garşy gidýän dini mehzepler.**

Wizantiýanyň ruhy durmuşyndaky meseleler diňe bir geçip barýan butparazçylyga garşy göreş bilen baglanyşykly däldi. Ýereslere-dini hereketlere garşy ybadathananyň yglan eden ideýa göreşi has-da agyrdy, oňa gatnaşyjylar (käwagt örän düýpli ) resmi taglymaty inkär edip, hristiançylygy öz isleglerine laýyk düşünmek hukugyny gorap saklamak isleýärler.

Başga pikirlilere bolan barlyşyksyz gatnaşyk birnäçe sebäpler bilen düşündirilýär.

Esasy sebäpleriň biri-de döwletde ybadathananyň öz ornuny pugtalandyrmaga eden synanyşygy, adamlary hakyky din bilen tanyşdyryp biljek Hudaý bilen adamlaryň arasyndaky araçynyň ornudy. Ondan başga-da, ýene-de beýleki bir sebäbi hem, adatlylyga esaslanýan orta asyr dünýägaraýşy täzelikçilige däl-de, abraýa tagzym egmeklikden ugur alýar.

Dini ýazgylar dini täzelikler hasap edilip, bu bolsa, adamy onda berlen keramatly hakykaty el degirmesizlikde saklamaga we akyl ýetirmäge borçly edýär, öz islegiňe laýyklykda hiç-hili ýagdaýda hem onuň manysyny özgertmek, üstesine-de täzesini oýlap tapmaklyk gadagan edilýär. „Özümiňkiden hiç zady söýemok”- VIII-XI asyrlaryň başlarynda wizantiýaly ylahyýetçisi Ioann Damaskiniň bu parasatly pikiri kabul edilen we dogry hasaplanylýan ýörelgäniň gaýtalanýandygyny açyk beýan edýär. Şol wagtlar awtorçylyk barada düşünje ýokdy:

kesekiniň işini peýdalanmaklyk, awtoryň bilimliligini aňladyp, onyň bitiren hyzmaty hasaplanylýar. Dini ýazgylardan alnan jümleler ýygy-ýygydan döreýän jedeller wagtynda iň bir güýçli esaslanma bolup durýardy.

Eýsem orta asyr medeniýetiniň adatylygy asla bir kybaplylyga we deň garaýyşlara getirmeýär. Ylahyýetçiler-de, ýeretikler-de Keramatly ýazgylara ýüzlenýärler we ony dürli hili kabul edýärler. Şu nukdaýnazardan, orta asyrlaryň ruhy durmuşy söweş meýdanyna öwrülip, ol ýerde adamlar ol ýa-da beýleki manyda düşünilen dini ýazgylardaky her bir jümle üçin janlaryny gurban edýärler.

Ýeke-täk we bütewi Troisa (üç görnüşde bolýan hudaý) Hudaýy- Atany, Hudaýy –Ogly we Hudaýy- Mukaddes Ruhy özünde jemlänligi hakyndaky hristiançylyk dogma - joşgunly jedelleriň esasy başlangyjy bolýar. Şol wagt adamlary Hristosyň tebigaty baradaky mesele aýratyn ynjalyksyzlandyrýar. Ol hudaýmy ýa-da adam?

IV - V asyrlarda hristiançylyk dogmatikasynyň ýaňy kemala gelen wagty, birnäçe dini akymlar bu meseläni çözmekde öz pikirlerini gorap sakladylar. *Arianlar* Hristosy adam hasaplap, oňa Keramatlylyk Asman Ata tarapyndan berilýär (başgaça aýdylanda, keramatlylyk Isa başdan berilmeýär). *Nestoriançylar* beýleki taglymatyň tarapdarlary Hristos, garamaýak adam bolup ýaradylmadyk, baky Hudaýyň Oglunyň arasynda aratapawut bar we bu baglanyşygyň wagtlaýyndygyny tassyklaýardylar. Hudaýyň Ogly Hristosda ýaşaýar, ýöne onuň bilen birleşmeýär. *Monofizitçilik nestoriançylyga* özboluşly seslenme - jogap hökmünde peýda bolýar, ol Hristosyň ýeke-täk Keramatly tebigatynyň bardygyny-diňe daş keşbi boýunça adama çalym edýändigini terkarlaýarlar.

Göräýmäge, ünsüňi sowýan bu meseläniň wizantiýalylar üçin şeýle möhümliginiň sebäbini nähili düşündirip bolar? Hristos diňe bir adamzadyň Günäsini geçiji-Halas ediji bolmak bilen hem-de ýokardaky we ýerdäki dünýäleriň arasyny baglanyşdyrýan halka bolmak bilen çäklenmän, eýsem töwellaçy-da hasaplanylýar.Ybadathana ýeretiklerden tapawutlylykda bu ideýany ähli tarapdan goldap, Hristosyň özünde iki esasy -adamy we Keramatlylygy utgaşdyrýar, diýip tassyklaýarlar. Bu ýerde adamzadyň geljekki halas edilmegine bolan umyda bil baglanylýar: sebäbi Hristos (Isa) adamlygyna galmak bilen ejiri öz gerdeninde çekip bilýär, ikirjeňlenýär, şol bir wagtyň özünde-de ol Hudaýdy. Şonuň üçin, Hristos baradaky çekeleşik diňe bir saýlananlar üçin düşünikli we gyzykly bolmak bilen çäklenmän, ylahyýetçilik jedeliniň çäginden has aňry geçipdi. Orta asyr adamy bu meseläni çenden aşa ýiti we dartgynly kabul edýär, sebäbi gürruň esasan hem, onuň diňe bir özi barada däl-de, öz-özüňde Keramatlylygyň esaslaryny açmak mümkinçiliklerinden ybaratdy.

Şol döwürde adamda fiziki we ruhy baglanyşyk baradaky mesele hem örän prinsipial ähmiýete eýedi. Hristiançylyk daşky gözelligiň içki gözellik bilen bütewi ruhy gözellige birleşip, kemala getiren sazlaşykly şahsyýetiň antiki nusgasyny weýran edýär. Ol sazlaşyksyz adamy açýar. Içerki gözellik daşky betnyşanlyk bilen birleşip biler ýa-da onuň tersine. Ine, näme üçin hristian öwlatlary ýygy-ýygydan örän betgelşik daşky görnüşde görkezilýär, keramatly adamlary

beýan edýän awtorlar, bedeni ýaralar bilen örtülen, agzy beklemekden guran asketikleri suratlandyranlarynda naturalizmiň nukdaýnazaryndan takyklygy gaýgyrmaýarlar.Ýöne bu betnyşanlyk keşbiň bilkastlaýyn anti estetiki görnüşi orta asyr adamynyň göz öňünde aýratyn uly gymmatlygy özünde jemleýän ruhy gözelligi saýlamaga kömek edýär.

*Adamlarda betnamlyk hasaplanylýan ,, daşky keşbi boýunça gedaý, kör, agsak, şikesli we başga-da nähilidir bir kemçiligi bar bolsa hem, ruhy taýdan bezelen adam", şol ajaýypdyr.*

*Feodor Studit,wizantiýa ylahyýetçisi,759-826-njy ýyllar.*

Beden duýgusy şeýle-de, ahli dünýewi düýgular aslyýetinde orta asyrlarda ýygy-ýygydan adamy ýokary eşretlerden çetleşdirýän, günä bilen utgaşdyrylýar. Ýöne beýle diýildigi hristiançylygyň tutuşlygyna ähli maddylygy we tebigylygy inkär edýändigini aňlatmaýardy.Ybadathana şeýle ýagdaýda çaprazlygy düzlemek, gapma-garşylygyň arasyndan baglanyşyk gözlemäge synanyşyk edýär. Beden Hudaý tarapyndan onuň şekili esasynda we oňa meňzeş edilip ýasalýar, şonuň üçin hem, oňa biperwaý gatnaşyk edip bolmaz.

*Hudaýyň döreden zatlaryň hiç biriniň-de erbedi ýokdur.*

*Ioann Damaskin.*

Ylahyýetçiler pygamber Paweliň beden ,,Gudratly Ruhuň mukaddes jaýydyr" diýip aýdanlaryny ýygy-ýygydan gaýtalaýarlar we beden özünde Keramatly başlangyjyň ösüşine päsgel berip bilmez diýip, tassyklaýarlar. Hristiançylyk taglymatyna laýyklykda, ýerdäki ýaşaýyş maksadalaýyk edilip gurlupdyr, onda tertip-düzgün we gözellik bar, ýöne beýle bir kämil däl-de bolsa, haýryň ýaşamagyna ýol berilýär. Şu nukdaýnazardan, wizantiýaly ylahyýetçiler Hudaýyň ýaradan dünýäsi özünde onuň beýanyny, *güýç-kuwwatyny* saklaýar diýip belleýärler.

Orta asyr adamy dünýäniň gözelligini örän inçeden duýýar we ondan lezzet almagy başarýar, ýerdäki gözelligiň ýokarky gözelligiň ýolundaky ilkinji basgançakdygyna düşünýärler.

Wizantiýada VII- XI asyrlarda giňden ýaýran, düýbünden gapma-garşylykly pikirleri dualistik ýeresiň tarapdarlary Ermenistanda emele gelen pawlikiançylar we onuň bolgar warianty- bogomilçiler öňe sürýärler.Ýeretikler asman- Hudaýyň mülki, ýer bolsa-Melgunyň patyşalygy diýip hasaplaýarlar. Hudaý we Melgun bilelikde adamy döredýärler: biri ruhuny esaslandyrýar, beýlekisi bolsa bedenini ýaradýar.

Ýeretikler ýeri şeriň mesgeni hasap edip, synany - materiýany inkär edip, jemgyýetde höküm sürýän adalatsyzlygy ýiti tankytlapdyrlar, günälere batyp galan ybadathananyň Hudaý bilen adamlaryň arasyndaky araçy ornuny inkär edýärler.Ýaşaýşyň adalatly gurluş ideýasyny öňe sürmek bilen, olar ähli ýerdäki eşretlerden el üzmäge çagyrýarlar. Päk gedaýlyk, hususyýetçiligiň ýoklugy,

asketizm - iş ýüzünde, olaryň aňyrsynda dünýä gymmatlyklaryny inkär etmeklik durdy.

Ýeretikler yzarlanylmalara we gazaply jeza çärelerine sezewar edilýär. Ýöne bu zatlar sosial garşylyk bilen ykjam baglanyşykly ýeretilleriň hereketini saklap bilmeýär. Onuň tarapdarlrynyň sany ep-esli köpelýär we olaryň wagyz edýän ideýalary diňe Wizantiýanyň dini durmuşyna täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem Günbatar Ýewropada hem ornaşýar.

*Dualizm-iki dürlilik, dünýäni biri-birine gapma-garşylykly başlangyç esasynda görmek.*

## Gündogar hristiançylygy:
## Hudaýa we gymmatlyklar ulgamyna tarap ýol.

Günbatar (katolik ) we gündogar (prawoslaw) ybadathanalarynyň arasyndaky aratapawut ep-esli ir, IV-V asyrlarda ýüze çykýar. Wagtyň geçmegi bilen ol rim papasynyň we konstantinopol patriarhynyň arasyndaky syýasy we dini öňdebaryjylyk ugrundaky göreş alyp barylmagy esasynda has hem artýar.

Iň esasy gapma-garşylyk Keramatly Troisa hakyndaky dogmatika bilen baglanyşyklydy. Katoliki ybadathana IV asyrda düzülen dini nyşanyň üstüni IX asyrda dolmak isleýär. Bu goşmaça laýyklylykda Keramatly Ruh diňe bir Hudaý dan – Atadan gelip çykmak bilen çäklenmän eýsem, Oguldan hem gaýdýar. „Filiokwa” -„Oguldan hem” diýen söz günbatar we gündogar ylahyýetçileriniň arasynda barlyşyksyz jedelli tema bolmak bilen, ybadathanalary bölüp aýrýan kert gaýany ulaldýar. Eýsem-de bolsa, resmi taýdan iki ybadathana hem bir bitewilik hasaplanylýardy.

XI asyrda katoliki we prawoslaw ybadathanalary iki özbaşdak, hatda hristian - çylygyň duşmançylykly şahalaryna öwrülýärler. Köp asyrlara gidýän ýa-da „latynçylyk” diýlip, şol döwür atlandyrylan günbatar hristiançylygynyň diňe bir Wizantiýanyň özünden däl - de eýsem, onuň dini mirasdüşeri - Russiýada aýrylýandygyny kesgitleýän bölünişik (shizma) bolup geçýär.

Elbetde, bölünşigiň sebäpleri köpdi, özi-de diňe bir dogmalar bilen baglanyşykly däldi. Katolik we prawoslaw ybadathanalaryň döwletdäki ýagdaýy, olaryň dünýewi işlere gatnaşmak mümkinçiligi dürli-dürlidi. Üstesine-de, Wizantiýanyň we Günbatar Ýewropanyň dindarlary ugur alar ýaly medeni - dini durmuş üçin gymmatlyklar ulgamynda inçejik, ýöne örän uly aratapawut bardy.

Günbatarda ybadathana adamyň ölenden soňky ykbalyna degişli ähli meselelerde özüniň çäklendirilmedik abraýyny tassyklaýar, başgaça aýdylanda, ol öz häkimiýetine daýanyp, halas bolmak meselesini çözýär. Hut ybadathananyň özi günäleri bagyşlaýar, ýagşylyga we ýetmezçilige baha berýär, hakyky ýola gönükdirýär, günä işlere ýol bermeýär. Katoliki ybadathana tarapyndan işlenilip düzülen etiki kadalar adamyň, hakykatdan-da, ýaşaýşynyň: onuň pynhan durmuşyndan başlap praktiki işe çenli ähli ugurlaryny öz içine alýar.

*Asketizm-durmuş eşretlerinden ýüz öwürmegiň iň bir çetki derejesi.*

*Dini alamat - ähli dindarlaryň hökman bilmeli hristiançylyk dogmalarynyň gysgaça beýany.*

Şeýle örän berk çäklendirilme adamda içerki we daşky durnuklylygy terbiýeleýär, Hudaýyň we ybadathananyň öňünde öz hereketleri we pikirleri üçin jogapkärçiligi kemala getirýär.

Elbetde, günä we päklik hakyndaky hristiançylyk düşünjesi esasynda dindarlaryň ýaşaýşyny gurnamaklyk prowaslaw dinine hem mahsusdy. Ýöne ol katolikçilikden tapawutlylykda Hudaýa we halas bolmaklyga ybadathananyň gönüden –göni araçy bolup gatnaşmagyndan beýleki bir ýoly hem rugsat berýär. Bu indiwidual, *şahsy ýol* bolmak bilen, ybadat etmegiň aýratyn dogalarynyň kömegi bilen amala aşyrylyp, Hudaý bilen mistiki goşulyşmaklyga getirýär. Günbatarda hem mistiki ugruň öz yzyna eýerjileri bolupdyr, ýöne ybadathana tarapyndan goldanylmaýar. Ol ýönekeý halkyň arasynda şeýle ideýalaryň giňden ýaýramagyna ýol bermezlige çalyşýar. Ol Wizantiýda ybadathana tarapyndan resmi taýdan kabul edilýär.

Bu bolsa ybadathananyň adama ýeterlik derejede örän uly içerki erkinligi berýändigini aňladýar: halas bolmaklyk, Hudaýyň rehnedini gazanmak onuň hut özüne, ahlak taýdan arassalanmak başarnygyna we pes, hötde gelip bolmaýan islegleriňi ýeňip geçip bilşiňe bagly. Şol esasda Wisantiýada düýbünden aýratyn, günbataryňka meňzeş däl sahsyýetiň nusgawy gylyk- häsiýetleri kemala gelýär.

Hudaý bilen hyýaly birleşmek ähli ähmiýetsiz aladalardan we dünýädäki maddy zatlardan doly ýüz öwürmekligi göz öňünde tutýar. Görnükli wizantiýaly mistik Simeon Täze Dini taglymatçy (X-XI asyrlar.) özüniň dini lirikasynda birleşmek prosesini „Başlangyçsyz, Tükeniksiz, Göze görünmeýän“, başgaça aýdylanda, Hudaý bilen birleşmekligi şeýle beýan edýär. Bu öz-özüňi çuňlaşdyrmakdan, kämilleşdirmekden, ornaşdyrmakdan (ýöne düýbünden mehaniki däl) aýdylan dogalar esasynda bolup geçýär. Şeýle ýagdaýda adam öz-özünde Wizantiýa ylahyýetiniň nyşany hasaplanylýan ýagtylyga - Dini başlangyja eýe bolýar.

Mistiki ideal ýerdäki işden, sosial işjeňlikden örän uzakda. Ondan başga-da, bu ideal örän indiwiduallyga ýugurlan, diýmek mistiki adam ilkinji nobatda özüniň şahsy halas bolmagynyň aladasyny edýär, daşky ýaşaýyş onuň üçin –ýerdäki ähli günälerden saplanmaga özboluşly päsgelçilik döredýär. Şu nukdaýnazardan Simeonyň aýdan parasatly sözi örän ýerlikli: „Sen öz öýüňi ýykyp, ýakynyň öýüni gurmaga ýardam etmersiň.” Mistikler daş-töwerekdäki bar bolan zatlary däl-de, özlerini düýpli özgertmeklige çalyşarlar.

Elbetde, bu ideallary doly durmuşa geçirmegiň az sanlylara başartýandygyny göz öňüne tutmalydyrys, halk köpçüliginiň hemmesi Simeonyň we beýleki mistikleriň göreldesine eýermeýärler.Ýöne olaryň aýdanlary uly meşhurlyga eýe bolup, adamlaryň dünýägaraýyşlaryna uly täsir edýär.

Wizantiýa ylahyýetinde başga –rasionalistik akymlar hem bolup, onuň wekilleri paýhas bilen ynamy ylalaşdyrmaga synansýarlar. Olar Hudaýa akyl ýetirmäge, daş-töwerek dünýäni öwrenmek esasynda golaýlaşyp bolar diýip hasap

edýärler, şonuň üçin, teologiýa tebigy ylmy- bilimleri girizýärler. Rasionalizm Ýewropadan tapawutlylykda, Wizantiýa ylahyýetçilik pikirinde öňdebaryjy ugur bolup bilmeýär. XIII- XIV asyrlarda, haçan-da, Wizantiýa heläk bolmagyň bosagasynda duran wagty isihazm adyny alan täze mistiki taglymat rasionalizmiňiň we ýaňy döräp başlan gumanizmiň üstünden ýeňiş gazanýar.

*Wizanyiýaly filosoflaryň gumanistik ideýalary bu täze döwrüň öňüsyrasyndaky alamatydy. Ol ideýalar Italiýa aralaşyp, Ýewropada goldanma tapyp, günbatar akyldarlaryna örän uly täsir edýärler. Wizantiýada isihazm bilen birlikde adaty gymmatlyklar ulgamy, dünýä we adama adaty akyl ýetirmeklik ýenede ornaşýar.*

## § 5.Wizantiýanyň pese düşmegi.

### Günbatar bilen Gündogaryň arasynda.

Wizantiýanyň gowşanlygynyň ilkinji alamaty 1204-nji ýylda haçparazlar tarapyndan Konstantinopolyň basylyp alynmagydyr.

XI asyryň ahyrlarynda Wizantiỳada erkin daỳhanlar bolup, olaryň aglaba böleginiň hususy ỳerleri bolupdyr. Döwletde salgyt töleỳän daỳhanlar özbaşdaklygyny saklap galypdyr. XII asyryň başlarynda daỳhanlar özbaşdaklygyny ỳitirip başlaỳarlar. Iri ỳer eỳeleri öz ỳerlerinde doly özbaşdak bolupdyrlar. Olaryň elinde kazyýet häkimiỳeti bolupdyr. Imperator iri feodallaryň goldawyny gazanmak üçin, olara ỳer bölüp beripdir. Onuň üçin ỳer eỳeleri imperatora gulluk etmäge borçly bolypdyrlar. Imperatora gulluk edeni üçin berilỳän ỳere „proniỳa'' diỳlýär. Ỳer eỳeçiliginiň bu görnüşi hemişelik berlip, wagtyň geçmegi bilen nesilden-nesle geçýär. Bu bolsa feodallaryň häkimiỳetiniň berkemegine getirýär. Feodallar imperatora boỳun bolmak islemändirler, bu bolsa onuň häkimiỳetini gowşadýar.

XII asyryň başlarynda Wizantiỳa imperatory öz häkimiýetini berkidýär. Wizantiýa imperatory Alekseý I Komnin (1081-1118-ýý.) döwründe Wizantiýanyň daşary syýasy ýagdaýy biraz gowulanýar. Ol Wizantiýanyň demirgazygyndan peçenekleri, Balkan ýarym adasynyň günortasyndan normanlary kowup çykarýar. Birinji haçly ýörişler wagtynda Alekseý I Komnin haçparazlaryň ýeňişlerinden peýdalanyp, seljuk türkmenlerini Kiçi Aziýadan kowup çykarýar. Manuil I (1143-1180-ýý.) döwründe Antiohiỳa knỳazlygynyň üstünden Wizantiỳa agalygyny dikeldýär. Ỳöne 1176-njy ỳylda Seljuk-türkmenleriniň zarbasyndan Wizantiỳa yza çekilmäge mejbur bolýar. 1180-nji ỳylda Manuil aradan çykandan soň, ỳurduň paỳtagty Konstantinopol şäherinde halk gozgalaňy başlanýar. Halk hereketlerinden peỳdalanyp Manuiliň doganoglany Andronik I häkimiỳeti eỳeläpdir. Halkyň goldawyny gazanmak üçin ol birnäçe reformalary geçirýär. Andronik I özüne garşy giden begleri rehimsiz jezalandyrýar. Emma olaryň hereketlerini basyp ỳatyrmak başartmaýar. Kanstantinopolda we Kiçi Aziỳada ỳaşaỳan aristokratlar Andronik I garşy dildüwşük gurnaýarlar. Olar Normandiỳadan kömek alypdyrlar.

1204-njy ỳylda IV haçly ỳörüşleriň netijesinde Wizantiỳa imperiỳasy dargaýar we onuň territoriỳsynda 4 sany döwlet döreýär: Balkanlarda Epir patyşalygy, Gara deňzin kenarynda - Trapezund imperiŷasy, Kiçi Aziŷanyň demirgazyk - gunbatarynda Nikeŷ imperiŷasy, haçparazlar Latyn imperiŷasyny döredip, oňa degişli Frakiŷanyň bir bölegini, Orta Gresiŷany we Peloponnesi eýeleýär.

Basybalyjylar özleri bilen täze kanunlary, däp-dessurlary getirip, prawoslaw ybadathanasyna rim papasynyň baştutanlygyny ykrar etmage mejbur edip, yzarlamalara sezewar edýärler. Bu elbetde, ýerli halkda ýigrenç döredŷär. Ondan başaga-da Latyn imperiŷasyny içerki pitneler we tagt ugrundaky göreşler gowşadŷär. Haçparazlaryň döwletleri örän gowşak bolýar we ŷarym asyr ŷaşaýar.

Wizantiŷa döwletleriniň arasynda latynlylaryň esasy duşmany kuwwatly Nikeŷ imperiŷasy bolupdyr. Nikeý tagtyny basyp alan Mihail VIII Paleolog gönükli syŷasy işgär, başarjaň serkerde 1261-nji ŷylda tagta çykandan soň Konstantinopoly basyp alŷar we Wizantiŷa imperiŷasyny bölekleŷin dikeldär. Ýöne imperiŷany öňki ŷagdaýynda dikeltmek mümkin däldi.

Imperiŷanyň guwanjy Konstantinopol şäheri tozdurulypdy, territoriýasy kemelipdi. Trapezund imperiŷasy we Epir özbaşdaklygyny saklap galŷar. Frakiŷanyň demirgazygy we Makedoniŷa serbleriň we bolgarlaryň gol astyndady, Egeŷ deňziniň köp adalary Wenesiŷanyň häkimiŷetine tabyn edilipdi, gündogardan bolsa türkler çapawulçylyk edŷärdi.

Ykdysadyŷet babatynda Wizantiŷa Italiŷanyň iri şäher döwletleri – Wenesiŷanyň we Genuŷänyň häkimiŷeti astyna düşýär. XIV asyryň birinji ýarymynda italýan täjirleri diňe Wizantiýanyň içerki söwdasyna monopoliýa etmek bilen çäklenmän, eýsem içerki söwdasynda azyk önümlerini satyp, agalyk edýärdi. Genuýeli täjirler Konstantinopolyň üpjünçiligine gözegçilik edýärdiler. Tagty eýelemek ugrundaky göreş sebäpli, başlanan raýatlyk urşy netijesinde emele gelen Wizantiýadaky durnuksyzlyk iri feodal aristokratlarynyň garşysyna güýçli sosial herekete ösüp geçýär. Üstesine-de türkler-osmanlar işjeň çozuşlary alyp baryp, Balkan ýarym adasynyň jümmüşine çaltlyk bilen süýşýärler. Wizantiýanyň heläk bolmagy 1402-nji ýylda Teýmirleňiň türk goşunlaryny derbi-dagyn etmegi sebäpli yza süýşýär. Ýöne romeýleriň imperiýasynyň ykbaly gutulgysyzdy: 1453-nji ŷyjda, uzaga çeken gabawdan soň, Konstantinopol ýykylýar. Basybalyjylar ony Osman imperiŷasynyň paŷtagtyna öwürýärler we Stambul diýip, atlandyrŷarlar.

*Harby şowlulyk indi türkleriň tarapyna geçipdi. Butin göwräňi titredýän wakany görüp bolýar, çünki diwarlara süýşüp gelýän merdiwanlara päsgel berýän romeýleriň we latynlylaryň birleri çapyldy, beýlekileri bolsa, göwrelerini weýran edip elhenç ýagdaýda ýaşaýyşdan el üzüp, gözlerini ýumup, diwardan aşak gaýtdylar. Türkler indi merdiwanlary päsgelçiliksiz diräp goýdular we uçýan bürgütler ýaly diwara galdylar.*

Wizantiýaly taryhçy Mihail Duka Konstantinopolyň gabalyşynyň iň soňky sagatlary hakynda, XV asyr.

### Wizantiýanyň heläk bolmagynyň sebäpleri.

1000 ýyllap ýaşan kuwwatly siwilizasiýanyň ýykylmagynyň sebäpleri hakyndaky mesele köp taryhçylary gyzyklandyrýar. Dürli hili jogaplar berilýär. Käbirleri, ilkinji nobatda, çylşyrymly halkara gatnaşyklaryny goýýar: Wizantiýany Günbatar gowşadýar we şol bir wagtyň özünde ol gündogardan türkler tarapyndan berk urga sezewar bolýar.

Beýleki bir sebäp hem öňe sürülýär: Wizantiýa ybadathananyň bölünmegi bilen Günbatardan üzňedi. Elbetde, katoliki ybadathana rim papasynyň baştutanlygyny, ybadathalary birleşdirmek –uniýany döretmek şerti bilen, onuň öwezine harby kömek bermekligi teklip edýär. Wizantiýaly imperatorlar iki gezek bu teklibi kabul etmäge razy bolup, şol sanda, 1439-njy ýylda Uniýa gol çekilýär. Ýöne ilatyň aglaba bölegi ony kabul etmekden ýüz öwürýärler. Hatda günbatarlylar bilen deňeşdirilende, türk basybalyjylaryny ileri görenleri-de tapylypdyr.

*Şäherde latyn tiaryny görenden, dolandyrýan türk çalmasyny göreniň gowudyr.*

*Luka Notara,Konstantinipol flotynyň komandyýuşisi,1452 ýyl.*

(Tiar-bu rim papasynyň kellesine geýýän gaby.)

Ýöne esasy sebäp, hiç hili çykalgasy bollmadyk, imperiýanyň içerki gapma-garşylygy bolupdyr. Merkezi häkimiýetiň daýanjy bolan Konstantinopolyň doly agalyk eden döwri ahyrlapdy. Welaýatlarda iri feodal begzadalar ösüp ýetişip, häkimiýet ugrundaky göreşde ýurduň merkezi häkimiýetini gowşatmak üçin şertler döredýärler. Italiýanlylar tarapyndan tozdurlan söwdagär-senetçi ilat häkimiýete bolan ynamyny ýitirýär sebäbi, häkimiýetiň olaryň bähbitlerini goramajagyny bilýärdiler. Daýhanlaryň hem närazylygy artýar, olar döwletiň haýryna agyr salgyt töläp, şol bir wagtyň özünde-de, ýerli feodallardan has garaşly ýagdaýa düşýärler.

*Iň soňuna çenli öz ornuny bermek islemedik merkezi häkimiýet jemgyýetiň işjeňligini peseldýär, ony we onuň bilen birlikde – tutuşlygyna imperiýany hem gowşadýar. Wizantiýanyň uzak wagtyň dowamynda abadanlygynyň esasy bolan döwlet gurluşy özüniň yzagalaklygy sebäpli , onuň ösüşini bökdeýan päsgelçilige öwrüldi.*

## VII bap. Orta asyrlar döwründe Gündogar siwilizasiýalarynyñ ösüşi.

*Günbatar Günbatardyr, Gündogar Gündogardyr, Asman we Ýer Hudaýyň öňündäki gazaply suduň öňünde dikelýänçä, olar hiç wagt ýerinden süýşmez.*

*Redýard Kipling*

Köp asyrlaryñ dowamynda Gündogar we Günbatar iki sany bütinleý biri-birlerine gapma- garşylygy, yzagalaklygyñ beýany we öñegidişligi, durgunlylyk we endigan ösüşi, zulum we azatlygy şöhlelendirdi. Soñky wagtda taryhçylar

Gündogaryñ „yzagalak”, „durgunlyk” ýaly ornaşan, lenç edilen meselelerine ýygy-ýygydan dolanyp gelip, täzeden göz aýlaýarlar. Hakykatdan-da, nähili derejede Gündogar „yzagalakdy”? Ýewropa ony haýsy ugurlar boýunça ozup geçipdi?

Orta asyr Gündogary ýewropalylar üçin bolelinligiñ, ajaýyp gymmatlyklar ulgamynyň we baýlygyñ nyşany bolup durýar. Ýaşaýyş durmuşy bu ýerde XVIII asyryñ ahyrlaryna çenli ep-esli ýokary bolup, şäherleri san taýdan Ýewropa bilen deňeşdirilende köplük edýärdi. Londonda, Parižde, Wenesiýada we Florensiýada; Günbataryñ iñ iri şäherlerinde XVIII asyrda takmynan 100 müñ adamdan ybarat ilat bar bolan bolsa eýýäm, şu döwürde Hytaýda XI asyrda 500 müñ adamdan 1 mln adama çenli ilaty bolan şäherler, arap Gündogarynda bolsa, 300 - 400 müñ adamly şäherler bolupdyr. XIII asyrda ýaşap geçen belli meşhur wenesiýaly täjir Marko Polonyñ ildeşleriniň, onuñ baglara bürenip oturan, 400 aty doly taýarlykda saklap bilýän kerwensaraýlar, hasylsyzlyk ýyllarynda halk köpçüligine paýlap bermek üçin däne saklanýan ambarlar, 50 müñ adam ýerleşýän ägirt uly bazarlar hakyndaky hekaýatlaryna ynanmandyklary düşünikli bolsa gerek. Ol uzak ýyllaryñ dowamynda Hytaýda ýaşaýar. Bu zatlaryñ hemmesi şol wagtky Yewropa hakykatyna şeýle bir ters gelipdir welin, syýasatçyny toslap tapyjylykda aýyplapdyrlar.

Orta asyrlaryñ derejesine garanyñda, Gündogaryñ iri şäherlerinde hünärmentçilik örän ýokary bolupdyr. Yewropa Gündogardan ýüpek, farwor önümlerini, ýarag, näz-nygmat satyn alyp, uzak wagtlap, onuñ öwezine berere önümi bolnandyr. Haçan-da 1793-nji ýylda Hytaýa Angliýadan söwda hakynda teklip bilen resmi topar gelende, imperator tekepbirlik bilen onuñ ýurdunyñ iñlis önümlerine mätäç däldigini aýdypdyr. Bu bolsa, umuman, hakykata gabat gelipdir.

Şol bir wagtyñ özünde, orta asyr Gündogarynda ýaşaýyş asuda däldi. Onuñ syýasy kartasy, ylaýta-da islam siwilizasiýasynyñ dörän wagtyndan başlap birnäçe gezek gaýtadan biçilýär. Öňki imperiýalar dargap, olaryñ ornuna täze döwletler döräpdir. Çarwadarlaryñ leşgerleri medeniýetiñ gadymy ojaklaryny weýran edip, siwilizasiýanyñ ýaşamagyny howp astynda goýupdyr. Haçan-da, Günbatar Ýewropa XII asyra çenli bu howpdan halas bolan bolsa, Gündogar uzak wagtyñ dowamynda çarwalar bilen göreşi dowam etmeli bolýar. Ähli orta asyr siwilizasiýalarynyñ taryhy umumy häsiýete eýe bolup, şol bir wagtda, bu döwrüñ köpdürliligi hem aýdyñ kesgitlenýär.

Gündogar ýeke-täk bütewiligi özünde jemläpdir; çarwa taýpalar bilen oturymly medeniýetiñ uly aratapawudy bolup, gadymy siwilizasiýalaryñ taryhy ýollary bilen (hindi we hytaý) VI-VII asyrlarda dörän täze siwilizasiýalaryñ (ýapon, arap) taryhy ýollary dürli-dürli bolupdyr. Olaryñ gaýtalanmaýan özboluşlylygy köp sanly şertleriň täsirinden kemala gelip, olaryñ arasynda halas ediş dinleri, olaryñ döreden gymmatlyklar ulgamy döwlet gurluşyna täsir edip, resmi ideologiýany, adamlaryñ dünýägaraýyşlaryny, olaryñ özlerini alyp baryş kadalarynda, zähmet etikasynda we ş.m. esasy orny eýeleýär.

Biziñ günlerimizde Günbatar we Gündogar erkin aragatnaşykda bolup, özara biri-birlerini baýlaşdyrýarlar.

R. Kipling iñlis ýazyjylarynyñ aglaba bölegi ýaly 1865-nji ýylda Hndistanda (Bombeýde) eneden dogulýar. Köp iñlisler üçin bu öñki koloniýa olaryñ ikinji watany bolup durýardy. Ol: ,,Hindistan meni döretdi'' diýip bellemek bilen, Hindistany çäksiz söýýandigini belleýär. Kipling we Hindistan biri-birleri üçin döredilen. Hindistan Kipling üçin gymmatly maglumat berip, ony ýazyjy hökmünde kemala getirýär.

1889-nji ýyl ol Angliýa ugraýar. Hytaýada, Ýaponiýada, Gankongda we Amerikda bolup soňra bolsa, 1889-nji ýylyñ oktýabyrynda Angliýa baryp ýetýär. XIX-asyrda Gündogar ýurtlarynyñ syýasy, ykdysady, medeni ösüşi we olaryñ aýratynlyklary barada, onuñ düýbünden Günbatardan tapawutlanýandygy barada bellikler edýär.

Ol 1936-njy ýylda Angliýanyñ günbatarynda Ýasseks graflygynda aradan çykýar.

,,Hindistan, meniñ Hindistanym" diýip, öz doglan ýurduny ömrüniň ahyryna çenli uly buýsanç we söýgi bilen ýatlapdyr.

## § 1. Hytaý; konfusiançylyk siwilizasiýasy.

Hytaý siwilizasiýasy gadymy döwürden orta asyra duýdansyz, düýpli, esaslaryny weýran etmezden geçmegi başardy we bu ýagdaý Günbataryňka meňzeş däldi. Üstesine-de, orta asyr Hytaýy köp gatnaşyklar babatynda gadymy Hytaýy ýadyňa salýar. Her niçik-de bolsa, täzelikler bolup geçýärdi. Umuman, orta asyr döwri Hytaýda Ýewropa garanyňda has ir başlanýar. Feodal gatnaşyklarynyň emele gelmegini taryhçylar b. e. öň XI – IV asyrlar diýip belleseler-de, olar ösüş üçin aýratyn mümkinçiligi b. e. öň III asyr diýip alýarlar (feodal gatnaşyklarynyň aýratyn görnüşi bolup, ol hakynda birneme soň). Kem-kemden, örän haýýallyk bilen gul eýeçilik gysylyp çykarylýar. Feodal gatnaşyklaryň aýratyn Gündogar görnüşi emele gelýär. Onuň ruhy durmuşynda möhüm özgertmeler bolup geçip, döwlet gurluşy we onuň ahlak esaslary gaýtadan döredilýär. Hytaý taryhynyň şu möhüm pursadynda, sözüň hakyky manysynda konfusiançylyk peýda bolýar.

B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda filosof Konfusiý (b. e. öň 551- 479-ýý.) hytaý siwilizasiýasynyň ruhy we özeni bolmaklyga esaslanan taglymaty döredýär. Onuň filosofiki taglymatynyň esasy maksady döwletiň nusgawy esaslaryny berk ahlak prinsipli, sazlaşykly sosial gatnaşyklary döretmekden ybarat.

Konfusiniň ideýalary göräýmäge hakykatdan daş ýaly bolsa-da, birnäçe asyrdan soň, iki müň ýylyň dowamynda döwlet dini bolup, hytaý jemgyýetiniň ruhy durmuşynda öňdebaryjy orny eýeleýär.

**Konfusiançylyk: ýerde halas ediji din.**

Konfusiançylyk – örän ,,ýerli'' din. Onuň paýhaslylygy we işjeňliligi şeýle güýçli ýüze çykýar welin, hatda käbir alymlar, ony düýbünden sözüň doly manysynda din hasaplaýarlar.

Döwleti dolandyrmagyň usullary, dürli sosial toparlaryň arasynda gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagy, maşgala durmuşynyň prinsipleri, etiki kadalar, ölçegler, ine şu adamlaryň esasy ýörelgesi hasaplanmaly düzgünler Konfusini we onuň yzyna eýerijileri gyzyklandyrýar.

Taglymatda elbetde, o dünýädäki ýaşaýyş hakyndaky düşünje hem bar: gadymy hudaýlyk – Asman – iň beýik eşret we sazlaşygynyň jemlenmesi hökmün de kabul edilip, görelde almaga nusga bolup durýar. Konfusiançylygyň esasy prinsipleri asman sazlaşygyna meňzeşligine esaslanyp, ol adama ýerde özboluşly Hudaýyň patyşalygyny döretmek mümkinçiligini berýär.

Konfusiý hudaýyň düzgünlerine berk gabat getirmeklige çalyşýan döwleti hut *uly maşgala* hökmünde kesgitleýär. Bu maşgalada her kim öz ornuny eýeläp, şol ornuna görä özüni alyp barmaly.

*Hökümdar hökümdar bolmaly, ruhany ruhany, ata – ata ornunda, ogul ogullygyny etmeli.*

*Konfusiý.*

Döwletiň daýanýan esasy özeni, filosofyň pikirine görä, *wepadarlyk we tabyn bolmaklyk*. Şu häsiýetler jemgyýetiň ähli ýaşaýşynyň içinden başdan-aýaga eriş-argaç bolup geçmelidi. Çagalar öz ene –atalaryna, kiçi oglan we gyz jigiler özlerinden ululara, raýatlar öz hökümdarlaryna hormat goýýarlar. Ýöne *tabynlyk* uly maşgala düzgüni diňe bir aşakdakylaryň ýokardakylara tabynlygyny aňlatmaýar, eýsem häkimiýetiň halkyň öňünde doly jogapkärçiligini aňladýar. Diňe şeýle ýagdaýda halk öz hökümdarlaryna ynanar, ynamyň bolmadyk ýerinde döwlet ýaşap bilmez.

„Hökümdarlara wepadarlyk we adamlar hakynda alada’’ - bu hytaý filosofynyň pikirleriniň esasy bolup, ýurduň abadançylygyny pugtalandyrýar. Konfisiý döwlet häkimiýetini ynsanperwer etmäge synanyşýar.

*Döwleti dolandyrmak üçin adamalary öldürmek nämä gerek? Eger siz hoşniýetlige ýykgyn etseňiz, onda halk hem şeýle bolar. Konfusiý.*

Şol sebäpli, Konfusiý häkimiýetiň wekilleriniň – emeldarlaryň ahlak keşplerine uly ähmiýet berýär. Sebäbi olar döwleti gönüden-göni dolandyryjylar we halk bilen gönüden-göni baglanyşykly adamlardy. Filosof olara has ýokary aýratyn talaplary öňe sürýär, emeldar – rysaryň şekilini döredýär – ak ýürekli, hakykat ugrunda göreşiji, ruhy taýdan kämil adam öz ideýalary üçin ähli zadyny gurban etmäge taýýar adam.

Konfusiý we onuň yzyna eýerijiler öz taglymatyny iş ýüzünde durmuşa ornaşdyrmaga synanyşýarlar. Ýörite mekdepleri döredip, ol ýerde täze býurokratik elitani ýokary missiýany ýerine ýetirmek üçin taýýarlaýarlar. Haçan-da, konfisiýançylyk döwlet dinine öwrülende, filosofyň taglymaty döwlet synaglarynyň ulgamynda esasy ders bolup girip, diňe Konfusiniň işlerini kemsiz bilýänler emeldar wezipesini almaga dalaşgär bolupdyrlar.

Hakykat filosofyň beýik ideýalaryndan ýygy-ýygydan aýra düşüpdir. Konfisiançylyk „ahlak kodeksini” ýatdan bilýän emeldarlaryň arasynda şöhratparaz, parahor, zalym, kezzap adamlar hem az bolmandyr. Ýöne öz wezipesine taglymaty esaslandyryjynyň isleýşi ýaly gatnaşyk eden adamlar hem bolupdyr.

XVI asyrda emeldar–inspektorlar ýurduň heläkçilikli ýagdaýyndan ynjalyksyzlanyp, imperatora özgertmeler geçirmekligi teklip edip, ýüzlenipdirler. Ykdysadyýetden başlap, daşary syýasata çenli hökümetiň işini tankytlapdyrlar. Bu batyrgaý maglumatlara hökümet berk jeza çäreleri bilen jogap beripdir. Özlerine ýaramsyzlara jeza beripdirler, ýurtdan çykarypdyrlar, wezipesinden boşadypdyrlar, käbir emeldarlar ak ýürekliligini subut etmek üçin öz-özlerini öldüripdirler.

Jeza çäreleriniň öç alýandygyna garamazdan, tankytlar azalmandyr. Ahyrynda hökümet käbir özgertmeleri geçirmäge mejbur bolýar. Konfusiançylar özleriniň ynsanperwer we ahlak kadalary, döwlet häkimiýeti hakyndaky ideýalary bilen býurokratik apparaty, ahyrynda döwletçiligiň özenini berkidýärler.

Elbetde, konfusiançylyk Hytaýyň ruhy ýaşaýşyny doly kesgitläp bilmeýär. Ol beýleki dini taglymatlar bilen bäsleşmek ýagdaýynda ýaşapdyr. Konfusiançylyk bilen bir hatarda b. e. öň VI – V asyrlarda Lao Szynyň taglymaty döreýär – daosizmde ruhy kämillik – aň ýetiriş ýaşaýşynyň şekili tebigata goşulyşmak wagyz edilýär. Ol özüniň „Dao de szin” diýen kitabynda esasy ideýalaryny beýan edýär. Dünýäde özgermeýän zat ýok. Özgermeklik prosesiniň netijesinde, olar özlerine garşylykly zatlara öwrülýärler. Pikirlenmekden, akyl satmakdan ýüz öwrüp, adam bolup geçýän wakalaryň ugruna hereket etmeli. Daosizm agalyk we zulum etmeklige garşy göreşýär. Ähli zatlar doränlerinde we üýtgänlerinde öz ýollaryna görä (dao-ýol) hereket edýärler. B. e. ö. IV-V asyrlarda Hytaýda *buddizm* giňden ýaýraýar. Buddizmiň we daosizmiň tarapdarlary jemgyýetiň ýokary gatlagynyň we halk köpçüliginiň arasynda bolupdyr. Ýöne olaryň ikisi-de konfusiançylygy doly gysyp çykarmaga ukyby bolmaýar. Gaýtam, bu rasionalistik , durmuşy taglymatyň dünýä we adama mistiki düşünmek taglymaty bilen üsti ýetirilýär.

Konfusiançylyk legistleriň syýasy partiýasynyň garşysyna göreşde-de ýeňiş gazanýar (leks - kanun). Legistler ýurdy dolandyrmakda öňdebaryjy orny eýelemäge çalyşýardylar. Olar ýurduň abadançylygynyň esaslaryny kanunyň berk ýerine ýetirilmeginde görüpdirler. Kanuny gyşarnyksyz berjaý edenlere goldaw berilýär, onuň sähelçe bozulmagy yzarlanýar. Konfusiniň öz ýaşan döwründe-de Hytaý hökümdarlarynyň syýasaty bütinleý legistleriň täsirinde bolupdyr. Ahyrsoňy (bellemeli fakt) häkimiýet konfusiançylygy saýlap alýar. Onuň ynsanperwer taglymaty siwilizasiýanyň güýjüni berkitýändigini öňdengörüjilik bilen bahalandyrýar.

**Hytaý taryhynyň tapgyrlary.** Konfusiançylyk Hytaýyň döwlet gurluşy uzak möhletliligiň, berkligiň nusgasy bolýar. Ol iki müň ýylyň dowamynda iş ýüzünde üýtgemän galýar. Hytaýyň taryhy bolsa, orta asyrlarda örän çylşyrymly bolupdyr.

Ýurt gazaply mätäçligi we gülläp ösmekligi, raýat parahatçylygyny, gandöküşikli gozgalaňlary, bütewiligi, dagynyklygy başyndan geçirýär.

Baryp gadym zamanlarda hytaý taryhçylary bu döwürleriň gezekleşmesini kesgitlenen sazlaşyk hasaplap, sagat mehanizmi ýaly takyk hereket edýär diýip belleýärler. Her bir täze şa nesilleri täze etaby başlaýar, onda-da örän üstünlikli başlaýar. Ýöne köp wagt geçmänkä ýurtda barha pese düşmegiň alamatlary peýda bolýar: daýhanlar tozýardy, emeldarlaryň arasynda parahorluk ösýärdi, iri ýer eýeleri özleriniň merkezi häkimiýetden garaşsyzlygyny gorap saklaýardylar. Ahyrsoňy ähłumumy weýrançylyk halk gozgalaňlary bilen tamamlanýar. Gozgalaňçylar ýaramaz şa nesillerini çalyşmagy talap edýärler.

Ine, şeýle gazaply ykdysady we sosial çökgünlik wagtynda, açlyk we administratiw ulgamyň gowşan şertlerinde, 206-njy ýyldaky gozgalaň wagty Han şa nesilleri tarapyndan dolandyrylýan birinji konfusiançylyk imperiýasy ýaşamaga başlaýar. Ony gozgalaňa baştutanlyk eden daýhanlaryň biri esaslandyrýar. Han şanesilleri ýene-de ýurdy birleşdirýärler, öňki döwrüň köp sanly kazarmaçylyk kanunlaryny ýatyrýarlar, salgytlary azaldýarlar. Dolandyryş ulgamyna konfusiançylyk kadalary girizilýär; zorluk däl-de, gadymy hormatlanylýan däp-dessurlara we ahlak kadalaryna giň orun berilýär. Ýöne eýýäm b. e. öň II asyryň ortalarynda imperiýada agyr döwür, dargamak prosesi başlanýar.

Hytaý 3 sany özbaşdak döwlete bölünýär. Elbetde, III asyrda döwleti birleşdirmeklige synanyşyk edilýär. Szin şanesillerine Hytaýy birnäçe onýyllyklaryň dowamynda birleşdirmek başardýar.

IV asyryň başlarynda demirgazyk Hytaýa çarwalaryň leşgerleri, şol sanda hunlar çozup girýärler. Ilat çet ýurtly wagşy basybalyjylaryň basyp alan sebitlerinden gaçyp gidýärler. Ýurduň duşman tarapyndan eýelenen demirgazygynda basybalyjylar birnäçe ownuk döwletleri emele getirýärler. Olar örän çalt hytaýlaşýarlar, ýerli medeniýeti, däp-dessurlary we dolandyryş ulgamyny kabul edýärler.

Nobatdaky birleşdirmek etaby Suý şanesilleri döwründe bolup geçiýär. Olar VI asyryň ahyrlarynda demirgazyk bilen günortany birleşdirýärler, ýöne olaryň häkimiýeti VII asyryň başlarynda agdarylýar.

Hytaýyň hakyky gülläp ösen döwri Tan şanesilleri we Sun şanesilleri bilen baglanyşyklydyr. Olar ýeterlik derejede uzak wagtlap (VII asyrdan başlap X asyra çenli) dolandyrýarlar. Bu döwürde bütin ýurtda ýollar, kanallar, täze şäherler gurlup, söwda we senetçilik görlüp-eşidilmedik derejede gülläp ösýär. Nepis sungat, ylaýta-da, şygryýet ösýär.

Sun şanesilleriniň dolandyran ýyllary Hytaý üçin pajygaly gutarýar. Çarwa taýpalaryň täze basybalyjylykly çozuşlaryny başyndan geçirýär. XIII asyrda imperiýa mongollar tarapyndan basylyp alynýar.

Beýik han Hubileý täze mongol Ýuan şanesilligini (1280 – 1368-ýý.) esaslandyrýar. Uzaga çeken uruş ( Hytaý 40 ýyllap mongollara garşylyk görkez ýär.) sebäpli ýurduň ykdysadyýeti pese gaçýar, suwaryş desgalary weýran edilip, oba hojalygynyň oňa garaşlylygyna garamazdan, bu desgalar uzak wagtlap bejerilmeýär. Hytaýlylaryň örän köp bölegi gullara öwrülýär.

Mongollaryň ýerli ilata örän çalt goşulyşandygyna garamazdan, halk köpçüliginiň häkimiýetden närazylygy artýardy.

Gadymy buddaçylyk sektasy bolan „ak çigildem” XIV asyrda gizlin jemgyýete öwrülip, gozgalaňa aýag galan halk köpçüligini birleşdirýär. Hereketiň baştutany Çžu Ýuan daýhan maşgalasyndan bolup, budda ybadathanasynyň diňleýjisi öz goşunyna we olara goşulan konfusiançy alymlara daýanyp 1368-nji ýylda mongollary derbi-dagyn edýär we özüni Min (ýagtylyk) diýen simwoliki ady alan şa nesliniň imperatory diýip, yglan edýär. Min hökümdary ýurduň ykdysadyýetini ýokary galdyrmagy başarýar. Gulçulyk ýatyrylýar, salgytlar azaldylýar, aşaky gatlaklaryň wekilleri ýokary wezipeleri eýelemäge mümkinçilik alýarlar. XVI asyryň ahyrynda nobatdaky örän pajygaly gutaran pese gaçyşlyk başlanýar.

XVII asyryň ahyrlarynda kiçeňräk mançjur taýpalary güýç ýygnap başlaýar we beýleki goňşy taýpalar bilen birleşip, Hytaýa garşy uruş alyp barýar. XVII asyryň ahyrlarynda ýurtda ýene-de, keseki şanesilleri bolan Sinler patyşalyk edýär. Mançjurlar wagtyň geçmegi bilen Hytaý imperiýasynyň gurluşyna we konfusiançylyk medeniýetine organiki goşulşyp gidýärler. Megerem, şonuň üçin, bu şa nesiller uzak wagtlap – XX asyra çenli dolandyrmagy başarypdyrlar.

Hytaýyň taryhyndaky gülläp ösüşler we pese gaçyşlar, merkezleşdirmegiň we dagynyklygyň gezekleşmegini nähili düşündirip bolar? Köp hytaý taryhçylary bu etaplarda gezekli-gezegine ýeňiş gazanýan iki sany kosmiki güýçleriň – haýryň we şeriň göreşi şöhlelenýär, diýip belleýärler. Eger-de metafiziki nukdaýnazardan taryhy takyk düşündirilse, ol düýbünden başgaça bolsa gerek.

**Hususy eýeçilik bilen göreşde.**

Hytaýyň güýçli merkezleşdirilen döwlet häkimiýeti has gadymy we örän berk däp-dessurlary, ýörelgeleri bolupdyr. Jemgyýetiň üstünden berk gözegçiligi amala aşyrýan döwlet (ähli gündogar despotiýalarynda bolşy ýaly) öňden bäri ykdysadyýeti dolandyrmak wezipesini öz üstüne alýar. „Ekerançylyk, söwda, ykdysadyýeti dolandyrmak – bu döwletiň esasy wezipesidir’’ diýip reformator legist Şan Ýan (b.e. öň 390-338-ý.) öz konsepsiýasyny şeýle düşündirýär. Hytaý taryhynda häkimiýet uzak wagtlap şu konsepsiýadan ugur alyp ýolbaşçylyk edýär, dolandyrýar.

Ykdysady öňegidişligi ugrukdyrmak bilen häkimiýet hususy eýeçiligi (ilkinji nobatda, ýere bolan hususy eýeçiligi) çäklendirmäge synanyşýar, tebigy baýlyklary ulanmakda öz monopoliýasyny saklamak, söwdanyň we hünärmentçiligiň üstünden öz gözegçiligini pugtalandyrmak isleýär. Elbetde, ekin ekilýän ýerler we ýer eýeleri hakyndaky mesele esasy bolupdyr. Olaryň abadançylygy berk merkezleşdirilen häkimiýetiň özeni bolupdyr, sebäbi olar, ilkinji nobatda, döwletiň salgyt töleýjileri bolýar. Ýurduň ilatynyň 90%-ni düzýän daýhanlar döwletiň esasy üns merkezi bolupdyrlar.

Hytaýda elbetde, iri hususy ýer eýeçiligi („güýçli öýler’’diýlip atlandyrylanlar) bolupdyr, olar merkezi häkimiýete tabyn bolmaýarlar. Şonuň üçin,

olar häkimiýete ýaramsyz bolupdyr. Iri ýer eýeçiliginiň ösüp başlamagy bilen gaznanyň girdeýjisi pese düşüp başlaýar: ýersiz we tozan daýhanlar baý ýer eýeleriň mülklerinde kärendesine işläp, olar bolsa, mümkin boldugyça, döwlete tölenýän salgytlaryň möçberini kemeltmäge synanyşypdyrlar. Şeýlelikde, ýerli baý-begzadalaryň täsiri we güýji artyp başlaýar (şeýle hem, syýasy taýdan). Welaýatlarda administrasiýanyň eden-etdiligi güýçlenýär, merkezi häkimiýetiň bolsa abraýy pese gaçýar. Netijede, aşaky gatlaklaryň närazylygy artýar, gozgalaňlar başlanýar. Olar ýerleriň gaýtarylyp berilmegini, deň paýlanylmagyny talap edýärler. Konfusiançylykda bikanunçylyga ýol berýän „ýaramaz hökümdarlaryň" garşyna göreşmek barada gürrüň edilýär.

Täze dörän şa nesilleri sosial gatnaşyklary sazalaşdyrmak üçin özgertmeler geçirýärler. Göräýmäge, hususy eýeçilik meselesi babatynda hökümet gozgalaň turzan köpçülik bilen ylalaşýan ýaly, ol hem deňleşdirme prinsipiniň tarapdarydy. Elbetde bu babatynda öz maksatlaryny we bähbitlerini göz öňüne tutýar.

Işlemäge ýaramly daýhanlaryň her birisi ekin eker ýaly paý ýer bilen üpjün edilýär, şol sebäpli-de, özgertmeler imperiýanyň çäklerinde has ýokary derejä ýetýär.

Käwagt hökümet baý ýer eýeleriniň ýerlerini güýç bilen elinden alýar. Belli bir wagta çenli ýerleri satmak gadagan edilýän çäreleri hem ulanýar. Iri müklerden köp mukdarda salgyt alynýar. Üstesine-de amatly şertlerde ýersiz daýhanlara döwlet ýerlerinden – fondundan ýer bölünip berliýär. Eger boş ýerler özleşdirilse bolsa, belli bir wagta çenli salgytdan boşadylýar.

*Şu wagt birnäçe nesilleriň döwründe Asmanyň aşagynda parahatçylyk şalyk sürýär. Emeldarlaryň arasynda ýüz million teňňä durýan emlägi bolan baýlar we güýçlüler bardy we ýönekeý halkyň arasynda garyplar we ejizler barha kynçylyk çekýär. Şonuň üçin, ekin ýerleriň möçberini ep-esli çäklendirmeli.*

*Han. Din. Döwlet. Kararlardan bölek b.e. öň I asyryň ahyry*

Şeýlelikde, Hytaýda mydama nusgawy hasaplannylýan „deň meýdanlylar'' ulgamy täzeden dikeldilýär. Elbetde, bu çärelere garamazdan, hususy ýer eýeçiliginiň ösüşini düýbünden togtatmak mümkin däldi. Ýöne, döwlet häkimiýeti belli bir döwürde ýeterlik derejede güýçli bolup, ony togtatmagy başarýar. Şonuň üçin, beýleki Gündogar siwilizasiýalarynda bolşy ýaly, Hytaýda hem döwlet feodalizmi kemala gelýär.

Hökümet salgyt tölemek şerti bilen ýer paý bölünip berlen ownuk daýhan hojalyklaryna uly üns berýär. Emeldarlar öz derejelerine laýyklylykda ýer alyp, ondan girýän girdeji, has takygy döwlete tölenen salgytdan başgasy olara aýlyk haky hasaplanýar. Şeýle mülklere „feod'' diýip bolmaýar; sebäbi wezipesinden aýrylmak ýeriň elinden alynmagyny aňladyp, emeldarlar ýer eýeleri hökmünde bütinleý döwletden garaşly bolupdyrlar.

Hut şeýle syýasat senetçiler we täjirler babatynda hem ulanylýar. Gadymy döwürden başlap häkimiýet suwaryş desgalaryny ulanmakda we gazylyp alynýan peýdaly zatlary gaýtadan işlemekde öz agalygyny berkitmäge synanyşýar; kem-kemden gündelik ulanylýan möhüm önümleri öndürmek we satmak döwletiň

elinde jemlenýär (duz, çaý, mis, demir we beýleki metallar önümleri). XIV – XVII asyrlarda döwlet önümçiligine; farfor taýýarlamak, gämi gurluşygy, kümüş çykarýan, metal guýýan senagaty ele alýar. Merkezi häkimiýet bazar nyrhyny kadalaşdyrýar, wagtal-wagtal süýthorlyga garşy göreşip, karz berilýän puluň göterimine hem gözegçilik edýär. Döwlet söwdasy mydama hususy söwda bilen bäsdeşlige döz gelip bilmeýär, ýöne döwlet täjirlere ýokary salgyt salmak bilen ýagdaýy kadalaşdyrýar, olardan gaznanyň bellän berk nyrhlary esasynda harytlaryny satyn alýar.

Ondan başga-da, döwlet emeldarlara söwda bilen meşgullanmaga rugsat berýär. Salgytlardan boşadyp, hususy söwda garşy durar ýaly şert döredýär.

Şeýlelikde, XVI – XVII asyrlarda Hytaýda käbir öňegidişlikler başlanýar, iri ýer eýeçiligi giňelýär, hakyna tutma zähmet ulanýan (şol sanda, seçilen görnüşdäki) manufakturalar döredilýär. Döwlet gazylyp alynýan peýdaly önümleri çykarmaga we gaýtadan işlemäge agalyk edýän hem bolsa, käbir tozdurlan etraplarda kömür we kümüş gazyp alýan gizlin hususy kärhanalar döreýär. Sin häkimiýeti hususy ýer eýeçiliginiň ösüşine gözüni ýumýar. Sebäbi, oba hojalygynyň intensiw ösüşi şeýle şertlerde uly möçberde salgyr almaga mümkinçilik beripdir.

Buržuaz gatnaşyklar öz ýaşaýyş hukuklary ugrunda göreşýärler, elbetde, döwlet häkimiýeti bilen deň bolmadyk göreşde ýeňlip, şol sebäpli hem resmileşdirilmän galýar.

**Gowşak halk – güýçli döwlet**

Hakimiýet uly maşgalada howandaryň we dolandyryjynyň ornuny tutýan imperatoryň şahsyýetinde jemlenipdir. Beýleki sosial gatlaklaryň ählisi özleriniň haýsy iýerarhiki basgançakda durandygyna garamazdan, imperatora tabyn bolupdyrlar. Şonuň üçin, feodalçylyk Hytaýda Günbatar Ýewropadaky ýaly wassalçylyk ulgamy emele gelmändir, döwlet ýene-de wassallaryň üstünden agalyk edýän hökümdar bolupdyr.

*Haçan-da halk gowşak bolsa, döwlet güýçli, haçan-da döwlet güýçli bolsa halk gowşak. Şonuň üçin, hakyky ýol bilen barýan döwlet halky gowşatmaga çalyşýar.*

*Şan Ýan.*

Jemgyýet bilen häkimiýetiň arasyndaky gatnaşyklary bahalandyryp, XIX asyrda nemes filosofy Gegel şeýle ýazýar: „Hytaýda gulçulyk bilen erkinligiň arasynda uly aratapawudy bolup bilmez, sebäbi imperatoryň öňünde hemmmeler deň, baçgaça aýdylanda, birmeňzeş hukuksyzdyr’’.

Şeýle häsiýetlendirme nähili derejede hakykata golaý gelýär? Gündogar despotizmine klassiki häsiýetlendirme berýan bu kesgitleme nähili derejede hakykata golaý? Elbetde, Hytaý jemgyýeti Günbatar Ýewropanyň gazanan hukuklaryny gazanyp bilmeýär. Oňa garamazdan, döwlet syýasatyna gatnaşyp biljek dalaşgär gatlaklar döräp, häkimiýet olaryň bähbitlerini nazara almaga mejbur bolýar.

Umuman, Hytaýda halk ( başgaça aýdylanda raýatlar) hakykatdan hem, olaryň syýasy erksizligi göz öňüne tutulsa, gowşak bolupdyr. Oňa mysal edip, içerki öz-özüni dolandyrylyşygyny gazanyp bilmedik köp sanly şäher ilatlarynyň ýagdaýyny bellemek bolar. Ýewropada erkinligiň ojagy hasaplanýan şäherler, Hytaýda bolsa, döwletiň berk gözegçiliginde bolupdyr. Sehler salgyt ýygnamak we berjaý etmeli borçlary paýlap bermek üçin ulanýarlar. Senetçiler belli bir ýaşaýan ýerlerinde hasaba alynýar, hökümetden birugsat şäherden çykyp gitmäge hukugy bolmandyr.

Döwlet jemgyýete dürli görnüşli usullar arkaly zor salypdyr. Şeýle hem Konfusiniň uly maşgala, ýagny häkimiýete hökmany tabyn bolmak hakyndaky meşhur tezisi peýdalanylýar, ýagny, jemgyýetiň ýa-da döwletiň bähbidiniň hatyrasyna öz şahsy bähbidiňden el çekmek. Hytaýda köpçülikleýin jogapkärçilik ulgamy giňden ýaýrapdyr. Atasynyň günäsi üçin ogluna, kähalatda tutuş maşgala jeza beripdirler; obanyň kethudasyna, onuň çäklerinde ýer işlenip bejerilmän galanlygy sebäpli jeza berilýär; etrap emeldarlary-da şeýle ýagdaýda bolupdyr.

Eýsem-de kollektiwçiligiň beýleki bir oňyn tarapy-da bolupdyr. Hytaýda konfusiançylygyň mukaddesleşdiren we dabaralandyran maşgala-klançylyk gatnaşyklarynyň uly ähmiýeti bolupdyr. Uly klanlar özüne köp baý we garyp maşgalalary birleşdirmek bilen düzgün bolşy ýaly, raýdaşlyga we özara kömek bermek prinsiplerine esaslanýan güýçli we örän berk guramalar bolupdyr. Ondan başga-da, dürli görnüşdäki ildeşlikler, gizlin jemgyýetler we sektalar bolupdyr. Bu toparlar, hakykatdan-da, örän täsirli sosial güýçler bolmak bilen, häkimiýet olar bilen ylalaşmaga mejbur bolýar, bu bolsa öz gezeginde hukuk taýdan resmileşdirilmedik bolsa-da, talaba laýyk gelmese-de, güýçleriň käbir deňagramlylygyny döredýärdi.

Hytaý jemgyýetinde hem *deň mümkinçilikler düzgüni* hereket edýärdi. Her kim özüniň sosial taýdan gelip çykandygyna garamazdan, emeldar bolmaga mümkinçiligi bolup, başgaça aýdylanda, hytaý jemgyýetiniň görnükli adamlaryna goşulyp bilipdir. Onuň üçin diňe döwlet synagyny tabşyraýmaly eken. Elbetde, bu çylşyrymly köp ýyllyk taýýarlygy talap edýän synaglary tabşyrmaga, aşaky garyp-gasarlara garanyňda, jemgyýetiň ýokary gatlaklarynyň mümkinçiligi artyk bolupdyr. Ýöne, şeýle ýagdaýda jemagatçylyk we klançylyk gatnaşyklary kömek edýär: mysal üçin, oba ilaty umumy tagallalaryny bir ýere jemläp, has zehinli çagalara bilim berýärler we soňra geljekde onuň hemaýatkärligine bil baglap, synaga dalaşgär edip hödürleýärler. Netijede, Hytaýda orta asyrlarda, hakykatdan-da, özboluşly býurokratik apparat döredilip, derejeli bolmak, köp ýagdaýlarda şahsy üstünligine bagly bolupdyr.

*XVII – XVIII asyrlarda Hytaý örän oňat kadaly ykdysadyýeti, güýçli goşunly, uly içerki mümkinçilikleri bolan kuwwatly döwlet bolvar. Bu bolsa oňa Ýewropa babatynda özbaşdaklygy saklamaga mümkinçilik berýär. Hytaýyň konfusiançylyk düzgüniniň gowşaklygy birneme soň - XIX asyrda, haçan-da Günbatar koloniýal syýasatyny has güýçlendirende ýüze çykýar.*

## § 2.Ýapon siwilizasiýasy

Hytaý siwilizasiýasyndan tapawutlanýan taryhy ösüşiň beýleki bir görnüşi Ýaponiýada amala aşyrylýar. Oňa gündogar dünýäsiniň häsiýetli tarapy bilen bir hatarda günbatar nusgasy mahsusdyr.

Ol 2800 sany ownuk, orta, uly adalardan ybarat. Ilat esasan hem 4 sany uly adada; Hokkaýdo, Kýusýu, Honsýo, Sikoky adalarynda gür ýerleşendir. Ýaponiýa ýaş siwilizasiýa. Bu ýurduň adalarynyň ilatlaşmagy birnäçe müň ýyl mundan öň başlansa-da, döwlet gurluşy IV-VI asyrlarda kemala gelip başlaýar. Ýapon jemgyýetini ýerli han- beglere daýanyp serdar-hökümdar dolandyrýar. Han - begler bolsa möhüm adminstratiw wezipeleri eýeläpdirler. Ilatyň esasy bölegi daýhanlardan ybarat bolup, gazna rente-salgyt töläpdirler. Olardan başga-da, gullar we doly hukuksyzlar, keseki ýurtlular, şol sanda hytaýlylardan we koreýalylardan ybarat bolupdyr. VI asyrdan başlap Ýaponiýa siwilizasiýalaşan jemgyýeti döretmek döwrüne gadam basyp, beýik Hytaý siwilizasiýasyndan bölüp aýyrýan çöketligi ýeňip geçip, örän ýokary depgin bilen ösüp başlaýar.

### Ýapon siwilizasiýasynda „ özuňki” we „ kesekiniňki “

Ýaponiýanyň (ylaýta-da Gündogar üçin ) örän ýokary dinamiki ösüşi, esasan hem, beýleki ýurtlaryň tejribesini ulanmagy bilen baglanyşyklydyr. Hytaý ösüş nusgasynyň tarapdary şazada Sýotoku-taýsi 604-605-njy ýyllarda konfusiançylyk prinsiplerinden we buddaçylygyň esaslaryndan ilkinji kanunlar toplumyny döredýär. Şýotoku ýaş ýaponlary Hytaýa we Koreýa bilim almak üçin ugradyp, ol ýerden bolsa senetçileri, monahlary we alymlary çagyryp getiripdir.

Beýleki bir yzygiderli we batyrgaý özgerdiji şazada Karu bolup, ol häkimiýet başyna VII asyrlaryň ortalaryna döwlet agdarylyşygyndan soň gelýär. Bu waka Ýaponiýada Taýka- „Beýik özgerişler“ adyny almak bilen, bu diňe bir dolandyrýan şanesilleriniň täzelenmegini aňlatman, eýsem bütin ýapon jemgiýetiniň durmuşy Hytaý nusgasyna esaslanyp, düýpli we işjeň özgerdilip başlanýar. Ol adminstratiw apparatyň gurluşyny, daýhanlaryň we emeldarlaryň arasynda ýer paýlamak meselesi, renta -ýer salgydyny tölemek ulgamyny öz icine alýar. Ýaponiýada Hytaý iýeroglifiki ýazgylary kabul edilýär. Hytaý dili resmi ýazuw dili diýlip hasaplanýar.Ýaponlaryň gadymy dini -sintoizm daosizmiň hasabyna baýlaşyp, ahyrynda VI asyrda Hytaýa aralaşan buddizm bilen hem ylalaşyga gelýär.

Hytaý şäher gurluşygynyň prinsipleri esasynda Ýaponiýanyň ilkinji paýtagty Nara esaslandyrylýar. Ýaponiýada doly hukuklary bolmadyk sowatly hytaýlylara we koreýalylara deň hukuklar berlip, býurokratik apparatda wezipeleri eýelemäge rugsat berilýär.

Ýaponiýanyň hytaýlaşmagy şeýle bir ýokary bolup, siwilizasiýany öwrenijileriň öňünde Ýapon siwilizasiýasynyň özbaşdaklygy hakyndaky meseläni goýýar. Käbir taryhçylar Ýapon siwilizasiýasy öz ýaşaýşynyň başlaryndaky döwürde Hytaý babatynda ikinji, perifiriýa bolup durýar diýip hasaplaýar.

Wagtyň geçmegi bilen barha güýçlenýän Ýaponýanyň özboluşlylygyna kesekilerden işjeň öwrenmekligiň oňyn däl täsiri bolmaýar. Hytaý siwilizasiýanyň esaslary adatlara geçirilmek bilen düýpli transformasiýalaşýar we başga netijeleri berýär.

Ondan başgada, beýleki bir akymyň - bütinleý medeni özbaşdaklygyň hem täsiri güýçlenýär.

XVI asyrda Ýaponiýa iň bir *ýapyk, çetleşdirilen siwilizasiýa* öwrülýär: ölüm jezasy howpy astynda ýaponlara ýurduň çäginden çykyp gitmek, uzak ýörişlere ýaramly uly gämileri gurmak gadagan edilýär.Ýaponiýa daşary ýurtlular üçin ýapylýar. Diňe hytaýlylara we gollandlara söwda etmeklik rugsat berilýär. Häkimiýet ýurtdaky ähli katolik missiýonerlerini kowup çykarýar. Sebäbi halk köpçüliginiň arasynda hristiançylyk has ýörgünli bolup başlaýar. Ýöne, II asyr töwerek dowam eden emeli çetleşdirilmä garamazdan, Ýaponiýa beýleki ýurtlaryň medeni ösüşiniň gazananlaryny özleşdirýär. Golland täjirleriniň kömegi bilen Ýaponiýa ýewropalylaryň kitaplary gelip durýar. Alymlaryň naýbaşylary, gündogar medeniýetiniň we ylmynyň miwelerinden peýdalanyp, birneme soň, XIX asyrda bu öwrenen zatlaryny öz ýurtlaryny özgertmekde giňden peýdalanýarlar.

Bu iki ugur ýapon siwilizasiýasynyň taryhynda möhüm bolup, gezekli-gezegine öňdäki öz orunlaryny eýeleýärler. Netijede, Ýaponiýada öz medeniýetiniň gaýtalanmaýan däplerini saklamagy we beýleki siwilizasiýalaryň tejribesini özleşdirmek mümkinçilikleriniň özboluşly başarjaňlylygy emele gelýär. Bu bolsa häzirki döwürde ählumumy siwilizasiýalaryň ösüş etapynda ýurda ägirt uly artykmaçlyklar berýär.

## Ýaponiýanyň taryhynda Gündogar we Günbatar

Ösüşiň hytaý görnüşi bilen birlikde Ýaponiýa güýçli merkezleşdirilen häkimiýet baradaky ideýany hem kabul edýär.

*Hökümdar-bu Asman, halk-bu Ýer şonuň üçin, haçan-da hökümdar gürlände halk diňleýär, haçan-da ýokardakylar hereket edende aşakdakylar boýun egýär. Döwletde iki hökümdar bolup bilmez.*

*Şazada Çiýetoku. VII asyr kanuny.*

Ýöne ýaş Ýan döwleti bu prinsipleri, kadalary durmuşa geçirer derejede ýeterlik güýçli däldi. Imperator Hytaý nusgasy esasynda özüni Asmanyň ogly-Tenno diýip yglan etsede, onuň örän çäklendirilen mümkinçiligi bolupdyr. Ýurdy dolandyrmak üçin şazada Karuny tagta çykmaga öz wagtynda kömek beren Fudziwaryň toparynyň bolsa täsiri has ýokary bolýar. Köp wagtyň dowamynda Fudziwaryň maşgalasynyň wekilleri regentler bolup, imperatorlary öz garyndaşlary bolan gyzlara öýerip, hakykat ýüzünde Ýaponiýada hökümdarlyk edýärler. Imperatorlar düzgün bolşy ýaly, ir tagtdan ýüz öwrüp, haýsydyr bir buddaçylyk ybadathanasyna gidýärler. Elbetde, olaryň käbir syýasy hukuklary saklanyp galýar. Şeýle ýagdaýyň netijeleri Gündogar üçin häsiýetli däldi. Entek ýeterlik derejede berkemedik döwlet häkimiýetinde feodalizm günbatar Ýewropa nusgasyna golaý ýol bilen gidýär.

X asyrda häkimiýet ýerli baýlaryň eline geçýär, olar gubernatorlaryň ornuny, uýezd baştutanlarynyň wezipelerini basyp alyp, özlerine ynanylan ýerlere öz hususy emlägi ýaly seredip, ony öz nesillerine miras galdyrýar. Hytaýdan tapawutlylykda Ýaponiýada emeldarlar ýokary wezipäni eýeleýän, diňe kagyz ýüzünde döwlet häkimiýetiniň wekilleri hasaplanypdyr. Iş ýüzünde olar feodallaryň (daýme) hojaýynlary, hususy mülkleriň eýeleri bolmak bilen, döwlet gaznasyna tölenilýän salgydy mümkin boldugyça azaltmaga synanyşýarlar.

XI asyrda gün-günden güýçlenýän ýapon feodallary hut Günbatar Ýewropanyň feodallary ýaly, öz mülklerinde administratiw we kazyýet işlerini alyp barmak hukugyny alyp, olaryň ýerleri salgyt tölemekdan boşadylýar. Imperatoryň köşgüniň we paýtagt aristokratlarynyň girdeýjileri elbetde, azalýar: diňe döwlete degişli daýhanlardan salgyt gelýär.

Feodallaryň mülklerinde garaşly daýhanlary has-da elgarama ýagdaýa salmak örän gazaply görnüşe eýe bolup, şeýle ýagdaý ony Günbatar Ýewropa nusgasyna däl-de hytaý nusgasyna meňzedýär. Hytaýda daýhan dolulygyna ýere berkidilmedik, ýöne onuň başga ýere gitmegine razy bolmasalar-da, gadagan etmeýärler. Ahyrsoňy döwlet üçin daýhanyň nirede ýaşaýandygynyň tapawydy ýokdy, salgyt töleseler ýeterlikdi. Ýaponiýada feodal öz daýhanlaryna başgaça gatnaşyk edýär, olaryň ýerlerinden gitmegine garşy çäreler görýär. Feodallaryň özbaşdaklygynyň ýene bir möhüm ýüze çykmasy öz işine hünärmen – pysar – samuraýlaryň harby toparlarynyň döredilmeginde aýdyň ýüze çykýar. Bu toparlar daýhan gozgalaňlaryny basyp ýatyrmakda hem ulanylyp, X-XI asyrlarda feodal mülklerinde tertip- düzgüne gözegçilik edýär. Samuraýlar abraý, wyždan düzgünine berk wepaly bolmak bilen gazaply, düzgün-tertipli, öz hojaýynlaryna örän wepaly adamlar bolmak bilen kem-kemden howply güýje öwrülýärler. Bu ýapyk gatlagyň peýda bolmagy iri feodallaryň merkezden özbaşdaklygyny has-da ýokarlandyrýar.

XIII-XIV asyrlarda Ýapon şäherleriniň gülläp ösmegi başlanýar. Olar feodallaryň berkitmeli rezidensiýalarynyň golaýynda köp sanly buddaçylyk ybadathanalarynyň töwereklerinde döreýär. Söwdanyň we hünärmentçiligiň merkezi bolan şäherleriň döremegi esasynda ýurtda haryt-pul gatnaşyklary çalt ösüp başlaýar. Şäherler esasan döwletden özbaşdak bolup, käbirleri öz-özüni dolandyrmak hukugyny alýar.

Ýaponiýa Hytaý, Koreýa we Günorta Aziýa ýurtlary bilen söwdalaşyp örän çalt daşary bazarlara üstünlikli çykmagy başarýar. Ýurtdan mis, altyn, kümüş, ýelpewaç çykarylýar, daşary ýurtlarda ýapon ýaragyna uly isleg bildirlipdir.

Bu prosesleriň ählisi feodal dagynyklyk ýagdaýynda dürli maşgalalaryň ara syndaky özara göreş wagtynda bolup geçmek bilen, XV-XVI asyrlaryň sepgitlerinde Ýaponiýanyň özbaşdak böleklere dargamagyna getirýär. Feodallaryň özara uruşlary ahyrynda ykdysady çökgünlige we sosial taýdan durnuksuzlyga getirýär. Ýyl geçdigiçe daýhanlaryň gozgalaňlarynyň sany artýar, olara tozan we gedaý düşen samuraýlar we şäher garyplary-da goşulyşýarlar. Ýaponiýanyň

öňünde ýurdy birleşdirmek wezipesini bilen birlikde merkezi häkimiýeti berkitmegiň zerurlygy hem ýüze çykýar.

Bu çylşyrymly we kyn mesele köp ýyllaryň dowamynda dürli syýasy işgärler tarapyndan çözülýär, ahyrynda Tokugawa Ueýasu gutarnykly ýeňiş gazanmagy başarýar. Gozgalaň turzan feodallary boýun egdirip, ol özüni 1603-nji ýylda sýegun (harby serkerde) diýip, yglan edýär we merkezi häkimiýeti berkidip biljek özgertmeler geçirip başlaýar. Tokugawa feodallaryň ýere bolan hukugyny saklaýar. Olar öňküsi ýaly kazyýet we adminstratiw dolandyrylyşygy öz ellerinde saklaýar, özleriniň garaşly samuraýlary bolupdyr, ýöne welin, olaryň girdejileri berk hasaba alynýar. Feodallar umumy döwlet kanunlaryna tabyn bolmaly bolupdyrlar, öz aralarynda uruş alyp barmaklyk gadagan edilýär, merkezi häkimiýetiň garşysyna çykyş etmek hakynda gürrüň hem bolup bilmez. Bu düzgünleri bozanlaryň emlägini elinden alyp, başga etraplara göçüripdirler.

Feodallaryň güýçleri ep- esli gowşadylýar, olaryň garamagyndaky şäherler ellerinden alynýar. Şäherler indi sýegunyň bellenen ýörite emeldarlary tarapyndan dolandyrylýar. Hut Hytaýda bolşy ýaly, senetçilere agyr salgyt salynýar, olaryň ähli işleri berk gözegçilige alynýar.

Daýhanlara öz ýerlerini taşlap gitmek gadagan edilýär; döwletiň gadagançylyk sistemasy olaryň adaty durmuşyna hem goşulyşýar: olara ýüpek egin- eşik geýmek, öýlerini bezemek we baýramçylyklary bellemek gadagan edilýär.

Ondan başga-da ýurt ýapyk diýip yglan edilýär; daşary söwda döwletiň elinde jemlenýär we onuň esasy girdeji çeşmesine öwrülýär. Bu çäreler çalt ösýän we baýlaşyp başlan söwda buržuaziýasyny uly urga sezewar edýär.

Tokugawanyň maşgalasynyň sýeganaty örän uzak - XIX asyryň ortalaryna çenli dowam edýär. Ýaponiýanyň taryhyndaky bu döwri nähili häsiýetlendirmek mümkin?

*Tokugawa düzgüni ýurtda endigan ösüşi berýär, belli bir wagta çenli ykdysady çökgünlik ýeňlip geçilýär. Hut şu döwür „gündogar“ başlangyjy özüniň zerurlygyny ýüze çykarýar. Bu despotiki dolandyryş ulgamynda öz beýanyny tapýar. Ykdysady hereket döwletiň we adamlaryň şahsy durmuşyna döwletiň goşulmagynda ýüze çykýar. Ýöne oňki döwürdäki Ýaponiýanyň ,,erkin’’ösüşi dereksiz ýitmeýär: Sýegunat daýmleriň ýere bolan hukuklaryny ykrar etmeli , täze emele gelýän buržuaz gatnaşyklar bilen ylalaşmaly bolýar.*

*Täze jemgyýetiň emele gelmek prosesi haýal hem bolsa durmuşa ornaşýar, ahyrynda 1863-nji ýylda meşhur Meýzdi özgertmelerine geçilende, ýene-de günbatar nusgasy birinji orna geçýär.*

## § 3. Yslam siwilizasiýasy

Yslam siwlizasiýasy ýapon siwilizasiýasy ýaly Gündogaryň iň ýaş siwilizasiýalarynyň biri. Yslam siwlizasiýasynyň merkezi, soňra öz çäklerini has giňeldip, köp döwletleri birikdiren Arabystan ýarym adasydyr.

Arabystan ýarym adasynyň uly bölegini çöllük tutup, diňe kenar ýakalarynda ekin meýdanlary bolupdyr. Bu welaýatlaryň ilaty däne ekinlerini, üzüm, hurma,

naz-nygmatlar ekipdirler we goýun, düýe idedipdirler. Bu ýerde gadymy söwda şäherleri ýerleşip, Ortaýer deňziniň ýurtlary, Afrika we Hindistan bilen işjeň söwda alyp barypdyrlar. Şu ýerlerde döwlet gurluşynyň ilkinji alamatlary emele gelýär.

Arabystan ýarym adasynda ýaşaýan çarwa beduinleriň (sähralylaryň) ýaşaýyş durmuşy başgaça bolupdyr. Olar maldarçylyk bilen meşgullanmak bilen bir hatarda belli bir tölegler alyp, kerwenlere ýolbelet bolup ugrapdyrlar ýa-da olary öz düýeleri bilen üpjün edipdirler. Arap taýpalary özara duşmançylyk edip, goňşularynyň garşysyna çapawulçylyk edipdirler.

Şeýlelikde, VII asyrda Arabystan medeni we sosial-ykdysady gatnaşyklary bilen özboluşly şekili emele getiripdir. Täze diniň peýda bolmagy araplaryň ykbalynda möhüm öwrülişik bolup, ol birleşdiriji we siwilizasiýalaşdyryjy orny eýeleýär.

**Yslam siwilizasiýasynyň özeni.**

Yslam dinini kabul etmezden öň araplar dürli hudaýlara, şol sanda aýa, güne tagzym etmek bilen bir hatarda ata-babalaryň kulty has giňden ýaýrapdyr.

Otparazlyk ynanjy keseki täsire güýçli sezewar edilip – bu esasan hem demirgazyk we günorta Arabystana degişlidi, bu ýerlerde hristiançylyk we ýewreý jemgyýetleri ylalaşykly ýaşapdyrlar.Ýekehudaýlyk ideýasy yslam ýüze çykmazdan oň hem ýüze çykýar, köp sanly pygamberler-wagyz-nesihatçylar hakyky, täze hudaýy tapmaga synanyşyk edýärler. Yslam done dininiň taglymatyny Muhammet (570-632- ýý. ) esaslandyrýar. Ol iudaizme we hristiançylyga hormat bilen garap, olaryň keramatly kitaplaryny hudaý kitaplary hasaplaýar. Muhammede Alla tarapyndan iberilen Gurhanda-Yslamyň keramatly kitabynda- bu iki diniň hem täsiri duýulýar. Bu ilkinji nobatda *ýekehudaýlyk* ideýasynda ýüze çykýar. Muhammet pygamber iudaizmi we hristiançylygy täze dinden diňe öň bolup geçen, Talmudda, Köne we Täze Wesýetlerde ýazylanlaryň köpüsini ýatyryp, doly täze açyş edýär, diýip hasaplaýar. Yslam –„Alla boýun bolmak” diýen manyny berýär. Gurhan- arap dilinden türkmençe „okamak” diýlip terjime edilýär.

Gurhanyň esaslary örän ýönekeý. Alla we onuň ýerdäki wekili Muhammede ynanýanlara halas bolmaklyk garaşýar. Yslam dinine uýýanlar 5 parzy ýerine ýetirmeli: Allanyň Ýeke-täkligini ykrar etmeli (kelemäni okamak), 5 wagtyna namaz (bellenen wagtda), oraza aýlarynda agyz beklemek, hüşür-zekat bermek, Mekge-Medinä haja gitmek.

Mukaddes 4 kitap: Zebur-Dawut pygamberiň, ýewreýleriň mukaddes kitaby Töwrat-Musa pygamberiň, hristianlaryň mukaddes kitaby Injil-Isa pygamberiň, Gurhan-Muhammet pygamberiň atlary bilen baglanyşykly. Musulman – hudaýyň bendeleri, diýmekligi aňladýar. Muhammet pygamber aradan çykandan soň, täze diniň esaslaryna täze düzgün goşulýar, bu bolsa yslam siwilizasiýasynyň taryhynda uly orny eýeleýär. Bu ynam keramatly uruş (jihad) dini borç, eliňe ýarag alyp yslam dinini ornaşdyrmak. Muhammet pygamber adamlary yslam dinine wagyz-nesihat etmek arkaly çekmekligi maslahat beripdir.

**Dünýä agalygyna tarap ýol.**

Arap siwilizasiýasynyň döremegi yslamyň ýüze çykmagy bilen bir wagtda bolup geçýär. Muhammediň pygamberlik ideýasyny ilkinji nobatda onuň aýaly Hatyja, doganoglany Aly we Ebu Bekr atly söwdegär täze dini esaslandyryja uly goldaw berýärler. Soňra Medine şäheriniň ilaty Muhammediň wagyz-nesihaty bilen täze dini kabul edýär. 630-njy ýylda araplaryň esasy dini merkezi Mekkäni goşun bilen uruşsyz eýeleýär. 632-nji ýylda Muhammet aradan çykandan soň, Arabystanda ilat doly yslam dinini kabul etmese-de, onuň käbir etraplarynda berk ornaşypdy.

Pygamberiň ornuny onuň yzyny eýeriji halyf - dini we syýasy serdar edilip saýlanylan Ebu Bekiriň dolandyran 2 ýylynyň dowamynda yslam dinini ähli araplar kabul edýär. Ondan soň Muhammediň egindeşi Omar halyf bolup, onuň dolandyran onýyllygy yslam siwilizasiýasynyň şöhratly harby üstünlikleriniň döwri bolup başlaýar. Wizantiýa degişli Siriýa, Palestina ýerleri, soňra Müsür, Liwiýa, Eýranyň günbatar bölegi araplar tarapyndan basylyp alynýar. Ol aradan çykandan soň hem yslamyň ýeňişli ýörişi Gündogar ýurtlarynda dowam edýär. VII asyryň 40-50-ýyllarynda Eýran doly birikdirilip, araplar Demirgazyk Afrikany ( Magribi ) tabyn edýärler.

VIII asyrda basyp alyşlar onçakly ýokary depginde bolmasa-da, dowam edýär. Şu döwre çenli (imperiýanyň) halyfatyň çäkleri Atlantik ummanyndan başlap, Hind deryasyna çenli, Kaspiden Niliň ýakalaryna çenli ýerlere ýetipdir. Ispaniýany boýun egdirenden soň, araplar Pireneý ýarym adasynyň aňyrlaryna hem çapawulçylyk edip başlaýar, ýöne frank goşunlary olary yzyna serpikdirýär.

Basylyp alnan ýerleriň ilaty örän çalt yslam dinini kabul edýärler. Oňa halyflaryň alyp barýan ykdysady syýasaty itergi berýär. Musulmanlar diňe gazna onluk (desýatina) salgydyny töläpdir, öz öňki dinini saklap galanlar bolsa, ýokary ýer salgydyny (3/1, 3/2) töläpdirler we jan başyna salgyt töläpdirler. Öňki beduinler – arap nökerleri täze ýerlerde mekan tutupdyrlar, olaryň yzy bilen şäher ilaty – araplar hem, ýokary medeniýetli ilat hem gelipdir.

Ýöne uly imperiýa örän çaltlyk bilen dörän hem bolsa, berk bolmaýar. Täze dörän döwlet ykdysady we medeni ösüşi boýunça köp dürli halkly sebitleri ýeke-täk häkimiýete birleşdirip bilmeýär. Dürli toparlaryň syýasy öňdebaryjylyk ugrundaky göreşi merkezi häkimiýeti gowşadýar.

IX asyryň başlarynda ýerli emeldarlar - emirler özbaşdak hökümdarlara öwrülýärler. Imperiýa böleklere bölünip başlaýar. Ýakyn Gündogaryň syýasy kartasy dyngysyz üýtgeýärdi. Täze soltanlyklar we emirlikler döräp, käte ýok bolup, olaryň ornuna ýene-de berk bolmadyk döwletler emele gelýärdi. Halyflar diňe ruhy hökümdarlar hökmünde saklanyp galýar. Şeýlelikde, dargan halyflygyň ornuna wagtyň geçmegi bilen has iri we güýçli döwletler döreýär. XVI asyrda Persiýada Sefewiler döwleti, Hindistanda Beýik Mogollar döwleti döreýär. Arap halyflygynyň mirasdüşeri diýip Osman imperiýasy özüni yglan edip, basybalyjylykly syýasatyny dowam etdirýär. Olar XIX asyra çenli Ýewropa ýurtlary üçin howply döwletligine galýar.

## Halyfatyň güýji we gowşaklygy

Halyfatyň içerki syýasy gurluşy Omeýýatlar şanesilleri döwründen (661-750 - ýý.) emele gelip başlaýar. Bu ilkinji nobatda dini we ýerli häkimiýetiň birleşmesinde ýüze çykýar. Muhammediň özi syýasy hökümdar we dini serdar hökmünde çykyş edýär. Bu düzgün soň hem dowam edip, yslam döwletine özboluşlylyk berýär. Halyflar doly hökümdarlar ymam we emir bolupdyr. Elbetde, bu halyfatyň abraýyny ýokary göterýär. Halyfa garşy çykmak, Alla garşy çykan bilen deň hasaplanýar. Yslam döwletiň mazmuny, esasy güýji bolmak bilen siwilizasiýany berkidýär, birikdirýär.

Omeýýatlar şanesilleriniň wekilleri ägirt uly imperiýany we merkezi häkimiýeti berkitmek maksady bilen birnäçe çäreler geçirýärler. Täze diniň ýaýradylmagy möhüm birleşdiriji şert bolup durýar. Arap dili uly ähmiýete eýe bolupdyr. Halyflygyň çäginden daşarda hem döwlet dili bolup, bu dilde iş dokumentleri, ylmy teswirnamalar, çeper edebiýat ýazylýar. Ýurdy dolandyrmak üçin giň býurokratik apparat döredilýär. Ýurduň çet gyraklary bilen aragatnaşyk ýola goýulýar. Merkezi häkimiýet goşuna we polisiýa bil baglaýar. Olar öz gezeginde döwlet gaznasyndan hak ýa-da ýer paýlaryny alypdyr.

Döwlet häkimiýetiniň esasy daýanjy ýere bolan iň ýokary eýeçilik hukugy. Beýleki Gündogar döwletlerinde bolşy ýaly, hususy ýer eýeçiligini çäklendirmeklige synanyşyk edilýär. Hususy eýeçilik halyfatda bolupdyr, ýöne ýokary derejä ýetmändir. Döwlet ýerleriniň esasy bölegini jemagatçylyk eýeläp, olar gazna ýer salgydyny töläpdirler. Döwlet ýerleriniň bir bölegi gulluk edenlere berilýär. Eger-de ogly atasynyň wezipesini- gullugy dowam edende, bu ýerler miras berilýär. Ýöne ýeri satmaga rugsat edilmeýär. Bu kanun ähli mülklerde dolandyrýan şanesillerine, dini edaralara hem degişli bolupdyr.

Baý, köp ilatly şäherlerde söwda we hünärmentçilik gülläp ösüpdir. Bu ýerde ýörite emeldarlaryň dolanydyryş apparatynyň kömegi bilen berk döwlet gözegçiligi ýola goýulýar.

Şahsyýetiň ýagdaýy hem gündogar despotiýa däplerine laýyk bolupdyr: adam sosial basgançagyň iň ýokarsynda-da bolup bilýär ýa-da duýdansyz gedaýlaşyp, heläk-de bolup bilýär eken.

Merkezi häkimiýet dikmeleriň hereketine doly gözegçilik edip bilmändir. Ýerlerde esasy hojaýynlar emirler-emeldarlar bolupdyr. Olaryň ygtyýarynda goşun, býurokratik apparat, maliýe bolupdyr. Hakykatdan-da täze dörän döwletiň içerki gurluşy birmeňzeş bolup, halyflygyň gülläp ösen döwründäki gurluşyny takyk gaýtalaýar.

Bu gatnaşykda siwilizasiýanyň görnüşi yslamyň etiki kadalarynda örän uly orun eýeleýändigi göz öňünde tutulsa, musulman dünýäsiniň döwlet taryhynyň pajygaly ýagdaýlaryna garamazdan, örän durnukly bolupdyr.

## „Gündogardan düşýän ýagtylyk”.

Yslam siwilizasiýanyň medeniýeti döwlet gurluşy bilen bir hatarda ösüp başlaýar. Halyfatyň dargamagy oňa oňaýsyz täsir etmeýär. X-XI asyrlar arap-

musulman medeniýetiniň iň bir gülläp ösen döwrüdir. Bu döwürde dogmatika we yslam hukugy döreýär, ylahyýetçilik baradaky jedeller, ynam, paýhas meselelerini ara alyp maslahatlaşýarlar, erkiň azatlygy, öňden görüjilik, inçe poýeziýanyň nusgalary kemala gelýär, filosofiki we taryhy eserler, medisina taglymaty, fizika, himiýa, astronomiýa ylymlary boýunça işler döredilýär. Medeniýetiň şeýle ösmegi birnäçe sebäpler bilen baglanyşdyrylýar. Birinjiden, araplaryň şäher medeniýeti VII asyrda ýeterlik derejede ýokary bolup, edebiýat dili döredilýär, şahyrlyk döredijiligi, dilewarlyk sungaty ösüpdir. Ikinjiden, halyfata gadymy dessurlary bolan medeniýet merkezleri birikdirilip, olar araplaryň ruhy durmuşyna uly täsir edýär.

Basylyp alnan Eýranyň ýerlerinde meşhur ýazyjylar, alymlar, şahyrlar döredijilik bilen meşgullanýar, Firdöwsi („Şanama’’), alym- ensiklopediýaçy Ibn Sina, astronom Biruny Aleksandriýada, Siriýanyň şäherlerinde antik sungatynyň we ylmynyň gazananlaryny öwrenipdirler. Grekçeden arap diline terjime etmek VII asyryň ahyrynda VIII asyrda peýda bolýar.

Arap medeniýetiniň gülläp ösmegine olaryň keseki däp-dessurlaryna hormat goýmagy hem itergi berýär. Netijede, grek medeniýetiniň, filosofiýasynyň yslam dünýäsine elýeter bolmagyny gazanýarlar.

Birleşdirilen arap halyflygyndaky ruhy medeniýetiň täsir ediş we ýaýraýyş giňişligi örän uludy. Ol diňe bir Gündogar ýurtlaryny däl, eýsem Günbatary hem öz içine alýar. Ýewropa medisinasy, geografiýa, beýleki ylymlar arap alymlarynyň işleri netijesinde ösýär. Ýewropada rasionalizmiň ösmegine Aristoteliň işlerini öwrenen ýewreý, arap, pars filosoflary güýçli itergi berýär. Günorta Fransiýada dörän dünýewi poeziýa pars söýgi lirikasynyň käbir däplerini özünde jemleýär.

*Yslam siwilizasiýasy Günbatar Ýewropanyň medeniýetine güýçli täsir etmek bilen, orta asyrlaryň dowamynda we täze döwürde-de harby taýdan howp salýar. Gündogaryň siwilizasiýalarynyň arasynda ol has bir harby taýdan howp salýan orny eýeleýär.*

## §4. Hindi siwilizasiýasy

| **Hindistan Respublikasy** | |
|---|---|
| भारत गणराज्य<br>*Bhārat Gaṇarājya* | *Republic of India*<br>*Репаблик оф Индиа* |






Hindistanyň baýdagy Hindistanyň gerbi

Девиз: *«Satyameva Jayate* (*санскр.* सत्यमेव जयते) *— «Лишь истина побеждает»» Şygary-,,Diňe hakykat ýeňýär*

Гимн: *«Jana-Gana-Mana»*



*Hindistan ýarym adasynda, Aziýanyň günortasynda ýerleşýän, tutýan meýdany boýunça dünýäde 7-nji orny eýeleýän ýurt Hindi döwletidir. Ilatynyň sany boýunça(1mlr. 210 mln.) 2-nji orunda durýar. 1kw. km. 364 adam düşýär. 1947-nji ýylyň 15-nji awgustynda garaşsyzlyk gazanýar. Resmi-döwlet dili-hindi. iňlis we ýene-de 21 dil hasaplanylýar.*

*Paýtagty: Nýu-Deli.*

*Iň iri şäheri:Mumbaý.*

*Parlament respublikasy. Prezidenti; Pratibha Patil, Premýer-ministri;Monmohan Sinh.*

*Şygary:,,Diňe hakykat ýeňýär''.*

Orta asyrlar döwri „akyldarlaryň ýurdy” diýlip, atlandyrylan Hindistanyň taryhy taryhçylaryň öňünde köp sowallary goýýar. Bu ýerde Hytaý bilen deňeşdirilende gadymyýetden orta asyra geçmeklik uly aratapawut etmeýär. Beýleki gündogar siwilizasiýalar bilen deňeşdirilende däp- dessurlar, adatlar berk ornaşypdy. Hindi jemagatcylygy feodal gatnaşyklaryň ösüşini güýçli bökdeýärdi.

Hindi taryhynyň özboluşly ösüşiniň köp ugurly ýollaryny aýtmak bolar. Ýöne has möhüm, sosial özeniniň esasy, siwilizasiýasynyň merkezi, halas ediş dininiň aýratynlygy, onuň jemagatçylygyň ruhy we sosial durmuşyna täsiri ýaly özboluşlydyr.

**Buddizm: bakylyga geçmeklik**

B.e. öňki 1000 ýyllygyň başlarynda Hindistanda wedizm (*wed-weda-ylym,bilim*) dini emele gelýär. Şu döwürde ruhuň geçişi we karma (ykbal) hakyndaky taglymat döräp, jemgyýeti kastalara bölýär. Şu taglymatlar Hindistanyň ruhy durmuşynyň esaslaryna öwrülip, siwilizasiýalaryň sosial gurluşyna täsir edýär, hindi taryhynyň uzak döwründe ýaşaýşa haýran galdyrýan ukyplylygyny we durnuklylygyny görkezýär. Şonuň üçin, buddizmiň ykbaly şeýle çylşyrymlaşýar. Biziň günlerimizde –de dürli ýurtlarda bu dünýä dininiň meşhurlygy saklanýar.

Hindi dinini esaslandyryjy şazada Siddiharta Gautamu bolup, ol ýurduň demirgazynda takmynan b. e. öň VI-V asyrlarda ýaşap, b.e. öň 537-nji ýylda özüne Budda-(ýokary ylym- bilim bilen nurlanan) diýip at berýär. Abadan, rahat durmuşda we bolelinlikde önüp-ösen Siddiharta bir gezek gezelenç wagtynda öli ugradýän gölegçileri we agyr oý- pikire çümen asketike, keselli garry adama gabat gelýär. Şeýlelikde, durmuşda gutulgysyz gabat gelýän gaýgy-hasratyň bardygyny bilýär, şol gije köşki terk edip gaçyp gidýär we derwüşiň ýoluny saýlap alýar. Ýedi ýyldan soň onuň akly aýdyňlaşyp, halas bolmaklygyň ýoly açylýar. Şondan soň, ol 40 ýyllap öz taglymatyny wagyz –nesihat edip we täsinlikler döredip, sergezdanlykda ýaşaýar, jahankeşdelik edýär.

Buddizmiň esasy dört sany merhemetli hakykaty bar: dünýä ýa-da ýaşaýyş bu ejir; ejir çekmekligiň çeşmesi-bu adamzadyň hyjuw- islegi we arzuwlary, hyjuw-isleglerden azat bolmaklyk nirwana geçmeklige mümkinçilik berýär, aýratyn ýagdaýa ýetmäge, çäksizlige goşulmaga, halas ediş ýoluny saýlamaga kömek edýär.

Buddizme laýyklykda, ähli ýaşaýyş (bagtly-bagtsyz) ejir çekmekligi aňladypdyr. Şonuň üçin, Budda: „Kim dünýäni salgym hökmünde kabul etse, ony ölüm şasy görmez” diýip ýazýar. Sowatly, Beýik Salgymyň esasy manysyna düşünýän adam ölüme tabyn däl, sebäbi ölüm onuň üçin beýik ýagdaýa geçmekligi aňladýar, halas bolmagyň ýoluny saýlap alyp, Çäksizlik bilen goşulşmaga mümkinçilik berýär. Buddizm şu manyda adamy ölümden halas edýär.

Täze din adamy öz üstünde ýadawsyz zähmet çekip, öz şahsyýetini gaýtadan döretmeklige çagyrýar. Karma-täleý indi adamyň gylyk - häsiýetine, hereketine, ynsanperwerligine bagly bolup durýar. Halas bolmagyň ýoly adamyň kalbynda

bolup, şol ýol bilen gitmek ýa-da gitmezlik onuň hut özüne bagly. Diňe içki ruhy işlere ýokary baha berilýär. Dünýä nirwana bilen deňeşdirilende hiç zatdy.

Şahsyýetiň ruhy esasyny öz taglymatynyň özeni edip goýmak bilen, Budda kastalary inkär edýär, adamlary başga häsiýetli sypatlary esasynda bölmek bilen; ilkinji nobatda onuň öz isleglerine erk edip bilşine, başgaça aýdylanda, „öz-özüne hökümdar bolup bilşine laýyklykda" baha berýär. Şeýlelikde, eldegimesizlere, kşatriýa-nökerlere we brahmanlara berlen halas bolmak mümkinçilikler, hukuklar hemmelerde bar. (Wedizm aşaky kastalaryň wekillerine dini durmuşa gatnaşmaga rugsat bermeýär.)

Halas bolmagyň ýoly adamyň öz kalbynda ýerleşip, haýsy ýoly saýlap almak hut onuň özüne bagly bolup durýar. Görşümiz ýaly, şahsyýetiň daşky däl-de içerki-ruhy ýagdaýy ýokary gymmatlyk hasaplanylýar. Buddizm dünýäni özgertmeklige çagyrmaýar, sebäbi dünýä nirwana bilen deňeşdirilende hiç zat. Aslyýetinde, adamyň ýerdäki ýaşaýşy öňki ýaşap geçen durmuşyndaky günäleriniň netijesidir. Ol adamy barha aşak çekip, täzeden we ýene täzeden dünýä getirýär. Kämil adam ýokary eşrete ýetýär we gaýtadan dogulmaýar.

Täze diniň tarapdarlary köp bolupdyr. Olaryň arasynda patyşa Aşoki (b.e.öňki III asyr) buddizmi döwlet dini hasaplaýar. Buddizmi işjeň wagyz –nesihat edip, ony döwleti birleşdirýän güýçli ideýanyň esaslary hökmünde ulanmaga synanyşýar. Bu pikir Mauriýa imperiýasy (b.e.ö. IV-II asyrlar.) döwründe kem-käsleýin peýdalanylýar, dagynyk Hindistany az wagtlaýyn birleşdirmek başardýar. Ýöne Buddizm bu ýerde Hytaýda konfusiançylygyň tutan ornuny eýeläp bilmeýär. Buddizmiň siwilizasiýalaryň ulgamyna täsiri gowşak bolupdyr; Hindistanyň iň esasy betbagtçylygy bolan kasta gurluşy galypdy.

Buddizm arassa görnüşde döwlet dini bolup biljekmidi? Buddizmde daş-töwerek dünýäden ruhy taýdan çäksiz azat şahsyýetiň garaşsyzlyk ideýasy wagyz edilmek bilen, onda döwletiň ähmiýeti inkär edilýär: „Öz-özüňe hökümdar bol, şonda seniň hökümdaryň bolmaz."

Ondan başga-da tebigatyň güýçlerini beýan edýän, köp sanly weda hudaýlaryna ynanýan halk köpçüligi üçin buddizm örän çylşyrymly we çäklendirilen bolupdyr. Bu ýagdaýdan dini we sosial durmuşyň möhüm we esasy orunlaryny elinden bermek islemeýän brahmanlar haýal etmän peýdalanýarlar. Brahmanlar köne diniň daşky görnüşini üýtgetýärler: täze diniň demokratik ugurlaryny peýdalanyp, şol bir wagtyň özünde köne, gadymy hudaýlary saklap, köpçülige bil baglap, örän gabaraly, haýran galdyrýan kult döredýärler. Şeýlelikde, buddizm bilen üstünlikli bäsleşip biljek induizm emele gelýar.

Gadymy hindi halklarynyň köp sanly dini ynançlarynyň esaslary arhaiki ynanç bolupdyr, ýagny adamlar agaçlara, daglara, haýwanlara, (ýylan, sygyr, maýmyn, pil ýaly haýwanlara) çokunypdyrlar. Induizmde ene hudaýa sežde etmeklik häzire çenli dowam edip, öz ähmiyetini saklap gelýär. Şol bir wagtyň özünde hemmelerden beýik, hemmäni dörediji, dünýäniň esasy hasaplanýan Hudaý induizmiň häsiýetli tarapydyr. Beýleki ähli adatdan daşary dörän güýçler dörediji Hudaýyň özüdir ýa-da onuň hudaýjyklarydyr diýlip düşündirilýär. Hindileriň

köpüsi  üçin baş Hudaý Wisnu bolup, ol jandarlaryň görnüşinde (balyk, pyşbaga) ýa-da adam (gara bedenli patyşa we çopan Kirişni) keşbinde bolup bilipdir. Wişnu Hudaýyň görnüşinde gelmegi baradaky taglymatda gelip çykyşlary boýunça sežde edilýän birnäçe mukaddeslikleri bir şekilde jemjemäge  mumkinçilik beripdir. Oňa Ramaýananyň we Buddanyň (buddizmiň täzelenmegi) Wişnu hudaý hökmunde hasaplanylmagy mysal bolup biler. Wişnu kä halatlarda aždarhanyň üstünde gyşaryp ýatan patyşanyň täjinde hem göz öňüne getirilýär. Hindileriň başga bir topary Baş Hudaý diyip Şiwany hasaplapdyrlar hem-de ony tansçy adam görnuşinde göz önune getiripdirler. Şiwa hudaýynyň ýanynda köplenç ökuz bolýar eken. Şeýlelik bilen, gadymy döwürde (häzirki döwürde hem) hindiler Wişnu hem-de Şiwa hudaýyna sežde edýänlere bölünýärler. Emma olaryň arasynda uly bir tapawut ýok, şol akyma uýýanlar tarapyndan olar baş hudaý hasaplanylýar. Induizm dininde Weda kitaplarynyň mazmunlary mukaddes hasaplanylýar, emma has ähmiýetlisi diýlip, ummasyz köp efsanalary özüne birleşdiryän epiki eserler, ýagny hindileriň „gadymyýet hakyndaky rowaýatlary” – puranlar hasaplaýar. Weda maglumatlaryndan tapawutlylykda olaryň mazmunlarda hiç hili gizlin pikirler ýok, olar her bir adam üçin düşnükli. Geçirlen ylmy barlaglar hindileriň „gadymyýet hakyndaky rowaýatlary”,  ýagny puranlary köplenç Hindistanyň ariý däl halklarynyň rowaýatlarydygyny subut etdi. Gautamanyň yzyna eýerjiler öz taglymatlaryny özgertmäge, ony has ýönekeý we elýeterli etmeklige synanyşýarlar. Mahaýana (uly araba-giň ýol)- täze görnüşde buddizm  peýda bolýar, onda halas bolmaklyk diňe bir terkidünýälere däl, (galandarlar we derwişlere ) eýsem ýönekeý adamlara-da mümkin, sebäbi nirwanadan soň  ýerdäki lezzet-eşretden doly jennet başlanýar, weda hudaýlaryna tagzym edýän köpçülige-de egilşik,  geçirimlilik edilýär.

Ýöne buddizmiň Seýlona, Birma, Siýama aralaşmagy, Indoneziýa adalaryna, Hytaýa, Ýaponiýa ornaşmagy bilen Hindistanda yzyna eýerýänleriň arasynda täsiri gowşaýar.

**Gowşak döwlet- güýçli jemgyýet.**

Hindistanyň taryhynda merkezleşmek döwri mälim bolşy ýaly, gysga wagtlaýyn dowam edýär. B. e. öňki IV asyrda Mauriýa imperiýasy emele gelip, ýurdy tutuşlygyna  birleşdirýär. Ýöne onuň iki bölege bölünmegi bilen, özüniň öňki kuwwatlylygyny ýitirýär.

Biziň döwrümiziň I asyrynda Hindistanda täze –Kuşan döwleti emele gelip, dünýäniň iň güýçli döwletine öwrülýär we  çäklerini giňeldip, Hytaý, Rim, Parfiýa bilen bäsdeşlik edýär. Biziň döwrümiziň III asyrynda onuň dargamak prosesi başlanýar. IV asyryň birinji ýarymynyda iň iri Gubtalar döwleti bolýar, ol IV asyrda demirgazyk Hindistanyň uly bölegini eýeleýär. V asyryň ahyrynda Gubtalar imperiýasy hunlaryň zarbasyndan heläk bolýar. Şu döwürden başlap, tä musulmanlaryň basyp alyşlaryna çenli Hindistan dagynyklygyna galýar. Onuň ýerlerinde täze-täze döwletler emele gelip, biri-birleri bilen gazaply söweşde

dargaýarlar. Olaryň her biri özbaşdak knýazlyklara bölünip, olar hem öz aralarynda uruşlar alyp barýarlar.

Şeýle agyr şertlerde, döwlet häkimiýeti özüni nähili alyp barýar? Ol ýa-da beýleki döwletiň hökümdarlary ýurdy welaýatlara- namestnikçilige bölüp, ol ýerde salgydyň ýygnalşyna, kazyýet işlerine we goşuna ygtyýar edýän gubernatorlary belleýär.

Iri döwletlerden başga-da birnäçe ownuk knýazlyklar bolup, olara radjalar we maharadjalar baştutanlyk edýär. Rajalaryň häkimiýetiniň derejesi gubernatorlardan örän az tapawutlanypdyr. Rajalar mydama mirasdüşer hökümdar bolup, gubernator-emeldar bolsa bellenilýär we çalyşylýar, özüniň awtonomlygyna garamazdan merkezi häkimiýetiň öňünde jogapkär bolýär. Knýazlygyň haýsy-da bolsa bir iri döwletiň düzümine girýändigine garamazdan raja bilen hökümdaryň gatnaşygy örän gowşakdy: ol az mukdarda, özü-de simwoliki görnüşde salgyt töläp, uruş wagty nöker bilen üpjün edýär. Ähli beýleki ýagdaýlarda knýazlyklar öz awtonomlygyny gorap saklaýarlar.

Syýasy durnuksyzlyklar wagtynda, knýazlyklar ýeňillik bilen çäklerini giňeldip, ýene-de ownuk knýazlyklardan we namestnikçilikden ybarat özbaşdak döwlete öwrülip bilýärdi. Şeýle syýasy ulgamy ýumşak diýip, atlandyryp bolardy, ýöne ol özüniň çeýeligi bilen tapawutlanýardy: dürli şertlerde knýazlykdan döwlete ýa-da onuň tersine, bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa geçmeklik, örän ýeňil amala aşýardy.

Eýsem-de bolsa siwilizasiýany berkidýän esasy güýç döwlet häkimiýeti bolman, oba jemagaty bolup durýardy.

**Jemagatçylyk we döwlet.**

Hindistanda oba jemagatçylygy adaty bolşy ýaly, uly territoriýany (birnäçe obalary, hatda bütin sebiti ) öz içine alyp, ykdysady we sosial taýdan özbaşdak, ýapyk umumylygy aňladýar. Bu bolsa oňa dürli hünärmentçiligiň: ekerançylygyň, senetçiligiň, söwdanyň we peýdakeşligiň birleşenligi bilen düşündirilýärdi.

Jemagatçylyk özüne dürli sosial toparlaryň wekillerini jemleýär. Berk hukuklary we hususy ýer paýlary bolan doly hukukly jemagat agzalary aýratyn ýagdaýlary eýeläpdirler. Olaryň öz ýer paýlaryny kärendesine bermäge, miras galdyrmaga, satmaga hukuklary bolupdyr. Elbetde, jemagatçylyk belli bir çäklendirmeleri girizipdir: indiwidual ýer bölerleri düýbünden hususy eýeçiligi aňlatmaýardy. Birinjiden, ol maşgala degişli bolup, onuň agzalarynyň razylygy bolmasa satylmaga degişli bolmandyr. Ikinjiden jemagatçylyk ýerleri kesekilere satmagy gadagan edilip, tozan ýer eýelerine yzyna satyn almak hukugyny saklaýar.

Ýer eýeleri bolmaga ähli kastalaryň wekilleriniň, esasan hem ýokary kastalaryň hukuklary bolupdyr. Jemagatyň doly hukuksyz wekillerine tozan ýer eýeler, esasan hem aşaky kastalylar we eldegirmesizler giripdirler. Doly hukuksyzlar adaty bolşy ýaly, kärendeçi ýa-da hakyna tutma işçilere öwrülýärler, şahsy erkinligini ýitirmek bilen gullara ýa-da krepostnoýlara öwrülýärler. Jemgatyň işine sowet baştutanlyk edýär, ýöne deňsizligi mukaddesleşdirýän we kanunlaşdyrýan onuň esasyny baglaşdyrýan başlangyç kasta gurluşydy. Ýokary

kastalaryň wekilleri ýeňillik bilen örän ujypsyz töleg töläp, aşaky kastalaryň hyzmatyndan peýdalanmaga hukuklary bolupdyr, şeýle-de olara äsgermezlik bilen gatna\yk edipdirler. Bu ýagadaýa adaty bir zat hökmünde garamaga gaýtadan dogulmak we karma bolan ynam itergi berýär. Şonuň üçin jemagatyň islendik agzasy-isle ol baý ýer eýesi, ýa-da öýsüz-öwzarsyz gedaý bolsun, tapawudy ýok, özlerini karma tarapyndan kesgitlenen öz orunlarynda hasap edip, onuň bilen baglanyşykly öz we beýleki jemagatyň agzalaryna degişli borçlary ýerine ýetirmeli bolupdyrlar.

Hindi jemagatyny kadalaşdyrmak awtomatiki derejesine ýetýär; ýapyklygy we öz-özüni üpjün etmegi ony iş ýüzünde merkezi häkimiýetden garaşsyz edýär; jemagat hasylyň 6/1 bölegini hökümede bermek bilen çäklenýär, beýleki ýagdaýlarda döwletiň zor salmagy duýulmaýardy we oňa zerurlyk-da ýokdy. Jemagatçylygyň özi döwlet içinde döwlet, onda-da örän gazaply we zabun döwlet bolup durýardy. Syýasy meseleler, näsazlyklar hiç haçan jemagatyň ýaşaýyş durmuşyna öz täsirini ýetirmeýädi. Hökümdarlaryň häkimiýete gelmegi ýa-da häkimiýetden aýrylmagy, döwletiň ýa-da knýazlygyň araçäkleriniň üýtgemegi oňa hiç hili täzeçe täsirini ýetirmeýär: jemagat öňküsi ýaly salgyt tölemegini dowam edýärdi, şeýlelik bilen onuň daşarky dünýä bilen aragatnaşygy çäklenýärdi.

Hindistanyň territoriýasynda musulman döwletleriniň; Deli soltanlygynyň (1206-1526-njy ýyllar ) we Beýik Mogollaryň imperiýasynyň (1526-XVIII asyr) döremegi, Hindistanyň sosial - ykdysady we syýasy durmuşyna düýpli özgertmeler girizdi. Şu döwürde merkezleşdirilmek prosesi we brýurorkatik apparat berkeýär, feodal gatnaşyklaryň ösmegi üçin möhüm mümkinçilikler açylyp, döwlet ýerleriniň ep-esli bölegi nökerlere we emeldarlara gulluk edenligi üçin berlip, salgyt ýygnamagyň ulgamy has kämilleşdirilýär. Hindistanyň taryhynda Deli soltanlygy ýeke-täk hindi-yslam imperiýasy bolup, tagta zenan hökümdar Raziýa soltany çykardy. Hindistanda raýatlyk urşy başlanan döwründe, 1398-nji ýylda türk-mongol serkerdesi Teýmir dolandyrýan soltan Haziriddin Mahmudyň garşysyna ýöriş edýär we 1398-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Deli şäherini eýeleýär.

1526-njy ýylda Babur Beýik Mogollar imperiýasyny esaslandyrýar. 1857-nji ýylda bu döwlet Sypaýylaryň gozgalaňyndan soň ýaşamagyny bes edýär. Beýik Akbaryň dolandyran döwründe musulman dälleriň bähbitlerini goraýan kanunlar kabul edilýär. Jaýnizm dini baýramçylygy döwründe salgytlar ýatyrylýar. 1617-nji ýylda britan Ost-hindistan kompaniýsy Mogol imperatory Jahangirden Hindistan bilen söwda etmek hukugyny gazanýar, 1850-nji ýyldan başlap dolulygyna hojaýynlyk edýär. Garaşsyzlyk ugrundaky 1-nji gozgalaňa Mogol imperatory Bahadyr şa Zafar baştutanlyk edýär. Gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň, ol Birma sürgün edilýär, çagalary bolsa öldürilýär. Şeýlelikde, mogollar şa nesilleri ýaşamagyny bes edýär.

Eýsemde bolsa, hindi siwilizasiýasynyň esasy binýady örän berk bolup: musulman döwletleri dargan dessine ýaşaýşyň öňki görnüşine gaýdyp barylýar. Şu ýagdaýda tutuş Hindistanyň sosial ulgamynyň içinden eriş-argaç bolup geçýän hindi jemagatçylygy uly orun eýeleýär. Jemagatçylyk bir tarapdan siwilizasiýa

örän güýçli içerki durgunlyk berse-de, hindi jemgyýetiniň ösüşini saklaýan güýçligine galýar.

Orta asyrlarda Gündogar „doňup galdy”, ösmekden galdy, diýip bolmaz. Gündogar siwilizasiýalarynyň ýaşaýyş durmuşynyň köp ugurlarynda özgertmeler bolup geçýärdi: kem-kemden zähmet gurallary kämilleşýär, şäherler ösýär, söwda gatnaşyklary berkeýär we giňelýär. Filosofiýada we edebiýatda täze akymlar peýda bolýar. Ýöne, umuman alanyňda, Gündogaryň ösüş depgini Günbatar bilen deňeşdirilende has haýaldy. Taryhçylar onuň sebäbini gündogar siwilizasiýalaryň köne, öňki kemala gelen döwlet görnüşi, sosial gatnaşyklaryň, ideýalaryň gaýtalanmagyna esaslanýar diýip hasaplaýarlar. Däp-dessurlylyk we adatlylyk özgertmelere örän uly päsgelçilik döredýärdi. Gündogar jemgyýetiniň ösüşi siwilizasiýalaryň çäklerinde bolup geçýär. Şonuň üçin hem, gündogar siwilizasiýalary adatly diýlip atlandyrylýar.

Adatlara, däp- dessurlara uýmaklyk siwilizasiýanyň belli bir berkligini, özboluşlylygyny, durnuklylygyny üpjin edýär, soňra bolsa gündogar üçin betbagtçylyga öwrülýär.

## VIII bap. Russiýa siwilizasiýasy orta asyrlarda.

*Gündogar we Günbataryň: dünýäniň iki beýik çäklerinde ýaýlyp ýatmak bilen...biz özümizde tebigatyň iki beýik esaslaryny-Hyýalymyzy we paýhasymyzy jemläp, aň-bilimimizde tutuş ýer togalagynyň taryhy ykbalyny birleşdirmelidiris. Taňry bize bu orny tutmaga mümkinçilik beripdir. O. Çaadaýew.*

### §1. Siwilizasiýanyñ giñişligi.

*Russiýa Gündogar Ýewropanyň we Demirgazyk Aziýanyň uly bölegini eýeleýär. Onuň umumy meýdany 17075,4 müň inedördül km. Ýer şarynyň 13%. Ýyrduň meýdany gündogardan günbatara 9 müň km. Kaliningrad welaýaty goňşy döwletler bilen gurşalan-anklab territoriýa hasaplanylýar. Russiýanyň territoriýasyndan 120 müň derýa akyp geçip, 2,3 mln. inedördül km. meýdany tutýar. Ilatynyň sany boýunça dünýäde 8-nji orny eýeleýär (141,8mln. adam). Ilatynyň 72 % Ýewropa böleginde, 84,7% şäherlerde ýaşaýar.*

*Türkmenistanyň daşary söwda ulgamynda Russiýa 1-nji orny eýeleýär.Ykdysady gatnaşyklarynda, nebit-gaz toplumynda, ulaglar ulgamynda, ýol gurluşygynda, syýasatçylyk ulgamynda 130-dan gowrak taslamalary ýerine ýetirmäge gatnaşýar.*

Geografiki ýerleşişi we etniki düzümi boýunça Russiýa özünde Ýewropany we Aziýany jemleýär. Şol sebäpli, oňa Ýewr-aziýa ýa-da aralyk dünýä diýip atlandyrmak bilen, onuň Günbatar we Gündogar aralygydygy ýene bir gezek terkaklanýar.

Bu ýagdaý onuň sosial- ykdysady we Russiýanyň döwletlilik we ruhy medeniýetine nähili täsir edipdir? Russiýanyň ösüşi haýsy ugur boýunça gidipdir?

Bu sowallaryň jogaby häzire çenli jedelli häsiýete eýedir. Taryhçylaryň käbirleri oňa Ýewropanyň bir bölegi hökmünde garap, Russiýanyň haýal ösýändigini belleýärler. Beýlekiler ony Ýewropadan üzül-kesil bölüp aýryp, öz taryhy ýoly bolan özboluşly siwilizasiýa diýip, tassyklaýarlar.

Hakykata bu pikirleriň haýsysy has golaý? Ýönekeý bolmadyk bu meseläni çözmek üçin, geliň taryha ýüzleneliň.

Russiýanyň ähli taryhy– uzaga, dyngysyz köp asyryň dowamynda geografiki çäklere barha giňeýän prosesi bolup durýar. Şeýle ösüş ýoly ekstensiw –(san esasynda köpelýän, giňelýän) diýlip atlandyrylýar. Russiýanyň gündogara süýşmegi bilen täze ýerleri özleşdirmegiň çözülmedik meselelerine gabat gelýär. Agyr geografiki we howa şertleri göz öňüne tutup, Günbatar Ýewropa bilen deňeşdireniňde ilatynyň seýrekligi, bu ägirt uly giňişligi siwilizasiýalaşdyrmak örän çylşyrymly mesele bolup durýar.

Russiýanyň düzlükleri has hasylly, topragyň esasy gara toprak görnüşi bolup, onuň galyňlygy üç metre ýetipdir.

Gara toprakly düzlük 100 müň gektar meýdany tutup, ol ekerançylyk etraplarynyň merkezi hasaplanylýar. Ýöne, düzlük ýerler örän giç – XV asyryň ahyrlarynda XVI asyryň başlarynda özleşdirilip başlanýar. Ruslar bu düzlügi dolulygyna XVIII asyryň ahyrynda eýeleýärler.

Türklere aýgytlaýjy zarba urlandan soňra, uzak wagtyň dowamynda maldarçylyk bilen meşgullanan sebitleri rus daýhanlary doly ekrançylyk meýdanlaryna öwürýarler.

XVI asyryň ahyrynda kazak atamany Ýermak (1581-1528) Sibiri özleşdirmegi başyny başlaýar. Sibire süýşmeklik örän çalt bolup geçýär. XVII asyryň I ýarymynda kolonistler Uraldan başlap, Ýuwaş ummanynyň kenarlaryna çenli aralygy geçýärler.

Öz taryhy döwürleriň başlarynda gündogar slawýanlar ekerançylygyň ösmegi üçin amatly bolmadyk territoriýalara eýelik edipdirler. Hasyllylyk örän pes bolupdyr. Şeýle ýagdaý Russiýada XIX asyra çenli dowam edipdir. Ondan başga-da, gazaply kontinental howa şertleri oba hojalyk işleriniň döwrüni çendenaşa gysgaldýar. Demirgazykda Nowgorod we Pskow sebitlerinde ol bary-ýogy dört aý, merkezi welaýatlarda, Moskwanyň töwereginde-bäş ýarym aý dowam edýär. Has amatly howa şertleri Kiýewiň töweregindäki etraplarda bar bolupdyr. Günbatar Ýewropa daýhanlarynyň ýeri işläp bejermegi üçin wagty has köp eken (8-9 aý).

Hasyllylygyň pesliginiň öwezi aw awlamak, balyk tutmak we beýleki pişeleriň hasabyna doldurylýar. Bu eklenç çeşmesi barha täze – adamzat tarapyndan ellenilmedik tebigy ýerleriň özleşdirilmeginiň hasabyna artdyrylýar.

Şeýle hasyl bilen daýhan diňe özüni ekläp bilipdir, ýerden artykmaç önüm alyp bilmeýär. Bu bolsa, öz gezeginde maldarçylygyň ösüşine, söwdanyň şeýle hem şäherleriň haýal ösmegine täsirini ýetirýär, sebäbi şäher ilaty esasan oba-

hojalyk işlerinden boşadylyp, obalaryň üpjün edýän önümlerine mätäç bolupdyrlar.

Aralyklaryň uzaklygy we ýollaryň bolmazlygy söwdanyň ösmegine päsgelçilik döredýär. Bu ýagdaýda diňe bir ýerli däl eýsem, möhüm halkara ähmiýeti bolan derýalar uly kömek edýar. Has hem „warýagdan greklere çenli” diýen ady alan derýa ýoly „Skandinawiýadan ( Fin bogazyndan –Ladogo köli, ondan soň, Dnepriň ýokary akymlary bilen ) Wzantiýa çenli, Gara deňze getirýär. Beýleki ýol, Wolga derýasy boýunça we ondan soň, Kaspi deňzine çenli dowam edýär.

Elbetde, derýalar sebitleriň ählisini ykdysady tarapdan, onda-da ýurduň geografiki çäkleriniň giňelmegi bilen, berk baglaşdyryp bilmeýär. Satuw bazarlarynyň gowşak ösmegi dürli etraplaryň ykdysady taýdan ýöriteleşmegine, şeýle-de oba-hojalygynyň intensiw ösüşine mümkinçilik döretmeýär.

Şeýlelikde, Russiýanyň çäkleriniň giňişligi, onuň uly baýlyklaryna, mümkinçiligine garamazdan siwilizasiýanyň ösmegine örän uly kynçylyk döredýär: ony özleşdirmek zerurdy, bu bolsa wagt, adam resurslaryny we ýadawsyz erjelligi we zähmedi talap edýärdi.

## §2.Monarhiýa häkimiýetiniň esaslary

Gadymy Rus döwleti hristiançylyk bilen birlikde Wizantiýadan syýasy aňyýetinena örän çalt ornaşan, monarhiýa häkimiýetiniň ideýalaryny hem miras alýar. Rusuň hristiançylygy kabul etmegi döwletiň esaslandyrylmagy bilen gabat gelip, merkezleşdirlen ýeke- täk güýçli knýaz häkimiýetiniň berkarar edilmegi ýaşaýyş zerurlygy bolup durýardy. Taryhçylar Wladimiriň prawoslaw ugry saýlap almagyny, onuň beýleki häsiýetli aýratynlygy bilen bir hatarda katolik ugurdan tapawutlylykda syýasy häkimiýetiň dolulygyna imperatora berilýändigi bilen düşündirýärler.

### Häkimiýet we hristiançylyk gumanizmi

Ilkinji gadymy rus edebiýatyny-„Ýygyndyny” düzüji (1076) özüni Ioann Greşnyý diýip, atlandyran ýazyjy şeýle ýazýar, „Häkimiýete hormat bilen garamazlyk –Hudaýa hormat bilen garamazlygy aňladýar. Knýazyň öňünde gorkmak bilen adam Hudaýdan hem gorkmagy öwrenýär. Ýerdäki ýaşaýyş- onuň pikirine görä Hudaý erkiniň serişdesi bolup, onuň kömegi bilen ýerde ýokary adalatlylyk amala aşyrylýar, ýagny knýaz günä edenlere jeza berýär.

Güýçli häkimiýetiň nusgasy dagynyklyk döwrüň ( XIII asyr. ) Daniil Zatoçnik özüniň „Doga okamak” eserinde, bir knýaza ýüzlenip şeýle ýazýar: „aýalyň – baştutany äri, erkekleriňki –knýaz, knýazlaryňky –Hudaý.”

Ýeke-täk häkimiýet ideýasy ynsanperwerlik we parastlylyk bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup durýar. Şu babatda ýiti zehinli ýazyjy, meşhur syýasy işgär Wladimir Monomahyň „Nesihaty” örän ýerlikli. Monomah, megerem mirasdüşer knýaza bagyşlap ýazan bolsa gerek, öz „Nesihatynda” nusgawy knýazyň şekilini

döredýär. Ol häkimiýetiň ahlakly bolmagyny, ,,Injiliň” wesýetleriniň ýerine ýetirilmegini isleýär. Şonuň üçin, ol ejizleri goramaly, adalatlylygy berkarar etmeli. Monomahyň hut özi adam ömrüniň dowamlylygyny Hudaýyň kesgitleýändigine salgylanyp, iň bir zandyýaman jenaýatkärleri-de ölüm jezasyna buýurmandygy bellidir. Şeýle-de Monomahyň pikirine görä, knýaz elmydama okamaly, öwrenmeli: ,,başarýan zadyňyzy unutmaň, bilmeýäniňizi bolsa, öwreniň.” Knýazyň öz töwereginde sosial taýdan gelip çykyşyna garamazdan, parasatly maslahatçylar bilen gurşamagy möhüm hasaplanylýar. Daniil Zatoçnyý şeýle ýazýar: ,,Garyp akyldary çöreginden mahrum etme, akylsyz baýy belende göterme.”

Elbetde, bu teklipler bilen hakyky ýaşaýşyň arasynda uly aratapawut bardy. Knýazlar häkimiýet ugrundaky gazaply göreşde ähtiýalanlyk edipdirler, gan hem döküpdirler, ýöne şeýle nusgawylygyň bolmagy häkimiýetiň hereketine baha bermäge we tankytlamaga mümkinçilik berýär.

## Häkimiýetiň mümkinçilikleriniň meseleleri

Moskwa Rusunyň - merkezi samoderžaw döwletiniň dörän döwründe häkimiýet ideýasy üýtgeşmelere sezewar bolýar. Bu döwür Konstantinopolyň (1453- ýyl.) alynmagy we Wizantiýanyň ýykylmagy bilen gabat gelýär. Rus döwleti özüniň syýasy garaşsyzlygyny gorap saklan ýeke-täk prawoslaw döwleti bolup galýar. (Serbiýa we Bolgariýa patyşalygy Wizantiýa ýykylmazdan öň garaşsyzlygyny ýitiripdi.) Iwan III Wizantiýanyň iň soňky imperatorynyň erkek doganynyň gyzy Sofiýa Paleolog bilen nikalaşyp, özüni wizantiýa monarhlarynyň oruntutary hasaplaýar. Moskwanyň beýik knýazyny şondan beýläk wizantiýa nusgasyna eýerip, patyşa we awtokrator (samoderžaw) eke-täk hökümdar diýip, atlandyrýarlar. Häkimiýetiň dini –syýasy taýdan ýokarlandyrmak prosesini Pskowda ýerleşýen monastyrlaryň biriniň inokomy Filofeýiň XIV asyryň başlarynda esaslandyran ,,Moskwa- üçünji Rim” diýen taglymaty tamamlaýar. Ol Moskwa patyşasy –indi hakyky diniň ýeke-täk goragçysy we ähli prowaslawlaryň hökümdary, sebäbi iki Rim (başgaça aýdylanda gadymy Rim we Konstantinopol) ýykyldy, üçünji Rim-Moskwa dur, dördünji bolsa bolup bilmez. Rus gadymy beýik prowaslaw döwletleriniň mirasdüşeri, iň soňky we baky prawoslaw dünýäsiniň patyşalygy diýlip, yglan edilýär. Bu döwürde güýçli, hiç kim tarapyndan çäklendirilmedik häkimiýet ideýasy örän meşhur bolýar.

Ýeke-täk hökümdar häkimiýetini igumen- erkekler monastyrlarynyň başlygy Iosif Woloskiý tarapyndan (1439-1515-nji ýyllar.) ýolbaşçylyk edilen ybadathana topary goldaýar. Ol patyşa häkimiýetiniň dini esaslaryny yglan edýär: ol diňe daşky keşbi boýunça adama meňzeş ,,onuň häkimiýeti Hudaý tarapyn”. Iosif Woloskiý ,, adama däl-de hut Hudaýa gulluk edýän ýaly ” beýik knýaza boýun bolmaga we onuň erkine tabyn bolmaga çagyrýar.

Şu döwürde, häkimiýetiň wekilleriniň mümkinçilikleriniň çäklidigi baradaky pikiriň ýok bolmagy häsiýetli zatdy.

XIX asyrda rus taryhçysy W. O. Klýuçewskiý Russiýada patyşa mirasdüşer ýer eýesi ýaly: bütin ýurt onuň üçin doly ygtyýarly hususy ýer eýeçiligi ýaly hereket edýär.

Ylaýta-da mirasdüşer ýer eýesi pikiri Iwan Ýowuzda has aýdyň ýüze çykýar. (Onuň dolandyran ýyllary:1533-1584). Ol patyşanyň hereketleri bütinleý diýen ýaly garaşly däl: ony jenaýatçylykda günäkärlemek we masgaralamak gadagan. Patyşanyň, onuň pikirine görä, dini-ahlak kadalara tabyn bolmagy hökman däl, olar erkin hereket edýän samoderžaw üçin däl-de, monarhlara degişli. Elbetde, Iwan Ýowuzyň güýçli, köp taraply şahsy aýratynlygy sebäpli, despotiki häsiýetler onuň taglymatynda ýiti garşylyga duçar bolýar. Ýöne, oňa garamazdan, dolandyryjy, ýokary toparlaryň aňynda ýene uzak wagtlap agalyk eden häkimiýetiň tutýan orny we onuň jemgyýete bolan gatnaşygy baradaky dünýägaraýşyň esasy mazmunyny, Iwan IV örän takyk beýan edýär.

Awtoritarizmiň şeýle ýüze çykmalaryny jemgyýet nähili kabul edýär? Şol döwürde birnäçe syýasy taglymatlar ýüze çykyp, olaryň awtorlary häkimiýetiň ynsanperwerligi we onuň jemgyýetiň öňündäki jogapkärçiligi hakyndaky meseläni dürli-dürli goýýarlar.

Täze emele gelýän rus dworýanlary öz ideologlaryny ýurtda geçirilmeli özgertmeleriň meýilnamasyny beýan edip, Iwan IV ýüzlenen arzaçy-Iwan Pereswetowy öňe sürýärler. Onuň pikirine görä, patyşa öz maslahatçylary, duma bilen bilelikde dolandyrmaly, olar bilen öňünden ara alyp maslahatlaşmazdan hiç bir işi bellemeli däldir. Pereswetow häkimiýeti „berk” bolmaly diýip hasaplaýar. Eger patyşa ýumşak we gowşak bolsa, onda onuň patyşalygy gowşaýar, eger-de ol gazaply we parasatly bolsa, onda ýurt gülläp öser. Pereswetow boýarlaryň eden-etdiligi, dikmeleriň çäksiz ýygymlary, patyşa gullukçylarynyň ýaltalygy we özara duşmançylygy Rus döwletiniň betbagtçylygy hasap edýär. Bu ýagdaýdan ýeke-tak çykalga Gündogarda (bu onuň häsiýetli tarapy), Türkiýede höküm sürýän düzgünlerden ugur alyp, despotizmi güýçlendirmegi dogry hasaplaýar. Elbetde, şol bir wagtyň özünde ol hakykatdan güýçli döwletde halk özüni gul ýaly däl-de, erkin adamlar hökmünde duýmalydyrlar, diýip tassyklaýar.

*Topraga zulum edilse , ol ýerde şer işler döreýär...*

*Iwan Pereswetow.*

Günbatardan ugur alýan beýleki bir ugry knýaz Andreý Kurbskiý eýeleýär.„Moskwanyň beýik knýazy hakynda taryh “ atly işinde, ol soslowiýeleýin monarhiýanyň tarapdary hökmünde çykyş edýär: patyşa diňe bir öz maslahatçylarynyň däl, eýsem, „bütin halkyň” gatnaşmagynda dolandyrmaly. Samoderžaw häkimiýet, onuň pikirine görä, hristiançylygyň prinsiplerine ters gelýär: ol patyşa- despoty özüni hudaý hasap edýän Melgun bilen deňeşdirýär.

Hut Kurbskiden, öz mazmuny babatynda Günbatar Ýewropa syýasy taglymatyna golaý, rus liberal syýasy pikiriň ösüşi başlanýar. Gynansakda, bu taglymatlary Russiýada amala aşyrmak, köp asyrlara çeken kyn proses bolmak bilen, onuň ýolunda örän agyr päsgelçilikler durdy. XVI asyryň iň görnükli diplomaty we akyldary –Feodor Karpow jemgyýetiň adalatlylygyna we

kanunçylygyna uly ähmiýet berýär. Jemgyýetiň abadançylygy onuň üçin ýurduň kuwwatlylygynyň esasy özeni bolup durýardy. „Uzak wagtlap çydamaklyk”, jemgyýetiň gowşaklylygy bikanuncylyk bilen birlikde, ahyrsoňy döwleti weýran edýär.

*Şeýlelikde, häkimiýet nähili bolmaly diýen pikir babatynda dürli-dürli salgylanmalar döreýär. Ýöne, bu meseläniň eýýäm XVI asyrda rus intellektuallarynyň arasynda çekeleşikli we ara alnyp maslahatlaşylmagy örän möhümdir. Monarhyň häkimiýetiniň çäksizligi ideýasynyň, olaryň erkin pikirliliginiň derejesiniň bir meňzeş däldigine garamazdan, garşydaşlary barha köpelýär.*

## §3. Russiýanyň döwlet gurluşy we sosial-ykdysady ösüşi.

Russiýanyň taryhyny öwrenmek bilen meşgullanýan, meşhur günbatar taryhçysy R. Paýps, rus döwleti ýurtda has gazaply awtoritar düzgün girizmek bilen, jemgyýeti bölek-bölek edip, „ýuwudyp” başlaýar diýip, ýazýar. Hakykatdan hem, Günbatar Ýewropadan tapawutlylykda jemgyýetiň döwlete täsiri ýeter ýaly, onuň hereketlerine düzediş girizer ýaly, döwlet bilen jemgyýetiň arasynda gatnaşyklar ýola goýulmandy. Russiýada ýagdaý düýbünden başgaçady: bu ýerde jemgyýet döwletiň güýçli gözegçiliginde bolup, döwlet ony gowşadýardy ( gündogar despotiýalaryndaky esasy prinsipi ýada salalyň; güýçli döwlet- gowşak halk), onuň ösüşini ýokardan, has gazaply usullar arkaly ugrukdyrýar, ýöne, şeýle-de bolsa ýurt üçin zerur maksatlaryň göz öňünde tutulmagy seýrek bolmaýar.

### Döwlet gurluşynyň we feodalizmiň ösüşi

Gadymy Rus döwleti feodalizmiň goşundysyz we şol sebäpli-de örän haýal ösýän ugruny berýar. Günbatar Ýewropanyň käbir döwletleri ýaly (Gündogar Germaniýanyň we Skandinawiýanyň), gündogar slawýanlar ilkidurmuş jemagat-çylygyndan gönüden-göni feodalizme geçýärler. Ýurduň sosial –ykdysady durmuşyna daşarky ýagdaý- Russiýany birnäçe görkezijiler boýunça yza çeken mongol-tatar basybalyşlary hem oňyn däl täsirini ýetirýär.

Ilatynyň az sanlylygyny we Russiýanyň ösüşindäki ekstensiw häsiýetini nazara alyp, feodallar daýhanlaryň ýeri taşlap gitmeginiň öňüni almaga synanyşyk etmekleri gutulgysyzdy. Ýöne, agalyk ediji synpyň bu meseläni özbaşdak çözmäge ýagdaýy bolmaýar, feodallar öz aralarynda gaçgaklary kabul etmezlik barada şertleşýärler.

Şeýle ýagdaýda häkimiýet döwlet krepostnoýçylyk ulgamyny döredip, feodalçylyk gatnaşyklarynyň berkarar bolmagynda işjeň orny eýeläp, daýhanlaryň ykdysadyýetden daşary tabynlyga mejbur etmek meselesini öz üstüne alýar.

Netijede, krepostnoýlaşdyrmak ýokardan amala aşyrylyp, daýhanlaryň bir feodaldan beýlekisine geçmek mümkinçiligi kem-kemden ellerinden alynýar. (1497-nji ýyl-Ýurýew güni hakynda kanun, 1550-nji ýyl jan başyna salgygyň ýokarlandyrylmagy, 1581-nji ýyl „gadagançylyk ýyllarynyň” girizilmegi.) 1649-njy ýylyň Düzgünnamasy krepostnoýçylyk hukugyny gutarnykly ornaşdyryp, feodallara daýhanlaryň diňe bir emlägine däl, eýsem olaryň şahsyýetine-de doly

ygtyýar etmäge hukuk berýär. Krepostnoýçylyk hukugy feodal garaşlylygyň görnüşi hökmünde iňňän agyr ugurdy. (Günbatar Ýewropada daýhanlaryň ýere bolan şahsy eýeçiligi saklanyp galypgy.) Netijede, Russiýada aýratyn ýagdaý emele gelýär: daýhanlaryň şahsy garaşlylygy iň ýokary derejä çenli ýeten döwri, ýurduň täze döwre gadam basan wagty bilen gabatlaşýar. 1861 –nji ýyla çenli saklanan krepostnoýçylyk hukugy, obada söwda – pul gatnaşyklarynyň ösüşine özboluşly aýratynlyk berýär: diňe bir dworýanlaryň däl, eýsem, daýhanlaryň-da işjeň alyp barýan telekeçiligi, hakyna tutma işçileriň däl-de, krepostnoýlaryň zähmetine esaslanylyp alnyp barylýardy.Telekeçi-daýhanlaryň aglaba bölegi öz alyp barýan işlerini goraýan ýuridiki hukuklary gazanyp, berk ätiýaçlyk alyp bilmeýärler.

Ýöne, kapitalizmiň, ylaýta-da obada haýal ösmeginiň esasy sebäpleri bu zatlar däldi. Bu ýerde rus jemagatçylygy hem özboluşly möhüm orny eýeleýär. Rus jemagatçylygy sosial organizmiň esasy özeni bolmak bilen, köp asyrlaryň dowamynda ykdysady we jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşini kesgitleýär. Onda kollektiwçilik başlangyjy güýçli ýüze çykýar. Jemagatçylyk feodalyň adminastrasiýasynyň tabynlygynda bolup, feodalçylyk eýeçiligi şertlerinde önümçiligiň özeni hökmünde saklanyp, öz-özüni dolandyryş hukugyny ýitirýär.

Öz-özüňi dolandyrmagyň has aýdyň beýany döwlet daýhanlarynda bolupdyr: Iwan IV döwründen bäri döwlet tarapyndan goldanylýan ýerli saýlawly ulgam-zemstwo ekabyrlary (starostalaty) bu ýerde saklanyp galypdyr. Kazaklaryň bileleşikleri jemagatçylygyň aýratyn görnüşini berýär. Bu ýerde indiwidual ösüşiň başlangyçlarynyň mümkinçikleri has giň bolupdyr, ýöne, kazak jemagatçylygynyň Russiýada aýgytlaýjy ähmiýeti bolmandyr.

Jemagatçylyk rus jemgyýetiniň özboluşly aýratynlygy däldi – ol feodalizm döwründe Günbatar Ýewropada bardy. Ýöne, german görnüşine esaslanýan günbatar jemagatçylygy rus jemagatçylygy bilen deňeşdirilende has dinamiki-köp hereketlidi. Jemagatyň ahyrsoňy dargamagyna sebäp bolan, indiwidual başlangyç bu ýerde çalt ösýärdi.

Ýewropa jemagatçylygynda ýer paýlarynyň her ýylky bölünşigi, indiwidual tutumlar, ot ýygnamaklyk we şuňa meňzeşler bireýýäm ýok edilipdi.

Bu ýagdaý Russiýanyň mülkdarçylyk we çernosotonçylyk jemagatçylygynda, oba durmuşynda deňleşdirme prinsipini goldamak bilen, XIX asyra çenli saklanyp galýar. Hatda reformadan soň hem, jemagatçylyk haryt - pul gatnaşyklaryna çekilip, özüniň adaty ýaşaýşyny dowam edýär, esasan hem döwlet goldawyndan peýdalanýar, ýöne, oňa esasy goldawy daýhanlar tarapyndandan berilýär. Agrar özgertmeleriň taryhy bu sosial öýjügiň nähili derejede ýaşaýşa ukyplydygyny we şol bir wagtyň özünde konserwatiwdigini aýdyň görkezmegi başardy. Daýhanlar Russiýada ilatyň esasy köpçüligini düzmek bilen, bu köpçülikde jemagatçylyk aňynyň iň giň we dürli aspektlerini öz içine alýan görnüşi agdaklyk edýär.(zähmede bolan gatnaşygy, indiwidiň „dünýa bilen ýakyndan gatnaşygy, döwlet hakynda we patyşanyň sosial orny hakynda özboluşly gözýetimler we ş.m.) Esasan hem, oba durmuşynyň ykdysadyýetinde adaty deňleşdirmekligi goldamak

bilen, buržuaz gatnaşyklaryň aralaşmagy we ornaşmagy üçin jemagatçylyk ýeterlik derejede berk päsgelçilik döredýär.

**Döwlet we jemagatçylyk.**

Agalyk ediji synpyň, feodallaryň endigan ösüşi-de, köp ugurlar boýunça döwletiň syýasaty esasynda kesgitlenilýär. Russiýada iri ýer eýeçiliginiň iki görnüşi emele gelýär: ýer eýesiniň ýere doly ygtyýar edip we miras galdyrmaga hukugy bolan boýarlaryň mülkleri we pomestýeler-(satmaga we sowgat bermäge hukuksyz) dworýanlara we harby gullukçylara goşunda we döwlete eden gullugy üçin berilýän ýer.

XV asyryň ikinji ýarymyndan, dworýanlaryň işjeňligi ýokarlanýar, bu proses ilkinji nobatda Iwan Ýowuzyň we döwletiň ýakyndan goldamagy esasynda bolup geçýär. Olar merkezi häkimiýetiň esasy daýanjy bolmak bilen, belli bir kesgitlenen borçlary (salgytlary tölemek, hökmany harby borçlulyk) ýerine ýetirýärler. Pýotr I patyşalyk eden döwründe ähli feodallar synpy gullukçy adamlara öwrülýärler, diňe Ýekaterina II döwründe, olar sözüň doly manysynda aýratyn hukukly synp bolup, şol döwrüň dworýanlaryň „altyn asyry” diýilmegi tötänleýin däl.

Ybadathana hakyky özbaşdak syýasy güýç bolmagy başarmaýar. Döwlet häkimiýetini onuň ilkinji nobatda, jemgyýete edýän güýçli ideologiki täsiri gyzyklandyrýardy. Şonuň üçin hem, hristiançylygyň kabul edilen ilkinji asyrlarynda Wizantiýanyň ybadathanasynyň işlerine goşulmagyndan halas bolmak maksady bilen, beýik knýazlar rus mitropolitlerini belleýärler. 1589-njy ýyldan başlap, Russiýada özbaşdak patriarhçylyk tagty döredilýär, ýöne, ybadathananyň döwletden garaşlylygy has - da ýokarlanýar. Bu garaşly ýagdaýy özgertmek üçin ilkinji gezek XVI asyrda erkekler monastyrlarynyň baştutanlary tarapyndan, soňra bolsa, XVII asyrda patriarh Nikon tarapyndan edilen synanşyk şowsuz gutarýar. Pýotr I döwründe ybadathananyň gutarnykly döwletleşdirilmegi tamamlanýar; „patyşalyk keramatlylygy” ýeňýär. Patriarhçylyk Sinod (Ruha nyçylyk kollegiýaýasy) bilen çalşylýar, başgaça aýdylanda, döwletiň dolandyryş pudaklarynyň birine öwrülýär. Ybadathananyň girdejilerine döwlet gözegçiligi ýola goýulýar, monastyr we ýer arhial mülklerini dolandyrmak dünýewi hökümdarlar tarapyndan amala aşyrylýar.

Günbatar Ýewropada ykdysady durmuşy öňe iterýän, işjeň syýasy güýç bolan buržuaz gatnaşyklaryň daýanjy hasaplanylýan, şäherleriň Russiýada ýagdaýy nähili bolupdyr?

Russiýanyň şäher ilaty hem Günbatar Ýewropanyň şäher gatlagyndan öz aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Rus şäherleri düzgün bolşy ýaly, feodallaryň mülk ýerlerinde (ak slobodalar ) ýerleşip, ol ýerlerde mülk senetçilgi ösüp, şahsy taýdan erkin senetçilere - posad adamlaryna diýseň ähmiýetli bäsdeşlik döredipdir. Nowgorodda we Pskowda şäher –respublikalarynda ýagdaý düýbünden başgaçady: feodallar şähere tabyn bolmaga mejburdylar. Posad adamlary - orta asyr şäher ilaty şeýlelikde, ähmiýetli syýasy güýç bolmagy başarmaýar. Üstesine-de, umumy ykdysadyýetden daşary mejbur etmekligiň güýçlendirilmegi posad adamlaryna

hem täsir edýär: olara hut krepostnoý daýhanlara gadagan edilişi ýaly, bir posaddan beýlekisine geçmeklik gadagan edilipdi. Şäherleriň sosial işjeňliginiň gowşak ösüşi saýlawly dolandyrylşygyň diňe bir aýratyn elementleriniň emele gelmegindedi (şäher starostalary- ekabyrlary).Ýöne, onuň häsiýetli tarapy, örän giç, Iwan IV döwründe merkezi häkimiýetiň goldaw bermegi esasynda kemala gelýär.

Döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklaryň şeýle häsiýeti, göräýmäge, gündogar görnüşini ýadyňa salýar. Siwilizasiýanyň durmuşynda döwlet esasy orny eýelemek bilen, onuň köp proseslerine, şol sanda ykdysady gatnaşyklaryna-da täsir edýär, käbirlerini gowşadýar, beýlekileriniň bolsa ösmegine mümkinçilik açýar. Jemgyýet döwlet häkimiýetiniň çenden aşa gözegçilik etmegi sebäpli gowşak hem-de jebisleşmedikdi, şol sebäpli-de häkimiýediň hereketlerine düzediş girizmekligi başarmaýar.

Ýöne, orta asyr Rus döwletiniň syýasy durmuşynda ony gündogar modelinden düýpli tapawutlandyrýan beýleki häsiýetler emele gelýär. Oňa XVI- asyryň ortalarynda Russiýada Zemstwo soborlarynyň-merkezi wekilçilikli organyň döremegi mysal bolup biler. Elbetde, häzirki ýagdaýda, rus „parlamenti” jemgyýetiň gazananlary däldi: ol „ýokardan” Iwan Ýowuzyň permany bilen döredilip, patyşa häkimiýetinden örän garaşly ýagdaýdady. Eýsem-de bolsa, bu Soboryň ýaşaýşa ukypsyzlygynyň alamaty däldi. Ol bulagaýlyk döwründe örän işjeňlik we özbaşdaklyk görkezýär. Polýak-şwed interwensiýasy ýyllarynda, haçan-da monarhiýa çuňňur çökgünlik ýagdaýynda wagty, hut Zemstwo sobory döwleti we milliligi gaýtadan dikeltmek ugrundaky göreşde esasy guramaçy güýç bolýar. Elbetde, monarhiýanyň gaýtadan berkemegi bilen soborlaryň ähmiýeti peselip başlaýar, soňra bolsa düýbünden ýitip gidýär.( Iň soňky gezek Sobor 1653-nji ýylda Ukrainanyň Russiýa birikdirilmegi meselesini çözýär.)

Şeýlelikde, Sobor hemişelik hereket edýän, hukuk ýagdaýy we ygtyýarlylygy ýuridiki taýdan berkidilen häkimiýet organy bolmagy başarmaýar. Jemgyýet bu ýagdaýda, ýeterlik derejede zerur bolan erjellik we agzybirlik görkezmegi başarmaýar, döwlet bolsa golastyndakylar bilen öňki adaty gatnaşyklaryna dolanyp barýar.

*Eýsemde bolsa, orta asyr Russiýanyň taryhy häkimiýet bilen jemgyýetiň arasynda dialogy gurnap bolmak mümkinçiliginiň bardygyny görkezýär. Ýöne, bu gatnaşyklar hut Günbatar Ýewropada bolşy ýaly aýdyň görnüşde öz beýanyny tapmady.*

## §4. Russiýanyň medeniýeti

### Wizantiýa mirasy

Günbatar Ýewropanyň mysalynda, siwilizasiýanyň ösüş depgininiň emele gelmeginde we çaltlandyrmakda nähili derejede mirasdüşerligiň möhümligine göz ýetirdik. Russiýa üçin hristiançylygyň kabul edilmegi birinji derejeli waka hasaplanylýardy: Hristian siwilizasiýasynyň düzümine girmek bilen, Russiýa özi

üçin Wizantiýada we Ýewropada jemlenen dini –ahlak gymmatlyklary, tebigy ylmy- bilimleri özleşdirmeklige giň ýol açýar.

Ýöne, gündogar we günbatar hristiançylygyň gapma-garşylygy, Russiýanyň hristiançylyk dünýäsinde tutýan ornuny, medeni gatnaşyklarynyň ugurlaryny şol pursat kesgitleýär.

Missionerçilik işi bilen işjeň meşgullanýan Wizantiýanyň täsirine sezewar bolmak bilen, Russiýa hristiançylygy prawoslaw görnüşini kabul edip, köp asyrlaryň dowamynda Günbatar Ýewropadan çetleşýär. Eýsem-de bolsa bu gatnaşyklaryň düýbünden bolmandygyny aňlatmaýar. Olar bardy, ýöne ol tutuş orta asyryň dowamynda Russiýada gowşakdy. Wizantiýanyň, ylaýta-da XV asyrdan başlap özüni dini mirasdüşer hasaplan - Gadymy Rus babatynda täsiri has uludy.

Orta asyr aňy üçin dini ynançdaky aratapawut şeýle bir möhümdi welin, ilkinji nobatda dinsizlige deňelen Ýewropa „latynçylyk" merkez hasaplanylýardy. Bu bolsa, elbetde, ýewropa medeniýeti babatynda dini oňuşmazlyk bilen reňklenip: kabul edilmegine mümkinçilik bermeýär. Günbatar siwilizasiýalarynyň miwelerine bolan isleg haýal ösýär we XVII asyrdan başlap, intellektuallaryň has giň köpçüligini öz içine almagy esasynda durnukly häsiýete eýe bolýar.

Wizantiýa Russiýany baý maddy baýlyklary bilen „sylaglamady". Öňki Rim imperiýasynyň çäklerinde ýerleşen Günbatar Ýewropadan tapawutlylykda, Russiýa Wizantiýa siwilizasiýasynyň miwelerini çäklendirilen ýagdaýda özleşdirýär. Şonuň üçin Wizantiýanyň täsiri, esasan-da edebiýata, sungata, syýasy we ylahyýet pikirlerine aralaşýar.

Wizantiýa edebiýaty gadymy rus kitapçylarynyň pähim-paýhas süzüp alýan çeşmesi däldi. Wizantiýa nusgasy esasynda rus ybadathanalarynda ybadat etmek kabul edilýär. Gadymy Rusuň özüne mahsus filosofiki pikirleri Wizantiýa ylahyýetçileriniň döredijiligi esasynda ösýär, ikonalar wizantiýa nusgasy esasynda döredilýär, köp sanly Wizantiýa rowaýatlarynyň we durmuş wakalarynyň mazmunlary halk poeziýasynyň esaslaryna girip, XX asyra çenli öz meşhurlygy-ny saklaýarlar. Rus medeniýetine Wizantiýa medeniýetiniň täsiri Konstantinopol ýykylandan soň hem dowam edýär; bu özüni döreden medeniýetiň, siwilizasiýanyň heläkçiliginden ahyrky günleridi. Üstesinede, bellemeli zatlaryň biri-de, wizantiýa medeniýetiniň nusgasyna salgylanmak öz erkiňe saýlamaklygy aňlarmaýardy. Meselem, keramatlylary we beýleki Injiliň wakalaryny gönüden-göni beýan etmeklik takyk, jikme-jik işlenilip düzülipdi. Şeýle „hökmüro-wanlygyň" esasy sebäbi, elbetde, orta asyr aňynyň „howply" täzelige däl-de, gaýtalamaklyga, at-abraýa salgylanmaklygyna esaslanýardy. Oňa garamazdan, aýdyň indiwidual Rus medeniýeti döreýär we saklanyp galýar, ýöne wizantiýa nusgasyna salgylanmak wagtyň geçmegi bilen döredijilik başlangyjyny has bökdeýär, gerekmejek päsgelçilik döredýär. Bu ylaýta-da XVII asyrda, haçan-da orta asyryň tamamlanmagy bilen has aýdyň ýüze çykýar.

Wizantiýa medeniýeti ýaş, öz taryhyny ýaňy başlan Russiýa näme berdi, Wizantiýadan Russiýa nämeler aldy? Keseki medeniýetiň gazananlaryny

özleşdirmeklik, bu-işjeň we döredijilikli proses bolmak bilen, onda hökmany özboluşly seçip almaklyk bolup geçýär: ählisi kabul edilip alynmaýar, ilkinji nobatda kabul edilip alynýan medeniýetiň derejesine we islegine gabat gelýäni saýlanylyp alynýar.

XI -XII asyrlaryň okyjylarynyň öňünde saýlamaga giň mümkinçilik bolupdyr: özünde orta asyr adatlaryny, Adam atadan başlap ähli dünýä taryhyny, Kozma Indikoplawyň „Kosmografiýa" (başgaça „Dünýäniň beýany") atly geografiki ylmy işinde Ýazgylaryň we ybadathanalaryň baştutanlarynyň tekstleri; ahlaklylyk hakyndaky ýygyndylar, taryhy eserler, wizantiýa hronikasy, onuň ygtyýarynda bolupdyr. Öňki butparazlary gyzyklandyran edebiýatyň ornuna täze hakykata, dünýäni döwrebap garaýşyň esasynda beýan edýän, ruhuny halas edýän edebiýat gyzyklandyrýardy.

Wizantiýa medeniýeti arkaly Russiýa belli bir derejede antiki medeniýetiň däp-dessurlary bilen tanyşmaga mümkinçilik alýar. Wizantiýaly we rus ylahyýetçileri butparaz filosoflaryň we ýazyjylaryň terjimeleri bilen az gyzyklanýarlar. Ybadathandan birugsat antiki çeşmelere özbaşdak ýüzlenmek isleýänleriň öňünde has uly päsgelçilikleriň biri-de dil meselesidi. Günbatar Ýewropadan tapawutlylykda Gadymy Rusda hudaýa ybadat etmeklik slawýan dilinde alnyp barylýar, latyn we grek dillerini öwrenmekligiň zerurlygy bolmaýar. Netijede, gadymy rus okyjylarynyň aglaba bölegi hakyky hristianlar bolan, oňa aýratyn düşündiriş bermäge synanşyk edýän Wizantiýaly ýazyjylaryň we taryhçylaryň gürrüňleri esasynda antiki medeniýet hakyndaky maglumatlary alýarlar. Şol esasda gadymy Rusda kitap ýazýanlar hronikalardan gadymy grek ef-sanalarynyň mazmuny barada bilýärler.

Şeýlelikde, antiki edebiýatynyň terjime beýany hristiançylyk kabul edilenden soňra-da, ondan öň hem edilmeýär. Bu esasan hem dünýewi bilim ulgamynyň ýoklugy we hristian däl, keseki medeniýeti ýazgarýan Rus ybadathanasynyň nukdaýnazaryndan düşündirilýär.
Eýsem-de bolsa bu Gadymy Rus döwletinde sowatlylygyň pesdigini aňlatmaýar.

Diňe az sanly intellektuallar, ylaýta-da mongollardan öňki döwürde „ellin giňdüşünjlilik " özleşdirilýär. Olaryň biri-de mitropolit Kliment Smolýatiç (XII asyr.**)** bolup, döwürdeşleri ony pähim-paýhasy üçin hormatlapdyrlar, sebäbi ol Gomeri, Platony we Aristoteli okaýar eken. Ýöne, ylahyýetçiler Kliment Smolýatoçiň okumyşlygyna ynamsyzlyk bilen garapdyrlar, birneme soňra bolsa „keseki dinlilikde' aýyplap, onuň ähli dini-filosofiki işlerini ýok edýärler.

Antiki medeniýetiň ikinji derejeli çeşmelerden öwrenilmegi nähili netijelere getirdi? Ilkinji nobatda, XIV- XV asyrlarda emele gelen täze ideýalaryň aralaşmagynda uly päsgelçilik döredýär. Antiki medenieti gowşak öwrenilendigi sebäpli, Gadymy Rus Gaýtadan döreýiş döwrüni başyndan geçirmeýär ( ýöne bu ýeke-täk sebäbi däldi).

*Biz ... mongollaryň çozuşynyň hötdesinden geldik,, eger-de Moskwa döwrüniň intelligensiýsy Günbataryň latyn dilini bilişi ýaly - grekçe bilselerdi, biziň moskwaly we kiýewli ata-babalarymyz hristianlaryň hiç bolmanda gizläp we*

*ýok edip ýetişmediklerini okan bolsalardy, onda bizde Gaýtadan döreýiş nähili bolardy...*

*G.Şpet, rus filosofy „Rus filosofiýasynyň ösüşiniň oçerki”1922 ý.*

X –XI asyrdan soň gadymy rus medeniýetine wizantiýanyň güýçli tasiri XIV-XV asyrlarda başlanýar. Mongol-tatar agalygyndan halas bolmak netijesinde, gadymy we Wizantiýanyň medeniýetine bolan zerurlyk güýçlenýär. Günorta slawýan ýurtlary arkaly, ilkinji nobatda Bolgariýadan Rus döwletine köp sanly edebiýat aralaşýar. Ýöne, Russiýa Wizantiýa medeniýetine ýüzlenmeklik orta asyr ideýalary we gymmatlyklary bilen deňeşdirilende düýpli özgerişlik bermeýär.

Şol döwürde wizantiýa ylahyýetinde höküm sürýän *isihazm* orta asyr dünýägaraýşyny beýan edýärdi.

Isihistler özleriniň üns merkezinde şahsyýeti, ýöne, öz pikirini ýerdäki däl-de, ýokarky ýaşaýşa gönükdiren orta asyr şahsyýetini, onuň çylşyrymly içki dünýäsini goýýar.

Şeýlelikde, şol döwür haçan-da Ýewropa orta asyr gymmatlyklar ulgamyndan el çekip, gumanizm we rasionalizm ideallaryny kabul edýän wagty, Russiýa Wizantiýadan mistiki- asketiki ugurlary emele getirýän ideýalary alýar. Isihazm täsiri bilen rus ybadathanasynda Nil Sorskiniň baştutanlygynda dörän hereket „ýaşaýyşdan el üzmegi” wagyz edýär.

Wizantiýa orta asyrlar döwründe Russiýa dolylygyna öwrenilip ýetişilmedik, ägirt uly medeni baýlyk galdyrýar. XIX asyryň görnükli rus filosoflary we ýazyjylary: Wl. Solowýew, K. Leontýew, F. Dostaýewskiý, L.Tolstoý bu medeni baýlygy çüňňur öwrenýärler. Ýöne, wizantiýa medeniýetiniň ähli beýleki medeniýetlerde bolşy ýaly özüne mahsus bolan özboluşly ugry - öz gymmatlyklar ulgamy bolup, ylaýta-da XVII asyryň rus medeniýetiniň täze ösüş tendensiýalaryna örän ters gelýärdi.

## Gadymy rus medeniýetinde dünýewi ideallyk

Gadymy Rusuň medeniýetinde gymmatlyklar ulgamy hristiançylygyň täsiri bilen emele gelýär, ýöne beýleki hristian siwilizasiýalary ýaly birmeňzeş we hereketsiz däldi. Ýerdäki manysyz ýaşaýyşdan daşlaşyp, özüni ybadat etmeklige, doga okamaklyga bagyş eden päk derwüşiň ýa-da monahyň keşbi gadymy rus adamlarynyň aňyna örän uly täsir edýär. Ýöne, şeýle mistiki- asketiki ideal ýeke-täk däldi.

Dünýewi ideýallyk folkloryň içinden-de eriş-argaç bolup geçýär, dünýewi ugur Günbatar Ýewropa deňeşdirilende gowşak hem bolsa-da, gadymy rus hat-ýazuwynda ösdürilýär. Iň gadymy rus ýazyjylarynyň biri Wladimir Monomah – özüniň meşhur „Wesýetlerinde” dünýewi işler bilen hristiançylyk gymmatlyklar ulgamynyň arasynda haýsydyr bir deňagramlylygy tapmaga synanyşýar. Monomah -„pukaralar” babatynda ynsanperwer, güýçlilere adamy heläk etmäge ýol bermeýän, ýerliksiz zulum etmeýän, öz ýurdunyň bähbidi ugrunda alada edýän hristian- knýazyň nusgawy keşbini döredýär. Agyz beklemek we dini däp-

dessurlaryň ýerine ýetirilşi däl-de, haýyr işler we ýürekden okalan aýat-dogalar diniň hakyky görkezijileridir.

Elbetde, Monomaha meňzeş akyldarlar köp däldi, düzgün bolşy ýaly, ybadathana hem durmuşdaky artykmaç islegleri goldamaýar. Eýsem-de bolsa, ybadathana bütinleý dünýewi işleriň gymmatlyklaryny inkär etmeýär. Köp sanly rus syýasy işgärleriň (knýazlar Boris we Gleb, Aleksandr Newskiý we ençeme başgalaryň) keramatlylyk derejesine mynasyp edilmegi tötänleýin däl. Diňe bir hristiançylyk päk ahlaklylygy üçin däl, eýsem döwletiň bähbitlerini öz şahsy bähbitlerinden ýokarda goýýarlar ýa-da harby edermenlik görkezýärler. XVI asyrda murom knýazy Pýotr öz aýaly Fewroniýa bilen keramatly diýlip, ykrar edilýär, olar ýaşaýşyň adaty dünýewi şekilini alyp baryp, diňe ölüminiň öňüsyrasynda monahlygy kabul edýärler. Olar many-mazmuny we äheňi boýunça Tristan we Izolda romanyny ýadyňa salýan baky söýgi hakyndaky ajaýyp şahyrana powestiň gahrymanlary bolýarlar.

Orta asyr gymmatlyklar ulgamyny „ýuwup aýyrmaklyk” prosesi kem-kemden geşmişe gidýärdi. Bu babatynda özgeriş döwri diýip, XVII asyryň ikinji ýarymyny hasap edip bolar, döwürdeşleriniň beýan etmegine görä, „gadymy zatlar we täzelikler garym-gatym boldy”

*Prawoslaw gadymyýetliginiň tarapdarlary üçin agyr bolan XVI asyrda ybadathana wizantiýa dogmalarynyň agalygyna gutarnykly zyýan ýetirdi... Ýaşaýşa erkin we ynsanperwer gatnaşyk edilip başlandy... Ýaşaýşa bolan garaýyş ýumşady...*

*N.S.Tihonrawow, meşhur medeniýeti öwreniji, XIX asyr.*

Şu döwürde žiwopisde adamzat şahsyýetine - diňe bir onuň ruhy keşbine däl, eýsem, bedeniniň şekiline hem has uly üns berilýär, ybadathana sazlarynda dünýewi äheňler peýda bolup başlaýar, ybadathanalaryň bezelşinde dekoratiwlilik, ajaýyplylyk ýokarlanýar. Terjime edilen günbatar edebiýatynyň Russiýa gelmegi ýokarlanýar. Magaryf ulgamyna günbataryň täsiri, hut gönüden-göni Ýewropadan bolmasa-da, Ukraina we Belorussiýa arkaly aralaşýar. Şol ýerden günbatar nusgasynda bilim alan alymlar, grek - monahlar bilen bäsdeşlik eden ybadathana işgärleri Moskwa gelýärler. 1687-nji ýylda Slawýan –grek –latyn uçilişesi (biraz soňra ol akademiýa bolýar) döredilýär, onda diňe bir grekçe däl-de, eýsem latynça, şeýle-de käbir beýleki dünýewi dersler okadylýar.

Şol döwrüň edebiýatynda hem möhüm özgertmeler bolup geçýär. Köp eserlerde adam özüniň ýerdäki gyzgyn duýgulary we islegleri bilen birlikde öňdäki orunlara geçýär. Özünde ähli hristian ahlaklylygyny jemlän nusgawy şekiller däl-de, artykmaçlyklary we kemçilikleri bilen birlikde, adaty adamlaryň-gahrymanlaryň täze görnüşi peýda bolýar.

Olar mysal üçin, amtly gelinlige öýlenip, baýlaşmak isleýän garyp düşen dworýan Frol Skobeýew, söýgi, at-abraý we baýlyk üçin melguna ýüregini satan täjir Sawwa Grudsyn, özüniň ownuk kemçiliklerine garamazdan, adamlara bolan örän seýrek gabat gelýän hoşniýetliligi üçin keramatlylyk derejesine mynasyp bolan Ýulianiýa Lazarewskaýanygörkezmek bolar.

Elbetde, bu täze tendensiýalar göreşsiz, ustesine-de birbada adamlaryň aňynda ýeňiş gazanmady. Eýsem-de bolsa XVII asyrda bolup geçýän özgertmeler başgaça bolup biljek däldi.

Ylaýta-da intelektuallaryň arasyndaky orta asyr gymmatlyklar ulgamy geçmişe gidipdi, ýöne welin onuň ornuna Gaýtadan döreýiş döwründe Günbatar Ýewropadaky ýaly indiwidualizm gelmeýär. Kollektiwistik ideallar özüniň ýaşamagyny dowam edýär, bu bolsa rus medeniýetiniň mundan beýläk ösüşinde aýratyn yz galdyrýar.

## § 5. Hristiançylyk we halk ynançlary

Iň gadymy rus ýyl ýazgylarynyň awtory „Wagtlaýyn ýyllaryň powestinde" Rusuň çokundyrylşyny gürrüň berip, şeýle ýazýar; knýaz Wladimiriň buýrugy boýunça Perunyň heýkeli derýa goýberilip başlananda, kiýewliler aglapdylar.Ýyl ýazgylarynda çokundyrylmagyň Günbatar Ýewropada bolşy ýaly ýygy-ýygydan zorluk ulanmak- „ot we gylyç" arkaly amala aşyrylýandygy hem bellenilýär. Onuň esasy sebäbi-de ilatyň uly topary iş ýüzünde hristiançylyk hakykatyna doly taýyn däldi.

Rus butparazlygynyň ýeterlik derejede uzak wagtlaýyn taryhy bolup, haçan-da knýaz Wladimir din saýlamak meselesini çözýän wagty, ol öz möwrütini geçirmändi. Hristiançylygyň kabul edilmegi ilkinji nobatda kemala gelýän gadymy rus döwlet gurluşynyň zerurlygy bilen baglanyşykly bolup, Russiýa şol döwrüň güýçli döwletleri bilen bir hatarda durar ýaly, täze ideýa taýdan delillendirmä mätäçlik çekýärdi.

Täze dine geçmeklik knýaz Wladimir tarapyndan, onuň butparazlygy özgertmeklige eden synanşygyndan soň amala aşyrylýar. Syýasy merkezleşdirilmä bolan isleg we beýik knýaz häkimiýetiniň abraýyny berkitmeklik ideologiki nukdaýnazardan hem beýan edilýär: Wladimir köp sanly slawýan taýpalarynyň hudaýlarynyň berk iýerarhiki ulgamyny döretmek üçin, bir diniň hudaýlarynyň toplumyny özgerdýär.

Ýöne, özgertmeler garaşylan netijeleri bermeýär, hut şondan soň täze din hakyndaky mesele ýüze çykýar. Eýýäm şol döwre çenli ýaş Rus döwleti halkara arenasyna çykypdy.

Onuň bilen Arap halyfaty we Wizantiýa ýaly güýçli döwletler deň derejede, - özara sylaşykly gatnaşmaga mejbur bolýar, Rim papasy Kiýew knýazlary bilen ýaran bolmagyň ýoluny gözleýär.

Şu nukdaýnazardan din saýlamaklyk syýasy nazarlamany saýlamak bilen baglanşyklydy. Şonuň bilen birlikde, ruhy talaplar hem borjuny ýerine ýetirýär. „Wagtlaýyn ýyllaryň powestinde" Wizantiýa baryp gören ruslar hristian ybadathansynda ybadat edilişiniň özboluşly täsiri barada gürrüň berýär: „ Ine, biz grek topragyna geldik, bizi öz Hudaýlaryna ybadat edýän ýerlerine saldylar, ýerdemi ýa asmanda biz bilmedik: çünki ýeriň üstünde beýle görnüş we gözellik ýok we bu hakynda nähili gürrüň berjegimizi hem bilemzok. Biz diňe ol ýerde Hudaý adamlar bilen bile bolýar diýip, hasap edýäris, beýleki ýurtlara garanyňda,

ol ýerde ybadat etmek örän gowy.” Ýerdäki ýaşaýşyň çäklerinden örän çalt boşap gitmek mümkinçiligini berýän ybadat etmeklik, köp asyrlaryň dowamynda Russiýnyň ruhy we dini durmuşynda esasy orny eýeleýär.

Ýöne, mesele jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň dini ynanjyny täzelemek isleginiň nähili dereje-de güýçli bolanlygyndady. Russiýanyň taryhynda bu ýene ençeme gezek gaýtalanar, öňdebaryjy syýasy adamlaryň oý-pikiri bu meselede köpçülikden mese-mälim öňde barýardy. Kiýew Rusunyň hristianlaşdyrylmagy we soňra ençeme beýleki reformalar ýaly ýokardan amala aşyrylýar.

**Butparazlyk we hristiançylyk**

Hristiançylygyň kabul edilen ilkinji asyrlarynda ( takmynan XII- XIII asyrlara çenli) iki dinlilik bar bolup, dini dünýägaraýyş ulgamynda butparazlyk we hristiançylyk dini düşünjeleri kesişýärler, özara täsir edýäler, biri-birlerine aralaşýarlar. Iki dinlilik bilen hatda rus jemgyýetiniň sowatly, aň - bilimli we medeniýetli toparlaryny-da öz içine alýar. Gadymy rus edebiýatynyň iň bir ajaýyp nusgawy „Igoryň polky hakynda söz” eseriniň atsyz awtory, özüniň baş gahrynaynyň Kiýewdäki Preswýatoý Bogorodisa ybadathanasyna – ýesirlikden täsinlik bilen halas bolmagyna minnetdarlygy üçin baş egmäge barýandygyny gürrüň berýär; şol bir wagtyň özünde knýaz Igora howandarlyk edýän gadymy butparaz hudaýlary-da ýatlanylyp geçilýär. Awtor şol bir wagtyň özünde hem butparaz hem-de hristian bolmak bilen, ol ýa-da beýleki dini dünýägaraýyşlaryň aratapawudyny bilmeýär, olar onuň aňynda bir bütewiligi emele getirýär.

Elbetde, kem-kemden ybadathananyň öz ornuny berkitmegi we hristiançylyň adamlaryň aňyna barha çuň aralaşmagy bilen, şeýle bütewi ulgam weýran bolup başlaýar. Butparazlyga başgaça düşünilip başlaýar: keseki bir zat ýaly, hristiançylygy duşmançylykly, günäli, nädogry pikir hasaplap, onuň üçin adama o dünýäde jeza garaşýar diýip wagyz – nesihat edýärler. Ýöne, şeýle ýagdaýda hem, ol her niçik-de bolsa ýaşamagyny, hatda ösmegini-de dowam edýär.

Rus ruhanylarynyň wekilleri pikirleri boýunça butparazlygyna galyp, ýöne bir resmi ýagdaýda hristian hasaplanýanlara gönükdirilen ýörite *görkezme* ýazýarlar. Olar köpçüligiň ybadathana däl-de, butparazlyk baýramçylyklaryna gatnaşanlaryny, hristian ruhanylara däl-de, butparazçylyk ruhanylaryna hormat goýanlaryny dogry hasaplaýandyklary üçin arz - şikaýat edýärler. Ylaýta-da, daýhanlaryň arasynda butparazlygyň galyndylary örän güýçli bolýar, sebäbi olaryň esasy köpçüligi sowatsyz bolup, hristiançylyk hakynda maglumaty ruhanylaryň wagyz-nesihatlary esasynda alýarlar. Hristiançylyk halkyň aňynda täze mazmuna eýe bolýär. Ol özünde gadymy butparazlyk garaýyşlary jemlemek bilen, täze efsanalary döredýär. Meselem, mallaryň goragçysy hasaplanylan gadymy hudaý Weles, daýhanlaryň mallary kesellerden goramagyny sorap, ybadat edip, doga okaýan hristianlaryň keramatly Wlasiýi bilen birleşýär. Ýyldyrym hudaýy Perunyň wepesini Pygamber Ilýa berýärler we ol hakynda rowaýatlar düzýärler. Käbir burparazçylyk hudaýlary şeýtanlar hökmünde kabul edilip başlanýar: tokaý jynlary

we suw arwahlary, tokaýlaryň we suwlaryň ruhlary Melgunyň leşgerlerine öwrülýärler.

Özleriniň bütin ömürlerini tebigat bilen aýrylmaz baglanyşdyran daýhanlar, hut öňki wagtlardaky ýaly, ony keramatly hasaplamaklaryny dowam edýärler. Baryp XIX asyrda-da, obalarda saglyk, üstünlik, bol hasyl berer ýaly güýçli jadylary tebigy  güýçlere gudratly dogalary okamaklyga bolan ynam ýaşamagyny dowam edýärdi .

Keramatlaşdyrylan tebigata dogalar bilen ýüzlenenlerinde, Hristosa we keramatlylara okalan dogalar örän geň  galdyryrýjy ýagdaýda goşulyşýar.

*Ruslar öz hrisianlygyny butparazlyga şeýle derejede golaýlaşdyrypdyrlar welin, emele gelen birleşmede haýsy biriniň artykmaçlyk edýändigini aýtmak örän kyn bolýar.*

*Kardinal D' Eliň rim papasyna ýollan maglumatyndan, XV asyr.*

Şeýlelikde, halkyň aňy hristiançylygyň elementlerini özleşdirmek bilen, az-kem öňküsi ýaly, az-kem täze özleşdirilen maglumat esasynda, oňa akyl ýetirmeklerini dowam edýärler we efsanalar döredýärler.

## Hristiançylyk dini dessurlary.

Butparazçylygyň elementleriniň aýratyn zerurlygy ýüze çykyp, onuň dini dessurlygyny ýokarlandyrýar: sebäbi butparazlar üçin dini dessurlaryň magiki häsiýeti bolup, netije adatyň  zerurlygyna bagly bolup durýar. Russiýada adatlar dini düşünjäniň iň möhüm elementleriniň biri bolupdyr. Bu *ybadathana bölünşigi* döwründe has aýdyň ýüze çykýar.  Bu ýagdaý Russiýada diňe bir daýhanlary däl, eýsem jemgyýetiň beýleki gatlaklaryny: boýarlary, posad adamlaryny- ilatyň ägirt uly köpçüligini öz içine gurşap alan, has kuwwatly sosial-dini hereketiň ýüze çykmagyna sebäp bolýar.

XVII asyryň ortalarynda patriarh Nikon ybadat etmeklik bilen baglanyşykly özgertmeler geçirmegiň zerurlygy barada karar kabul edýär. Şonuň bilen birlikde, ol esasan hem, baryp ýüzlerçe ýyl mundan öň dini kitaplardaky ýalňyşlyklary düzetmek islegi bilen gadymy wizantiýa nusgalaryna ýüzlenýär. Şol bir wagtyň özünde, ol keramatly dindarlary tertibe salmaga we olary hormatlamakda bir kybaplylygy gazanmaklyga çalyşýar. Köp sanly düzedijileriň we terjimeçileriň uzak we yhlasly zähmetinden soň, rus ybadatynyň hakykatdan hem grekleriňkiden ep-esli tapawutlanýandygy ýüze çykarylýar. Şonuň üçin Nikon birnäçe „täze düzgünleri" girizýär: bir dini aýdymy  beýlekisi bilen çalyşýar, XII asyrdan Wizantiýada bolşy ýaly, iki barmak bilen çokunylmaga derek üç barmak bilen çokunylmagy karar edýär.

Bu özgertmeleriň  hemmesi hristiançylyk dininiň esaslaryna, onuň dogmalaryna sähelçe-de täsir etmeýärdi. Eýsemde bolsa, oňa bolan garaýyş örän düýpli özgerişlere getirýär. Nikon-antihrist diýip, gürrüň ýaýraýar. *Könä eýerijiler* – köne endiklerine gabat gelýän  dine ynanmaklaryny dowam edip, reformany

kabul etmek islemeýän, şonuň esasynda ybadathana bilen arasyny üzen adamlaryň hereketi başlanýar. Solowesk monastyrynyň monahlary Nikona boýun egmek islemän, hökümet goşunlarynyň gabawyna döz gelip, (1668-1676-nji ýyllar.) sekiz ýyllap gozgalaň turuzýarlar. Reformanyň soňuna garaşyp, daýhanlar tutuş oba bolup, öýlerini we agdarylyp-bejerilmedik ekin meýdanlaryny taşlap, tokaýlara gaçyp gidýärler. Ýurtda özüni oda ýakmaklyk giňden ýaýraýar. Maglumatlara görä, XVII asyryň ikinji ýarymynda şeýle usul bilen 9 müň adam öz janlaryna kast edýärler.

Bölünşigiň netijesinde Russiýada iki; resmi we köne düzgünli ybadathana emele gelýär. Dini taýdan bölünşigi Reformasiýa döwründe, haçan-da protestançylyk dörände, Günbatar Ýewropa hem başyndan geçiripdi. Ýöne, Russiýada bölünşik köne düzgünlere dolanyp gelmek alamatlary esasynda bolup geçýär. Dogmalaryň, ahlak kadalaryň üýtgedilmegi baradaky adam bilen hudaýyň gatnaşyklary, ybadathananyň jemgyýetdäki tutýan täze orny ýaly meseleler köne düzgünleriň tarapdarlaryny gyzyklandyrmaýar. Bölünşikde köpçüligiň aňynda aýratyn häsiýet; onuň adaty däp-dessurlylygy peýda bolýar. Däp-dessurlardan ugur almaklyk we ony bozýan ähli zatlara, şol sanda esaslaryň iň bir ähmiýetsizi bozulsa-da garşylyk görkezmek bilen baglanyşykly. Köpçüligiň aňy hut şunuň ýaly, soňra Pýotr I reformalaryna-da garşylyk görkezýär; ýaşaýşa, adatlara, hojalyk işlerine ornaşdyrylan günbatar däp-dessurlary diňe bir kesekiniňki hökmünde däl-de, eýsem, ýaşaýşyň esaslaryna howp salýan ýaly kabul edilýär. Köpçüligiň dini aňyýetiniň adatlylygy we butparazlygyň galyndylarynyň saklanyp galmagy- bu zatlaryň hemmesi diňe bir Russiýada gabat gelýän özboluşly häsiýet däl. Günbatar Ýewropada hem intellektual elite bilen köpçüligiň arasyndaky aratapawut örän uludy. Ýöne, katoliki ybadathana hristiançylyga düşündiriş berip, halkyň aňyny has-da tutanýerlilik we janypkeşlik bilen özgerdýär we işleýär.

Gadymy Rus döwletinde bolsa, dindarlar ybadathananyň şeýle oýlanşykly we meýilleşdirilen täsirinden mahrum edilipdiler. Hut Wizantiýada bolşy ýaly, dindarlara ybadat etmek arkaly Hudaý bilen gatnaşyk etmekde, ýeterlik derejede uly içerki azatlyk berilýär. Üstesine-de, gönüden - göni halk bilen gatnaşyk edýan prihod ruhanylarynyň sowatlylygynyň örän pes derejede bolmagy-da duýulýar.

**Hristiançylyk ideallygy halkyň aňynda.**

Şeýlelikde, Gadymy Rusuň ilatynyň esasy bölegi butparazçylyk dininden doly arany açmaýar we hristiançylyk dogmalaryny gowşak özleşdirýärler. Ýöne bu, düýbünden hristiançylygyň ahlak ideýalarynyň özleşdirilmändigini aňlatmaýar. Olar halkyň aňyna öwüt-ündew, ikona çekmek sungaty arkaly, hudaý hakyndaky kitaplary okamak bilen aralaşýarlar we onuň organiki bölegine öwrülýärler. Elbetde, şonuň bilen birlikde käbir üýtgeşmelere-de sezewar edilýär. Halkyň arasynda „rus hudaýy” diýlip atlandyrylan Bogorodisanyň we keramatly Nikolaý Ugodnigiň kulty örän giňden ýaýraýar. Köpçüligiň aňynda Bogorodisa-da we keramatly Nikolaý-da hristianlaryň penakäri hökmünde kabul edilýär, rehimdarlyk ideýasy we öz ýakynlary babatynda mylakatlylyk olaryň ady bilen baglanyşyklydy.

Injildäki mukaddes sada, garyplyk ynsapsyzlyk bilen gazanylan baýlyga gapma-garşy goýulýar. Halk tarapyndan düzülen rowaýatlarda, ýygy-ýygydan Hristosyň özi gedaýyň keşbine girip, ýeriň ýüzünde jahankeşdelik edipdir we sadaka sorapdyr, şeýle etmek bilen ol adamlaryň onuň wesýetlerini ýerine ýetirişlerini barlap görýär.

Rus folklorynyň esasy bölegini „dini goşgular”- Keramatly Ýazgylardan has meşhur sýužetler we keramatly adamlaryň durmuşyndan taýýarlanan goşgular tutýar. Hristosyň ikinji gezek gelmegi we günäkärlere, ilkinji nobatda ejizlere zulum edip, adalatsyzlyk edenlere garaşýan Kyýamat güni, dini goşgularyň iň esasy mazmuny bolýar. Köpçüligiň aňynda ýerdäki we o dünýäniň gapma-garşylygy hakyndaky ideýa aýdyň yz galdyrýar. O dünýä sazlaşygyň we adalatlylygyň (şol sanda sosial adalatlylygyň) dünýäsini özünde jemlemek bilen - „Hakykat”, ýerdäki-„Galatlyk” dünýäsi diýlende ähli şer işler we idealdan daşlaşmaklyk göz öňünde tutulýar. Dini goşgularyň birinde Haýyr bilen Şeriň arasyndaky göreş iki sany jandaryň göreşi hökmünde şekillendirilýär. Ol şeýle soňlanýar;

*Hakykat asmana göterildi,*
*Galatlyk bolsa çygly ýerde galdy.*

Ähli ezilenleriň çeken gaýgy-hasratlary üçin ýalkanjak jennediň hristiançylyk şekili, ýerdäki jennet hakynda birnäçe rowaýatlaryň döremegine getirýär. Onuň ýerleşýän ýeri dürli ýerlerde bolup biler (rowaýata görä, ol Sibiriň bir ýerlerinde bolmaly.) ýöne, bir zat hemişelik galýar: şer ol ýere goýberilmeýär.

*Bu ähli düşünjeler bilelikde alnanda, köp ugurlar boýunça „resmi'' dinden daşlaşýar, emma her niçik-de bolsa, hristiançylygyň ahlak gymmatlyklaryny we ideýalaryny özüne siňdiren , aýratyn halk dini ynançlaryny emele getirýär. Şu babyň başynda goýlan meselelere dolanyp baralyň. Onuň taryhyny orta asyr Ýewropa we Gündogar bilen deňeşdirip, goňşy siwilizasiýalar bilen birnäçe meňzeş häsiýetleriniň bardygyna garamazdan, hakykatdan-da Russiýanyň ösüşiň aýratyn görnüşini berendigini aýtmak bolar. Şeýle hem , Pýotr I reformalaryndan has öň ýüze çykan günbatar nusgasynyň täsiri wagtyň geçmegi bilen barha güýçlenýär.*

# IX bap. Täze döwür eýýamynyň siwilizasiýasy. (XVII asyryň ikinji ýarymy- XVIII asyr)

## §1.Täze döwür

Täze döwür - bu biziň ýaşaýan häzirki siwilizasiýa dünýämiziň emele gelen döwrüdir. Orta asyrlary has irki we täze döwürden tapawutlandyrýan araçäk örän güýçli duýulýar.

Bu aratapawut nähili döräpdir? Täze döwrüň siwilizasiýalary gadymy we orta asyrlaryňkydan nähili aratapawut edýär?

**Kapitalizm we modernizasiýa**

Taryhçylar täze döwrüň başlangyjyny Günbatar Ýewropada buržuaz gatnaşyklarynyň berkarar bolmagy, XVII asyryň ortalarynda iňlis rewolýusiýasynyň amala aşmagy bilen baglanyşdyrýarlar. Ol feodalizme berk zarba urup, Angliýany Ýewropanyň iň öňdebaryjy ýurduna öwürdi. Şu döwürden başlap Ýewropanyň beýleki döwletleri hem feodal gatnaşyklary ýok etmek prosesine girişýärler.

Feodalizmden kapitalizme geçmeklik täze döwür bilen iň täze döwrüň arasynda, haçan-da kapitalizm bir ugur boýunça ýaşap kemala gelen wagtynda, ýeterlik derejede kesgitli araçäk goýdy. Şol bir wagtyň özünde, siwilizasiýa gurluşyny tutuşlygyna öz içine alýan beýleki global özgertmeler hem bolup geçýär.

Täze döwürde industrial siwilizasiýa döräp başlaýar, ol öňki siwilizasiýalardan tapawutlylykda prinsipial esaslara daýanýardy. *Adatly, däp-dessurly siwilizasiýa gurluşynyň özgerilmegine modernizasiýa diýiliýär.* XVII-XVIII ýüzýyllyklarda ol özboluşly geçiş döwrüne öwrülip, Günbatar Ýewropany industrial siwilizasiýa geçmeklige taýýarlady.

*Modernizasiýa* (fransuz dilinden terjime edilende *moderne- täzelik* diýen, manyny berýär.) - bu çylşyrymly, örän uzaga çekýän proses bolmak bilen, jemgyýetiň ähli ugurlaryny öz içine alýar.

Modernizasiýanyň alamatlary;

*urbanizasiýany*- şäherleriň görlüp - eşidilmedik derejede ösmegi, taryhda ilkinji gezek şäherler ykdysady taýdan öňe geçip, obalary ikinji orna gysyp çykardy.

*industrilizasiýany*- XVIII asyryň ikinji ýarymynda Angliýada başlanan senagat öwrülşigi önümçilige barha köp maşynlaryň ornaşdyrylmagyna esas berýär.

*syýasy gurluşyň demokratizasiýalaşdyrylmagy*- raýatlyk jemgyýetiniň we hukuk döwletiniň berkarar bolmagy üçin esaslary döredip başlaýar;

*tebigat we jemgyýet hakyndaky ylymlaryň* öňki döwür bilen deňeşdirilende görlüp- eşidilmedik derejede ösmegi;

*sekulýarizasiýany*- aňyň dünýewileşdirilmegi, ateizmiň ösmegi. Sekulýarizasiýa- ruhy we sosial durmuşyň ybadathananyň täsirinden azat edilmegini aňladýar.

Bu prosesleriň hemmesi biri- birinden aýrylmaz baglanyşykly bolup, adamyň keşbini, onuň durmuşda tutýan orny we wezipesi hakyndaky düşünjesini, onuň gymmatlyklar ulgamyny özgerdýär. Adatly siwilizasiýalarda adam özüni gurşap alan tebigatynyň kadalaryna we ýaşaýan jemgyýetine bil baglaýar. Olaryň ikisi-de Taňry kanunlary esasynda tutuwbaşdan dowam edýän üýtgewsiz hasaplanylyp, kabul edilýär. Häzirki döwrüň adamy jemgyýete we tebigata başgaça seredýär, ony öztgetmek isleýär, hatda gözegçilik etmekligi mümkin hasaplaýar.

Döwlet häkimiýetine bolan gatnaşyklar düýbünden başgaça bolýar. Ol adamlaryň gözüniň öňünde Taňrynyň hökmünden mahrum bolýar, ony hakyky, maksadalaýyk, rasional kabul edilip, jemgyýet tarapyndan dolandyrmagyň jylawy

ynanylanlaryň, azda- kän-de gazanan üstünlikleriniň netijesi esasynda baha berilýär.

Modernizasiýa döwri- rewolýularyň döwri bolmagy tötänleýin dälldir. Bu döwür ýaşaýşy güýç ulanmak arkaly özgertmegiň paýhasly synanşygydy.

Modernizasiýalaşan adam - ol mobil (hemmetaraplaýyn) şahsyýet, daş-töwerek durmuşda bolup geçýän özgertmelere örän çalt uýgunlaşýar. Orta asyr adamyndan tapawutlylykda, ol sosial gatlagy bilen, korporasiýanyň ýa-da öz ýaşaýan şäheriniň geografiki araçägi bilen, dogduk obasy bilen çäklendirilmeýär. Şonuň üçin döwrüň adamy özüni umumy bütewiligiň: synpyň ýa-da milletiň bir bölegi hasaplanylýar.

Köpçüligiň dünýägaraýşy hem başgaça bolýar. Sowatlylygyň ýaýramagy köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň peýda bolmagy bilen, orta asyr intellektual elitanyň dünýägaraýşyndan tapawutlandyrýan araçäk ýakynlaşýar.

Modernizasiýa bilen baglanyşykly ähli prosesler doly derejede ýüze çykmaýar. XVII asyrda, ylaýta-da XVIII asyrda şäherler ösýär, ýöne ilatyň esasy böleginiň meşgullanýan oba hojalygy ykdysadyýetde öňdebaryjylyk ornyny tutup bilmeýärdi. Agrarçylyk sektorda tehniki taýdan yzagalaklyk we ownuk önümçilik uzak wagtlap saklanýardy.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda ilkinji maşynlar peýdalanylyp başlanýar. Ýöne, ykdysadyýet doly industrizasiýalaşdyrylmandy, oýlap tapyşlar köpelýär, emma önümçiligiň dyngysyz kämilleşdirilmeginiň ýola goýulmagy öňdebaryjy prinsipe öwrülmändi.

Eýsem- de bu döwürde adatlaryň esaslaryny ýok eden özgertmeler bolup geçip, onuň ýykylmagy öňdebaryjy Günbatar Ýewropa ýurtlarynda XIX asyrda has aýdyň ýüze çykýar.

*Nähili ýagdaýda kapitalizmiň berkarar bolmagy modernizasiýa bilen baglanyşykly bolýar? Taryh bu iki prosesiň biri- birleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny, biri- birleriniň üstüni doldurýandygyny tassyklaýar. Kapitalizm hiç haçan adatly jemgyýetde gurulmandy. Hiç bir döwlet kapitalizmiň deňinden geçip, sözüň doly manysynda modernizirlenen ýurt bolup bilmeýär. Bu bolsa elbetde, kapitalizmiň täzelige, erkin konkurensiýa gönükdirlen, hakyky işjeňligi kadalaşdyrýar. Şu manyda ol adatlylygyň ruhuna ters gelýärdi.*

**Rewolýusiýalar we olaryň tebigaty.**

Rewolýusiýa - syýasy we sosial gurluşy, şeýle-de jemgyýetde dörän gymmatlyklar ulgamynyň esaslaryny güýç ulanmak arkaly, örän çalt (taryhy wagtyň çäginde) radikal (düýpli) özgertmeklikdir. Rewolýusiýalar gozgalaňlara, çykyşlara, köşk agdarylşyklaryna golaý bolmak bilen, ýöne olardan tapawutlylykda köne düzgünleriň düýbünden ýok edilmegine getirýär. Rewolýusiýalar taryhda ýygy- ýygydan bolup geçmeýär. (Bu ýerde gürrüň rewolýusion öňe gidişlik, gadymyýetden orta asyrlara geçmeklik hakynda däl.) Birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda, täze döwre çenli hiç bir siwilizasiýada rewolýusiýa

bolup geçmeýär. Häzirki döwre çenli rewolýusion tolgunşyklary başyndan geçirmedik döwletler hem bar.

Näme üçin rewolýusiýalar täze döwürde peýda bolupdyr? Taryhçylar, rewolýusiýany adatly, däp-dessurly jemgyýeti modernizasiýalaşdyrmagyň bir ýoly hasaplaýarlar. Düzgün bolşy ýaly, ol tutuşlaýyn adatly jemgyýetlerde bolup geçip, ýokary derejä ýeten modernizasiýaly jemgyýetde olaryň bolmagy mümkin däl. Rewolýusiýalar jemgyýetde adatlylykdan modernizasiýa geçiş döwründe bolup geçýär.

Ilkibaşda rewolýusiýalaryň ýaýrawy deňeşdirlende beýle bir uly däldi. XVI asyryň ahyrlaryndan XVIII asyra çenli ol Günbatar Ýewropanyň birnäçe döwletlerini ( Gollandiýa 1566-1609 ýý, Angliýa 1640-1660 - ýý, Fransiýa 1789-1794- ýý.) we demirgazyk amerikan koloniýalary (1775-1783- ýý.) öz içine alýar. XX asyrda rewolýusiýalar has ýygjamlaşyp, olar diňe Günbatary däl, eýsem Gündogary hem öz içine alýar.

Rewolýusiýalar sosial - ykdysady ösüşiniň has ýaramsyz syýasy gurluş bilen gapma- garşylyk ýagdaýa düşen wagtynda, haçan- da soňky ösüşi bökdeýän wagtynda döreýär. Öz - özünden bu gapma- garşylyk rewolýusiýany döretmeýär. Onuň üçin rewolýusion ýagdaýy döredýän çuňňur çökgünli ýagdaý gerek. Adatça şeýle çökgünlik uruşlarda ýeňilmek, jemgyýetiň giň gatlaklarynyň närazylygyna getirýän häkimiýetiň şowsyz syýasaty sebäp bolup bilýär.

*Angliýa* rewolýusiýanyň öňüsyrasynda gazaply maliýe çökgünligini başyndan geçirýär. Ýurtda ybadathanany katolikleriň täsirinden tutuşlaýyn arassalamak islän iňlis kalwinistleri bolan puritanlary köpçülikleýin kowup çykarmaklyk başlanýar. Gapma- garşylygyň ýitileşmegine parlament bilen bölünişige getiren iňlis karollary Ýakow I bilen Karl I hereketleri-de sebäp bolýar.

*Amerikada* ýagdaýyň ýitileşmegine britan hökümetiniň koloniýalaryň awtonomlyga ugur almagynyň bes etmeklige bolan islegi sebäp bolýar. Şol wagt göçüp baranlaryň akymy Günbatara gönügip, özleşdirilmedik ýerleri basyp alýarlar. Karolyň permanlary bolsa ony gadagan edýär. Koloniýalaryň ýeterlik derejede maddy serişdeleri bolmandyr, metropoliýalar bolsa täze salgytlary girizip, gümrük salgydyny ýokarlandyrýar. Iňlis häkimiýeti ýerli önümçiligi togtatmak isleýärdi, ýokary bahadan harytlary satýarlar. Üstesine-de kolonistleriň bähbitlerini goraýan kanun çykaryjy ýygnagyň özbaşdaklygy hem çäklendirilýär.

*1789-njy ýylyň Beýik Fransuz Rewokýusiýasynyň öňüsyrasynda Fransiýada* gözgyny ýagdaý döreýär. Söwdada we senagatda durgunlyk emele gelýär. Karol köşgünde çendenaşa maliýe serişdeleriniň harçlanmagy sebäpli gazna boşaýar. Üstesine-de 1787-1788-njy ýyllar hasylsyz bolup, ýurtda açlyk başlanýar.

Ýöne çökgünlikden başga-da rewolýusiýalaryň başlanmagy üçin şertler hem zerurdy. Adamlaryň aňy ýeterlik derejede modernizirlenen bolup, olar döwlet gurluşyny üýtgetmegiň mümkinçiligine we zerurlygyna ynanmaly. Bu bolsa adatly syýasy gurluşy we häkimiýetiň hudaý tarapynlygy hakyndaky pikirleriň weýran bolmagyna baglydy.

*Angliýada* rewolýusiýanyň ruhy ornuny puritanlar- iňlis kalwinistleri baştutanlyk edýär. Olaryň arasyndan belli publisistler döräp, halkyň tirana garşy gozgalaň etmek hukugyny goraýarlar. Iňlis rewolýusiýasynyň serdarlary, özlerine beýik işleriň garaşýandygyny, olar „täze asman we täze ýer döretjekdiklerini” aýdýarlar. Jennediň şekilini Ioann Bogoslowyň nesihatlaryndan alyp, ol bolsa jemgyýeti özgertmegiň nuşgasyna öwrülýär.

Soňky rewolýusiýalarda hökmany ýagdaýda kämil däl jemgyýeti gaýtadan döretmek ideasy peýda bolýar. Wagtyň geçmegi bilen dini adalgalar aradan aýrylýar, adalatlylyk idealy üýtgewsiz galýar.

Amerikanyň 1776-njy ýyldaky Garaşsyzlyk Deklarasiýasy - dünýäde adam hukuklarynyň ilkinji jarnamasy magaryfçylaryň filosofiki dünýägaraýyşlary bilen ruhlandyrylýar. „Adamlar dogulanda azat we deňhukukly dogulýarlar, şeýleligine galýarlar, jemgyýetiň maksady umumy abadançylygy üpjün etmekdir” diýen sözler 1789-njy ýylyň adam we raýat hukuklarynyň fransuz Deklarasiýasynyň tekstiniň „ azatlyk, deňlik we doganlyk” ideýalary bilen utgaşýar.

Rewolýusiýalarda sosial gurluşyň adalatlylyk ideasy möhüm orny eýeleýär. Şol döwrüň taryhçylarynyň biri, ilkibaşda rewolýusiýalaryň örän az erkinlik berýändigini belleýär. Olaryň her biri iş ýüzünde diktaturany emele getirýär, ýöne sosial sazlaşygyň hakykata öwrülmegi ugrunda göreşýän adamlaryň ruhy bütewiligi emele gelýär.

Rewolýusiýa özakymlaýyn döräp, köpçülikleýin çykyşdan başlanyp, netijede häkimiýet boşlugy emele gelýär. Karol häkimiýetiniň jemgyýetiň öňünde öz kanunylygynyň we abraýynyň gaçýan pursaty hökman gelip ýetýär, şondan soň dolandyryş wekilçilikli guramlara: Gollandiýada Baş Ştatlaryň, Angliýada uzak parlamentiň, Fransiýada Milli ýygnagyň, Amerikada Kontinental Kongresiň eline geçýär.

Ol ýa-da beýleki rewolýusiýa haçan tamamlanýar diýen sorag köp halatlarda jedelligine galýar. Köne döwlet gurluşyny weýran etmek ýeterlik derejede çalt bolup geçip, ýöne şeýle aýdyň pursady, Bastiliýanyň alynmagy rewolýusiýanyň birinji etabydyr. Ondan soň, käwagt birnäçe onýyllyklara çekýän uzaga çekýän proses, täze jemgyýetiň– syýasy, sosial - ykdysady esaslaryny işläp düzmeklik başlanýar.

Bu etapda rewolýusiýa gatnaşanlaryň bütewiligi dargaýar we dürli toparlaryň arasynda häkimiýet ugrunda gazaply göreş başlanýar. Buržuaz rewolýusiýalarynyň maksady diňe bir feodal jemgyýetiň galyndylaryny ýeňip geçmek däl- de eýsem, häkimiýeti has demokratik esaslarda ornaşdyrmakdy. Rewolýusiýany başyndan geçiren ýurtlar üçin raýatlyk urşunyň iň agyr döwri, dolandyrylşygyň dürli görnüşiniň çalyşylmagydyr. Radikallar- (radikal latynçadan terjime edilende “düýpli, kökli” diýmekdir.) jemgyýeti özgertmeklige bolan garaýyşlarda kesgitli, aýgytly hereketleriň tarapdarlary bolupdyrlar Olar (olara çepçiler hem diýilýär) beýleki akymlar, sagçylar (konserwatorlar) bilen göreşip, bu göreşiň netijesinde rewolýusiýalaryň amala aşyrýan özgertmeleriniň häsiýetleri ýüze çykýar.

Iňlis rewolýusiýasynda has radikallar leweller hereketi bolup, olar doly syýasy

deňhukulygy talap edipdirler we diggerler daýhanlaryň bähbitlerini göz öňüne tutup, agrar meseläni çözmegiň tarapdarlary, emläk taýdan deňligiňi we hususy eýeçiligi ýatyrmagy talap edýärler. Bu syýasy toparlar häkimiýete gelip bilmeýärler, ýöne lewelleriň käbir talaplary täze hökümet tarapyndan kabul edilýär. Iri we orta buržuaziýany we dworýanlary birleşdirýän beýleki topar jentirler has güýçli bolup çykýar.

Fransiýada ýakobinçi radikallar aram Uçreditel ýygnakdan häkimiýeti basyp almagy başarýarlar. Ýakobinçiler özleriniň esasy maksady edip, adalatly, haýyr işleri amala aşyrmaklygy gurmaklygy jar edýärler. Ýöne iş ýüzünde ýakobinçilik respublika diktatura düzgüni bolup, demokratik azatlyklaryň köpüsi durmuşa geçirilmeýär. Kontrrewolýusiýa garşy çykyp, göreşip, radikallar şol bir wagtyň özünde mejbury ýagdaýda deňligiň jemgyýetini döredýärler. Onuň garşysyna terrorçylyk, reppýressiýalar ulanylýar, rewolýusiýanyň duşmanlarynyň emlägi konfiskasiýa edilýär, baýlardan mejbury karz pullar alynýar, azyk önümleriniň spekulýasiýasy üçin ölüm jezasy, önümlere berk bahalar girizilip, iň ýokary aýlyk gazanjyň tölegi bellenýär.

Şeýle düzgün uzaga çekmeýär: güýç bilen deňleşdirmek buržuaz jemgyýetiň esaslaryna ters gelýärdi. Eýsem-de bolsa fransuz radikallary onuň ugrundaky päsgelçilikleri has yzygiderli we aýgytly ýok edip, feodalizme berk zarba urýarlar. Ýakobinçileriň ornuna gelen Konwent öňki häkimiýetiň köp kararlaryny ýatyrýar, telekeçilige erkinlik berýär, onuň bilen birlikde emläk deňsizligine ýol berilýär. Ýene-de terror we represiýa usullary gaýtadan ulanylýar.

Ýewropa rewolýusiýasy respublikan dolandyryş ulgamyndan harby diktatura barýar. ( Kromwelin protektorady 1653-1658 ýý., Napoleonyň konsullygy 1799-1804-nji ýyllarda Napoleonyň imperator diýlip, yglan edilmegi bilen tamamlanylýar.) soňra bolsa harby diktaturadan- monarhiýanyň gaýtadan dikeldilmegine getirýär. Angliýada restowrasiýa 1640-1660-njy ýyllarda, Fransiýada 1814-1815-nji ýyllarda bolup geçýär. Jemgyýetiň esaslaryny global özgertmegiň yzysüre, ösüşiň ewalýusion ýoluna kem- kemden gaýdylyp gelinýär. Şol sanda, başga görnüşde döwlet gurluşynyň öňki ýollary dikeldilýär. Angliýada karol häkimiýeti öňki kuwwatyny ýitirýär, jezalandyrylyp öldürilen Karl I oruntutarlaryny gaýtaryp getirmeklige edilen synanyşyk 1688-nji ýylyň şöhratly rewolýusiýasy bilen tamamlanýar. Parahatçylykly öwrülşik netijesinde tagta parlament tarapyndan Gollandiýadan çagyrylyp getirilen „gulak asyjy” şazada Wilgelm Oranskiý oturdylýar.

Fransiýada karol häkimiýeti döwletde ýokary öňdebaryjy ornuny saklaýar, ýöne absolýutizmi gaýtadan dikeltmek düýbünden mümkin däldi.

Amerikan rewolýusiýasy has radikal bolup çykýar. Oňa gatnaşyjylar respublikan gurluşy saklamagy we halka syýasy durmuşa gatnaşmak üçin giň hukuklar bermegi başarýar.

*XVII - XVIII ýüzýyllyklar buržuaz rewolýusiýalarynyň döwrüni açdy, XIX asyr ol beýleki Ýewropa döwletlerini-de gurşap alyp, jemgyýetçilik aňynda*

*rewolýusiýalar ahlak taýdan dogry hasaplanýan hereket diýlip, ony taýýarlap, gurnap bolýar diýen pikiri berkidýär.*

## §2. Kapitalizmiň kemala geliş ýollary. Günbatar Ýewropa, Russiýa, ABŞ.

Öň bellenilşi ýaly, ol ýa-da beýleki bir ýurduň geljegi, onuň nähili derejede modernizasiýa prosesine goşulyşyna we ol ýerde nähili ýokary depginde kapitalizmiň berkarar bolmagyna bagly bolup durýar. Şol esasda, umuman dünýäde we Günbatar Ýewropa siwilizasiýlaryň öz aralarynda özboluşly güýçleriň bölünşigi bolup geçýär.

Kapitalizm we modernizasiýa Günbatar bilen Gündogaryň aratapawudyny öňkä garanyňda has aýdyň kesgitleýär. Bu döwürde Günbataryň bir wagtlar örän güýçli garşydaşyndan (bu ýerde Gündogar göz öňünde tutulýar) artykmaçlygy belli bolýar. Russiýanyň, taryhy durmuşynyň dürli ugurlarynda gündogar başlangyjynyň ýüze çykýandygyna garamazdan, XVIII asyrda ösüşiň günbatar görnüşine golaýlaşýar. Modernizasiýanyň we kapitalizmiň ýene-de bir merkezi demirgazyk Amerikadaky iňlis koloniýalarynda peýda bolýar. Günbatar Ýewropa siwilizasiýalarynyň arasynda dürli adatlar ýüze çykýar, kapitalizmiň we modernizasiýanyň ýeten sepgitlerini we ösüşini göz öňüne tutup „merkez” we „periferiýa” diýen düşünjelere bölýär.

Öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna Gollandiýa, Fransiýa, Angliýa çykyp, bu ýerlerde öňki adatlardan arany açar ýaly derejede amatly şertler emele gelýär. Germaniýa, Ispaniýa, Italiýa, Skandinawiýa periferiýa gysylyp çykarylýar. Şeýle-de merkeze degişli ýurtlaryň ösüşi hem birmeňzeş däldi. Ýetilen sepgidi, öňdebaryjylygy elde saklamak kyndy, sebäbi döwür täzelikligi, syýasy we ykdysady gurluşyň çeýeligini, kämilligini talap edýärdi.

### Günbatar Ýewropanyň periferiýasy

Periferiýa degişli döwletleriň düzümi örän özboluşlydy. Oňa mydama haýal ösüp, yzda barýan skandinaw döwletleri bilen bir hatarda kapitalistik gatnaşyklaryň has ir kemala gelen döwletleri bolan Germaniýa, Italiýa Ispaniýa hem degişlidi. Ylaýta-da, kapitalizmiň watany bolan Italiýada eýýam XIV asyrda baý söwda şäher respubliklalarynyň emele gelen ýerinde, görlüp - eşidilmedik täze daşky görnüş emele gelýär.

Ýewropada bir wagt güýçli bolan döwletleriň ykbalynda şeýle özgerişler nähili ýüze çykýar?!

Olaryň käbirleri täze döwre amatsyz içerki we daşarky ýagdaýlarda gadam basýarlar. *Germaniýa* 30 ýyllyk (1618-1648) weýrançylykly urşy başdan geçirýär. Ganzeý soýuzy öz öňki durkuny, derejesini ýitirýär. Şonuň üçin Baltika deňzinde has güýçli bäsdeşler; şwedler, gollandlar hojaýynlyk edýär. Bu bolsa öňden gülläp-

ösen nemes şäherleriniň gowşamagyna sebäp bolýar. Syýasy dagynyklyk hem oňyn däl täsirini ýetirýär. German halkynyň uly buýsanç bilen atlandyran *Keramatly Rim imperiýasy*, biri-birlerinden üzňe, gowşak baglanyşykly, birnäçe knýazlyklardan ybaratdy. Bir knýazlyklardan beýleki knýazlyga geçilende täjirleriň tölemeli bolýan köp sanly gümrük salgytlary, milli bazaryň emele gelmegine päslegçilik döredýärdi.

Hut şunuň ýaly agyr ýagdaý Italiýada hem ýüze çykýar. Ol hem köp sanly özbaşdak döwletlerden ybaratdy. Bütewi döwleti bolmadyk Italiýa tas bütinleý diýen ýaly ispan Gabsburglarynyň ýeňil oljasyna öwrülip, olar ýurdy üznüksiz weýrançykly uruşlara çek- ýar. Ol bolsa hut Italiýanyň öz territoriýasynda alnyp barylýar. 1700-njy ýyldan soň, (1701-1714-nji ýyllarda) ispan mirasdüşerligi ugrunda uruşlar başlanan wagty, Italiýany eýelemek ugrunda Awstriýa Gabsburglary dalaşgärlik edip başlaýar. Olar ýurduň demirgazygynda mekan tutup, ýurduň günortasyndaky Burbonlar şanesilleri bilen yzygiderli uruşlar alyp barýarlar.

Içerki başly-baratlykdan başga-da, uruşlar sebäpli güýçden gaçan *Italiýa,* Ortaýer deňzindäki transit söwdasynda öňdebaryjylyk ornuny ýitirýär. Bu söwda XIV-XV asyrlarda şäher döwletleriniň gülläp ösmegine esas bolupdy. Söwda ýollarynyň ummanlara geçmegi bilen Ortaýer deňzinde türk we demirgazyk afrikanyň deňiz garakçylary hojaýynlyk edýärler. Italýan täjirleriniň möhüm söwda ýollaryna golland, soňra bolsa iňlis we fransuz täjirleri eýelik edýärler.

Periferiýe ýurtlarynda modernizasiýanyň esasy päsgelçilikleriniň biri-de feodal gatnaşyklarynyň uzak saklanyp galmagydy. Köne feodalçylyk düzgünleriniň saklanyp galmagyny kä wagt korol häkimiýeti goldaýardy. Daýhanlar öňküsi ýaly köp sanly agyr salgytlary, borçlary ýerine ýetirýärdiler. Kärendeçilik tölegi ýokarydy. Italiýada bu töleg, mysal üçin 1/2, hatda 2/3 hasyla deň bolup, esasan hem natural görnüşde alynýardy.

Krepostnoýçylyk düzgüniniň esasy daýanjy Gündogar Germaniýady. Ol ýerde feodallaryň daýhanlaryň şahsyýetine giň hukuklary saklanyp galýar, haryt önümçiligine esaslanylyp, olar barşinany gaýtadan dikeldýärler. Bu düzgün bolsa Ýewropanyň önde baryjy döwletlerinde bir eýýäm ýatyrylypdy. Periferiýalarda daýhanlaryň uly bölegi ýarym gedaýçylyk ýagdaýynda ýaşap, oba zähmediniň önümçiligini ýokarlandyrmaga mümkinçigi ýokdy, şeýle –de ýeri taşlap hem gidip bilmeýärdiler. Bu bolsa ýaňy döräp başlan senagaty erkin işçi güýji bilen üpjün edilmegine esasy päsgelçilik bolup durýardy.

Buržuaziýanyň güýçleri berkemedikdi, syýasy häkimiýete dalaşgärlik ederden gowşak bolup, oňa örän garaşly ýagdaýdady.

Ispaniýada we Italiýada köne düzgünleriň esasy daýanjy kontrreformasiýanyň ýeňmegi bolup durýar. Katolik ybadathanalar döwletde diňe bir öňki orunlaryny saklamak bilen çäklenmän, eýsem köne gymmatlyklar ulgamyny ornaşdyrýar. Ispaniýada ýagdaý has gözgynydy, inkiwizasiýa höküm sürüp, ýeretikler oda ýakylýardy. Germaniýada Reformasiýa ideýasy öz täsirini saklaýar, lýuterançylyk

taglymatynda dworýan-býurger ideologiýasy beýan edilýär. Kapitalizm ruhuny we etikasyny özünde jemlän kalwinizm, bu ýerde ýaýramaýar.

*Şeýlelikde, periferiýe ýurtlarynda ýaşaýşyň ähli ugurlarynda orta asyr düzgünleri, onuň bilen birlikde feodalizm gurluşy hem saklanýar. XVIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Italiýada, Ispaniýada, Germaniýada iri manufakturalar, kapitalistik fermer hojalyklar ýüze çykyp başlaýar. Periferiýany merkezden bölüp aýyrýan aratapawudy ýeňip geçmeklik örän köp wagty we erjelligi talap edýärdi.*

**Russiýa we ABŞ: kapitalizmiň ýaş ýurlary**.

**Modernizasiýanyñ rus ýoly**. Russiýada kapitalizmiñ we modernizasiýanyñ ösüş prosesini köp ugurlaryny absolýutizmiñ alyp barýan syýasaty kesgitläpdir. Eýýäm XVII asyryñ ikinji ýarymynda patyşa A. Mihaýlowiçiñ (1645-1675) dolandyran döwründe gowşak-da bolsa milli söwdanyñ we senagatyñ ösmegine itergi bermeklige synanyşyk edilýär. Şeýle-de XVII asyrda Wizantiýa medeniýetiniñ täsirinden çykmakda düýpli öwürlşik edilip, Günbatar tejribesine ýüzlenilýär.

Pýotr I dolandyran döwründe bu proses iñ ýokary derejesine ýetýär (1682/9-1725-ýý) Patyşa adatlara, öñki köne däp-dessurlara ähli ugurlar boýunça berk zarba urýar. Özgertmeleriñ toplumy durmuşyñ köp ugurlaryny öz içine alyp, ýurduñ modernizasiýasy we kapitalizmiñ berkarar bolmagy üçin düýpli esas bolmalydy. Ybadathananyñ döwlete tabyn edilmegi, ,,Derejeler hakynda tabeliñ” girizilmegi sosial mobillige itergi berip, milli senagatyñ we söwdanyñ ösmegini işjeñleşdirip, ýurduñ bilim we magaryf hakyndaky meseleleri durmuşda we öziñi alyp barmakda köne dessurlaryñ esaslarynyñ ýok edilmegi bilen baglanyşyklydy. Şeýle giñ meýilnamalaryñ ýokardan amala aşyrylmagyny hiç bir Günbatar Ýewropa döwletinde bolan däl bolsa gerek.

Onuñ bilen birlikde Pýotr I Günbatara öýkünmeklikde günäkärlediler we şu wagt hem günäkärleýärler. Ýöne bu esasy maksat bolman, Russiýany modernizasiýalaşdyrma gyñ utilitar-peýdaly, ähmiýetli tarapydy. Russiýanyñ öñdebaryjy döwletleriñ nusgasyna deñleşmegi, ykdysady we harby gatnaşyklar babatynda güýçli bolmagy, modernizasiýalaşan we adatly ýurtlaryñ arasynda alnyp barylýan göreş şertlerinde birinji derejeli ähmiýete eýedir.

Ýöne Pýotr I-ñ özgertmeleri durmuşa gödek ýol bilen ornaşdyrmagy, *döwlet bilen jemgyýetiñ arasyndaky gapma-garşylygy iñ soñky derejä çenli ýitileşdirýär.* Syýasy durmuşyñ demokratizasiýalaşdyrylmagy amala aşyrylmady. Döwlet häkimiýeti ýene bir gezek gödek görnüşde siwilizasiýa prosesiniñ amala aşmagyna öz ornunyñ özboluşly ornaşdyryjydygyny belleýär. Jemgyýet öz gezeginde özüne taryhy tejribeleriñ geçirilýän gowşak materialy hökmünde garalýandygyna göz ýetirýär. Bu hakda birneme soñrak slawýanofiller häkimiýeti halkdan aýyrýan uçut gaýanyñ döwri diýip belleýärler. Şeýle hem köpçüligiñ närazylygyndan başga, örän möhüm içerki gapma-garşylygyñ esaslary-da bardy.

Adatlara garşy göreşip, rus absolýutizmi ilatyñ uly böleginiñ krepostnoýçylyk

garaşlylygynyň esaslaryny berkidýär.

Özgertmeler ýurtda biri-birlerine garşylykly, biri-birlerine zyýan berýän iki ugur boýunça geçirilýär. Bu eýýäm baryp Pýotryň döwründe ýüze çykýar, onuň oruntutarlary modernizasiýalaşdyrmak prosesini adatlara esaslanyp dowam edýärler. Şonuň üçin Russiýada senagatyň ösüşi örän özboluşly ýol bilen gidýärdi. Bu ýerde işçi güýjüniň meselesi krepostnoýçylyk zähmetiniň hasabyna çözülýär. XVII - XVIII asyrlaryň dowamynda hökümet daýhanlaryň barha köp täze köpçüligini krepostnoýçylyk ýagdaýyna geçirip, posad adamlarynyň hem döwlete şahsy garaşlylygyny has-da berkitdi.

*Eýsemde bolsa Russiýa belli bir derejede ýokary sepgitleri gazanýar. Eýýäm XVIII asyryň ahyrynda ýurtda 2 müň töwrek bar bolan manufakturalaryň esasy bölegi merkezleşdirilen bolupdyr. Olaryň arasynda dworýanlaryň öz mülklerinde döredenleri-de bolup, onda ýazylan daýhanlar işläpdirler. Seçilen manufakturalaryň toplumy-da köpelipdir. Russiýa çoýun öndürmek boýunça Ýewropada 1-nji orny eýeläp, gara metaly Günbatara eksport edip, Gündogar ýurtlary bilen işjeň söwda alyp barýar. Ýöne kapitalizmiň ösmegi üçin gerek bolan maddy baza , sosial-ykdysady esaslar örän çäklidi. Bu bolsa birnäçe ugurlar boýunça XIX asyrda ýurduň ösüşinde gapma-garşylygyň döremegine sebäp bolýar.*

**Amerikan gudraty.** Demirgazyk Amerikadaky iňlis koloniýalary turuw-başdan diýen ýaly kapitalizimiň ösmegi üçin giň mümkinçilikler alýarlar.

Ilkinji britan kolonistleriniň mesgenleri Demirgazyk Amerikada XVII asyryň başlarynda emele gelýär, ýöne ilatyň sany örän çalt köpelýär.

Ilkinji iňlis – erkin emigrantlarynyň yzysüre beýlekiler gelip başladylar; geljekki Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna nemesler, gollandlar, şweýsariýalylar, fransuz gugenotlary göçüp gelip, koloniýany uly bir „etniki gazana” öwürýarler. Eýýam XVII asyryň birinji ýarymynda ylaýta-da, demirgazyk koloniýalarda ilkinji şäherler - geljekki senagat we söwda merkezleri döreýär. Öý hünärmentçiligi öz ähmiýetini uzak wagtlap saklasa-da, eýýam 1640-njy ýylda ilkinji manufakturalar esaslandyrylýar; gämi gurluşygy ösýär. Nýu-Ýorkda we Pensilwaniýada demir erediji peçler peýda bolup, tiz wagtda demiriň öndürlişi ýokarlanýar. Bu bolsa iňlis hökümetini ynjalyksyzlandyryp başlaýar.

Ilkibaşda demirgazyk Amerika koloniýalary, ilkinji nobatda ilatyň 9/10 böleginiň meşgul bolan oba-hojalygynyň hasabyna ýaşapdyrlar. Iňlis karollary ummanyň aňyrsynda hem feodal gatnaşyklaryny ornaşdyrmaga synanyşýarlar: öz ýakynlaryna ýer paýlap beripdirler. Hartiýalar sylag berilýär, onuň esasynda ýer eýesi öz ýerini garaşly kärendesine berip bilipdirler.Ýöne koloniýalaryň ösüşi başgaça, has progressiw ýol bilen gidýär.

Diňe baý, daşary bazar üçin işleýän, gul zähmetini peýdalanýan günorta koloniýalarda plantasiýa hojalyklary bolupdyr. Demirgazykda fermerçilik, başgaça oba hojalygyny ösdürmegiň kapitalistik ugry giňden ýaýraýar. Oňa ägirt uly möçberde özleşdirilmedik ýerleriň barlygy itergi berýär. Günbatara süýşmek kärendeçi bilen ýer eýesiniň arasyndaky jedelli meseläni çözmegiň usuly bolupdyr:

iň garyp kolonistler elbetde, düzgün bolşy ýaly, özbaşdak boş ýerleri eýeläp, erkin ýer eýeleri bolýarlar.

Syýasy durmuşda hem kolonistler işjeňlik görkezýärler. Metropoliýadan aýrylmak ilkibaşdan kesgitlenilipdi, sebäbi awtonomlyga bolan isleg örän çalt peýda bolýar. Häkimiýet iňlis döwleti tarapyndan bellenen gubernatorlaryň elinde jemlenip, olaryň ýanynda ýerli halkyň bähbitlerini goraýan kolonistlerden saýlanan maslahatçylar bolupdyr. Öz-özüni dolandyryjy organlara: koloniýalaryň wekilleriniň ýygnagyna we legislatyralara- kanun çykaryjy organlara uly orun degişlidi. Metropoliýadan gelen çinownikleriň funksiýasy çäklendirilýär. Olaryň maliýe syýasatyna berk gözegçilik amala aşyrylýar.

Netijede, bu ýere gelen ýewropalylary haýran galdyran Demirgazyk Amerikada aýratyn ruhy atmosfera döreýär. Erkinlik duýgusy, öz-özüni iş ýüzünde görkezmegiň şahsy mümkinçilikleriň çäkleri amerikan milletiniň kemala gelmeginiň möhüm esasy bolýar.

Amerikan rewolýusiýasy feodalizmiň gowşak ösüşini, koloniýalarda mertopoliýanyň agalygyny ýok edip, XVII asyryň ahyrlarynda modernizasiýanyň çalt ösmegi üçin şertler döredýär. Elbetde, ABŞ-yň Ýewropa döwletlerinden yza galýandygy duýulýar. Ýöne täze döwletde kapitalizmiň ösmegi üçin örän amatly esaslary bardy.

Näme üçin amerikan gudraty boldy? Käbir alymlar ony ilkinji göçüp gelenler puritanlar - kapitalistik ruhuny ýaýradyjylar bilen baglanşykly diýip düşündirýärler. Elbetde, öz ýurtlarynda hökümet tarapyndan yzarlanylan iňlis kalwanistleri Amerika tutuş jemagatçylygy bilen göçüp barýarlar. Olaryň koloniýalaryň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda özboluşly we möhüm orny eýeländigine elbetde, hiç hili şühbe bolup bilmez. Ýöne beýleki şertleriň ähmiýeti-de pes däldir; kolonistler iňlis parlament ulgamynyň asyrlar boýy işläp düzen demokratik ýörelgelerini özleri bilen getirýärler.

*Russiýa we demirgazyk Amerika koloniýalary Günbatar Ýewropanyň güýçli döwletleri bilen deňeşdirilende birneme soňrak kapitalistik ösüş ýoluna gadam basýarlar. Şonuň üçin hem, elbetde, Angliýadan, Gollandiýadan we Fransiýadan yza galýardylar. Ýöne olaryň ösüş depgini we potensial mümkinçilikleri örän ýokarydy. Bu bolsa olara XIX asyrda öňe saýlanmaga esas döredýär. Eýýäm, XVIII asyrda Russiýa bilen geljekki ABŞ-yň arasynda düýpli aratapawut ýüze çykýar. Demirgazyk amerikan koloniýalarynyň ösüşinde Russiýadan tapawutlylykda, köp sanly kynçylyklaryň bardygyna garamazdan (özleşdirilmedik giňişlikleri, metropoliýadan garaşlylygy we ş.m), feodal gatnaşyklaryň galyndylarynyň görnüşine meňzeş päsgelçilik ýokdy.*

### Ýewropa merkezi

Ýewropada öňdebaryjy üç döwletiň biri bolan Angliýada buržuaz gatnaşyklaryň nusgawy görnüşi amala aşýar. Kapitalizmiň ösüşiniň iňlis nusgasy has çalt we hemmetaraplaýyn, şeýle-de megerem has ýowuz bolsa gerek. Oňa özboluşly nusga hökmünde baha berip, Fransiýadaky we Gollandiýadaky

kapitalizmiň ösüş ugurlary bilen deňeşdirip, Angliýanyň XVII asyryň ahyrynda XVIII asyrda öňdebaryjylygy eýeländiginiň sebäplerine göz ýetirýäris.

Bu ýerde mumkin *iňlis kapitalizminiň ýaýran giňişligi diňe bir şäheri däl, eýsem, obany hem öz içine alandygy sebäpli möhüm ähmiýete eýedir*. Beýleki ýurtlarda hut obalar däp-dessurlylygyň we feodalizmiň esasy daýanjy bolup, täze düzgünlere geçmekligi bökdeýärdi. Angliýada bolsa, *tersine obalarda XVI- XVII asyrlarda möhüm senagat pudagy bolan mawut önümçiligi üçin esasy baza jemlenýar*. Bu özboluşly, aýratyn ýagdaý bolup, özüniň oňyn netijelerini berýär.

Birinjiden, dworýanlaryň esasy bölegi kärendeçilik işi bilen meşgullanyp, goýun idedýän fermalary döredýärler, başgaça aýdylanda, buržuaziýalaşýarlar, olar adaty ulgamyň ýok edilmeginiň tarapdarlarynyň sanyny artdyryp, ilkinji nobatda hakyna tutma zähmeti peýdalanýarlar.

Ikinjiden, feodallar özleriniň ýere bolan hukuklaryny durmuşa geçirip ýer eýeleri bolan daýhanlary ýerden kowup, pauperleriň - erkin işçi bolmakdan başga çykalgalary bolmadyk adamlaryň toparlaryny döredýärler. Bu bolsa kapitalizmiň ösmegi üçin möhüm şert döredýär. XVIII asyryň ortalarynda Angliýada daýhanlar ownuk önüm öndürijiler hökmünde ýok bolýar. „Ganly" adyny alan hökümetiň kanunlary bu prosesi has hem çaltlandyrýar. Ykmandalar we gedaýlar gazaply jezalandyrylýar; tozan daýhanlary mejbury ýagdaýda kärhanalara ugradýarlar.

Ondan başga-da, buržuaz rewolýusiýasynyň ir amala aşmagy sebäpli döwlet strukturasy baryp XVII asyryň ikinji ýarymynda täze ykdysadyýetiň bähbidine laýyklykda düýpli ýagdaýda özgerdilipdi.

*Beýik Britaniýada senagaty hiç hili alada etmek gerek däldi. Eger ol dolulygy-na azatlykdan peýdalanmasa-da, Ýewropanyň beýleki böleklerine goranyňda has erkindi.*

*A. Smit, iňlis ykdysadyýetçisi, rewolýusiýadan soň kapitalizmiň ösüşiniň mumkinçilikleri barada.*

Elbetde, rewolýusiýadan öň hem iňlis karollary senagatyň we söwdanyň ösmegine goldaw berýärdiler. Ýöne olar bu işi yzygiderli alyp barmaýardylar. Bu iş köp ýagdaýda monarhyň intellektual ýagdaýyna hem bagly bolup durýardy.

Rewolýusiýadan soň monarhiýa özgerdilýär, absolýutizm özüniň ýaşama gyny doly bes edýar. Hukuklar hakyndaky kanun (1689 ý.) boýunça, Angliýa konstitusion monarhiýa bolýar, häkimiýet parlamentiň elinde jemlenýär. Onuň razylygy bolmasa karol kanun kabul edip ýa-da ony ýatyryp, salgytlar girizip, özüniň hemişelik goşunyny döredip bilmeýär. Deputatlara söz azatlygy kepillendirilýär; parlamente saýlawlaryň azatlygy jar edilýär. Buržuaziýa syýasy häkimiýete gatnaşmaga mümkinçilik alýar we gönüden -göni jemgyýeti dolandyryp bilipdir.

Entek ýurt rewolýusion özgertmelerden we raýatlyk uruşlaryndan doly saplanmanka, onda gämi gurluşygy, mawut, däri we kagyz önümçiligi, kömrüň çykarylyşy üstünlikli ösýärdi, eýýäm XVII asyryň ahyrlarynda Angliýa kömür

öndürmek boýunça Ýewropada 1-nji orunda durýar. Söwda kompaniýalarynyň, iri merkezleşdirilen manufakturalaryň – geljekki fabrikleriň sany örän çalt köpelýär. Elbetde, şol döwürde Angliýa Gollandiýadan yza galýardy, ýöne XVIII asyrda güýçleriň mynasybeti özgerýär.

Angliýa öz üstünlikleri üçin diňe bir syýasy rewolýusiýa we öz senagatynyň işjeň ösmegine däl-de, eýsem tehniki pikirleriň rewolýusiýasyna hem minnetdar bolmalydyr. Ýewropanyň beýleki döwletleri Angliýa ýaly tehniki oýlap tapyşlara we olary başarjaňlyk bilen peýdalanyp bilýän adamlara baý däldi. 1760-njy ýylda ol ilkinji bolup *senagat öwrülişigi döwrüne* gadam basýar, Fransiýany we Gollandiýany ep-esli yzda galdyryp, ýene-de bir örän güýçli öňe gidişligi amala aşyrýar.

1771-nji ýylda telekeçi Arkraýt suw degirmeni arkaly herekete getirilýän egiriji maşyny peýdalanýan ilkinji fabrik gurýar, 20 ýyldan soň bolsa Angliýada eýýäm şeýle fabrikleriň150-si bardy. 1780 –nji ýylda J. Uatt bug maşynyny oýlap tapýar. Ol bolsa K. Marksyň belleýşi ýaly „iri senagatyň uniwersal dwigateli bolýar”. *Kapitalistik ösüşiň täze senagat etaby başlanýar.*

Kapitalizmiň ýeňişli ýörişiniň, elbetde özüne ýeterlik kemçilikleri-de bardy. Şol wagt täze gatnaşyklaryň jemgyýetiň abadançylygynyň derejesini ýokar-landyrmagyny üpjün edip bilmejekdigine göz ýetirmek kyndy. Gaýtam tersine daýhanlar ýerden mahrum bolup tozýarlar, lýumpenleri yzarlaýan kanunlar örän ýowuzdy, fabriklerde iş günleri 14-16 sagada ýetip, kwalifikasiýa ( ökde hünär başarnygy) talap edýän zähmetiň ähmiýeti pese gaçýar, bu bolsa ownuk hünärmentçiligiň tozmagyna getirýär; çagalaryň we aýallaryň zähmeti arzan işçi güýç hökmünde rehimsiz peýdalanylýar.

Şonuň üçin işçileriň maşynlary döwmekleri şol döwrüň döwlet işgärleriniň kö-püsinde, ylaýta-da „periferiýa” ýurtlarynda, çalt we duýdansyz transformasiýa (başga görnüşe geçmeklik ) şübhelenme döredýär. German imperatory Fridrih II maşynlaryň peýdalanylmagyna şübhelik bilen seslenýär: „Onda şu wagta çenli egirmekden eklenýän adamlaryň uly topary çörekden mahrum bolar; bu bolsa düýbünden ýol berilmeli zat däldir”. Ýöne bu prosesi saklamak mümkin däldi, onuň haýal amala aşýan ýürtlarynyň, özleri güýçli garşydaşlary tarapyndan gysylyp çykarylmagy gutulgysyzdy.

Şeýle ýagdaý kapitalizmiň köne düzgünden üstün çykan ilkinji döwletinde buržuaz rewolýusiýanyň iň irki watany bolan Gollandiýada bolup geçýär.

**Gollandiýa.** Gämi gatnawly Şelda, Maas, Reýn derýalarynyň aşak akymlarynda ýerleşýän ýurda Niderlandiýa (aşaky ýerler) diýip at beripdirler.

XVI asyryň ortalarynda bu kiçeňräk ýurt Ýewropada örän gür ilatly bolupdyr. Onda 3 mln. adam ýaşap, 300-e golaý şäher, 6500 oba bolupdyr.

Niderlandiýanyň geografiki ýerleşişi örän amatly bolupdyr. Ýurduň ilaty derýalar arkaly Fransiýa, Germaniýa, deňiz arkaly Angliýa, Skandinawiýa bilen söwda edýär. Antwerpen porty dünýä söwdasynyň merkezi bolupdyr.

Baryp XVI asyryň ahyrlarynda Gollandiýa örän uly syýasy öwrülişigi

başyndan geçirýär. Taryhçylar ony rewolýusiýa deňeýärler, ýöne ol häsiýeti boýunça milli - azat edijilik hereket bolup, Niderlandiýada höküm sürýän Gabsburglar şanesillerine garşy gönükdirilipdi. Ispan monarhlary bilen arabaglanyşyk o diýen bir berk däldi: ýurtda Baş ştatlar saklanyp galyp, olary stathauderler (statgalterler) ispan karolynyň dikmesi dolandyrýar. 1579-njy ýylda Utreht şäherinde Niderlandiýanyň demirgazygynyň 7 sany welaýaty Ispaniýa garşy uruşmak üçin soýuz baglaşýarlar. Kese ýurt hökümdarlygy öz netijesini görkezýär: Gabsburglar öz kanunlaryny we düzgünlerini girizýärler, protestantlar yzarlanylýar, XVI asyryň II ýarymynda bolsa Niderlandiýada ykdysadyýet üçin zyýanly gazaply salgyt syýasatyny geçirmäge synanyşýar. Netijede, ýurtda milli - azat edijilik hereketi başlanýar, 1581-nji ýylda Baş ştatlar Filipp II-ni agdarmak barada akt (kanun) kabul edýär. Şeýlelikde, täze döwletiň esaslary - Birleşen welaýatlaryň Respublikasy döredilýär we oňa demirgazyk welaýatlar giripdir. Özleriniň gaýduwsyz göreşlerine garamazdan, şol wagt ýurduň günortasy Ispaniýanyň golastyndady. Demirgazyk Niderlandiýada täze döwlet- Gollandiýa respublikasy ýa-da demirgazyk welaýatlaryň iň ulusynyň ady bilen ýöne Gollandiýa döräpdir. 30 ýyllap uruşdan soň Ispaniýa bilen 1609-njy ýylda şertnama gol çekilip, ol şertnamanyň esasynda Ispaniýa Gollandiýanyň garaşsyzlygyny ykrar edipdir.

Elbetde, syýasy ulgam, hut Angliýadaky ýaly düýpli özgerdilmeýär. Döwletiň- respublikanyň başynda öňküsi ýaly stathauderler Oranskiý-Nassauler patyşalar maşgalasy durup, olar öz derejelerini nesillerine berýärler. Buržuaziýa Baş ştatlara hödürlenýärler, ýöne, syýasy häkimiýete gatnaşygy kynlaşdyrylýar. Şeýle-de bolsa, rewolýusiýanyň barşynda amala aşyrylan çäreler; ispan kanunlarynyň ýatyrylmagy, býurokratik apparatyň özgerdilmegi, kalwinizmiň resmi din diýlip ykrar edilmegi kapitalizmiň ösmegi üçin amatly şertler döredýär.

Birleşen prowinsiýalar özleriniň tekstil senagaty, gämi gurluşygy, süýt önümlerini berýän maldarçylygy bilen şöhratlanýardy. Ýöne, ýurduň XVI-XVII asyrlarda baýlygynyň esasy çeşmesi aralyk söwdady. Döwürdeşleriň şaýatlyk etmegine görä, ähli kanallar, gämi duralgalary gämilerden hyryn-dykyndy. Onuň söwda floty Ýewropanyň beýleki ýurtlarynyň flotynyň bilelikde alnandakysyndan hem uly bolupdyr. Dünýäniň ähli ýerlerinden gelen gämiler Amsterdam portunda jemlenýär. Ol dünýä söwdasynyň merkezine öwrülipdir.

Gollandlar köp koloniýalary basyp alýar we portugallary Indoneziýadan gysyp çykarýar. Golland täjirleri Günorta we Demirgazyk Yewropanyn arasyndaky aralyk söwdany öz ellerinde jemläp, olara “deňiz paýtunçylary” diýip at berilýär.

*Şondan soňra Gollandiýa öz peýdasyna bütin dünýäden önüm getirýär. Günbatar we gündogar ýurtlara zerur bolan önümleri getirip, goňşy deňizlerde aralyk orny eýeleýär... Her bir öý gämi gurluşygy boýunça mekdebe öwrülýär.*

**Z. Ranke XIX-as. nemes taryhçysy**.

Gollandiýa deňizde höküm sürýär. Ýewropa bazarlary bilen çäklenmän, golland täjirleri Ispaniýanyň we Portugaliýanyň koloniýalaryna baryp, öz

garşydaşlaryny gysyp çykarýar. XVII asyrda Ýewropada iň baý ýurda öwrülmek bilen, Gollandiýa halkara maliýe merkezine öwrülýär. Amsterdam banky we biržasy diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem umumy Ýewropa derejesinde uly ähmiýete eýe bolýar. Amsterdam bankyna köp sanly daşary ýurt hökümeti (şol sanda, Golland hökümeti) bergidar bolup, maliýeçileriň köp Ýewropa ýurtlarynyň içerki we daşarky syýasatyna resmi däl ýagdaýda täsir etmäge mümkinçilik alýar. Ýöne bu söwda - pul kapitalynyň esasynda gülläp ösmeklik durnuksyzdy. Senagat gowşak ösýär, tehniki oýlap tapyşlar boýunça Gollandiýa yza galýar. Netijede, XVIII asyryň II ýarymynda öň nusgawy kapitalistik döwlet bolan Gollandiýanyň Angliýadan yzagalaklygy diňe bir senagat boýunça däldi. Güýçli deňiz döwleti bolan Angliýa we kem-kemden berkeýän Fransiýa Niderlandiýanyň deňizde esasy bäsdeşleridi.

**Fransiýa.** Kapitalizmiň ösüşi Angliýa we Gollandiýa bilen deneşdirilende has hem haýaldy. Bu ýurda feodal gatnaşyklaryň rewolýusion ýol arkaly ýok edilmegi örän giç, XVIII asyryň ahyrlarynda bolup geçendigi bilen düşündirilýär. XVII-XVIII asyrlaryň dowamynda kapitalizm köne düzgünden kem-kemden ösüp çykýar. Fransuz obasynda buržuaz gatnaşyklarynyň täsiri gowşakdy. Angliýada XVIII asyrda adaty ýagdaýa öwrülen kapitalistik fermer hojalyklary bu ýerde seýrekdi. Olar esasan hem, iri senagat merkezleriniň töwereginde jemlenýärler. Kapitalistik hojalyklaryň käbir uly bolmadyk ýerlerine garamazdan, fransuz obalarda öňki hojaýynçylyk gatnaşyklar saklanyp galypdy. Eýsem-de bolsa olaryň esasynda kem-kemden täze gatnaşyklar döräp başlaýar. Bu prosesi daýhanlaryň şahsy azatlyklary we olaryň hojalygy ýöretmekde zerur özbaşdaklygyň barlygy sebäpli ýeňilleşýär. Daýhanlaryň toparlara bölünmegi işjeň amala aşýar. Kärendeçilik we ýarym kärendeçiligiň dürli görnüşleri daýhanlaryň has garyplaşan bölegini hem Angliýada bolşy ýaly, ýersiz galdyrmaýar.

*... Hakyky agrar kapitalizm hojalygy ýöretmegiň başgaça usuly iňlis görnüşi Fransiýa-da seýrekdi. Ýöne ugur şoňa barýardy. Adamlar ýere girdeji hökmünde, hojalygy täze ýöretmegiň usullarynyň zerurlygyna ynanyp başlaýarlar.*

*F. Brodel 1979 ý.*

Fransuz feodallary babatynda aýdylanda bolsa, kärendeçilik ýoluna geçmeklige howlukmaýarlar. Gaýtam tersine, bu işi dworýanlaryň mertebesine laýyk däl hasaplaýarlar.

Deňizýaka şäherler bolan Marselde, Nantede, Bordoda, Dýeppede iri täjirçilik döreýär, sebäbi içerki bazar önüm satmaklyga doly mümkinçilik bermeýär. Ispaniýa, Italiýa we koloniýalar bilen daşarky söwdany ösdürmeklik amatly bolupdyr. Fransuz buržuaziýasy döwletden berk kepillendirmäniň ýoklugy sebäpli, feodal renteleriniň eýelerine öwrülip, ýer satyn alýarlar, sebäbi emeldarlaryň ýagdaýy kärendeçilik bilen deňeşdirilende özüne çekýär. Buržuaziýa wezipeleri uly höwes bilen satyn alýar, sebäbi emeldarlaryň-*mantiýaly (giň we uzyn plaş şekilli geýim) adamlarynyň* ýagdaýy töwekgelçilikli telekeçilik bilen deňeşdirilende has özüne çekijidi. Ahyrynda, buržuaziýanyň bir bölegi rantýeleri, başgaça aýdylanda, gymmat bahaly kagyzlary satyn alyp, ondan gelýän

göterimleriň hasabyna ýaşaýanlara öwrülýär. Önümçilige kapitalyň gelmegi ýokary däldi. *Merkanetalizm syýasaty*-fransuz absolýutizmi tarapyndan alnyp barylýan kapitalizmiň ösüşiniň esasy sazlaýjysy bolupdyr. Bu ýerde Lýudowik XIV-ň dolandyran döwründe maliýe ministri bolan J. Kolber möhüm orny eýeleýär. Onuň hemaýatkärlik etmeginde iri manufakturalar döredilýär, gämi gurluşygy ösýär, West-Hindistan we Ost-Hindistan söwda kompaniýalary esaslandyrylýar. Fransiýa dünýäni paýlaşmaklyga gatnaşýar, ýöne güýçleriň mynasybeti boýunça öz garşydaşlary bolan Angliýadan we Gollandiýadan ep-esli yza galýardy.

*Şeýlelikde, baryp XVII-XVIII asyrda kapitalizm ýoluna düşen ýurtlaryň arasynda bäsdeşlik başlanýar. Öňdebaryjy orny eýelemeklik uly erjelligi talap edýärdi. Ähli zat söwdanyň üstünlikli ösmegine baglydy, esasan hem senagatyň az çykdaýjy çykaryp, köp önüm öndürmegiň, täzelikleriň dürli görnüşlerini ulanmagyň, tehniki taýdan kämilleşmegiň zerurlygyna baglydy. Elbetde, ykdysady ösüş gönüden-göni syýasy modernizasiýasynyň derejesine hem baglydy. Buržuaziýanyň syýasy häkimiýete ygtyýary bolan ýurtlarynda has uly mümkinçilikler peýda bolup, bu ýerlerde telekeçilige giň ýol açýan kanunlar çykarylýar.*

## § 3.Täze döwürde täze şahsyýetiň kemala gelmegi

Günbatarda kapitalizmiň XVII-XVIII asyrlarda kapitalizmiň ornaşmagy bilen, zähmede, dini garaýşa, jemgyýete, maşgala, söýgä we öz-özüne aýratyn gatnaşyk edýän *şahsyýetiň täze görnüşi* durmuşa gadam basýar.

Bu– orta asyrlara düýbünden meňzemeýän täze dünýägaraýyş Reformasiýa döwründe döräp başlaýar. Wagtyň geçmegi bilen Jan Kalwin tarapyndan işlenilip düzülen protestan etikasy jemgyyetin barha giň gatlagyny öz içine alýar, ýöne, ony esasy ýaýradyjy buržuaziýady. Bu bolsa öz - özünden düşnükli, sebäbi ol kapitalistik jemgiýetiň ýaşaýşy üçin zerur ugurlary berýär, bu ýerde adamyň ykbalyny onuň sosial taýdan gelip çykyşy kesgitlemeýär, köp zatlar zähmet-söýerlige we ugurtapyjylyga bagly bolup durýar.

Orta asyr rysarynyň ornuna gelen buržuaziýanyň keşbi şol döwrüň edebi žanrlarynda beýan edilýär. Oňa mysal edip görnükli amerikan syýasy işgäri Benjemin Frankliniň (1706 – 1790-nji vyllar) terjimehalyny we iňlis ýazyjysy Daniel Defonyň 1719-njy ýylda ýazan ,,Robinzon Kruzo” romanyny almak bolar.

**Jentelmen - buržua**.

Franklin-de, Defo-da öz ideýalaryny kagyz ýüzünde beýan edip, onuň hakykatdygyny şahsy durmuşynda tassyklaýarlar. Olar ownuk hususyýetçi - protestan maşgalasynda dogulýarlar. Frankliniň atasy dini erkinlik gözläp, beýlekiler bilen bilelikde Angliýadan Amerika gidýär. Olaryň ogullary öz geljegi ugrunda zerur zatlary özleri gazanýarlar, täze döwrüň öňe süren şygarlaryň biri-de, ,,adam ähli zat üçin öz - özüne minnetdar bolmalydyr” diýen ýörelge bolupdyr.

Defo žurnalistiň we ýazyjynyň şöhratyny gazanýar. Franklin ýönekeý tipografçylykdan- görnükli syýasy işgär, diplomat derejesini gazanyp, Demirgazyk Amerika koloniýalarynyň Angliýadan bölünip aýrylmagynda möhüm orny tutýar.

Kapitalizm ruhuny göterijiler –„sowdagärler” we „meşşaninler”- täze gahrymanlar nähili bolupdyr? Orta asyrlarda kemala gelen aristokratik ideallykdan daşlaşyp, buržuaz ideologiýasy öz idealyny döredýär. *Buržuaziýa jemgyýetde täze elitanyň ornuna dalaşgärlik edýär*. Elitarlyga bolan hukugy bu täze döwürde ata - babalaryndan gelýän asyllylyk däl-de şahsy mertebe kesgitleýär. Defo buržuaziany dworýanlaryň endiklerini özleşdirmeklige çagyrmak bilen bir hatarda, „dogluşy boýunça jentilmenler”-dworýanlar hakynda öz ata –babalarynyň abraýyna buýsanyp, hiç zadyň alnyndan däldigini ýigrenmek bilen belleýär. Hakyky hormata „terbiýesi boýunça mertebeli” we öz baýlygyny özi gazanan, jemgyýetde özüni alyp barmagy öwrenen, öz –özüni şahsyýet hökmünde döredenleri mynasyp hasaplaýar.

Üstünligiň möhüm ölçegleriniň biri-de pul bolupdyr. Aristokratlar üçin „asylsyzlyk” hasap edilen pul gazanmaklyk, indi bolsa esasy tema öwrülýär. XVII – XVIII asyrlarda „baýlaşmak hakyndaky esaslaryň” birnäçesi peýda bolýar. Baýlyga kowalaşmak-wagta tabyn ýagdaý däldi, ol elmydama-da bardy. Kapitalistik döwre çenli adamlaryň esasy aladasy iýmit bilen üpjün edilmekdi. Onuň hojalyk işi orta asyr jemgyýetinde iş ýüzünde özgermän galýar, sarp edişine baglydy: *näçe sarp edilýän bolsa, şonça-da önüm öndürilmelidir.* Onuň hojalyk işleri sarp edişiň mukdary bilen kesgitlenýär. Näçe sarp edilse, şonça – da öndürmek gerek. XVII – XVIII asyrlarda bu baýlaşmaga bolan isleg zerurlygyň çäginden çykyp, adam aňynda esasy orna geçip, onuň ýaşaýşynyň manysyny kesgitleýär.

*Pul näme üçin gerek?* Bu soraga bir söz bilen jogap bermek mümkin dal? Ony „Baýlaşyň” diýen ýönekeý şygar bilen baglanyşdyryp hem bolmaz. XVIII asyrda hem baýlyk gazanmak Jan Kalwiniň taglymatyna görä Hudaýyň rehimdarlygynyň nyşany – hökmünde kabul edilýär. „Hudaý adama peýdaly sarp etmegi üçin baýlyk we jan berýär, şonuň bilen birlikde ahlaklylygyň aýratyn we örän ajaýyp hadysasy ýüze çykýar.” - diýip, hyjuwly dindarlygy bilen tapawutlanmadyk Benjemin Franklin ýazýar. Şonuň bilen birlikde baýlyk adamy köp zatlara *borçly* edýär: ol peýdasyz ýatmaly däldir, ol öz eýesiniň emlägini artdyrmaly we hemme ýerde bagt ýaýratmaly “. Ondan başga-da pul – bu garaşsyzlyga tarap ýol, jemgyýetiň gazaply kanunlaryndan şahsyýetiň erkinligine tarap ýol. Gurply adam bol, şonda garaşsyzlyk seniň galkanyň, goragyň, tajiň we kellä geýýän demir gabyň bolar diýip, Benjemin Franklin ýazýar.

### Baýlaşmagyň ýollary.

Nahili ýol bilen baýlaşyp bolar? Orta asyrlardan adamlar gömülen hazynalary gözläpdirler, alhimiýa bilen meşgullanypdyrlar, garaşylmagyk baýlyklara, monarhyň rehimdarlyk etmegine, harby ýörişlerden düşjek baýlyklara umyt baglapdyrlar.

*Awantýurizm ruhy* kapitalistik adama ýat däldi. XVI – XVII asyrlar hazyna gözleýjileriň we ýiti başdan geçirmeleriň, deňiz garakçylaryň döwri bolup, olaryň arasynda iňlisler kem – kemden öňdebaryjy orny eýeleýärler. Garakçylyk bilen aristokratik maşgalalaryň wekilleri-de meşgullanypdyrlar; „täjir-awantýuristleriň, ýarymgarakçylaryň gämileri tagtda oturan şahsyýetler tarapyndan üpjün edilýär. Taryhda - alymlaryň, şahyrlaryň, filosoflaryň, aristokratlaryň we gödek we zalym talaňçylaryň aýdyň keşplerini özlerinde jemleýän şol döwrüň garakçylary barada maglumatlar saklanyp galypdyr. Olar - Uolter Reli, „asylly garakçy" Frensis Dreýk, Martin Frobişer, Kawendiş baý olja basyp alyp, gymmat bahaly matadan ýelkenli gämilerde, gyzyl çaýylan bogaldakly, mahmal we ýüpek geýnen deňizçileri bilen Temza derýasy arkaly ýokary galýar.

Ýöne wagtyň geçmegi bilen olara meňzeş şahsyýetler jemgyýetiň täsiri bilen özgerýärler. Awantýurizm ýok bolup gitmeýär, has siwilizasiýalaşan görnüşe geçýär.

Eýsem – de bolsa, kapitalistik ruhunyň möhüm easlary awantýurizm däl –de, *zähmetsöýerlik* bolupdyr. Gündelik, janypkeş, yzygiderli zähmetiň orny buržuaziýanyň aňynda dyngysyz ösýär.

Orta asyrlarda bu pikir diňe bir dworýanlara däl, eýsem jemgyýetiň aşaky gatlaklaryna - zähmetkeşlere-de ýat bolupdyr. Alymlaryň hasaplamagyna görä, kapitalizme çenli döwürde baýramçylyklaryň sany örän köp bolupdyr: ýylyň dowamynda 100 gün töweregi, kä- wagt ondan hem köp iş guni ýitipdir. Zähmetiň önümçilik depgini-de pes bolupdyr.

Kapitalistik adam howlugyp başlaýar. „Wagt bu puldur" - Frankliniň meşhur jümlesi şol döwrüň şygaryna öwrülýär. Şu ýerden hem tertip- düzgüne, tertipnama düzülmegine söýgi peýda bolýar, şonuň esasynda buržuaz ideologlary baýlaşmak isleýänlere wagtyny bölüp, kadalaşdyrmagy maslahat berýärler. *Peýda görmeklik* prinsipine durmuşyň ähli taraplary tabyn edilýär. Şol döwrüň buržuaz ideologiýalarynyň pikirine görä baýlaşmagyň usullary *ahlakly* bolmalydyr. „Dogruçyllyk – ine, iň oňat syýasat" -diýip, Franklin ýazýar. Dogrycyl täjir ýa- da telekeçi daş töweregindäkileriniň ynamyny gazanyp, gülläp ösüp biler. Şeýle gatnaşyklar diňe bir müşderiler babatynda däl, eýsem kärdeşiň - şärikdeşiň babatynda ulanylmaly diýlip, görkezme berilýär. Öňki seh raýdaşlygy-da öz ähmiýetini ýitirmeýär.

*Eger-de sen baýlaşmak üçin bir zat satýan bolsaň, onda sen wyždanyňa gulak as, aram, ortaça girdejä kaýyl bol we müşderiniň habarsyzlygyny öz peýdaňa ulanma.*

*Benjamin Franklin.*

Kapitalizm döwründe emele gelen täze şahsyýetiň esasy aýratynlyklaryny bir ýere jemläp, biz adamyň asla romantiki däl - pragmatiki şekilini alýarys, „ ortaça-aram derejede ykjam we peýdakeş. Şu häsiýetler *öz daş – töweregindäki dünýäni özgertmeklige* bolan isleginde aýdyň ýüze çykýar. Oňa mysal edip, özüniň tas renessans köptaraplylygy bilen haýran galdyran Frankliniň döredijiligini almak

bolar. Ol syýasatdan başga-da, elektrik togy babatynda ylmy açyşlary bilen şöhratlanýar. Ol Amerikada ilkinji köpçülik üçin niýetlenen kitaphanany, soňra meşhur Pensilwan uniwersitetine öwrülen Akademiýany, öz ştatynda ilkinji ylmy jemgyýeti esaslandyryp, bir adamyň baýlygy – köpçülige gulluk etmelidir diýen şygaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýär. Franklin köp sanly mümkin bolan taslamalary işläp düzýär, öz öňünde gabat gelen ahli zatlary kämilleşdirmegi, gowulandyrmagy maksat edýär.

Robinzon Kruzo hem şeýle bolupdyr, ol özleşdirilmedik adada ýeke galyp, adam aýagy düşmedik ýerde siwilizasiýa döredýär.

Elbetde, düzgün bolşy ýaly, hakykat taglymata gabat gelmeýär. Taryhy wakalaryň şaýatlyk etmegine görä, täze häsiýetli adam diňe bir döretmän, eýsem ony weýran edýär, talaýar, baýlygyny öz daş-töweregindäkileriň abadançylygy üçin sarp etmeýär. Eýsem-de bolsa adamyň bu şekili hakykatyň esaslarynda peýda bolýar, öz gezeginde jemgyýetçilik aňyna uly täsir edýär we *täze gymmatlyklar ulgamyny* kemala getirýär.

## § 4. Magaryfçylar: düşünmäge synanyşan adamlar

Nemes filosofy Immanuil Kant „magaryfçylyk asyry” diýlen döwrüň mazmunyny „düşünmäge erjellik bilen synanyşanlar” diýip atlandyrýar. Ol Gaýtadan döreýişden we Reformasiýadan soňky ruhy öwrülşik bolmak bilen, magaryfçylyk orta asyr gymmatlyklar ulgamyny iş ýüzünde düýbünden ýok edýär.

Magaryfçylyk güýçli halkara ideologiki hereket bolupdyr. Ol Angliýada XVII asyryň ahyrlarynda filosof Jon Lokk (1632-1704) tarapyndan esaslandyrylýar, XVIII asyrda bolsa Fransiýada ýokary derejede gülläp ösüp, Wolter (1694-1778), D. Didro (1713-1784), Ş. Monteksýe (1689-1755), J. J. Russo (1712-1778) ýaly örän ajaýyp akyl- darlary ýüze çykarýar. Magaryfçylyk örän çaltlyk bilen bütin Ýewropa ýaýraýar. Magaryfçylaryň pikirleri diňe bir intellektual elitanyň arasynda däl, eýsem, azda-kände ýönekeýleşdirilen görnüşde halk köpçüligine baryp ýetdi, bu ylaýta-da iňlis, amerkan, fransuz rewolýusiýalarynyň gaýnap- joşýan döwründe has aýdyň ýüze çykdy.

### Paýhasyň ýeňişleri

Baryp orta asyrlarda Günbatar Ýewropa pikiriniň esaslaryndan ösüp emele gelen rasionalizm, Magaryfçylyk asyry ýeňiş gazanýar. Ýöne ol wagtlar dünýä rasional gatnaşyk düzgün bolşy ýaly, dini nukdaýnazardan amala aşyrylyp, onuň bilen çylşyrymly baglanyşyklydy. XVIII asyrda Hudaýy düýpgöter inkär edýän ynam bolan ateizm döreýär. Eýsem-de bolsa oňa bolan ynam paýhasyň talaplaryna tabyn edilen görnüşde saklanýar. Ateizm (grek theos-Hudaý, Hudaýy inkär etmek) bu dünýägaraýyşlaryň toplumy bolup, ol adatdan daşary güýçlere ( ruhlara, Hudaýlara, o dünýädäki ýaşaýyşa) bolan ynamy, şeýle hem ähli dinleri inkär edýär. Her bir taryhy etapda ateizm ylmy-bilimleriň ýeten ýokary derejesine daýanyp, synplaryň we sosial toparlaryň ideýa ýaragy bolup, olaryň bähbitlerini

goraýar. Ateizm tebigata maddy dünýägaraýyş esasynda garap, ylmy garaýyş hökmünde gul eýeçilik jemgyýeti döwründe emele gelýär. Ateizmiň möhüm alamatlary Falesiň, Anaksimeniň, Geraklitiň, Demokritiň, Epikuryň, Lukresiý Karyň garaýyşlarynda öz beýanyny tapýar.

Has söweşjeň ateistlere rus rewolýusion- demokrtalary degişlidir. Ateizm marsistik-leninçilik taglymatynyň esasy bölegine öwrülýär. Marksistik ateizmiň filosofiýasynyň esasyny dialektika we taryhy materializm düzýär.

„Eger-de Hudaý bolmadyk bolsa, onda ony oýlap tapmaly”- Wolteriň bu meşhur jümlesi dini dünýägarşa bolan örän rasional we utilitar gatnaşygy beýan edipdir. Bu bolsa orta asyr adamyna düýbünden ýatdy.

*Magaryfçylyk - bu adamyň öz günäsi sebäpli ýaşap ýören kämilsizliginden çykmagydyr. Kämil dällik – bu öz pähim-paýhasyňdan beýleki biriniň, kesekiniň görkezmesinden özbaşdak peýdalanmaklyga bolan ukypsyzlykdyr. I. Kant .*

Ybadathananyň dini beýan ediş ugry ýaly dünýäniň dini nukdaýnazardan aň ýetirilişi magaryfçylar üçin häzirki zaman adamynyň esasy duşmany bolup duýulýar. Deni Didro bu babatynda şeýle ýazýar: „Eger-de paýhas asmandan inen peşgeş bolsa, onda ynam hakynda hem şeýle diýip bolar, diýmek, asmandan biri-biri bilen utgaşyksyz we gabat gelmeýän iki peşgeş ýollanypdyr”. Orta asyr adamy üçin Gadymy we Täze Wesýetde berilen jedelsiz Keramatly täzelik adaty adam logikasynyň nukdaýnazaryndan tankytlamalara sezewar edilip, ondan ençeme ters gelmeler tapylýar.

Hakykatdan hem paş edilmeleriň döwri başlanýar. Bu paş etmeleri amala aşyrýan magaryfçylar bolsa, özlerini dünýä hakyndaky hakyky ylym-bilim bilen ýaraglanyp, adamzadyň asyrlar boýy emele gelen nädogry düşünjelerini ýok edýär diýip hasaplaýardylar.

Eýsem, sagdyn pikirli adam How enäniň Adamyň gapyrgasyndan döredilenine, Dewa Mariýa Hristosa göwreli bolup, şol bir wagtyň özunde päkligini saklamagyna, Hristosyň ölenden üç günden soň gaýtadan direlmegine ynanarmy? Paýhasa we toplanan ylmy-bilimlere ters gelýän ähli zatlar inkär edilýär. Hatda Hudaýyň barlygyny köp magaryfçylar dünýäniň döredilmeginiň maksadalaýyklygyny düşündirmek üçin ykrar edýärler.

*Hudaý „materiýa esasy hereketi berdi”.*

*B.Fontenel.*

Rasionalizm latynça *rationalis-diýen sözden- „akylly”, „paýhasly*” diýen manyny berýär. Aň ýetiriş taglymaty bolup, oňa görä ählumumylyk we zerurlyk takyk ylmyň logiki ykrar edilmegini aňladýar we ol akyl -paýhasdan gelip çykýar. Rasionalizm matematikanyň, takyk matematikanyň esaslaryny logiki taýdan düşündirmek maksady bilen peýda boldy. Bu ugruň wekilleri XVII asyrda Dekord, Spinoza, Leýbinis, XVIII asyrda Kant, Fihte, Şelling degişlidir. Rasionalizm ähli ylmy bilimler babatynda pähim-paýhasa, ynamlylyga mälim bolan, subut edilen paýhasly gözýetimleri peýdalanmaklygy ykrar edýär.

Magaryfçy-deistleriň göz öňünde Hudaý baky bar bolan materiýa - belli bir düzgün girizýän güýje öwrülýär. Şol döwür baryp XVII asyrda dörän ideýa - Hudaýy beýik mehanik hökmünde we dünýäni bolsa ägirt uly mehanizm diýip göz öňüne getirmeklik örän meşhur bolupdyr.

Deizm ( latynça deis- hudaý) Hudaýyň barlygyny ykrar edýän taglymat. Deizmiň esasy mazmuny - dünýä öz kanunlary bilen birlikde Hudaý tarapyndan döredilýär. Bu taglymat Angliýada feodal- ybadathanaçylyk garaýyşlarynyň agalyk edýän döwründe G. Çerberi tarapyndan (1583-1648-nji ýyllarda) döredilýär. Fransiýada deizmiň wekillerine Wolter Russo, Angliýada J. Lokk, I. Nýuton, Toland, filosof-moralist Şefstbern, Russiýada Radişew we başgalar degişli. Deizm-dini-filosofiki ugur hasaplanylýar. Onuň wekilleri Hudaýy diňe dünýäni esaslandyrylmagynyň ilkinji sebäpkäri hasap edýärler, ýöne Hudaý şahsyýet hökmünde bar bolup, adamyň we jemgyýetiň durmuşyna goşulyşyp biljekdigini inkär edýärler.

Tebigy ylymlaryň üstünlikleriniň netijesinde täsinlikleriň we tapmaçalaryň wagty geçip, dünýäniň ýaradylyşynyň ähli gizlin syrlary aýan edildi we älem, jemgyýet, adam logikasyna we paýhasyna düşnükli kanunlara tabyn duýgy peýda bolýar.

Adamzat taryhynda magaryfçylary global meseleler gyzyklandyrýar: döwlet nähili döräpdir? Haçan we näme üçin deňsizlik döräpdir? Progress näme? Bu sowallara dünýäniň ýaradylyşynyň „mehanizmi” ýaly gürrüňe meňzeş ýagdaýdaky rasional jogaplar tapyldy.

**Jemgyýetçilik şertnamasy hakyndaky taglymat.** Jemgyýetçilik şertnamasy hakyndaky taglymat b. e. öň V asyrda gadymy Hytaý filosofy Meti ( soňra Sokrat, Epikur) tarapyndan öňe sürülýär. Bu taglymaty has giňden XVII-XVIII asyrlarda Gobbs, Spinoza, Lokk, Russo tarapyndan ösdürilip, feodalizme we absolýut monarhiýa garşy göreşde peýdalanylýar.

Baryp iňlis rewolýusiýasy ýyllarynda döwlet häkimiýeti, halk we onuň hökümdarynyň arasynda baglaşylan jemgyýetçilik şertnamasynyň netijesi hakynda pikir emele gelýär. Şu ýerden hem hökümdarlary agdarmak mümkinçiligi ýüze çykýar. Bu taglymaty J. Lokk işläp düzýär, fransuz magaryfçylary tarapyndan goldanylýar. D. Didro: „jemgyýet öz hökümdarlaryny diňe öz bagtlarynyň ygtybarly goragçysy we öz-özüni gorap saklamagyň hatyrasyna saýlaýarlar. Şonuň üçin hökümetiň despotizmine zorluk bilen jogap bermeklik rugsat edilýär” diýip, hasap edýär. J. J. Russo hem gozgalaňlary dogry çäre hasap edýär.

*Rewolýusiýa we rewolýusion tolgunyşyklar, elbetde jemgyýet üçin betbagtçylyk. Şonuň üçin oňa has zerur, möhüm, berk we uzak wagtlaýyn abadançylygy gazanmaly bolanda ýüzlenilýär. Bu bolsa wagtlaýyn rahatlygyň bozulmagyny ödeýär. (P.Golbah fransuz magaryfçysy*).

Ýöne siwilizasiýanyň başyny başlan jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşmagyň we döwlet döretmegiň näme üçin zerurlygy ýüze çykýar? Bu sowala Russo özüniň „Jemgyýetçilik şertnamasy hakynda” atly meşhur işindäki taglymaty bilen jogap berýär. Fransuz filosofy häzirki zaman jemgyýetine hemme adamlaryň deň

bolan tebigy  ilkidurmuş ýagdaýyny garşy goýýar. Hususy eýeçiligiň ýüze çykmagy bilen sazlaşyk bozulýar. Paýhasly kanun esasynda halk tarapynda saýlanan döwlet häkimiýeti, ähli raýatlar üçin birmeňzeş bolup, jemgyýetde güýçleriň deňagramlylygyny, düzgün - tertibiň ýola goýulmagyny amala aşyrmalydy. Ýöne Russonyň pikirine görä jemgyýetçilik şertnamasynyň şertleri örän çalt unudylýar. Halk köpçüligi diňe bir zatda- despotizmiň öňünde hukuksyzlyklarynda deňleşýärler. Adamyň taryhy ösüşiniň netijelerine baha bermek bilen, Russo onuň pajygaly iki häsiýetini görýär. Siwilizasiýa belli bir derejede adamlaryň  ýaşaýyş durmuşyny ýeňilleşdirip we gowulandyryp, özüniň baý miwelerini getirýär. Ýöne „altyn asyryň” sazlaşygy gaýdyp gelmejek geçmişe gidýär. Russo ýaly ähli magaryfçylar ilkidurmuş gurluşyny nusgawy hasaplamaýarlar, ýöne tebigy kanunlar we tebigy  adam taglymaty döwrüň baýdagyna öwrülýär.

## Jemgyýetiň we adamyň gaýtadan gurluşy

Tebigy  deňlik ideýasynyň esasynda häzirki zaman jemgyýetini tankytlaýarlar. Eger tebigat sosial deňsizligi döretmedik bolsa, onda name üçin ol bar? Jemgyýet ählumumy tebigy  kanunlar esasynda gurulýar. Eger-de adamyň tebigy  islegi bagtly bolmak bolsa, diýmek,  jemgyýeti bu islegi amala aşyrar ýaly edip gurmaly. „Adam dogulanda azat dogulýar. Ýöne oňa garamazdan ol ähli ýerde gandally”- Russo degişli bu jümle  diňe bir  ajy hakykatyň faktynyň kesgitlemesi bolman, eýsem dünýäni özgertmeklige we kämilleşdirmeklige bolan çagyryş bolupdyr.

*Hökümdar, köşkdäkiler we käbir şahsy adamlaryň bir bölegi ähli baýlyga ygtyýar etse, şol bir wagtda bolsa beýlekiler çäksiz, çykgynsyz gedaýlykdan dadyperýat edýär.*

*Ş. Monteskýeniň ,, Pars  hatlaryndan”1721 ýyl.*

Magaryfçylaryň taglymatlary syýasy gurluşyň mizemezligine bolan adaty ynamy ýok edýär. Ol Hudaý tarapyn däl-de, adamlar tarapyndan, olaryň taryhy ýaşaýşynyň belli bir döwründe berkarar edilýär. Şoňa laýyklykda, döwlet gurluşyny özgertmek, kämilleşdirmek mümkin we zerurdyr.

Magaryfçylar sazlaşykly jemgyýeti gurmagyň, ýerde özboluşly eşretli ýaşaýşyň, adamzadyň elleri bilen döredip boljak Hudaýsyz adalat patyşalygynyň mümkinçiligine ynanypdyrlar. Feodalizmiň galyndylary ýok edilse, bu nusgawy ýaşaýşa  ýetmek mümkin ýaly bolupdyr. Elbetde, nusgawy geljek,  hatda Russo hem gadymy „altyn asyra” gaýdyp barmaklyk hasaplamaýardy. Gürrüň gülläp ösýän, modernizasiýalaşan jemgyýet hakynda, senagat, kommersiýa we ylmyň ösýän ýerinde, adam bolsa Allanyň öňünde gorky döredýän nogsanlyklardan, ybadathananyň we hökümdarlaryň azat bolan jemgyýeti hakynda barýar.  „Altyn asyrda” bolşy ýaly geljekki täze jemgyýet deňlik prinsipine esaslanmaly, hiç bolmanda oňa golaý bolmalydy.  Käbir magaryfçylaryň taglymatyna laýyklykda, oňa emlägi deň paýlaşmagyň esasynda ýetip bolar.

Emma adamlary nädip şeýle çäklendirilmä razy bolmaga mejbur edip bolar?

Magaryfçylar „eger-de adamy gurşap alan dünýä özgerse, onda ol başgaça bolar. Olar ahlaksyz jemgyýetiň täsirinden çykar” diýip hasap edýärler. Bu çylşyrymly ahlak meseleleri çözmek ýene-de rasional çemeleşmekligi talap edýär. Jemgyýet özüňi çenden aşa söýmekligiň öz-özüňe zyýanlydygyny ynandyrýan kanunlary kabul etmeli.

Täze jemgyýet hakynda arzuw etmek bilen magaryfçylar, rewolýusiýalary meseläni çözmekde iň oňat serişde hasaplamaýarlar. Eden-etdiligiň, zulumyň garşysyna olar halkyň we hökümdarlaryň ruhy taýdan ösmegini garşy goýup, *garaňkylyk nogsanlyklarynyň, tümligiň ýok edilmegini* gazanmaly diýip, hasap edýärler. Şu maksady göz öňüne tutup D. Didro we J. D. Alamber uzak ýyllaryň dowamynda (1751-1776-njy vyllar) ceken zähmetleri netijesinde „Sungatyň we hünärmentçiligiň ensiklopediýasy” diýen işlerini döredýärler. Ol syýasat, ahlak, sungat, tehnika, filosofiýa, oba hojalyk we başgalar barada köp ugurly maglumatlary özünde jemleýär. Ensiklopediýa dünýä hakynda meşhur täze dünýagaraýyşlary döredip, täze adamy döretmelidi, terbiýelemelidi.

*Ýöne şeýle-de bolsa, magaryfçylaryň taglymatlary düýbünden başgaça - jemgyýetiň aňynda rewolýusionerleýji orny eýeleýär. Iňlis, fransuz, amerkan rewolýusiýalary magaryfçylyk ideýalarynyň esasynda bolup geçip, ilkinji nobatda adamlaryň tebigy deňhukuklylygy we jemgyýetçilik şertnamsy taglymatlaryna salgylanýar. Bu taglymatlar Russiýada XVIII asyrda we XIX asyrda intellektual elitäniň arasynda krepostnoýçylyga garşy güýçli hereketiň döremegine getirdi. (N. Nowikow, D. Fonfizin, A.Radişew we dekabristler.) Magaryfçylar gönüden-göni döwlet gurluşyny ýok etmeklige çagyrmaýardylar. Ýöne olar jemgyýeti özgertmek üçin ýeterlik derejede adamlaryň aňyna erkleriniň we bilimleriniň bardygy hakyndaky pikiri ornaşdyrýarlar.*

Magaryfçylyk asyry adamlaryň jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlarynda iňňän uly öwrülişiklere getirdi .

„ Liberalizm” adalgasy, „ azatlyk, erkinlik ugrundaky hereket” manysyny aňladyp, ol ilkinji gezek 1810-njy ýylda Ispaniýada peýda boldy, ýöne liberalizm ideologiki hereket hökmünde XVII asyryň ortalarynda buržuaz-demokratik azatlyklar ugrundaky göreşlerde Angliýada ýüze çykdy. Buržuaz-demokratik azatlyklaryň toplumy jemgyýetiň ösmegi netijesinde kemala gelýär. Şol azatlyklar başda dine uýmak erkinligi bilen baglanyşykly boldy. XVII-XVIII asyrlarda onuň üstüne emläk edinmäge bolan hukuk hem goşuldy. Emläk edinmäge bolan hukuk ugrundaky göreşde ajaýyp iňlis akyldary Jon Lokk (1632-1704) tarapyndan esaslandyrylan taglymatyň örän uly ähmiýeti boldy. Stýuartlaryň häkimiýetiniň dikeldilýän wagty, ol Angliýadan Gollandiýa gaçyp gidýär we diňe 1688-nji ýylyň „Şöhratly rewolýusiýasyndan” soň ýurduna dolanyp gelýär.

Jon Lokkyň düýpli işleriniň biri-de „Adamyň aňy baradaky tejribe” atly kitabydyr. Ol öz eserinde adamynyň elinden alnyp bilinmejek üç sany esasy tebigy hukuklaryny kesgitläpdir. Jon Lokkuň pikiriçe, her bir adamyň 1) ýaşamaga, 2)

erkin bolmaga we 3) emläk edinmäge bolan hukuklary bolupdyr we şol hukuklar eldegrilmesiz diýlip hasap edilipdir.

Jon Lokk öz jemgyýetçilik-syýasy pikirlerinde adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna esasy gymmatlyk hökmünde garapdyr. Ol adamlar özleriniň hukuklaryny gorap saklamak üçin jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşmalydyrlar diýip belleýär. Şol şertnama boýunça döwlet adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramaly bolupdyr. Jon Lokk döwlet öz raýatlaryny goramak üçin dörändir, döwletiň esasy wezipesi kanun çykarmak, düzgün bozanlara jeza bermek, öz raýatlaryny daşarky howplardan hem-de çozuşlardan goramakdyr diýip aýdypdyr. Şonuň üçin hem ol häkimiýetiň üç wezipesi bardyr, olar kanun çykarmak, ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrmak we kazylyk etmekdir, diýip belläpdir. Jon Lokk kanunlaryň döwletde we jemgyýetde hemmeler tarapyndan ileri tutulmalydygyny aýdypdyr. Akyldaryň özi dindaryň maşgalasyndan bolup, onuň dine oňyn gatnaşygy bolupdyr. Onuň pikiriçe, din adamlarda ahlaklylygy terbiýeleýär.

Jon Lokkyň pedagogika (çagalaryň bilimi we terbiýesi hakynda ylym) baradaky pikirleri hem jemgyýetçilik aňyna güýçli täsir edipdir. Lokkyň pikiriçe, pedagogikanyň esasy maksady adamlarda dogruçyllygy we sowatlylygy kemala getirmelidi. Adamlar ruhy taýdan ösmäge birmeňzeş ukyplylygy bilen dogulýarlar diýip, Lokk öwredipdir. Ýaňy doglan çaganyň aňy ak kagyz ýaly arassa bolýar, şol kagyz durmuş ýolunyň ösüşinde nagyşlar bilen bezelip doldurylýar diýip, ol aýdýar eken.

Jon Lokk „liberalizmiň atasy" hem hasap edilýär. Ýöne, islendik taglymatyň peýda bolşy ýaly, onuň garaýyşlary hem boş ýerde döremändir. Adamlaryň tebigy hukuklary barada onuň bilen bir döwürde, hatda birneme öňräk hem ýazypdylar. Olardan iňlis alymlary Jeýms Garringtonyň (1611-1677) we Jon Miltonyň (1608-1674) atlaryny görkezmek bolar.

Ýewropada liberalizmiň ösüşine beýik iňlis akyldary Tomas Gobbs (1588-1679 ýý.) hem uly goşant goşupdyr. Onuň döwlet we hukuk baradaky taglymaty uly meşhurlyga eýedir. Gobbsyň pikirine görä, adamlar döwletiň peýdasyna öz hukuklaryndan el çekmelidiler. Bu ýerde adamlar öz ykballaryny döwletiň ygtyýaryna berip, hemişe onuň pähimine we jogapkärligine bil baglamalydylar. Şeýle kämil häkimiýeti Gobbs, halky durmuş harasatlaryndan we howsalaly hadysalardan gorap biljek çäklendirilmedik ygtyýarlyklary bolan patyşa düzgüninde görüpdir.

Emma Lokkuň pikirine görä, halk jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşmak bilen, häkimiýetiň üstünden gözegçilik hem etmelidi. Eger-de häkimiýet halkyň bähbitlerine el ursa, onuň kanuny hukuklaryny äsgermezçilik etse, onda şeýle häkimiýeti halk üýtgedip ýa-da dolulygyna agdaryp hem bilýärdi. Şu garaýyşlar soňra fransuz magaryfçylary tarapyndan ösdürilipdir, XVIII asyryň ahyrlarynda bolsa, Beýik Fransuz we Amerikan rewolýusiýalarynyň mysalynda iş ýüzünde durmuşa geçirilipdir.

**Monteskýeniň garaýyşlary.** Şarl Lui Monteskýe (1689-1755) ilkinji fransuz aň-bilim ýaýradyjylarynyň biridir. Gelip çykyşy boýunça Monteskýe baý maşgaladan bolup, ol döwründe örän gowy bilim alýar. Monteskýe entek otuz hem ýaşamanka Bordo şäheriniň parlamentiniň başlygy bolmagy başarýar. Ol döwlet gullugyny taşlap, birnäçe ýyllap Ýewropa ýurtlaryna syýahat edýär. Watanyna dolanyp gelenden soň, galan ömrüni ylma we edebiýata bagyş edýär.

Monteskýe öz eserlerinde çäklendirilmedik häkimiýetiň barlyşyksyz göreşijisi we azatlygyň tarapdary hökmünde çykyş edipdir. Monteskýeniň düşündirişine görä, azatlyk eden-etdilikler bolman, adamlara kanun tarapyndan ygtyýar berýän hukuklar bolupdyr.

Monteskýe şahsyýetiň hukuklaryny häkimiýetleriň eden-etdiliklerinden goramaga aýratyn ähmiýet beripdir. Jon Lokkuň häkimiýetiň şahalara bölünmegi hakyndaky garaýyşlaryny ösdürmek bilen, Monteskýe döwlet häkimiýetiniň üç şahasy bolan kanunçylyk, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleri özbaşdak bolmalydyr, olar öz wezipelerini çalyşmaly däldirler, diýip belleýärdi. Çünki häkimiýetiň bir adamyň elinde ýa-da bir döwlet edarasynda jemlenmegi gürrüňsiz häkimiýetden hyýanatçylykly peýdalanylmagyna, çäklendirilmedik hukuklary bolan häkimiýetiň döremegine getirjekdi.

Monteskýeniň öňe süren esasy garaýyşlarynyň düýp mazmuny häkimiýetiň ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet şahalaryna bölünmegi hakyndaky pikirdir. Onuň pikiriçe, korol häkimiýeti ýerine ýetiriji we gözegçilik ediji wezipeleri alyp barmalydy, kanun çykaryjy wezipe parlamente degişli bolmalydy, kazyýet bolsa koroldan we parlamentden özbaşdak hereket etmelidi.

Monteskýe döwlet gurluşynyň üç görnüşi barada-da aýdyp geçýär. Olar: respublika, monarhiýa we despotik döwletlerdir. Ol döwlet dolandyrylşynyň respublikan gurluşyna has döwrebap usul hökmünde baha berýär. Monteskýe halkara hukugynyň ylym hökmünde kemala gelmegine hem uly goşant goşdy. Ol dünýä döwletleriniň arasynda parahatçylykly gatnaşyklaryň ösdürilmegini ileri tutýar we dawaly meseleleriň uruşsyz çözülmegini wagyz edýär. Monteskýeniň öňe süren bu garaýyşlary halkara hukugynyň ylmy esaslaryny goýdy.

**Wolter we onuň döredijiligi.** Dünýä belli fransuz akyldarlarynyň biri-de ylym äleminde Wolter ady bilen belli bolan Fransua Mari Arue (1694-1778-nji ýyllar) bolupdy. Wolter öz eserlerinde ynsan mertebesini ähli zatdan ýokary tutýardy we ynsany kemsidýän düzgünlere garşy barlyşyksyz çykyş edýärdi. Ol adamlary adalatly jemgyýeti gurmaga çagyrypdyr. Has adalatly jemgyýetçilik tertibini ol azatlyk, deňlik we hususy eýeçilik bilen baglanyşdyrypdyr. Eýsem-de bolsa, adalatly jemgyýeti nähili gurmalydy?

Korol häkimiýeti tarapyndan amala aşyrylýan özgertmeler, jemgyýeti asuda ýol bilen üýtgedilip gurulmagydyr diýip, akyldar belleýärdi. Şu nukdaýnazardan, Wolter „Asmandakynyň (Hudaýyň) adamlara ýeriň üstünde berip biljek iň gowy sowgady hoşamaý koroldyr” diýip aýdypdyr. Hoşamaý korol hem hökman filosof bolmaly eken. „Haçan-da patyşasy filosof bolsa, halk üçin bu hakyky bagtdyr” diýip, Wolter aýdanlarynyň üstüni ýetiripdir. Wolter sowatly, ylymly- bilimli

patyşalyk düzgünininň tarapdary bolupdyr. Eger-de sowatly patyşada birden şeýle isleg döräýdigi, jemgyýetde şol pursat azatlyk, deňlik we hususy eýeçilik peýda bolaýmalydy. Şonuň üçin hem, Wolter prus koroly Fridrih II, rus patyşasy Ýekaterina II we Ýewropanyň käbir beýleki hökümdarlary bilen hem ýygy-ýygydan hat alşypdyr.

Fransuz rewolýusiýasy döwründe Wolteriň guburyny göçürip, Fransiýanyň beýik adamlarynyň arasynda jaýlaýarlar. Onuň mazarynyň üstünde şeýle ýazgylar bar: „Ynsan aňyny beýgelden we oňa erkin bolmagy öwreden şahyr, taryhçy, filosof".

**Russonyň pikirleri.** Jan Jak Russo (1712-1778) XVIII asyryň beýik akyldarydy. Ol Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde sagat ussasynyň maşgalasynda eneden bolýar. Bu adamyň durmuş ýoly örän çylşyrymly bolupdyr. Çagalykdan agyr zähmetiň, mätäçligiň hem-de kemsidilmegiň nämedigini öz durmuşynyň mysalynda göz ýetiripdir. Birnäçe gezek işini täzeläp görüpdir, emma olar oňa ne pul, ne-de şöhrat getiripdirler. Ol köp kitap ýazypdyr, ýöne olar häkimiýet tarapyndan oda ýakylypdyr. Emma ömrüniň ahyryna çenli şahsy durmuşyny sazlap bilmese-de, Russo erkinlige ymtylýan fransuz ýaşlarynyň hakyky halypasy bolupdyr.

Akyldaryň pikirine görä, hususy eýeçiligiň döremegi adamzady deňsizlige, gulçulyga we başga-da ençeme betbagtçylyklara sezewar edipdir. Jemgyýetiň ondan soňky ösüşi baýlar tarapyndan garyplaryň, güýçliler tarapyndan ejizleriň ezilmegini döredýän deňsizligiň güýçlenmegine getirýärdi. Oňa garamazdan, Russo hususyeýetçiligi inkär etmeýär, diňe onuň mukdaryny çäklendirilmeginiň tarapdary bolupdyr. Ol jemgyýetde çendenaşa baý we örän garyp adamlar bolmaly däldir diýýär eken.

Ýurduň ýokary häkimiýeti, Russonyň pikiriçe, halka degişli bolmaly eken. Şonuň üçin hem, ownuk ýer eýeleriň demokratik respublikasy, Russo üçin döwlet gurluşynyň iň amatly görnüşi bolupdyr.

Onuň öňe süren häkimiýet halkyňkydyr, diýen pikiri Fransiýadaky 1789-1799-njy ýyllaryň rewolýusion wakalary döwründe gyzgyn goldawa eýe bolupdyr.

**Deni Didro.** 1751-nji ýylda Fransiýada „Ylymlaryň, sungatlaryň we senetleriň ensiklopediýasy" atly kitaby çap edilýär. Bu kitaby çap etmek pikiri filosof Deni Didro bilen matematik D. Alembere degişlidi. 1772-nji ýylda bu kitap doly ýazylyp gutarylýar. Kitap jemi 35 jiltden ybarat bolup, oňa 200-den gowrak awtor gatnaşypdyr. Kitapda Wolter, Russo ýaly beýik akyldarlaryň işleri hem ýerleşdirilipdir. „Ensiklopediýada" matematika, astronomiýa, fizika, himiýa, geografiýa, şeýle hem senagat önümlerini işläp taýýarlamagyň, oba hojalygyny ýöretmegiň usullary beýan edilipdir. „Ensiklopediýanyň" awtorlary rasionalizm, magaryf we ylym adamyň döredijilikli işiniň özeni bolmalydyr diýip tassyklaýardylar.

Bu kitapda awtorlar ylmy-tehniki ösüşiň XVII-XVIII asyrlardaky netijelerini, döwrüň täze jemgyýetçilik-syýasy taglymatlaryny, şahsyýetiň eldegrilmesiz hukuklaryny, häkimiýetde halk wekilçiliginiň zerurlygyny görkezipdirler. Onda

fransuz daýhanlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýaramazdygy we salgytlaryň olaryň hojalygyny çökerýändigi barada hem maglumatlar berilýärdi.

**Adam Smit we onuň ykdysady taglymaty.** XVIII asyryň ajaýyp magaryfçylarynyň arasynda özboluşly ykdysady taglymat döreden iňlis alymy Adam Smit (1723-1790) aýratyn orun eýeleýär. Smitiň pikirine görä, adamlaryň özleriniň maddy ýagdaýlaryny gowulandyrmaga, baýlaşmaga çalyşmaklary adaty zatdyr we ol jemgyýet üçin peýdaly hadysadyr. Smit doly ykdysady erkinlik we işewürlige zeper ýetirýän päsgelçilikleriň ýatyrylmagy ugrunda çykyş edýärdi. Smit jemgyýetiň ösüşinde esasy orun erkin bäsleşige degişlidir diýip belleýär. Şonuň üçin hem ol erkin bäsleşigiň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda we ykdysadyýetiň hemme pudaklarynda bolmaklygy ösüşi kesgitleýär diýip aýdypdyr. Onuň tassyklamagyna görä, halk köpçüliginiň bolelin ýaşaýşynyň esasy çeşmesi zähmetdir. Smit kim ýeri beýlekilerden gowy işläp- bejerip, peýdalanyp bilýän bolsa, goý, ol şonuňky bolsun diýýär. Ol ekin ýerleriniň päsgelçiliksiz we erkin satylmagyny wagyz edýärdi.

**Magaryfçylaryň garaýyşlarynyň jemgyýetiň ösüşine täsiri.** Magaryfçylaryň sosial-syýasy garaýyşlary jemgyýetiň ösüşine uly täsir edýärdi. Bu garaýyşlar adamzat ruhunyň baýlaşmagyna we ylmyň ösüşine güýçli itergi berýärdi.

Ýewropanyň magaryfçylarynyň ideýa-syýasy garaýyşlary iňlis, amerikan we fransuz rewolýusiýalaryna uly täsir edipdir. Täze garaýyşlaryň täsiri bilen bu ýurtlarda çäklendirilmedik patyşa häkimiýetiniň ornuna döwleti edara etmekligiň respublikan gurluşy berkarar edildi. Şahsyýetiň erkinligi baradaky şygarlar jemgyýetçilik aňynyň özenini düzdi. Ýewropada magaryfçylygyň täsiri bilen syýasy guramalar we partiýalar hem döräp ugrady. Olaryň arasynda jemgyýetçilik aňy, jemgyýetiň mundan beýläk ösüş ugurlary babatda özara syýasy göreşler başlandy. Adam hukuklarynyň, azatlygynyň hem-de erkinliginiň, şeýle-de hususy eýeçiligiň eldegrilmesizliginiň gazanylmagynda magaryfçylaryň garaýyşlary möhüm ähmiýete eýe boldy. Olar öz eserlerinde döwletde we jemgyýetde kanunlaryň hökmürowanlygy we adalatyň dabaralanmagy ugrunda çykyş edýärdiler.

## § 5. Gündogar siwilizasiýasy we koloniýal ulgam.

Kapitalistik ösüş ýoluna gadam basan, modernizasiýalaşan Ýewropa döwletleri däp- dessurlaryň öz orunlaryny bermek islemeýän beýleki ýurtlary bilen deňeşdirlende giň mümkinçilik alýarlar. Olaryň artykmaçlygy harby kuwwatynda has aýdyň ýüze çykýar.

XVII-XVIII asyrlarda Ýewropa siwilizasiýasy iş ýüzünde tutuş kontinente ýaýrap başlaýar. Ol Beýik geografiki açyşlar bilen deňeşdirilende beýleki territoriýalara aralaşmgy has çuňňur yz galdyrdy. Ýewropa döwletleriniň ylmy-barlag ekspedisiýalary baý ekzotiki ýurtlary özleşdirmek bilen birlikde ol ýerlerde

koloniýal düzgüniniň esaslaryny döredýärler. Däp-dessurly jemgyýetleriň aglaba bölegi azda-kände güýçli duşmanyň ýeňil oljasyna öwrülýärler.

Ýewropalylar şol döwür öz koloniýalarynyň syýasy dolandyryş ulgamyna gatyşmaýardylar. Şeýle ýagdaý basylyp alnan ýurtlarda döwlet gurluşy düýbünden ýok bolsa, ýa-da has pes ösüşde bolsa edilýär (meselem Täze Dünýäde we Awstraliýada). Öz däp-dessurlaryny, medeniýetlerini, döwletlerini döreden Gadymy Günogar siwilizasiýasy bilen çaknyşanda basybalyjylar olary ykdysady taýdan tabyn etmäge dyrjaşýarlar.

**Günbatar ýurtlaryň koloniýal mülkler ugrundaky basdeşligi.**

Ýewropa döwletleriniň koloniýal syýasaty dünýaniň dürli künjeklerinde olaryň özara gutulgysyz çaknyşmaklaryna getirýär. Döwletiň goldaw bermegi esasynda döredilen söwda kompaniýalary öňden hereket edýän harby goşun toparlarynyň wezipesini ýerine ýetirýärler; olaryň ygtyýarynda öz hususy ýaragly güýçleri bolup, ýaraşyk baglaşmaga ýa-da uruş yglan etmäge, berkitme-gala gurmaga hukuklary bolupdyr. Şeýle kompaniýalar diňe bir ýerli ilatyň garşylygyny basyp ýatyrmak bilen çäklenmän, eýsem, öz basdeşleri bolan beýleki ýewropaly kompaniýalaryň garşysyna hem göreşipdirler.

Ýewropa döwletleriniň arasyndaky şeýle bäsdeşlikde ykdysadyýet babatynda has öňdebaryjy we has modernizasiýalaşan ýurtlar ýeňiş gazanýarlar. XVIII asyrda koloniýalary basyp almak birinjiligi Angliýa degişli bolmagy tötänleýin däl. XVII asyryň ikinji ýarymynda ol Gollandiýanyň garşysyna gan döküşikli, deňiz uruşlaryny alyp baryp, öňki „deňiz hökümdarynyň“ güýçlerini syndyrýar. Ýöne Gollandiýa özünde bar bolan koloniýalaryny saklap galýar. XVII asyryň ahyrynda başlanan iňlis –fransuz uruşlary kontinentde we koloniýalarda tutuş bir asyrlap dowam edýär. Angliýa öz bäsdeşini Hindistandan gysyp çykaryp, 1763-nji ýylda Kanadadaky fransuz koloniýalaryny basyp alýar.

Ykdysadyýet babatynda gowşamak bilen Ispaniýa we Portugaliýa deňiz döwleti hökmünde hem ikinji orna geçýär. Täze Dünýädäki ispan we portugal koloniýal mülkleri häzirlikçe uludy. Ýöne Angilýa we Gollandiýa gadagan edilen söwda bilen meşgullanyp, olary söwda bazaryndan gysyp çykarýarlar. Deňiz garakçylary gymmat bahaly ýükli gämileri basyp alýardylar. Ispan we portugal altynlary Temza we Amsterdama akýardy.

Netijede, bu döwletler dünýäni öz aralarynda şeýleräk bölüşýärler. Angilýa Hindistandaky öz mülklerini dyngysyz giňeldýär. 1757-nji ýyldan başlap Ost-Hind iňlis kompaniýasy 100 ýylyň dowamynda tutuş Hindistany basyp alýar. Şeýle-de Angilýanyň Demirgazyk Amerikada uly mülkleri bolup, West-Hindistanyň birnäçe adalaryna eýelik edýär, Awstraliýany özleşdirip başlaýar. Gollandiýanyň Ost-Hind kompaniýasy Indoneziýany basyp alýar. Fransiýa West- Hindistanyň adalarynda, Kanadada (1763-ý.) mülk edinip, Hindistanda ornaşmak isleýär. Ýöne Angilýanyň zor salmagy netijesinde yza çekilýär. Diňe deňiz kenarýaka şäherleriniň birnäçesini elinde saklamak başardýar. Ispaniýanyň koloniýal imperiýasy tutuş Günorta Amerikany (portugallara degişli bolan Braziliýadan başga), şeýle hem Merkezi

Amerikany (Gonduras we Moskit adalaryndan başga) San-Domingonyň bir bölegini (Gaitini) we Kubany basyp alýar. Onuň sany boýunça örän köp 12-13 million adamdan ybarat ilatynyň düzümine indeýler, negrler-gullar, kreollar – ilkinji bolup göçüp gelip, Täze Dünýäde mekan tutanlar, garyşyk nikadan doglan metisler we mulatlar degişli bolupdyr.

Afrika kontinenti, esesan hem gul söwdasy üçin peýdalanylýar. Kolonistler heniz bu ýerde ornaşmandylar, diňe Günorta Afrikada golland we fransuz emigrantlary mekan tutýarlar.

Gündogarda ýewropalylaryň ekspansiýasyna garşy çykyp, daşary ýurtlylaryň basypalyşlaryndan halas bolan döwletler bolupdyr. Hytaýyň,Ýaponiýanyň, Koreýanyň we Wýetnamyň hökimetleri öz döwletini ýapyk diýip, yglan edýär. Ýöne, günbatar ýurtlary bu ýere başga ýollar bilen aralaşmaga synanyşýar. Hytaý agyr ýagdaýa sezewar bolýar: onuň ýeke-täk açyk porty Kanton arkaly iňlis Ost-Hind kompanýasy Bengaliýadan tirýek getirýär. Hytaý hökümetiniň gadagan etmegine garamazdan neşe söwdasy, kümüş we gymmat bahaly eksport harytlaryna çalyşmak örän işjeň alnyp barylyp, hakyky milli betbagytlyga öwrülýär. Özüniň syýasy özbaşdaklygyny, harby güýjini ýitirmedik Osman imperýasynyň giň daşary söwdasy tutuşlygyna ýewropalylaryň eline geçýär.

XVII-XVIII asyrda Russiýanyň ekspansiýasy düýpli ösüp, halkara syýasatynda onuň abraýy ýokarlanýar. Gündogara süýşmeklik has giň gerime eýe bolýar. XVII-XVIII asyrlaryň dowamynda gullukçy adamlar, kazaklar, daýhanlar kem-kemden Sibiri özleşdirýärler. 1784-nji ýylda Alýaskada ilkinji rus obalary emele gelýär. Russýanyň Amurdaky ekspansiýasy Hytaý tarapyndan saklanyp, XVII asyrda hytaý-rus araçägi dikeldildiýär. Şol bir wagtyň özünde rus araçägi günbatara we günorta tarap süýşýär. XVIII asyryň ahyrynda Russiýa iş ýüzünde gündogar slawýanlary (Ukraina, Belarussiýa) şeýle hem, Litwany, Latwiýany, Kareliýanyň bir bölegini, Estonýany birikdirlip, ýurt Baltika, Gara, Azow deňizlerine çykalgalaryny eýeleýär.

**Ýewropalylaryň Hytaýa aralaşyp başlamagy.** XVIII-XIX asyrlaryň sepgitlerinde Sin imperiýasy güýçden gaçyp ugraýar. Bu döwürler Ýewropa ýurtlary, ilkinji nobatda, Angliýa Hytaýa aralaşmaga jan edýärdi. Sebäbi Hytaý çig mallara, senetçilik önümlerine baý ýurtdy. Hytaýda farfor önümleri (iňlisler farfory "çaýna" diýip atlandyrýardylar. Şu sözden Ýewropada Hytaýyň Çaýna ady döredi.), pagta, ýüpek, temmäki, çaý, kofe öndürilýärdi. Bu harytlar dünýä bazarynda uly isleglerden peýdalanýardy. Emma Hytaýyň hökümdarlary beýleki Ýewropa ýurtlary bilen bir hatarda Angliýany hem Hytaý bazaryna goýbermeýärdi. Şonuň üçin Angliýa Hytaý tarapyndan girizilen çäklendirmeleri aýyrmak barada talaplar bildirip ugraýar.

1793-nji ýylda Hytaýa iňlis wekili Makkartneý iberilýär. Ýöne, onuň Hytaý hökümeti bilen geçiren gepleşikleri netije bermeýär. Hytaý tarapy Angliýa bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny açmak üçin zerurlygyň ýokdugyny habar berýär. 1818-nji ýylda Hytaýa ýene-de iňlis wekilleri iberlipdir. Emma ol hem oňyn netije

bermeýär.

1834-nji ýylda Guançžoua (Kanton) iňlis-hytaý söwda gatnaşyklaryna gözegçilik etmek üçin lord Nepir iberilýär. Emma ol sinlerden bu ýere gelmäge rugsatsyz eken. Şonuň üçin ýerli hytaý häkimiýeti onuň haýal etmän şäherden çykyp gitmegini talap edýär.

Emma Nepir gitmekden boýun gaçyrypdyr we iki sany harby gämini Çžuszýan derýasynyň deňze guýýan ýerine salyp, hytaýlylara haýbat atypdyr. Olaryň arasyndaky garşylyklar iňlis-hytaý gatnaşyklarynyň ýitileşmegine getirdi.

Döwletara gatnaşyklarynyň ýitileşmegine iňlis söwdagärleriniň Hytaýda alyp barýan bikanun tirýek söwdasy hem sebäp bolupdyr.

1773-nji ýylda Britan Hindistanynyň iňlis hökümeti Aziýa ýurtlarynda tirýek söwdasyna agalyk girizýär we ony Hytaýa daşap ugraýar. Hytaýa tirýegiň getirilmeginiň sebäbi, öňler iňlisler Hytaydan köp zat alyp gidip, olaryň bu ýere getirýan harytlary az bolupdyr. Şonuň üçin hem iňlisler eksport bilen importyň arasyndaky tapawudy kümüş bilen doldurmaly bolýardylar. Emma bu iňlisler üçin zyýanly söwda bolupdyr. Sebäbi Hytaýda harytlary diňe kümüş pula satyn alyp bolýardy. Iňlis söwdagärlerinde bolsa beýle köp mukdardaky kümüş pullar ýokdy.

Emele gelen ýagdaýdan iňlis söwdagärleri tiz çykalga tapdylar. Olar Hindistandan tirýek daşap ugrapdyrlar we tirýek söwdasyndan gelýän kümüş pullary hytaý harytlaryny satyn almaga sarp edipdirler. Netijede, tirýek söwdasyndan iňlisler ummasyz peýda gazandylar.

Hytaýda tirýek söwdasy 1800-nji ýylda ýatyrylan hem bolsa, daşary ýurtlular dürli ýollar bilen ony ýerleşdirmegi başarýarlar. Hytaýyň döwlet işgärleriniň arasynda tirýek söwdasyna garşy çykanlar tapylypdyr. Şeýle adamlaryň biri Lin Szesýuý imperatora hat ýazyp, tirýek söwdasynyň zyýanyny hökümdara düşündirýär. Ol 1838-nji ýylyň dekabr aýynda imperator tarapyndan tirýek söwdasyna garşy göreşmek üçin Guandun welaýatyna iberilýär. Guançžoua gelip, Lin Szesýuý 20 müň çelek (1 çelekde 60 kg tirýek bar eken) tirýegi ýakdyrýar.

Hytaý emeldarynyň hereketlerinden iňlis söwdagärleri nägilelik bildirip, öz hökümetlerine arz edýärler. Angliýanyň hökümetine Hytaýyň içerki işlerine gatyşmak we ony öz täsirine salmak üçin amatly bahana döreýär. Angliýanyň hökümeti iňlis raýatlarynyň bähbidini goraýan hökmünde urşa başlaýar. 1839-njy ýylda deňizde ilkinji çaknyşyklar bolup geçýär. Tirýek söwdasy bahana bolandygy üçin bu uruş “Tirýek uruşlary” adyny aldy. Şeýlelikde Angliýa bilen Hytaýyň arasynda birinji tirýek urşy (1839-1842) başlanýar.

Iňlis goşunlary Hytaýyň kenaryndaky ençeme ýerlerini eýeläp, 1842-nji ýylda Nankiniň etegine süýşüp geldiler. Sin hökümdarlary gorkularyna boýun egmäge mejbur boldylar. 1842-nji ýylyň awgust aýynyň 29-da „Kornwallis” gämisinde Nankin şertnamasynda gol çekilýär. Bu täze taryhda Ýewropa ýurdunyň Aziýa döwleti bilen baglaşan ilkinji kemsidiji şertnamasydy. Şertnama boýunça Hytaýyň bäş sany porty - Guançžou, Sýamen, Fuçžou, Ninbo we Şanhaý iňlis raýatlary üçin açyk diýlip yglan edildi. Iňlisler şertnama boýunça başga-da birnäçe ýeňillikleri aldylar.

1844-nji ýylda şeýle şertnamany ABŞ bilen Fransiýa Hytaýyň boýnuna hem dakdylar.

**XIX asyryň ortalarynda Ýaponiýanyň Ýewropa ýurtlary tarapyndan "açylmagy."** XVIII-XIX asyrlarda ýurduň ykdysady we durmuş gurluşynda bolup geçen üýtgeşmeler Ýaponiýada feodal gurluşyna berk zarba urupdyr. Umumymilli bazaryň kemala gelmegi feodalçylyk düzgünleriň dargamagyny çaltlaşdyrýar. Ýaponiýanyň şondan beýläk ösüşi ýurtda häkimiýetiň merkezleşdirilmegini, Sýogunyň häkimiýetiniň ýatyrylmagyny, käbir ýarym garaşsyz begliklerň bütewi bir döwlet häkimiýetine tabyn edilmegini talap edipdir.

XIX asyryň ortalarynda Ýaponiýa Ýewropa ýurtlary, şol sanda ABŞ aralaşmaga çalyşýardylar. Emma Ýaponiýa 1639-njy ýyldan bäri daşary ýurtlular üçin ýapykdy. Emma hökümdarlar ýurduň uzak wagtlap ýapylmagyny doly üpjün edip bilmändirler. Gollandlar we hytaýlylar bilen käbir gatnaşyklar saklanyp galypdyr. Ondan başga-da kä ýyllar Sýogun we imperator Wýetnama we Siýama (Taiýland) söwda gämilerini iberipdirler. XVII-XVIII asyrlaryň dowamynda Ýaponiýa rus barlagçylary, ilçileri, harbylary, söwdagärleri hem gelipdirler. Olar Sýogun tarapyndan kabul edilipdir.

1845-nji ýylda ABŞ-nyň kongressi prezidente Ýaponiýa bilen gatnaşyk açmaga ygtyýar berýär. Ýöne ABŞ-nyň hökümetiniň Ýaponiýa bilen gatnaşyklary açmak üçin eden birnäçe synanşyklary netije bermeýär. Şol sebäpden hem 1851-nji ýylda ABŞ-nyň hökümeti Ýaponiýany zor bilen „açmak" barada karara gelýär. Onuň üçin 1853-nji ýylyň 8-nji iýulynda Edonyň (Tokiýo) golaýynda ýerleşýän Uraga aýlagyna komandor Perriniň serkerdeliginde amerikan harby-deňiz eskadrasy gelýär. Perri Sýogunyň hökümetinden gepleşik geçirilmegini talap edýär we ABŞ-nyň prezidenti Filmoryň Sýoguna ýazan hatyny hem-de amerikan inženerleriniň täze döreden maşynlarynyň nusgasyny gowşurýar.

Ýaponlar gepleşigi Nagasaki şäherine geçirmekligi teklip edýärler. Emma Perri bir gepinde durýar. Ýaponlar Perriniň elinden amerikan prezidentiniň ýazan hatyny almaga mejbur bolupdyrlar. Şondan soň ol 1854-nji ýylyň ýazynda yzyna öwrülip geljekdigini aýdyp, ýurduna dolanýar.

1853-nji ýylyň awgust aýynda Nagasaki şäherine admiral Putýatiniň baştutanlygynda rus eskadrasy hem gelýär. Putýatin ýaponlara söwda gatnaşyklaryny ýola goýmagy we Russiýanyň Uzak Gündogardaky Ýaponiýa bilen ýanaşyk ýerlerinde araçäk çekmekligi teklip edipdir. Sýogun golaý wagtda jogap bermegi wada edýär we rus eskadrasy Ýaponiýanyň çäklerinden çykyp gidipdir.

**Afrikada Ýewropa ýurtlarynyň mülkleriniň peýda bolup başlamagy.** Afrikada koloniýal basyp alyşlary XV asyrda portugaliýalylar başladylar, olar soňra Atlantik ummanynyň kenaryndaky kiçeňräk territoriýany basyp aldylar. Olaryň Afrikanyň territoriýasynyň jümmüşinde öňe süýşmek üçin eden synanyşyklary ýerli ilatyň garşylyk görkezmegi netijesinde şowsuz gutarýardy.

XVII asyrda iňlisler, fransuzlar we gollandlar Altyn Kenarda (häzirki Gana) ornaşýarlar. Fransuz goşunlary Senegal derýasynyň aýagynda berkitme gurýar.

Gollandlar Hoşumyt burnuny basyp alyp, Kap koloniýasyny döredýärler. Afrikanyň günortasynda ýewropalylardan, esasan-da golland kolonistlerinden aýratyn halkyýet – burlar ýa-da olaryň özlerini häzirki güne çenli atlandyryşlary ýaly, „afrikanerler” emele geldi. Olar ýerli ilatyň ýerlerini basyp alyp, mallaryny özlerine alýarlar, adamlary gula öwürýärdiler. Kap koloniýasy Angliýa tarapyndan basylyp alnandan soň, burlaryň köp bölegi demirgazyk-gündogara süýşüp, Melewşe we Transwaal respublikalaryny esaslandyrýarlar.

Kese ýerliler Ýewropa pil süňküni (şirmaýy) alyp gidýärler, şonuň üçin bolsa örän köp pil sürülerini gyrypdylar, altyn, almaz we beýleki gymmat baha daşlary alyp gidilýär Garaýagyz afrikanlary ele salyp, gul edip satmaklyk bet gazanç arkaly baýlaşmagyň esasy çeşmesidi.

**Afrikanyň kenarlarynda gul söwdasy.** Ýewropalylar tarapyndan Afrikanyň gündogar, aýratyn-da günbatar kenarynda basylyp alnan ýerler asyrlar boýy gullary ele salmagyň mekany boldy. Ýewropalylaryň ýaragly ekspedisiýalyry kenardan kontinentiň jümmüşine ugraýardylar, adamlary ýesir alýardylar we uly ýaşly erkek adamlary satmak üçin alyp gitseler, garrylary, aýallary we kiçi ýaşly çagalary bolsa, köplenç halatda duran ýerlerinde gyrýardylar. Ownuk taýpa serdarlary spirt, temmäki, monjuk we beýleki harytlar üçin öz taýpadaşlaryny gulçulyga satýarlar.

Gullar, esasan, Günorta we Demirgazyk Amerikanyň pagta, temmäki, şekerçiňrigini, kofe, mekgejöwen ösdürilip ýetişdirilýän palantasiýa hojalyklarynda işledilýär.

Ýetmeli menzillere ýetilýänçä ýesirleriň müňlerçesi gämileriň ýük saklanýan saraýlarynda demigip ölýärdi. Ölenleri we kesellileri bortdan taşlaýardylar, ölmän galanlary esasan Amerika getirýärdiler. Afrika gul söwdasy sebäpli ummasyz köp adamyny ýitirdi. XVII asyrda Amerika 2 mln. 750 müň töweregi gul alyp gidilip satylan bolsa, XVIII asyrda olaryň sany 7 milliona ýetýär. Gullaryň 70% Günbatar Afrikadan alyp gidilýär.

1772-nji ýylda Angliýada gullaryň zähmetini ulanmak gadagan edilýär. 1807-nji ýylda bolsa iňlis hökümeti öz raýatlaryna gul söwdasyny etmegi gadagan edýär. XIX asyryň 30-40–njy ýyllarynda beýleki Ýewropa döwletlerinde hem gul söwdasyny gadagan edip ugradylar, ýöne onda-da gizlin ýol bilen uzak wagtlap dowam edilýär.

Afrikanyň ilatynynyň gulçylyga satylmagy netijesinde, olaryň sany azalýardy, afrikan halklarynyň ösüşini bökdedi, olaryň medeniýetiniň pese gaçmagyna getirdi, kontinentiň ep-esli ýerleri çolaryp galdy.

**XVIII asyryň ahyryndaky koloniýal syýasat**. Günbatar Ýewropada we Demirgazyk Amerikada bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen koloniýal basyp alyşlaryň maksatlary üýtgedi. Afrikadaky koloniýalardan pil süňküni, oba hojalyk önümlerini we senagat üçin çig maly, almaz hem-de gymmat baha metallary almak gitdigiçe peýdaly bolýar.

ABŞ hem Afrikada daýanç nokadyny edinmäge çalyşýardy. ABŞ Gwineýa aýlagyň günbatar böleginde kiçiräk ýeri satyn alyp, şol ýere azat edilen gullary

göçürdi, soňra ony başga ýerleri basyp almagyň hasabyna giňeltdi. XIX asyryň 40-njy ýyllarynda ol ýerde ABŞ-nyň täsirinde bolan Liberiýa Respublikasy döredildi.

Afrikada gul söwdasyny alyp barmak we onuň kenarlarynda öz berkitmelerini esaslandyrmak bilen ýewropalylar Afrikany öwrenmäge-de girişipdirler. XVIII-XIX asyrlarda Afrikanyň dürli sebitlerine iňlis, fransuz, amerikan, nemes we gollandiýaly alymlar ugradylýardy. Alymlar Afrikanyň halklaryň ýaşaýyş-durmuşy, hojalygy, medeniýeti, materigiň ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen içgin gyzyklanypdyrlar. Şol ylmy-barlag işleriniň netijesinde, ýewropalylar Afrika barada möhüm maglumatlary toplaýarlar. Şol maglumatlaryň örän uly ylmy we amaly ähmiýeti bolupdyr. Ol toplanan maglumatlary ýewropalylar Afrikany koloniýa etmekde peýdalanýarlar.

**Koloniýalardaky ýaşaýyş**

Täze koloniýal dünýä, ol özünde nämeleri jemleýär?

Ilkinji nobatda Ýewropa döwletleri düzgün bolşy ýaly, koloniýalara mahsus bolan syýasy medeniýeti, sosial -ykdysady gatnaşyklary getirdi. Ispan, portugal mülklerinde gul zähmeti giňden peýdalanylýar. Gul eýeçilik plantasiýalar hojalygy ýöretmegiň esasy görnüşine öwrülýär. Diňe bir Ýewropa ölçegi boýunça yza galak hasaplanýan Ispaniýa bilen Portugalýa däl, eýsem, Angilýa, Fransiýa Gollandiýa gulçulygy höwes bilen dikeldýärler (meselem West-Hindistanyň adalarynda). Indonezýada gollandlar krepostnoýçylyk usul esasynda daýhanlary kofe, gant, hoşroý ysly zatlary öndürmäge mejbur edip, Ýewropa bazarlarynda birnäçe esse gymmat bahadan satýardylar. Iňlisler Hindistanyň ýerli syýasy durmuşyna beýle bir goşulmazdan, rajalary öz wassallaryna öwürmäge çalyşýardylar. Olara kemsidiji karz pullar berilýär, özara uruşlar wagtynda harby taýdan kömek berip, örän agyr paç salypdyrlar, bu bolsa hindi jemagatçylygynyň abadançylygyna täsirini ýetirýär.

*...Özlerini siwilizasiýalaşan diýip atlandyrýan bu halklar,- eýsem olar dälmi üç asyrdan bäri ýer togalagynyň dürli künjeklerinde adalatsyzlyk döredýänler?! Eýsemde olar dälmi söwda bahanasy bilen Hindistany tozduranlar? Eýsem olar dälmi Afrikanyň ilatyny gyryp, täze materigiň çolarmagyna sebäp bolanlar...*

*K.Wolneý, Fransuz magaryfçysy, XVII-asyr.*

Koloniýalarda girizilen düzgünlerden ilkinji nobatda ýerli halk ejir çekýärdi. Ýöne kolonistleriň hem agyr ýagdaýa düşýän wagty seýrek däldi. Meselem, Günorta Afrikada söwda kompanýalary göçüp gelenlere ýeri kärendesine berip, olary rehimsiz eksplotirläpdirler. Ispaniýa, Portugaliýa, Fransiýa özleriniň koloniýal mülklerine feodal düzgünleri girizýärler. Kanadada garaşly daýhan feodal borçlary saklanýar. Ýerli senagat önümçiligi zorluk bilen çäklendirilýär, sebäbi metropoliýalara öz getiren harytlaryny ýokary bahadan satmak amatly bolupdyr.

Şeýle umumy koloniýal ulgamda Demirgazyk Amerkanyň iňlis koloniýalary, özleriniň ilkinji gününden başlap, aýratyn ösüş ýoly bilen tapawutlanyp, örän çalt täze, güýçli siwilizasiýa merkezini döredip, Ýewropa bilen bäsleşýän güýç emele

getirýär. Syýasy azatlyk ugrundaky göreş 1775-nji ýylda metropoliýa garşy garaşsyzlyk ugrundaky urşa ösüp geçýär (amerkanyň rewolýusiýasy), netijede Amerkanyň Birleşen Ştatlarynyň- özbaşdak döwletiň döremegine getirýär. Bu koloniýal ulgamyň gowşaklygynyň subutnamasydyr.

*Şeýlelikde, XVII-XVIII asyr- koloniýal ulgamyň kemala geliş döwri bolup, ol Gündogaryň köp ýurtlaryny we Amerikanyň uly bölegini öz içine alýar. Ilkinji nobatda Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň üstünligi modernizasiýanyň çalt ösmegi, ähli däp-dessurly siwilizasiýalaryň olaryň garşysyna hiç hili päsgelçilik berip bilmänligi bilen düşündirilýär.*

# X bap. Industrial siwilizasiýanyñ emele gelmegi. (XIX asyr -XX asyryň başlary.)

## § 1.„Demir” asyr.

XIX asyr Günbatar Ýewropada industrial öwrülşigiñ dabaralanan döwri bolup, ol Ýewropa döwletleriniñ köpüsinde, ABŞ-da, Russiýada ýeñiş üstüne ýeñiş gazanýar. XIX asyryň ahyrlarynda industrializasiýa Gündogar ýurtlaryna aralaşýar, Ýaponiýany hem gurşap alýar.

### Industrial siwilizasiýanyň emele gelmegi

XIX asyrda başlap siwilizasion prosesiñ ösüşinde aýratyn döwür başlanýar. Taryhçylar ony industrialçylyk ýa-da maşynçylyk döwri diýip, hem atlandyrýarlar. Onuñ şeýle atlandyrylmagy önümçilige maşynlaryñ has giñden ornaşyp, el zähmetini gysylyp çykarandygyny görkezýär. Maşynlar özboluşly gymmatlyga öwrülip, şeýle siwilizasiýanyñ ýaşamagy, maşynlaryň yzygiderli oýlanylyp tapylmagyny we kämilleşdirilmegini talap edýär. Maşynçylyk industriýasy esasy orny eýeläp, jemgyýetiň ykdysady ösüşini, harby potensialyny, halkara derejesini kesgitleýär.

Industrial däl agrar siwilizasiýalarda zähmet gurallary ýüzýyllyklaryñ dowamynda öñküligine galyp, ata-babalaryñ tejribesini özleşdirmeklige, gaýtalamaklyga esaslanýar. Maşynçylyk siwilizasiýa yzygiderli tehniki taýdan kämmileşmegi talap edýär. Ösüş, tehniki progress täze görnüşli siwilizasiýa durmuşynyñ esasy häsiýetli aýratynlygy hasaplanylýar. Özgertmeleriň derejesi öňki döwür bilen deñeşdireniñde örän ýokary bolýar.

Tehniki progressiñ şeýle çaltlaşmagy maşynçylyk industriýasy bilen ylmyñ ýakyndan birleşmegi esasynda mümkindi, ony iş ýüzünde ulanmak maksatlary göz öñünde tutulýar. XVIII asyryň ikinji ýarymynda Angliýada tehniki progressiñ düýbi tutulyp, XIX asyrda doly tamamlanýar, önümçiligi ýokarlandyrmak üçin ägirt uly mümkinçilik alýar we şu wagta çenli adamzadyñ görlüp-eşidilmedik derejede maddy isleglerini kanagatlandyrmak üçin mümkinçilikler döredilýär.

Maşynçylyk siwilizasiýasy ony döredenleriñ, başynda duranlaryň belleýşi ýaly, adamlaryň tebigy güýçlerden garaşlylygyny ýok etmelidi, hasylsyzlyk we açlyk, gyrgynçylyk getirýän epidemiýalaryň, tebigy betbagtçylyklaryň howp salmagy ýok etmelidi.

Hakykatda, iş ýüzünde adamzadyñ tebigatdan garaşlylygy ýok bolup gitmeýär, ýöne ol başga häsiýete eýe bolýar. Ilkinji bolup, belli iñlis ykdysadyýetçisi Tomas Maltus (1766 - 1834) adamzada howp salýan betbagtçylyklaryñ täze meseleleriniň peýda boljakdygyna göz ýetirýär.

Onuñ 1798-nji ýylda ýazan „ Ýurduň ilatynyñ prinsipleriniň esaslary hakynda tejribe” atly kitaby geljekki ýüzýyllykda örän uly meşhurlyga eýe bolýar. Onuñ taglymatynyñ tarapdarlarynyň örän köp bolşy ýaly, garşydaşlary-da ýeterlik bolupdyr.

Maltusyñ maglumatyna görä, adamzadyň ýaşaýşyny kesgitleýän iki sany zerur – nesil galdyrmak we iýmit tapmak islegi sebäpli, oňa garañky geljek

garaşýar. Adamlaryñ köpüsiniñ ýaşaýyş derejesiniñ gowulanmagy ölümiñ peselmegine, dogluşynyñ artmagyna getirer. Wagtyñ geçmegi bilen ykdysady ösüş ilatyñ ösüşiniñ yzyna eýermän başlar. Ilatyñ sanynyñ artmagy bilen adamzat açlykdan ejir çekip, adam sanynyñ aşa köplügi sebäpli heläk bolar. Ykdysadyýetçiniñ gelen netijesi örän agyr: esasan hem ilkinji nobatda eklenji pes, aşaky gatlagyñ wekillerinde çaga dogluşyñ öňüni almak zerur. Ykdysady ösüşiñ depgini näme sebäpli çäklendirilýär? Maltus we beýleki meşhur iñlis ykdysadyýetçisi D. Rikardo (1772 - 1823) „...ykdysady ösüşiñ esasy üýtgewsiz şerti – bu, esasan, ýer ‘’ diýip hasaplaýarlar. Elbetde, maýa goýumyny artdyrmak, zähmet gurallaryny kämilleşdirmek mümkin: ýöne bu çäreler esasy zady üýtgetmez, bir gün adam tebigatyñ öndüriji güýçleriniñ çäklidigine düşüner.

Maltusyñ we Rikardonyñ pessimistic - gönüçökgün maglumatlar beren wagty industrial rewolýusiýanyñ ösüş geljegi belli däldi. Ene toprak şol wagt diňe bir ýeke-täk eklenç çeşmesi bolmak bilen çäklenmän, eýsem çig mal çeşmesi bolup durýardy. Ýere bolan garaşlylyk örän çalt duýulýar. Meselem, ýüñ öndürilişini artdyrmak üçin köp ekin ýerlerini öri meýdany hökmünde ulanyp, ekerançylykdan aýyrmalydy.

Siwilizasiýanyñ ösüş ýolunyñ möhüm päsgelçilikleriniñ biri-de energiýa çeşmeleriniñ çäkliligidi. Energiýasyz maşynlary ulanmak mümkin däldi. Ýylylyk energiýanyñ möhüm çeşmeleriniñ biri-de kömür we agaçlardy. Olaryñ gorlary hem çäksiz däldi. Bir tonna demir eretmek üçin dört gektar tokaý agaçlaryny çapyp, ýakmak gerekdi. Bu sanlardan elbetde iñ howsalaly netijeler çykarmak boljakdy.

## Ylmy we tehniki progress

Eýsem-de bolsa, adamzat öňünden çak edip bolmajak çykalga tapmagy başarýar. Energiýanyñ täze we has tygşytly peýdalanylýan täze çeşmeleri tapylýar.

XIX asyryñ II ýarymynda *nebit senagatynyñ* ähmiýeti ýokarlandy. 1870-nji ýylda dünýäde 0,8 million tonna gymmatly ýangyç öndürlen bolsa, 1900-njy ýylda eýýäm 200 million tonna töwerek nebit öndürildi.

XIX asyryñ soñky 15 ýyllygy elektrik energiýany özleşdirmegiñ döwri bolup, önümçilik üçin täze energetiki baza döretdi. Elektroenergiýanyñ çeşmeleri turbogenerator; birneme soñ içinden ýanýan dwigatel oýlanyp tapylyp, ol oba-hojalygynda, transportda we harby tehnikada möhüm öwrülşigi amala aşyrmaga mümkinçilik berip biljekdi. Has tygşytlylyk bilen işleýän suwuk ýangyç görnüşini nemes inženeri Dizel oýlap tapyp, teklip edýär we XIX asyryñ ahyrlarynda ol önümçiligiñ we transportyñ ähli ugurlaryna giñden ýaýraýar. 1870-1880-nji ýyllarda fransuz alymy M. Depre we rus alymlary D. Laginow we M. Doliwo-Dobrowolskiý elektric toguny aralyga bermek maksady bilen tejribe geçirýärler. 1891-nji ýylda Doliwo –Dobrowolskä elektrik toguny uzak aralyga – 175 kilo-metre bermek başartdy. Senagatyñ täze pudaklary; elektrohimiýa, elektrometallur giýa pudaklary döräp, elektrik kebşirleýji ulanylyp başladylar, şäher awtoulaglarynyñ görnüşi üýtgeýär, köçelerde ilkinji tramwaýlar peýda bolýar. Möhüm önümçilik ähmiýeti bolan täze material çoýun alyndy. Ol tizligi ýokarlandyrmaga mümkinçilik berip, maşynlaryñ berkligini we güýjüni artdyryp,

demri we agajy önümçilikden gysyp çykardy. Eýýäm 1870-njy ýylda çoýun öndürmeklik ýurduñ senagat potensialynyñ esasy görkezijisine öwrüldi.

Himiýa boýunça gazanylan üstünlikler *himiýa senagatynyñ* çalt ösmegine, reñkleri, emeli dökünleri öndürip hasyllylygyň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýär. Şeýle hem sintetiki önümler (kauçuk, emeli süýüm) we partlaýjy maddalar öndürilýär.

Eýýäm XIX asyryň ahyrlarynda örän möhüm ugurlar peýda bolup, XX asyr ähli industriýanyň iş tejribesini kesgitleýär: organiki jisimleri ulanmakdan mineral-lara geçilip, ol bolsa senagat önümçiliginiñ esasy bazasyna öwrülýär. Ylmy açyş - laryñ esasy bölegi XIX asyryň soñky 15 ýyllygyny, XX asyryñ başlaryny öz içine alyp, siwilizasiýanyñ keşbini düýpli özgerdýär: elektrik yşyk berijiler, radio, telefon, telegraf, howada ýüzüji, kinematografiýa, awtomobil we başga-da ençeme açyşlar döwrüñ esasy gazananlarydy.

„Demir" asyry ýa-da maşynçylyk asyry şäherleriñ keşbini özgerdýär, adamyñ durmuşyny, zähmetini, adamlaryñ uzak aralyk hakyndaky düşünjesini, transportyñ, aragatnaşyk ulgamynyñ esasynda üýtgedip, täzelikleriň, maglumatlaryñ akymyny giñeldýär.

Adamzat döretmek ýaly esasy mümkinçilige eýe bolup, tebigatyñ nobatdaky „çagyryşyna" üstünlikli „jogap" berýär. Ýöne bu 200 ýyl mundan öň iñlis ykdysa-dyýetçileriniñ goýan meseleleriniñ geçmişe gidendigini añlatmaýar. Olaryñ gelen netijeleriniñ jedellidigine garamazdan, industrial siwilizasiýanyñ esasy aýratynlygyny bellediler – onuñ hemişe täzelenmegi talap edýän energetiki baza mätäçligidir.

XIX asyr biziñ günlerimizde özüniñ ähmiýetini ýitirmedik başga bir mesele peýda bolýar. Maşynlar zähmediñ häsiýetini, önümçilikde adamyñ tutýan ornuny, adamlaryñ öz döredijiligine bolan gatnaşygyny özgerdýär. Orta asyr senetçileriniñ söýgi we uly höwes bilen döreden önümleri, olarda aýratyn özboluşlylygy gör-kezýän şahsy möhürleriñ galdyrylan döwri bireýýäm geçmişde galdy. Täze önümçilik bir tarapdan oýlap tapyşlary, adamyñ döredijilik mümkinçiliklerini doly ugrukdyrylmagyny talap etse, ony sehleriñ, korporasiýalaryñ aragatnaşygyndan halas edýär. Başga bir tarapdan köpçülikleýin önümçiligiñ derejesi, işçileri maşynlardan elgarama ýagdaýa salýar. Şeýle ýagdaý senagat öwrülşiginiñ başlarynda belli bolup, XX asyryñ başlarynda G. Ford öz awtomobil zawodlaryna konweýer usulyny girizen wagty has aýdyñ ýüze çykýar (1912 - 1913). Önümçilik üznüksiz ýokarlanyp, zähmet iñ soñky çägine çenli mehanizmleşip özbaşdaklygyny ýitirýär.

*Tebigata maşynlar arkaly täsir etmek bilen...adam zähmet çekmek zerurlygyndan halas bolmaýar...Ol öz zähmedini tebigatdan daşlaşdyrýar, onuň bilen ýüz-be ýüz bolmakdan çetleşmäge synanyşýär. Zähmet has täsirsiz bolup...fabrik işçisiniň aňy iň soňky derejesine çenli kütelmeklige baryp ýetýär. G.Gegel*

**Industrializasiýa we monopoliýa kapitalizmi.**

Önümçiligi gurnamakda uly üýtgeşmeler bolup geçýär. Önümçilik güýçleriniñ tebigaty şol döwürde önümçiligiñ we maýa goýumynyñ uly konsentrasiýasyny talap edýärdi. XIX asyryň soñky 15 ýyllygynda ownuk we orta kärhanalar iri kompaniýalar tarapyndan birleşdirilýär. Monopolistik kapitalizmi emele gelýär. Birleşmeleriñ görnüşleri dürli-dürlüdi: karteller – bahalary kesgitläp, satuw bazarlaryny bölüşdirýar; sindikatlar – öndürlen harytlary bilelikde satmak üçin birleşmeler; trestlerde - bilelikde öndürmek we ýerlemek üçin emlägi doly birleşdirmek bolup geçýär; konsernler – trestleriñ we kärhanalaryñ haýsyda bir bolsa monopolistik toparlardan maliýe garaşsyzlylygy esasynda döredilen birleşme bolup durýar.

Bu prosesiñ netijeleri birmeñzeş däldi. Monopoliýalar birnäçe kompaniýa-laryñ we kärhanalaryñ merkezleşdirlen dolandyrylyşygyny amala aşyrmaga mümkinçilik beripdir. Olaryñ tehniki bazasyny kämilleşdirmäge, önümçiligiñ çykdaýjylaryny azaltmaga, bazar bäsdeşliginiñ özakymlylygynyñ öñüni almaklyga kömek berýär. Şeýle-de monopoliýalaryñ emele gelmeginiň öz howply taraplary ýüze çykyp, olar syýasy häsiýete eýe bolýar. Adamlaryñ uly bolmadyk toparlarynyñ, senagat imperiýalarynyñ eýeleriniñ elinde maliýe häkimiýeti jemlenip, korollaryñ gözi gider ýaly derejä baryp ýetiýär. Monopolistik oligarhlar ýurduñ içerki we daşarky syýasatyna täsir edip bilipdirler. 1870 – 1880-nji ýyllarda ABŞ monopoliýa prosesine örän çalt geçip, onuñ demokratiýa howp salýandygyna göz ýetirdiler.

1880-nj ýylyň ahyrlarynda prezident Kliwlend korporasiýalaryñ kanunyñ berk çäklerinde bolup, halkyñ isleglerine gulluk etmegiň ornuna, olaryñ agalyk etmek serişdesine öwrülýändigini belleýär. Ägirt uly ykdysady we syýasy güýje öwrülen monopoliýalaryñ öñüni almak meselesi biziñ günlerimizde hem öz zerurlygyny ýitirenok.

Şeýlelikde, eýýäm baryp XIX asyrda adamzat taryhynyň iň uly döwürleriniň-industrial döwre çenli we industrial döwür aralygyna ýeterlik derejede aratapawut bellenýär. Maşynlaryň oýlanylyp tapylmagy bilen bir hatarda ýaşaýyş durmuşynyň iş ýüzünde ähli ugurlaryny öz içine alýan: önümçiligi we zähmet prosesini gurnamakdan başlap, hyzmat edişe we adamyň aňyna çenli hil taýdan özgertmeler bolup geçýär. Bu özgertmeleriň oňyn we oňyn däl netijeleri bolup, ýöne esasy zat-adamzadyň öňünde, öňki nesillere ýat bolan täze meseleleri goýýar.

*Monopoliýa grek sözi„ ýeke özüm satýaryn” diýen, manyny berýär. Önümçilige we söwda bolan üzül-kesil hukugyñ bir adama ýa-da toparlara ýa-da döwlete degişlidigini añladýar. Kapitalistik monopoliýalar bu kapitalisleriň birleşmesi bolup öz ellerinde önümçiligi ýa-da haýsy-da bir önümi satmaklygy elinde jemläp, ykdysadyýetiñ ol ýa-da beýleki bir pudagynda öz agalygyny ornaşdyrmaklygy añladýar.*

## § 2. „Köne kapitalizm”ýurtlary.

Günbataryň dürli sebitlerinde kapitalizimiň XIX asyrda ősüşi, hut XVIII asyrda bolşy ýaly birmeňzeş bolmaýar. Iri dőwletleriň güýçleri öňdebaryjylyk ugrundaky göreşde üýtgäp durýar. Dünýä arenasyna kapitalistik dőwletleriň „ikinji nesilleri”; Russiýa, Germaniýa we ABŞ çykyp, kapitalizim we senagat őwrülşigi ilkinji bolup amala aşan dőwletlerini yzky orna geçirýärler. Ol ýa-da beýleki bir ýurtlaryň dünýäde tutýan orunlaryny kesgitleýän çylşyrymly ykdysady prosesler syýasy durmuş bilen aýrylmaz baglanyşyklydy.

Ýewropanyň kőp dőwletlerinde modernizasiýa entek doly tamamlanmandy, feodalizmiň galyndylary ýa-da feodal ulgamyň őzüni ýok etmek gaýragoýulmasyz meseleleriň biridi.

**Ýewropa „periferiýasy” we modernizasiýa**

Biziň bilşimiz ýaly, modernizasiýanyň ősmegi üçin syýasy durmuşyň özgerdilmeginiň mőhüm ähmiýeti bardy.

XIX asyr rewolýusion tolgnyşyklaryň dőwri bolýar: olar Günbatar Ýewropanyň durmuşynda adatyna diýen ýaly őwrülýärler. XIX asyrda rewolýusiýalaryň uzagyna ähli meseleleri bir bada çőzüp bilmeýändigi aýdyň bolýar, şonuň üçin hem olar gaýtalanyp, sosial- syýasy, ykdysady ulgama täze-täze düzedişleri girizýär. Fransiýa 1789-njy ýylyň Beýik burzuaz rewolýusiýalaryndan soň ýenede üç gezek -1830, 1848, 1871-nji ýyllaryň rewolýusiýasyny başyndan geçirýär we soňky rewolýusiýa monarhiýa gurluşyny ýok edýär.

1820-1821, 1848- ýyllarda Italiýada rewolýusiýalar bolup geçýär. 1870-nji ýyla çenli rewolýusion partlaýyşyň tutuş toplumy bolup geçip, Ispaniýany sarsdyrdy. Oňa garamazdan yurt őňküsi ýaly ýarym feodal dőwletligine galýar. 1848-nji ýylda Germaniýada rewolýusiýa bolup, ol ähli meseleleri çőzmegi başarmady, feodalçylyk düzgünleriň galyndylary ýaşaýşyň dürli ugurlarynda saklanyp galypdy.

Şu dőwürde rewolýusiýalaryň üýtgeşik häsiýeti - onuň yzygiderli, bir wagtda bolup geçmegi ýüze çykýar. Rewolýusiýanyň öňdebaryjy ornuny *Fransiýa* eýeleýär. 1830-njy ýylyň fransuz rewolýusiýasy bilen bir hatarda Belgiýada rewolýusiýa tutaşýar. Rus Polşasynda, Italýada, Germanýanyň käbir döwletlerinde gozgalaňlar başlanýar. 1848-nji ýyldaky rewolýusiýa Fransiýanyň yzysüre Germaniýany we Italiýany gurşap alýar.

Periferiýa dőwletleriniň ýaşaýşynda Napoleonyň uruşlary wagtynda kőp zatlar özgerýär. Napoleonyň basybaljylykly uruşlary diňe bir oňyn däl, eýsem oňaýly täsirini hem ýetirýär. Uly imperýanyň bir bőlegi bolan ýurtlar, elbetde ýeňilenler maddy we ruhy kynçylyklary çekýärdiler. Napoleonyň goşunlarynyň Ýewropa süýşmegi feodallaryň artykmaç hukuklarynyň ýatyrylmagy, ybadathana ýerleriniň sekulýarizasiýalaşdyrylmagy, raýatlaryň deňhukuklylygynyň we söz azatlygynyň berkarar edilmegi bilen utgaşýardy. Umuman, ýeňijiler fransuz rewolýusiýasynyň täze gazananlaryny ornaşdyrmaga synanyşýarlar. Italiýada, Germanýada, Ispanýada feodal jemgiýetiniň esaslaryny weýran etmek elbetde güýç

ulanmak arkaly amala aşyrylýar, bu bolsa by döwletlerde milli–azat edijilik hereketine getirýär. Eýsem-de bolsa őzgertmeleriň oňyn netijelei bolup, Napoleonyň imperiýasy dargandan soň kőne düzgünleriň gaýtadan dikeldilmegi, onuň üstüne atanak çekip bilmeýär.

Şeýlelikde, periferiýa- yzagalak dőwletlerde düýpli öwrülşik dőwri başlanýar, ýőne, onuň netijeleri birmeňzeş däldi. *Germaniýa* XIX asyryň ahyrynda beýik ösüş edip, Yewropada öňdebaryjylygy eýeleýär. Dagynyk *Italiýanyň* iri dőwletlerden yzagalaklygy açyk duýylýardy, 1870-nji ýylda ýurduň birleşdirilmegi tamamlanandan soň, modernizasiýa üçin giň ýol açylýar; ősüş depgini çaltlaşýar. Demirgazyk Italiýada iri kapitalistik hojalyklar döredilýär, senagat ösýär. Agrar Günorta –gowşak senagat bazasy sebäpli, bu ýerde pomeşik hojalygynyň we daýhanlaryň ýarym feodal garaşlylygynyň uzak wagtlap saklanyp galmagy sebäpli yza galýardy.Yőne, oňa garamazdan XIX asyryň ahyrlarynda Italiýa koloniýalar edinmek ugrundaky gőreşe gatnaşar ýaly derejede güýçlenmegi başarýar.

Ispaniýanyň ykbaly has gözgynydy. Birnäçe rewolýusiýalaryň yzly- yzyna bolup geçendigine garamazdan, absolýut monarhiýa öz ornuny bermek islemeýärdi; rewolýusiýanyň liberal gazananlary gaýtadan dikeltmek wagtynda ýa düýbünden ýok edilýär, ýa-da örän çäklendirilen görnüşde saklanýar.

Özüniň koloniýal imperiýasynyň ägirt uly bőlegini ýitiren Ispaniýa, ýarym feodal ýurtlygyna galýar. Senagat örän haýal ősýärdi. XIX asyryň başlarynda ilkinji monopolistik konsernleriň peýda bolandygyna garamazdan, ýurt őzünde maşyn gurluşyny dőretmedi. Ykdysadyýetde esasy orun daşary yurt kapitalyna degişlidi. Ispaniýa iş ýüzünde iri kapitalistik dőwletleriň çig mal ekleýjisine őwrülýär.

### Ŷewropa merkezi :güýçleriň bölünşigi.

XVIII asyrda *merkezi* düzýän ýurtlar, industrilizasiýa ýoluna giç başlan, ýöne has ýokary tehniki derejede amala aşan ýaş kapitalistik dőwletleriň zor salmagy netijesinde yza çekilmäge mejbur bolýarlar.

*Angliýa***,** senagat őwrülşiginiň watany, 1870-nji ýyldan başlap őzüniň öňdebaryjylygyny çoýuny we polady köp öndürýän ABŞ-a bermäge mejbur bolýar. Germaniýa hem onuň howply bäsdeşine őwrülýär. 1890-njy ýyllardan başlap arzan nemes harytlary diňe bir Angliýanyň öz içersinde däl, eýsem onuň koloniýalaryna hem aralaşýar. XIX asyryň soňky çärýeginde ýurt agyr senagatynda ikinji çökgünlikleri başyndan geçirýär. Ykdysadý ýagdaýyň has ýaramazlaşmagyna getirýän ýene bir ýagdaý, ol hem maýa goýumlaryny beýleki Ýewropa ýurtlarynyň demir ýol gurluşygyna we fabriklerine goýmagyň amatlylygyndady.

*Fransiýa*- tutuş Yewropany rewolisionirlän dőwlet- örän haýal ősýär. Netijede, XIX asyryň ahyrynda dördünji orny eýeleýär. Onuň maşyn gurluşyk pudagy gowşakdy, stanoklaryň esasy bölegi daşary ýurtlardan getirilýär. Önümçiligiň jemlenmeginiň derejesi pesligine galýar: ýurtda 100 we ondan hem az adam işleýän ownuk we orta kärhanalar kőpdi. Olaryň kőpüsi bezeg őnümlerini

öndürmek boýunça hünärmenlerdi.

Obada hojalygyň esasy bölegi (71%) ownuk ýerler bolup, olaryň eýeleri tehniki we agro medeniýetiň gazananlaryny peýdalanyp bilmeýärdiler. Meselem, Fransiýa galla öndükmek boýunça Yewropada iň soňky orunlarda durýardy.

Şeýle ýagdaýda ýurtda bank kapitaly gülläp ösýär. Fransiýa onuň konsentrasiýasy boýunça beýleki ýurtlar bilen deňeşdirlende öňde barýardy. Asyryň ahyrynda iri banklar maliýäniň ¾ bölegini öz ellerinde saklaýarlar. Maliýe dolandyryjy toparlary daşary ýurtlara we şol sanda Russiýa berilýän karz pullaryň hasabyna örän çalt baýlaşýarlar.

Ýöne Gollandiýanyň taryhy maliýe kapitalizmi ýolunyň nähilli derejede ýurt üçin howpludygyny görkezdi. Fransiýada buržuaziýanyň aýratyn - zähmetsöýer telekeçi däl-de, rantýe-görnüşi ýaýrap başlaýar.

XX asyryň başlarynda Fransiýada senagat janlanyp başlaýar, awtoulag önümçiligi üstünlikli ösýär, eýsem-de bolsa, umuman alanyňda, Germaniýadan yza galýandygy duýulýardy.

*Elbetde, „köne" kapitalizim ýurtlary Angliýa we Fransiýa, öz öňünde duran meselelerine garamazdan günbataryň güýçli döwletleriniň hatarynda bolmagyny dowam edýärdiler, halkara gatnaşyklaynda möhüm orunlary eýeleýärdiler. Ýöne, olaryň b we gepsiz-gürrüňsiz öňdebaryjylygy pese düşüp başlaýar. Industrial döwür tehniki bazanyň elmydama täzelenmegini talap edýärdi. Şu nukdaýnazardan senagat öwrülşigini „tamamlamak"mümkin däl- bu prosesi älem giňişliginiň çäksizligine gidýän göni çyzyga deňäp bolar. Tehniki öňegidişlik ýolundaky her bir säginjeňlik, haýal- ýagallylyk we giç galmaklyk has agyr netijeleri bilen howp salýardy.*

## § 3.Modernizasiýanyň german ýoly.

Russiýa, Germaniýa, ABŞ kapitalizmiň „ýaş"ýurtlary beýieki döwletleriň özara göreşinde ýokary derejede gazaply şertlere duçar bolup, şonuň üçin hem örän „çaltlaşdyrylan " ösüş depginini saýlamalydy. Ýöne, olaryň esasy çözmeli meseleleri diňe bir kapitalistik öňümçiligi ýokararlandyrmak bilen baglanyşykly däldi: hut ABŞ XIX asyra feodal galyndylarynyň agyr täsiriniň kynçylyklaryny başyndan geçirmezden ýenillik bilen geçýär. Russiýa we Germaniýa feodalizmiň galyndylaryny ýok etmek ýaly çylşyrymly meseläni çözmeli bolup durýar. Ýurduň geljekki ykbaly şu meseläniň çözgündine baglydy.

Ispaniýa Italiýa ýaly, Germaniýa hem XIX asyryň baslarynda napoleonçylyk goşun tarapyndan eýelenýär. Nemes döwletleri wagtlaýynça özbaşdaklygyny ýitirip, onuň öwezine liberal özgertmeleri alýar, kem-käsleýin öz dagynyklygyny ýeňip geçýär. Wena kongresinden soň 360 sany german döwletinden 38-si galýar. Keramatly Rim Imperiýasy özüniň ýaşamagyny bes edýär, onuň ornuna German soýuzy emele gelip, bu ýerde öňdebaryjy orun Awstriýanyň kansleri Metternihe degişli bolupdyr. Ol bolsa islendik oppozisiýaçylyk hereketi rehimsizlik bilen basyp ýatyrýardy.

Napoleonyň geçiren özgertmeleri feodalizmiň galyndylaryny ýok etmek, düýpli modernizasiýany amala aşyrmak üçin, elbetde ýeterlik däldi. Napoleonçylyk imperiýa ýykylandan soň, Germaniýanyň köp döwletlerinde absolýut düzgünler dikeldilýär. Diňe gunorta we günbatar döwletlerde – Badende, Bawariýada, Wýurtembergde konstitusion gurluş girizilýär, bu ýerlerde Fransuz rewolýusiýasynyň täsiri oran güýçli bolýar.

1848-nji ýylda Ýewropanyň beýleki döwletlerinde bolşy ýaly Germaniýany hem rewolýusiýa gurşap alýar. Ýöne, onuň netijeleri beýle bir ähmiýetli däldi, ýurt öňküsi ýaly ýarym feodal döwletligine galýär. Ýöne, oňa garamazdan 1850-nji ýyldan başlap, ýurtda kapitalizmiň ösüşi üçin giň mumkinçilikler açylýar. Frank-prus urşundan soň 1871-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda 22 moharhiýadan we 3 erkin şäherlerden ybarat bolan german topraklary *bütewi German imperiýasyna* birleşýärler. 1871–nji ýylyň imperiýa konstitusiýasyna laýyklykda döwletiň baştutany imperator hasaplanýardy. Germaniýanyň birinji imperatory Prussiýanyň koroly Wilgelm I bolýar, ýöne iş ýüzünde 20 ýyllap ýurdy Otto fon Bismark dolandyrýar. Hut şu döwürde onuň syýasy ösüşiniň aýratynlygy kesgitlenilýär. 1871 – 1895-nji ýyllarda Otto fon Bismarkyň „demir kansleriň” (1815 – 1898 ý.) döwrunde kapitalizmiň german görnüşi gutarnykly emele gelýär.

Senagatyň gülläp ösmegi üçin amatly şertler emele gelýär. Ýöne, şeýle-de bolsa buržuaziýa iş ýuzunde syýasy häkimiýete goýberilmeýar. Reýstagyň - parla mentiň öran çaklendirilen mumkinçilikleri bolupdyr. Saýlawlar ulgamynda deň hukuklylyk prinsipi bozulýar.

1850-nji ýylda obalarda özgertmeler geçirilýar. Ol diňe ikinji derejeli feodal borçlyklary ýok edýar. Beýleki, pomeşikler üçin has girdejili barşina öňküsi ýaly saklanyp galýar. Şeýlelikde, Germaniýada ýarym feodalçylyk garaşlylykdan ejir çekýan we ýerden mahrum bolan daýhanlarynyň uzaga çeken we ejirli tozdu - rylmak prosesine gadam basýar.

Şol bir wagtyň özünde, pomeşikler ýeriň ep-esli bölegine ygtyýar edip, ol ýerlerde kapitalistik hojalyklar döredip, öz hojalyklarynda maşynlardan, himiki dökunlerden we beýleki hojalygy ýoretmegiň täzeliklerinden peýdalanýarlar.

Daşary syýasatda işjeň militaristik ugur peýda bolup, Bismark ony *demir we gan syýasaty* diýip, atlandyrýar. Döwletiň býudžetinden ägirt uly serişdeler gaýtadan ýaraglanyşyga sarp edilýär, goşunyň sany ep-esli artdyrylýar. Harby maslahatlarda bir wagtyň özünde Fransiýa we Russiýa garşy uruş meýilnamalaryň taslamalary işlenilip taýýarlanylýar. Germaniýa koloniýalar edinmek ugrundaky göreşe giç goşulandygyna garamazdan, 1914-nji ýyla çenli onuň koloniýal mülkleri 2,9 mln inedördül kilometr meýdana deň bolupdyr.

Ýarym asyr töwerek okgunly öňe gidişlik, Germaniýany güýçli kapitalistik döwlete öwürýar. XX asyryň başlarynda senagat öňumçiliginiň derejesi boýunça Germaniýa Ýewropada 1-nji orna geçýär. Senagat önumçiliginde gara metallurgiýa, maşyn gurluşygy we himiýa senagat pudaklary öňdebaryjy orunlary eýeleýärdi. Kreposnoýçylyk düzgünleriniň galyndylarynyň saklanandygyna gazamazdan, kapitalistik nusgadaky pomeşikçilik hojalyklar ösüp, olar iri banklar

bilen ýakyndan baglanşyklydy. Örän gysga wagtyn dowamynda Germaniýa özüniň beýlekiler bilen deňeşdirilende beýle bir uly bolmadyk koloniýal imperiýasyny döredýär, şol bir wagtda Osman imperiýasyna, Hytaýa, Günorta Afrika ykdysady ekspansiýasyny alyp barýar.

*Umuman, XX asyryň başlarynda Germaniýa harby taýdan kuwwatly we howply güýje öwrülýär, şol bir wagtyň özünde ýarym modernizasiýalaşan - militaristik döwlet bolup durýar. Ýurtda demokratizasiýanyň örän gowşak ösdürimleri peýda bolup, halkyn ýaşaýyş derejesi Angliýa bilen deňeşdirilende örän pesdi, şowinistik pikirler ilatyň barha köp gatlagyny öz içine alýar.*

*Militarizm*-(latynçadan „harby” diýlip terjime edilýär)-syýasatyň görnüşi, ýaraglanyşygyň haýdadylmagy we basybalyjylykly uruşlary işjeň taýarlaýan ulgamdygyny aňladýar. Militariltik ýurtda şu meselä ykdysady, syýasy we idiologiki durmuş tabyn edilýar.

*Şowinizm*-milletçiligiň soňky derejesi, milli aýratynlygyn wagyz edilmegi. Şowinizm-basyp alyjylykly uruşlary we milletara dawalaryň tutaşdyrylmagyny aklamak üçin hyzmat edýär.

## § 4. Russiýa we modernizasiýa.

XX asyryň başlarynda Russiýa dünýäniň iň iri kapitalistik döwletleriniň hataryna girýär. Onuň osüş depgini, umuman alanyňda ýeterlik derejede ýokarydy. Ýöne oňa garamazdan köp ugurlar boýunça ABŞ-dan we Germaniýadan üzül-kesil yza galýardy.

Bu näme sebäpden şeýledi? Düzgün bolsy ýaly, ähli günäni feodal gatnaşyklaryň güýçlüdigine we berkligine syrygdyrýardylar. Ýöne, beýle jogap doly ýeterlik däldi, sebäbi Germaniýa hem ýarym feodal esaslarda kapitalizm gurýardy, oňa garamazdan onuň üstünlikleri has aýdyň duýulýar. Elbetde, adatly gurluş Russiýanyň ösüşini togtadýardy. Ýöne, esasy zat dürli jemgyýetçilik güýçleriniň we merkezi häkimiýetiň modernizasiýa bolan gatnaşygydy, olaryň işjeňliginiň derejesidi.

### Rus jemgyýeti we modernizasiýanyň meseleleri

1812-nji ýylyň watançylyk urşunda ýeňmek bilen, Russiýa Ýewropa döwletleriniň aglaba böleginiň kemsidilen ýagdaýyna - kese ýurtly basybalyjylaryň häkimiýeti astyna düşmeýär. Şeýle-de Napoleonyň geçiren liberal-buržuaz özgertmelerini hem bilmeýär. Magaryfçylaryň we Fransuz rewolýusiýasynyň ideýalary hem şol döwürde rus dworýan intelligensiýanyň örän az sanly toparlarynyň arasynda ýaýraýar. Buržuaziýa Günbatar Ýewropada modernizasiýanyň tarapdarlary bolan buržuaziýa beýlekiler bilen deňeşdirilende örän az sanly, jebisleşmedik, syýasy taýdan öndebaryjy orny eýelemäge, feodal galyndylary ýok etmäge mumkinçiligi ýokdy. Telekeçilik işi we söwda bilen meşgullanýan adamlar daýhanlaryň hataryndan ösüp ýetişýärler. Daýhanlar 1861-nji ýyla çenli ýere berkidilen ýagdaýda, patriarhal jemagatçylyk durmuşynda

ýaşap, modernizasiýanyň tarapdarlary bolmak beýlede dursun, eýsem, oňa garşydy. Netijede, XIX asyryň birinji ýarymynyň dowamynda, haçan-da Günbatar Ýewropa ýurtlarynda buržuaz rewolýusiýalar yzly-yzyna bolup geçýän wagty – Russiýada modernizasiýa ugrunda, ekeje gezek gurnalan göreşiň uçguny - 1825-nji ýylda dekabristleriň gozgalaňy bolup geçýär. Dekabristleriň gizlin jemgyýetleri Peterburgda „Demirgazyk soýuzy “ - onuň işjeň agzalary doganlar Murawýowlar, knýaz Trubeskoý, N. G.Turgenew, knýaz Obolenskiý, şahyr Ryleýew bolýar. Günorta jemgyýet –Tulada esaslandyrylmak bilen, onuň işjeň agzalaryna – knýaz Bolkonskiý, Ýuşnewskiý, Murawýew-Opostol, Bestužew-Rýumin degişlidiler. Dekabristleriň meýilnamalary „Rus hakykaty” diýlip atlandyrylýar. Buržuaziýa däl-de, dworýan intelligensiýasy krepostnoýçylyk düzgünini ýatyrmaklygy, konstitusion monarhiýany ýa-da respublikany berkarar etmekligi, telekeçiligi we söwdany ösdürmegi maksat edýärler.

Gozgalaňyň baştutanlarynyň haýal – ýagallyga ýol bermekleri sebäpli (Onuň baştutany knýaz Trubeskoý Senat köşgüniň öňündäki meýdança gelmeýär.) ýeňlişe sezewar bolýar. Dekabristleriň 126-sy sud edilýär, olardan 36 –sy, şol sanda onuň has işjeň agzalary ölüm jezasyna höküm edilýär. Gözgalaňyň - has takygy köşk agdarylşygynyň ýeňilmegi, elbetde Russiýada özgertmeler ugrundaky jemgyýetçilik hereketiniň ösüşini bökdemeýär. Gaýtam oňa gatnaşyjylaryň sany artýar, ylaýtada 1840-1850-nji ýyllarda, raznoçinşilik intelligensiýa möhüm syýasy guýje öwrülýär. Asyryň II yarymynda jemgyýetçilik hereketi düzümi boýunça has çylşyrymlaşýar, biri-birlerinden maksatnamalary boýunça tapawutlanýan durli toparlanyşyklar; radikallardan başlap aram liberallara çenli, ýöne ol hem ýene-de buržuaziýanyň işjeň gatnaşmanlygy esasynda ösýär.

Eýýäm şu döwürde Russiýa nähili özgerişler zerur gerekdi we olary nähili amala aşyrmaly ýaly meseleleri babatynda jemgyýetçilik hereketine gatnaşyjlaryň arasynda ideýa taýdan ýiti agzalalyk döreýar. Russiýanyň özboluşlylygy intelligensiýanyň elitasyny-ýokary gatlagyny iki topara; slawýanfillere we gunbatarçylara bölýär.

Milli taryhy däp-dessurlara bolan gyzyklanma, Russiýanyň özboluşlylygy nämeden ybarat, ony beýleki siwilizasiýalar bilen nämeler birleşdirýär we nämeler tapawutlandyrýar? Bu möhüm prosesiň: *milli-taryhy dunýägaraýşyň ösüşiniň ýüze çykmagyny* aňladýar. Russiýanyň sowatly köpçüliginiň bir böleginde modernizasiýalaşmak we ýewropalaşmak düşunjelerine şol bir zat hökmünde seredilip başlanýar. Ýöne, bu iki düşunjäni biri-birinden tapawutlandyrmak zerur. Gunbatar Ýewropa görnüşinden ugur almaklyk modernizasiýa prosesinde wagtlaýyn ýagdaý, ol milli durmuşyň özboluşlylygyny weýran edip bilmeýär.

Slawýanofilleriň ideýalary has hem guýçli bolup, rewolýusion-demokratlara öz täsirlerini ýetirýar. A. Gersen 1848-nji ýylda buržuaz jemgyýetiniň demokratizasiýalaşmagyndan närazy bolup, rus jemagatçylygyny geljekki adalatly gurluşyň esasy özeni hasap edýär. Ustesine-de Gersen kapitalistik ösüş- Russiýanyň ösüşinde möhüm döwür däl diýen pikire hem bil baglaýar.

1883-nji ýylda „Zähmeti halas ediş” toparynyň döredilmegi, rus

intelligensiýasynyň arasynda bir böleginiň sosial-demokratik taglymata ýüzlenmegi uly meşhurlyga eýe bolýar. Ol taglymat ösen kapitalistik döwletleriň gapma-garşylygyna we meselelerine jogap hökmünde emele gelýar. Şeýlelikde, Russiýanyň ýaş we az sanly işçiler synpynyň arasynda ýeterlik derejede meşhurlyga eýe bolup, olar kem-kemden amala aşyryljak buržuaz - liberal özgertmelere garşy bolýarlar, sebäbi buržuaziýa pomeşikler we samoderžawiýa ulgamy bilen birlikde synpy duşman diýlip, yglan edilýär. Russiýada radikallar bilen bir hatarda göreşiň parahatçylykly sereşdeleriniň tarapdarlary-da bolupdyr. Olara bolsa halkyçylaryň bir bölegi degişlidi.

Russiýada buržuaz gurluşyň şeýle hem onuň bilen baglanyşykly modernizasiýa prosesiň tarapdarlary örän az bolýar. Sebäbi, bu meseleler bilen özgertmeler ugrundaky göreş täze Russiýa nähili bolmaly diýen jedelleri, esasan intelligensiýa alyp barýar. Günbatar Ýewropada buržuasiýa esasy zarba urujy güýç hasap edilýär, ol Russiýada bolsa 1905-nji ýyla çenli syýasy partiýalaryny esaslandyrmagy hem başarmaýar.

Buržuaz rewolýusiýalaryň öňüsyrasynda Russiýada özboluşly guýçleriň bölünşigi emele gelýar: deňlik şygary astynda çykyş edýan radikal guýçlere garşy buržuaz gurluşy gorap biljek güýç ýokdy.

**Patyşa we modernizasiýa**.

Russiýada modernizasiýa prosesiniň ösüşine ýardam berijiniň ornuny tutýan merkezi häkimiýet nähili gatnaşyk edýär? Döwletiň tutýan posiziýasy umuman alanynda, XIX asyryň dowamynda we XX asyryň başlarynda yzygiderli däl, diýip bolar.

Liberal patyşa Aleksandr I (1801-1825 ýý.) käbir demokratik özgertmeleri geçirmek bilen çäklenip, esasy meseleleri çözmeýär (krepostnoýçylyk düzgün ýatyrylmaýar, konstitusiýa girizmek baradaky meseleler çözülmeýär). „Erkin çallaçylar” hakynda kanun Russiýanyň esasy betbagtçylygyny ýok etmek üçin edilen gowşak ädim bolup, dworýanlaryň öňdebaryjy toparlary ony „gulçulyk” diýip, atlandyrmak bilen ýalnyşmandylar.

Nikolaý I syýasaty (1825-1855 ýý.) özünden öňki dolandyranlaryň aram liberal özgertmelerden has hem daşlaşýar. Ondan başga-da Nikolaý I ýurduň ykdysady ösüşine az üns berýärdi. Hökümet agyr senagaty pul bilen üpjün etmeýär. 1851-nji ýyla çenli Moskwa bilen Peterburgy birleşdirýän, ýekeje, Nikolaýewsk demir ýoly gurulýar. Ustesine-de özgertmelere bolan zerurlyk has ýiti duýulýar. Russiýanyň guýçli modernizirlenen Gunbatar Ýewropa döwletleri bilen deňeşdirilende gowşaklygy Krym urşynyň (1853-1856 ýý.) pajygaly wakalarynyň mysalynda ýüze çykýar.

1861-nji ýyl Russiýanyň taryhynda aýgytlaýjy döwür bolup, krepostnoýçylyk düzgün ýatyrylýar. Aleksandr II (1855-1881) täze liberal özgertmeleriň döwrüne ýol açýar. Modernizasiýanyň iň düýpli päsgelçiliklerini ýok etmäge synanyşýar. Ýöne, ol synanyşyk bölekleýin amala aşyrylýar. 1861-nji ýylyň reformasy rus obasyny kapitalizmiň ösüşiniň kynçylykly uzaga çeken ýoluna iterýär, daýhanlar feodallardan ýarym garaşly ýagdaýa düşýärler. Oba hojalygyna buržuaz gatnaşyk-

laryň aralaşmagyna oba jemagatçylygy öňküsi ýaly päsgelçilik döredýär. Sebäbi oba jemagatçylygy daýhanlaryň üstünden administratiw gözegçiligi ýola goýup, onuň kömegi bilen döwlet ulgamynyň salgyt tölegleri amala aşyrylýar.

Syýasy durmuşyň demokratizasiýalaşdyrmagy çäklendirilen görnüşde amala aşyrylýar. 1864-nji ýylda uýezdlerde (etraplarda) we guberniýalarda (welaýatlarda) Zemstwolar- ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy döredilýär. Ýöňe bu saýlawly, wekilçilikli organyň mumkinçilikleri çäklidi, iň esasy kemçiligide zemstwolaryň merkezi häkimiýetiň syýasatyna täsiri ýokdy. Aleksandr II özüniň dolandyran döwürleriniň ahyrlarynda ahlumumy rus wekilçilikli organyň- zemstwo soborynyň döredilmegine rugsat berýär. Ýöne 1881-nji ýylda halk erkçiler tarapyndan patyşanyň janyna kast edilmegi demokratik özgertmeleriň döwrüni düýbünden kesýär.

*Bu Russiýanyň taryhynda ýurduň durmuşyna jemgyýeti işjeň gatnaşdyrmak üçin edilen has beýik synanyşyk bolup, ýöne oňa syýasy işlere goşulmaga mumkinçilik berilmedi.*

*R.Paýps. Russiýa köne düzgun döwründe.*

Aleksandr III hökümeti ekstremistleriň kiçeňräk toparyndan gorkup, zemstwolaryň garşysyna duşmançylykly hereket edýär. Sebäbi, ol liberal güýçleriň toplanan ýeridi. Liberallar häkimiýetden daşlaşdyrylýar. Olar jemgyýetiň işjeň döwrüni özleriniň bähbitleri üçin peýdalanmagy başarmaýarlar.

Elbetde, şu döwürde Russiýanyň ykdysady durmuşynda örän ähmiýetli öňe gidişlik bolup geçýär (esasan hem maliýe ministri S.Wittäniň syýasatynyň netijesinde). XIX-XX asyrlaryň sepgitlerinde ýurtda maşyn gurluşygy üstünlikli ösýär. Çoýnuň öndürilişi 5 esse ýokarlanýar. Donbassda kömrüň çykarylyşy 6 esse artýar, demir ýollaryň gurluşy 60 müň kilometra ýetýär. 1913-nji ýyla çenli Russiýa önüm öndürmegiň möçberi boýunça 4-5 orny eýeläp, dänäni eksport etmekde öňdebaryjy orny eýeleýär.

Eýsem-de bolsa, XIX-XX asyrlaryň sepgitlerinde Russiýany, sözüň doly manysynda modernizasiýalaşan ýurt diýip, aýtmak bolmaz. Demokratizasiýa amala aşyrylman galýar. Senagat önümçiligi oba-hojalygyna täsirini ýetirmelýär, daýhanlaryň 50 % ýeri azal bilen däl-de künde bilen işlap bejerýärdiler.

Daýhanlar ýer ýetmezçiliginden ejir çekýärler, sebäbi ilatyň sanynyň köpelmegi bilen paý ýerler kemelýärdi. Kapitalistik nusgadaky iri fermalar az sanlydy. Senagatyň çalt ösýändigine garamazdan, Russiýa öňküsi ýaly agrar ýurtlygyna galýardy; ilatyň 76 % oba-hojalygynda meşguldy. Ilatyň ýaşaýyş derejesi Angliýa bilen deňeşdirlende 4 esse, Germaniýa bilen deňeşdirlende 2 esse pesdi.

Modernizasiýa tarap has aýgytly öwrülşik XX asyryň başlarynda amala aşyrylýar. Onuň başlanmagyna 1905-nji ýylyň buržuaz rewolýusiýasy sebäp boldy. Ahyrsoňy halk raýatlyk azatlyklaryny, öz bähbitlerini beýan edip biljek täze merkezi döwlet organy bolan Duma wekilleri saýlamak hukugyny alýar. Syýasy partiýalar emele gelýär. Olaryň arasynda iň täsirlisi A. Gurkowyň baştutanlygynda 17 oktýabr soýuzydy. Monarhiýanyň saklanyp galandygyna garamazdan, demokratizasiýa ugrunda uly işler edilýär.

Rewolýusiýa modernizasiýa prosesine güýçli itergi berýär. 1909-nji ýyldan 1913-nji ýyla çenli Russiýa senegat ýokary göterilişigini başyndan geçirýär. Hökümet başyna geçen Stolypin öz özgertmeleri bilen daýhanlary köpçülikleýin ýerden mahrum etmezden jemagatçylyga berk zarba urýar. Bu ýagdaý Günbatar Ýewropa ýurtlarynda örän gödek görnüşde amala aşyrylýar.
Ýöne bu özgertmeleri amalaa aşyrmak wagt talap edýärdi. Bu bolsa Russiýada eýýäm ýokdy. Sebäbi Ýewropa döwletleri 1-nji jahan urşuna taýýarlyk görýärdiler. Onuň möçberi we tutumy bolsa ähli, öňki uruşlardan geçýärdi.

*Dünýäniň iň bir güýçli döwleti bolan Russiýanyň ösüşi yzygiderli, endigan däldi. Ýaş kapitalizm döwletleri üçin endigansyzlyk adaty ýagdaýdy.Ýöne ol, Russiýada has hem uzaga çekýär, bu bolsa I jahan urşy ýyllarynda pajygaly netijelere getirýär.*

## § 5. ABŞ: öňderbaryjylyga tarap ýol

ABŞ XIX asyrda ,,ýaş kapitalistik" döwletleriñ arasynda ilkinji nobatda demokratik ulgamyñ esaslaryny peýdalanyp, ösüşiñ ýokary derejesini gazanan ýeke-täk güýçli döwletdir. ABŞ özünde iş ýüzünde feodalizmiñ täsirini duýmaýar, şonuñ üçin hem modernizasiýa bilen baglanyşykly meseleleri ýeñillik bilen çözmegi başarýar. Beýle diýildigi meseleleriñ düýbünden bolmandygyny añlat-maýar.

Däp-dessurlylyk ABŞ-da özboluşly görnüşe eýe bolmak bilen, öz ýanyndan ýeterlik derejede ähmiýetli güýç bolup durýardy. Garaşsyzlygy gazanmaklyk modernizasiýa ugrundaky ýoly ýeñilleşdiren ilkinji ädim bolýar. Amerikan rewolýusiýalaryndan soñ birnäçe 10 ýyllyklar geçenden soñ, ýurduñ demokratiýasynyñ gazananlaryna we döwletiñ bütewiligine howp salýan täze meseleler peýda bolýar. Bu meseleleri industrial, demokratik Demirgazyk bilen oba hojalyk we gul eýeçilikligine galan Günorta ştatlaryñ arasynda ösýän gapma – garşylyk döredýär. Rewolýusiýadan soñ köp syýasy işgärler, şol sanda Jorj Waşington gulçulygyñ Demirgazyk ştatlarda ýatyrylmagy kem-kemden günortada öz-özünden ýok bolup gitmegine getirer diýip, pikir edýärler. Ýöne, wakalaryñ gidişi düýbünden başgaça boldy.

XIX asyrda gulçulyk güllap ösmegi üçin täze esas alýar, sebäbi ol has-da amatly bolýar. Demirgazyk bilen deňeşdirilende ep-esli yza galýanlygy sebäpli Günorta ykdysady çökgünligi başyndan geçirmeýär, gaýtam tersine, ýokary göterilýär. Bu günorta ştatlarda pagta, gant şugundyryny, temmäki ýaly gymmat bahaly oba hojalyk önümlerini öndürýändigi – onuñ bolsa adamlaryñ uly toparynyň zähmedini gurnamaklygy talap edýändigi bilen düşündirilýär. Plantasiýalaryň gul eýeçiligi hut Gadymy Rim gul eýeçiligine meñzeş däldi. Mazmuny boýunça iri kapitalistik hojalyk bolup, bazar üçin üstünlikli işläp, ykdysadyýetden daşary garaşlylygy gödek görnüşde peýdalanýardy. Gul eýeçilik yzagalaklygyñ alamaty bolmak bilen, ol Günortada kapitalizmiñ ösüşine

masgaraçylykly görnüş berýärdi. Eýsem-de bolsa belli bir döwre çenli ol örän peýdalydy. Günorta  ştatlaryñ ykdysady ösüşi, olaryñ ýurtda orunlaryny pugtalandyrýar. Täze ýerleri birikdirmek we özleşdirmek arkaly ABŞ öz çäklerini giñeldýär, Günorta bolsa täze döredilen ştatlara gulçulygy ýaýratmak meselesini goýýar. Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda Missuri, Kanzas, Kaliforniýa we Nýu-Meksiko ştatlary sebäpli gapma-garşylyk ýitileşýär. Kem-kemden Günorta ştatlaryñ syýasy taýdan bölünip aýrylmak mümkinçiligi hakykata öwrülip başlaýar. Demirgazyklylara bolsa gulçulygyñ tutuş ýurda ýaýramak howpy aýdyñ bolup başlaýar.

A. Linkolnyñ (1809-1865- ý.) häkimiýet başyna gelmekligi  raýatlyk urşunyñ başlanmagy diýlip  hasap edilýär. Ol bolsa gulçulygyñ  aýratyn  hem onuñ täze ýerlere ornaşdyrylmagynyñ barlyşyksyz duşmanydy. Harby hereketler 1861-nji ýyldan 1865-nji ýyla çenli dowam edip, ýurda ägirt uly zyýan ýetirýär. Adam ýitgilerinden başga ykdysady ýitgiler hem bolup, käbir şäherler (Kolumbiýa, Riçmond, Atlanta) iñ soñuna çenli ýakylyp, ýok edilýär. Köp zawodlar, demir ýollar weýran edilýär; ylaýtada Günorta ştatlara düýpli  zyýan ýetirilýär. Ýurtda müñlerçe adaty işlerini ýitiren gullar ykmandaçylyk edýärdiler. Ştatlar bütewi döwlet hökmünde saklanýar, ýöne uzak ýyllaryñ dowamynda ýañy-ýakynda bolup geçen gandöküşikli wakalary ýadyndan çykarmadyk günortalylar bilen demirgazyklylaryñ arasyndaky özara duşmançylyk olary köp ýyllap bölýärdi. Gulçulyk ýatyrylýar, ýöne jynsparazlyk meseleleri öz ýiti häsiýetini saklap galýar.

Eýsemde, modernizasiýa öz miwelerini getirip başlaýar. ABŞ öñdebaryjylyga güýçli itergi alýar. Demirgazyk has ýokary göterilişi başyndan geçirýär: 10 ýylyñ dowamynda 1860 – 1870-nji ýyllarda senagat kärhanalarynyñ sany 80% ýokarlanyp, önümleriñ umumy bahasy 100% ýetýär, 20 müñ kilometr demir ýol gurulýar.

Günorta öñküsi ýaly yza galýardy, oba-hojalyk sebit aýratynlygyny saklamagy başarýar. Plantasiýalaryñ ýok edilmegi bilen Günortada kärendeçilik ulgamy ýaýrap başlaýar. Öñki garaýagyz gullar, birneme soñra bolsa  akýagyzlylar ownuk kärendeçilere öwrülýärler. Ýöne, düzgün bolşy ýaly bergä batýarlar, olaryň iş ýüzünde täzelelikleri ornaşdyrmaga we döwrüň talap ediş derejesine laýyklylykda hojalygy ýöretmäge mümkinçilikleri bolmaýar. Günortada senagat öwrülşigi uzak dowam edýär we kynlyk bilen  amala aşýar, eýsem-de bolsa günorta bilen demirgazygyň arasyndaky deñleşmek prosesi ösýärdi.

XX asyryň başlarynda ABŞ senagat önümçiliginiñ derejesi boýunça beýleki döwletler bilen deñeşdirlende  öñde barýardy. 1913-nji ýylda gara metallurgiýa we kömür çykaryjy senagat önümleri şu pudak boýunça Angliýanyñ, Germaniýanyñ we Fransiýanyñ bilelikde öndürýän önümlerinden ýokary bolýar.

Şeýle ýokary depginde ösmegiñ esaslaryny näme döretdi? Onuň birnäçe sebäpleri bardy.

Amerikan taryhçylary baý çig mal gorlarynyň möhüm ähmiýetiniň möhümligini belleýärler; immigrantlaryñ uly akymy senagaty işçi güýji bilen üpjün edýär; suw we demirýol ulaglary ulgamynyñ kadaly işlemegi; amerikan senagatyny proteksionistik gümrük salgytlary daşary yurt bäsdeşliginden goraýan täsirini

belleýärler.

Ylmy - tehniki pikirleriñ güýçli ösmegi-de düýpli täsir edýär. 1860 – 1900-njy ýyllarda ABŞ-da 676 - sany oýlap tapyşlar resmileşdirilýär. Olaryñ arasynda Semuel Morzäniñ elektrik telegrafy taglymaty, Aleksandr Bellanyñ telefon enjamy, Tomas Edisonyñ yşyk beriji çyrasy, hat ýazýan maşyny has meşhurlyga eýe bolýar. Edgar Uitniniň pagta arassalaýjy maşyny, T. Jeffersonyň azalyñ täze taýýarlanan görnüşi, O. Gassiniñ we S. Makkordikanyñ 1880-nji ýylda kombaýn bilen çalyşylan orak orujy maşyny oba-hojalygynda düýpli öwrülşik edip, *ekerançylyk mehanizimleşdirilýär.*

Ylmyñ ösmegi şol döwürde hökümetiň alyp baran syýasaty bilen gönüden-göni baglanyşyklydy. 1840 –nji ýyldan başlap uly ýer fondlary we ylmy-barlag işlerini alyp barmak üçin tejribe stansiýalary bolan oba-hojalyk kollejleriniň döredilmegi üçin döwlet tarapyndan pul serişdesini goýbermeklik ýokarlanýar.

Bu sebäplerden başga-da ösüşiñ çalt depginine täsir eden zatlaryñ biri-de Köne Dünýäni haýran galmak we gawanmak duýgusyny döreden ABŞ-nyñ demokratik ulgamydy. Onuñ esaslary garaşsyzlykdan has öñ dörap, XIX asyrda amerikan demokratiýasy güýçlenýär we kämilleşýär. Demokratiýa şahsy başlangyçlara giñ mümkinçilik berýär, şol bir wagtyñ özünde ol erkinligi tabynlykda saklamagy we oňa gözegçilik etmegi-de başarýar.

## Demokratiýa hereketde

Syýasy gurluşyñ ösüşiniň möhüm itergisi Raýatlyk urşy bolup, ol dürli jynsdaky adamlaryñ deñligini we demokratiýasyny gorap saklamak şygary astynda alnyp barylýar. Demirgazyk bilen günortanyñ arasyndaky uruş diñe bir negrleri azat etmegiñ hatyrasyna alnyp barylmandy; her bir beýleki uruşlar ýaly, dürli çylşyrymly sebäpleriñ, şol sanda ykdysady sebäpleriñ-de biri-birlerine sepleşmegidi. Ýöne, söweş meýdanlarynda janyny gurban eden syýasy liderleri we adamlaryñ aglaba bölegini şahsy azatlyk ideýasy ruhlandyrýardy.

Şeýle meýiller uruşdan has öñ peýda bolýar, 1850-nji ýyla çenli demirgazyk ştatlatyñ köpüsi gaçgak gullaryñ şahsy azatlygy hakynda kanun kabul edip, umumy federal kanunlary bozýarlar. Meselem Bostonda bir guly tutmak üçin polisiýanyñ we milli goşunyñ bir böleginiñ goşulmagy zerur bolupdyr, sebäbi ol garaýagyz guly belli syýasy şäher işgäri ýa-da gahar-gazaba münen halk köpçüligi goldapdyr. Raýatlyk urşunyñ öñüsyrasynyň iñ kyn pursadynda, haçan-da Demirgazyk bilen Günortanyñ arasynda gatnaşyklaryñ çözülýän wagtynda prezident saýlawlarynda A. Linkolnyñ üstün çykmagy tötänleýin däl. Ol gul eýeçiligini çäklendirmek we ýurduñ bütewiligi ugrunda göreşmek bilen, özüniñ köp sanly garşydaşlaryndan tapawutlylykda- bu meselelerde hiç-hili ýlalaşyga ýol bermeýär.

ABŞ demokratik ulgamy ilatyñ uly toparyna saýlawlara, şeýle hem ýurduň syýasy durmuşyna gatnaşmaga mümkinçilik berýär. Bu bolsa, elbetde, häkimiýete gelenleriñ syýasatyna öz täsirini ýetirýär. Amerikanyñ prezidentleriniñ ählisi hut Jorj Waşington, Tomas Jefferson ýa-da A. Linkoln ýaly görnükli şahsyýetler bolmandyr. Ýöne, şeýle adamlaryñ döwlet baştutanlary bolanlygy wajypdyr.

Köp prezidentler jemgyýetiň aşaky gatlaklaryndan gelip çykypdyrlar. Meselem, ýurtda demokratiýanyň ösmegini üçin köp işler eden E. Jekson şeýle bolupdyr. Ol garyp maşgalada doglup, köp sanly işler bilen meşgullanýar. At söwdasyny edýär, plantasiýasy bolupdyr, adwokatçylyk edýär, indeýler bilen uruşlara gatnaşýar. Jeksonyň aýaly mekgejöweniň başyndan edilen çybykdan çilim çekip, şeýlelikde „Ýewropa" sözüni dogry ýazmagy-da öwrenmeýär. Köne dünýäniň iň bir demokratik döwletleriniň hiç birinde-de şeýle adamlar beýik wezipäni eýeläp bilmändirler. XIX asyr üçin amerikan demokratiýasy – ulaltman aýdylanda- seýrek duş gelýän hadysa bolupdyr.

Bu dogrudan hem onuñ kämilligini añladýarmy? Ýewropada ABŞ „adamzat nesliniñ arzuwy'' hasaplansada, bu onuň düýbünden jennet bolandygyny aňlatmaýardy.

XIX asyryň ikinji ýarymynda birnäçe gezek ABŞ-da ykdysady çökgünlikler bolup, olaryň arasynda 1892-nji ýylyň ykdysady çökgünligi has hem agyrdy. Ýurtda çalt ösýän monopoliýalar 1870-nji ýyldan başlap döwlet içinde döwlete öwrülýärler. Amerikan işçileri ýewropaly işçilerden oňat ýaşandyklaryna garamazdan, işçileriñ ýaşaýyş derejesi örän pes bolup, zähmet şertleri agyr bolupdyr. Fermerleriň önüm daşamak üçin, maşynlary we hojalyk üçin zerur zatlary satyn almak üçin edýän çykdajylary girdejilerden ýokary bolupdyr, sebäbi oba-hojalyk önümlerini täzeden işlemeklik bahalaryñ pese düşmegine getirýär. Sosial gapma-garşylyklar şäherde has aýdyñ ýüze çykýar. Žurnalistler tarapyndan ençeme gezek beýan edilen tutuk pessejik külbeler ajaýyp, döwrebap jaýlar bilen goñşulykda ýerleşipdir.

Her niçikde bolsa hökümet we jemgyýet ýeterlik derejede işjeñlik görkezip, bu kemçilileri ýok etmäge, hiç bolmanda düzetmeklige synanyşýarlar. 1880-nji ýylda, monopoliýalaryñ eden-etdiligine garşy ýurtda närazylyk akymy başlanýar. Oña jogap edip hökümet trestleriñ we korporasiýalaryñ öñüni alýan çäreleri kabul edýär. XX asyryň başlarynda prezident T. Ruzwelt aýratyn hem bu babatda işjeñlik görkezýär. Monopoliýalaryñ zulumynyñ soñuna çykyldy diýip bolmasa-da, onuň trestlere garşy kabul edilen kanunlary düýpli çäklendirildi. Ol kazyýet seljermelerinde rehimsiz „paş etmeklik" taktikasy ulanylýar.

*Industrializmiñ örän ýokary ösüşi kapitalistik kärhanalaryñ üstünden döwlet tarapyndan gözegçiligi güýçlendirilmegiñ zerurlygyny añladýar. T. Ruzwelt.*

1880-nji ýylda öz guramalaryny esaslandyryp, içgiler hereketi giñ gerime eýe bolýar (Zähmet rysarlarynyñ merhemetli ordeni, zähmediñ amerikan fedeasiýasy, sosialistik partiýalar). ABŞ-nyň işçileri öz öñlerinde, düzgün bolşy ýaly „ýakyn geljekdäki" ykdysady maksatlar goýup, XX asyryň başlaryna çenli birleşmeler esaslandyrmak we iş taşlaýyşlar geçirmek, iş üpjün ediji bilen köpçülik bolup şertnama baglaşmak ýaly esasy hukuklary gazandylar.

Fermerler hem az işjeñlik görkezmediler, şu ýyllarda assosiasiýalara, soýuzlara birleşip, olaryň esasynda 1890 – 1892-njy ýylda güýçli Halk partiýasy emele gelýär. „Halkçylar" ýurtda örän uly abraýdan peýdalanyp, häkimiýetde korrupsiýany tankytlap, syýasy durmuşa möhüm täsir edýärler. Jemgyýetiñ zor

salmagy bilen XX asyryň başlarynda özgertmeler döwri başlanýar ýa-da amerikalylaryñ özleriniň atlandyrylşy ýaly ,,hapany gazap aýyrmak döwri'' başlanýar.

*Bu prosesiñ çykdajylaryna, gapma-garşylyklaryna garamazdan, ýurdy dünýäde iñ kuwwatly industial döwlete öwürmeklik, döwlet häkimiýeti bilen jemgyýetiñ arasyndaky netijeli- iki taraplaýyn gepleşikleriň esasynda mümkin boldy.*

Korrupsiýa – latynçadan ,,satyn almak" manysyny berýär.

## § 6. Industrial döwrüñ ruhy medeniýeti

XIX asyr ruhy medeniyetin ösüşinde aýratyn döwür hasaplanylýar. Asyryň dowamynda – intellektual ýagdaý çylsyrymly we gapma –garşylyk ýagdaýynda galýar. Dünýä, jemgyyet we adam hakyndaky köpsanly dürli pikirler biri- birlerini çalysýarlar, biri-birlerine garşy göreşýärler we özara täsir edýärler. Özüniň belli bir wagtda meşhur bolandygyna garamazdan, bu filosofiki ulgamlaryň hiç birisi-de öňdebaryjy ýagdaýy eýeläp bilmeýär.

**Romantizm**

Romantizm (fransuz romantizme: latyn romanus-римский, rimçe)- suratkeşiň beýan edýän wakalaryna açyk gatnasygyny görkezýän çeper usul, bu bolsa sungat eserlerinde belli beýikligi, aýratyn duýgularyň ugurlaryny görkezýär.

Romantizm XVIII-XIX asyrlayň sepgidinde emele gelip, bu dunýägaraýyş durli ugurlarda; filosofiyada, syýasatda, ykdysadyýetde we taryhda, edebiyatda we žiwopisde, poeziyada we dil öwrenişde öz beýanyny tapýar. Onun maksady adamzat ylmy- bilimlerini birleşdirip, dünýä onuň köpdürliliginde we bütewiliginde täzeçe akyl ýetirmekden ybarat. Romantizm özüniň döremeginde esasan-da Fransuz rewolýusiýasyna borçludyr. Ol taryhy prosesiň ahli kynçylyklaryny, gapma-garsylyklaryny açyk beýan edip, dünýäni özgertmäge çalyşýan adamyn beýikligini, şol bir wagtyň özünde onuň güyjüniň, mümkinçiliginiň çäklidigini görkezýär.

Romantizm- ajy taryhy tejribeden ösüp çykyp, ajaýyp taglymat bilen gazaply hakykatyň arasyndaky gapma-garşylyga ýiti duýgy berýär. Romantikler magaryfçylaryň ideyalaryna tankygy gatnaşyk edip, ideal we real gatnaşyk meselelerine hem şeyle baha berýärler. Magaryfçylar üçin reallylyk-bu göwün matlabyňy amala aşyrmak üçin niýetlenilen göreş meýdany. Romantikler üçin ideýallylyk we reallylyk düýbünden biri-birlerinden üzňe, dürli tekizlikde ýerleşip, ustesine-de ideallylyk reallylykdan beýikde durýar.

Realizm- (latyn-realis-hakyky, maddy, tebigy diýen, manyny berýär) sungatyň has doly akyl ýetiriş we estetiki üýtgediş jemlenmesi- çeper usul.

Reallylyk- bu häzirki zaman romantiginiň ýasaýan döwri we ýurdy. Ideal- nusgawylyk näme we ony nireden gözlemeli? Köp ýagdaýda ol gadymy döwre degisli edilýär. Eysem-de bolsa ol dokumentler, yazgylar esasynda doly

dikeldilýän gadymyýet däldir. Romantikler ücin geçmiş taryhy däl. Has dogrusy nusgawy dünýä, olaryň döreden dünýäsidir.

Şeýle şertli taryhy hakykaty romantikler „jadyly” diýip at berýärler we özleriniň beyik orunlaryny dünýäni özgertmegi başarýandyklarynda görüp, „tanyşlary- nätanyş” edýärler. Adaty adam peýzažyň ilki görnüşini duýsa, romantik şahyr tebigaty gaýnap- joşýan durmuşa öwürer. Bu bir diňe geçmişe degişli bolman, eýsem häzirki dowri hem özgerdip, ony bezäp-beýgeldip bolýandygyndan ugur alýar. Eýsem-de bolsa romantikler gadymy ýa-da orta asyr döwrüne ýüzlenýärler. Näme üçin?

Gadymyýet-romantikleriň pikirine görä, häzirki döwürden öz arassa döreýşi, bütewiligi, tebigy  päkligi bilen tapawutlanýar. Olar diňe bir adamyň däl, eýsem döwletiň hem gadym döwürde sazlaşykly bolandygynyna ynanýarlar.

„Her bir döwletiň taryhynda sagdynlyk döwri bolup, jany-teni bilen sagatlykda ýaşap, onda ähli abadanlyk goh-galmagalsyz amala aşýar, adalat üznüksiz we kämil dolandyrýar, bu ýagdaý hiç kim üçin geň bolup görünmeýär” diýip, Karl Brentano (1778-1842) ýazýar. Abadanlygyň döwletde şeýle oýlanşyk-syz amala aşmagyny, elbetde romantikler çäklendirilen diýip hasaplaýar- lar. Bu bolsa taryha, şol bir wagtyň özünde milli taryha uly gyzyklanma  döredýär.

Ýöne nädogry düşündirilen  romantikleriň taglymatlary konserwatizmi,  hatda reaksionlygy aklap çykyş edýär.

Umuman, romantizm syýasat bilen beýle bir ysnyşykly däldi. Romantikleriň aglaba bölegi adamzada ýaşaýşa bolan öňki sagdyn, umumy, bütewi garaýşy gaýtaryp bermeklige çalyşýardylar.

Dünýä romantikleriň pikirine görä, magaryfçylaryň düşündirişleri ýaly, mehanizm däl-de  eýsem, biri-birleri bilen baglanyşykly köp sanly derejelerden-minerallar dünýäsinden başlap  adamzat ruhunyň iň beýik ýüze çykmasy- ägirt uly organiki  janly bitewilikdir. Biziň görýän dünýämiz bu has ýeňil kabul edilýän we düşünilýän derejelerimiziň diňe biridir. Olaryň hemmesi beýik bütewi mukaddeslik. Hudaýyň täsiri bilen içinden geçen, oňa akyl ýetirmek mümkin däl, ony diňe aň ýetirmek arkaly duýmak mümkin. Durmuşy jadyly özgertmegiň ýörelgesi we hakykaty beýan etmeklik edebiýatda hem öz täsirini ýetirýär. Romantikler hakyky sungat gözgyny keramatlylyk döretmän, eýsem hakykatdan beýikde ýerleşýän, ýöne onuň bilen baglanyşykly hoşgylawlylyk we zalymlyk ýaly güýçli sypatlary bermeli.

Romantik-ýazyjylaryň  eserlerinde örän dürli-dürli: arzuwçyl, pitneçi, zalym we ynsanperwer gahrymanlar gabat gelýär.Ýöne, olaryň hiç birisi-de aralyk hasap edilmeýärdi. Işewür adam öz aýaklarynyň üstünde duran, „aram-mylaýym we ykjam-jür’’ zähmetsöýer buržuaziýa indi ýigrenç duýgusyny oýarýar, sebäbi ol gyşarnyksyz reallykda ýaşaýardy, oňa „saz dünýäsi” elýeterli däldi. „Buržua” sözüniň özi haýasyzlygyň sinonimine  öwrülip, oňyn däl manyny berýär.

Megerem  Günbatar „demir asyryň” başlaryndaky ýaly dünýäni şahyrana kabul etmek duýgusyndan mahrum bolmagy sebäpli gaýgy--hasraty  başyndan geçirmedik bolsa gerek.

Nemes filosofy, ýazyjysy şahyry, lingiwisti we tankytçysy Fridrih Wilgelm fon Slegeliň ( Ol 1772-nji ýylyň 10-njy martynda Gannowerde eneden doglup, 1829-njy ýylyň 11-nji ýanwarynda Drezdende aradan çykýar.) „sessiz rewolusuýa” diýip, atlandyrylan romantizmi, özüniň Günbatar Yewropa, Russiýa ýeňişli ýoluny amala aşyryp, magaryfçylaryň artykmaç rasionalizmini ret edip, buržuaz jemgyýetiň we masynçylyk-industrial siwilizasiýanyň ruhuny inkar edyar. Romantizm öz gymmatlyklar ulgamyny döredip, onda gözellik peýdanyň, tygşytlylyga-ruhybelentlilik, şahsy düzgün-tertibe- joşgunly hyjuwy garşy goýýar. Bu gymmatlyklar ulgamy döwürdeşlerine ägirt uly pozitiw täsirini ýetirýär. Pozitiwizm ( latyn positivas-oňaýly, oňyn diýen manyny berýär) häzirkizaman filosofiýasynyň bir ugry, hakyky, çuňňur bilimleriň ýeke-täk çeşmesi takyk ylymlar diýip, yglan edýär. Franzus filosofy Ogýust Kont (1798-1857) pozitiwizmi esaslandyrýar we pozitiwizm düşünjesini hem girizýär. Diňe XIX asyryň 30-njy ýyllarynda onuň täsir ediş güýji gowşap başlaýar

Ýakob Lýudwig Karl Grimm 1785-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Germaniýanyň Gannower şäherinde eneden bolýar. Ol edebiýat äleminde öz dogany Wilgelm bilen birlikde doganlar Grimmler adyny alan beýik ýazyjylardyr. Wilgelm Grimm 1786-njy ýylyň 24-nji fewralynda dogulýar. Olar ilkibaşda Geýdelbah romantikleri gurnagynyň agzasy bolýarlar. Olar ýokary döwlet işgäriniň maşgalasynda dogulýarlar. 1796-njy ýylda olaryň kakasy aradan çykanlygy üçin, iki dogana okuwyny tamamlamakda daýzasy ýakyndan goldaw beripdir. Iki dogan ilki Kassel liseýinde okap, soňra öz bilimlerini Marburg uniwersitetinde dowam edýärler. Soňra wagtyň geçmegi bilen doganlar nemes we daşary ýurt edebiýaty bilen hem içgin gyzyklanyp başlaýarlar. 1805-1809-njy ýyllar aralygynda Ýakob Grimm goşun gullugynda bolupdyr. Ol öz zähmet ýoluny Wilgelmegde Žerom Bonapartyň kitaphanasynda işlemek bilen başlaýar, ýöne bu işiň Ýakob üçin agyr bolanlygy sebäpli, ol bu kitaphanadan çykyp, Kassel şäheriniň kitaphanasyna işe girýär. Şol wagt onuň dogany Wilgelm hem ol ýerde işleýärdi. 1830-njy ýylda Ýakob Grimm Gettingen uniwersitetine nemes edebiýaty mugallymy hem-de uniwersitetiň kitaphanasynda uly kitaphanaçy bolup işläp başlaýar. 1840-njy ýylda döwlet başyna Fridrih Wilgelm Prussiýaly geçýär. Şonda ol iki dogany Berline çagyrýar. Olar Berliniň Ylymlar Akademiýasynyň agzalygyna saýlanyp, şol bir wagtda olar Berlin uniwersitetinde hem sapak beripdirler. Şol döwürden başlap doganlar Grimmler ömrüniň ahyryna çenli Berlinde ýaşapdyrlar.

Dil biliminiň taryhynda Ýakob Grimm „ Nemes grammatikasy” ady bilen 4 tomluk eser ýazýar. Onuň birinji tomy morfologiýa we fonetika, ikinji tomy diňe morfologiýa, üçünji tomy sözüň döreýiş aýratynlygyna, dördünji tomy bolsa sintaksise bagyşlanýar. Bu eseriň düýp manysynda Ýakob Grimm hemme german dilleriniň taryhy ösüşini görkezýär. 1835-nji ýylda Ýakob Grimm „German mifologiýasy” ady bilen eser ýazýar. 1852-nji ýylda ol „Nemes diliniň sözlügi” atly uly göwrümli eserini ýazýar.

Doganlar Grimmler-Germaniýada „mifologiýa mekdebiniň” düýbüni tutujylar hökmünde tanalýar.

Doganlar Ýakob we Wilgelm Grimmler tarapyndan ýygnalan „Çagalar we maşgalalar üçin niýetlenen ertekiler” ýygyndysy ilkinji gezek 1812-nji ýylda çap edildi. 1812-nji ýylyň sentýabr aýynda bu ýygyndynyň birinji tomy çap ediji Reýmere iberilýär. Şol ýylyň dekabr aýynda bu ýygyndynyň birinji tomy çykýar. Bu ýygyndy özünde 86 sany ertekileri jemläpdir. Bu tom 900 nusgalyk tiraž bilen çap edilipdir. Onuň ikinji tomy 1814-nji ýylda çap edilip, onda öňki ertekileriň hataryna ýene-de 70 erteki goşulypdyr. Ertekileriň ýygyndy bolup çapdan çykarylmagyna Ahim fon Arnim hem ýakyndan goldaw beripdir. Doganlar Grimmler dünýä edebiýatynda özüniň ertekleri bilen uly meşhurlygy gazanypdyrlar. Olar öz atlaryny dünýä edebiýatynda altyn harplar bilen ýazdyrdylar. Olaryň ýazan ertekilerinden käbirlerini: „Rapunsel”, „Möjek we ýedi owlak”, „ Külbikejik”, „Balykçy we onuň aýaly barada”, „Bremen sazandalary”, „Gyzyl şyrdajyk”, „Alty guwlar”, „Ýartygulak” , „Garry soltan” , „Ukudaky gözel gyz”, „Altyn guş”, „Rumpelştizhen”, „Iki dogan” , „Üç dil”, „Akylly Elza”, „Ýedi garga”, „Ak ýylan”, „Genzel we Gregel”, „Pişigiň we syçanyň dostlugy”, „Şazada gurbaga”, „Edermen ýoldaş” hem-de „Garpamyk” ýaly dünýä meşhur ertekilerini mysal getirmek bolar.

Wilgelm Grimm 1859-njy ýylyň 16-njy dekabrynda, Ýakob Grimm bolsa 1863-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda aradan çykýar.

## Arzuw- hyýallaryň puja çykmagy

XIX asyryň köp sanly filosoflary, esasan hem, onuň ikinji ýarymynyň wekilleri, özleriniň düýbünden başga mekdeplere degişlidigine garamazdan, bir zatda-geçen nesilleriň we hatda häzirki döwrüň wekilleri üçin mizemez hasaplanylýan gymmatlyklar ulgamyny rehimsiz seljerişe sezewar etmek isleginde birleşýärdiler.

**Dünýä erkinligi baradaky garaýyşlar**. Dünýäniň göwnejaý delilleriniň tankytlanmagy. XIX asyr beýik nemes filosofy Artur Sopengauer ( 1788-nji ýylyň 22-nji fewralynda Prussiýanyň Dansig şäherinde eneden doglup, 1860-njy ýylyň 21-nji sentýabrynda Maýn boýundaky Frankfurt şäherinde aradan çykýar. German Soýuzy.) özünin „Dünýä erkinligi we dünýägaraýyş” (1819) diýen belli eserinde dünýä erkinligi baradaky meseläniň üstünde durup geçýär.

Şopengaueriň taglymaty dünýäde pähim we sazlaşyk tapmaga bolan synanyşyklaryň ählisine garşy gelýär. Şopengaueriň pikirine görä, dünýäniň esasynda, onuň dürli reňkli ýüze çykmalarynyň örtüginiň aşagynda Dünýä erki ýa-da ýaşaýşa bolan erk ýatyr. Dünýä erki –güýçli dörediji başlangyçdyr, ýöne, ol rasional däl, ol „gözsüz höweslenme, garaňky ker isleg”. Dünýä erki döredýär, şol bir wagtyň özünde-de weýran edýär ýene-de emele getirýär; şer-de döredýär, haýyr-da, sebäbi onuň üçin olaryň ikisi-de şol bir bitewilikdir. Bu kanun tebigatda has mese-mälim ýüze çykýar, ýöne iş ýüzünde ol uniwersal we jemgyýetçilik durmuşyna hem, adamyň ýaşaýşyna hem aralaşyp bilýär.

Eýsem Şopengauer adama nähili çykalga salgy berýär? Birinjiden, boş hyýallykdan ýüz öwürmeli. Dünýäniň haýyr bilen şerden ybaratdygyny, üstesine-

de onda şeriň has agdaklyk edýändigine düşünmek gerek. Filosof ýasamalygyň we şeriň ýüze çykmalaryny dogrudan-da ähli ýerde ýüze çykarýar: rehimsizligiň, bihaýalygyň we bahyllygyň hököm sürýän, ýöne özüni siwilizasiýalaşan we ynsanperwer hasaplaýan jemgyýetde, dini joşgunlaryň aňyrsynda ikiýüzlilik; söýginiň, göräýmäge, ýakynlaryň hakyndaky çuňňur aladanyň aňyrsynda sowuk egoustlik gizlenip ýatyr.

Ikinjiden, bu zatlaryň ählisine akyl ýetirip, adamlary şeriň girdabyna çekýän, ýalançy dünýäden ýüz öwrüp, adama özündäki ýaşaýşa bolan erki „öldürmek”, özüniň egoist „meninden’’ ýüz öwürmegi gerek.

*Ýaşaýyş bize sähelçe zatda-da,beýik zatda-da üznüksiz galplyk hökmünde şekillendirilýär... Egerde ýaşaýyş bize bir zat berýän bolsa, ony bizden gaýtaryp alyp, mahrum etmek üçin berýär.*

*A.Şopengauer.Ýaşaýşyň bolguzyslyklary we hasratlry hakynda.*

Şeýlelikde, Şopengauer *dünýäniň sazlaşygyna bolan ynamy weýran edip*, adamdan icerki sazlaşygy gorap saklamagy talap edyar. Şahsyýetin ahlak dünýäsine beyik ahlak talaplaryny bildirýär.

Magaryfçylaryň umumy bähbit ideýasynyň esaslaryna lapykeçligiň döremegi netijesinde *egoizm, indiwidualizm we anarhizm* peýda bolyar.

*Egoizm( latyn sözi-ego-men) ahlak häsiýeti we ýaşaýyş prinsipi, adamy häsiýetlendirýär.*

*Anarhizm (grek sözi anarhiýa-häkimiýetsizlik) ownuk buržuaz jemgyýetçilik-syýasy akym.*

Maks Stirner (1806-1856) nemes edebiýatçysy, anarhizmi esaslandyryjy. Maks Ştirner nemes filosofy idealisti, anarhistik-indiwidualistik ugruň düýbüni tutujy Kasper Şmidtiň edebi lakamydyr. XIX asyryň ruhy durmusynda „Ýeke-täk we onuň emlägi” (1844-ý.) atly kitaby bilen öçmejek yz galdyrdy. Kitapda anarhistik ulgamy ösdürýär, oňa ýiti ýaramaz ýa-da öwgüli; örän biri-birine gapma-garşylykly baha berilýär. Eýsem-de bolsa, kitap örän meşhur bolup, şol sanda Russiýada hem uly gyzyklanma döredýär.

Bu meşhurlygyň esasy sebabi, kitap egoist-anarhistik şahsyýetiň dabaraly häsiýetlerini açyp görkezýär. Ştirneriň pikirine görä„ Ýeke-täk hakykat, bu men-egoist, bütin dünýä onuň emlägi.”Ahlaklylyk, hukuk, kanun, jemgyýet we ş.m. aýrylyp taşlanýar, „salgym” diýlip yglan edilýär. Ol şeýle etmek bilen indiwidual aňy gysýan artykmaç zatlardan arassalaýaryn, diýip pikir edýär. Her kim ahlaklylygyň we kanunçylygyň çeşmesi. Indiwidler üçin „menden ýokarda beýik hiç zat ýok”prinsipi esasy bolup durýar. Hususy eýeçilik, Ştirneriň pikirine görä saklanmaly, sebäbi onda özboluşllykly „men” beýan edilýär. Nusgawy jemgyýet Ştirneriň pikirine görä, „egoistleriň birleşmesi”, olarda her kim beýleki birine öz maksadyna ýetmegiň serişdesi hökmünde garaýar.

Taryha ideýalaryň önümi hökmünde garamak bilen, ol agalyk edýän düşünjeleri ýeňip geçip, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny özgertmek mümkin hasaplaýar. Kommunizmiň we proletariatyň rewolýusion göreşine garşy

barlyşyksyz çykyş edýär. „Gozgalaňçy- topalaňçy şygarlarda öz hojalygynyň dargamagyndan howatyrlanýan ownuk buržuaziýanyň bähbitleri gizlenip ýatyrdy. K.Marks, F. Engels „Nemes ideologiýasy” diýen işinde Ştirneriň abstrakt oýlanmalaryny hemmetaraplaýyn tankytlaýarlar we Germaniýanyň hakyky XIX asyr jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gabat gelmeýändigini görkezýärler.

Maks Ştirner häzirki zaman jemgyýetiniň haýyr işlere gulluk ederden ýeterlik derejede güýçli bolmadyk, ýeterlik derejede bütinleý öz ygtyýaryna ýaşar ýaly barlyşyksyz bolmadyk ikiýüzli ahlak kadalarynyň garşysyna baş göterýär. Diňe bir döwleti we dini däl, eýsem wyždany hem Maks Ştirner adamy gula öwürýän „zulumkeş”hasaplaýar.

Ştirner üçin ýeke-täk gymmatlyk - *bu özüni dünýäniň merkezi hasaplaýan, hukuklary çäklendirilmedik erkin sahsyyet*: „meniň üçin menden beýik hiç zat ýok”. Nemes filosofy günä we mukaddeslik ýaly düşünjeleri ulanyşykdan aýyrmagy, haýyr we şer ýaly düşünjelerinden ýokarda durmaklygy teklip edýär: „sebäbi ol ýa-da beýlekiniň men üçin hiç hili manysy ýok”. Adam özüniň näme hukugynyň bardygyny özi çözmeli.

Ştirner (örän sylahatly we ýönekeý adam bolup, diýseň rahat we asuda durmuşda ýaşap geçipdir.) elbetde, ol ahlaksyz hereket etmeklige çagyrmaýar. Ýöne, onuň ideýalarynda örän uly howp gizlenip, Günbatar Ýewropa akyldarlary-da , rus akyldarlary-da, ilkinji nobatda -- F. M. Dostoýewskiý we L. N. Tolstoý onuň pajygaly netijeleriniň täsirini duýýarlar. Howada gaýyp duran ideýalara mydama uly üns bilen gatnaşyk eden F. Dostoýewskiý „Jenaýat we jeza” romanynda (1866) Raskolnikowyň şekiliniň esasynda haýyr we şeriň arasyndaky araçägi bozmak islän, öz-özüni heläk edýän indiwidualist şahsyýetiň pajygaly ýagdaýyny görkezýär.Ýazyjy hristiançylyk ahlak kadalarynyň jemgyýet tarapyndan ýoýulýandygyna garamazdan, müdimi we hemişelikdigini subut etmeklige çalyşýar.

Eýsem-de bolsa, indiwidualizm taglymaty 80-nji ýyllarda hem ösmegini dowam edýär, nemes filosofy Fridrih Nisşäniň döredijiliginde täze öwüşgine eýe bolyar, (1840-1900) iki asyryň sepgidinde gymmatlyklar ulgamynda çökgünligiň nyşanyna öwrülýär.

Nisşe köp ugurlar boýunça Şopengauere golaýdy, sebäbi ol hem dünýäniň sazlaşykly däldigini tassyklaýar. Tebigat hem, adam hem, onuň sözleri bilen aýdylanda „örän ikiýüzli häsiýete” eýedir. Şopengauerden tapawutlylykda ol bu ýagdaýdan göwnüçökgünlik we ýaşaýşa bolan erkden ýüz öwürmekligi çykalga hasaplamaýar. Gaýtam tersine, dünýä-bu „möwç urýan bulam-bujarlyk” we bizi ondan diňe „medeniýetiň ýukajyk gabygy” arany bölüp aýyrýar, adam şeýle ýaşaýşa şatlanmagy başarmalydyr.

Şu nukdaýnazardan, Nisşäniň pikirine görä gadymy grekleri nusgawy we bütinleý erkin adamlar diýip hasaplaýar. Olar dünýäniň sazlaşykly däldigini duýmagy başarypdyrlar.

Ýöne, grekler pähimli we güýçli bolandyklary sebäpli, olaryň gorkulary ýokary bagtly täsinlige öwrülýär. Dünýä –bu oýun, oňdan ahlak esaslary gözlemeli

däl we real ýagdaý hökmünde kabul etmeli däl-de, oňa goşulşmaly.

Wagtyň geçmegi bilen ýaşaýşa bolan bu sagdyn we tebigy garaýşy Nisşäniň pikirine görä, hristiançylyk, umumy bähbit ideýalary we beýleki „aňyrsy görnüp duran” taglymatlar köki-damary bilen aýryp taşlaýar. XIX asyrda adam köp asyrlyk gözboýagçylykdan azat bolýar we ýene-de daş- töwereginde ähli zadyň durnuk- syzdygyny we bulam-bujarlykdygyny duýýar. Nisşe, eýsem-de bolsa, däp-dessurlaryň inkär edilýän döwründe, „grek ruhy” gaýdyp geljek, täze, güýçli häsiýetli adamlaryň kemala gelmeginiň öňüsyrasydygyny görýär.

Geljegiň kämil adamy, soňra köpçüligiň aňynda dörän, adatdan daşary adamyň şekili Nisşe tarapyndan örän gümürtik beýan edilýär, şonuň üçin hem ony her dürli düşündirip bolýar. Şahsyýetiň täze görnüşi dünýäniň sazlaşyksyz akymyna goşulşýar we „ahlaklylyga çenli bolan”grekler ýaly haýyr işlere-de we şer işlere-de olar ukyply. („Näme üçin tebigatdan-da garyp bolmaly?”- diýip, Nisşe soraýar.) Şonuň üçin ruhy taýdan erkin däl, ejiz adamlaryň „sürüsine” bolan ýigrenç, haýyrly iş etmek ukyplylygy „özüň üçin ýaşa” diýen prinsip bilen utgaşyp biler.

„ Jahanda ähli zat ýaramaz we ýasama”- şeýle şygardan ugur alyp, Nisşe Ştirneriň öz döwründe belleýşi ýaly, ahlaklylyga esaslanan diýip, hasap edilýän jemgyýetiň ahlaksyzlygyny görkezýär. Filosof adamy „sen borçly” diýen söz arkaly pirim edýän jemgyýetiň zulumyndan halas etmek isleýär.

Ýöne, bu mälim bolan hakykata we umuman dünýä beýleki tarapdan seretmek isleginde, tanyşy nätanyş etmeklikde uly howp basyrylyp ýatyrdy. Nisşäniň ylaýtada konteksden bölünip alnan aforizmleri ynsansöýmezlige esas bolup biljekdi: „Ahlaklylyk taglymatynda ...ejizleriň güýçlilere uýgunlaşmak islegi ýüze çykýar”; „Ahlak- ýaşamaga mynasyp däl artykmaç we tötänleýin adamlar üçin bahana, ruhy taýdan garyp we güýçsiz,ýaşamaga mynasyp däl gurçuklar üçin” . „Mümkin bolan köp sanly adamlaryň, mümkin boldugyça uzak ýaşamagynyň näme peýdasy bar ?”

Nisşäniň taglymatyndan biraz soňra, XX asyrda, haçan-da adaty ahlaklylyk weýran bolup - nemes faşizminiň döremegi bilen özüniň ajy miwelerini berende, ýönekeý praktiki netije çykarylýar.

**Siwilizasiýalaşan adama bolan täze garaýyş.** Gymmatlyklara baha beriş prosesine *tebigy ylymlar* hem öz goşandyny goşdular. Ilkinji nobatda bu „özüne erk edip bilýän”we öz erkini bellenen maksatlara pähimli gönükdirmegi başarýan adama, paýhasly jandar hökmünde garaýan adaty dünýägaraýyşlar ulgamyna degişli. Şeýle adam Günbatar medeniýetinde, birbada däl-de, siwilizasiýa häsiýetiniň uzak wagtlap kemala geliş prosesiniň netijesinde peýda bolýar. Ybadathananyn, döwletiň tasiri bilen kem-kemden gadagan edilmeleriň ulgamy peýda bolup, utanç-haýa, özüňe erk etmeklik döreýär, adam öz agressiýasyny saklamagy öwrenýär, onun özüni alyp baryşy inceden gelsikli, sahsy gigiyena düzgünleri kämilleşýär we ş.m.

Bir söz bilen aýdylanda adam has siwilizleşýär, medeniýetleşýär, bu bolsa ony öňki ata-babalaryndan, tebigatdan bölüp aýyrýar. XVIII-XIX asyrlarda

siwilizasiýa endigi (häsiýeti) özüniň iň ýokary derejesine ýetýär. Şonuň üçin hem Ç. Darwiniň (1809-1882) „Görnüşleriň ýüze çykmagy”(1850) we „Adamyň emele gelmegi” (1871), ewolýusiýa taglymatlary döwürdeşlerinde çuňňur täsir galdyrmagy tötänleýin däl. Bu esaslaryň özboluşly düýpli özgermesidi; Darwin adamlaryň wagşy haýwanlar we tebigatyň güýçleri bilen arabaglanşygyny görkezýär. Bu eýýäm romantikleriň goşulşmaga çagyrýan şahyrana we syrly tebigaty däldi. Ol instinktleriň höküm sürýän, ýasaýyş ugrunda barlyşyksyz göreş alnyp barylýan tebigatdy.

Adam XIX asyrda özünde „ýyrtyjy haýwany” görüp başlaýar. Darwiniň taglymaty bu ugurdan ädilen diňe ilkinji ädim bolup durýardy. Ikinji has-da aýgytly ädim awstriýaly alym Zigmund Freýdiň (1856-1939) psihoanaliz ugry boýunça eden açyşlary bolýar. Freýd adam kalbynyň örän syrly jümmüşine aralaşýar we siwilizasiýalaşmagyň örtüginiň aňyrsynda ilkidurmuş tabyn edilmedik islegi, uç-gyraksyz garaňky çuňlugy görýär. Freýd ylmyň taryhynda ilkinji gezek şahsyýetiň köptaraplylygyny subut edýär. Freýd onda aň meýdanyny kesgitleýär ( dünýäni kabul edip alýan „penjire”) „instinktleriň gaýnaýan gazanyny” özünde jemleýän we lezzet almaklyga tabyn edilen düşnüksiz duýgy, adamda paýhasly baslangyç hasap edilýän düşünjäniň öň ýanyndaky duýgy, ol islerleriň „öňüni alyp”, olary başga, has beyik ýerlere gecirýär.

Freýdiň medisinada eden düýpli açyşy, psihiatriýanyň çäginden has aňry geçýär,sebäbi onuň işlerinde diňe bir ruhy taýdan kesellilere degişli däl-de, eýsem umuman adam hakynda ...şeýle-de adamzat taryhynda medeniýetiň we siwilizasiýanyň orny hakynda global netije çykarylýar.

Ilkinji bolup Freýd siwilizasiýa endiginiň ters tarapyny görkezýär: aňyň näbelli duýgudan üstün çykmagy adama örän gymmat düşýär. Basylyp ýatyrylan we gysylyp çykarylan islegler psihiki taýdan bozulmaklyga, ýazykly we özüňi kembaha duýmaklygyň toplumlarynyň, esassyz gorkynyň peýda bolmagyna getirýär.

Freýd „siwilizasiýa ol-zyýanly” diýip tassyklamaýar, ýöne siwilizasiýany, onuň köp çylşyrymly we giň duzaklar arkaly gadagan edilmeleri bilen birlikde adamzat sahsyyetiniň üstünden zulum hökmünde beýan edýär, onda-da şol gadagan edilmeler adam aňyna şeýle bir ornaşýar welin, hatda adam onuň esasy manysyna düýbünden dü-şünmeýär.

*XIX we XX asyrlaryň ruhy durmuşynda „hyýallaryň puja çykmagy’’nähili orny eýeleýär? Bir tarapdan onuň netijeleri örän pajygalydy, sebäbi, hakykatdan-da ähli zat: dünýäniň we jemgyýetiň sazlaşygyna bolan ynam, ahlaklylyk prinsiplerine we siwilizasiýanyň özüne, hatda adamyň ýaşamagynyň maksada laýyklylygy şühbe astyna alynýar. Beýleki bir tarapdan,adamy öz egoizmi we gizlin höwesleri, ölüm we gaýgy-hasratlary, sazlaşyksyz we gazaply dünýäniň meseleleri bilen ýekelikde galdyryp, filosoflar öňkä garanyňda zatlaryň manysyna has çuňňur akyl ýetirmeklige çalşyp, bar bolan adaty düşünjeler täzeden bahalandyrylýar.*

**Deňlik taglymaty**

Ýiti tankytlanandygyna garamazdan progressa, jemgyýeti özgertmeklik mümkinciligine bolan ynam ýasamagyny XIX asyrda hem dowam edýär.

Sosial ykdysady we syýasy durmuşyň kemçilikleri Günbatar ýurtlarynyň ählisinde örän agyrly duýulýar. Bu bolsa hut XVIII asyrda bolsy yaly sosial nusgalyk (ideallyk) temasyna ýüzlenmeklige iterýär. Ykdysady bazar we kapitalistik bäsdeşlik döwrüne özbolusly jogap edip, köpçülikleýin ideallylyk gaýtadan dikeldilýär. Ony sosial- utopistler Sen-Semon (1760-1825), Şarl Furýe (1772-1837), Robert Ouen (1771-1858) jar edýärler.

**Kommuna idealy**. Sen-Simon 1789 –njy ýylyň rewolýusiýasynyň netijelerinden nägile bolan fransuz aristokraty, ol esasy zat- jemgyýeti „peýdasyz”, ýa-da başgaça aýdylanda hiç zat döretmeýän aristokratlardan, çinowniklerden we ylahyýetçilerden arassalamaly diýip, hasaplaýar. Häzirki döwürde, onuň tassyklamagyna görä, ýaşaýş zähmet adamlary bilen kesgitlenilýär, häkimiyet bolsa alymlara we senagatçylara degişli (işçiler we buržuaziýany hem olara degişli edýär ). Diňe şondan soň birlesmek prinsipine esaslanýan jemgyýet bütewi kollektiwe öwrüler, ony dolandyrmak üçin häkimiýetiň zor salmagy zerur däl.

Häzirkizaman jemgyyetçilik gurluşyny tankytlamak meselesinde, ony „dünýäniň ters tarapy ”diýip atlandyrmak bilen Furýe bu pikirinde Sen-Simona golaýdy.Ýöne ol bu manysyz dünýäni özgertmegiň usulyny başgaça göz öňüne getirýär. Furýe ilkinji nobatda ýaşaýşyň özeni hasap edilýän önümçilik prinsipiniň özüni özgertmekligi zerur hasaplaýar. Kapitalizm döwründe agalyk edýän hususy eýeçilige ylym bilen senagatyň oba-hojalygy bilen organiki sazlaşygyny berýän kommuna-falansteri garşy goýýar. Köpçülikleýin zähmediň miwelerini falansterleriň agzalarynyň arasynda (olara bolsa dürli adamlar: alymlar, garyplar, baý kapitalistler degişli bolupdyr) paýlaşylýar.

Furýe birlerinden alyp beýlekilere bermegi esasy maksat hasaplamaýar, dolulygyna deňleşdirilmegiň tarapdary däldi. Ol umumy bähbit üçin adamlarda bar bolan ähli zat: adamlaryň ähli mümkinçiliklerini, başarnygyny, bilimini, baýlygyny, zähmet cekmek başarjaňlygyny peýdalanyp, durli ugurdaky güýçli islegleri gerekli ugra gönükdirmeli.

Kommuna idealyny durmuşa geçirmek synanşygy sosialist - utopistleriň hiç birine, şol sanda sosialistik ideýanyň hakyky gaýduwsyz tarapdary Robert Ouene-de başartmaýar. Onuň Nýu-Lanarkada (Angliýa) tekstil fabriginiň işçileriniň zähmet we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmaga eden synanşygy has üstünlikli tamamlanýar. Ol bu fabrigiň iş dolandyryjysy wezipesini ýerine ýetirýär. Emma welin onuň ABŞ-da döreden hakyky kommunasy („Täze sazlaşyk”) uzak dowam etmeýär.

Bu şowsuzlyk kollektiwistik ideany pese düşürmegi başarmaýar. 1830-1840-njy ýyllarda sosializmiň täze taglymaty emele gelýär. Fransuz taryhçysy Lui Blan hususy kärhanalary gysyp çykarar, diýen umyt bilen, kooperasiýalary döretmeklige çagyrýar. „Hususy eýeçilik-bu ogurlykdyr” diýen meşhur jümläni aýdan tipografiýada harp ýygnaýjy bolup işlän P. J. Prudon ownuk-haryt önümçiligine we

haryt alyş-çalyşyga dolanmaklygy teklip edýär.

Sen-Simon we Furýe ýaly sosialist- utopistler 1830-1840-njy ýyllarda, düzgün bolşy ýaly, sazlaşykly jemgyýete parahatçylykly geçmegiň tarapdarlarydy. Onuň esasy özeni-de adamyň özüni we daş-töwerek dünýäni kämilleşdirmek ukybyna bolan magaryfçylyk ynamydyr. Şonuň bilen birlikde, magaryfçylardan beýleki bir ideýa özleşdirilýär, dünýäni we şahsyýeti sazlaşdyrmagyň ähli meseleleri sosial gatnaşyklary üýtgetmek esasynda çözüp bolýar.

**Kommunistik ideýa.** Sosiologiýanyň gyzyklanma tolkunlarynda, şeýle hem syýasy- ykdysadyýetde, sosialistik pikirlerde täze ugur-marksizm döreýär. Karl Marksyň we Fridrih Engelsiň ilkinji eserleri 1840-njy ýyllaryň başlarynda ýazylýar, ýöne marksizm 1847-nji ýylda „Kommunistik partiýanyň manifesti” çap edilenden soň, gutarnykly emele gelýär. *Marksizmi esaslandyryjylar taryhy prosesde bir esasy ideýany- sosial-ykdysady ösüşi saýlaýarlar*. Ähli taryh ilkidurmuş jemagatçylygyndan we gul eýeçiliginden başlap, kommunistik gurluşa çenli örän ýiti synpy göreş arkaly önümçilik usulynyň çalyşmagy bolup görünýär

Marksizm taryhy prosesiň kanunalaýyklaryny öwrenmeklige, onuň etaplylygyna we ösüş derejesine we kapitalizmiň syýasy-ykdysadyýetini işläp taýýalamaklyga saldamly goşant goşdular. Şol bir wagtyň özünde taryh bir taraplaýyn seljerilip- ol ykdysady ösüşiň we syýasy göreşiň taryhyna öwrülýär.Taryhyň esasy gahrymany adam- marksizmde ilkinji nobatda ol ýa-da beýleki bir sosial- ykdysady gurluşyň, ol ýa-da beýleki bir synpyň wekili hökmünde görülýär. Şu nukdaýnazardan, ol aýdyň däl pikir hasaplanýar. Şeýle ýagdaý, eger-de gürrüň diňe bir sosiologiýa barada gidýän bolsa, elbetde tebigy zatdyr, ýöne marksizm dünýäniň umumy kanunlaryny düşündirýän uniwersal, ähli ugurlaryny özünde jemleýän bilimler ulgamynyň ornuna dalaşgärlik edýärdi.

Marksizmi esaslandyryjylar geçmişdäki we häzirkizaman real taryhy tejribeden ugur alýarlar. Sebäbi taryh her bir sosial toparyň bähbidini berjaý eden sazlaşykly jemgyýetiň mysalyny berip bilmeýär. Ondan başga-da, ol göniüden-göni praktiki maksady-işçiler synpyny rewolýusiýa amala aşyrmaklyga gönükdirmegi göz öňüne tutýar. Marksizm umuman adama däl-de, ony umumy ynsanperwer gymmatlyklary bilen çalşyp, *synpy aň-düşünjesine* ýüzlenýän ýaly. Adamyň özüni alyp barşy (has takygy kapitalistiň ýa-da işçiniň ) *synpy aň-düşünjesi* diýlip düşünilýär.

Marksizm 1840-njy ýyllardan, özüni barha işjeň görkezip başlan bu täze syýasy güýjüň: sosial - demokratik we işçiler hereketiniň ösmeginde möhüm orny eyeleyar. Onuň esasy möhüm ädimleriniň biri-de I Internasionalyň-işçileriň Halkara arkalaşygynyň (1864 -ý.) döredilmegidir.

Eýsem-de bolsa, marksizm sosial-demokratiýada öňdebaryjy orny eýelemegi başarmaýar. Hereket, esasan hem, reformalar arkaly dowam edýän gurluşyň çäklerinde parlament usullary bilen göreşmek ýoly gidýär. Marksyň taglymaty Angliýa, ABŞ ýaly öňden jemgyýet bilen döwletiň arasynda gepleşikler üçin mümkinçiligiň emele gelen ýurtlarynda has az meşhurlyga eýe bolýar.Ýarym feodal Germaniýa we Russiýa ýaly häkimiýetiň totalitar syýasatyna ýykgyn edýän

ýurtlarynda bolsa tersine, marksistik hereketi esas tapýar.

*Seýlelikde, XIX asyryň ruhy durmuşynda iki sany esasy akym emele gelýär. Olaryn ikisi-de şol döwrüň ýakymsyz kemçiliklerine esaslanýar. Emma durli-durli netijelere gelinýär: sosialistik taglymat we marksizm ilkinji nobatda sosial-ykdysady özgermeleri geçirmegi maksat edip, adamy onuň „önümi” hasaplaýarlar.*

*“Nigilistik” ugur şahsyyete esasy orun berip, onda entek görülmedik çuňlugy açmagy başarýar. Ýöne şahsyýete öz-özüne bil baglamagy teklip etmek bilen, adamzadyň uzak taryhy şertlerde döreden ahlak gymmatlyklaryny we jemgyyeti özgertmek mümkinçiliklerini inkär edýär.*

## § 7. Gündogar siwilizasiýasy we koloniýal ulgam XIX asyr.

XIX asyrda Günbataryň döreden ägirt uly koloniýal ulgamynda çylşyrymly, gapma- garşylykly prosesler bolup geçýärdi. Bir tarapdan olar berkäp, hatda öz çäklerini giňeltse, beýleki tarapdan onda dargamagyň dürli alamatlary peýda bolup başlaýar.

**XIX asyr koloniýal ulgamy**.

Onuň birinji gowşak halkasy Latyn Amerikasy bolýar. Metropoliýadan bölünip aýrylmak hereketi ilkinji bolup (1810-njy ýylda.) Wenesuelada başlanýar. Bu ýerde esasy orny kreollar-Täze Dünýä göçüp gelen tanymal ispan maşgalasynyň nesilleri eýeleýärler. Milli- azat edijilik hereketine baştutanlyk edýän Simon Boliwar (1783- 1830-njy ýyllar) hem bu maşgala degişli bolupdyr. Bu hereket Wenesueladan örän çaltlyk bilen Kolumbiýa, Peru, Çilä we beýleki koloniýalara geçýär. 1826 - njy ýyla çenli Ispaniýanyň ägirt uly koloniýal imperiýasyndan diňe Kuba we Puerto- Riko galýar.

Koloniýalaryň öňki territoriýalarynda döwletler döreýär, olarda bolsa düzgün bolşy ýaly harby diktatura düzgüni ornaşdyrylýar. Dörän günlerinden başlap, latynamerikan döwletlerinde gozgalaňlar, agdarylyşyklar, dildüwşükler adaty ýagdaýa öwrüldi. Syýasy gurluşda we ykdysady ösüşiniň yzagalaklygy (bu ýurtlar oba hojalyk önümlerini eksport edýär) Latyn Amerikasynyň ykbalyny uzak wagtlap kesgitläp, ilkinji nobatda ABŞ- dan garaşly ýagdaýa salýar.

*Köp millionly ilaty bolan ispan koloniýalarynyň weýran bolmagy, koloniýal ulgamda uly jaýryk emele getirdi. Eýsem-de bolsa bu ýagdaý onuň düýbünden gowşandygyny aňlatmaýar. Koloniýal ulgam entek ýeterlik derejede ýaşamaga ukyplydy we işjeňdi. Günbataryň ekspansiýasy dowam edýärdi.*

Ýüzýyllygyň ortalarynda Hindistan, Hytaý gutarnykly basylyp alynýar, neşe uruşlarynda ýeňilip, öňki özbaşdaklygyny ýitirýär. Birwagtky kuwwatly döwlet koloniýa öwrülmese-de, onuň syýasy işlerine daşary ýurtlar işjeň goşulyşýarlar.

Afrika dolulygyna koloniýa öwrüldi. Eger- de XVII- XVIII asyrlarda ýewropalylar diňe materigiň kenarlaryny özleşdiren bolsalar, XIX asyrda olar kontinentiň jümmüşine aralaşyp, ol ýerde ornaşýarlar. Iki döwletden başgasy: hristiançylyk Efiýopiýa Italiýa berk garşylyk görkezýär we Liberiýa - 1857-nji

ýylda ABŞ-dan göçüp gelen öňki gullaryň döreden ilkinji negritýan respublikasy döwlet özbaşdaklygyny gorap saklamagy başarýar.

1772-nji ýylda Angliýanyň çäginde gul zähmetini peýdalanmak gadagan edilýär. 1807-nji ýylda Angliýanyň parlamenti britan raýatlaryna gul söwdasy bilen meşgullanmagy gadagan edýän karary kabul edýär, 1883-nji ýylda bolsa Britan imperiýasynyň mülklerinde gulçulyk ýatyrylýar. Şeýle kanunlar Daniýada (1804), ABŞ-da (1808), Şwesiýada (1813), Gollandiýada (1818), Fransiýada (1818) hem kabul edilýär. Şeýlelikde,Ýewropa döwletleri Afrika aralaşmaga, ony öwrenmäge hem-de eýelemäge girişýärler. Günbatar Afrikada berk ornaşmak maksady bilen, Angliýa Sýerra-Leoniýanyň kenarlaryna gulçulykdan boşadylan afrikalylary göçürip başlaýar. Soňra şu ýerleriň esasynda Günbatar Afrikadaky ilkinji iňlis koloniýasy peýda bolýar.

Garaýagyz gullary Afrika göçürip getirmeklik ABŞ-nyň demirgazyk ştatlarynda hem başlanýar. 1816-njy ýylda şu maksat bilen „Amaerikan göçegçileriniň jemgyýeti” döredilýär. 1837-nji ýyla çenli häzirki Liberiýanyň kenarýaka ýerlerinde birnäçe obalar döredilýär. 1847-nji ýylda şol obalaryň we ilatly ýerleriň ählisi birleşdirilip, garaşsyz Liberiýa (Azatlyk) respublikasy döredilýär. Liberiýada ABŞ-daky ýaly parlament döredilip, respublikany prezident dolandyrypdyr.

XVIII asyryň ahyrlarynda - XIX asyryň başlarynda ýewropalylar Afrikanyň jümmüşine girişýärler. Şu maksat bilen ýewropa ýurtlarynda dürli „ylmy jemgyýetler” esaslandyrylýar. 1795-nji ýylda Munga Parkyň baştutanlygynda Gambiýadan Günbatar Afrikanyň içerki etraplaryna ylmy ekspedisiýa ugradylýar. 1805-nji ýylda bu ýerden ugradylan ekspedisiýa Nigere çenli aralygy geçýär. Günbatar Afrikanyň öwrenilmeginde iňlis raýatlary Klappertonyň (1788-1827) ýolbaşçylygynda guralan ekspedisiýanyň uly ähmiýeti boldy. 1822-nji ýylda ekspedisiýa Tripoliden çykyp, köne söwda ýollary bilen Saharanyň içinden geçip, Bornuda we Çad kölüniň töwereklerinde barlaglary geçirdiler. 1825-1827-nji ýyllarda Çad kölünden Nigere gidýän ýol açylyp, Kanoda hem-de Sokotoda barlaglar geçirilýär. Şol ýyllarda doganlar Lenderleriň Niger derýasynyň boýlarynda geçiren barlaglarynyň ähmiýeti uly boldy.

Günbatar Afrikany öwrenmäge fransuz we nemes barlagçylary hem öz goşantlaryny goşdylar. 1818-nji ýylda fransuz Mollýen, Senegal, Gambiýa we Rio-Grande derýalarynyň boýlaryny açdy. 1827-1829-njy ýyllarda Rene Kaýe bolsa Tombuktu şäherine baryp ýetdi. Sebiti öwrenmekde nemes barlagçysy Bart uly işleri amala aşyrdy. 1850-1855-nji ýyllarda ol Günbatar Sudanyň Masinadan tä Adamaua (Kamerunyň demirgazygy) çenli aralygyny öwrendi.

XIX asyryň başlarynda Altyn Kenarda ýewropalylaryň 25 sany harby berkitmesi (fort) bolup, olaryň 10-sy iňlisleriňkidi. Bu ýerlerde afrikalylaryň Aşanti döwleti ýerleşýärdi. Angliýa bu döwlet bilen uzak ýyllaryň dowamynda uruşlary alyp barmaly boldy. 1805-nji ýylda başlan bu uruşlar, 1874-nji ýylda Aşanti döwletiniň ýeňilmegi we Altyn Kenarda iňlis koloniýasynyň döredilmegi bilen tamamlandy. 1861-nji ýylda Günorta Niger hem iňlisler tarapyndan basylyp

alyndy we 1874-nji ýylda iňlisleriň Altyn Kenar (häzirki Gana) koloniýasyna goşuldy.

Günbatar Afrikada Fransiýa Angliýadan kem galmaýardy. Napoloen uruşlaryndan soň Fransiýa Senegaldaky hem-de Gambiýadaky berkitmelerini gaýtaryp aldy we olaryň töwereklerindäki ýerleri eýelemäge girişdi. XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda Fransiýa Gwineýanyň kenarlaryna hem aralaşyp ugrady. 1838-1848-nji ýyllarda fransuzlar Şirmaýy Kenaryň (häzir Kot-diwuar) boýundaky Palmas burnunda we Ýag derýasynyň kenarynda Bonni berkitmesini esaslandyrdylar. Asyryň 60-njy ýyllarynda fransuzlar Günorta Nigeriň kenarlarynda hem ornaşdylar.

XIX asyryň 50-nji ýyllarynda fransuzlar Senegaldaky Galam we Hasso döwletlerini özlerine tabyn edip, bu ýerlerde berkitmeleri gurdular. 1857-nji ýylda Dakar basylyp alyndy. Şeýlelikde, fransuzlar Günbatar Sudan bilen ýanaşyk ýerleri, şeýle hem Gwineýanyň kenarlaryny eýelediler.

Kongo derýasynyň boýlaryndaky döwletler, Kongo döwleti, Kong derýasynyň boýlarynda giçki orta asyrlar döwründen bäri ýaşap gelýän birnäçe döwletler bardy. Olardan Kongo, Kuba, Luba we Lunda güýçli döwletler hasaplanylýardy. Täze taryha geçilýän döwürde bu ýerlere portugallar aralaşyp, olar sebitiň döwletlerini tabyn etmäge çalyşýardylar. Portugallara Kongo döwleti ýiti garşylyk görkezýärdi. Ambuil şäheriniň eteginde bolan söweşde kongolez goşunlarynyň ýeňilmegi we hökümdar (mani) Antoniý I (1661-1665) öldürilmegi, portugallara Kongo döwletini basyp almaga mümkinçilik bermedi. Ambuiliň eteginde bolup geçen söweşden soň, tä 1710-njy ýyla çenli Kongoda özara uruşlar dowam etdi. Uruşlaryň netijesinde ýurduň paýtagty Mbanza-Kongo (San-Salwador) ýakyp-ýandyrylýar.1684-nji ýylda bolsa paýtagtda ýaşaýyş bes edilýär. 1695-nji ýylda patyşanyň häkimiýeti dikeldilip, Pedro IV tagta çykýar, emma onuň häkimiýeti örän gowşakdy.

1703-nji paýtagt Mbanza-Kongony dikeltmek ugrunda hereket başlanýar. Portugaliýaly katolikçi missionerler bilen baglanyşykly bolan Pedro IV-niň gowuşgynsyzlygy hereketiň güýjemegine we onuň bütin ýurdy gurşap alan gozgalaňa öwrülmegine getirýär. Gozgalaňa Beatriçe atly zenan maşgala baştutanlyk edýär. Kongolez begzadalary we Pedro IV birleşip, halk hereketini basyp ýatyrmaga girişýärler. 1706-njy ýylda olar Beatriçäni ele salýarlar we ony oda ýakyp öldürýärler.

1709-njy ýylda gozgalaňyň basylyp ýatyrylandygyna garamazdan, Kongonyň bütewiligini gazanmak başartmaýar. Özara uruşlara çekilen welaýat häkimleri merkezi hökümete tabyn bolmak islemeýärdiler. Netijede, XVIII asyryň ortalaryna çenli Kongoda patyşanyň häkimiýeti diňe kagyz ýüzünde galyp, ähli häkimiýet welaýat häkimleriniň eline geçýär.

Kongo döwletiniň administratiw dolandyryş ulgamy alty sany welaýata bölünipdir. Kongo döwleti döremänkä, olaryň ählisi özbaşdak döwletlerdir. Demirgazykdaky goňşulary –Ngoýa, Luango, Kakongo we günortadaky Ndonga (Angola) döwletleri Kongo paç töleýärdiler. Kongonyň hökümdary mani (patyşa)

diýlip atlandyrylyp, onuň ýanynda hemişelik hereket edýän 12-leriň geňeşi ýerleşipdir. Onuň düzümine alty welaýatyň häkimleri, patyşany saýlaýan üç begzada, baş kazy, geňeşiň başlygy we hökümdaryň birinji kätibi girizilipdir.Ýurduň ähli ilatyna hazynanyň peýdasyna salgytlar salnypdyr. Salgyt hökmünde mata, şirmaýy, miwe, gök we bakja önümleri, mal we käha-latlarda bolsa gullar giňişleýin ulanylypdyr.

Afrikan kontinentiniň esasy bölegi Angliýanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Belgiýanyň we beýleki ýewropa döwletleriniň uruş meýdanyna öwrülýär.

Osman imperiýasy, Ýewropa üçin uly howp bolup duran hem bolsa, pese düşmekligi başyndan geçirýär. XIX asyryň ortalarynda ony ykdysady we syýasy çökgünlikler sarsdyryp, daşary ýurtlara bergisi heläkçilik derejesine ýetýär. Imperiýa öz syýasy özbaşdaklygyny ýitirmeýär, ýöne döwlet günbatar maýadarlaryna uly hukuklar we ýeňillikler bermäge mejbur bolýar.

Yrak we Lewanta ýurtlary (Siriýa, Liwan, Palestina) Osman imperiýasynyň resmi ýagdaýda bir bölegi hasaplanylýar. XIX asyryň ortalarynda günbatar döwletleriniň (Fransiýanyň, Angliýanyň we Germaniýanyň) ykdysady we syýasy taýdan goşulmak zolagyna öwrülip, olar bu ýurtlary eýelemek ugrunda öz aralarynda bir- birleri bilen gazaply göreş alyp barýarlar.

Eýran Osman imperiýasyndan tapawutlylykda örän çalt ykdysady hem-de syýasy özbaşdaklygyny ýitirýär. XIX asyryň ahyrlarynda ol Russiýa bilen Angliýanyň arasynda bölüşilýär.

Günorta-Gündogar Aziýada XIX asyryň ahyrlarynda fransuzlar „ýapyk” Wýetnamyny basyp almagy tamamladylar, iňlisler Birmany basyp alýar. Hindihytaýda özbaşdaklygyny Siam (Taýland) saklaýar, ýöne ol köp territoriýalaryny bermeli bolýar. Koreýa, Taýwan, Hytaýyň käbir welaýatlary Ýaponiýanyň-gündogarda ilkinji kapitalistik döwletiň golastyna düşýär. Ýaponiýa örän işjeňlik bilen koloniýalar edinmek ugrundaky göreşe goşulyşýar.

*Şeýlelikde, Gündogaryň ähli ýurtlary ol ýa-da beýleki bir has güýçli kapitalistik döwletden garaşly ýagdaýa düşüp, koloniýa ýa-da ýarym koloniýa öwrülýär.*

Eýsem-de bolsa, XIX asyrda koloniýal ulgam diňe bir çäklerini giňeltmek bilen çäklenmän, hil taýdan hem özgerýär. Gündogar çig mala, gymmat bahaly metala we satuw bazaryna mätäçlik çekýän. senagat kapitalizminiň güýçli hüjümine sezewar bolýar. Gadymy gündogar siwilizasiýalar diňe bir emele gelýän dünýä ykdysady ulgamyna goşulyşmak bilen çäklenmän, eýsem onuň täsirine hem düşýär. Günbatar diňe bir olary talamak bilen çäklenmän, eýsem olaryň ýaşaýyş esaslaryna hem ornaşýar. Bu bir diňe ykdysadyýetine däl, eýsem syýasy gurluşyna we medeniýetine-de degişlidi.

Günbataryň getiren täze siwilizasiýa esaslary gündogara köp ugurlar boýunça nätanyşdy, üstesinede asyrlaryň dowamynda dörän adatlaryna, däp - dessurlaryna laýyk gelmeýärdi.

Dürli ugurlar we bir wagtda ýüze çykmaýan ösüşe esaslanýan bu iki siwili-

zasiýanyň biri -birlerine täsiriniň netijeleri örän çylşyrymly bolup, olara birtaraplaýyn baha bermek mümkin däldi.

*Kolonizasiýanyň köp netijeleri gürrüňsiz tersdi. Gündogardan Günbatara altyn kümüş köp mukdarda barýardy. Metropoliýadan barýan harytlaryň zarbyndan adaty gündogar senetçilik gowşak ösýär. Döwlet häkimiýeti öz güýjüni ýitirýär. Bu bolsa syýasy çökgünlige getirýär, adaty ýaşaýyş kadalary, gymmatlyklar ulgamy weýran bolup başlaýar. Ýöne şol bir wagtda kolonizasiýa başga miweleri hem berýär. Ýewropa gündogara näçe çuň aralaşdygyça, koloniýalary täze dünýäniň gatnaşyklar ulgamyna goşmak mehanizmi çalt hereket edýär, olar günbatar görnüşine ýakynlaşýar. Weýran etmek we talamaklyk bilen gündogarda kapitalistik infastrukturany döretmek we emele getirmek gyradeň barýar.*

## Gündogar nähili üýtgäpdir? (Hindistanyň mysalynda.)

Adatly, däp-dessurly gurluşyň kolonizatorlaryň täsiri esasynda özgermeginiň aýdyň mysalyny Hindistanda görmek bolýar. Ol iňlisleriň doly häkimiýetiniň gol astyna geçýär. Dagynyk Hindistany çalt boýun egdirmek çylşyrymly iş bolup durmady. Ýöne ägirt uly koloniýany dolandyrmak, öňki dolandyryş ulgamynyň ýerine näme döretmeli diýen meseleler çylşyrymly bolup durýardy. Bu mesele ylaýta-da 1858-nji ýylda özüniň talaňçylyk hereketi bilen meşhurluk gazanan Ost - Hindistan kompaniýasy ýok edilenden soň ýitileşýär. Hindistan Britan imperiýasynyň bir welaýatyna öwrülipdi.

Şondan soň özgertmeler aýratyn işjeňlik we çaltlyk bilen geçirilip başlanýar. Iňlis bankirlerinden pul karz alyp, administrasiýa demir ýol gurluşygyny tamamlaýar, suwaryş desgalary, kärhanalar gurlupdyr. Maýa goýumy aýratyn ýokarlanyp, 1900-ýylda döwlet zaýomy 133 mln funt sterlinge ýetýär. Ondan başga-da Hindistanda hususy maýa goýumlaryň artmagy nah mata, jut senagatynyň ösmeginde, bank işinde, çaý, kofe, gant öndürilşinde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Diňe bir iňlisler däl, eýsem, hindiler-de kärhana eýeleri bolup; aksionerçilik maýa goýumynyň 1/3 ýaş milli buržuaziýanyň elinde jemlenipdi.

Hindistanyň syýasy durmuşy täzeden döreýär. 1861-nji ýylda Hindi sowetini (kanuny ara alyp maslahatlaşylýan organ) döretmek hakynda kanun kabul edilýär. 1880-nji ýylda saýlawly ýerli öz-özüňi dolanydyryş döredilýär. Demokratiýanyň derejesi elbetde ýokary däldi; Hindi sowetiniň agzalary ýokardan bellenilýär, saýlawlara gatnaşmak hukugyndan ilatyň bary-ýogy 1 % peýdalanylypdyr.

Eýsem- de täze hindi siwilizasiýasyna mahsus bolmadyk täzelikleriň başlangyjy-döwlet häkimiýetine saýlawlar başlanýar. 1885-nji ýylda umumy hindi syýasy partiýa-Milli kongress emele gelip, milli deňhukuklylyk meýilnamasyny öňe sürüp, Hindistana öz-özüni dolandyryş hukugynyň berilmegini talap edýär.

1840-nji ýylda iňlis hökümeti täze milli intelligensiýany döretmek meselesini goýýar; gany, teniniň reňki boýunça hindi, ahlak we akyl gurluşy boýunça iňisleri terbiýeläp, geljekde dolandyryş ulgamynyň işine goşmaklyk göz öňünde tutulýar. Şeýle intelligensiýa Kalkuttada, Madrasda, Bombeýde we beýleki şäherlerde

açylan uniwersitetlerde we kollejlerde taýýarlanylýar.

Täze intellektual elita iňlis diline erjellik bilen erk edip, günbatar ideýalary esasynda terbiýelenip, hindi durmuşynyň adatly, däp- dessurluk kadalaryny gaýtadan özgertmek ugrunda göreşýär. Ýöne günbatar gymmatlyklaryny özleşdirselerde, olaryň öz medeniýetine bolan söýgüsi ýok etmeýär. Iňlisleriň döreden intelligensiýasy ahyrynda koloniýal düzgün üçin has howply bolup çykýar. Olaryň hataryndan Jawaharlal Nery ( Jawaharlal-hindi dilinde „gymmat bahaly lagl "diýmek.1889-njy ýylyň14-nji noýabrynda Allahabatda eneden dogulýar.1912-nji ýylda Kembridj uniwersitetiniň hukuk fakultetini tamamlaýar.), Rabindranat Tagor, Mahatma Gandi (Ol 1869-njy ýylda eneden dogulýar, hakyky ady Mohandas Karamçand Gandi Beýik Britaniýada ýokary ýuridiki bilim alýar. Halkyň arasynda „Mahatma "-„Beýik Rehimdar" diýen ada mynasyp bolýar. Dünýäde beýik ynsanperwer şahsyýetleriň biri M. Gandi 1948-nji ýylda hindi milletçisi tarapyndan atylyp öldürilýär.) ýaly öz ýurdunyň azat edilmeginiň tarapdarlary döräp ýetişýär.1913-nji ýylda Hindistanyň görnükli akyldary we ýazyjysy Rabindranat Tagoryň Nobel baýragyna mynasyp bolmagy Gündogar siwilizasiýasynyň gymmatlyklarynyň ykrar edilmeginiň beýanydy.

Nobel baýragy Alfred Nobeliň ady bilen baglanyşyklydyr (şwedçe „Nobelpriset'', iňlisçe Nobel Prize diýen sözden ). Bu baýrak her ýyl gowşurylýan halkara abraýly baýrakdyr.

Alfred Nobel 1833-nji ýylyň 21- nji oktýabrynda Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda inžener maşgalasynda eneden dogulýar. Ol himik, inžener we oýlap tapyjy bolupdyr. Ol 355 sany oýlap tapyşlar edipdir. Olaryň iň meşhury we iň girdejilisi dinamidiň oýlap tapylmagy bolupdyr. Ol 1896- njy ýylda Italiýada aradan çykýar. Ol ölmezinden bir ýyl öň 1895- nji ýylyň 27- nji noýabrynda Nobel baýragyny döretmek bilen baglanyşykly arza ýazýar. Bu arza 1897- nji ýylyň ýanwarynda kabul edilýär. Ol ähli girdejisini öz ady bilen baglanyşykly baýraga goýýar. Ol bankda goýan emlägine her ýyl goşulýan göterimi hem jemgyýetçilik işi bilen meşgullanýan adama berilmegini aýdyp gidýär. Bu işleri onuň sekretary Rogno Sulman we adwokaty Rudoly Lilekwist gurnaýar. Nobel baýragynyň 1900-nji ýylda karol Oskar II tarapyndan düzgünnamasy kabul edilýär. Norwegiýada Nobel komiteti döredilip, ol baýragyň her ýyl gowşurylyşyna gözegçilik edýär. Bu baýrak ilki 31,6 mln şwed kronyna deň bolupdyr. 2009- njy ýylda baýragyň fondunda 3 mlrd. 112 mln. şwed krony- 450 mln dollar bolupdyr.

Hindistanda bolup geçýän prosesler nähilidir bir aýratynlyk däldi. Ol beýleki koloniýalarda (Afrikada, Hindihytaýda, Indoneziýada) hem bolup geçýär. Ýöne „britan täjiniň göwheri" adyny alan Hindistan bilen deňeşdirilende, başga koloniýalarda haýal amala aşýar. Ähli ýerlerde kapitalistik infastrukturalar kem-kemden gurlup başlanýar, täze sosial gatlaklar (proletariat, buržuaziýa, intelligensiýa) peýda bolýar. Demokratiýanyň stilleri (ösdürimleri) peýda bolýar.

Ýöne şeýle ýagdaý, diňe şäherlerde bolup geçip, koloniýalaryň obalaryna täzelikler aralaşmandy. Bu goşmaça meseleler döredýär. Öňdebaryjy intelligensiýa diňe koloniýal häkimiýetiň däl, eýsem adatlaryň zyýanly taraplarynyndan ejir

çekýär. *Özüňki* we *keseki , daşyndan gelen gunbatar* baglanyşygy ýaly mesele, şeýle –de olaryň haýsy-da bolsa birini saýlap almalymy ýa-da bu iki başlangyjy sazlaşykly utgaşdyrmak meselesi örän ir örboýuna galýar.

Günbatar ideýalaryny, syýasy infrastrukturasyny özleşdirmek ilkinji nobatda Ýewropa döwletleriniň gönüden-göni täsir etmedik döwletlerinde - Osman imperiýasynda, Ýaponiýada, Hytaýda hem bolup geçýär. Elbetde, olaryň her birisi belli bir derejede Günbataryň zor salmagyny başyndan geçirýär. Bu ýerde Ýaponiýa has amatly ýagdaýy eýeleýär.Ýöne, olarda hut Hindistandaky ýaly täze ykdysady we syýasy ulgam ornaşdyrylan ýagdaýdaky ýaly däldi. Eýsem –de bolsa, bu zor salmaklyk *jogap* bermekligi talap edýän agyr netijelere getirip biljek howply çagyryşdy. Jogap bolsa ilkinji nobatda modernizasiýa – günbatar ösüş ýoluny özleşdirmek bilen baglanyşyklydy. Adatly, däp- dessurly siwilizasiýalar özgertmelere mätäçlik çekýärdiler. Bu özgertmeler öz-özüni güýçlendirmekligi maksat edýän gündogar dünýäsiniň has güýçli üç döwletinde dürli- dürli amala aşyrylýar we dürli netijeler berýär.

**Osman imperiýasyndaky özgertmeler.**

Osman imperiýasynda özgertmeler 1840-njy ýylda başlanýar. Adminisratiw ulgam, kazyýet gaýtadan döredilýär, dünýewi mekdepler, musulman däl jemgyýetler (ýewreý, grek, ermeni) ahyrysoňy resmi taýdan ykrar edilýär. Olaryň agzalary döwlet gullugyna göýberilýär. Imperiýada konstitusiýany talap edýän jemgyýetçilik hereketi ösýär. 1876-njy ýylda iki palataly parlament esaslandyrylýar. Ol soltanyň häkimiýetini çäklendirýär. Konstitusiýada raýatlaryň esasy hukuklary we azatlyklary jar edilýär. Elbetde gündogar despotiýasyny demokratizasiýalaşdyrmak ýeňil däldi. Ykdysady ýagdaý erbetdi, daşary ýurtlara bergiler artýardy. 1877-1878-nji ýyllarda Russiýa bilen bolan uruşda ýeňilmegi, çylşyrymly ýagdaýy has-da ýitileşdirýär. 1878-nji ýylyň döwlet agdarylyşygyndan soň hem imperiýada despotiýa höküm sürýär. Parlament dargadylýar, demokratiýanyň ähli gazananlary ýok edilýär.

Ykdysady heläkçiligiň öňüni despotiki düzgün hem alyp bilmeýär. 1879-nji ýylda imperiýa özüni „batan” diýip, yglan edýär.

Özgertmeler ugrundaky hereketler täze güýç bilen ýokary galýar. 1889-nji ýylda Stambulda ýaş türkleriň guramasy döräp, olaryň tarapdarlarynyň sany artýar. Bu guramanyň agzalary konstitusion kadalary dikeltmekligi, milli senagaty ösdürmekligi göz öňünde tutýarlar. Imperiýany birikdirip, günbatar modeliniň elementlerini özleşdirip, günbatar ýurtlaryna gaýtawul bermek isleýärdiler. “Ýaş türkleriň” „günbatarçylygy” ýaşama häsiýete eýedi, onuň başynda „islamizm” doktrinasy goýlupdy. Bu pozisiýa 1908-1909 ý ýaştürkleriniň rewolýusiýasynyň ýeňşinden soň has aýdyň ýüze çykýar. Musulman däl halklaryň çetleşdirilmegi başlanýar. Parlament dikeldilse-de, despotizmiň ýüze çykmalary ýok edilmeýär. Kapitalizmiň ösüş ýolunda uly päsgelçilikler saklanyp galýar.

Şeýlelikde, Türkiýäniň modernizasiýa meselesi XIX asyryň ahyrlarynda çözülmän galýar.

Ägirt uly yslam dünýäsinde ýaşaýşyň täze ülňülerini özleşdirmek diňe käbir ýurtlara başardýar. Türkiýeden başga Müsür we Eýran has ýewropalaşan ýurt hasaplanylýar.

Günbataryň täsirine düşmedik ýurtlarda ýaşaýyş durmuş öňküligine galýar. Arabystanda, Owganystanda we käbir Afrikanyň arap ýurtlarynda ýagdaý şeýledi.

## Hytaý: öz-özüňi güçlendirmeklige tarap ädimler

Hytaýda Günbatara garşy durmaga modernizasiýanyň kömek edip biljekdigine düşündiler. 1860- njy ýyldan başlap „öz-özüňi güýçlendirmek" syýasaty giň gerim alýar. Hökümet we has täsirli emeldarlar kärhanalar, werfler we goşuny gaýtadan dikeltmek üçin arsenallar gurup başlaýar. Ýöne, bu kämilleşmeklige edilen synanyşyklar gowşak esaslarda gurulýar, sebäbi häkimiýet adaty jemgyýeti özgertmek meselesini goýmaýar. Netijede, 1880-1890-njy ýyllarda Hytaý ( Hindihytaý ugrunda) Fransiýa,Ýaponiýa bilen bolan uruşlarda ýeňilýär. Özüniň wassal döwletlerini Wýetnamy, Koreýany, Taýwany ýitirip, daşary ýurtlardan garaşly ýagdaýa düşýär.

Diňe XIX asyryň ahyrynda Hytaýyň durmuşyny düýpli we çuňňur özgertmek ugrunda göreş başlanýar. Özgertmeler ugrundaky göreşe Kan Ýuweý (1858-1927) ýolbaşçylyk edýär. Meşhur akyldar konfusiýançylyk bilen günbataryň öňdebaryjy pikirlerini birleşmesini döretmek isleýär. Ol Hytaý üçin adaty bolan jemgyýetçilik deňligini we abadanlygyny öňe sürýär. Ondan başga-da konstitusion monarhiýany girizmegi, hususy eýeçiligi, demokratik azatlygy upjin etmegi teklip edýär. Kan Ýuweý tarapyndan döredilen Döwleti pugtalandyryş Assosiýasiýasy guramasy (1895 ý) iş ýüzünde „öz- özüňi güýçlendirmek" syýasaty ýaly, şol ugur boýunça hereket edýär, şol bir wagtyň özünde adatly Hytaýy tutuşlygyna özgertmeklik meýilleşdirilýär.

Kan Ýu Weýiň ideýalary uly üstünliklere eýe bolýar, şol bir wagtda häkimiýete dolulygyna eýeçilik edip, imperator aýal Sysynyň gözegçiliginden halas bolmaga çalyşýan ýaş imperator Guansýuý hem goldaýar. 1898-nji ýylda özgertmeleriň gysga wagtlaýyn döwri - özgertmeleriň 100 güni başlanyp şowsuz gutarýar.

Şol bir wagtda örän güýçli ihetuanlar (adalatlylyk we parahatçylyk toparlary) halk hereketi başlanýar. Olaryň maksatlary Hytaýy keseki ýurtlardan azat etmek şygary astynda alnyp barylýar. Gozgalaňçylar hristian ybadathanalaryny, missionerleriň öýlerini, daşary ýurt ilçihanalary we söwda dukanlaryny weýran edýärler. Ýöne gozgalaň diňe bir Hytaýda agalyk edýän kese ýurtlulara garşy gönükdirilmän, eýsem, ol özgertmeleriň bosagasynda duran adatly jemgyýete bolan garşylyk beýan edilýär, gadymy siwilizasiýanyň esaslaryny weýran edilmek synanşygyna garşy göreşilýär. Ihetuanlara daýanýan Sysinyň hökümeti ýewropa döwletleriniň interwensiýasyna (1900 ý) garşy durup bilmeýär we ýeňlişe sezewar bolýar. Bu bolsa däp- dessurlara daýanyp, halk köpçüliginiň we dolandyryjy toparlarynyň modernizasiýa garşylyk görkezýän adatly Hytaýyň ýeňilmegidi.

Özgertmeler ugrunda hereketiň täze toplumy birnäçe ýyldan soň, Hytaýyň

günortasynda başlanýar. Missionerleriň mekdepleriniň we kollejleriniň töwereginde radikal meýilli ýaşlar toplanýar. Onuň wekilleriniň biri--de rewolýusion hereketiň baştutany Sun Ýat-sendi (1866-1925).

Olaryň esaslandyran Hytaýy gaýtadan dikeltmek soýuzy üç sany möhüm maksatnama goýýar: *milletçilik* (Mançjur şanesilleriniň agdarylmagy) *halk häkimiýeti* (respublikan- demokratik gurluş) we *halk abadançylygy*. Bütin ýurt boýunça takmynan şeýle maksatnamaly birnäçe guramalar we soýuzlar döreýär.

Rewolýusion krizis, ylaýta-da Sysinyň aradan çykmagy bilen 1908-nji ýylda has-da ýitileşýär we 1911-nji ýylyň rewolýusiýasy bilen tamamlanýar. Ýöne häkimiýetiň çalyşmagy garaşylan netijeleri bermeýär. Ýurtda bidüzgünçilikler hököm sürýär. Häkimiýet jenbaz- generallaryň eline geçýär. Parlament ýeterlik derejede güýç toplamandy, ony kä –dargadýardylar, kä-te dikeldýärdiler. Sun Ýat-sen prezident hem saýlanýar we häkimiýetini elinden-de gidirýär.

Şeýle ýagdaý 1917-1921-nji ýyllara çenli dowam edýär. Russiýadaky wakalaryň täsiri astynda Hytaý rewolýusiýasy özüniň täze döwrüne gadam basýar.

## Ýapon „gudraty"

Gündogar siwilizasiýalaryň arasynde diňe Ýaponiýa aýratyn ýagdaýy eýeleýär. Ol XIX- XX asyrlaryň sepgidinde gündogaryň ilkinji güýçli kapitalistik döwleti hökmünde görkezýär. Ýurtda geçirilen özgertmeler Ýaponiýany özbolușly ýagdaýda goýýar, modernizasiýanyň we kapitalizmiň ösüşini erkin ýol bilen üpjün edýär. Özgertmeler geçirmek syýasatynda hiç hili adaty däl zat ýokdy: Gündogar ýurtlarynyň aglaba bölegi döwür bilen aýakdaş gitmegiň zerurlugyna düşünip, öz syýasatlaryny şu ugra gönükdirýärler. Ýaponiýanyň aýratynlygy bu özgertmeleriň öran çalt we yzygiderli amala aşyrylmagy bilen düşündirilýär. Ýewropa ýurtlarynyň tejribesini başarjaňlyk bilen peýdalanyp, ykdysady ösüşiň depginini çaltlaşdyrýarlar, senagaty modernizasiýalaşdyrýarlar. Ýurda täze hukuklar, raýatlara azatlyklar berilýär, syýasy gurluş we bilim ulgamy özgerdilýär. Üstesine-de bu prosesler özlerinkini we kesekini örän sazlaşykly goşulmagy esasynda, gadymy däp- dessurlara uly zyýan ýetirmezden amala aşyrylýar.

1868-nji ýylda rewolýusion agdarylyşygyň netijesinde häkimiýet 15 ýaşly imperator Musuhitonyň eline geçmegi bilen düýpli öwrülişik amala aşyrylýar. Onuň adyndan *Meýdzi gaýtadan dikeldiş* adyny alan, radikal özgertmelriň toplumy geçirilýär. Elbetde ony, sözüň doly manysynda gaýtadan dikeltmek diýip, atlandyryp bolmaz, ýöne tokugawalara çenli Ýaponiýanyň günbataryňka golaý käbir adatlary, esasan hem, gaýtadan dikeldilýär. Bu özgertmeleriň esasynda beýleki Gündogar ýurtlarynda garanyňda Ýaponiýanyň kapitalizme geçmegi aňsatlaşýar.

Bir urguda Ýaponiýada feodalizm gutarnykly ýok edilýär: häkimiýet feodallaryň ýer paýlaryny, knýazlaryň miras alýan artykmaçlyklaryny- daýmlerini ýok edip, olary welaýatlary we prefekturalary dolandyrýan emeldarlara öwürýär.

Derejeler saklanyp galýar, soslowiýeleýin artykmaç hukuklar ýatyrylýar, başgaça aýdylanda samuraýlar we knýazlar sosial gatnaşyklar babatynda, ylaýtada

ýokary wezipeleri eýelemedikler beýleki sosial toparlar bilen deňleşdirilýär.

Ýer (yzyna satyn almak şerti bilen) daýhanlaryň eýeçiligine geçýär, bu bolsa obada kapitalizmiň ösmegine ýol açýar. Köpsanly ownuk ýer eýeleri kärendeçilik salgytlaryny, töleglerini töläp bilmändikleri sebäpli, öz ýerlerini ellerinden gidirip, şäherlere gitmäge we batrakçylyk etmäge mejbur bolýarlar. Baý daýhanlar knýazlara töleýän salgytlaryndan- rentadan azat edilýär we bazar üçin işlemäge mümkinçilik alýarlar.

Döwlet täsirleriň maýa goýumlaryny işjeň goldaýar, olara berk sosial we ýuridiki ätiýaçlyklary berýär. Hökümet iri senagat desgalarynyň; gämi ussahanalarynyň metallurgiýa zawodlarynyň we ş.m. gurluşygyny öz üstünde alýar we arzan bahadan iri kompaniýalara (Misui, Misubisi) satýar.

1889-njy ýylda Ýaponiýada konstitusiýa kabul edilýär, ondan öňürti Ýewropa we ABŞ-a ýörite komissiýa ýollaýar. Ýaponlar prus görnüşini saýlap alyp, imperatora giň hukuklar berýän konstitusion monarhiýany esaslandyrýarlar.

Ýaponiýanyň kapitalistik ýoluna düşmegi rewolýusion tolgunyşyksyz we weýran ediji raýatlyk uruşlary bolmazdan amala aşýar. Bu eýsemde, kapitalizmiň ösýän etabynda ýüze çykýan ýurduň sosial özgertmeleri başyndan geçirmeýändigini aňlatmaýar. Beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, Ýaponiýada daýhanlaryň aglaba bölegi tozýar, ylaýta-da işçileriň ýagdaýy, olaryň zähmet şertleri has-da agyrdy. Ýöne, Ýaponiýada örän güýçli işçiler we profsoýuz hereketi emele gelipdi.

Çiňişleýin öňegidişlikleriň netijeleri haýran galdyrýardy: özgertmelerden 30-ýyl geçenden soň, XIX-XX asyrlaryň sepgitlerinde ýapon kapitalizmi iri günbatar döwletleri bilen deňeşdirlende ýeterlik derejede bäsdeşlik etmäge mümkinçiligi bolýar.

*Şeýlelikde, XIX asyr gündogar jemgyýetleriniň durmuşynda uly öňe gidişlikler bolup geçýär: olaryň adatlylyklary dürli derejede bolsa-da, weýran bolup başlaýar. Bu Ýewropada adaty akymy bilen bolup geçse, Gündogarda bolsa gönüden- göni ýa-da gyýtaklaýyn Günbatar siwilizasiýasynyň täsiri astynda bolup geçýär. Eýsem bu modernizasiýa prosesiniň Gündogara düýbünden mahsus däldigini aňladýarmy? Gündogar jemgyýetler hemişeilik adatlylyga „hööküm edilenmi?” Eger-de Günbataryň täsiri bolmasa, onuň nähili ösjekdigini biz bilmeýäris. Şonuň üçin hem bu sowallara jogap bermek kyn. Buržuaz gatnaşyklarynyň ösmegine esasy päsgelçiligiň gündogar döwlet gurluşynyň aýratyn görnüşidigini hem biz bilýäris. Üstesine-de Gündogarda öňden bäri haryt - pul gatnaşyklary, hususy eýeçilik emele gelýär, bu bolsa täze sosial- ykdysady gatnaşyklaryň emele gelmegi üçin özboluşly „binýadynyň” bardygyny aňladýar.*

# XI bap. XX –asyr: postindustrial siwilizasiýa tarap ýol.

Postindustrializm – adamzat jemgyýetiniñ taryhyny 3 – döwre: senagatlaşma çenli, senagatlaşan, senagatlaşan jemgyýetden soñky döwürlere bölýän sosial-syýasy taglymat. Olaryñ soñkusy hil taýdan täze jemgyýet bolup, onda esasy orun ylma, nazaryýet we tejribe institutlaryna degişli.

## § 1. Jahan we lokal uruşlar. XX asyryñ umumy häsiýetnamasy.

Dünýäniñ ençeme ýurtlarynda XX asyr taryhy hil taýdan täze döwür hasaplanýar.

XX asyr adamzat taryhynda nämeler bilen yz galdyrdy? Bu asyr ylmyñ, tehnikanyñ, medeniýetiñ, dünýä ykdysadyýetiniñ öñki asyrlar bilen deñeşdirilende has çalt ösen döwri boldy. Ylmy-tehniki açyşlaryñ adamlaryñ durmuşyna örän çalt ornaşmagy, olaryñ dünýägaraýşynyñ ösmegine täsir etdi. Asyryñ başynda oýlap tapylan uçar asyryñ ahyrynda kosmosa çenli tonnalap ýük götermäge ukyply boldy. XX asyr älem giñişligini özleşdirmegiñ ýokary derejä ýeten döwri boldy. Ykdysady öñe gidişlikler dünýäniñ biri-birinden üzñe halklaryny, sebitlerini, yklymlaryny ýakynlaşdyrdy. Halklaryñ biri-birinden habarlylygy artdy. Habar beriş serişdeleri has kämilleşdi. Dürli sebitde bolup geçen ol ýa-da beýleki wakanyñ ýañy şol pursadyñ özünde dünýäniñ çar künjüne baryp ýetýär. Halkara internet ulgamy, sanly telewideniýe döredi. Egerde XX asyry 20-30 – njy ýyllarda fizika, ortalarynda atom, 60-njy ýyllarda kosmos asyry diýip atlandyrmak pikiri öñe sürlen bolsa, ýüzýyllygyñ añyrlarynda ol kompýuter, internet asyry diýlip, atlandyrylyp başlandy. XX asyr kosmos, maglumatlar, kompýuter asyry boldy.

XX asyr diňe bir ösüşleriñ asyry bolman, ol Adam kowmunyñ başyna birnäçe hupbatlary getiren, gapma-garşylyklaryñ has ýitileşen asyrydyr. XX asyr adamzadyñ taryhynda awuly, uly ýitgili, köp pidaly, gan döküşikli asyr boldy. Iki gezek jahan uruşlary, onlarça sebitara, döwletara agyr uruşlar boldy. Ykbalyñ emri bilen türkmen halky hem şol iki aýylganç jahan urşunyñ pidalaryny öz gerdeninde çekmeli boldy.

XX asyrda 2 gezek jahan urşy bolup; I jahan urşy 1914 – 1918 ýyllarda: 4 ýyl 3 aý 10 gün dowam edip, oña 1,5 mlr. ilaty bolan 33 döwlet gatnaşýar, uruşda 10 mln. adam öldürilýär, 2 essesi ýaralanýar. Uruş maksatlary üçin 300 mlrd. dollar harçlanýar.

II jahan urşy 1939 – 1945 ýyllarda bolup geçýär, onuň bir düzümi hasaplanylýan Beýik Watançylyk urşy bolsa 1418-günläp dowam edýär, uruş wagty 110 mln. adam goşun gullugyna çagyryldy. Uruş şol wagtdaky 61 döwleti, ýer togalagynyñ 80% ilatyny öz içine aldy. 100 mln. adam wepat boldy. 90 mln. adam maýyp ýa-da ýaraly boldy we uruş maksatlary üçin 935 mlrd. dollar harçlanýar. XX asyrda ondan başgada sebitara, döwletara uruşlaryñ onlarçasy alnyp baryldy. Şeýle uruşlara „ýerli uruşlar”-lokal uruşlar hem diýilýär. „Lokal” latyn dilinden terjime edilende „ýerli, kiçi “ diýmegi añladýar. Taryhy adalga hökmünde ol lokal uruşlar görnüşinde köp gabat gelýär we ýerli, kiçi uruşlar manysyny añladýar.

Dünýä döräp 14,5 müň gezek uruş bolýar. Şol uruşlarda 3,5 mlr. adam öldürilýär. Şweýsariýaly alym Babiniň hasaplamagyna görä, uruşlara sarp edilen pula galyňlygy 4 metr, ini 20 metr altyn guşak edip,ýer togalagynyň ekwatorynyň daşyndan aýlap bolar. Bir adam öldürmek üçin Ýuliý Sezaryň döwründe 0,75 funt sterling, häzirki wagtda bolsa 3 müň dollar harçlanýar.

**Pasifizm**. Pasifizm –latyn dilinden terjime edilende „parahatçylygy dörediji” aňladýar. XIX asyryň ahyrlarynda käbir ýurtlarda döräp , soňra bolsa halkara derejesine ösüp geçen urşa garşy jemgyýetçilik hereketi. Taryhda ilkinji gezek ýaraglanyşygyñ garşysyna bilelikde göreşmegi teklip eden rus patyşasy Nikolaý II bolupdyr. 1898-nji ýylyň awgustynda ilkinji gezek ol daşary ýurtlaryň Russiýadaky ilçilerine ýüzlenme gowşurýar. Onda ählumumy ýaragsyzlanmak meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin halkara maslahatyny çagyrmak teklip edilýärdi.

Maslahat 1899-njy ýylyň iýunynda Gollandiýanyň Gaaga şäherinde çagyrylýar. Oña Ýewropanyñ, Amerikanyñ we Aziýanyñ 26 döwletinden wekiller gatnaşypdyr. Maslahata gatnaşyjy döwletler uruşlarda demikdiriji gazlary, gazly top oklaryny, parçalaýjy oklary ulanmagy ýazgarypdyrlar. Maslahatyñ karary bilen halkara dawalaryny araçylaryñ kömegi bilen çözmek barada Gaaga halkara kazyýeti döredilýär.

## § 2:Totalitarizm dünýä derejesindäki hadysa.

**Totalitarizmiň tebigy sebäpleri. B. Mussolini.** Totalitarizm – latynçadan terjime edilende “dolulaýyn, tutuşlaýyn” diýmekdir. Adamyñ syýasy häkimiýete doly tabyn bolmagyny, döwletiñ jemgyýeti doly öz gözegçiliginde saklamagyny üpjün edýän jemgyýetiñ sosial-syýasy gurluşynyñ nusgasy. Totalitarizmiñ tebigy sebäpleri- iki jahan uruşlary aralygynda Ýewropada syýasy düzgünleriñ 2 sany aýratyn görnüşleri dolandyrdy. Jemgyýetçilik ösüşiniñ awtoritar - totalitar we liberal- demokratik nusgasy.

**Totalitarizm dünýä derejesindäki hadysa**. **J. Jentile**. Totalitar nusgasynyñ has doly logiki jemlenmesi faşistik düzgün bolup: ol ilki Italiýada (1922-nji ýylda.) faşizm görnüşinde, soñra Germaniýada nasizm görnüşinde (1933-nji ýylda), şeýle hem Ispaniýada we Portugaliýada iberiýa görnüşinde ýüze çykýar. Totalitar düzgünler belli bir meseleleri çözmek üçin döredilipdir. Agyr ykdysady we syýasy krizisden çykmak, urşa taýýarlyk we militarizasiýa, industrializasiýany çaltlandyrmak ýa-da adamy we jemgyýeti öñden göz öñünde tutulan ideologiki konstruksiýa gurluşy esasynda üýtgetmeklik ýaly meseleler bilen baglanşykly.

„Totalitarizm” düşünjesi SSSR-de 1930-njy ýylda emele gelen administratiw hööküm ediş düzgüni we Stalin diktaturasyna hem degişli. Totalitar ulgamyñ häsiýetli tarapy raýat jemgyýetçiligini döwletiñ özüne tabyn etmegidir. Benito Mussolini „ Faşizm hakynda taglymat” atly kitabynda şeýle ýazýar: „Faşizm üçin döwlet umumydyr – onuñ öñünde indiwidler we toparlar deñdir. Indiwidleriñ däl-de, diñe döwletiñ pikiri bu ýerde hemme meseläni çözýär.” Totalitarizm liberalizmiñ, demokratiýanyñ, plýuralizm pikirine, söz azatlygyna we syýasy

guramalara duşmançylykly garaýar. Totalitarizm umumylyk, döwlet sazlaşygyny umumylaşdyrmak ugrunda göreşýär. Totalitar döwletiñ raýat jemgyýetçiliginiñ ykdysady esasy bazar gatnaşyklaryny döwlet býurokratik sazlaşyk bilen meýilleşdirmek we paýlamak bolup durýar. Şeýle ýagdaýda hususy eýeçilik çäklendirilip, şahsyýetiñ azatlygynyñ ykdysady esaslary ýok edilýär.

Syýasy ulgamda totalitarizm liberal demokratiýanyñ düzgünlerini we institutlaryny ýok etmekligi we döwlet partiýa diktaturasyny ornaşdyrylmagy añladýardy.

Ideologiýa ulgamynda faşizm we milletçilik, deňleşdirme sosialistik pikirleriñ jemi bolup, jemgyýeti özgertmegiñ ýoly hökmünde gorkyny ulanmak esasynda „täze düzgünleri" girizýär. Ykdysady ulgamda faşizm we milletçilik ykdysady meýilnama we ykdysadyýeti döwlet sazlaşyk ulgamyny döredip, urşa we militarizme gönükdirilýär.

Faşizm döwründe synpy göreş zähmetiñ we kapitalyñ adaty gapma-garşylygy döwlet partiýa apparaty tarapyndan ýok edilýär. Profsoýuzlar dargadylýar. Beýleki hukuk rasionalistik hereketden tapawutlylykda ol özüne köpçülikleýin baza döretmegi başarýar. Jemgyýetiñ käbir gatlaklary faşistik ideýany, jynsparazlyk nazaryýeti, antisemitizmi goldap, maddy peýda görýärler. Faşistik düzgüne şol bir wagtyñ özünde sosial syýasat ýat bolmandyr. Olara ykdysady krizisiñ hötdesinden gelmek başardýar.

Italýan filosofy we syýasatçysy Jowanni Jentile (1875-1944) Mussoliniñ häkimiýeti döwründe magaryf ministri, Rim uniwersitetiniñ professory „Marksyñ filosofiýasy" diýen, işinde (1899) marksizmi tankytlap çykyş edýär. Gegeliñ taglymatyna gaýtadan seredip, obýektiw ideýany we tebigaty aýryp, neogegelçilik subýektiw-idealistik görnüşi döredýär. Onuñ taglymatyna görä hakykat indiwidual añ ýetirişe deñ däl. Ol özüniñ sosial-syýasy garaýyşlarynda liberalizmden faşizme geçýär. Jentiläniñ subýektiwistik we wolýuntarizm filosofiýasy italýan faşizminiñ esasy ideologiýasyna öwrülýär. „Gegeliñ dialektikasynyñ üýtgemegi" (1913), „Logiki ulgama añ ýetirmegiñ nazaryýeti (1917)" ýaly esasy işlerini ýazýar.

**Totalitar ulgamyň güýji we ejizligi. Erik Fromm**. E. Fromm (1900 –njy ýylda doglan.) filosof, sosiolog. Sosial gurşawy öwrenmek bilen birlikde, ol synpy birmeñzeşligini inkär edýär. Tutuş taryhy prosesiñ dowamynda adama psihiki abstrakt taýdan baha berýär. Şeýle-de Fromm kapitalizmiñ esasy kemçiligini diýip adamyñ maddy emläge, peýdasyz ýaşaýşa öwrülýändigini belleýär. Onuñ pikirine görä kanuny jemgyýeti akyl taýdan keselli jemgyýet diýip hasaplamagydyr. Ol hatda iň bir demokratik döwletlerde hem totalitarizmiň alamatlaryny görýär: „Biz täze görnüşli häkimiýetiň pidasy bolandygymyzy aňman galýarys. Biz roborlara öwrülip, hamala herimiz özbaşdak indiwid hökmünde bar hasaplap, illýuziýanyň täsiri astynda ýaşaýarys... Indiwid ähli we hemmeleriň çalmaga laýyk edilen saz guralyna öwrülen, ol ähli hakyky gatnaşyklarynyň ýitirilen dünýäsinde ýaşaýar; öz döreden maşynynyň bir bölegine öwrülýär. Ol daş-töweregini gurşap alanlaryň ondan nähili pikire, nähili duýgulara we isleglere garaşýandygyny bilýär.

Şonuň üçin hem şoňa laýyk pikir edýär, duýýar, isleýär, şeýlelikde özüni

indiwid hökmünde ýitirýär.”

## § 3. Kapitalizm XX asyryň başlarynda.

XX asyryň tutuş dowamynda kapitalistik ulgam ykdysadyýetde-de, sosial gatnaşyklar sferasynda, syýasy gurluşda-da örän ähmiýetli özgertmeleri başyndan geçirýär. XX asyrda bu proses has aýdyň ýüze çykan kämil däl ulgam bilen çekeleşikli göreşde bolup geçýär.

**XX asyryň başlarynda kapitalizmiň pese düşmegi.**

1918-nji ýylda O. Şpengler özüniň uly seslenme döreden „Ýewropanyň batmagy” diýen kitabynda Günbatar Ýewropa sözüň doly manysynda özüniň ýaşaýyş tapgyryny tamamlaýar we tiz wagtdan ol heläk bolmaly diýip, belleýär. Beýik filosofyň howsalaly öňdengörmeleriniň ýerlikli esaslary bardy. 20-nji ýyllarda dörän faşizm hakykat ýüzünde Günbatar Ýewropa we umuman dünýä siwilizasiýasynyň esaslaryny ýok etmek howpuny salýardy. Oswald Şpengler (1880-1936) nemes filosofy-idealisti „Ýewropanyň batmagy’’atly filosofiki-taryhy eserinde siwilizasiýanyň meseleleri barada gürrüň berýär. Onuň bu pikirleri Germaniýa I jahan urşunda ýeňlenden soň ýaýrap, filosoflaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolýar. Ol bu eserinde prus ruhuny, monarhiýany, dworýançylygy, militarizmi wasp edýär. Uruş - Şpengleriň pikirine görä -adamzat durmuşynyň iň müdimi we ýokary görnüşi hasaplanyp, ählumumy taryhy ösuşiň umumy kanunalaýyklygyny inkär edýär. Şpengler özüniň siwilizasion taglymatynda XIX asyrdan başlap, ýagny jemgyýetde kapitalistik gatnaşyklaryň ýeňmegi esasynda Günbatar Ýewropa medeniýeti pese düşdi, diýip belleýär. Onuň gülläp ösen döwrüni feodalizm eýýamy hasaplaýar. Endigansyz ösüş bazar gatnaşyklaryna esaslanýan ykdysadyýete mahsus ýagdaý: ösüşler, pese gaçyşlar, soňra ýene-de täze ösüşler bilen gezekleşýändigine dünýä taryhy şaýatdyr. Emma 1929 -1933-nji ýyllarynky ýaly tozgunçylykly ykdysady çökgünligi dünýä ýurtlary şol wagta çenli görmändi. 1929-1933-nji ýyllaryň çökgünligi dünýä döwletleriniň ählisini diýen ýaly gurşap alandygy, ykdysadyýetiň ähli ugurlaryny tozgunçylyga sezewar edendigi we wagt taýdan hem uzaga çekenligi üçin dünýä taryhynda “düýpli pese gaçyşlyk” adyny alypdy.

Ondan başga-da bu ykdysdy çökgünligiň öňkülerden has tapawudy;

- senagatda önüm öndüririlişi ýöne bir azalman, ol XX asyryň başlaryndaky derejesine çenli peselip, işsizleriň sanynyň aşa köpelmegine getirýär,

-çökgünlik ykdysadyýetiň ähli ugurlaryny öz içine alýar,

- pese gaçyşlyk uzak dowam edýär. Ol 1929-1933nji ýyllary öz içine alsa-da, 1939-nji ýyla çenli yksadyýetiň görkezjileri öňki derejesine ýetip bilmeýär,

- bu çökgünlik ähli ýurtlary öz içine alýar. Bu gezek bir döwlet beýlekinin hasabyna çökgünlikden çykyp bilmeýär.

1929-1933-nji ýyllarda ykdysady çökgünlikleriň başlanmagynyň sebäpleri;

a) harytlaryň ilatyň islegiginden, satyn alyş mümkinçiliginden aşa köp öndürilmegi, ilatyň esasy böleginiň girdejisiniň pes bolmagy

b) I jahan urşundan soň dünýä ykdysady gatnaşyklary emeli ýagdaýda üýtgedilipdi. Çünki uruşda ýeňlen Germaniýa, ýeňjiler Beýik Britaniýa, Fransiýa döwletlerine töleýän kontibusiýasyny-132 mlrd. altyn nemes markasyny ( 100 mlrd. dollar töwerek) ABŞ-dan alýan karz pullarynyň hasabyna töleýärdi. ABŞ dünýä karz berijisine öwrüldi. I jahan urşundan soň, ABŞ-nyň gymmat baha kagyzlar bazarynda Nýu-Ýorkuň gazna biržasynda 1929-njy ýylyň 24-nji oktýabrynda dünýä ykdysady çökgünligi başlanýar. Şol günki gymmat bahaly kagyzlaryň hummetiniň birden pese gaçmagy, ABŞ-nyň we oňa bagly dünýäniň maliýe ulgamyny düýpli sarsdyrypdy.

**Ykdysady krizisden çykmagyň ýollary.**

Iňliz alymy we ykdysadyýetçisi Jon Meýhard Keýns ykdysadyýete döwletleriň işjeň gatnaşmagynyň we gözegçilik etmeginiň zerurlygyny öňe sürüpdir. Onuň taglymaty boýunça zähmet öndürjiliginiň ýokarlanmagy bilen birlikde zähmet haklarynyň mukdary hem ösdürilmelidi.

Integrasiýa - iki ýa-da ondan hem köp döwletleriň milli hojalyklarynyň özara utgaşygy, olaryň birleşmegi, ykdysady we önümçilik hyzmatdaşlygynyň giňelmegi, bütewi hojalyk toplumynyň kemala gelmegine getirýän derejede hojalygyň dünýä ulgamyna goşulmagynyň ýokary görnüşidir.

1932-nji ýylyň noýabr aýyndaky prezident saýlawlarynda Guberiň garşysyna demokratik partiýadan *Franklin Delano Ruzwelt* çykyş edýär.

Franklin Delano Ruzwelt 1882-nji ýylda barjamly maşgalada eneden dogulýar. Ol öý terbiýesini alýar. Ol fransuz we nemes dillerini kämil bilýär. Garward uniwersitetini tamamlaýar. Ol örän şöhratparaz adam bolup, ömrüni syýasata bagyşlaýar. 1910-njy ýylda Nýu-Ýorkyň senatynyň agzalygyna saýlanýar. Wudro Wilsonyň döwründe deňiz ministriniň kömekçisi wezipesini ýerine ýetirýär. Pariž konferensiýasy wagtynda Amerikan delegasiýasynyň agzasy bolýar. 1921-nji ýylda polimelit keseli bilen keselleýär we aýaklary ysmaz bolup, ömrüniň ahyryna çenli maýyplygyna galýar.1928-nji ýylda Nýu-Ýork ştatynyň gubernatory bolýar. Onuň örän uly mirasy, şeýle-de Gaýda seýilgähinde iri mülk ýeri bolýar. Amerikanyň taryhynda ilkinji bolup 4 gezek prezident (1932-nji,1936-njy, 1940-njy, 1944-nji ýyllarda) saýlanýar.

**F. Ruzweltiň „täze ugur" syýasaty (1933-1939-njy ýyllar).** Ol ABŞ ykdysady çökgünligiň ýitileşen wagty, ilatyň hökümetden närazylygynyň güýjän döwri geçen, taýýar meýilnamasy ýokdy. Saýlawçylaryň öňünde eden çykyşynda „Men amerikan halkyna täze ugur („нью дил") wada berýärin" diýýär.

1933-nji ýylyň mart –iýun aýylary aralygynda ol kongressden kanunlaryň birnäçe toplumyny geçirýär. Prezident öz missiýasyna –borjuna dogry düşünýärdi-adatdan daşary ýagdaý adatdan daşary çäreleri talap edýär.

Onuň ilkinji amala aşyran işleriniň biri-de bahk ulgamuny kadalaşdyrmak we işsizlere kömer bermegi gurnamak üçin degişli döwler edaralaryny döretmek bolýar. Şu nukdaýnazardan Adatdan daşary kömek beriş federal guramasy döderilip, ol mätäçlik çekýänlere 500 mln dollar pul göýberilýär.

Onuň baştutanlygynda Raýatlyk korpusy esaslandyrylýar. Her ýyl 500 müň

işsiz ýaş ýigitler Kanadadan başlap, Tehas ştaatyna çenli tokaý ekip, gorag zolagyny döredip, 200 million agaç oturdylýar. Olara gününe 1 dollar tölenilýär, mugt nahar we egin –eşik bilen üpjün edilýär.

Tennesi derýasynyň boýundaky 7 sany ştaatyny öz içine alýan, ykdysady ösüşiň örän ähmiýetli toplumlaýyn taslamasy amala aşyrylýar. Örän güýçli döwlet korporasiýasy döredilip, 25 sany elektrik stansiýa gurulýar. Derýada gämiler ýüzüp başlaýar. Täze ekilen baglar ösüp ýetişýär.

„**Täze ugruň birinji döwri 1933-1934-nji ýyllary öz içine alýar**. F. Ruzwelt bu döwürde döwletiň ykdysadyýete gatyşmagyny güýçlendirmäge gönükdirlen düýpli çäreleri durmuşa geçirýär. Bank ulgamy bulaşykdy. Prezident iri banklary açmaga rugsat berip, döwlet kömegini berýär. Müňlerçe ownuk banklar ýapylýar, bank ulgamynyň işinde döwletiň güýçli täsiri ýola goýulýar. Ol J. Keýnsiň „Döwlet ýene gülläp ösmeklige dolanyp gelmek üçin harajat etmelidir" diýen, pikirini ykdysady syýasatynyň esasy edip ulanýar. Birinji döwürde hususy önüm öndürijilere döwlet goldawy berilýär.

1933-nji ýylyň 12-nji maýynda oba fermerlerine kömek bermek hakynda kanun kabul edilýär. Kanunda oba hojalyk önümleriniň bahasyny ýokarlandyrmagyň hasabyna obany ösdürmek, fermerleriň girdejilerini artdyrmak bellenipdir. Bazar gatnaşyklary şertlerinde oba hojalyk önümleriniň bahasyny ýokarlandyrmak ýöne bir iş däldi. F. Ruzwelt oba hojalyk önümleriniň öndürilişini kemeltdi. Şeýle ýol bilen bahalary ýokarlandyrmaga synanyşdy. Önümiň mukdaryny azaldan fermerlere sylag berildi. Netijede, oba hojalyk önümleriniň bahasy ýokarlanyp, obanyň ösmegine şert döredilmegi Milli senagaty dikeltmek hakynda kanun kabul edilýär. Ol boýunça gymmat bahaly kagyzlaryň goýberilişiniň üstünden döwlet gözegçjiligi dikeldilýär. Önüm öňdürijileriň arasyndaky özara bäsleşigi düzgünleşdirmäge, önümiň möçberini we bahasyny, zähmet harytlaryny kadalaşdyrmaga, öndürijiler üçin deň şertleri döretmäge synanyşyk edilipdir.

Geçirlen çäreleriň netijesinde ykdysady çökgünligiň bady gowşap, ösüş başlanýar.

F. Ruzweltiň "Täze ugur' syýasaty oňa abraý getirýär.

**„Täze ugruň "ikinji döwri**. 1935-1936-nji ýyllary öz içine alýar. Bu döwürde F. Ruzwelt prezident saýlawlaryň ýakynlaşýandygyny göz öňünde tutup, giň halk köpçüliginiň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmäge başlanýar.

Prezident 1935-nji ýylyň 5-nji iýulynda zähmet gatnaşyklary hakynda kanuna (Wagneriň kanuny) gol çekdi. Bu kanuna laýyklykda kärdeşler arkalaşygyna girmäge hukuk berildi. Zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde döwletiň goşulşmagy güýçlendirildi. Ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän çäreleriň düzüminde möhümleriniň biri 1935-nji ýylyň 14 - nji awgustynda kabul edilen, durmuş ätiýaçlandyrmasy hakynda kanundyr. Oňa laýyklykda maýyplara, ýetimlere, dul aýallara, işsizlere, işe ýarawsyzlara kömek pullarynyň berilmegi kanunlaşdyrylýar.

F. D. Ruzweldiň „Täze ugur” syýasatynyň ikinji döwründe iri hususy kärhanalarynyň bähbitlerine ters gelýän salgyt ulgamy hakynda täze kanun kabul edilýär. Oňa laýyklykda köp girdeýjä uly salgyt düzgüni girizilýär. Mysal üçin ýylda 5 mln. girdeji alýanlar onuň 75%- ni salgyt hökmünde tölemelidi. Jemgyýetiň ýokary gatlaklary F. Ruzweldiň „Täze ugrunyň” ikinji döwründe geçilýän özgertmelerinden närazy bolup, ony güýçli ýazgaryp başlaýarlar. Olar prezidenti ABŞ -nyň bazar ykdysadyýetiniň düzgünlerini bozmakda günäkärleýärler.

F. D. Ruzweldiň özgertmeleri 1936-njy ýylyň prezident saýlawlarynda oňa ýeňiş getirýär we saýlawlarda 27,8 mln. ses alýar. Respublikan partiýadan bolan garşydaşy 16,7 mln. ses alýar. Ol „Täze ugur” syýasatyny halkyň goldaýandygyna göz ýetirip, ony dowam edýär.

**„Täze ugruň” üçünji döwri.** 1937-1939-njy ýyllar „Täze ugur” syýasatynda aýratyn bir döwür hasaplanýar. F. Ruzwelt ikinji möhlete prezident saýlanandan soňra hem özgertmeleri öňküsi ýaly dowam etmek isleýär. Ýöne F. Ruzweldiň Ýokary kazyýeti özgertmek baradaky kanunlarynyň taslamasyny kongress goldamady.

1938-nji ýylda „Adalatly zähmet şertleri” hakynda kanun kabul edildi. Bu kanuna laýylykda „Çaga zähmedi düýbünden gadagan edilýär. Zähmet haklary, iş hepdesiniň dowamlylygy düzgünleşdirilýär. 1939-njy ýyldan başlap F. Ruzwelt täzeçilligini bes edýär.

F. Ruzeweldiň „Täze ugry” syýasaty döwletiň täsirini güýçlendirdi. Mundan beýläk döwlet ykdysady ösüşiň, demokratiýanyň, halkyň durmuş taýdan goraglylygynyň kepiline öwrüldi. Ykdysady çökgünligiň iň esasy sebäbi, önüm öndürmek bilen sarp etmegiň arasyndaky deňagramlylygyň bozulmagydy.

XX asyryň başlarynda döredilen täze tehnika we tehnologiýa köpçülikleýin önüm öndürilişini ýola goýdy. Asyryň täze nyşany hökmünde ABŞ-da awtomobil önümçiligi peýda boldy. Köpçülikleýin önümçiligi berkarar etmek üçin köpçülikleýin satyn alýan, köpçüligiň sarp edijiligi gerek. 1929-1933-nji ýylyň ykdysady çökgünligi önüm öndürmek bilen sarp etmegiň arasyndaky gapma-garşylygyň netijesinde ýüze çykdy.

Ykdysadyýetçiler çökgünlikden çykmagy synag etmek, nädogry usullaryny ulanyp başladylar. Şeýle-de taglymatlaryň kömegi bilen dürli dünýägaraýyşlar çaknyşdylar. Şeýle gözlegleriň gidişinde ykdysady teklipler J. M. Keýsiň paýyna düşdi.

Belli iňlis ykdysadyýetçisi, syýasy işgäri hem-de keýnçilik akymynyň (döwrebap ykdysady pikirlenmegiň bir ugry) düýbüni tutujy bolan Jon Meýhard Keýns 1883-nji ýylyň 5-nji iýulynda Angliýanyň Kembridj şäherinde eneden bolýar. Keýns özüniň ýiti zehini, ugurtapyjylygy bilen adamzat taryhynda uly yz galdyrypdyr. Keýnsiň kakasy hem özi ýaly sowatly, ylymly adamlaryň biri bolup, ol Keýnsiň dogduk mekany bolan Kembrij uniwersitetiniň mugallymy bolupdyr. Jon Meýhard Keýns başlangyç bilimini Angliýanyň Iton şäherinde alýar. Bu ýeri tamamlanyndan soň ol Kembrij uniwersitetine okuwa girýär. Bu ýerde ol ilkibaşda

takyk ylymlar bilen has gyzyklanan hem bolsa, onuň soňabaka ykdysady ylymlary öwrenmeklige bolan höwesi has hem artýar. 1908-nji ýylda bolsa Keýns bu ýokary okuw jaýyny tamamlap, Kembrij uniwersitetinde ykdysady taglymatyndan sapak berýän mugallym bolup işe galypdyr. Durmuş üpjünçiligi taýdan Keýns gurply adam hökmünde uly sylaga, hormata mynasyp bolupdyr. Ol birnäçe hususy kärhanalaryň eýesi bolupdyr. Şeýle-de ol uzak ýyllaryň dowamynda her hepde neşir edilýän „Neýşn” hem-de „Ekonomik Jornal” atly žurnallarynyň baş redaktory wezipesinde hem işläpdir. Hatda ol Kembrij uniwersitetinde okaýan wagtlary 2 ýyl Angilýanyň maliýe ministrliginiň Hindistan boýunça bölüminde hem işläpdir. Şonuň netijesinde 1913-nji ýylda onuň ykdysady ugra degişli bolan ilkinji „Hindileriň pul ulgamy we maliýe işleri” diýen uly göwrümli işi çap edilýär. Jahan urşunyň başlanmagy bilen, ol Angliýanyň maliýe ministrliginde ykdysady maslahatçy bolup işläp, başlaýar. Ol 1919-njy ýylda elhenç Birinji jahan urşunyň gutarandygyny tassyklaýan Pariž konferensiýasyna gatnaşýar. Keýns bu maslahatda baglaşylan parahatçylyk Wersal şertnamasyna özüniň närazylygyny bildiripdir, çünki bu şertnama laýyklykda uruşda ýeňlen döwletler ýeňiş gazanan döwletlere belli bir derejede kontribusiýa tölemeli bolupdyr. Bu hem geljekde Ýewropa döwletlerinde kapitalizmiň ösmeginde özüniň ýaramaz täsirini galdyrar. Bu barada ol özüniň „Wersal parahatçylyk şertnamalarynyň netijeleri” hem-de „Şertnamanyň gaýtadan seredilmegi” diýen ylmy makalalarynda yzygiderli çap edýär.

1929-1933-nji ýyllarda ABŞ-nyň gymmat bahaly kagyzlar bazarynda hem-de Nýu-Ýorkuň gazna biržasynda gymmatbahaly kagyzlaryň hümmeti pese gaçýar, bu bolsa bütin dünýäni sarsdyran ykdysady çökgünlige getirýär. Bu ykdysady çökgünlikden baş alyp çykmakda J. M. Keýns hem özüniň oňyn işlerini durmuşa geçirýär. Keýnsiň aýtmagyna görä bu ykdysady çökgünlikden baş alyp çykmak üçin ilat köpçüligi mümkin boldugyça köp pul harçlap, döwletiň hem ilatyň isleglerini, zerurlyklaryny yzygiderli üpjün edip durmaly. Diňe şol ikitaraplaýyn özara gatnaşyklar netijesinde ykdysady çökgünligi ýeňip geçmek bolar. Keýnsiň hem-de ABŞ-nyň şol döwürlerdäki prezidenti bolan F. D. Ruzweldiň (1932-1944) alyp baran dünýä ähmiýetli işleri netijesinde ykdysady çökgünligi ýeňip geçmek başartdy.

II jahan urşunyň başlanmagy bilen Keýns iňlis bankynyň müdiri wezipesinde işläp başlaýar. 1940-njy ýylda ol özüniň „Urşy nähili hasaplaşmaly” diýen uly göwrümli işini ýazýar. Bu işinde ol II jahan urşy ýyllarynda puluň hümmetiniň pese gaçyp, köp pul serişdeleriň diňe ýaraglanyşyga gidýändigi barada ýazypdyr hem-de geljekde ähli pul serişdelerini diňe ýaraglanyşyga bermän, eýsem ol pullary senagaty, ykdysadyýeti ösdürmeklige sarp edilmegi has ýerlikli bolar diýip, öz garaýyşlaryny aýdyp geçipdir. Onuň uruşdan soňky eden has uly işleriniň biri hem halkara walýuta gatnaşyklarynyň esaslaryny döretmegidir. Onuň bu düzen düzgünnamalary Brettonwuds konferensiýasynda tassyklanyp, bu bolsa 1946-njy ýylda bütindünýä ähmiýetli bolan Halkara walýuta fondunyň hem-de Täzeden

dikeldiş we ösüş bankynyň döredilmegine getirdi. Dünýäniň ykdysady meseleleriniň çözülmeginde özüniň mynasyp goşandyny goşan J. M. Keýns 1946-njy ýylda Angliýanyň Susseks şäherinde aradan çykýar.

Ol öz pikirlerini 1936-njiýylda „Iş bilen meşgul bolmagyň, göterimleriň we puluň umumy taglymaty" diýen kitabynda öz beýan edýär. J. Keýns döwletiň we kärendeçileriň ykdysady strategiýasyny üýtgetmekligi teklip edýär. Keýns döwrüň ýagdaýyna dogry baha bermek bilen, täze önümçilik mümkinçiligi jemgyýetiň köpçülikleýin öndürýän harytlary sarp edişiniň çäkliligi bilen gapma- garşylyk ýagdaýa düşýändigini belleýär. Öndürilen harytlaryň sarp edilmegi üçin sazlaşykly bolmagy üçin öndürilen harytlar bilen sarp etmegiň arasynda deňagramlylygyň zerurlygy ýüze çykýar.

Ýeke- täk çykalga bu bolsa zähmetkeşleriň satyn alyjylyk ukybyny artdyrmak (Keýns ony- effektiw isleg) diýip atlandyrýar, zähmet haklaryny artdyrmak esasynda ýa-da döwlet çykdaýjylarynyň hasabyna resurslaryň artykmaçlaryny jemgyýetçilik sarp edilşine we jemgyýetçilik zähmet tölegleriniň ulgamyna geçirmek, bilim beriş ulgamyna sarp etmekligi göz öňinde tutýar.

Ykdysady çökgünlikden çykmagyň beýleki bir usyly – bu militarizasiýa, Keýns çökgünligiň garşysyna köp sanly praktiki çäreleri teklip edýär. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan sazlamagyň mehanizmini işläp düzýär. Döwletiň girdejileri artdyrmak we bank göterimlerini ýokarlandyrmak esasynda ykdysady konýunktiwiň ýagdaýyna görä, bu çäreleriň hemmesi, döwlet kadalaşdyrylşygy „dur-git" prinsipi diýlip atlandyrylýar.

**Özgertmeleriň şwed nusgasy.** Şwesiýa demirgazyk Ýewropa döwleti. Skandinaw ýarym adasynyň gündogarynda ýerleşýär. Territoriýasy 449,9-müň inedördül km. ilaty 12 mln. töwerek. Merkezleşdirilen şwed döwleti X asyrda emele gelýär. 1814-nji ýyldan başlap uruşlara goşulmaýar.

Şwesiýada sosial- demokratlar ilkinji gezek häkimiýet başyna 1932-nji ýylda gelip, uruşdan soň 1976-1982-nji ýyllarda az wagtlaýyn öz orunlaryny beýleki partiýalara berýär. Onlarça ýyllaryň dowamynda häkimiýet başynda bolmak bilen, sosial-demokratlara öz sosializm konsepsiýalaryny durmuşa geçirmek başardýar. Gatyşyk ýa-da garyşyk ykdysadyýeti döretmeklige ugur alyp (döwlet, kooperatiw we hususy sektorlaryň bilelikde ýaşamaklygy) olar, şeýle ugur bilen zähmet bilen kapitalyň arasyndaky gapma- garşylygy çözmek mümkin diýip hasaplapdyrlar. Şeýlelikde, kemçiligi bolmadyk arassa - kapitalistik we merkezleşdirilen kommu-nistik ulgamly gurluş döretmek mümkin hasaplaýarlar.

Kooperasiýalar Şwesiýada görnükli orun eýeläp: ilatyň uly böleginiň ¼ bölegi kooperatiwlere birleşip, olar diňe bir özleriniň hususy supermarketlerini edinmek bilen çäklenmän, şeýle hem dürli önüm öndürýän kärhanalary-da bolupdyr. Olar fermerleri maşynlar, tohumlar bilen üpjün edip, olaryň öndüren önümlerini ýerleşdirmäge, satmaga we şuňa meňzeş kömekler berýärler. Döwlet, hususy kapitala karz pullar we ssudalar berip, kooperatiwlere önüm öndürmek üçin ýörite önüm öndümegi tabşyryk berip, olaryň önümçilik prosesine goşulmaýar. Eger-de hökümetiň esasy wezipesi ykdysady ösüş üçin amatly şertler döretmek bolsa,

kärdeşler arkalaşygynyň esasy wezipesi girdejileriň dogry paýlanmagyny üpjin etmelidi. Salgytlar ulgamynyň kömegi bilen hereket edip, ykdysadyýeti sazlaýar. Önümçilik kärhanalarda telekeçileriniň wekillerinden; işçilerden, gullukçylardan önümçilik soweti döredilip, önümçiligiň ösüşi, zähmet şertlerini gowulandyrmak, zähmetkeşleriň maddy ýagdaýy baradaky meseleler boýunça teklipler beripdirler. Girdejiler boýunça „raýdaşlyk prinsipi" ýöredilip, tarif ylalaşyklarynda zähmet hakynyň derejesi ýurduň ykdysady ýagdaýy bilen baglanşykly bolmalydy. Sosial sferanyň ösüşine uly serişdeler harçlamak bilen (saglygy saklaýyş, bilim, medeniýet, kömek pullar) döwlet onuň hasabyna salgyt alýar. Onuň derejesi bolsa dünýä boýunça örän ýokary bolýar. 70-nji ýyllarda salgytlaryň umumy mukdary içerki önümiň jemi 40%-e, 20 ýyldan soň 1991-nji ýylda eýýäm 57% deňdi. Şeýle syýasatyň netijesi- döwlet kärhanalary, hyzmat ediş ulgamynda, oba- hojalygynda işleýänleriň sosial goraglygynyň ýokary derejesini aňladýar. „Goralýan sektoryň" zähmet haklary hususy sektoryňkydan pes däl, girdejeleriň esasy böleginiň salgytlaryň ýuwudýandygyna garamazdan, näsaglan wagtyndaky ýokary sosial üpjünçilik, mejbury işlemegiň täsirini ýok edýär.

Iş ýüzünde şwedleriň hemmesi üpjün jaýlary, hususy awtoulaglary bolup, olaryň dynç almaga daşary ýurtlara gitmäge mümkinçilikleri bar. Işsizlik bu döwletde Ýewropada iň pesi. Bu ulgamyň kämildigine garamazdan, 1991-nji ýylyň sentýabr aýynda Riksdaga bolan saýlawlarda sosial- demokratlar ýeňilip, buržuaz partiýa öz orunlaryny bermäge mejbur bolýar. Olaryň ýeňilmeginiň esasy sebäbi salgyt salyş ulgamy bolup, ol bolsa rugsat edilen maksimum ölçegden ýokary bolýar.

Buržuaz hökümet Şwesiýany ykdysady krisizden halas edip biljek syýasaty öňe sürýär. Ol jemgyýetçilik zerurlyk üçin çykdajylary azaldýar, ilkinji nobatda sosial meýilnamaly döwlet kärhanalaryny hususyýetçilige geçirýär.

Sosial- demokratlar saýlawlarda ýeňilendigine garamazdan parlamente öz ornunyň ähmiýetli bölegini, şeýle-de syýasy arenada öňdebaryjylygy saklaýar. Olaryň baştutanlary ykdysady ösüşiň şwed nusgasynyň geljegine ynamyny ýitirmeýärler.

## § 4. „Üçünji dünýä ýurtlary" we olaryň ösüş ýollary.




XIX asyrdaky dünýäni paýlaşmak diýmek Ýewropanyň Afrikany basyp almagy diýip hasaplamak bolardy. Eger-de 1870-nji ýyllarda Afrika kontinentiniň birnäçe göterimi koloniýal eýeçiliginde bolan bolsa, eýýäm XX asyryň başlarynda 1899-1902-nji ýyllardaky iňlis-bur uruşlaryndan soňra Tropiki we Günorta Afrikada diňe iki sany döwlet özbaşdak hasaplanypdyr. Olar 1896-njy ýylda italýanlary derbi-dagyn eden Efiýopiýa we gara amerikanlylar tarapyndan esaslandyrylan Liberiýa bolupdyr. Tropiki we Günorta Afrikanyň galan territoriýasy Ýewropanyň imperiýalary tarapynda paýlaşylylypdyr. Olaryň ählisi Ýewropanyň iň uly imperiýalarynyň koloniýalaryna öwrülipdirler.

Iň uly we baý koloniýalar Beýik Britaniýa degişli bolupdyr. Beýik Britaniýanyň koloniýalary;

-kontinentiň merkezi we günorta böleginde – Kap koloniýasy, Natal, Beçuanalend (häzirki Botswana), Basutolend (Lesoto), Swazilend, Günorta Rodeziýa (Zimbabwe), demirgazyk Rodeziýa (Zambiýa);

- kontinetiň günortasynda – Keniýa, Uganda, Zanzibar, Britan Somalisi;

- kontinentiň demirgazygynda – Britan-Müsür Sudany bolsa resmi taýdan Beýik Britaniýanyň we Müsüriň koloniýasy hasaplanypdyr;

- kontinentiň günbatarynda – Negeriýa, Sýerra-Leone, Gambiýa we Altyn kenar degişli bolupdyr.

Ondan başga-da Hind ummanyndaky Mawrikiýa we Seýşel adalary Britan koloniýalary hasaplanypdyr.

Fransuz imperiýasynyň koloniýalary hem Beyik Brtaniýanyň koloniýasyndan az bolmandyr. Ýöne onuň koloniýalarynyň ilatynyň sany we tebigy baýlyklary, halkyň hal-ýagdaýy Britanlaryňka garanyňda has pes derejede bolupdyr.

Fransuz imperiýasynyň koloniýalarynyň köpüsi günbatar we Ekwotorial Afrika degişli bolupdyr. Koloniýalaryň esasy bölegi Sahara çöllügine degişli ýarym çöllük welaýat bolan Sahel welaýatynyň tokaýlyklary degişlidir. Fransuz koloniýalary;

- Giwineýa (häzirki Giwineýa respublikasy), Pil süňki kenary (Kot-d'Iwuar), ýokarky Wolf (Burkina Faso), Dagomeýa (Benin), Mawritaniýa, Niger, Senegal, fransuz Sudany (häzirki Mali), Gabon, Çad, orta Kongo (Kongo respublikasy), Ubangi-Şari (häzirki Merkezi Afrika respublikasy), Somaliniň fransuz kenary (häzirki Jibuti), Madagaskar, Komor adalary we Renýanýon degişlidir.

Portugal imperiýasyna – Angola, Mozambik, Portugal Giwineýasy (Giwineýa-Bisan), Ýaşyl burnuň adalary (Kabo-werde), San-Tom we Prinsipi koloniýalary degişli bolupdyr.

Belgiýa korollygyna –Belgiýa Kongosy (häzirki Kongo demokratik resburlikasy, 1971-97 ýyllarda Zair) koloniýalary;

Italýan imperiýasyna – Ertriýa we Italýan Somali koloniýalary;

Ispan korollygyň – Ispan Saharasy (günbatar Sahara);

Germaniýa – gündogar German Afrikasy (häzirki Tanzaniýanyň kontinental bölegi, Ruanda we Burundy), Kamerun, Togo we günorta-günbatar german Afrikasy (Nambiýa) koloniýalary degişli. Görşümiz ýaly bütewi Afrika kontinenti günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy imperiýalary tarapyndan paýlaşylypdyr.

Ýewropa imperiýalarynyň Afrikadaky göreşiniň esasy maksadynyň ykdysady sebäpleri bardyr. Afrikany eýelemek bilen Ýewropanyň kolonizartorlary uly tebigy baýlyklara we adam resurslaryna eýe bolmak isledi. Ýöne kolonizatorlaryň bu maksatlary birbada özüni ödemedi. Gysga wagtdan kontinentiň günortasyndaky almaz we altyn känleri özleriniň miwelerini berip başlapdyr. Bu ýerlerden köp girdeji almak üçin kolonizatorlar tebigy baýlyklary özleşdirmek we aragatnaşygy ulgamlaryny gurnamak üçin uly maýa goýumlary goýmalydylar. Ýerli ykdysadyýeti metropoliýanyň haýryna işletmek üçin, ýerli ýaşaýjylaryň garşylygyny ýatyrmak we olary koloniýal düzgüniň haýryna işletmek üçin oňaýly şertleri döretmelidi. Bu zatlaryň hemmesi bolsa wagt talap edýärdi.

Koloniýal ideýany goldaýjylaryň subutnamalary hem özüni bir bada ödäp bilmedi. Olar koloniýalaryň eýelenmegi bilen täze iş ýerleriniň açylmagyna we işsizligi aradan aýyrmaga kömek eder diýip, hasaplaýardylar. Sebäbi Afrika Ýewropa önümleri üçin giň göwrümli bazar bolar we ol ýerde demir ýollaryň, portlaryň, senagat kärhanalaryň gurluşygy ýaýbaňlanmagyna garaşypdyrlar. Eger-de bu meýilnamalar iş ýüzüne geçen hem bolsa, garaşylandan örän haýal bolupdyr.

Olaryň Ýewropanyň artykmaç ýaşaýjylary Afrika göçer diýen ýaly pikirleri asla durmuşa geçmändir. Göçegçileriň akymy garaşylýandan has az bolup, olar esasan kontinentiň günortasyna ýewropalylaryň ýaşamagy üçin amatly klimaty we tebigy  şerti gabat gelýän Angola, Mozambike, Keniýa göçüp barypdyrlar. „Ak adam üçin mazarystanlyk" hasaplanýan Giwineý aýlagynyň döwletleri az sanly adamlary özüne çekipdir.

Koloniýallygyň berkemegi we haryt-pul gatnaşyklaryň ösmegi bilen  harytlar başlangyç gymmatlygyny ýitirip başlady. Koloniýallykdan öňki jemgyýetiň esasy bolan jemagat gurluşyň durmuşy düzgüni özüniň wajyplygyny üýtgetdi. Uruşlaryň başlan döwründe koloniýallykdan öňki döwürde ýaşan dürli sosial  gatlaklar öz aralarynda ýakynlaşyp başladylar. Etniki we syýasy aragatnaşyklar üýtgäp başlady. Koloniýal bölünişik etniki we syýasy hadysalaryň hakyky jebisleşmesini köp babatda böldi. Her bir koloniýada etniki garşylygy bolan dolandyryş edaralaryny döredipdirler. Birnäçe halkalar koloniýalaryň arasynda bölündiler. Öňki syýasy we ykdysady aragatnaşyklar bölünmese-de, indi kynlaşypdy. Koloniýal dolandyryşyň serhetlerinde syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň bazasynda täze etnososial toparlar döräp başlady. Käwagtlar koloniýal dolandyrjylar dolandyryş düzgüni esasynda täze „taýpalaryň" emele gelýändigini yglan edipdirler.

Afrikanyň bölünişiginiň on ýyllyklarynda afrikalylaryň  ýaragly garşylygy bolýardy – Ýewropalylar bu garşylyklary „koloniýal uruşlar" diýlip yglan edýär. Bu uruşlaryň we gozgalaňlaryň  birnäçesi XX asyryň başlaryna hem gabat gelýär. Oňa mysal edip German günorta Afrikasyndaky "Maji-maji" gozgalaňy, German günorta-günbatar Afrikasyndaky "gerero we koý-koý" gozgalaňy, britan koloniýasy bolan Natalda zuluslaryň gozgalaňyny görkezmek bolar. Ýöne indi Afrikadaky umuman, afrikan halklarynyň öňki garşylyk görkezýän görnüşleri yzda galypdy: öňki taýpaara uruşlarynda ulanylýan taktiki usullar bilen naýzalar, galkanlar, ok-ýaýlar ulanýardylar. Bu hili usullar bilen tüpeňlere, toplara we pulemýotlara garşy durmak  mümkin däldi.

Koloniýal häkimiýetiniň dikeldilmegi we afrikan jemgyýetlerinde täze sosial toparlaryň döremegi netijesinde garşylygyň täze görnüşleri ýüze çykyp başlady. Syýasy-dini garşylyklarynyň  ýüze çykmagynyň sebäbi afro-hristian ybadathanalaryň döredilmegi bilen baglanyşykly bolup durýar.  Afrikanlar antikoloniýal göreşde, basybalyjylaryň boýnuna dakan dinini esasy ýarag hökmünde ulanypdyrlar. Onuň sebäbi bolsa, ýagny hristiançylykda Hudaýyň öňünde ähli adamlaryň deňliginiň wagyz edilmegi, täze dine geçen adam özüni has uly jemgyýetiň bir bölegi hökmünde duýup bilmegi, ony jemagatyň, maşgalanyň, taýpanyň çaginden çykmagyna getirýärdi. Afro-hristian hereketleri ähli afrikan

döwletlerine häsiýetlidir. Olaryň arasynda has ulusy Belgiýa Kongosynda 1921-nji ýylda dörän we öňki protestant ruhanysy Simon Kimbangunyň ady bilen baglanyşykly bolan Kimbangizm hereketidir. Onuň „apostollary” (apostollar Isanyň on iki şägirdi) we „pygamberleri” bolup ýurduň dürli ýerlerinde çykyş hereketlerini gurnap başlaýarlar. Kimbangunyň şygary „Kongo-kongolylar üçin”. Kimbangistler belgiýaly hökümdarlaryň bellän salgytlaryny tölemekden boýun gaçyryp, resmi dolandyrjylara we resmi ybadathana garşy köpçülikleýin çykyşlary gurnapdyrlar. Yslamyň roly ýokary bolan ýurtlarda musulman hereketleri „kapyrlara” garşy atly çykyşlar geçirilipdir.

Özara uruşlar döwründe adatça bilimli elitanyň wekilleriniň ýolbaşçylyk etmeginde, ilkinji syýasy organlar döredilip başlanýar. Olardan iň meşhury – 1920-nji ýylda Beýik Britaniýanyň günbatar afrikan koloniýalarynyň we Ýaş senegallylaryň hereketiniň wekilleriniň gatnaşmagynda döredilen Britan günbatar Afrikasynyň Milli kongresidir. Olar koloniýal düzgüniň gowşadylmagyna, koloniýal sütemiň görnüşlerine garşy afrikan halkynyň az sanlysyna berlen hukuklaryň giň köpçülige ýaýradylmagyny talap edip çykyş edýärler. Afrikan ilatynyň ilkinji syýaysy partiýasy Günorta Afrikanyň Afrikan milli kongersidir. Ol 1912-nji ýylda döredilip, milletçilik hukuk kemsitmelerine garşy göreşde afrikanlaryň birleşmegini wagyz edip çykyş edipdir. Olar ähli Merkezi we Gündogar Afrikadaky Britan eýeçiligindäki koloniýalaryň ählisinde antikoloniýal göreşiň gidişine özleriniň täsirini ýetiripdirler.

Panafrikanizm XIX asyryň ahyrlarynda döredi we ol ilkibaşda panne-gritýan diýlip atlandyrylypdyr. Hereket negroid jynsynyň adyndan çykyş edip, olar afrikanlar bilen bir hatarda Amerikan kontinentiniň afro-amerikan ilatyny, has dogrusy, hemme zatdan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň we West-Hindistanyň ähli ilatyny özlerine çekmek isläpdirler. Ilkinji Panafrikan kongressi 1900-nji ýylda Londonda geçirilipdir. Afro-amerikanlaryň syýasy işjeňligi gawrizm hereketiniň ýaýbaňlanmagy bilen utgaşyşyp – hereket „Yza, Afrika” diýen şygar astynda geçirilipdir. Ony esaslandyryjy Markus Gawri 1920-nji ýylda özüni imperator diýip yglan edýär we wagtlaýyn prezident diýip atlandyrýar. Göçhä-göçlügiň ilkinji kynçylygyna duçar bolan gawrizm ýitip başlapdyr. Ýöne ol panafrikan herketlerine itergi beripdir.

Panafrikan kongresleriniň esaslandyryjysy we ideýaçysy bolup Uilýam Dýuba çykyş edipdir. Ol negro-afrikan taryhy boýunça birnäçe işleriň awtory we ABŞ-daky negroid hereketleriniň meşhur wekilleriniň biri bolupdyr. Dýuba prezident Wilsona we Pariž parahatçylyk konferensiýasyna gatnaşyjylara negro-afrikan halkarynyň hukuk derejesine seretmek babatda, öz düzen birnäçe meýilnamalary bilen haýyş edip ýüzlenýär. Ýöne onuň bu haýyşy kanagatlandyrylmaýar. Panafrikan kongressi Pariž Parahatçylyk konferensiýanyň we dünýä jemgyýetiçiligini göz öňünde tutup, 1919-njy ýylda Parižde ilkinji resmi Panafrikanizm kongresi geçirilýär. Onuň işine 15 döwletden 57 adam gatnaşýar. Bu kongrese Afrikanyň 9 döwletiniň adyndan 12 sany afrikaly gatnaşýar. Asly senegally fransuz parlamentiniň deputaty Blez Dian Kongrese başlyklyk edýär.

Kongres ilkinji gezek afro-amerikan we afrikan halkalarynyň adyndan jemlenen syýasy meýilnamany Pariž parahatçylyk konferensiýasyna hödürleýär. Kongress Pariž parahatçylyk konferensiýasyna afrikanlaryň bähbitlerini goraýan kanunlary işläp taýýarlamaga çagrýar. Bu rezolýusiýada Afrikanyň ýerli halkyny dolandyryş düzgünleri, ýerleri we tebigy baýlyklary diňe afrikanlaryň bähbitleriniň hatyrasyna ulanmagy, gulçulygy we ten jezalaryny gadagan etmegi, ýerli mekdeplerde diňe öz dillerinde okatmak ýaly kanunlar bellenilýär. Şeýle-de bu meýilnamalary öz içine alan we biraz özgerişleri bilen tapawutlanan ýene-de üç sany kongress geçirilýär. II kongress 1921-nji ýylda Londonda, Lissabonda we Parižde geçirilip, onda Afrikadan 113 delegatdan 41 sanysy kongresse gatnaşypdyr. III kongress 1923-nji ýylda Lissabonda we Londonda geçirilip, onda afro-amrikanlar artykmaçlyk edip, afrikadan 13 döwlet çykyş edýär. IV- kongress 1927-nji ýylda Nýu-Ýorkda geçirilýär we oňa ABŞ-nda ýaşaýan birnäçe sany afrikanlylar gatnaşýarlar. 1929-njy ýylda afrikan topragynda, Tunisde kongress çagyrmagy meýilleşdirýärler, ýöne ol hem şowsuz tamamlanýar.

Afrikan toparagynda ilkinji gezek faşizm bilen çaknyşyk 1936-njy ýylda Efiýopiýanyň territoriýasynda bolup geçýär. Ikinji jahan urşy ýyllarynda diňe Efiýopiýanyň, Eritriýanyň we Italiýan Somalisiniň territoriýasynda uruş hereketleri alnyp barylýar.

1940-njy ýyllaryň ahyryndan 1950-nji ýyllaryň başlarynda köpçülikleýin demonstrasiýalaryň soňy polisiýa bilen ganly çaknyşyklara getirýär. 1947-nji ýylda Madagaskarda we 1949-njy ýylda Pil Süňki kenarynda ýaragly çykyşlar bolupdyr. 1950-njy ýyllarda Keniýanyň we Kamerunyň halkarynda hem koloniýallyga garşy ýaragly çykyşlar ýaýbaňlanyp başlaýar. 1950-nji ýyllaryň ikinji ýarymy koloniýal düzgüni derbi-dagyn etmegiň güýçlenen döwri hasaplanýar. Olaryň hemmesi koloniýal imperiýalaryň Aziýadaky şowsuzlyklary, Wýetnamdaky, Aljirdaky we başga döwletlerdäki ganly göreşleriň täsiri bolup durýardy. 1957-nji ýylda britan Altyn kenary özüni orta asyr günbatar afrikan döwletiniň hatyrasyna Gana diýip atlandyryp, Garaşsyzlygyny yglan edýär. 1958-nji ýylda ondan görelde alan Fransuz Giwineýasy hem özüniň Garaşsyzlygy jar edýär. Bu ilkiji ädimler ähli kontinentiň geljekki koloniýallaşma garşy herektlerinde Afrikanyň simwolyna öwrülýär. Koloniýal düzgüni ýok etmek ugrundaky Umumy afrikan konferensiýalary yzly-yzyna geçirilip başlanýar.

## 1960 – NJI ÝYL – AFRIKA ÝYLY.

Koloniýallygy ýok etmegiň iň ýokary derejesi 1960-njy ýyl boldy. Ol dünýä taryha ,,Afrika ýyly” ady bilen girýär. Bu ýylda dünýäniň kartasynda jemi 17 sany täze özbaşdak afrikan döwletleri emele gelýär. Olaryň esasy köpçüligi – fransuz koloniýalary we BMG-niň gözegçiligindäki territoriýalar degişlidiler. Fransiýanyň dolandyryşyndaky- – Kamerun, Togo, Malagasiý respublikasy, Kongo (öňki Fransuz Kongosy), Dagomeýa, ýokarky Wolta, Pil süňki kenary, Çad, Merkezi Afrikan respublikasy, Gabon, Mawritaniýa, Niger, Senegal, Mali. Afrikanyň ilat sany boýunça iň uly ýurdy bolan Beýik Britaniýanyň koloniýasy Nigeriýa we

Belgiýanyň koloniýasy bolan territoriýasy boýunça iň uly ýurt Kongo, Britan Somalisi we Italiýa tarapyndan dolandyrylýan Somali birleşdirilip, Somali demokratik respublikasy atlandyrlyp, özbaşdaklygyny yglan edýärler.

1960-njy ýyl Afrikan kontinentindäki ýagdaýy düýpli üýtgetýär. Beýleki koloniýal düzgünleriň dargamagy gutulgysyz hadysa bolýar. 1961-nji ýylda britan eýeçiligindäki Sýerra-Leone we Tanganika; 1962-nji ýylda – Uganda, Burundi we Ruanda; 1963-nji ýylda – Keniýa we Zanzibar; 1964-nji ýylda – özüni Zambiýa respublikasy atlandyran demirgazyk Rodeziýa (Zambezi derýasynyň ady bilen bagly) we Nýasalend (Malawi) özbaşdak döwletler boldylar. Şol ýylda Tanganika we Zanzibar birleşip Tanzaniýa respublikasyny emele getirýärler. 1965-nji ýylda – Mawrikiý, Ekwatorial Giwineýasy we Swazilend; 1966-njy ýylda – Beçuanalend Botswana respublikasy we Basutolend – Lesota patyşalygy bolýalar; 1973-nji ýylda – Giwineýa – Bisau özbaşdak bolýarlar. 1975-nji ýylda rewolýusiýadan soňra Portugaliýanyň eýeçiligindäki Angola, Mozambik, Ýaşyl burun adalary, Komor adalary, San-Tome we Prinsipi özbaşdaklygyny gazanýarlar. 1977-nji ýylda Seýşel adalary, Fransuz Somalisi bolsa Žibuti respubliksy bolýar. 1980-nji ýylda Günorta Rodeziýa – Zimbabwe respublikasy; 1990-njy ýylda günorta-günbatar Afrikanyň tabynlygyndaky Namibiýa respublikasy garaşsyz bolýarlar.

Gedaýçylykdan, uruşlardan we gyrgynçylyklardan, senagatyň ýoklugy sebäpli iş tapyp bolmaýan artykmaç ilatly şäherlerden halas bolmak maksady bilen gaçan afrikanlar, kontinentiň daşyna iş tapyp boljak ýerlerine göçüp gidip başlaýarlar. 1960-njy ýyllarda Günbatar Ýewropada ykdysady ösüş döwründe arzan işçi güýçleriň talaby döwründe, afrikanlylar, hindi-pakistanlylar bilen bir hatarda göçüp başlaýarlar. Beýik Birtaniýada, Fransiýada we Ýewropa döwletlerinde häzir olar millionlarça. Olaryň sany barada dogry maglumatlar ýok, sebäbi olaryň köpüsi legal däl emigrantlar hasaplanýarlar. Ýewropada Afrikadan dökülýän emigrantlaryň öňüni almaga çalyşýarlar, emma indi bu prosesi saklamak örän agyr düşýär. Emigarntlaryň esasy topary öz dogdyk mekanlaryna gaýdyp barmak islemeýärler, häzirki ýaşaýan ýerlerinde özleriniň hukuklary ugrunda göreşýärler.

## Latyn Amerikasy ýurtlary XX asyryň ikinji ýarymynda.




**40-50-nji ýyllarda Latyn Amerikasynyň umumy ýagdaýy**. Latyn Amerikasy ýurtlary bazar ykdysadyýetiniň ösüş ýoluna ABŞ-dan we Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan has soň düşýärler.

Latyn Amerikasy diňe bir tebigy baýlyklaryň bol sebiti bolman, eýsem, arzan işçi güýjüniň hem köp ýeridi. Şonuň üçin ABŞ we beýleki ösen döwletler ol ýere höwes bilen öz maýa goýumlaryny goýýarlar. Netijede, sebitiň ykdysadyýeti daşary ýurt maýadarlarynyň gol astyna düşýär. Ykdysady tarapdan baknalyk bolsa, syýasy özbaşdaklygy-da çäklendirýärdi.

II jahan urşy ýyllarynda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň aglabasynyň ösüşinde birmeňzeş, umumy häsiýetli ýagdaýlar ýüze çykýar. Argentina, Meksika, Kolumbiýa, Braziliýa ýaly ýurtlar uruşýan döwletleriň islegini kanagatlandyryp, olaryň senagaty üçin zerur çig maly öndürýärdiler. Şol önümleriň bahasynyň birnäçe esse ýokarlanmagy, ýerli baýlaryň sanynyň artmagyna getirýär. Ýerli baýlarda bolsa, daşary ýurtlarda baknalykdan dynmak islegini güýçlendirýär. Olaryň gollamagy bilen döwlet eýeçiligi ösüp başlaýar. Germaniýa hem onuň ýaranlaryna degişli eýeçiligiň millileşdirmegi, daşary ýurtlara degişli senagat kärhanalarynyň, demir ýollaryň satyn alyp, döwlet eýeçiligine öwrülmegi ýaly

çäreleriň hemmesi ykdysadyýetde döwlet eýeçiligini güýçlendirip, ykdysady bak - nalykdan dynmaga gönükdirilen çärelerdi. Emma şol çäreleriň geçirilmegine garamazdan, 50-nji ýyllarda-da Latyn Amerikasy döwletleriniň ykdysady baknalygy saklanýardy. Sebäbi ol ýurtlaryň ykdysadyýetiniň iň esasy we has girdejili pudaklary ABŞ-yň elindedi. ABŞ 1949-1960-njy ýyllarda şol döwletlere goýan maýa goýmundan 2 esseden gowrak girdeji alypdy.

50-nji ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň oba hojalygynda aýratyn bellär ýaly özgerişler bolmaýar. II- jahan urşundan öňki ýyllardaky ýaly ýagdaý, ýagny iri ýer eýeçiligi saklanyp galýar. Oba hojalygynyň esasy aýratynlygy her ýurduň özüne mahsus ekerançylygynyň bolmagydyr (monokultura). Mysal üçin, Braziliýada, Kolumbiýada – kofe, Kubada, Dominikan respublikasynda – gant, Gondurasda, Kosta-Rikada, Ekwadorda – banan oba hojalygynyň esasy önümi hasaplanýardy.

**Milli azat edijilik hereketi.** Latyn Amerikasy ýurtlarynyň syýasy-ykdysady ýagdaýy ol ýerlerde milli-azat edijilik hereketiniň güýçlenmegine getirýär.

40-njy ýyllaryň II ýarymynda 50-nji ýyllaryň başynda sebitiň ýurtlarynda agalyk eden öňki syýasy toparlar gowşap, demokratik özgerişleriň tarapdarlary güýçlenýärler. Bu toparlar ykdysadyýete döwletiň aýgytly goşulmagy, ýerli maýa goýumlarynyň ähmiýetiniň ýokarlandyrylmagy esasynda daşary ýurt maýasyna garaşlylykdan dynmak isleýärdiler. Öňe sürlen şu maksady halkyň ähli gatlaklary (daşary ýurt maýadarlary bilen baglanyşyklardan başgasy) goldaýardylar.

Milli-azat edijilik hereketi netijesinde, Boliwiýada, Ekwadorda, Gwatemalada, Salwadorda, Wenesuelada, Kolumbiýada despotiki düzgün dargadylýar. Argentinada, Meksikada, Çilide, Paragwaýda, Nikaraguada, Kubada we beýleki ýurtlarda hem halkyň öz azatlygy, özbaşdaklygy ugrundaky aýgytly göreş giň gerim alýar.

Kubada general Batistanyň despotiki düzgünine garşy Fidel Kastronyň ýolbaşçylygynda rewolýusionerler bäş ýyldan gowrak göreş alyp barýarlar. Olar ýeňiş gazanyp, 1959-njy ýylyň fewral aýynda rewolýusion hökümeti düzýärler. Ilkibada kommunist bolmasa-da, F. Kastro rewolýusiýanyň gazananlaryny berkitmegiň hatyrasyna SSSR bilen ýakynlaşmaga mejbur bolýar we söweşjeň kommuniste öwrülýär.

**40-50-nji ýyllardaky syýasy-ykdysady özgertmeler**. 40-50-nji ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlarynda amala aşyrylan syýasy, durmuş, ykdysady özgerişleriň häsiýetli taraplaryny şol ýurtlaryň käbirleriniň mysalynda görüp geçeliň.

**Braziliýa.** Latyn Amerikasy döwletleriniň arasynda ykdysady tarapdan iň ösen döwletleriň biridir. Braziliýanyň ykdysadyýetinde täsirli yz galdyran özgerişler 1930-njy ýylda häkimiýet başyna gelen prezident Žetulis Wargasyň (1883-1954) döwründe başlandy. Wargas Braziliýanyň ykdysady tarapdan kuwwatly döwlete öwürmegi maksat edindi. Ol nebit senagatyny, senagatyň başga-da birnäçe pudagyny daşary ýurt maýa eýeleriniň elinden alyp, millileşdirýär. Bu

bolsa, ykdysadyýetde güýçli döwlet eýeçiligini döretmäge mümkinçilik berýär.

Wargas ähli syýasy toparlara, kärdeşler arkalaşygy guramalaryna açyk işlemäge hukuk berdi. Ol özüni „täze adalatly döwlet dörediji” diýip atlandyrdy. Emma 1945-nji ýylyň oktýabr aýynda demokratik hereketiň ýaýbaňlanmagyndan gorkan ýokary gatlaklar ony häkimiýet başyndan aýyrmagy başarýarlar.

1950-nji ýylyň iýun aýynda bolan prezident saýlawynda Wargas ýene-de ýeňiş gazanýar. Ol milli ykdysadyýeti gorap, daşary ýurtdan gelýän maýa goýumlaryny çäklendirdi, birinji nobatda, döwlet eýeçiligini ösdürmäge üns berdi.

Wargas elektrik senagatynyň kärhanalaryny döwlet eýeçiligine geçirmek, ýer eýeçiligini ýok etmek isleýär. Emma bu pikir daşary ýurtly maýadarlarynyň we ýerli iri ýer eýeleriniň garşylygyny güýçlendirýär. Prezidente garşy harbylaryň ýolbaşçylygynda dildüwşük guralýar. Edilýän hyýanatlara çydaman, Wargas özüni öldürýär.

50-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda sagçy güýçler ýurtda geçirilýän demokratik häsiýetli özgerişlere garşylyk görkezmegi dowam edýärler. Emma täze hökümet Wargasyň ykdysadyýetde döwlet eýeçiligini güýçlendirmeklige saýlan ugruny dowam edýär.

**Argentinada** II jahan urşundan soňky onýyllykda dolandyran prezident Huan Peron (1895-1974) ýurduň ykdysadyýetinde döwletiň täsirini güýçlendirmäge başlaýar. Onuň döwründe Merkezi bank millileşdirýär. Amerika, Beýik Britaniýa, Fransiýa degişli bolan telefon ulgamlar, demir ýollar hususyýetçilerden satyn alnyp, senagatda kuwwatly döwlet eýeçiligi döredilýär.

Ýurduň konstitusiýasynda zähmete, bilime bolan hukuk, demokratik azatlyklar jar edilýär. Peron Argentinada adalatly döwletiň döredilýändigini yglan edýär. Hökümet işçileriň, döwlet edaralarynda işleýän gullukçylaryň aýlygyny artdyrýar.

Peron başarjaň syýasatçy we ajaýyp dilewar adamdy. Ol halky öz yzyna düşürmegi başarýardy. Argentinanyň zähmetkeşleri ony öz penakäri hasaplaýarlar. Argentinanyň kärdeşler arkalaşygy onuň esasy daýanjy bolýar. Ol ýerli işewür adamlary goldap, olary öz tarapyna çekmegi başarýar.

Emma prezidentiniň syýasatyndan närazy generallar 1955-nji ýylyň sentýabr aýynda döwlet agdarylyşygyny geçirýärler. Harby hökümdarlar Peronyň kabul eden köp kanunlaryny, konstitusiýany ýatyrýarlar.

**Meksikada** amala aşyrylan özgerişler 1910-1917-nji ýyllaryň rewolýusiýasynda döredilen institusion-rewolyusion partiýanyň (IRP) ýolbaşçylygynda geçirilýär. Bu ýerde hem daşary ýurt eýeçiligini millileşdirmek dowam edilip, onuň esasynda döwlet eýeçiligi giňeldilýär. Iri ýer eýeçilik ýok edilýär, daýhanlar millionlarça gektar ýere eýe bolýarlar. Şu çäreler Meksikada içerki syýasy durnukly şertlerinde geçirilýär.

Gwatemala, Boliwiýa Latyn Amerikasynyň yzagalak döwletleridi. Bu ýurtlaryň ykdysadyýetiniň esasyny oba hojalygy tutýar. Ekerançylyk üçin amatly iri ýer eýeleriniň we daşary ýurt baýlarynyň elindedi.

1944-nji ýylyň dekabr aýynda Gwatemalada rewolýusiýa bolup, harby polisiýa

düzgüni agdaryldy. Şeýle öwrülişik 1952-nji ýylyň aprel aýynda Boliwiýada hem boldy. Häkimiýeti eline alan güýçler bu ýurtlarda köneçil toparlaryň garşylygyna garamazdan, demokratik özgerişleri amala aşyrmaga girişýärler. Emma ýerli köneçilleriň we ABŞ-yň gazaply garşylygy netijesinde syýasy ýagdaý üýtgeýär. 1954-nji ýylyň tomsunda Gwatemalada harby öwrülişik amala aşyrylyp, häkimiýet harbylaryň eline geçýär. 1952-nji ýylda Boliwiýada bolan rewolýusiýa bu ýurda ykdysady özbaşdaklyk getirmeýär.

70-nji ýyllaryň möhüm wakalarynyň hatarynda iň esasylarynyň biri- Çili rewolýusiýasy bolýar. 1970-1973-nji ýyllarda Çilide Salwador Alýende Prezident bolýar. Ol ahyrky netijede sosializm gurmak maksady bilen rewolýusion özgertmeleri amala aşyrmaga girişýär. Emma 1973-nji ýylda Alýendanyň hökümeti döwlet agdarylyşygynyň netijesinde dargadylýar, onuň özi bolsa wepat bolýar. Çilide general Augusto Pinoçetiň diktaturasy dikeldilýär (1973-1990-ýyllar ).

Latyn amerikan jemgyýetiniň adaty däpleriniň çökgünligi, rewolýusion we demokratik hereketleriň güýçlenmegi ABŞ-nyň syýasatyny üýtgetýär. Jon Kennedi 1961-nji ýylda „Progress üçin bileleşik” maksatnamasyny teklip edýär, bu maksatnama 19 döwlet tarapyndan kabul edilýär. Maksatnama 10 ýyla niýetlenýär. Ol industrilizasiýalaşdyrmagyň ýokary depginini, ykdysadyýetiň agrar önümleriň eksportyna baglylygyny azaltmagy göz öňünde tutýardy. Jemgyýetçilik-syýasy durmuş demokratiýalaşdyrylmalydy, agrar reforma, jaý gurluşygy geçirilmelidi, saglygy saklaýyş we bilim ulgamlary özgerdilmelidi. Maksatnamany amala aşyrmak üçin ABŞ 20 mlrd. dollar kömek bermegi wada berdi.

60-njy ýyllarda senagatyň ösmegi tiz depginlerde gidýär. Awtoulaglaryň, elektrotehniki harytlaryň önümçiligi ýola goýulýar. Emma syýasy ulgamyň demokratiýalaşdyrylmagynda maksatnama üstünlik getirmeýär. Onuň tersine, 1963-1966-njy ýyllarda Gwatemalada, Gondurasda, Dominikan respublikasynda, Boliwiýada, Braziliýada we Argentinada döwlet agdarylyşyklaryň netijesinde harby- düzgünleri dikeldilýär.

70-80-nji ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň köpüsinde harby düzgüniň höküm sürmegine garamazdan, ykdysadyýet babatynda düýpli özgerişlikler amala aşyrylýar. Köp döwletlerde erkin bazar ykdysadyýetiniň ýörelgeleri girizilýär. Hususy eýeçilige we azat söwda giň ýol açylýar, döwlet eýeçiligi we gözegçiligi azaldylýar, ýokary tehnologiki rewolýusiýa we dünýä hojalyk ulgamyna ýakynlaşmak syýasatyna ugur alynýar. 1980-nji ýyla çenli Latyn Amerikasy ýurtlarynyň umumy içerki önüminiň möçberi 1960-njy ýyldakydan üç esse artýar. Emma daşary ýurtlardan alnan karzlaryň möçberi bergileriň juda köpelmegine getirýär. (1970-ý.- 20 mlrd. dollar, 1980-nji ýylda - 400 mlrd. dollar.).

Diktatorçylyk düzgünleriň sosial-ykdysady syýasaty we onuň netijeleri jemgyýetde närazylygyň we dartgynlygyň artmagyna getirýär. Üstesine-de, dolandyryjy toparlaryň özleri harbylaryň häkimiýetinden basylyp, dolandyryşyň liberal-demokratik görnüşlerine ýykgyn edip başlaýarlar.

80-nji ýyllaryň dowamynda harby-diktatorlyk hökümetler yzly-yzyna aýrylyp,

konstitusion hökümetler gelýär, demokratik azatlyklar dikeldilýär. 1983-nji ýylda Argentinada, 1985-nji ýylda Braziliýada we Urugwaýda 1989-njy ýylda Paragwaýda ( 35 ýyl dowam eden general Stressneriň diktaturasy), 1990-njy ýylda Çilide konstitusion düzgünler dikeldilýär.

Umuman, XX asyryň ikinji ýarymynda Latyn Amerikasy yzagalak agrar sebitden ösen senagat we önümçilik infrastrukturaly sebite öwrülýär.

Çylşyrymly ykdysady şertlerde häkimiýet başyna gelip, konstitusion hökümetler sosial-ykdysady meselede düýpli özgertmeleri amala aşyryp bilmeýärler. 1981-1983-nji ýyllaryň ykdysady çökgünligi Meksikanyň we Wenesuelanyň nebit ulgamyna öz täsirini ýetirýär. Maliýe serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli bergidar döwletler döwlet emlägini satmaga, iş ýerlerini kemeltmäge, sosial çykdajylary azaltmaga mejbur bolýarlar. 90-njy ýyllaryň başlaryna çenli köp döwletler ykdysady ösüş ýoluna düşüp, kagyz puluň hümmetiniň 41% çenli azalmagyny gazanmagy başarýarlar. Emma bu üstünlikler ilatyň durmuş derejesiniň peselmegi netijesinde gazanylýar. 1992-nji ýylda 442 mln. latynamerikalylaryň 46% garyplyk derejesinden hem pesde ýaşaýardylar. Ýokary häkimiýetde korrupsiýa, neşe söwdasy, terrorizm giňden ýaýraýar. Diňe Çilide ykdysady ösüş sosial meseleleriň çözülmegi bilen bilelikde amala aşyrylýar. Işsizlik azalýar, garyplykda ýaşaýanlaryň sany azalýar.

90-njy ýyllaryň ahyrlarynda Latyn Amerikasynda ykdysady ýagdaý pese gaçýar. Ilki Meksika, soňra Braziliýa agyr maliýe çökgünligine sezewar bolýarlar.

Kubada çylşyrymly ykdysady ýagdaý 1993-94-nji ýyllarda reformalary amala aşyrmak zerurlygyny ýüze çykarýar. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ulanmak bilen kärhanalary döretmäge, daşary ýurt pullaryny ulanmaga, daşary ýurtlylara Kubada ýaşaýan garyndaşlary bilen duşuşmaga şertler döredilýär. Ownuk telekeçilige we söwda rugsat berilýär.

Latyn Amerika döwletleriniň arasynda ýakynlaşmak syýasaty alnyp barylýar. 1986-njy ýylda Braziliýa we Argentina ykdysady bileleşik barada ylalaşyk gazanýarlar, 1991-nji ýylda ol Günorta amerikan umumy bazaryna öwrülýär, düzümine- Braziliýa, Argentina, Urugwaý we Paragwaý girýär.

Beýleki bir tarapdan olar ABŞ bilen ýakynlaşmak syýasatyny hem alyp barýarlar. 1992-1994-nji ýyllarda ABŞ, Kanadanyň we Meksikanyň gatnaşmagynda NAFTA- Azat söwdanyň demirgazyk amerikan zolagy guramasy döredilýär. ABŞ bilen söwda gatnaşyklary barada şertnama baglaşmaga Wenesuela, Kolumbiýa, Çili isleg bildirýärler.

## § 5. XX-XXI asyrlaryň sepgidinde demokratiýanyň we demografiýanyň ýagdaýy.

XX asyryň başyndan XXI asyryň başyna çenli dünýäniň syýasy kartasy tanalmaz ýaly derejede özgerdi. Eger-de 1900-nji ýylda 55 özbaşdak döwlet bolan bolsa, II jahan urşunyň öňüsyrasynda 71 döwlet, 1947-nji ýylda 81 döwlet bardy. Häzirki döwürde dünýäniň syýasy kartasynda 230-dan gowrak ýurtlar we

territoriýalar görkezilendir. 2008-nji ýylyň başyna çenli olaryň 193-si BMG-nyň agzasydyr.

Dünýä döwletleri döwlet gurluşy, geografiki ýerleşişi, tutýan meýdany, ilatyň sany boýunça dürli-dürlidir. Döwlet gurluşy boýunça dünýä döwletleri respublika we monarhiýa dolandyrylyşly döwletlere bölünýär.

Dünýäniň garaşsyz döwletleriniň esasy bölegi, ýagny 150-ä golaýy resbuplika gurluşly döwletlerdir. Respublika – latyn sözi bolup, res – iş, buplikus – jemgyýetçilik, ählihalk diýen manyny berýär. Respublikalarda döwletiň baştutany halk tarapyndan saýlanylýar. Biziň garaşsyz Türkmen döwletimiz hem halk tarapyndan saýlanan prezident tarapyndan dolandyrylýan respublikadyr.

Monarhiýa gurluşly döwletlerde ýurdy monarh (patyşa) dolandyrýar. Häzirki wagtda dünýäde (2008-nji ýylyň hasaby) 29 sany monarhiýa gurluşly döwlet bar. Olaryň 13-si Aziýada 12-si Ýewropada 3-si Afrikada 1-i Okeaniýada ýerleşýär. XX asyryň başynda Ýewropa dünýä döwletleriniň ösüşine täsirini ýetirýän sebitdi. Sebitiň döwletleriň köpüsinde konstitusion gurluş berkarar bolupdy. Beýik Britaniýa, Germaniýa, Fransiýa, Belgiýa, Şwesiýa, Italiýa ýaly ýurtlar Ýewropanyň ösen döwletleridi. Ýewropanyň Gündogary bilen Günbataryny deňeşdirlende syýasy we ykdysady tarapdan öňe saýlanýardy. Ýewropada ilatyň ýaşaýyş derejesi Afrikanyň we Ýewraziýanyň beýleki sebitlerinde ýaşaýanlardan ýokarydy.

Ýewropada iň köp milletli döwlet Awstro-wengriýa imperiýasydy. Onuň düzümine Awstriýa, Wengriýa, Çehiýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Horwatiýa, Rumyniýanyň, Polşanyň, Italiýanyň, Ukrainanyň käbir bölegi girip, onda onlarça halklaryň wekilleri köpçülikleýin ýaşaýardylar. XX asyryň başynda Beýik Britaniýa, Fransiýa dünýäde iň uly baknadar döwletlerdi.

1900-njy ýyla çenli Afrika ýurtlary Ýewropa döwletleri tarapyndan paýlaşylyp gutaryldy. Koloniýalar metropoliýa tarapyndan dolandyrylýardy.

Döwlet gurluşy boýunça dünýä döwletleri XX asyrda respublika we monarhiýa dolandyryşly döwletlerdi.

XX asyrda jemgyýetiň syýasy durmuşynda dürli partiýalar uly orun tutýarlar. Partiýa bu döwlet başyna gelmegi maksat edinýän syýasy pikirdeş adamlaryň maksatnamaly-düzgünnamaly guramaçylykly toplumdyr. Dolandyryjy partiýa, oppozisiýadaky partiýalar.

XX asyryň başynda dünýäde esasy syýasy güýçler bolan liberallar, konserwatorlar, respublikaçylar, demokratlar, sosialistler, monarhiýaçylar, kommunistler ýaly syýasy akymlar öz partiýalaryny döredýärler.

**XX asyryň soňunda ýer şarynyň demografiki ýagdaýy.** Dünýä döwletleri ilatynyň sany boýunça dürlüdir. Olaryň iň köp ilatlylary Hytaý (1mlrd 313mln), Hindistan (1mlrd 81 mln), ABŞ (297 mln), Indoneziýa (222 mln), Braziliýa (180 mln), Pakistan (157 mln), Bangladeş (149 mln), Russiýa (146 mln), Ýaponiýa (128 mln). Şu döwletlerde dünýäniň 60 % halky ýaşaýar. Häzirki wagtda 7 mlrd adam ýaşaýar. Dünýäniň ilatynyň 60 % Aziýada ýaşaýar.

Piramidalar gurlanda ýer ýüzünde 3mln.adam ýaşaýar ekeni. XX asyryň

ahyryndan bäri 50 ýylyň dowamynda ýer ýüzüniň ilaty 2 esse köpeldi. 3,5 mlrd. bolanlygyndan, häzirki wagtda 7 mlrd adama ýetdi. Dünýäniň ilatynyň 60 % Aziýada ýaşaýar .

**Globallyk**. Globallyk häzirki zaman dünýäsiniñ toplumlaýyn, ulgamlaýyn ösüş birligi. Ol ýitileşen dünýä meselelerini (ekologiýa, demografiýa, ykdysady we medeni yzagalaklygy ýeñip geçmek, ýeriñ töweregindäki giñişligi özleşdirmek, umumydünýä energiýa, azyk, çig mal we beýleki gapma-garşylykly ýagdaýyny çözmek) şeýle hem şahsyýetiñ durmuşy, ykdysady we şahsy hukuklaryny hem-de azatlyklaryny çözmegiñ zerurlygy bilen şertlenendir. Globallyk umumy adamzat meseleleriniñ ýüze çykmagy bilen baglanyşykly meseleler.

## § 6. XX asyryň ikinji ýarymynda XXI asyrda dünýä ýurtlarynyň ykdysady ýagdaýynyň özgermegi.

Ykdysadyýetiň globallaşmagy we transmilli koorparasiýalaryň aýratyn güýç bilen ösmegi milli döwletleriň ykdysady özara baglanyşygyny güýçlendirýär. Şeýle hem maýa goýumynyň transmillileşdirilmegi käbir döwletleriň şol sanda has iri döwletleriň dünýäniň maliýe bazarynyň ýagdaýyna täsirini gowşadýar. Soňky on ýyllykda dünýäde birnäçe dünýä we sebit maliýe çökgünlikleri bolup global we milli ykdysadyýetiň kadaly ýagdaýyna howp saldy. Şonuň üçin hem möhüm meseleleriň biri-de dünýä döwletleriniň maliýe çökgünliginiň öňüni almak we onuň weýran ediji täsirini ýok etmek boýunça hyzmatdaşlygyň görnüşini gözlemekleri bolup durýar. Walýuta kurslarynyň kadalaşdyrylmagy ykdysady taýdan dikeldilmeginiň möhüm şertidir.

Dünýä ykdysady ösüşiniň ýokary göterilmeginiň beýleki bir sebäbi dünýä söwdasy üçin sagdyn şertleriň döredilmegidi. Bu proteksionizm syýasatyndan we gümrük uruşlaryndan dünýä söwdasyny liberalizasiýalaşmagyna tarap öwrümdi. Liberalizasiýa – (liberalist- latynçadan azat, erkin, diýlip terjime edilýär) prosesinde köp ýurtlar, ilkinji nobatda ABŞ, ýapyk we proteksionizm syýasatyndan çetleşip has açyk dünýä bazary we walýuta kursuny kadalaşdyryş syýasatyna geçýär.

Häzirki ýüz ýyllygyň dünýä taryhy siwilizasiýa prosesiniň köptaraplaýyn ösüşiniň esaslaryny öwrenýär. XX asyr adatly, däp-dessurly jemgyýetlerinde modernizasiýalaşdyrmak meselesi birinji orna geçip, bu mesele bütin dünýä derejesinde çözülip başlaýar. XX asyryň ahyrlarynda Ähliumumy taryhyň taryhy, ykdysady, syýasy we medeni ösüşiniň esasy prosesleri siwilizasiýa zolagynda Ýewropada, Amerikada, Aziýada we Afrikada bolup geçýär.

XX asyryň 50-nji ýyllarynda ýewropa döwletleri önümçiligiň möçberini uruşdan öňki derejesine ýetirip, ykdysadyýetini dikeltmegi başarýarlar. Soňky 50-60-njy ýyllarda esasy Günbatar Ýewropa döwletlerinde ykdysady ösüş ýokary depgin bilen tapawutlanýar. Şu döwürde „Italýan gudraty”, “Günbatar german gudraty”, “Ýapon gudraty” ýaly düşünjeler döräp, şol ýagdaýyň adaty däldigini

görkeýär. Ykdysady ösüşiň ortaça ýyllyk depgini 1948-1963-njy ýyllarda örän ýokary bolup, Fransiýada 4,6 %, GFR 7,6 %, Italiýada 6 %, Gollandiýada 4,7 % we ş.m. deň bolýar. Biraz beýik Britaniýa yza galýar ( 2,5 %). Şeýle görlüp eşdilmedik derejede ykdysadyýetiň ösüşini ol ýa-da beýleki bir döwletiň hökümetiniň syýasatynyň aýratynlygyna bagly bolmagy hem mümkin, eýsem-de bolsa Günbatar ýurtlarynyň ykdysadyýetini dikeltmek we modernizasiýalaşmagyna sebäp bolan halkara ýagdaý global-industrilizasiýanyň ähmiýeti uludy.

Baryp II jahan urşy ýyllarynda ösen kapitalistik döwletler, ilkinji nobatda ABŞ öz wagtynda maliýe we walýuta sazlaşygyny üpjün eder ýaly we maliýe taýdan başagaýlyk döremez ýaly çäreleri amala aşyrýar.

1944-nji ýylda Breton-Wudsde (ABŞ-da) BMG-nyň konferensiýasynda 44 ýurduň wekilleri bretonwuds walýuta ulgamyny döredýärler. Konferensiýa gatnaşyjylar beýleki walýutalar ugur alar ýaly dollaryň altyn düzümini kesgitlemegi şertleşýärler. Şeýle hem Halkara walýuta fondy we Halkara ösüş we rekonstruksiýa banky döredilip, bankyň agzalary ýurtlara karz pul kömegini berýär. Beýleki bir möhüm çäre bolsa Günbatar Ýewropa döwletleriniň ykdysadyýetini ýokary galdyrmak üçin, dikeltmek üçin ABŞ „Marşallyň meýilnamasy” ady bilen kömek pul edýär. 1948-1952-nji ýyllarda bu kömek 13 mlrd. dollara barabar bolýar.

Walýuta kurslarynyň kadalaşdyrylmagy ykdysady taýdan dikeldilmeginiň möhüm şertidi.

Dünýä ykdysady ösüşiniň ýokary göterilmeginiň beýleki bir sebäbi dünýä söwda üçin sagdyn şertleriň döredilmegidi. Bu proteksionizm syýasatyndan we gümrük uruşlaryndan dünýä söwdasyny liberalizasiýalaşmagyna tarap öwrümdi. Liberalizasiýa – (liberalist- latynçadan azat erkin diýlip terjime edilýär) prosesinde köp ýurtlar, ilkinji nobatda ABŞ, ýapyk we proteksionizm syýasatyndan çetleşip, has açyk dünýä bazary we walýuta kursuny kadalaşdyryş syýasatyna geçýär.

1947-nji ýylda 23 sany industrial döwlet söwda we tarif hakynda Baş ylalaşyga (ГАТТ) gol çekdiler. Bu bolsa gümrük tölegini azaltmak we söwdany liberalizasiýalaşdyrmak gepleşikleriň we ylalaşyklaryň birinji tapgyryny açdy. Şol döwürde ABŞ-dan gelýän harytlardan alynýan tölegleriň 50 % kemeldilýär. Ondan soň täze gepleşikler alnyp barylyp we soňra etapy 1995-nji ýylda GATT – nyň ornuna “Bütin dünýä söwda guramasynyň” döredilmegi (BTO) tamamlanýar. Häzir oňa dünýäniň köp ýurtlary agza bolup durýar. Dünýä bazarynyň çalt depginde ösmegi ykdysadyýetiň ýokary galmagynyň esasy sebäbi bolup, Ýewropada söwdanyň möçberi 1950-1970-nji ýyllarda 18 milliarddan 129 milliarda çenli ýetýär. Bu esasan hem, ösen ýurtlaryň arasyndaky söwdady. Bu önümçiligiň industrial ýurtlarda dar milli çäklerinden has erkin, dünýä bazaryna aralaşmagyny aňladýardy.

Ykdysady taýdan ýokary göterilişiň ýene bir sebäbi täze tehnikanyň we tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşyklydy. Uruşdan soňky on ýyllykda täze önümleriň we sarp ediş harytlaryň köpçülikleýin önümçiligi ýola goýulýar. Mehanizasiýa, biotehnologiýa we himiýalaşdyryş oba hojalygynda düýpli

öwrülişige getirdi. Köpçülikleýin önümçiligiň, täze tehnologiýanyň birleşdirilmegi, köpçülikleýin sarp edişiň we önümçiligiň rasional – (paýhas) gurnalmagy industrial döwletleriň XX asyryň ikinji ýarymda uzak wagtlaýyn we çalt depginde ykdysadyýetiň ýokary göterilmegini kesgitleýär. Dünýä derejesinde ykdysady ösüşiň depgini 1950-1973-nji ýyllarda ortaça 4.9 %, 1973-1993-nji ýyllarda 3 % deň bolýar. Nebit ykdysady durmuşyň esasy energiýasydy. 1950-1973-nji ýyllarda nebit öndürülişi 6 esse artdy. Nebitiň täze, has baý we arzan çeşmeleri Ýakyn Gündogarda, Pars aýlagy sebütinde, Demirgazyk Afrikada we Aziýada açylýar. 60-njy ýylyň ahyrlarynda nebitiň 1 barreli 1,5 dollara deň. Uruşdan soň kömrüň öndürilişi we sarp edilişi Ýewropada pese düşýär. Özüniň energiýa bolan isleginiň tas ýarysyndan köpüsini nebitiň hasabyna üpjün edýär. Nebitiň we arzan çig malyň hasabyna nebit, himiki we gaýtadan işleýän senagat gülläp ösýär. Industrial we ösüp barýan ýurtlarda mehanizasiýalaşdyrmak amala aşyrylýar.

Şeýle-de ykdysady ýokary göterilişiň syýasy faktoryny bellemek möhümdir. Ähli industrial ýurtlar uruşdan soň möhüm meseläni çözmekligiň zerurlygyny duýýar. Belli bir derejede döwlet sazlaşygyny we döwlet çykdajylaryny saklamalymy ýa-da bazar mehanizmi şertlerinde ykdysadyýeti sazlamalymy? Ortalyk ýol „garyşyk ykdyasadyýet” saýlanylyp alynýar: döwlet sazlaşygyny we döwlet eýeçiliginiň käbir ugurlary we hususy eýeçiligiň we hususy telekeçiligiň institutlary peýdalanylýar. Döwlet dolandyrylyşygy bilen hususy eýeçilik telekeçiligiň işini ýokarlandyrylan mümkinçilik döredilmeginiň sazlaşygy ykdysadyýetiň ýokary depginde ösmegine itergi berýär. Bu 70-nji ýyllaryň ortalaryna çenli dowam edýär. Ýewropa üçin täze ugur bolan ykdysady integrasiýa durmuşa geçirilip başlanýar.

**Ýewropa bileleşiginiň döreýşi we ösüşi.** Ýewropany medeni-taryhy we dini taýdan birleşdirmek pikiri orta asyrlarda we täze döwürde ençeme akyldarlar tarapyndan öňe sürülýär. Diňe Napoleon Bonoparta birnäçe ýylyň dowamynda tutuş kontinenti öz tabynlygynda saklamak başardypdyr. Onuň pikirine laýyklykda Ýewropa ,,geliomerkezçilik ulgamyna” laýyklykda birikdirilmelidi. (Gelio- gün, gün şöhlesi’ diýen manyda). Emma Napoleona fransuz ýaragynyň güýji bilen birikdirilen Ýewropany uzak wagtlap golastynda saklamak başartmady. XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap ýewropa intelligensiýasy federal esasda Ýewropanyň Birleşen Ştatlaryny döretmek pikirini öňe sürýär. Bu adalgany ilkinji gezek italýan taryhçysy we ykdysadyýetçisi Karlo Kattaneo ulanypdyr. Fransuz ýazyjysy Wiktor Gýugo hem Ýewropa Federasiýasynyň tarapdary bolupdyr. Ol 1849-njy ýylda Parižde geçirilen III Parahatçylyk Kongresinde şu sözleri aýdypdyr: ,,Wagt geler, şonda biz okeanyň üsti bilen birek-biregiň elini gysyp, dostlugyny berkidýän, özleriniň senagat önümleri, sungat eserleri, ajaýyp açyşlary bilen alyş-çalyş edýän, Ýer togalagynda täzelikleri ýokary galdyrýan, iki sany ägirt uly güýji — adamlaryň dostlugyny we Hudaýyň keramatyny birleşdirýän Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny we Ýewropanyň Birleşen Ştatlaryny göreris». Frank-prus uruş Ýewropanyň bütewiligi

pikirine wagtlaýynça urgy bolan-da bolsa, ondan el çekilmegine getirip bilmedi. 1900-nji ýylda Pariždäki bütindünýä sergisi wagtynda hem Ýewropa federasiýasy hakda giňden gürrüň edildi.

Ikinji jahan urşundan soňra Günbatar döwletleriniň ykdysady ösüşi biri-biri bilen özara bähbitli ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi netijesinde mümkin boldy. Uruşdan soň utgaşykly ösýän Ýewropa emele geldi. ,,Marşallyň meýilnamasy" Ýewropada ykdysady bileleşige bolan pikiri ösdürdi. Ýewropada birleşmek islegi ösdi. Ykdysady kynçylyklar olary has-da ýakynlaşdyrdy. 1951-nji ýylda Ýewropanyň alty ýurdy: Belgiýa, Niderlandiýa, Lýuksemburg, Italiýa, GFR, Fransiýa kömri we polady öndürmegiň Ýewropa bileleşigini döretdiler. Alty döwlet birek-birekden gelýän demir-magdan, kömür önümlerine gümrük paçlaryny ýatyrdylar. 1957-nji ýylda şol 6 döwlet Ýewropa ykdysady hyzmatdaşlygyny döretmek barada Rimde şertnama baglaşdylar. Ol ,,umumy bazar'' adyny aldy. Oňa soňra Ýewropanyň uly döwletleriniň ählisi goşuldy. ,,Umumy bazara'' girýän ýurtlar 60-njy ýyllaryň ahyrlaryna çenli gümrük päsgelçiliklerini aradan aýryp, harytlaryň erkin hereket etmegine şert döretmegi ylalaşdylar. Oňa barha köp döwletler goşulyp, ykdysady gatnaşyklary utgaşdyrýan Ýewropa bileleşiginiň döremegine getirdi. Ol ýurtlar dünýä söwdasyndan ägirt uly girdejiler alyp başladylar. 1973-nji ýylda oňa Beýik Britaniýa hem goşuldy. Onuň goşulmagy bilen bu gurama Ýewropanyň iri döwletleriniň ählisini diýen ýaly öz içine alyp, beýleki döwletleriň hem oňa goşulmak islegini güýçlendirdi.

1986-nji ýyldan başlap Ýewropa ýurtlarynyň ýakynlaşmagynda täze döwür başlandy. 1991-nji ýylda Gollandiýanyň Maastriht şäherinde bolan maslahatda Ýewropa hyzmatdaşlygyny *Ýewropa Bileleşigi* diýip atlandyrmak karar edildi. Şol ýyl Ýewropa Bileleşigine (ÝB) girýän ýurtlar 1993-nji ýyla çenli harytlaryň, dürli hyzmatlaryň, puluň, raýatlaryň erkin hereketini üpjün edýän umumy Ýewropa bazaryny döretmek barada ylalaşyk baglaşdylar. Eger ilkibaşda 6 döwlet bileleşige giren bolsa, 1973-nji ýylda Beýik Britaniýa, Daniýa, Irlandiýa, 1981-nji ýylda Gresiýa, 1986-njy ýylda Ispaniýa, Portugaliýa, 1995-nji ýylda Awstriýa, Finlýandiýa, Şwesiýa döwletleri girdiler. 2004-nji ýylda ÝB-ne Estoniýa, Litwa, Latwiýa, Polşa, Çehiýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Wengriýa, Malta we Kipr girdi. 2007-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda bu guramanyň hataryna Bolgariýa bilen Rumyniýa hem girdi. 2007-nji ýylyň iýulyna çenli Bileleşigiň agzalarynyň sany 27-ä ýetdi. Horwatiýa we Türkiýe ÝB-niň hataryna girmäge dalaşgärler hökmünde çykyş edýärler. Ýewropa Bileleşiginiň ştap-kwartirasy Belgiýanyň Brýussel şäherinde ýerleşýär.

Ýewropa Bileleşiginiň işini rejeleşdirer ýaly Ýewromaslahat we Ýewroparlament döredildi. Ýewroparlamentiň ştap-kwartirasy Fransiýanyň Strasburg şäherinde ýerleşýär. Şol ýerde bileleşigiň üç sany anyk ugry kesgitlenildi. Olar ykdysady-maliýe taýdan, umumy daşary syýasat we

howpsuzlyk meseleleri hem-de hukuk goraýyş işlerinde bilelikde goreşmekdir.

1998-nji ýylda ÝB-niň Merkezi banky döredildi. 2002-nji ýyldan başlap Ýewrobileleşige girýän ýurtlar täze pula — ýewro geçip başladylar. Umumy puluň girizilmegi Ýewropanyň ykdysadyýetine otäsir etdi. Sebitiň maliýe ýagdaýy gowulandy. Puluň hereketine, hümmetlilik derejesine gözegçiligi ýola goýmaga mümkinçilik berdi. Ýewro pul birligi girizilenden soň bileleşigiň ýurtlarynyň umumy ykdysady ösüşi 4% çemesi ýokarlandy. Ol 2007-nji ýylyň birinji ýarymynda 4,2% boldy. Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň daşary söwdasyna umumy gözegçilik ýola goýuldy. Ýewropa Bileleşigine her ýarym ýylda agza bolup durýan ýurtlaryň biri ýolbaşçylyk edýär. ÝB-ne Lýuksemburg ýolbaşçylyk eden wagty ol ýurtlaryň arasynda raýatlaryň erkin hereket etmegine degişli wiza düzgüni ylalaşyldy. Bu ylalaşyk Lýuksemburgyň Şengen diýen ýerinde baglaşylandygy üçin Şengen wizasy ady bilen meşhurdyr. Şengen wizasyna 2008-nji ýylyň başyna çenli Ýewropa bileleşiginiň agzasy bolan ýurtlaryň tas ählisi diýen ýaly goşuldy.

Ýewropa Bileleşigi – bu Ýewropanyň 27 döwletiniň ykdysady we syýasy birleşmesidir. Sebit derejesinde integrasiýa gönükdirilen bu bileleşik 1993-nji ýylyň 7-nji fewralynda Maastriht şertnamasy esasynda döredilendir. ÝB – halkara birleşme bolup, ol halkara guramanyň we döwletiň alamatlaryny özünde jemleýär. Ýöne iş ýüzünde ol döwlet hem, gurama hem bolup durmaýar. Bu bileleşik halkara jemgyýet hukugynyň subýekti bolup, halkara gatnaşyklaryna gatnaşýar we uly orun tutýar. ÝB girýän ýurtlar öz ukyplaryny, baýlyklaryny we ykballaryny kem-kemden birleşdirmegiň zerurdygy barada karara geldiler. ÝB-niň düzümine giren döwletler elli ýylyň dowamynda umumy tagallalary bilen durnuklylyk, demokratiýa we yzygiderli ösüşiň sebütini gurdular, şol bir wagtyň özünde-de medeniýet dürliligini, adam azatlygyny gorap bildiler. Ýewropa Bileleşigi öz üstünlikleriň we baýlyklary serhetleriň daşynda ýaşaýan milletler we döwletler bilen ulanmak baradaky ýörelgesine eýerýärler.

Ýewropany birleşdirmek pikiri ilkinji gezek II jahan urşundan soň ýüze çykýar. 1950-nji ýylyň 9-njy maýynda Fransiýanyň daşary işler ministri Robert Şuman Ýewropanyň gurluşyna badalga beren Deklarasiýa bilen çykyş edýär. Bu ÝB-ni döretmeklige tarap ädilen ilkinji ädim bolýar. 1999-njy ýylda banklaryň arasynda serişdeleriň dolanyşygyny üpjün etmek üçin umumy ýewropanyň walýutasy Ýewro girizilýär. 2002-nji ýyldan başlap nagt hasaplaşyklar amala aşyrylýar. Ýewro ÝB-niň agza ýurtlarynyň 15-de hereket edýär. Şeýle-de ýewro Andorrada, Watikanda, Monakoda we San-Marinoda ulanylýar. Ýene-de 10 sany ýurt „ýewro“ zonasyna goşulmagy meýilleşdirýär.

ÝB-niň esasy maksatlary:

- Ýewropa raýatlygyny girizmek;

- Azatlygy, howpsuzlygy we kanunçylygy üpjün etmek;
- Ykdysady we syýasy ösüşe ýardam bermek;
- Dünýäde Ýewropanyň rolunyň artdyrylmagy.

ÝB-niň nyşanlary:

ÝB-niň Baýdagy 1986-njy ýylda döredilip, ol gönüburçluk şekilinde bolup, onuň ýüzünde açyk sary reňkli 12 sany ýyldyz bardyr, olar bolsa Pantone usulyna degişli ülňi mawy reňkiň ýüzünde kesgitlenmedik aýlaw setirinde ýerleşdirilendir. Tuguň özi adamlaryň arasyndaky jebisligi, agzybirligi we utgaşyklygy beýan edýän nyşan bolup durýar.

ÝB-niň senasy Bethoweniň dokuzynjy simfoniýasynyň soňy bolup, onda söz aýdylmaýar.

ÝB-niň şygary – Bitewilik we dürlülik.

Ýewropa güni maý aýynyň 9-na bellenýär.

ÝB-de resmi suratda 23 sany dil ulanylýar, ýagny ol bileleşige girýän ähli döwletleriň döwlet dilleri bolup durýar.

Syýasy merkezleri: Lýuksemburg, Strasburg, Brýussel.

Häzirki döwürde 4 sany döwlet ÝB-e girmäge dalaşgärlik edýärler: Islandiýa, Makedoniýa, Horwatiýa, Türkiýe.

Ýewropa Bileleşiginiň esasy edaralary (institutlary)

ÝB-niň öz syýasatyny netijeli we guramaçylykly amala aşyrmak üçin onuň giň guramaçylyk (institusional) düzümi bardyr. Bu düzümiň institutlary iki element boýunça gurulýar, ýagny onuň institutlarynyň bir topary - agza döwletleriň wekilleri hökmünde hereket edýän şahslardan, beýleki bir topary bolsa - milli hökümetler tarapyndan hödürlenen, emma bütin Bileleşigiň adyndan çykyş edýän şahslardan düzülýär. Häzirki wagtda ÝB-niň esasy edaralary bolup Ýewropa Geňeşi, ÝB-niň Maslahaty, Ýewropa Komissiýasy, Ýewropa Parlamenti we Ýewropa Birleşikleriniň Kazyýeti çykyş edýärler. Döwletlere mahsus bolan häkimiýetiň 3 şaha – kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet organlaryna bölünmegi ÝB-e mahsus däldir. Ýewropa Kazyýeti kazyýet organy bolup durýan bolsa, onda kanun çykaryjy funksiýalary şol bir wagtyň özünde ÝB-niň Maslahatyna, Ýewropa Parlamentine we Ýewropa Komissiýasyna degişlidir, ýerine ýetiriji funksiýasy bolsa Komissiýa we Geňeşe degişli bolup durýar.

Ýewropa Geňeşi (European Counsil) ÝB-niň iň ýokary syýasy edarasy bolup, onuň düzümine ÝB-niň agza döwletleriniň döwlet we hökümet baştutanlary, olaryň orunbasarlary – daşary işler ministrler, şeýle hem Ýewropa Komissiýasynyň başlygy girýärler. ÝG-niň döredilmegine Fransiýanyň Prezidenti Şarl de Gollyň Ýewropa bileleşiginiň döwlet ýolbaşçylarynyň resmi däl sammitlerini geçirmek baradaky pikiri esas boldy. Resmi däl sammitler 1961-nji ýyldan geçirilip başlanýar, soň bu tejribe şol wagtky Fransiýanyň Prezidenti

Waleri Žiskar d'Esteniň teklibi bilen, 1974-nji ýylda Pariž
däki sammitde, resmileşdirilýär. 1986-njy ýyldan başlap Ýewropa Geňeşiniň statusy resmi taýdan Bitewi Ýewropa aktynda berkidilýär.

Geňeş ÝB-niň esasy strategik ugurlaryny kesgitleýär. Düzgün boýunça ÝG-niň mejlisleri ýylda 2 gezek geçirilýär, emma hakykat ýüzünde bolsa ýylda 4 gezek (agza döwletiň her ýarymýyllyk wekilçiliginde 2 gezekden). Mejlisler ýa Brýusselde ýa-da şol ýarymýyllykda wekilçilik edýän döwletiň wekiliniň baştutanlygynda geçirilýär (häzirki döwürde wekilçilik edýän Belgiýa döwletinden Herman wan Rompeý baştutanlyk edýär).

ÝB-niň Maslahaty (resmi däl Ministrler Geňeşi) (Counsil) ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy funksiýalaryna eýedir. Şonuň üçin hem ol ÝB-de kararlar kabul edilende esasy institut hökmünde garalýar. Ol 1952-nji ýylda döredilýär.

*Ýerine ýetirýän funksiýalary.* Geňeş kararlary kabul edýär, agza döwletleriň umumy ykdysady syýasatynyň sazlaşygyny üpjün edýär, býujete umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar we halkara ylalaşyklary baglaşýar. Geňeşiň düzümine ÝB-niň agza döwletleriniň daşary işler ministrleri girýärler. Emma häzir geňeşiň beýleki pudaklaýyn ministrleriniň (ykdysadyýet we maliýe, ýustisiýa we içeri işler, oba hojalyk we beýlekiler) düzüminde çagyrylmagy tejribede giň gerime eýe boldy.

*Guramaçylyk düzümi.* Geňeşiň sessiýalaryna taýýarlyk Brýusselde, döwletleriň hemişelik wekilleriniň Komiteti (KOREPER) tarapyndan amala aşyrylýar. KOREPER Geňeşe hödürlenýän meseleleri öňünden maslahatlaşýar. Bu bolsa Geňeşiň yzygiderli we netijeli işlemegini üpjün edýär. Geňeşde kabul edilen kararlar (haýsy döwletleriň bu kararlaryň kabul edilmegine gatnaşandygyna garamazdan) deň güýje eýedir. Kararlar köplenç kwalifisirlenen köplügiň ses bermegi esasynda kabul edilýär, ýöne kä wagt biragyzdan ses bermek hem talap edilýär. Ministrler geňeşine ýolbaşçylyk etmeklik Geňeş tarapyndan kesgitlenen tertipde ÝB-niň agza döwletleri tarapyndan amala aşyrylýar (adatça rotasiýa uly döwlet-kiçi döwlet, esaslandyryjy döwlet-täze agza we ş.m. ýörelgeler esasynda amala aşyrylýar). Rotasiýa 6 aýdan bir gezek geçirilýär. Häzirki wagtda ýolbaşçy döwlet hökmünde Belgiýa (2010-nji ýylyň 1-nji iýulyndan bäri) çykyş edýär.

Ýewropa Komissiýasy (European Comission) ÝB-niň iň ýokary ýerine ýetiriji edarasydyr. Ol 27 agzadan ybaratdyr (her agza döwletden biri). Öz wezipelerini ýerine ýetirenlerinde olar özygtyýardyrlar, diňe ÝB-niň bähbitleri ugrunda hereket edýärler, haýsydyr bolsa başga bir iş bilen meşgullanmaga rugsat edilmeýär. Agza döwletler Ýewrokomissiýanyň agzalaryna täsir etmäge ygtyýarly däldirler.

Ýewrokomissiýa her 5 ýyldan aşaky tertip boýunça düzülýär. ÝB-niň döwlet we hökümet baştutanlarynyň derejesindäki Maslahaty Ýewrokomissiýanyň başlyklygyna bolan dalaşgäri hödürleýär. Ol bolsa öz gezeginde Ýewroparlament tarapyndan tassyklanýar. Soň ÝB-niň Maslahaty Komissiýanyň başlyklygyna bolan dalaşgär bilen bilelikde Ýewrokomissiýanyň göz öňüne tutulan düzümini hödürleýär. „Kabinetiň“ düzümi Ýewroparlament tarapyndan makullanyp, ÝB-niň Maslahaty tarapyndan gutarnykly ykrar edilmeli. Komissiýanyň her bir agzasy ÝB-niň syýasatynyň belli bir pudagyna jogap berýär we degişli bölümçelere (Baş Direktorat) ýolbaşçylyk edýär. Mysal üçin, VIII Baş Direktorat AKT (Afrika, Karib deňzi, Ýuwaş Umman döwletleri) döwletleri bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek meselesi bilen meşgullanýar. Komissiýanyň ştatynda 15 müňe golaý işgär bar (ol ÝB-niň iň uly edarasy). Ýewrokomissiýanyň başlygy Žoze Manuel Barrozu (Portugaliýa).

Komissiýa ÝB-niň gündelik işini üpjün etmekde uly rol oýnaýar. Ol kanun çykaryjy başlangyçlar bilen çykyş edýär, olar ykrar edilenden soň bolsa durmuşa geçirilişine gözegçilik edýär. ÝB-niň kanunçylygy bozulan ýagdaýynda Komissiýa sanksiýa ulanyp bilýär, şol sanda Ýewropa Kazyýetine hem ýüz tutup bilýär. Ol oba hojalyk, söwda, konkurensiýa, ulag we aragatnaşyk, daşky gurşawy goramaklyk ýaly ulgamlarda özbaşdak karar kabul edip bilýär.

Komissiýa hepdede 1 gezek Brýusselde ýygnak geçirýär. Onuň ştab-kwartirasy hem Brýusselde ýerleşýär. Komissiýanyň esasy iş dilleri – iňlis, fransuz we nemes dilleridir.

Ýewropa Parlamenti (European Parliament) – ÝB-niň konsultatiw-kanun çykaryjy edarasy bolup, agza döwletleriň wekillerinden ybaratdyr. Onuň düzümine 736 deputat girip, olar ÝB-niň agza döwletleriniň raýatlary tarapyndan göni saýlaw arkaly 5 ýyl möhlet bilen saýlanýarlar. Ýewroparlamentiň başlygy 2,5 ýyl möhleti bilen saýlanýar. Häzirki wagtda onuň başlygy Ýeži Buzek (Polşa).

Ýewroparlamentiň esasy wezipesi – ÝB-niň býujetini tassyk lamakdyr.Şeýle-de

ÝB-niň Maslahatynyň islendik çykaran karary Ýewroparlamentiň ýa makullamagyna, ýa-da iň bolmanda onuň pikiriniň soralmagyna mätäçdir. Parlament Komissiýanyň işine gözegçilik edýär we onuň işini togtatmaga ygtyýarlydyr. Bileleşige täze agza kabul edilende, şeýle hem assosirlenen agzalar barada we üçünji döwletler bilen söwda ylalaşyklary baglaşylanda Parlamentiň makullamagy zerur. Parlament umumy mejlislerini Strasburgda we Brýusselde geçirýär. Baş sekretariaty Lýuksemburgda hereket edýär.

Ýewropa Birleşikleriniň Kazyýeti (Court of Justice of the Euro-

pean Communites) öz mejlislerini Lýuksemburgda geçirýär. Ol agza döwletleriň arasyndaky; agza döwletleriň we ÝB-niň arasyndaky; ÝB-niň institutlarynyň arasyndaky; ÝB-niň we fiziki ýa-da ýuridiki şahslaryň arasyndaky(şol sanda edaralarynyň işgärleriniň) gapma-garşylyklaryny sazlaýar. Kazyýet halkara ylalaşyklar boýunça kararlary çykarýar. Kazyýetiň çözgütleriniň ÝB-niň territoriýasynda ýerine ýetirilmegi hökmanydyr. Maastriht şertnamasyna laýyklykda Kazyýet çykarýan çözgütlerini ýerine ýetirmeýän agza döwletlere jerime salyp bilýär. Kazyýet 27 kazydan (her agza döwletden biri) we 8 sany baş aklawjydan ybaratdyr. Olar agza döwletleriň hökümetleri tarapyndan 6 ýyl möhlet bilen saýlanýarlar, olaryň möhleti uzaldylyp hem bilner. Kazylar öz borçlaryny ýerine ýetirenlerinde garaşsyzdyrlar. Her 3 ýyldan kazylaryň düzüminiň ýarysy täzelenip durýar. Kazyýetiň başlygy kazylar tarapyndan 3 ýyl möhlet bilen saýlanýar.

Şeýle hem ÝB-niň kömekçi we konsultatiw edaralary hökmünde Ykdysady we Sosial komitet, Sebit komiteti, Ýewropanyň Hasap Edarasy (Auditorlar Palatasy), Ýewropanyň Merkezi banky, Ýewropanyň inwestision banky, Ýewropa wekiliniň instituty (ol raýatlaryň ÝB-niň haýsydyr bir edarasynyň ýa-da institutynyň talaba laýyk işlemeýänligi baradaky arzalaryna garaýar), şeýle hem 15 sany ýöriteleşdirilen agentlikler we edaralar çykyş edýärler.

1978-nji ýylda integrasiýanyň ösüşiniň täze döwri başlandy. Onuň başyny başlaýjy ÝB komissiýasynyň başlygy Žak Delos boldy. Hut şol wagtdan hem Ýewropa bileleşiginiň ýurtlarynyň aglaba ýagdaýlarda ,,Umumy bazaryň“ ýurtlary diýip, atlandyryp başladylar. 1986-njy ýylda Ýewropa bileleşiginiň ýurtlary ýeketäk Ýewropa aktyna gol çekdiler ( ol 1987-nji ýylda güýje girdi), iň esasy maksadyň 1993-nji ýyla çenli ýeke-täk içerki ýewropa bazarynyň harytlaryň, hyzmatlaryň, maýa goýumlaryň we raýatlaryň erkin herekedini üpjün edýän hiç hili içerki serhedi bolmadyk giňişlik döredilmegini aýan etdiler. Ýewropa akty ÝB-niň ýurtlarynyň özara integrasion çäklerini giňeltdi. Bu resminama ýewropa bilelеleşiginiň 12 ýurdy gol çekdi.

Integrasiýanyň täze döwri. 1991-nji ýylyň dekabrynda Golland şäheri Maastsihtde ÝB-niň ýurtlarynyň döwlet baştutanlary we hökümetleri tarapyndan ýewropa geňeşi hakyndaky şertnama we bileleşigiň esaslandyryş şertnmasyna goşmaçalar (1992-nji ýylda gol çekilýär ) makullandy. Maastriht şertnamasy Ýewropa integrasiýasynyň ,,üç diregini “ kesgitledi: ykdysady we walýuta geňeşi, umumy daşary syýasat we howpsuzlyk syýasaty, hukuk we içeri işlerde hyzmatdaşlyk. Ýewropa bileleşigi ýewropa geňeşi diýlip atlandyrylyp başlandy.

Ýewrogeňeşiň ýurtlary bilen şertnama laýyklykda, bir merkezi bank döredildi. Agza ýurtlaryň territoriýasynda bolsa bir pul birligi-ýewro(nagt

dolanyşyk görnüşinde bolsa 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan) girizildi.

1997-nji ýylyň Amsterdam şertnamasy Ýewrogeňeşiň ýurtlarynyň özara integrasion hereketleriniň formasyny takyklaşdyrdy. Ilki bilen bolsa ol sosial ulgamda bolup geçdi. Işlilik ulgamynda syýasaty, raýatlaryň erkin hereket etmegini we howpsuzlygyny, saglygy goramagy we daşky gurşawy goramagy we ş.m bolup geçdi.

Esasy gapma-garşylyk Ýewrogeňeşiň institutlaryny özgertmek mek baradaky mesele boldy. Käbir ýurtlar ( ilki bilen Fransiýa) döwletara hyzmatdaşlyk aýratynlygynyň saklanylmagyny goldaýardylar, beýlekisi bolsa, esasan, Ýewropanyň kiçi ýurtlary) milli gurluşlaryň – Ýewroparlamentiň komissiýanyň wezipesiniň güýçlendirilmeginiň we Ýewrogeňeşiň federasiýa öwrülmeginiň tarapdary bolup çykyş edýärdiler.

2003-nji ýylyň 16-njy aprelinde Afynda 10 sany täze agzanyň birleşýändigi hakyndaky şertnama gol çekdiler. Ol ýurtlar: Wenesiýa, Kipr, Latwiýa, Litwa, Malta, Polşa, Horwatiýe, Sloweniýa, Çehiýe we Estoniýa. Belgiýanyň we Rumyniýanyň ýewro bileleleşige agza bolmagy 2007-nji ýyl bilen senelenýär. Türkiýe üçin entek takyk sene belli edilmedik.

2004-nji ýylda Ýewrogeňeşe birden 10 sany döwletiň agza bolmagy, şeýle-de 2004-nji ýylda Ýewrogeňeşiň konstitusiýasynyň takyklanmagy we ony agza döwletleriň ratifikasiýalamagy Ýewropa bileleleşigi hakynda täze waka boldy. Russiýa 2005-nji ýylda Ýewrogeňeş bilen ,,umumy giňişliklerini" dört ulgamda kesgitlemek barada ylalaşyga gol çekildi. Ykdysadyýetde azatlygy, howpsuzlygy we kanunçylygy üpjün etmek, daşky howpsuzlyk ulgamyny, ylym, bilim we medeniýet ulgamlaryny öz içine alýar. Şeýlelik bilen Ýewropanyň 25 döwleti birleşip, 470 million adamdan gowrak ilatly ýeke-täk hojalyk kompleksi emele gelýär. Onuň çäklerinde maýalar, adamlar erkin hereket edýärler, umumy walýutasy girizildi.

Bileleşigiň yglan eden esasy maksatlary:

1. Ýewropa raýatlygynyň girizilmegi.
2. Azatlygy, howpsuzlygy we kanunçylygy üpjün etmek.
3. Ykdysady we sosial ösüşe ýardam etmek,
4. Ýewropanyň tutuş dünýäde ähmiýetini pugtalandyrmak.

ÝB-niň agzasy bolan ýurtlarynyň ilat sany 2003-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda 378,5 mln. adam we umumy tutýan meýdany – 3236.6 müň inedördül km. bolup durýardy. Ýewropa bileleşiginiň resmi dilleri agza döwletleriň resmi dilleridir.

ÝB-niň öz hususy resmi nyşanlary baýdagy we gimni bar. Baýdak 1986-njy ýylda kabul edilip, gök reňkdäki gönüburçly mata bolup, onuň merkezinde aýlawda 12 sany altynsow ýyldyzlar ýerleşdirlendir. Ilkinji gezek bu baýdak 1986-njy ýylyň 29-njy maýynda Ýewropa bileleşiginiň Brýusseldäki binasynyň öňünde galdyryldy.

Ýewropa bileleşiginiň resmi paýtagty bolmasa-da latyn elipbiýine laýyklykda ýarym ýylyň dowamynda beleleşigiň agza ýurtlary gezekli gezegine wekilçilik edýärler. Ýewropa bileleleşigiň esasy instututlarynyň aglabasy Brýusselde

ýerleşýär. Ondan başga-da Ýewropa bileleşiginiň käbir organlary Lýuksemburgda, Strasburgda, Maýnda we beýleki iri şäherlerde ýerleşýär.

Tehnologiýanyň we biotehnologiýanyň kuwwatly ösüşi oba hojalyk maşyn gurluşynyň ösüşi oba hojalygynyň mehanizasiýalaşdyrmaga, himiýalaşdyrmaga mümkünçilik berýär.

Netijede 50-60-njy ýyllarda öňdebaryjy kapitalistik ýurtlarda industrial ösüşiň intensiw görnüşi tamamlanýar. Onuň esasy alamatlary agyr senagatyň ösmegi, mehanizasiýa we kem-käsleýin awtomatizasiýalaşdyrmak amala aşyrylýar. XX asyrda motorlaryň giňden ornaşdyrylmagy, awtomobil we awiasiýa transporty ornaşdyrylyp, XX asyryň ahyrlarynda 70-80-nji ýyllarda kämil industrial jemgyýet gurulýar.

## Netije-Jemleme.

**Postindustrial siwilizasiýa: Utopiýa ýa-da hakykat?** Bu kitapda berlen köp sanly siwilizasiýalaryň taryhy bilen tanyşmaklyk, olaryň esasyny adamyň özüni alyp barşyny we jemgyýetiň gurluşyny kesgitleýän dünýägaraýşynyň görnüşiniň düzýändigine göz ýetirýäris.

Häzirkizaman dünýäsi III müňýyllygyň başlangyjynda dur. Adamzat bu möhüm sepgide uly üstünilleriň hem-de uly ýitgileriň esasynda ýetýär. Bize nähili geljek garaşýar? XXI asyrda siwilizasiýa nähili ýol bilen öser? Taryha öňünden çaklama bermek kyn, ýöne oňa seretmezden, alymlar bu sowala dürli jogap berýärler. Birnäçe wagt mundan öň industrial siwilizasiýa öz döwrüni tamamlapdy diýen taglymat peýda bolup, oňa laýyklykda adamzat ( hiç bolmanda olaryň bir bölegi) ösüşiň nobatdaky döwrüne – *postindustrial siwilizasiýa* ýoluna gadam basýar. Şol bir wagtyň özünde XX asyryň söňky çärýegi geçiş döwri, öňki we täze akymlaryň özara göreş döwri hasaplanylýar.

Geljekki siwilizasion ösüşiň umumy görnüşde şekilini berýän täze tendensiýalar özünde nämäleri jemleýär?

Tutuş önümçilik ulgamyny özgerdip biljek ylmy – tehniki progresiň üstünliklerine uly umyt bilen garaýarlar. Ol ýokary derejede adamyň isleglerini kanagatlandyrmakdan ugur almak bilen; adamy maşynlardan garaşly ýagdaýa salýan agyr we bir tipli zähmet iň soňky derejesine baryp ýetýär. Ýöne, onuň ornuna şahsyýetiň döredijilik mümkinçilikleri -de işjeňleşýär, bu bolsa özbaşdak karar kabul etmäge, duýdansyz özgerýän ýagdaýlardan ugur almaklyga şert döredýän hemmetaraplaýyn düýpli sowatlylygy talap edýär. Daşky gurşawa zyýan ýetirýän, industrial döwürde peýda bolan we onuň alamaty hasaplanylýan örän uly zawodlar ýok bolup gider. Tehniki enjamlar has kiçijik görnüşe eýe bolup diýmek, maddy çykdajylar ep-esli azalýar. Galyndysyz tehnologiýa, tebigy çig malyň sintetiki çig mal bilen çalyşylmagy, energiýanyň täze çeşmeleri, ekologiki kadalaryň berk alnyp barylmagy, industrilizasiýanyň gutulgysyz netijesi bolan noosfera bilen tebigy gurşawyň arasyndaky heläkçilikli gapma-garşylygy ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Alymlaryň pikirihe görä, maglumatlar rewolýusiýasy we mikroelektronikanyň

ösmegi önümçilikde uly bolmadyk kärhanalaryň ornuny ýokarlandyrýar, bu bolsa bazar isleglerinde bolup geçýän özgertmelere çalt uýgunlaşmaga we zerur bolan wagty önümçilik mehanizmini täzeden gurnamaga mümkinçilik berýär. Öz ellerinde ol ýa-da beýleki bir önümiň görnüşi boýunça iň köp bölegini saklaýan örän uly transmilli kompaniýalar ( nebit öndürmekden başlap radioelektron enjamlaryna çenli), häzirki wagtda Ýaponiýanyň, Italiýanyň, Fransiýanyň we beýleki ösen döwletleriň umumy milli önümleriniň ýarysyndan gowragyny öndürýän ownuk we orta telekeçilik bilen ylalaşmaly bolýar.

Deurbanizasiýanyň–şäherlerden ilatyň yzyna gaýtmak prosesiniň güýjemegi mümkin. Siwilizasiýalaryň taryhynyň bütin dowamynda şäherler ykdysady, administratiw, medeni merkezlerdi. Industrial döwürde bolsa senagat merkezlerine-de öwrüldiler. Köp sanly zawodlary, fabrikleri, gämi ussahanalry bolan ägirt uly „ şäherler – sprutlar” (Olary XIX asyryň ahyrlarynda şeýle atlandyryp başlaýarlar.) dogduk mekanyny taşlap, iş gözlemäge mejbur bolan oba ilatynyň esasy bölegini özüne çekip alýar. 10-15 million ilatly häzirki zaman megapolisleri ( Tokio, Nýu-Ýork, Mehiko, Moskwa we başgalar) ilatynyň aşa köp bolmagyndan, howa gurşawynyň hapalanmagyndan, transport serişdeleriniň aşa köplüginden we başga-da köp sanly meseleleriň ýüze çykmagy sebäpli ejir çekýär. Ýokary ösüşli ýurtlarda soňky wagtlarda „garşylyklaýyn” tendensiýalar (meýiller) emele gelýär: iri şäherlerde işleýän adamlar azda –kände ondan daşrakda ýerleşýän obalarda ýaşanlaryny kem görenoklar. Bu isleg megerem gitdigiçe güýçlener. Bu bolsa maglumatlar jemgyýetine mahsus, sebäbi adam öýde bolan wagty-da kompýuter we beýleki aragatnaşyk serişdeleriniň täsiri esasynda özüni daşky gurşawdan üzňe ýagdaýda duýup bilmeýär, dynç almak däl, hatda iş bilen meşgullanyp hem bilmeýär. Elbetde, bu ýerde önümçiligiň dekonsentasiýasy (baş gaça aýdylanda böleklere bölünmegi) ähmiýetli orny eýeleýär. Şeýle-de sosial – ykdysady we syýasy ugurda – da düýpli özgerişler bolup geçýär. Alymlaryň täze jemgyýetçilik gatnaşyklary babatynda bütewi pikirleri ýok. Onuň täze alamatlary häzirki günde ösüşiň „şwed modelinde“ öz beýanyny tapýar. Dürli sosial toparlaryň arasynda düýpli gapma-garşylygyň, özara göreşiň çetki görnüşleriniň ýitip ýok bolmagy, olaryň jemgyýetiň öňünde duran meseleleri bilelikde çözmegiň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň ýokarlanmagy bu ösüş ugry üçin häsiýetli aýratynlykdyr. Şeýle ýagdaýda döwlet ilkinji nobatda adam hukuklaryny goramak, dürli dawalaryň öňüni almak, kanunçylygyň we tertip-düzgüniň berjaý edilmegini gazanmak ýaly meseleler bilen meşgullanyp, ykdysadyýete we umuman jemgyýetçilik durmuşyna has az gatyşýar. Sebit we munisipal organlaryň hukuklary giňelýär. Merkezi organyň käbir funksiýalarynyň ýerli organlara berilmegi esasynda, häkimiýeti adamlaryň zerurlyklaryna golaýlaşdyryp, ona has demokratik häsiýet berýär.

Üstesine-de, onuň alamatlaryna seljeriş berilse posindustrial döwürde, özboluşly „*ruhy rewolýusiýa*” bolup geçýär. Geçen asyrda başlanan gymmatlyklar ulgamyndaky gapma-garşylyk, XX asyrda iň soňky derejesine ýetýär. Müňýyllyklaryň dowamynda adamyň ruhy çeşmesi we siwilizasiýa däp-

dessurlarynyň goragçysy bolan, dürli ýurtlarda rasionalizmiň täsiri esasynda güýji gaçan dini ynanjyň täsiri örän çaltlyk bilen gaýtadan dikelýär. Jemgyýetde „ ýokary” medeniýete bolan isleg ýokarlanýar. ABŞ-da soňky onýyllykda „ köpçülikleýin medeniýete” adaty bolmadyk isleg ýokarlanyp, muzeýlere gelip görýänleriň sany takmynan üç esse artýar. Bu we beýleki mysallar adamzadyň ruhy taýdan täzelenmek döwrüniň golaýlaşýandygy hakyndaky maglumatyň real esaslarynyň bardygyny tassyklaýar.

Häzirki zaman dünýäsiniň köp ugurlar boýunça ösüşini kesgitleýän ýene bir möhüm tendensiýlaryň biri-de – *bu globalizasiýa*, başgaça aýdylanda dünýäniň *bütewiliginiň* barha artmagydyr. Köp alymlar bu prosesde bütewi planetar siwilizasiýanyň kemala gelip başlandygynyň alamatlaryny görýärler.

Onuň kemala geliş şertlerini elbetde, industrial döwür, ylmy - tehniki progress döredýär. XX asyryň dowamynda dürli döwletleriň we tutuş kontinentleriň arasyndaky ykdysady, syýasy, medeni, kommunikasiýa we beýleki gatnaşyklar has-da berkäp başlaýar. Lokal siwilizasiýalaryň özara garaşlylygy äşgär duýlýar, olar biziň günlerimizde „aýratyn” üzňe ýagdaýda ýaşamagy başarmaýar. Ol ýa-da beýleki bir döwletde bolup geçýän waka kä ýagdaýlarda goňşylarynyň, hatda dünýäniň ykbalyna täsir edip bilýär.

Üstesine-de bu mydama oňyn täsir bolup durmaýar. Jahan uruşlary, ykdysady çökgünlikler, köpçülikleýin ýok ediş ýarag serişdesini peýdalanmak howpy we şuňa meňzeşler –bu doly sanawlar däldi. Ýöne, globalizasiýa prosesiniň, elbetde ýagty geljege ynamly garaýyşy döredýän tarapy-da bardy. Bu döwletleriň we kontinentleriň arasynda dünýä bazarynyň döremegine, zähmet bölünşigi esasynda ählumumy hojalyk ulgamynyň döremegine getirýär.

Globalizasiýanyň ýaýbaňlanmagy iş ýüzünde geljekde dünýäniň birmeňzeş nusgalara geçmegini aňlatmaýar. Medeniýetiň özboluşlylygy, elbetde saklanmalydyr. Eýsem-de planetar siwilizasiýanyň emele gelmek häzirkizaman tendensiýasyna gönüden – göni gapma-garşylykly tendensiýa –separatizm durýar.

Dünýäniň sosial- ykdysady gatnaşyklar babatynda *meňzeş dälliginiň pajygaly ýagdaýlary unudylmaly däldir.* Iki polýar zolagynyň örän ýiti biri-birlerine garşy durmagy, olaryň birinde adam siwilizasiýanyň ähli eşretlerinden we gazananlaryndan peýdalanýan wagty, şol bir wagtda, has giň böleginde bolsa, ýygy-ýygydan köpçülikleýin epidemiýalara getirýän açlyk we keseller bolup geçip, gedaýçylyk höküm çürýär.

Gejjekde bu iki– globallyk ýa-da separatistik ugruň haýsysy ýeňer? Adamzat balansirlenen ösüş ýoluny, ählumulyk we lokallygyň arasyndaky deňagramlylygy tapmagy başararmy? Bu sowallara diňe adalatly, bitarap taryh jogap berip biler?

Siwilizasion ösüşiň täze öwrümi – postindustrial, global ýa-da haýsyda bolsa başgaça atlandydyljak siwilizasiýa iş ýüzünde entek başlanok. Häzilikçe uzak geljekde döremeli täze siwilizasiýanyň käbir alamatlaryny görkezýän esaslar peýda bolýar. Bu bolsa örän möhümdir. Sebäbi XX asyryň tejribesinden mälim bolşy ýaly, industrial siwilizasiýa öz jümmüşinde öz-özüni ýok etmek howpuny

gizläp saklaýar. Eger-de siwilizasiýanyň esaslary özgerdilmese, onda adamzadyň mundan beýläk ýaşamaklygyna örän aýgytly howp abanar we geljegiň „senariýasynyň’’uçursyz tutuk boljagy ikuçly däldir.

*Apokalipsismi ýa-da altyn asyr? Ony saýlamak bize bagly. III müňýyllygyň başlanmagy bilen ahyrsoňy biziň saýlap-seçişimizi kesgitleýän ähli işimiz beýleki sowalyň hem jogabyny berer: adam bolmak eýsem bu nämäni aňladýar?*

*Amekinan futurologlary J. Nesbittanyň we P. Eburdiniň „Mega tendensiýalar: 2000 ýyl. 90-njy ýyllar üçin on sany täze ugur”, atly kitabyndan.1990 ý.*

## Adalgalar:

1. Lokal-latynçadan „ýerli’’ diýlip terjime edilýär. Häzirki ýagdaýda giňişligiň çäklerini çäklendirmek göz öňüne tutulýar.
2. Irrigasiýa-emeli kanallaryň, suw howdanlaryň we ş.m. kömegi bilen ekin meýdanlary suwaryş ulgamy.

3. Despotiýa-grekçeden „çäklendirilmedik häkimiýet’’ diýlip, terjime edilýär; samoderžaw. Häkimiýetiň görnüşi.

4. Iýerarhiýa-jemgyýetçilik gatlaklarynyň aşakdan ýokarlygyna gulluk derejelerine laýyklylykda, yzgiderlilikde ýerleşmegi.

5. Mif-efsana-grekçeden „söz’’ diýlip, sözüň göni manysynda terjime edilýär.

6.Totemizm- grekçeden „jadygöýlik’’, diýlip, terjime edilýär.

7. Rasional- latynçadan „paýhasly’’ , „esaslanan’’, „maksadalaýyklylyk’’ diýlip, terjime edilýär.

8.Tiran - grekçeden „ýeke-täk hökümdar" diýlip terjime edilýär. Bu sözüň oňyn däl manysy bolmandyr. Tiranlar polisleriň gülläp ösmegini üpjün edýär.

9. Oligarhiýa - grekçeden sözüň göni manysynda, az sanlylaryň häkimiýeti.

10. Demokratiýa-grekçeden sözme-söz „halk häkimiýeti” diýlip terjime edilýär. „Demos – halk, kratus –häkimiýet” diýen sözden.

11. Natural hojalyk-öndürilen önümiň bazar üçin däl-de öz hojalyk maksatlary üçin sarp edilmegi.

12. Filosofiýa-tebigatyň, jemgyýetiň we adamyň ösüş kanunlary baradaky ylym.

13. Sofistika-„sofistaý”grek sözünden gelip çykyp- „pähimdarlyk mugallymy’’ diýmegi aňladýar.

14. Utilitarizm-peýdakeşlik, ähli zatdan peýda, bähbit görmäge bolan isleg.

15. Plebeýler-latynçadan „ýönekeý halk”diýlip, terjime edilýär.

16. Patrisiler-latynçadan „atalary barlar”. Lazini ilatlaşdyran 300 sany ýerli tireler.

17. Nobilitet-„nobilis”latyn sözünden-han-begler, asyllylar’’ diýmekligi aňladýar.

18. Respublika-latynçadan „jemgyýetçilik işi” diýlip, terjime edilýär.

19.Teologiýa-grekçeden „Hudaý hakynda taglymat” diýmekligi aňladýar.

20. Mistisizm- grekçeden, pynhan dessurlar, pynhanlyk. Adatdan daşary güýçler bilen gönüden- göni gatnaşyk etmek ynanjy.

21. Missioner-dini wagyz-nesihat edijiler, ybadathana tarapyndan başga dindäkilere ýollanýanlar.

22.Ýeres- grekçeden „ aýratyn dini ynanç” diýmekligi aňladýar.

23.Wesgotlar-günbatar gotlar. II-III asyrlarda Dnestr boýunça we Aşaky Dunaýyň ýakalarynda mesgen tutýarlar.

24.Ostgotlar-gündogar gotlar-Dnestrden gündogardaky ýerlerden Azow we Gara deňizleriniň kenarlarynynda mesgen tutýarlar.

25.Sintez- grekçeden „birleşmek”, „goşulyşmak”diýmeklik.

26. Dogmalar- ähli dindarlar üçin kabul edilen we şühbelenere esassyz diniň esasy düzgünleri.

27.Ybadathnanyň atalary- ybadathana tarapynan ykrar edilen Keramatly Ýazgylara düşündiriş berýän has abraýly hristian ýazyjylary.

28.Teokratiýa- grekçeden „teos-hudaý, kratus häkimiýet” diýlip terjime edilýär, ýokary syýasy häkimiýetiň ruhanylara degişli bolmagyny aňladýan dolandyrylşygyň görnüşi.

29.Feod-nesilden -nesile geçýän ýer eýeçiligi.

30. Renta-ýer eýesine bermek üçin daýhanyň öndürýän goşmaça önümi.

31. Kommuna-latyn ,,kommunus” sözünden -umumy, ählumumy diýmekligi aňladýar.

32,,Reformasiýa” sözi „reforma”,,,özgertme” düşünjesinden gelip çykýar.

33. Simfoniýa- grekçeden „sazlaşyk, dürli elementleriň mylaýym sazlaşygy” diýlip, terjime edilýär.

34. Dualizm-iki dürlülik, dünýäni biri-birlerine gapma-garşylykly başlangyçlar arkaly görmek.

35.Asketizm-ýaşaýşyň eşretlerinden ýüz öwürmek, özüňi çäklendirmegiň iň çetki derejesi.

36. Dini nyşan- her bir dindaryň bilmeli hristiançylyk dogmalarynyň gysgaça beýany.

37. Isihazm-grekçeden ,,asudalyk, ümsümlik, köşeşmek” diýlip terjime edilýär. Bu taglymaty Grigoriý Palama we Grigoriý Sinait esaslandyrýar.

38.Tiara –rim papasynyň kellesine geýýän kelle gaby.

39.Yslam-özüňi Alla tabşyrmak.

40. Ekstensiw –san taýdan köpelmek, çäklerini giňeltmek.

41. Sekulýarizasiýa-ruhy we sosial durmuşyň ybadathananyň täsirinden azat edilmegi.

42. Radikal-jemgyýeti düýpgöter özgertmekde örän aýgytly hereketiň ýa-da garaýşyň tarapdary.

43. Modernizasiýa-fransuz ,,moderne” sözünden ,,täzelik” diýmekligi aňladýar.

44. Ekspansiýa-täze ýerleriň basylyp alynmagy, giňeldilmegi.

45. Monopoliýa-grekçeden sözme-söz ,,bir özüm satýaryn” diýlip, terjime edilýär.

46. Militarizm-latyn sözi „harby’ diýmeklik.

47. Şowinizm-milletçiligiň iň soňky derejesi, milli aýratynlygyňy wagyz etmek.

48. Korrupsiýa-latyn sözi-„satyn almak, öz tarapyňa geçirmek’’.

49. Globallyk- umumy, ähliumumy .

50. Pasifizm-latyn sözi-parahatçylygy dörediji.

51.Konwensiýa-latyn sözi- ylalaşyk, şertnama diýmeklik.

52. Demogogiýa –grek sözi-„halky dolandyrmak”.

53. Futurologiýa-adamzadyň gelejekdäki ösüşini öňünden bilmegi maksat edinýän, jemgyetçilik we tebigy ylymlaryň maglumatlaryna esaslanýan kompleksleýin ders.

## III. EDEBIŶAT.

### Esasy:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I t. -Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhradymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet

howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň MinistrlerKabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinj idesgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly.Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
29. Ylym, biim, saglygy goraýyş, sport we syýahatçylyk ulgamlaryny ösdürmegiň meseleleri boýunça maslahat// Türkmenistan. 2010. 19-njy awgust.
30. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. t.I-II. A.,2010.
31. Gurbanguly Berdimuhamedow.Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. - Aşgabat, 2010.
32. Gurbanguly Berdimuhamedow.Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. - Aşgabat, 2010.

33. Türkmenistanyň Prezidenti GurbangulyBerdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halkadaýanyp, halkyñ hatyrasyna.//“Türkmenistan”. 2010. 10-njy maý.

34. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2011- ý. 8-nji iýyl).//“Türkmenistan“ 2011. 9-njy iýuly.

35. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabineti niň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi. (2011-njy ýylyň 10-njy ýanwar)// “Türkmenistan“. 2011. 11-nji ýanwary.

36. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň döredijilik intelligentiýasynyň wekilleri bilen geçerilen duşuşygynda Sözlän özi (2010-njy ýylyň 24-nji fewraly).// „Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary”. 2010. 5-nji marty.

37. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynyň mejlisinde Şözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // „Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary”. 2010. 28-nji maý.

38. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasyndaky çykyşy.(Nýu-Ýork, 2010-nji ýylyň 20-nji sentybry). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2010. 24-nji sentýabry.

39. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2009-njy ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 3-nji göýberiliş.- Aşgabat, 2010.

40. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2010-njy ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 4-nji göýberiliş.- Aşgabat, 2011.

41. Mugallym,esger,ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewiñ gahrymançylykly ömür ýoly.- Aşgabat, 2010.

42. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.

43. Türkmenistanyň Bilim hakyndaky Kanuny. //Türkmenistan. 2009. 20-nji awgust.

44.Türkmenistanyň Prezidentiniň medeniýet we bilim ulgamlarynyň ýolbaşçylary bilen geçiren maslahaty.// Türkmenistan. 2010. 15-nji sentýabr.

45. Berdimuhamedow Gurbanguly, ‚Janly rowaýat”. Aşgabat, 2011.

46. Berdimuhamedow Gurbanguly „Älem içre at gezer”. Aşgabat, 2011ý.

47.Berdimuhamedow Gurbanguly„Ganatly bedewler” Aşgabat, 2011ý

48. Berdimuhamedow Gurbanguly „Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri”T.1. Aşgabat, 2011-nji ýyl.

49. Berdimuhamedow Gurbanguly„Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” T. 2. Aşgabat, 2011-nji ýyl.

50. Berdimuhamedow Gurbanguly„Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” T.3. Aşgabat, 2011-nji ýyl.

51.Geljege barýan parahatçylyk döredijilik köprüleri (Türkmenistanyň Preziden Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 66-njy mejlisinde çykyşy ). – Aşgabat, 2011-nji ýyl.

52.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Umumymilli „Galkynyş“ hereketiniň VII gurltaýynda sözlän sözi. //Türkmenistan. 2011. 15-nji dekabr.

53.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň wezipesine girişmek dabarasynda sözlän sözi. //Türkmenistan. 2012. 18-nji fewral

54.Türkmenistan sagdynlygyň we bagtyýarlygyň yurdy.- – Aşgabat, 2012

55. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. t.VI. A., 2013.

56. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 6-nji tom. – Aşgabat, 2013

57.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň XXVI mejlisinde sözlän sözi ( Daşoguz. 2013. 23-nji oktýabr.)

58. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet guşy. - Aşgabat, 2013.

59. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. - Aşgabat, 2014.

60. Gurbanguly Berdimuhamedow. Medeniýet halkyň kalbydyr. - Aşgabat, 2014.

61.Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistan. - Aşgabat, 2014.

62. Dünýäde ykrar edilen Lider. (Daşary ýurt ýolbaşçylarynyň, syýasatçylaryň we meşhur adamlaryň Türkmenistan we hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hakda aýdanlaryndan). -Aşgabat, TDNG, 2014.

63. Berdimuhamedow Gurbanguly. Suw ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesidir” Aşgabat, 2015ý

64. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmen medeniýeti. Aşgabat, 2015ý.

65. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ile döwlet geler bolsa ... Aşgabat, 2015ý.

66. Berdimuhamedow Gurbanguly. Bitarap Türkmenistan.Aşgabat, 2015 ý.

67. Berdimuhamedow Gurbanguly. Çaý - melhem hem ylham. Aşgabat, 2016ý.

68. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşlar maslahatynda sözlän sözi. Aşgabat, 2016-ý. 6-njy apreli.

69. Berdimuhamedow Gurbanguly. Gadamy batly bedew. Aşgabat, 2016ý.

70. Berdimuhamedow Gurbanguly. Arşyň nepisligi. Aşgabat, 2016ý.

71. Berdimuhamedow Gurbanguly. Mertler Watany beýgeldýär. Aşgabat, 2017ý.

72.Berdimuhamedow Gurbanguly. Mert ýigitler gaýrat üçin doguldýar. Aşgabat, 2017 ý.

73. Arkadag taglymaty – sagdynlygyň we ruhybelentligiň binýady. TDNG. Aşgabat, 2018 ý.

**Goşmaça;**

1. Baýramsähedow N. Gündogaryň beýik danalary.A., 1994 ý.

2. M. Annanepesow, E. Atagarryýew. Türkmenistanyň tarynyndan materiallar. Gadymy döwurden başlap X-asyra çenli.A.„Magaryf” 1995ý.

3. Annaýew D.B. Türkmenistanyň gadymy şäher-döwletleri. //„Bilim ulgamyny kämilleşdirmekde täze tehnologiýalaryň orny we okatmagyň häzirki zaman usullary” atly halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany, Aşgabat, 2008.

4. Kyýasowa Gyzylgül. Türkmen diliniň zergärçilik leksikasy. A. „Ylym” sy.. 2011ý.

5. A. Gubaýew. Türkmenistan we Gadymy gündogaryň siwilizasiýalary. Aşgabat, 2012-ý.

6. Маркарян Э. С. О концепции локальных цивилизаций.Ереван.1962 г.

7. Массон В. М. Алтын дере.Труды ЮТАКЭ,том XVIII.М,1981 г.

8. Массон В. М. Протогородская цивилизация на юге Средней Азии //Советская археология,1967 г. №3.

9. Мчедлов. М. П. О методологическом значении понятия цивилизация" // Вопросы философии.1978, .№7.

10. Массон В. М. Поселение Джейтун и пути становление неолитической экономики. Л. 1971 г.

11. A. Ferguson „Raýat jemgyýetiniň taryhynyň tejribesi”. 1985.

12. Semýonow Ý. I. „Taryhyň filosofiýasy”.1985.

13. Sorokin P „Siwlizasiýa teoriýasynyň prinsipleri”.1987.

14. Kradin N. N. „Taryhy prosesleriň döwürleşdirilişiniň problemalary”.1988.

15. Джак Ле Гофф. История средневековой цивилизации. М.1988 г.

16. Философия и политика в современном мире. М., 1989.

17.Франк С.Л. Духовные основы общества. М., 1992.

18. Мальцев В.А. Основы политологии. М., 1997

19. Азаркин Н. Н. Левченко, В . Н. Мартишин О. В. История политических учений. Вып. 1. М., 1997.

20. История политических и правовых учений под. ред. профессора Нерсесянса . М., 1998

21. Цивилизации Юго-Восточной Азии. Интернет сайт: http://www.ancient.gerodot.ru/topics/articles/article_diffa02.htm _ 2

22.Цивилизационное пространство. Интернет сайт: http://ecsocman.edu.ru

23.Основы права Европейского Союза / под ред. проф. Кашкина С.Ю. М.: Белые альвы, 1997.

24. Право Европейского Союза: документы и комментарии / под ред. проф. Кашкина С.Ю. М.: Терра, 1999.

25.Четвериков А.О. Европейский Союз: новый этап интеграции (политико-правовые аспекты) / Общество, политика, наука: новые перспективы. М.: Московский общественный научный фонд, 2000. С. 412 - 437.

26.Калиниченко П.А. О гражданстве Европейского Союза // МЖМП № 3/2000, С. 51–54.

27. Уэллс Г. Всеобшая история мировых цивилизаций. М. 1997 г.

28. Капто А.С. Энциклопедия мира. Москва 2000 г.

29. Бокль Г.Т.История цивилизации: История цивилизации в Англии,Т.1.М.,,Мысль”.2000 г.

30. Хачатурян В. М. История мировых цивилизаций М., 2002

31. Гизо.Ф. История цивилизации в Европе.М.,, Территория будещего"2007 г.

**Mazmuny**

Giriş......................................................................................................3
**I bap. Türkmenistanyň dünýä siwilizasiýasynda tutýan orny.................14**
§ 1. Türkmenistanyň dünýä siwilisaziýasyna goşan maddy we ruhy gymmatlyklary.................................................................................................14
§ 2. Türkmenistanyň ýerlerindäki irki siwilizasiýalar...............................28
**II bap. Gadymy Gündogarda jemgyýetçilik –syýasy özgertmeler...........33**
§ 1. Ilkidurmuş jemagatyndan – siwilizasiýa tarap..................................33
§ 2. Gündogar döwletleri despotiýalar.....................................................36
§ 3. Hytaýdaky we Hindistandaky imperiýalar. Erkinlik we erksizlik.......40
§ 4. Häkimiýetiň çäkleri we azatlygyň giňişligi.......................................42
§ 5. Efsanalardan halas ediji dinlere....................................................... 46
**III bap. Gadymy Gresiýada jemgyýetçilik- syýasy özgertmeler..............51**
§ 1. Siwilizasiýanyň çäkleri......................................................................51
§ 2. Grek polis-jemagaty...........................................................................53
§ 3. Afiny we Sparta siwilizasiýanyň iki merkezi....................................56
§ 4. Gadymy grek polisleriniň medeniýeti...............................................60
§ 5. Siwilizasiýanyň soňky döwri; ellinizm zamany................................64
**IV bap. Gadymy Rimde jemgyýetçilik- syýasy özgertmeler..................66**
§ 1. Rim siwilizasiýasynyň çeşmeleri.......................................................67
§ 2. Respublika tarap ýol...........................................................................68
§ 3.Rim döwletiniň berkarar bolmagy. Sosial –ykdysady ösüşi................73
§ 4. Imperiýa. Siwilizasiýanyň pese düşmegi ýa-da gülläp ösmegi?.......78
**V bap. Orta asyrlar döwründe Günbatar Ýewropa siwilizasiýasy.........87**
§ 1. Ýewropanyň „ çagalygy”....................................................................87
§ 2.Döwlet we ybadathana .......................................................................94
§ 3. Ýewropa gudratynyň çeşmeleri. Häkimiýet we jemgyýet.................97
§ 4.Orta asyrlaryň ruhy dünýäsi..............................................................101
§ 5.„Ýewropa gudraty” we onuň çeşmeleri.............................................103
§ 6.Täze şahsyýetiň gözleginde: Renessans we Reformasiýa.................106
**VI bap. Wizantiýa siwilizasiýasy...........................................................111**
§ 1.Rim imperiýasynyň mirasdüşeri.........................................................111
§ 2.Wizantiýa feodalizminiň aýratynlygy............................................. 115
§ 3. Romeýleriň imperiýasy......................................................................117
§ 4. Wizantiýanyň ruhy durmuşy..............................................................121
§ 5. Wizantiýanyň pese düşmegi...............................................................128
**VII bap. Orta asyrlar döwründe Gündogar siwilizasiýasynyň ösüşi..132**
§ 1. Hytaý: Konfusiý siwilizasiýasy.........................................................133
§ 2. Ýapon siwilizasiýasy..........................................................................141
§ 3. Yslam siwilizasiýasy...........................................................................145
§ 4. Hindi siwilizasiýasy............................................................................148
**VIII bap. Russiýa siwilizasiýasy orta asyrlarda....................................156**
§ 1. Siwilizasiýanyň giňişligi....................................................................156

§ 2. Monarhiýa häkimiýetiniň esaslary.................................................157
§ 3. Russiýanyň döwlet gurluşy we sosial- ykdysady ösüşi...................160
§ 4. Russiýanyň medeniýeti.................................................................164
§ 5. Hristiançylyk we halk ynançlary...................................................168
**IX bap. Täze döwür eýýamynyň siwilizasiýasy. ( XVII asyryň ikinji ýarymy - XVIII asyr………………………………………………..........173**
§ 1. Täze döwür......................................................................................173
§ 2. Kapitalizmiň kemala geliş ýollary: Günbatar Ýewropa, Russiý we ABŞ....................................................................................................178
§ 3. Täze döwrüň gahrymanlary...........................................................187
§ 4. Magaryfçylar: düşünmäge synanyşan adamlar.................................190
§ 5. Gündogar siwilizasiýasy we kolonial ulgam....................................199
**X bap. Industrial siwilizasivasynyň emele gelmegi. (XIX – XX asyryň başlary)……………………………………………………………….....200**
§ 1. Demir asyry.....................................................................................200
§ 2. "Köne kapitalizm" ýurtlary...........................................................210
§ 3. Modernizasiýanyň german ýoly......................................................212
§ 4. Russiýa we modernizasiýa.............................................................214
§ 5. ABŞ: öňdebaryjylyga tarap ýol......................................................218
§ 6. Indusrtial zamananyň ruhy medenýeti.............................................222
§ 7. Gündogar siwilizasiýasy:däp-dessurlyk düzgünden el çekmek........232
**XI bap. XX asyr: postindusrtial siwilizasiýa tarsap ýol...........................................................................................................240**
§ 1. XX asyryň umumy häsiýetnamasy. Jahan we lokal uruşlar uruşlar.240
§ 2. Totalitarizm dünýä derejesindäki hadysa.........................................243
§ 3. Kapitalizm XX asyryň başlarynda...... ...........................................245
§ 4. "Üçünji dünýä ýurtlary" we olaryň ösüş ýollary.............................252
§ 5. XX- XXI asyrlaryň sepgitlerinde demokratiýanyň we demografiýanyň ýagdaýy.................................................................................................262
§ 6. XX asyryň ikinji ýarymyndan dünýä ýurtlarynyň ykdysady ýagdaýy nyň özgermegi.........................................................................................264
Netije..................................................................................................274
Adalgalar.............................................................................................277
Edebiýat ..............................................................................................280
Mazmuny...............................................................................................285